**Mihail BULGAKOW**

# Ussat we Margarita




**(Roman)**

Rus ýazyjysy Mihail Afanasýewiç Bulgakowyñ adyny dünýä meşhur eden "Ussa we Margarita" ("Мастер и Маргарúта") romany XX asyr dünýä edebiýatyñ altyn hazynasyna giren eserleriñ biri hasaplanýar.
M.A.Bulgakowyñ jemgyýetçlik nogsanlyklaryny fantastiki dilde tankyt ediş metody, ony köp sanly dünýä ýazyjylary üçin nusgalyk ýazyja öwürdi.
Roman 1966-67-nji ýyllarda SSSR-de senzurlanan görnüşde neşir edilendigine garamazdan 1930-njy ýyllarda ýazylypdy. Ýazyjy eseriñ üstünde tutuş on ýyllap işläpdir. Emma stalinçilik diktaturasy romanyñ çap edilmegine ýol bermedi.
Eser Mihail Berlioz atly redaktoryñ bir kölüñ boýunda şeýtana duş gelmegi başlaýar. Şeýtan Moskwada galan döwründe adamlaryñ ikiýüzliliklerini paş edýär.

Ýazyjy M.Bulgakow N.Gogolyñ edebi tradisiýasyna eýerip ironiki stilde stalinçi režimiñ fantastiki panoramasyny janlandyrýar. Dartgynly wakalara baý bolan roman iki sany tapawutly döwürden söz açýar. Wakalaryñ aglaba bölegi Stalin döwrüniñ Moskwasynda bolup geçýär, galan bölegi bolsa Isa pygamberiñ (a.s) haça çüýlenen wakasyndan, Injilde agzalýan wakalardan gözbaş alyp gaýdýar. Arasynda ençeme asyr ýatan iki döwüriñ umumylyklary bilen birlikde, romanyñ içinde roman tehnikasyny ulanyp, M.A.Bulgakow postmodernistik edebiýatyñ hem kerpijini goýan ussat ýazyjydyr.
Köpçülikleýin tankydy romanyñ süññüne siñdirendigine garamazdan "Ussat" diýip atlandyrylan personaž bilen Margaritanyñ arasyndaky adatdan daşary söýgi gatnaşyklary romanyñ ahyrky bölümlerinde barha ýygjamlaşýar. Eseriñ başyndaky ironiki atmosfera soñabaka petiş we gussaly kyssa öwrülýär.
Dünýä dilleriniñ ençemesine terjime edilen bu eseri ussat ýazyjy Osman Öde hem terjime edipdi. Şeýle hem halypa şahyr, Türkmenistanyñ Halk ýazyjysy Atamyrat Atabaýew türkmen diline doly terjime etdi.

A.Atabaýewiñ terjime eden "Ussat we Margaritasy" ilkinji gezek türkmen dilinde we ilkinji gezek www.direlisedebiyat.blogspot.ru edebi-çeper saýtynda okyjylara hödürlenýär. Okamaga howlugyñ !!!

**www.kitapcy.ml**

© Has TÜRKMEN.

# Birinji bölüm

*... Kim-aýt sen!*
*— Men hergiz ýamanlyk diläp, — ýagşylyk edýän güýjüň bir bölegi!*
*Gýote. «Faust»*

## I bap
## HIÇ HAÇAN BIGANALAR BILEN SÖZLEŞMÄŇ

Bahar günleriniň birinde, dymyksy agşam çagynda, Moskwanyň Patriarh kölçesiniň boýunda iki kişi peýda boldy. Olaryň biri küljümek ýaz penjegini geýnen, pes boýly, çepiksi, takyr kelleli, sakgal-murty gazalyp syrylan, gözüne adatdan daşary uly şahpisint äýnek geýnendi, özüniň täzeje şlýapasyny bolsa eline geýdiripdir. Ikinjisi bolsa, çyparrak, gözenek matadan tikilen kepkasyny ýeňseräk basyp geýen, eginlek irimçik ýigit — egninde çakmak köýnek, aýagyna gyjymlanan ak jalbar, paşmagyna gara şypbyk geýipdi.

Bu tanyşdyranlarymyzyň birinjisi Moskwadaky iň uly edebi birleşmäniň birinde /onuň gysgaldylan ady MASSOLIT/ başlyk hem galyň bir žurnalyň redaktory bolup işleýän Mihail Aleksandrowiç Berlioz, onuň ýaş hemrasy bolsa, şahyr Iwan Nikolaýewiç Ponyrýow bolup, ol öz eserlerine Bezdomnyý diýen lakam bilen gol çekýärdi.

Bu iki ýazyjy ýaňy ýaşyl öwsüp ugran lipalaryň saýasyndan pena tapan batlaryna ala-mula boýaglar bilen boýalan, ýokarsyna «Piwo we suw» diýen ýazgyly dükana özlerini atdylar.

Häzir, maý aýynyň bu ýakymsyz agşamynda ýüz beren birinji geň galmaly ýagdaýy belläp geçmek lazymdyr. Diňe dükanjagazyň öňünde däl, belki, Malaýa Bronnaýa köçesi bilen ýanma-ýan uzalan bütin giňiş meýdanda bir adam hem görünmeýärdi. Gury ümür-dumana bürenen Gün Moskwany mis ýaly gyzdyryp, Sadowoýe kolsonyň arkasyna batyp barýan wagty, hatda dem almaga hem ysgyn-mydar galmadyk bu çagda, lipa daragytlarynyň aşagyna bir adam hem gelmedi, uzyn oturgyçda hem oturmady, bütin alleýa boram boşdy.

— Narzan beriň — diýip, Berlioz haýyş etdi.

Satyjy aýal bir zatdan ynjan ýaly:

— Narzan ýok — diýip jogap berdi.

Berlioz boguk ses bilen:

— Piwo barmy? — diýip sorady.

Satyjy aýal:

— Piwo agşamara gelýär — diýip jogap berdi.

Berlioz:

— Nämäňiz bar? — diýip sorady.

Aýal:

— Erik şerbeti bar, ýöne ýylapdyr — diýdi.

— Bolýa, guýuň, ýyly bolsa-da, guýuň!..

Erik şerbeti sap-sary köpük bolup, bulgury doldurdy, şobada dellekhananyň ysy haplap damaga doldy. Şerbet içen ýazyjylary birdenkä synçgylawuk tutup başlady. Olar şerbetiň hakyny töläp, Bronnaýa köçesine arka öwrüp, ýüzlerini kölçä tarap edip, uzyn oturgyçda çökdüler.

Şol wagt diňe Berlioza degişli bolan bir geň waka ýüze çykdy. Onuň synçgylawugy birden togtady, ýüregi çalt urup, bir dem nirädir bir ýere gaýyp bolan ýaly boldy, soň ýene ornuna gaýtdy, emma indi onuň ýüregi kütek bir iňňe sünjülýän ýaly bolup, sarkyryp agyrýardy. Mundan daşgary, Berliozyň endam-janyny elhenç bir ýagdaý bisebäp dolap aldy welin, ol şu pursatda Patriarhdan — şu ýerden yzyna garaman gaçyberesi geldi. Berlioz özüniň nämeden gorkanyny bilip bilmän, perişan bir halda töweregine ýaltaklady. Onuň reňki öçüp, ýüzi duw-ak boldy, elýaglygy bilen maňlaýyny sylyp: «Beh, maňa näm bolaýdy? Öň beýle hala düşmändim-le, meger, ýürek çatlaýar... gaty ýadapdyryn. Bar işi taşlap, tizden-tiz Kislowodskä ugramak gerek öýdýän» diýip oýlandy.

Şu mahal onuň gözüniň öňünde gyzyl köz dek yssy howa goýalyp, ondan çüýşe ýaly dury, örän täsin sypatda bir ynsanpisint şekil wujuda geldi. Onuň muşt ýaly başynda çapyksuwarlaryň kepkasy, egninde çylgym-çylgym matadan biçilen kelte we özi kibi howaýy kemzoljyk... Bu raýat örän uzyn bolsa hem, egni-gerdeni insiz, özi çöp ýaly arryk, ýüz keşbi, üns beriň, masgarabaz ýagdaýyndady. Berlioz şunça ömür süren bolsa-da, täsin ahwalatlara asla öwrenişip bilmeýärdi. Şu sebäpli onuň reňki has beter öçüp, gözleri alaryp, aljyrap, öz içinden: «Beýle bolmagy mümkin däl» diýdi. Hakykatda bolsa, görýän zatlary çyndy, bu täsin adam Berliozyň göz öňünde kä saga, kä çepe yranyp, ýerden ýokarda salgymlap dyrdy. Şol wagt Berliozyň endamyny güýçli gorky gurşap, gözlerini bada-bat ýumdy. Soňra, ol gözüni açanda, ýaňky şekil eräp, çylgym kemzolly adamyň gaýyp bolandygyny gördi, aýny wagtda ýüregine sünjülýän kütek iňňe hem wujudyndan atylyp çykyp gitdi.

— Off, lagnaty! — diýip goýberdi redaktor — bilýäňmi, Iwan, häzir yssynyň derdinden tas däliräpdim! Hatda gözüme her hili belalar görnüp başlady — diýip, ýylgyrjak boldy, emma gözlerindäki teşwiş uçgunlary häli öçmän, elleri hem titräp durdy. Ýöne dura-bara onuň göwni teselli tapdy, elýaglygy bilen ýelpindi-de, azajyk batyrgaý äheňde: «Ýeri, bolýa-la» — diýdi-de, erik şerbetini içen wagtlaryndaky üzlüp galan söhbeti dowam etdi. Gep, soň mälim bolşuna görä, Isa pygamber dogrusynda barýan ekeni. Mesele şu ki, redaktor öz žurnalynyň nobatdaky sany üçin dine garşy uly bir poema ýazmak hakynda şahyra tabşyryk beripdi. Iwan Nikolaýewiç şol poemany juda gysga wagtyň içinde ýazyp gutardy, emma bagta garşy poema redaktory kanagatlandyrmandy. Bezdomnyý öz poemasyndaky baş gahrymany, ýagny, Isa pygamberi gara reňkler bilen juda çökder teswirlese hem, redaktor poemany gaýtadan ýazmak gerek diýip aýak diredi. Şu sebäpden, ol şahyryň esasy hatasyny görkezmek maksady bilen, oňa Isa pygamber dogrusynda wagyz okaýardy. Iwan Nikolaýewiçe, esasan, nämäniň päsgel bereni — şahyrlyk talantynyň teswirleýiş ukybymy ýa-da öz ýazmakçy bolýan mowzugynyň oňa düýbünden nätanyşlygymy — anyk aýtmak kyn, emma onuň eserinde Isa özüne güýçli maýyllyk oýarmasa-da, göýä diri personaž ýaly bolup çykypdy. Berlioz bolsa, şahyra mesele Isanyň ýagşy-ýamanlygynda däl, umuman, Isanyň şahs hökmünde bolmanlygynda,

oňa degişli gepleriň bolsa, adaty bir toslama ekenliginde diýip subut etmekçi bolýardy. Şuny aýdyp geçmek gerek ki, redaktor ýazyjy adamdy, şunlukda, Isa pygamberiň dünýäde ýaşap geçenligi hakynda öz kitaplarynda ýagşydan-ýamandan hiç zat diýmedik gadymy taryhçylardan, meselem, meşhur Filon Isgenderden, tükeniksiz ylym eýesi Iosif Flowiýden örän ökdelik bilen delil getirýärdi. Mihail Aleksandrowiç özüniň örän okumyşlygyny aýan edip, gep arasynda ýene Tasitiň meşhur «Annalyna» ýagny, ýyl-sene ýazgylaryna degip geçip, onuň on bäşinji kitabyndaky Isanyň öldürilişiniň beýan edilen 44-nji babynyň has soň goşulan ýalan bapdan özge närse däldigini hem aýdyp geçdi. Redaktoryň diýýän bu gepleriniň hemmesi şahyr üçin täzelikdi, şoňa görä, ol özüniň göm-gök şoh gözlerini Mihail Alensandrowiçe dikişine, onuň sözlerini üns bilen diňleýärdi, mahal-mahal synçgylawuk tutanda bolsa, pyşyrdap, erik şerbetini näletleýärdi.

Berlioz bolsa: — Gündogarda Bibi Merýemiň Hudaý tarapyn göwreli bolandygyny beýan etmedik bir din hem ýok. Şoňa görä, hristianlar hem özge bir açyş edip bilmän, ine, şu gündogarlylar ýaly öz Isa pygamberini döretdiler, ýöne welin, ol hiç haçan ýagty ýalança gelmändir. Poemada hem, esasy ünsi, ine, şu meselä gönükdirmek gerek.

Berliozyň batly sesi boş alleýada jaraňlap eşidilýärdi, ol ylmyň jeňňellerinde geçip bolmaýan gür tokaýyň hylwat ýerlerine girip bardygysaýyn — diňe öte ylymly adamyň beýle hylwatgähe bişikest girip bilmegi mümkin — şahyr müsürlileriň sahawatly hudaýy Asman we zemin oglany Ozaris hakynda hem, Finikiýa hydaýy Fammuz dogrusynda hem, Marduk hakynda hem, hatda Meksikanyň astek halky üçin bir zamanlar örän gadyrly bolan, emma beýle bir belli bolmadyk betgahar hudaý Wislipusli hakynda hem bardygysaýyn köp we peýdaly maglumatlar alyp başlady.

Mihail Aleksandrowiç Wislipusliniň zowalasyny astekler hamyryndan alandyklary dogrusynda ýaňy hekaýa edip başlanda, alleýada ilkinji adam göründi. Soňra, dogrusy, boljak iş bolandan soň, dürli-dürli edaralar sypaty, bolşy hakynda kän maglumatlar berdiler. Emma ol maglumatlaryň deňeşdirmesi geň galdyrman biljek däldi. Şeýlelikde, birinji maglumatda ol adamyň pes boýly, gyzyl dişli we sag aýagyna agsaýandygy hakynda habar aýdylan bolsa, ikinjisinde ol adam äpet boýly, dişine platina gapladan, çep aýagy agsak diýlipdi. Üçünji maglumatda: ol üns bererlik hiç hili alamaty ýok diýip, çürt-kesik ýazylypdy. Dogrusyny dogry diýmeli, maglumatlaryň hiç biri hem dogry däldi. Birinji nobatda: şol nazarda tutulan adamyň hiç aýagy hem agsanokdy, boýy gysga-da däldi, epeýem, il deňindäki uzynak adamdy. Dişleri hakynda aýtmaly bolsa, çep äňinde platina, sag äňinde altyn dişleri bardy. Ol gymmatbaha külreňk kastýum geýen adamdy, aýagyndaky köwşi hem kastýumynyň reňkindedi. Külreňk beretini gopbamlar ýaly bir gulagynyň üstünde gyýa gonduryp, goltugyna gara itiň kellesini ýatladýan gara tutawaçly hasa gysdyrypdy. Görnüşinden, ýaşy kyrkdan geçen. Agzy sähel gyşygrak. Sakgal-murty tep-tekiz syrylan. Garaýagyz. Onuň sag gözi gara, çep gözi bolsa, nämüçindir, gökdi. Şar gara gaşlarynyň biri pes, biri belentdi, gepiň gysgasy, çet ýurtly adamdy. Ol redaktor bilen şahyryň oturan uzyn otugyjynyň öňünden geçip barşyna, olara gözüniň gyýtagyny aýlady, saklanyp, birdenem iki dostdan iki gadam aňyrdaky başga bir oturgyja çökdi.

Berlioz: «Nemes» diýip oýlandy.
Bezdomnyý bolsa: «Iňlis» diýip göwnünden geçirdi. — Toba, şu jyzrama jöwzada ellikli gezip ýör, yssylamaýarmyka?»
Saýry ýurtly kişi bolsa, bu wagt kölçäni kwadrat görnüşinde dolap alan köp gatly jaýlara gyzyklanyp, göz ýüwürdip başlady, hamala, ol bu jaýlary birinji gezek görýän ýalydy. Ol nazaryny ýokarky gatlaryň aýnalaryna dikdi, aýna syrçalary Mihail Alensandrowiç bilen baky hoşlaşýan güneşiň döwük şöhlesini özünde şekillendirip, göz gamaşdyrýan derejede ýalpyldaýardy, soň ol peski gatlardaky şam çökmegi bilen garalyp başlan aýnalara nazar taşlady, nämedir bir zada mylaýym ýylgyrdy, gözlerini süzdi, ellerini hasanyň togalak dessesine, eňegini bolsa, ellerine goýdy.
Şu wagt Berlioz: — Sen, Iwan, şeýdip hudaýyň ogly Isanyň dogluşyny juda oňat we satirik usulda görkezipsiň, emma gyzygy şunda ki, Isadan öňem bir topar hudaýzadalar doglupdyr — meselem aýdaly-frigiýaly Attis — emma, gysgaça aýtsak, olaryň biri hem, gönüsinden gelsek, Isa hem dogulmandyr, bomandyr, şoňa görä, sen Isanyň dogluşyna derek ýa-da oňa zyýarat etmäge gelen sährgär müneçjimleri görkezmäge derek, onuň dünýä inişi baradaky ýalan toslamalar dogrusynda ýazmaly ekeniň — diýýärdi. — Häzir bolsa, seniň beýan edişiňçe, ol çyndanam, dünýä inen bolup çykýar!..
Şol mahal Bezdomnyý demini içine ýuwdup, bizar eden synçgylawyndan dynmakçy boldy, emma tersine, has beter güýçli synçgylawuk tutup başlady, Berliozam gepini bes etdi, çünki daşary ýurtly kişi birden ýerinden tutup, ýazyjylara tarap ýöräp başlady. Olar bu nätanyş adama geň galmak bilen seretdiler. Nätanyş saýry ýurtlylaryň äheňinde: — Ötünç soraýan, meni bagyşlarsyňyz — diýdi — emma sözleri düzüw aýdyp: — Size nätanyş bolsam-da, söhbetiňize aralaşanym üçin... emma, ylmy söhbetiňiziň temasy şeýlebir gyzykly welin, neme...
Şeýle diýibem, ol hormat bilen beretini başyndan çykardy, netijede iki dost hem biygtyýar ornundan turup, oňa tagzym etmeli boldy.
Berlioz: — «Eýsem-de bolsa, bu pereňli» diýip oýlandy.
Bezdomnyý öz ýanyndan: — «Polýak öýdýän» diýdi.
Ýene deslap aýtmaly zat: bu daşary ýurtly birinji aýdan sözüniň özünde şahyrda ýigrenç oýardy, Berlioza bolsa, ol ýarady, ýagny, hoş ýakdy diýip bolmaýaram-da, anygragy... nähili aýtsa bolarka... ony gyzyklandyrdy diýäýeliň.
— Siz bilen oturmak mümkinmi? — diýip, çet ýurtly mylaýym äheňde sorady.
Şonda iki dost nalaç iki tarapa süýşdi-de ýer berdi, çet ýurtly bolsa, olaryň ikisiniň arasynda oturyp, şol bada söhbete girişdi:
Eger ýalňyş eşitmedik bolsam, Siz Isa dünýä inmändir diýip aýtdyňyz öýdýän? — diýip, çet ýurtly göm-gök çep gözüni Berlioza dikip sorady.
— Ýok, ýalňyş eşitmänsiňiz — diýip, Berlioz hormat bilen jogap berdi. — Men anyk şeýle diýdim.
— O, diýseň gyzykly! — diýdi çet ýurtly.
«Jyn uran, muňa näme gerekkä?» diýip, Bezdomnyý göwnünden geçirdi, soňam gabagyny asyp oturdy.
— Siz hem söhbetdeşiňiziň pikirine goşuldyňyzmy? — diýip, nätanyş çet ýurtly Bezdomna tarap öwrülip sorady.

Öz pikirini çürt-kesik we gysga ybaralar bilen beýan etmäge endik eden şahyr: — Ýüz paý! — diýip jogap gaýtardy.
— Örän ajap! — diýip, çagyrylmadyk hemsöhbet nägile äheňde seslendi, soň bolsa, nämüçindir, töweregine ogry seredişi bilen äňedip, şeýle hem, boguk sesini hasam peseldip aýtdy: — Ýelmeşegenligim üçin meni bagyşlaň, emma, meniň pähimimçe, siz hudaýa-da ynanaňzok öýdýän?! — ol gözlerini gorkuly petredip dowam etdi: — Ant içýärin, hiç kime hiç zat aýtman.
Daşary ýurtly kişiniň howpurgamasyna Berlioz çala ýylgyryp:
— Hawa, biz hudaýa ynanmaýarys! — diýip, jogap berdi we — emma bu hakda açykdan-açyk, erkin aýdybermeli — diýip, sözüniň üstüne goşdy.
Çet ýurtly oturgyjyň arkasyna ýaplandy-da, bilesigelijilikden ýaňa çyňsabrak sorady:
— Siz ateistmi?
— Hawa, biz ateist! — diýip, Berlioz ýylgyryp jogap berdi, gahary gelen Bezdomnyý bolsa: «Bize halys ýelmeşäý-dow bu çet ýurtly gaz!» diýip, göwnünden geçirdi.
— Gör, nähili ajaýyp! — diýip, bu täsin saýry käte ol, käte beýleki edebiýatça seredip, sesini owazlandyrdy.
— Biziň ýurdumyzda ateizm hiç kimi geň galdyrmaýar — diýip, Berlioz diplomatlara mahsus mylakat bilen aýtdy. — Halkymyzyň köpüsi hudaý hakyndaky toslamalara kän wagt bäri aňly röwüşde ynanmany goýdy.
Şonda çet ýurtly gelşiksiz bir hereket etdi: ornundan turup, geň galyp duran redaktoryň elini gysyp, şeýle diýdi: — Size çyn ýürekden minnetdarlyk beýan etmäge rugsat ediň!
— Nämüçin minnetdarlyk bildirýäňiz? — diýip, Bezdomnyý gözlerini gyrpyldadyp sorady.
Çet ýurtly tentek barmagyny köpmanyly göterip: — Meniň ýaly mysapyr myhmana örän möhüm maglumat bereniňiz üçin — diýdi.
Möhüm maglumat syýahatça çyndanam güýçli täsir eden bolmaga çemeli, şonuň üçin hem ol töweregindäki jaýlara gorka nazar aýlap çykdy, hamana oňa her bir penjireden bir ateist seredip duran ýaly.
«Ýok, bu iňlis däl» — diýip, Berlioz pikir etdi, Bezdomnyý bolsa: «Beýle rusça geplemäni nirden öwrendikä, ine geň ýeri?!» — diýip, göwnünden geçirdi-de, ýene torsardy.
— Eger rugsat etseňiz, sizden bir närsäni soramakçydym — diýip, çet ýurtly myhman biraz teşwişli hyýala berlip oturandan soň, ýene gepläp başlady: — Onda älemi Hudaýyň döredenligi hakyndaky delilleri nätse bolar? Mälim bolşy ýaly, ol deliller laýyk bäş sany...
— Gaty görmäň welin — diýip, Berlioz jogap berdi. — Şol delilleriň biri hem hiç hili gymmata duranok. Çünki, adamzat olary bireýýäm unutdy. Akyl-paýhas nukdaýyndan alanynda, hudaýyň barlygyny subut edýän hiç hili deliliň bolmagy mümkin däl ahyry.
— Brawo! — diýip, gygyryp goýberdi çet ýurtly. — Sag boluň! Siz biynjalyk garry Immanuiliň bu baradaky aýdan pikirini doly tekrarladyňyz. Emma gyzyk ýeri şunda ki, ol bäş delili hem doly weýran edenden soň, göýä öz üstünden gülmekçi bolýan ýaly, şobada özi altynjy delili keşp edipdi!

Kantyň delili hem — düşünjesi zor redaktor inçe ýylgyryş bilen garşylyk bildirdi, — esassyz. Şiller bikär aýtman eken, Kantyň bu mesele babatda eden işleri, pikirleri diňe gullary kanagatlandyryp biler diýip. Ştraus bolsa, bu delili ýaňsylap gülüpdi.
Berlioz gepläp otursa-da, içinden: «Herniçik-de bolsa, bu adam kimkä? Rus dilinde oňat geplemegi nireden öwrendikä?» diýip oýlanýardy.
— Maňa galsa-ha şol Kanty şu nazarýeti üçin Solowka üç ýyllyk sürgün ederdim! — diýip, Iwan Nikolaýewiç oslagsyz ýerden aýdyp goýberdi.
— Iwan — diýip, haýygan Berlioz pyşyrdady.
Emma Kanty Solowka ugratmak dogrusyndaky teklip çet ýurtly myhmany diňe geň galdyryp goýman, hatda onuň wagtyny hem hoş etdi.
— Örän dogry, gös-göni şeýtmeli — diýip, ol çasly aýtdy, şonda onuň Berlioza sereden çep gök gözi birden nurlanyp gitdi, — onuň jaýy şol ýer! Hawa, şol gezek ertirlik wagtynda men oňa: «Siz professor, näme diýseňiz, diýiň, emma keşp eden deliliňiz gowuşman dur! Belkem, ol akylly delildir, emma örän düşnüksiz. Sizi ýaňsylap, gülmekleri mümkin» diýip aýdypdymam-la.
Berliozyň gözi hanasyndan çykara geldi. «Ertirlik wagtynda... Kanta aýdypdymam-la». Näme diýip samrap otyr bi?» diýip oýlandy.
— Emma — diýip, çet ýurtly Berliozyň aňk-taňk bolanyna biperwaýlyk edip, şahyra ýüzlendi-de — ony Solowka ibermegiň hiç mümkinçiligi ýok, sebäbi, ol ýüz ýyldanam ozal, Solowkadanam has alys bir ýere ugradylypdy. Şu sebäpdenem, men size aýtsam, ony ol ýerden alyp çykmak asla mümkin däl!
— Haýyp! — diýdi jedelkeş şahyr.
— Hawa, haýyp! — diýdi, nätanyş çet ýurtly gözlerini güldürip. Soňam sözüni dowam etdi: — Ýöne meni başga mesele öz erkime goýanok, eger hudaý ýok bolsa, onda adamzat durmuşyny we umuman, ýer ýüzündäki barça janzatlary kim herekete getirip dur diýen sorag döreýär.
Bu dogrusyny aýdanyňda, beýle bir aýdyň bolmadyk soraga Bezdomnyý gahar bilen, howlukmaç ýagdaýda jogap berdi: — Kim bolar öýdýäň, ynsanyň özi-dä!
— Bagyşlaň — diýip, mylaýym äheňde jogap berdi nätanyş kişi, — ýaşaýşy dolandyrmak üçin iň bolmanda, az mütdetlik anyk bir plan bolmaly. Aýdaly, bary-ýogy bir müň ýyl mütdete plan düzmeg-ä beýlede dursun, hatda özüniň ertirki güni hakynda hem bir zat aýtmaga ejiz bolan ynsan, ýeri, maňa aýdyň, nädip ýaşaýşy dolandyryp bilsin? Hakykatdan-da — diýip, ol indi Berlioza tarap öwrüldi — bir göz öňüne getirip görüň, şunlukda siz özgeleri hem, özüňizi hem dolandyryp başladyňyz, permanlar berip başladyňyz, umuman, bu işiň höwesine düşdüňiz, emma birden... yhm... yhym... öýkeniňiz sarkama keseline ýolugýard-a... — çet ýurtly göýä öýken sarkamasy oňa hezillik bagyşlaýan ýaly hoşal ýylgyrdy, — hawa, sarkama, — ol gözlerini pişik ýaly gypyp, bu owazly sözüni ýene tekrarlady, — şeýdibem dolandyryş ukybyňyz gutaryp galar. Indi öz takdyryňyzdan başga hiç kim sizi gyzyklandyrmaz. Ýakynlaryňyz sizi ýalan sözler bilen köşeşdirjek bolarlar, siz ýagdaýyňyzyň agyrlygyny duýup, ilki alym wraçlara, soň ýalançy tebiplere, hatda palçylara hem ylgap başlarsyňyz. Emma alymlardan hem, tebiplerden hem, palçylardan hem haraý bolmaýandygyny özüňiz oňat bilýärsiňiz. Netijede, bu urunmalaryň hemmesi pajygaly ýagdaý bilen gutarýar. Ýap-ýaňy özüni nähilidir bir

işleri dolandyrýan ýaly duýan şahs indi birden tagta tabytda gymyldaman ýatan zada öwrülýär, onuň daşynda perwana bolanlar bolsa, bu jansyz jisimden hiç hili nep ýokdugyna düşünip, ony peçde ýakýarlar. Emma mundan hem beter bolmagy mümkin: bir adam Kislowodskä atlandy diýeli — şu ýere ýetende, daşary ýurtly kişi Berlioza gözlerini gypyp goýberdi, — ýönekeý gezelenç diýersiňiz, emma ol şony hem amala aşyryp bilmez, çünki, nämälim bir sebäbe görä, birden büdräp, tramwaýyň teýine düşýär! Serediň, nämüçin ol siziňçe, özüni şeýle ygtyýar edýän bolsa... Oňa nähilidir başga bir hulkat ygtyýar edýär diýip, garşy çyksak, dogry bolmazmykan? — Şeýle diýip, çet ýurtly üýtgeşik bir gülki bilen hikirdedi.
Sarkama derdi we tramwaý hakyndaky göwünsiz hekaýany uly üns bilen diňläp oturyşyna, Berliozy nähilidir teşwişli oýlar howsala salyp başlady. Ol: «Bu daşary ýurtly däl! Bu çet ýurtly däl» — diýip oýlanýardy. — Juda geň galmaly bir nusga... emma, her halda bu kimkä?»
— Görýän welin, siziň çilim çekesiňiz gelýär öýdýän — diýip, garaşylmadyk ýerden nätanyş myhman Bezdomna ýüzlendi, — nähilisini küýseýärsiňiz?
— Näme, sizde her dürli çilim barmy? — diýip, şahyr nadyl äheňde sorady. Dogrudan hem, onuň çilimi tükenipdi.
— Haýsy papirosy küýseýärsiňiz? — diýip, nätanyş myhman tekrarlap sorady.
— «Naşa marka» bolýar — diýip, Bezdomnyý gaharly aýtdy.
Nätanyş myhman howlukman, jübüsinden portsigar çykaryp, ony Bezdomna uzatdy:
— «Naşa marka».
Redaktory hem, şahyry hem portsigaryň içiniň «Naşa marka» papyros bilen doldurandygyndan-da başga, portsigaryň özi has geň galdyrdy. Ol juda uly we altyndan ýasalan bolup, açylanda gapagynyň üstüne goýlan üç gyraňly göwher gök we ak öwsüp, lowurdap gitdi. Şonda iki edebiýatçy iki hili pikire çümdi.
Berlioz: «Ýok, bu çet ýurtly adam» — diýdi.
Bezdomnyý bolsa: «Wah, al kakmyş, be-e?» diýip göwnünden geçirdi.
Şahyr bilen portsigar eýesi çilim otlandy, çilim çekmeýän Berlioz bolsa, papirosy ret etdi.
«Oňa garşylyk bildirmek gerek» — diýip, Berlioz karara geldi: — Hawa, ölüm hak, muny hiç kim inkär etmeýär. Emma, gep şunda ki...
Ýöne ol diýjek bolýan gepini aýtmaga ýetişmänkä, çet ýurtly myhman söze başlady:
— Hawa, ölüm hak, iň ýamany ol käte garaşylmadyk ýerden ýüze çykýar, bar bela hem şonda! Adam, umuman, şu gün agşam hem näme bilen meşgullanjagyny bilip bilmeýär.
«Öte manysyz gürrüň...» diýip, Berlioz oýlandy we garşylyk bildirdi: — Ýok, bu meselede gaty lap edip aýtdyňyz. Meselem, men şu gün agşam nämeler etjegimi azda-kände anyk bilýärin. Hawa, elbetde, Bronnaýa köçesinde depämden birden kerpiç gaçaýmasa...
— Kerpiç — diýip, onuň sözüni agraslyk bilen böldi nätanyş myhman — hiç haçan hiç kimiň başyna bisebäp gaçmaýar. Ynandyryp aýdýaryn, size kerpiç hiç hili howp salmaýar, siziň ölümiňiz başgaça.

— O nähili ölümkä? Belki, siz bilýänsiňizem? — diýip, Berlioz äşgäre kinaýa bilen sorady. Berlioz bu öte manysyz söhbete çökder berlip aýtdy, — belki meniň özüme aýdarsyňyzam?!

— Baş üstüne! — diýdi bigana kişi. Ol göýä Berlioza kastýum biçmekçi bolan dek, ony başdan-aýak synlady, soň dişlerinden syzdyryp: «Bir, iki... Merkuriý ikinji jaýda... Aý ýaşdy... alty — betbagtlyk... agşam — ýedi...» diýip samyrdady-da, şol owaz bilen guwançly aýtdy: — Siziň kelläňizi keserler!

Bezdomnyý bu ergeneksiz adama gazap bilen azgyrylyp seretdi, Berlioz bolsa, ýaňsyly gülüp, sorady: — Kim keser? Duşmanlarmy? Interwentlermi?

— Ýok — diýip, jogap berdi hemsöhbet, — rus gyzy, komsomol gyz.

— Hmm... — diýdi, Berlioz nätanyş çet ýurtlynyň degişmesine gyjynyp, — bagyşlarsyňyz-da, ýöne beýle zat mümkim däl.

— Men hem ötünç soraýan — diýip, çet ýurtly jogap berdi, — emma bu hakykat. Ýogsa-da, sizden bir närsäni sorajakdym, şu gün agşam näme iş etmekçi, eger gizlin bolmasa?

— Gizlin däl. Häzir Sadowaýa köçesine, öýüme bararyn, soň, giç sagat onda MASSOLITDE mejlis bar, men onda başlyklyk ederin.

—Ýok, asla beýle bolmagy mümkin däl — diýip, çet ýurtly kişi gaty garşylyk görkezdi.

— O nämüçin?

— Üçüni şol — diýip, çet ýurtly myhman jogap gaýtaryp başlady we süzük gözlerini asmana garatdy, — hä diýmän agşam salkynyň düşjegini duýan gara guşlar boşlukda sessiz uçýarlar, Annuşka günebakar ýagyny satyn aldy, satyn aldy däl, ony dökdem. Diýmek, ýygnak bolmaýar.

Dogrusyny dogry aýtmaly, bu müjmel gepden soň, lipalaryň astyna ümsümlik aralaşdy.

— Bagyşlarsyňyz — diýip, biraz dymyşlykdan soň, bimany toslama satyp oturan çet ýurtla seredip, Berlioz söze başlady. — Günebakar ýagynyň muňa näme dahyly bar... Onsoňam, kim ol Annuşka?

— Günkebakar ýagynyň dahyllydygyna sebäp munda — diýip, birden söze Bezdomnyý goşuldy, — meger ol çagyrylmadyk hem söhbete garşy uruş yglan etmekçi boldy, — siz, graždanin, ruhy keseller şypahanasynda heý bolupmydyňyz?

— Iwan! — diýip, Mihail Aleksandrowiç ýuwaşja hürsekledi.

Emma çet ýurtly myhman asla ynjamady, gaýta şadyýan ýylgyryp: — Bolandyryn, bir gezegem däl, birnäçe ýola! — diýip seslendi. Ol ýylgyrsa-da, ünsli gözlerini şahyrdan üzmän gürledi, — onda-da nä bolmak! Bir öküňýän zadym, professordan: «Şizofreniýa näme?» diýip soramagy unudypdyryn. Indi özüňiz ondan sorap, anyklarsyňyz-da, Iwan Nikolaýewiç!

— Adymy, familiýamy nireden bilýäňiz?

— Siz birhili adam, Iwan Nikolaýewiç, sizi kimler tanamaýa? — diýip, çet ýurtly myhman jübüsinden «Literaturnaýa gazetanyň» agşamky sanyny çykardy. Şonda Iwan Nikolaýewiç gazetiň birinji sahypasynda öz suratyny, suratyň aşagynda bolsa, öz ýazan şygryny gördi. Emma agşam ony hoşal eden şöhrat we tanymallyk sebäpkäri bolan bu şygyr indi şahyry asla söýündirmedi.

Ol reňki çuw-ak bolup: — Meni bagyşlarsyňyz, siz bir dem sabyr edip bilmersiňiz, ýoldaşyma diýjek iki agyz amanat gepim bardy — diýdi.
— O, baş üstüne! — diýdi nätanyş kişi, — bu ýer, daragtlaryň aşagy hylwat ýer eken, üstesine-de, men hiç ýere howlugamok.
Şahyr Berliozy çeträge çykaryp: — Bäri bak, Mişa, bu asla inturist däl, ol içaly. Ýurdumyzdan çykyp giden satlyk rus emigranty. Tizräk onuň kepilini sora, bolmasa gider ol...
— Şeýlemikä? — diýip, Berlioz gaýgyly pyşyrdady, özi bolsa: «Gepi-söz-ä dogry ýaly!» diýip göwnünden geçirdi.
— Gepime ynanaý — diýip, şahyr Berliozyň gulagyna pyşyrdady, — ol samsyklyga salan bolup, käbir zatlary biljek bolýar. Onuň rusça gepleýşini özüň eşitdiň-ä — diýip, şahyr pyşyrdap, gaçyp gidäýer öýdüp, nätanyş taýa göz gyýtagyny aýlady, ýör, ony ele salaly gaçyp gitmänkä...
Soň şahyr Berliozyň elinden tutup, ony uzyn oturgyja tarap çekdi. Bigana kişi indi oturgyçdan turupdy. Elinde dok külreňk gaply nähilidir bir güwänama sypatly galyň kagyzdan ýasalan bukjany we çakylygy saklap durdy. — Meni bagyşlarsyňyz, gürrüňe gyzygyp, özümi tanyşdyrmagy hem unudaýypdyryn. Ine, meniň mekannamam, pasportym we Moskwa konsultasiýa üçin çagyrylandygym hakynda teklipnama — diýip, nätanyş kişi iki edebiýatça ýiti gözlerini dikişine, kesgin-kesgin gepledi.
Şonda iki dost öz eden işlerinden özleri utanyp: «Be-e, hemme gepi eşiden eken-ow...» diýip oýlandy. Berlioz mylaýym yşarat bilen kepil görkezmegiň hajatynyň ýoklugyny bildirdi. Çet ýurtly myhman dokumentlerini redaktora uzadan wagty, teklipnamadaky çet ýurtlyň dilinde «professor» diýlip ýazylan söze we familiýasynyň baş harpynyň «W» ekenligine şahyryň gözi düşdi.
Bu bolan ahwala ökünýän äheňde redaktor, — örän hoşaldyryn, — diýip hüňürdedi, çet ýurtly bolsa, dokumentlerini ýene jübüsine saldy. Şeýlelikde mylakat gaýtadan diklendi-de, olaryň üçüsem täzeden uzyn oturgyja çökdüler.
— Siz biziň ýurdumyza konsultant hökmünde çagyryldyňyzmy, professor? — diýip, Berlioz sorady.
— Hawa, men konsultant.
— Siz nemesmi? — diýip, Bezdomnyý sorady.
— Menmi?.. — diýip, professor tekrarlady we birden çuňňur oýa berildi. — Hawa, nemes diýseň-de bolýar...
— Rusça örän oňat gepleýän ekeniňiz — diýip, Bezdomnyý duýdurdy.
— O, men umuman, poliglot, juda köp dili bilýärin — diýip, professor jogap berdi.
— Käriňiz haýsy ugurdan — diýip, Bezdomnyý sorady.
— Meniň kärim sährgärlik, gara magiýa ugrundan.
«Bir şu ýetenokdy» diýen pikir Mihail Aleksandrowiçiň beýnisine sanjyldy.
— Siz... sizi şu ugur boýunça çagyrdylarmy biziň ýurdumyza? — diýip, ol sakawlap sorady.
— Hawa, şu ugur boýunça — diýip, professor tassyklady we pikirini dowam edip: — Bu ýerdäki döwlet kitaphanasynda onunjy asyrda ýaşan jadygöý, gözbagçy Herbert

Awrilakskiniň asyl golýazmalary tapylypdyr. Şolary işlemekçi, anyklyk girizmegi sorap durlar menden. Bu ugurdan men dünýäde ýeke-täk işgär.
— A-a! Taryhçy ekeniňiz-dä?! — diýip, Berlioz ýuwaşja, arkaýyn hormat bilen sorady.
— Hawa, men taryhçy — diýip, alym tassyklady, soň edil tamdan taraşa düşen ýaly, hürritgoçak goşmaça kyldy: — Şu gün agşam Patriarh kölçesinde alamat waka ýüz berýär!
Redaktor bilen şahyr ýene geň galdylar, professor bolsa, olary özüne tarap ümledi, iki dost äňedip, oňa gulak tutanda, ol şeýle pyşyrdady: — Ýadyňyzda bolsun, Isa bolup geçipdir.
— Bilýäňizmi, professor, — diýdi Berlioz zordan ýylgyran bolup, — biz siziň gymmatly bilimiňize hormat edýäris, emma biz bu meselede özgeçe düşünjä eýediris.
— Hiç hili düşünje gerek däl! — diýip, jogap berdi alamat professor. — Ol ýaşap geçipdir, wessalam.
— Munuň üçin nähilidir bir subutnama gerek ahyry — diýip, Berlioz söze başlady.
— Hiç hili subutnama derkar däl — diýip, professor jogap berdi we indi pessaýja gepläp başlady, özem onuň dilindäki daşary ýurtlulara mahsus bolan çalgyrt äheň indi ýitipdi: — Bärde hiç hili geň galasy zat ýok! Egnine gyrmyzy jähekli ak plaş geýen...

## II bap

## PONTIÝ PILAT

Egnine gyrmyzy jähekli ak plaş geýen Iudeýa prokuratory Pontiý Pilat baharky nisan aýynyň on dördünji güni ertir irden beýik Irad howlusynyň iki ganatynyň arasyndaky üsti ýapyk sütünleriň üstüne pyýada esger kibi ökjesini şarkyldadyp geldi. Prokurator hemme zatdan beter bägül ýagynyň ysyny halamaýardy, şol sebäpden, bu günki günüň göwünsiz ýagdaýda geçjekdigi anykdy, sebäbi, bu ys ony şu gün daňdandan bogup başlapdy. Prokuratoryň nazarynda bägül ysyny bagdaky serwi we hurma daragtlary çykarýan ýalydy, başga zatlara-da, atlaryň ysyna hem şol lagnaty bägül ysy sebäp bolýan ýaly duýulýardy. Prokurator bilen Ýerşalaime gözegçilik etmäge gelen On Ikinji Ýyldyrym legionynyň birinji kogortasy ýerleşen howlynyň yzyndaky öýlerden bagyň üsti bilen meýdana tüsse ykjap gelýärdi, aşpezleriň nahar häzirläp başlanyndan habar berýän bu ajy tüssä hem şol ýiti bägül ysy sebäp bolýardy. «Eý, hudaýlar, hudaýlar, haýsy günäm üçin meni munça gynaýarsyňyz?»
«Hawa, şübhe ýok! Ýene şol dert, asla dep edip bolmaýan ýaramaz Hemikraniýa keseli — ol gozganda, kelläň ýary agyrýar. Bu derde em ýok, ondan gutulmagyň bir alajy hem ýok. Kellämi gozgamajak bolup göreýin hany». Fontanyň ýanynda bezelen polda ýaplanylýan ýumşak kürsi goýulypdy, prokurator hiç kime göz aýlaman, şu kürsä çökdi-de, elini gapdala taşlady. Kätip onuň uzadan eline hormat bilen bir parça pergament tutdurdy. Prokurator agyrynyň azabyndan nalaç çytylyp, pergamente gyýa bakyp, ondaky ýazga göz gezdirip çykdy we ony kätibe gaýtaryp, kynlyk bilen diýdi:
— Sorag edilýän Jelileden ekenimi? Onuň işini tetraha iberipdiňizmi?
— Hawa, prokurator — diýip, kätip jogap berdi.

— Ol nähili höküm çykardy?
— Tetrah bu iş boýunça aýyplama çykarmakdan boýun gaçyrdy we Sinedrionyň çykaran ölüm jezasyny tassyklamagy size galdyrdy — diýip, kätip jogap gaýtardy.
Prokurator bir ýan ýaňagyny oýnadyp goýberip, pes owaz bilen aýtdy: — Aýyplanýany alyp geliň.
Şu demde iki sany legioner bagyň içine ýigrimi ýedi ýaşlaryndaky bir adamy alyp gelip, ony prokuratoryň oturan kürsüsiniň garşysynda sömeldip goýdular. Bu adam egnine howa reňk uzyn ýyrtyk köýnek geýnendi. Onuň başyna ak ýaglyk oralyp, maňlaýy tasma bilen daňlan, eli bolsa, arkasyna baglydy. Bu adamyň çep gözüniň aşagy göm-gökdi, agzynyň bir çeti dilnip, gany gatap galypdy. Ol prokuratora gorky gatyşykly synçylyk bilen seretdi. Prokurator birazajyk möhletden soň arameý dilinde sorady:
— Adamlary Ýerşalaim ybadathanasyny weýran etmäge ündän senmidiň?
Prokurator doňňara daş ýaly bolup otyrdy, geplände, diňe dodagy zordan gymyldaýardy. Ol agyrydan ýaňa ataş bolup ýanýan başyny ýaýkamakdan gorkany üçin heýkel ýaly bolup otyrdy. Goly bagly adam haýallyk bilen öňe egildi-de, söze başlady: — Eý, sahawatly adam! Sözüme ynan...
Emma prokurator şol doňňara daş bolup oturyşyna, sesini hem gataltman, derhal jenaýatkäriň sözüni böldi:
— Sen maňa sahawatly adam diýip durmuň? Ýalňyşýansyň. Ýerşalaimde hemme adamlar meni gazaply mahluk diýip pyşyrdaşýardylar, özlerem juda dogry aýdýarlar.
— Soňra ol gepiniň äheňini üýtgetmän dowam etdi: — Kenturion Krysaboýy çagyryň.
Ýörite kenturiýa komandiri Krysaboý lakamly Mark prokuratoryň öňünde peýda bolan wagty, hemmäniň nazarynda bütin ýagtylygy zulmat eýelän ýaly boldy. Krysaboý legiondaky iň uzyn esgerden hem bir garyş uzyn we şu gadar eginlekdi welin, ol öz göwresi bilen ýaňy dogup gelýän Günüň hem öňüni bekledi. Prokurator oňa latyn dilinde ýüzlendi:
— Jenaýatkär maňa «sahawatly adam» diýýär. Ony bu ýerden bir sellem alyp çyk-da, maňa nähili mylakat etmelidigini düşündir. Emma maýyp edäýmäň.
Mark Krysaboý yzymdan ýöre diýýän ýaly, jenaýatça el salgady, şonda doňňara daş bolup oturan prokuratordan başga hemmeler ony yzyndan synlap galdy. Umuman Krysaboý nirede bolsa-da, irimçik adam bolany üçin hemmeler onuň yzyndan seredip galýardy, ony birinji gezek gören adamlar bolsa, bedroý ýüzüne hem geň galyp bakýardylar: onuň burny birwagt german ýaragyndan paçak bolupdy, ýenjilipdi.
Markyň daş pola tarp-tarp urlan zil dek ädiginiň sesi galdy, jenaýatçy onuň yzyndan tirkeşdi, sütünler meýdançasyna tamam dym-dyrslyk aralaşdy, şu sebäpli, göterme jaýyň balahanasynda, jaýyň garşysynda kepderileriň gugurdysy, fontan suwunyň geň äheňde ýakymly hiňlenmesi eşidilip başlady. Prokurator ýerinden galyp, hiňlenip akýan fontan suwuna ýaňagyny tutup, gozganman durmagy küýseýärdi. Emma barybir munuň hem dowa bolup bilmejegini bilýärdi.
Krysaboý jenaýatçyny baga alyp çykyp, bürünç heýkeliň öňünde duran legioneriň elindäki gamçyny dartyp aldy we ony çalaja silkip, jenaýatçynyň arkasyna urdy. Komandir ýuwaş we biperwaý hereket kyldy, emma jenaýatçy şol demde edil

aýagyna palta urlan dek ýykyldy, demi tutulyp, reňki buz dek agardy, gözleri manysyz bakdy. Mark çep eli bilen jenaýatçyny edil boş haltany göteren dek aňsatlyk bilen göterip, aýagyna galdyrdy we arameý dilinde çalgyrt samrady:
— Rim prokuratoryna diňe Igemon diýip ýüzlenmelidir, wessalam. Onuň garşysynda gaz ýaly durmak gerek. Gepime düşündiňmi ýa ýene gaýtalaýynmy? Gamçylaýynmy?
Jenaýatçy yrandy, ýöne özüni saklap bildi, ahyry reňkine gelip, nepesini dürsedi, bogugrak ses bilen jogap gaýtardy:
— Gepiňe düşündim, indi beri urma!
Bir salymdan soň, ol ýene prokuratoryň öňünde durdy. Hökmürowanyň tutuk we hassalaç sesi eşidildi:
— Adyň?
Jenaýatçy indiberi hökümdaryň gaharyny getirmezlige çalşyp, bütin durky bilen howlukmaç aýtdy:
— Meniňmi?
Prokurator pessaý ses bilen:
— Meniňki özüme mälim. Özüňi çendenaşa sadalyga salan bolma. Seniň adyň näme?
— diýdi.
— Iýeşua — diýdi jenaýatçy gyssanyp.
— Lakamyň barmy?
— Ha-Nosri.
— Nirelisiň?
— Gamala şäherinden — diýip, jogap berdi jenaýatçy we nirededir uzak demirgazykda, sag tarapda Gamala diýen şäher barlygyny yşarat edip, başyny atyp görkezdi.
— Haýsy öwlatdansyň?
— Anyk bilemok — diýip, tiz jogap berdi jenaýatçy — ata-enemi bilmeýärin, aýdyşlaryna görä, atam siriýaly eken...
— Hemişelik ýaşaýan ýeriň?
— Hemişelik ýaşaýan ýerim ýok — diýip, eýmenip jogap berdi jenaýatçy — şäher-şäher gezip ýörün.
— Muny bir söz bilen gysgaça beýan etmek mümkin — ykmanda — diýdi prokurator, soňam sorady:
— Dogan-garyndaşyň barmy?
— Hiç kimim ýok. Dünýäde täk özüm.
— Sowadyň barmy?
— Hawa.
— Arameý dilinden özge bir dili bilýärmiň?
— Bilýärin. Ýunan dilini.
Pilatyň çişen bir gabagy göterilip, ezýetden gamaşan gözi jenaýatkäre dikildi. Ikinji gözi ýumuklygyna galdy. Ol grekçe gepläp başlady:
— Ybadathanany weýran etmekçi bolan we bu işe halky çagyran senmidiň?
Jenaýatçy ýene janlandy, gözlerinden gorky alamaty gaýyp bolup, grek dilinde gepläp başlady:

— Men sahaw... — agzyndan tas çykyp giden bu sözden jenaýatkäriň ýüzünde gorky hasyl boldy — men, Igemon, hiç haçan hyýalyma-da getirmändim ybadathanany weýran etmegi we beýle nämakul işe hiç kimi çagyrmandym.

Pessejik stola eglip, jenaýatçynyň berýän güwäligini ýazyp oturan kätibiň ýüzünde geň galmak alamaty peýda boldy. Ol kellesini galdyrdy, emma şobada ýene pergamente egildi.

— Bu şäherde geçýän baýram tomaşalaryna dürli taýpadaky adamlar gelýär. Olaryň arasynda sährgär-jadygöýler, müneçjimler, palçylar, jenaýatçylar bolýar — diýdi prokurator özboluşly äheňde — emma olaryň içinde ýalançylar hem tapylýar. Sen hem şolar ýaly ýalançyň biri. Halky ybadathanany weýran etmäge ündedi diýlip anyk ýazylypdyr. Adamlar bolsa, güwälik beripdir.

— Şol sahawatly adamlar — diýip gepläp başlady jenaýatçy we howlukmaç: Igemon — diýip goşdu-da, sözüni dowam etdi: — sowady ýok adamlar, şu sebäpli, meniň aýdan sözlerimi ýoýupdyrlar. Umuman, bu ýoýulmalar entekler dowam eder diýip gorkýaryn. Bar bela şunda ki, meniň sözlerimi ol mydam nädogry ýazýar.

Ümsümlik. Indi Pilatyň iki näsag gözi hem jenaýatça agyr nazar bilen seredýärdi.

— Saňa soňky gezek tekrarlaýaryn: özüňi dälilige salan bolma, garakçy — mylaýym äheňde diýdi Pilat şol bir tukat ses bilen — üstüňden ýazylan deliller köp däl, ýöne şularyň özi hem seni dardan asmak üçin ýeterlik.

— Ýok, ýok, Igemon — diýdi jenaýatçy, Pilaty öz sözüne ynandyrmak üçin jan-dili bilen urnup — biri bar, eline geçi derisinden eýlenen pergament alyp, ökjäme düşüp, dynuwsyz bir zatlar ýazyp ýör. Emma bir gezek şol pergamente göz gyýtagyny aýlap, doňup galdym. Men ol ýerde ýazylan gepleriň birinem aýtmandym. «Hudaý hakyna otlap taşla bu pergamentiňi» diýip, oňa ýalbardym. Ýöne ol pergamenti elimden kakyp alyp, gaçyp gitdi.

— Kim ol? — diýip, iriljiräp sorady Pilat we elini çekgesine eltdi.

— Lewiý Matweý diýen adam — diýip, yhlas bilen beýan edip başlady jenaýatçy, — ol salgyt ýygnaýançydy. Men onuň bilen birinji gezek Wiffigiýa barýan ýoluň boýundaky injirlikde duş gelip gepleşdim. Başda ol maňa ynamsyzlyk bilen garady, ykarat etdi, ýagny, meni it diýip atlandyrdy, öz ýanyndan sögdüm diýip oýlan bolmaly, — jenaýatçy ýylgyran boldy — özüm-ä şol janawaryň ýaman tarapyny bilmeýärin, şonuň üçinem oňa gaharymam gelmedi...

Kätip ýazmasyny goýdy, aşaklyk bilen jenaýatkäre däl-de, prokuratora haýran galmak bilen seretdi.

— Emma, sözlerimi diňläp, pälinden gaýdyp başlady — diýip, Iýeşua dowam etdi. — Ahyry, ol ýygnan pullaryny ýola zyňyp goýberip, seniň bilen jahankeşdelik etjek diýdi...

Pilat saralyp giden dişlerini görkezip, bir ýaňagyny oýnadyp, ýylgyrdy. Soňam bütin göwresi bilen kätip taýa öwrülip, diýdi: — O, Ýerşalaim şäheri! Munda eşitmejek zadyň barmy? Salgyt ýygnaýjy, muňa seretseňizläň, pullaryny ýola seçip goýberenmiş!

Kätip muňa jogap ýerine näme diýjegini bilmän, Pilatyň ýylgyrmasyny gaýtalamagy makul gördi.

— Sebäp diýeniňde, ol şu günden başlap puly ýigrenýän diýdi — diýip, Iýeşua Lewiý Matweýiň geň hereketini düşündirmäge synanyşdy, soňam— şol günden bärem ol maňa hemra boldy — diýip üstüne goşdy.
Prokurator heniz hem ýyrşarmasyny goýman, jenaýatça seretdi, soň öz oturan ýerinden ep-esli uzakdaky peslikde bolan aýlawa we ol ýerdäki at heýkelliriniň üstünden hemişelik ýokary göterilýän Güne ýüz tutdy-da, birdenem göwnüni gamgyn edýän nähilidir bir dert bilen: «Özümi gynap oturman, bir agyz «Asmaly!» diýip, bu natuwan jenaýatçyny garşymdan kowup goýbersem hem boljak. Soňra sakçylary hem dagydyp, özüm içerik girip, köşgi garaňkyradyp, sowujak suw getirmegi buýrup, naýynjar ses bilen itim Bangany çagyryp, oňa kellämiň agyrýandygyny aýdyp zarlanym ýagşydyr» — diýip, hyýalyndan geçirdi. Şol halatda birden prokuratoryň agyrly başynda «zäher» diýen pikir peýda boldy-da, ony was-wasa salyp, lyp edip geçip gitdi.
Ol bulançak gözlerini jenaýatça dikip, biraz wagt dymyp, taýak iýip, betnyşan bolup giden bu jenaýatçyny Ýerşalaim şäheriniň säherki güneşiniň tygynda durzup, oňa birnäçe nepi ýok, biderek sowal bermegem näme gerekdi diýip, başyny agyrdýardy. Ol:
— Lewiý Matweý diýdiňmi? — diýip, näsag owaz bilen sorady we gözlerini ýumdy.
— Hawa, Lewiý Matweý — diýip, Pilatyň derdini artdyrýan belent ses eşidildi.
— Her halda, nämeler diýipdiň bazardaky märekä, ybadathana hakynda?
Jogap gaýtarýan adamyň sesi Pilaty gaty azaba salyp, çekgesine gazyk kakylýan ýalydy: — Men, Igemon, gadymy iman öýi weýran bolup, täze hakykat öýi peýda bolar diýipdim, bolany. Şeýle diýsem, düşnükli bolar öýtdüm.
— Eý, ykmanda, nämüçin öz aňyrsyna ýetmeýän hakykatyň dogrusynda bazarda wagyz kylyp, adamlaryň ýüregine gulgula saldyň? Hakykat näme?
Emma şu ýerde prokuratoryň kalbyndan: «Eý, taňrylarym! Men ondan suda asla gerekmejek närseleri sorap otyryn... Akyl-paýhasym indi maňa etagat etmän dur-ow» diýen sözler geçdi. Şu mahal onuň gözüne ýene gara suwuklyk guýlan bulgur göründi. «Zäher gerek maňa, zäher!»
Ýene-de jenaýatçynyň sesi eşidildi.
— Häzir birinji nobatdaky hakykat şu ki, seniň kelläň agyrýar, özem örän gaty agyrýar, şol sebäpdenem sen ruhuňy düşgünlige salyp, ölüm hakynda pikirlenip başladyň. Sen häzir diňe meniň bilen gepleşmäge däl, eýsem, maňa dikanlap seretmäge-de ejiz. Şunlukda, indi men biygtyýar seniň jelladyňa öwrülip barýaryn. Men muňa gaty gynanýaryn. Häzir sen hiç zat hakynda oýlanmaga kadyr dälsiň, şonuň üçin hem, diňe öz itiň gaşyna gelmegini arzuw edýärsiň ki, çaky, seniň dünýäde yhlas goýan ýeke-täk jandaryň şu itiň bolsa gerek. Emma häzir derdiň dep bolup, kelle agyryň aýrylar.
Kätibiň jenaýatça aňkarlany sebäpli, köp zat ýazylman galdy.
Pilat dertli gözlerini zordan jenaýatça gönükdirdi, Günüň aýlawyň üstünden ep-esli göterlenini, onuň şöhlesiniň sütünleriň arasyna düşüp, Iýeşuanyň tozgun sandalyna çenli ýetip gelenini we onuň özüni güneşden çete çekýändigini gördi. Şonda ol kürsüden turdy, elleri bilen başyny mäkäm gysdy, sakgaly alnan ýylmanak ýüzünde gorky peýda boldy. Emma ol özüne erk edip, güýçli bu duýgyny derhal dep edip,

ýene ýerinde oturdy. Jenaýatçy bolsa, şol bolşunda sözüni dowam edýärdi, emma kätip indi hiç zat ýazman, diňe gaz kibi boýnuny uzadyp, aýdylýan her bir sözi üns bilen kakyp alýardy.
— Ana, indi bary gutardy — diýdi jenaýatçy Pilata mähirli bakyp, — men muňa örän şat. Saňa, Igemon, bu ýerleri, köşgi wagtlaýynça terk edip, şäheriň çetinde, takygy, Ýeleon depeligindäki baglarda seýil etmegi maslahat bererdim. Häli agşama golaý gök gümürdäp, ýyldyrym çakar — diýip, jenaýatçy gözlerini süzüp, Güne seretdi. — Seýil etseň, özüňe gowy bolardy, men bolsa, saňa janym-tenim bilen ýoldaş bolardym. Beýnime käbir täze pikirler geldi, olaryň seni gyzyklandyrmagy ahmal diýip oýlanýaryn, şonuň üçinem, olary seniň bilen bölüşerdim, üstesine-de, sen danyşment adama meňzeýärsiň.
Kätip merhum ýaly agaryp, elindäki pergamenti ýere gaçyrdy.
— Bar bela şunda ki — diýip, sözüni dowam etdi bendi, hiç kim onuň gepine garşylyk görkezmeýärdi, — sen hetdenaşa bus-bus bolan adam sen, adamlara bolan ynanjyňy ýitiripsiň. Özüň oýlanyp gör, bütin mähir-mylakatyňy bir ite garadyp gün geçirmek mümkin däl ahyry. Ýaşaýşyň, Igemon, örän tukat, — şu sözden soň, ol ýylgyrmaga jan etdi.
Kätip indi diňe bir närse dogrusynda: öz gulaklaryma ynansammykam ýa ynanmasammykam diýip oýlanýardy. Emma ynanmasa hem alajy ýokdy. Akybetde ol, tussagyň göz görüp, gulak eşitmedik beýle edepsiz gürrüňini diňläp, gyzma prokuratoryň gazabynyň nähili garaşylmadyk şekilde ýüze çykjakdygyny göz öňüne getirmäge synandy. Kätip muny hem göz öňüne getirip bilmedi, ol prokuratoryň gylygyny juda oňat bilýärdi. Şonda Pilatyň gyryk we pessaý sesi eşidildi:
— Elini çözüň! — diýdi ol latynçalap.
Sakçy legionerlerden biri naýzasyny ýere «düňk» edip urup, ony başga sakça uzatdy we özi tussaga golaý baryp, ýüpi çözdi.
Kätip ýere gaçan dolangy pergamenti ýerden göterdi, emma häzirlikçe hiç zat ýazmazlygy, hiç zada geň galmazlygy özüne äht etdi.
— Çynyňy aýt — diýip, Pilat grek dilinde sorady, — sen beýik wraçmy?
— Ýok, prokurator, men wraç-a däl — diýip, tussag ýenjilen we çişip gyzaran bileklerini hözir bilen owkalap jogap berdi.
Pilat tussaga gabagynyň astyndan burawlap seretdi, onuň gözlerindäki bulançaklyk indi ýitip, ýene hemmä tanyş bolan uçgunlar peýda boldy.
— Ýaňy soramandyryn, — diýdi Pilat, — belki, sen latyn dilinem bilýänsiň?
— Hawa, bilýärin — diýip, tussag jogap berdi.
Pilatyň sarymtyl ýüzüne gan ýüwrüp, ol latynçalap sorady: — Iti ýanyma çagyrmak islänimi nädip bildiň?
— Bu kyn däl — diýip, tussag latyn dilinde jogap berdi, — sen göýä iti sypalajak ýaly bolup eliňi, ine, şeýtdiň — diýip, bendi Pilatyň el hereketlerini gaýtalady, — soňra dodaklaryň hem...
— Dogry — diýdi Pilat.
Ara birazajyk dymyşlyk düşdi, soň Pilat grek dilinde sorag berdi: — Diýmek, sen warç!

— Ýok, ýok, men wraç däl — diýip tussag howlukmaç jogap berdi, — sözüm dogrudyr.
— Ýeri, bolýar, syr saklamakçy bolsaň, öz ygtyýaryň. Asla munuň biziň işimize dahylam ýok. Diýmek, sen ybadathanany weýran etmäge... ýa oňa ot bermäge, ýa bolmasa, başga bir ýol bilen ony berbat etmäge halky çagyran dälsiň, şeýlemi?!
— Tekrarlap aýdýaryn, Igemon, men hiç kimi beýle işe çagyran däldirin. Ýa men şeýle tentege meňzeýänmi?
— Ýo-ok, sen tentek adam-a meňzänok — diýdi pes owaz bilen prokurator, soňam ýowuz ýylgyryp: — Bolýar onda, beýle etmänligiň hakynda kasam iç.
— Nämeden kasam içmegimi isleýärsiň? — diýip, eli çözlüp, ruhy göterilen bendi sorady.
— Ömründen ant içäý — diýdi prokurator, — häzir aýny janyňy orta goýjak pursatyň, düşün, ol häzir gylyň ujunda asylyp dur, şony unutma!
— Janymy gylyň ujunda, belki, sen asyp goýansyň, Igemon? — diýip sorady tussag, eger şeýle diýip oýlanýan bolsaň, gaty ýalňyşýarsyň.
Pilat saňňyldady, soň dişlerini gyjap diýdi: — Men şol gyly üzübem bilerin.
— Ýene ýalňyşýarsyň — diýip, tussag aýasy bilen gözüni Günden kölegeledip, açyk ýüz bilen ýylgyrdy, — gyly kim asan bolsa, diňe şonuň özi üzüp biler, şeýle dälmi?
— Şeýle, şeýle — diýdi Pilat ýylgyryp, — Ýerşalaimli işýakmaz aňkawlaryň yzyňda sürlenişip ýörenine indi şübhäm galmady. Diliňi kim ýasan bolsa-da, juda kesgir edip ýasapdyr. Ýogsa-da, sen aýt, Ýerşalaime Suz derwezesinden eşek münüp girip gelipmişiň, garamaýak halk seni göýä bir pygamber dek şatlykly owazlar bilen garşy alanmyşyn, şu dogrumy! — diýip, prokurator pergamente yşarat etdi.
Tussag geň galyp, prokuratora dikanlady:
— Mende asla eşek ýok, Igemon, — diýdi ol. — Dogry, Ýerşalime Suz derwezesinden girdim, ýöne pyýadadym, ýanymda-da diňe Lewiý Matweý bardy, üstesine-de, hiç kes maňa hiç zat diýip gygyrmady, çünki meni o wagt Ýerşalimde hiç kimse tanamaýardy.
— Sen — diýip — Pilat gözüni tussagdan üzmän dowam etdi, — Dismas diýen adamy, soňra Gestes, ýene Warrawwan diýenlerini tanaýaňmy?
— Men ol sahawatly adamlary tanamaýaryn — diýip, tussag jogap berdi.
— Rastyňmy?
— Rastym!
— Indi maňa ýene şuny aýt, nämüçin sen zol «sahawatly adam» diýip gepleýärsiň. Hemmelere-de şeýle diýýäňmi?
— Hemmelere — diýip, jogap berdi tussag, — dünýäde erbet adam ýok.
— Muny birinji gezek eşidýän — diýdi Pilat ýyrşaryp, — belki, men durmuşy gowy bilýän däldirin?! Indi ýazmasaň hem bolar — diýip, onsuzam hiç zat ýazman oturan kätibe ýüzlendi, soň ýene tussag bilen söhbetini dowam etdi: — Bu hakda grekleriň bir kitabyndan okapmydyň?
— Ýok, öz akylym bilen şeýle netijä geldim.
— Diýmek, sen şuňa ynanýaň-da?
— Elbetde.

— Ine, meselem, Mark — oňa Krysaboý diýip lakam hem goýupdyrlar, ýeri, indi şol hem sahawatlymy?
— Hawa — diýip, jogap berdi bendi, — dogry, ol bagtygara adam. Sahawatly adamlar ony heläkläp, betbeşer edipdirler, ine, şondan soň, ol betgahar we gagal adam bolupdyr. Kim ony beýle ýagdaýa salyp, husurly etdikä?
— Muny saňa bimelal, doly aýdyp bererdim — diýdi Pilat, — çünki, özüm munuň şaýady bolupdym. Şol seniň aýdan sahawatly adamlaryň oňa edil aýa hemle eden köpekler deýin topulypdylar. Märeke onuň bogazyna, eline-aýagyna ýapyşypdy. Pyýada manipul gabawa düşüpdi, şonda meniň komandirlik eden atly goşunym gapdaldan gabawy böwsüp girmedik bolsa, saňa, dana ýigit, bu gün Krysaboý bilen söhbetleşmek nesip etmezdi. Bu ýagdaý Idistawiza golaýynda Periler jülgesinde bolan jeňde ýüz beripdi.
— Men onuň bilen gürleşsem — oýlanybrak diýdi birden tussag, — emin men ki, ol häsiýetini düýpgöter üýtgederdi.
— Pikir edip görýän welin — diýdi Pilat, — hatda goşun ofiserleri ýa esgerleriniň biri bilen söhbet etseň hem, bu bolşuň bilen serkerdäni gaty ynjydardyň. Bir gowy ýeri, seniň hem, serkerdäniň hem bagtyna beýle söhbet bolmaz, ilki bilen özüm muňa ýol bermerin.
Şu wagt sütünler hataryna bir garlawaç ok ýaly uçup girip, altyn gümmez astynda bir mertebe çarh urup aýlandy-da, soň pessaýlap, mis heýkeliň ýanyndan şuwlap geçip, sütün bogdaklarynyň penasynda gözden gaýyp boldy. Meger, şol ýerde höwürtge gurjak bolýandyr. Ine, şu garlawajyň perwazy dowamynda prokuratoryň indi agyrydan azat bolan dana başynda şeýlebir karar wujuda geldi: Igemon Ha-Nosri lakamly filosof Iýeşuanyň işini derňäp, ondan jenaýat tapmady. Hususan-da, Iýeşuanyň hereketleri bilen ýaňy-ýakynda Ýerşalaimde ýüze çykan tertipsizlikleriň arasynda hiç hili baglanyşygyň ýoklugyny anyklady. Ykmanda filosof ruhy taýdan näsag bolsa nätjek! Şeýlelikde, Kiçi Sinedronyň Ha-Nosri hakynda çykaran ölüm jezasyny prokurator tassyklamaýar. Emma Ha-Nosriniň biakyl utopik beýanlarynyň Ýerşalaimde halk gozgalaňlaryna sebäp bolmagynyň ähtimallygyny göz öňünde tutup, prokurator Iýeşuany Ýerşalaimden çetleşdirýär we Ortaýer deňzindäki Straton Kaýsarlygynda, ýagny, prokuratoryň bolýan ýeri ýerleşen deňzinde türmä hököm edýär.
Höküm taýýar. Indi ony diňe kätibe aýdyp, ýazdyraýmak galypdy.
Garlawaç Igemonyň üstünden ganatlaryny pyr-pyrladyp geçip, özüni fontan howuzjygynyň içine urdy, soň giň asmana perwaz kyldy.
Prokurator başyny göterip, tussaga seredende, onuň daşynda güneş şuglasyna gark bolan çaňyň tozan bolup göterlenini gördi.
— Hemmesi şu hakdamy? — diýip, Pilat kätipden sorady.
— Gynansagam, beýle däl — diýip, kätip Pilata başga bir pergamenti uzatdy.
— Ýene näme bar? — diýip, Pilat gabagyny asyp sorady.
Uzadylan pergamenti okap çykdy-da, onuň reňki üýtgedi. Boýnuna we ýüzüne gara gan guýuldymy ýa-da başga bir ýagdaý ýüze çykdymy, garaz, reňkindäki sarylyk üýtgäp, goňur tüýs aldy, gözleri bolsa owasynyň içine çöküp giden ýaly boldy.

Çaky, hemme bela çekgesine guýlup, damarda depirjäp başlan gandady, emma prokuratoryň gözlerine bir zad-a boldy. Onuň gözüne tussagyň kellesi nireleredir bir ýere uçup gidip, ýerine başga kelle peýda bolan ýaly boldy.

Ol kel kelle bolup, oňa şaçy seýrek altyn täç geýdirilipdi, onuň maňlaý derisini oýup taşlan tögerek şekildäki ýara melhem çalyngy, bir dişi-de galmadyk agzy opurylyp, aşaky dodagy kemşerýän ýaly asylyp durdy. Şu mahal eýwandaky bägül reňkli sütünler we aşakdaky bagyň aňry tarapyndan başlap, alyslara uzalyp giden Ýerşalaim jaýlary Pilatyň gözünden gaýyp bolup, töwerekdäki hemme närseler Kapreýa baglarynyň ýap-ýaşyl daragtlary bilen örtülen ýaly bolup duýuldy. Onuň gulagyna hem juda geň närseler eşidilip başlady, göýä kimdir biri juda uzakda durup, ýuwaş, emma elhenç sesli sur çalan ýaly boldy, kimdir biriniň her sözi uzyn-uzyn tekepbir heňde ýaňlanyp: «Beýikleri kemsitmezlik hakynda kanun» diýen sözi anykdan anyk eşidildi. Pilatyň hyýalyndan uzynly-gysgaly, üzlem-saplam we gaýry ýönekeý pikirler bir-bir geçip başlady: «Gurban boldy!», soňra: «Gurban boldular!..» Ondan soň, şu bulam-bujar pikirleriň arasynda nähilidir we kimiňdir hemişe bakylygy hakynda düýbünden bimany pikir hem ýüze çykdy ki, bu bakylyk nämüçindir onuň ýüregini gysdyryp, gussa batyrdy.

Pilat ahyry özüni ele alyp, pikir-hyýallary dep etdi, özüni ýene balkonda gördi, ýene onuň garşysynda tussagyň gözleri göründi.

— Gulak sal, Ha-Nosri — diýip, prokurator Iýeşua juda geň tüýsde dikanlap söze başlady, — onuň ýüzi howsalalydy, gözleri bolsa, gaýgylydy. — sen beýik kaýsarymyz — patyşamyz hakynda bir ýerlerde bir zatlar diýipmidiň? Jogap ber ! Gepläpmidiň?.. Ýa-da ýo-ook?

Pilat «ýok» sözüni sud wagtynda berilýän soragdaky «ýoga» görä birhili uzaldyp sözledi we tussaga düşündirjek bolýan pikirini göz üsti bilen beýan etdi.

Tussag: — Hak sözi aýtmak hem aňsat hem ýakymly — diýdi.

— Men senden — diýip, Pilat sowuk hem gyryljak ses bilen — hak sözi aýtmak ýakymlymy ýa ýakymsyzmy diýip soramok. Her zat-da bolsa, sen ony aýtmaly bolarsyň. Indi eger sen ölmegi, öleňde hem gynalyp ölmegi islemeseň, gepleýän her bir gepiňi owal pugta oýlanyp, soň sözle.

Iudeýa prokuratoryna näme bolanyny hiç kim aýdyp bilmez, emma ol ýüzüni güneş şöhlesinden penalamakçy bolýan ýaly elini göterdi we şol eliň penasynda tussaga gözi bilen nämedir bir zady ümlejek bolýan ýaly seretdi. — Ýeri, bolýa, — diýdi ol, — jogap ber, sen kariafiýaly Iuda diýen adamy tanaýaňmy, oňa kaýsarymyz /kesar — patyşa/ hakynda bir zat diýipmidiň?

— Waka şeýle bolupdy — diýip, jan-dili bilen beýan edip başlady tussag, — öten agşam men ybadathananyň öňünde bir ýigit bilen tanyşdym, ol özüni men Kariaf şäherinden, adym Iuda diýip tanyşdyrdy. Soňra ol meni «Aşaky şäherdäki» öýüne alyp baryp, myhmanlady.

— Ol hem sahawatly adammy? — diýip, Pilat sorady, şol wagt onuň gözlerinde arwahana ot ýandy.

— Örän sahawatly we bilesigeliji adam eken — diýip, tassyklady tussag, — ol meniň pikirlerimi diýseň gyzygyp diňledi, meni dostana kabul etdi...

— Şemçyraglary ýakdy... diýdi Pilat dişleriniň arasyndan tussagyň äheňinde, onuň gözleri yşrap ýandy.
— Hawa — diýdi Iýeşua, prokuratoryň bolşuna birazajyk geňirgenip, soňam sözüni dowam etdi, — ol menden döwlet häkimiýeti hakynda aýtmagymy sorady. Şu mesele ony gaty gyzyklandyrýan eken.
— Bolýa, sen näme diýdiň? — diýip, Pilat sorady, — Ýa näme diýenim ýadymdan çykdy diýip bahana etjekmi? — Pilatyň gepiniň äheňinde indi umytsyzlyk peýda boldy.
— Öňki aýdanlarymyň — diýip, başlady tussag, — men aýtdym, islendik häkimiýet adamlara zulum edýär, wagt gelip, ne patyşalar häkimiýeti, ne-de özge häkimiýetler galar diýip. Adamzat hakykatyň we adalatyň şalygyna barar, ýaşap başlar, onsoň hiç hili häkimiýetiň zerurlygy hem bolmaz.
— Onsoň!
— Soň hiç zat bolmady — diýdi tussag, — şol wagt birnäçe adam öýe kürsäp girip, ellerimi arkama daňyp, gazamada alyp gitdi.
Kätip bir sözi-de üýtgetmezlige çalşyp, şatyrdadyp pergamente ýazýardy. Ine, şonda Pilat gyryljak hassa sesi bilen: — Tiweriýa imperatorynyň häkimiýetinden beýik we halk üçin ajaýyp häkimiýet dünýäde bolmandyr, häzirem ýok, mundan buýana-da bolmaz! — diýdi. Prokurator kätibe hem, sakçylara hem nämüçindir ýigrenç bilen seretdi. — Häkimiýet hakynda netije çykarmak seniň işiň däl, akmak jenaýatçy! — diýdi Pilat, soňam gygyryp: — Sakçylary balkondan çykaryň — diýdi, soň kätibe tarap öwrülip, dowam etdi: — Meni jenaýatçy bilen ýeke galdyryň, döwlet bähbitli iş bar.
Sakçylar naýzalaryny göterip, nal kakylan ädiklerini bir nyzamda şarkyldadyp, balkondan baga çykdylar, kätibem olaryň yzyna eýerdi.
Balkona düşen ümsümligi bir pursat diňe fontandan atylýan suwuň şaggyldysy bozdy. Pilat jüründikden çüwdürilýän suwuň daşdan tabagy dolduryşyny we onuň gyrasyndan şabyrdap akyşyny synlap otyrdy. Ilki bilen tussag gepledi:
— Şol kariafly ýigit bilen söhbet etmegim bar belanyň başy bolsa gerek. Meniň aňlyşyma görä, igemon, ol ýigit bagtsyzlyga duçar bolar, meniň oňa nebsim agyrýar.
— Dünýäde — diýip, geň gülümsiräp jogap berdi prokurator, — ýagdaýyna kariafly Iudanyňkydan-da beterräk gynanmaly käbir adamlar bar. Seniň, Iuda däl-de, ana, şolara köpräk nebsiň agyrsyn! Gepiň tümmek ýeri, doňbagyr, ynamdar jellat Mark Krysaboý hem, wagyz edeniň üçin, anha, görüp durun, — prokurator Iýeşuanyň parçalanan ýüzüne yşarat etdi — seni uran adamlar hem, şärikleri bilen bilelikde dört esgeri öldüren garakçylar: Dismas bilen Gestas we iň soňunda, hapa hyýanatçy Iuda hem — şolaryň hemmesi-de sahawatly adamlarymy seniňçe?
— Hawa — diýip, tussag jogap berdi.
— Hakykat şalygy hem bolarmy?
— Bolar, Igemon, — diýip, anyk ynanç bilen jogap berdi Iýeşua.
— Ýok, hiç haçan bolmaz! — diýip, Pilat birden elhenç owaz bilen gygyryp goýberdi, Iýeşua tisginip, yraň atdy.
Mundan köp ýyllar öň Periler Düzlüginde Pilat öz suwarylaryna: «Çap olary! Ur ganymlary! Äpet Krysaboý ele düşdi!» diýip, şeýle elhenç gygyrypdy. Häzirem köp

komanda berip gyrlan sesini adamlar eşider ýaly, her sözüni däne-däne edip, has batlyrak gygyrdy: — Jenaýat edeniň hak! Jenaýatçy sen! Jenaýatçy!
Şundan soň ol pessaý ses bilen sorady:
— Iýeşua Ha-Nasri, sen haýsydyr bir hudaýlara ynanýarmyň?
— Hudaý bir — diýip, jogap berdi Iýeşua, — men şoňa ynanýaryn.
— Onda şoňa ýalbar! Yhlas bilen dileg et! Emma barybir — birden Pilatyň sesi gyryldy — mundan nep çykmaz. Aýalyň ýokmy? — diýip, nämüçin beýle keýpiýete düşeninden özi hem bihabar Pilat mylaýym äheňde sorady.
— Ýok, boý ýigit men.
Birdenem: — Ýaramaz şäher! — diýdi prokurator, edil sowukda üşän ýaly eginlerini silkip, ellerini bolsa, ýuwunýan ýaly biri-birine sürtdi, — Seni şol kiriafly Iuda bilen söhbet etmezinden öň pyçaklap giden bolsalar, has oňat bolardy.
— Sen meni azat etseň nädýär, igemon, — diýip, garaşylmadyk ýerden tussag haýyş etdi, — onuň sesinde howsala peýda boldy, — meni öldürjek bolýandyklaryny süňňüm syzýar.
Pilatyň ýüzi sandyramadan ýaňa gyşardy, ol agyna gyzyl damarjyklar ören gözüni Iýeşua aýlap gepledi.
— Eý, betbagt, sen ýaly agzyndan beýle gepler çykan adamy Rim prokuratory nädip azat etsin! Eý, taňrylarym! Ýa-da öz ýeriňde meniň bolmagymy isleýärmiň? Seniň pikirleriňe men goşulmaýaryn! Meni diňle: eger şu demden başlap, jyp edip agzyňy açsaň, bir adam bilen sözleşseň, menden ägä bol! Tekrarlap aýdýaryn, menden ägä bol!
— Igemon...
— Sem bol! — diýdi, Pilat we şu wagt ýene balkona uçup giren garlawaja gazaply nazar aýlap: — Bärik geliň! — diýip gygyrdy.
Kätipdir sakçylar girip, öz ýerlerini eýelänlerinden soň, Pilat Kiçi Sinedrionyň jenaýatçy Iýeşua Ha-Nosriniň üstünden çykarylan ölüm jezasyny tassyklaýandygyny yglan etdi, kätip bolsa, Pilatyň aýdanlaryny derhal göçürdi.
Ýene bir demden soň, prokuratoryň gaşynda Mark Krysaboý durdy. Pilat oňa jenaýatçyny gizlin gullugyň başlygyna tabşyrmaly, aýny wagtda oňa Iýeşua Ha-Nosrini beýleki jenaýatçylardan aýra saklamak hakynda, şeýle hem. Iýeşua bilen bir zat dogrusynda gepleşen ýa onuň haýsydyr bir soragyna jogap beren her bir gizlin gullugyň hyzmatçysyny iň agyr jeza hököm etjegim hakyndaky permanymy hem ýetirmeli diýip buýruk berdi.
Markyň bir yşaraty bilen sakçylar Iýeşuanyň daşyna üýşdüler-de, ony balkondan alyp gitdiler.
Soňra prokuratoryň garşysynda kaddy-kamaty gelşikli, çypar sakgally, kükregini örten sowuda şirleriň ýaldyrawuk tumşuklary çekilen, harby demir papagyna täç sypatynda bürgüt peri sünjülen, şempiriniň kemerbendi altyn nokatlar bilen bezelen, üç gatly deriden bolan aýakgabynyň ýüpleri tä dyzyna çenli oralan, gyrmyzy reňkli plaşy çep egnine taşlanan hoşroý bir ýigit peýda boldy. Bu legionyň serkerdesi legatdy. Prokurator ondan Sebastiýa kogortasynyň häzir niredeligini sorady. Serkerde sebastiýalylaryň häzir ol ýerde jenaýatçylar baradaky çykarylan hököm yglan edilýänçä, aýlawyň öňündäki meýdançany gabap durandygyny habar berdi.

Şonda prokurator serkerdä Rim kagortasyndan iki kenturiýany bölüp aýyrmagy buýurdy. Bu kenturiýalylardan biri Krysaboýyň baştutanlygynda jenaýatçylary öldürmäge gerekli bolan gurallar ýüklenen arabalara we jellatlara Takyr Depä barýança gözegçilik edip, ol ýere ýetip baranlaryndan soň, depäniň ýokarsynyň üstüniň bir tarapyny gabawa almaga gerekdi. Ikinji kenturiýa bolsa, häziriň özünde şol Takyr Depä ugrap, derhal onuň töweregini eýeläp, gabap durmak üçin zerurdy.
Prokurator diňe şu maksat bilen, ýagny, Depäni gorap durmak üçin serkerdeden kömekçi atly polk — Siriýa goşunyny ibermegi haýyş etdi.

Serkerde çykyp gidenden soň, prokurator kätibe ýüzlenip, Sinedrionyň prezidentini we onuň iki agzasyny, şeýle hem Ýerşalaim ybadathanalarynyň sakçylarynyň serdaryny köşge çagyrmagy buýurdy, soň ýene şol buýrugyň üstüne goşdy: — Şeýlebir zat ediň ki, men çagyrylan şu adamlar bilen geňeş geçirmezimden öň, prezident bilen özbaşdak duşuşaýyn.
Prokuratoryň emri tiz ýerine ýetirildi. Soňky günlerde Ýerşalaimi örän birehim gyzdyrýan Gün heniz ýokary derejä ýetmänkä, bagyň üstki eýwanynda, onuň basgançagyny gorap duran bir jübüt ap-ak mermerden ýolbarsyň ýanynda prokurator Sinedrionyň prezidentiniň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetirýän Iudeýanyň beýik hezreti, baş ruhany Iosif Kaifa bilen duşuşdy.
Bagda ümsümlik hüküm sürýärdi. Emma prokurator sütünleriň arasyndan geçip, düýpleri haýbatly pil aýaklaryny ýada düşürýän hurma daragtlary ösüp oturan bagyň Gün nuruna gark bolan üstki balkonyna çykdy. Onuň göz öňünde, onuň öz halamaýan Ýerşalaim şäheri özüniň asma köprüleri, galalary we — iň esasy — tutuş binasy uly akulanyň töňňe pisint hamyny ýatladýan, mermer daşlardan hem altyndan bina bolan, görki hiç bir tarypa sygmaýan uly ybadathanasy bilen suratlandy we prokuratoryň jam ýaly gulaklaryna juda alysdan — galanyň daş diwarly köşk bagynyň aşak eýwanyny şäher meýdanyndan aýryp duran peslikden adamlaryň wagtal-wagtal kä perýada, kä nagra meňzäp gidýän gohy eşidildi. Prokurator ol tarapda — meýdanda soňky günlerde Ýerşalimde ýüz beren tertipsizliklerden jünbüşe gelen bihasap märekäniň toplanandygyna, bu mähelläniň jenaýatçylaryň üstünden höküm çykarylmagyna bitakatlylyk bilen garaşýandygyna, gygyrýanlaryň bolsa, janserek suw satýanlardygyna göz ýetirdi.
Prokurator ýakyp barýan Gün tygyndan özüne pena tapmak üçin ilki bilen baş ruhanyny balkona teklip etdi, Emma Kaifa hormat bilen üzür sorap, teklibi kabul edip bilmejekdigini aýtdy. Şonda Pilat saçy seýrekleşip başlan başyna plaşynyň gaýtarma papagyny /kapýuşon/ geýip, söhbete başlady. Bu söhbet grek dilinde geçdi.
Pilat Iýeşua Ha-Nosriniň işini derňäp çykandygyny we ölüm jezasyny tassyklandygyny aýtdy.
Şeýlelikde, bu gün amala aşyryljak ölüm jezasyna üç garakçy: Dismas, Gestas, War-rawwan, şeýle hem, olar bilen birlikde Iýeşua Ha-Nosri-de höküm edilipdi.
Halky ýoldan azdyryp, Kaýsara garşy gozgalaň turuzjak bolan, garpyşykda Rim häkimiýetiniň eline düşen başky iki jenaýatçy prokuratoryň öz ygtyýaryndady, şonuň

üçin olaryň täleýi hakda gürrüň hem bolup biljek däldi. Soňkular, ýerli häkimiýetler tarapyndan ele salnan War-rawwan we Ha-Nosri bolup, olar barada Sinedrion hüküm çykarypdy. Kanuna we däp-dessura görä, şu iki jenaýatçydan birini bu gün girip gelýän gutly pasha baýramynyň şanyna azat etmek lazymdy. Gepiň gysgasy, prokurator şu iki jenaýatçydan haýsy birini Sinedrionyň azat etjekdigini bilmek isleýärdi: War-rawwanymy ýa-da Ha-Nosrinimi? Kaifa sorag düşnükli diýen manyda baş egdi we jogap berdi:

— Sinedrion War-rawwany boşatmagy soraýar.

Baş ruhanynyň şeýle jogap berjegini prokurator oňat bilýärdi, emma onuň wezipesi, özüni beýle jogaba geň galan edip görkezmekdi.

Pilat bu wezipäni uly sungat derejesinde ýerine ýetirdi. Onuň gaşlary tekepbir ýüzünde maňlaýyna çenli göterildi, ol baş ruhana haýran galmak bilen göni seredip:

— Dogrusy, bu jogap meni geň galdyrdy, — diýdi ol mylaýym äheňde, — säwlik dagy bolaýdymyka diýip gorkýaryn.

Pilat öz pikirini düşündirdi. Dogry, — Rim hökümeti ýerli dini edaralaryň hukugyny asla kemsitjek bolýan däldir, muny hezreti alyjenap baş ruhanynyň özi hem oňat bilýändir, ýöne bu işde edil häzir ýalňyş goýberilendigi anyk. Elbetde, görnüp duran bu hata düzedilse, Rim häkimiýetlerine bähbitli bolardy. Hakykatdanam, War-rawwan bilen Ha-Nosriniň jenaýatlarynyň arasyndaky düýpli parh bardy, agyrlygy boýunça deňeşdirer ýaly däldi. Telbeligi aýdyň görnüp duran ikinji jenaýatçy özüniň tutyraksyz gepleri bilen Ýerşalaimde we başga käbir ýerlerde adamlaryň ynjalygyny bozmakda aýyplansa, birinji jenaýatçynyň aýby diýseň agyrdy. Ol halky açykdan-açyk gozgalaňa çagyrmak bilen çäklenmän, ýene özüni ele saljak bolan sakçylardan birini öldüripdi hem. War-rawwan Ha-Nosrä garanyňda has howplyrakdyr. Ýokarda aýdylan sebäplere görä, prokurator baş ruhanydan Sinedrionyň kararyny gaýtadan görüp çykmagy we iki jenaýatçydan zyýansyzragyny azat etmegi soraýar ki, şol zyýansyzrak jenaýatçy, şübhesiz, Ha-Nosridir. Şeýle dälmi?

Kaifa Pilatyň gözlerine göni bakyp, Sinedrionyň hökümnamany üns bilen öwrenendigini, şoňa görä-de, War-rawwany azat etmegi niýet edýändigini ikinji gezek ýuwaş, emma kesgitli aýtdy.

— Be-e!? Hatda meniň haýyşymdan soňammy? Rim häkimiýetiniň adyndan gepleýän şahsyň haýyşy hem wajyp bolmaýarmy? Hezreti alyjenap, üçünji mertebe hem tekrarla jogabyňy?

— Üçünji mertebe hem, War-rawwany azat etjegimizi mälim edýäris — diýip, Kaifa ýuwaşja aýtdy.

Mesele çözülipdi, aýdara başga söz galmady. Ha-Nosri indi o dünýä gidip barýardy, diýmek, prokuratoryň ýowuz azarly kelle agyrysyny indi hiç kim dowalap bilmeýärdi; bu derde ölümden başga em ýok. Emma, häzir Pilatyň aňkasyny aşyrýan närse bu pikir däldi. Ýaňky balkonda ýüze çykan şol ýakymsyz demikdiriji duýgy onuň ähli endam-janyny soka salnan ýaly edýärdi. Häziriň özünde ol özüniň bu ýagdaýyna düşünmäge synandy, ýöne düşünmek juda kyn bolup çykdy: prokuratoryň göwnüne höküm edilen Ha-Nosri bilen nämänidir bir zady aýdyşyp ýetişmedik ýaly, hatda onuň haýsydyr bir pikirini soňuna çenli diňlemedik ýaly boldy. Pilat bu pikiri hyýalyndan geçirdi, ol nähili tiz peýda bolan bolsa, şonça-da tiz gaýyp boldy. Pikir-ä

gaýyp boldy, emma demikdiriji howsala häli hem öňküligine galdy, edil ýyldyrym dek bir çakan şu demde öçen: «Bakylyk... bakylyk başlandy...» diýen başga bir gysgajyk pikir hem bu ýagdaýy düşündirip bilmeýärdi. Kimiň bakylygy başlandy? Muňa prokurator düşünip bilmedi, emma bu bakylyk hakyndaky matal ýaly bir pikir şu jyzyrama gün tygynda hem ony gagşatdy. — Ýagşy, — diýdi Pilat, — goý, şeýle bolsun.
Indi ol daş-töweregine göz aýlap, ýüz beren özgerişlige geň galdy. Gunçalary pür açylan bägül buta we ýokarky eýwanyň etrapynda hatar düzlüp duran serwi daragtlary gaýyp bolupdy, enar daragty hem, ýap-ýaşyl maýsalykdaky ak heýkel hem, maýsalygyň özi hem gözden ýitipdi. Bu gözel tebigatyň ornuny nähilidir bir gyrmyzy çökündi eýeläp, bu çökündide suw otlary gögerip, nirädir bir ýere süýşüp başlady, Pilatyň özi hem şu otlar bilen bile gidip barýardy. Indi iň bir ýowuz gazap, ejizligiň gazaby ony bogup hem köýdürip, allaowarra äkidip barýardy.
— Dünýäm daralýar, — diýdi Pilat, — dünýäm daralýar!
— Ol sowuk we nemli eli bilen plaşynyň ýakasyndaky düwni çözdi, plaş syrylyp gumak ýere düşdi. Bu gün howa dymyk, nirededir bir ýerde çagba ýagýar — diýdi — Kaifa prokuratoryň gan guýlan ýüzünden gözüni aýyrman we onuň enteklerem çekjek barça azaplaryny göz öňüne getirip, «Bä, bu ýyl nisan aýy örän ýowuz geldi-ow!»
— Ýok, — diýdi Pilat, — howanyň dymyklygyndan däl, Kaifa seniň bilen duranym üçin demigýän, — soň ol gözlerini süzüp ýylgyrdy-da, üstüne goşdy: — Özüňi gora, baş ruhany.
Kaifanyň şar gara gözleri has-da şöhlelendi, ýaňy prokuratoryň keşbinde nähili geňsi alamat ýüz beren bolsa, indi Kaifanyň hem ýüzünde şeýle taňlyk peýda boldy.
— Nämeler diýýärsiň, prokurator? — Tekepbir we hatyrjem äheňde diýdi ol, — Höküm çykarylandan soň, maňa howp edýäňmi? Hökümi özüň tassykladyň-a! Gulaklaryma ynanmaýaryn. Biz Rim prokuratorynyň owal pugta oýlanyp, soň öz pikirini beýan edýänligine öwrenşipdiris. Biziň gürrüňimizi biri eşidäýen-ä däldir hernä, Igemon?
Pilat baş ruhana öli gözlerini dikdi, dişini akjardyp mylaýym ýylgyrjak ýaly etdi.
— Aý ýok-la, baş ruhany! Bu ýerde biziň gepimizi kim eşidip biler? Menem şu gün öldüriljek şol ykmanda, diwana ýigide meňzeýänmi? Ýa çagamydym men, Kaifa? Men nirede näme diýjegimi bilýärin. Baga sakçy goýulandyr, bütin köşk goragdadyr, diýmek, hatda syçanlar-da deşik-köweklerden girip bilmez bu taýa! Ol-a syçan eken, hatda ol, ady nämedi... Kiriaf şäherinden gelen hem. Ýogsa-da, sen ony tanaýaňmy, baş ruhany? Hawa... eger bu ýere şonuň ýaly adam giräýen bolsa-ha, girenine müň puşman ederdi. Ind-ä bu gepime ynansaň gerek? Hullasy, hezreti alyjenap, bilip goý, şu günden başlap sen dynjyňy-aramyňy ýitirersiň! Sen hem, kowumlaryň hem, — Pilat şeýle diýip, eli bilen sag tarapda, ençe uzaklykda lowurdap duran ybadathana yşarat etdi, — muny saňa — Pontiý Pilat, Altyn Naýza göteren atly nöker bolan men aýdýandyryn!
— Bilýärin, bilýärin! — diýip, gözlerini ýyldyradyp gara sakgally Kaifa gorkusyz aýtdy. Ol elini göge uzadyp, kelamyny dowam etdi: — Iudiýa halky, ony wagşyýana adawat bilen ýigrenýänligiňi, ony köp agyr hupbatlara duçar etjegiňi-de bilýär, emma

doly boýun syndyryp bilmersiň! Hudaý öz penasyna alar bu halky! Eşitgeý, hawa, gutradly patyşa zarymyzy eşitgeý we bizi jellat Pilatdan azat etgeý!
— Aý, ýok! — diýdi Pilat we indi gepledigi saýyn, ýene-de köňli aram tapyp: indi jögülik etmegiň hem, rowan jümle düzmek üçin söz gözlemegiň hem hajaty galmandy. — Sen patyşalyga meniň üstümden köp mertebe arz etdiň, indi nobat maňa geldi, Kaifa! Indi men nama ýazyp göndererin, iberemde hem, Antiohiýadaky dikmä däl, Rime hem däl, gönüden-göni Kapreýa — imperatorynyň özüne ibererin siziň bu ýerde, Ýerşalaimde ganym gozgalaňçylary ölümden gutarýandygyňyz hakynda. Ana, şonda Ýerşalaim ilini, owalky ýagşy niýetim boýunça, siziň nepiňizi gözläp, Süleýman kölüniň suwy bilen gandyrmaryn! Ýok, suw bilen däl! Özüň ýatlap gör, siz üçin men köşk diwaryndan imperatoryň ady ýazylan galkanlary ele almaga we görüp durşuň ýaly, ýalňyz özüm bu ýere goşun sürüp gelmäge mejbur boldum, indem, Erşalaimde ýüz berýän wakalaryň şaýady bolmaly boldum. Aýdanlarym ýadyňda bolsun, baş ruhany! Häzir seniň Ýerşalaimde görüp duranyň bir kagorta goşun deryadan damja! Häli bu şäher topragyna, bütewi Fulminat goşuny, arap atly goşunlary gelerler, ana, şonda gulaklaryň ajy-ajy nala-peryatlar eşider! Ana, şonda sen jenaýatçy War-rawwany ölümden halas edeniň, ýagşylyk hakynda wagyz eden akyldary bolsa, nähak ýerden ölüme ýollanyň üçin müň gezek puşman edersiň!
Hezreti alyjenap ruhanynyň ýüzünde hal-hal gyzyl tagmalar peýda boldy, gözleri ýanyp başlady. Ol hem prokuratora öýkünip, dişlerini akjardyp ýyrşardy-da, jogap gaýtardy: — Şu aýdan gepleriňe, prokurator, özüň ynanýarmyň? Ýok, ynanýan dälsiň! Halky was-wasa salan şol filosof Ýerşalaime dynçlyk alyp gelmedi, tersine — dynçlygy bozdy, muny özüň hem, eý, çapyksuwar, örän oňat bilýänsiň. Sen ony, halk arasyna pitne ýaýratsyn, dinimize howp salsyn, bütin halky Rim gylyjyna garşy goýsun, diýen niýetde azat etmekçi bolduň! Indi men, Iudeýanyň baş ruhanysy, diri bolsam, dinimizi bigadyr etmäge ýol bermerin, halkymy o tetellilerden goraryn! Eşidýäňmi, Pilat?
Şeýle diýip, Kaifa elini haýbatly göterdi: — Ana, gulak sal, prokurator!
Kaifa dymdy, şonda prokuratora ýene deňiz güwlän ýaly, onuň tolkunlary bolsa, beýik Irad bagynyň diwarlaryna gelip urulýan ýaly bolup duýuldy. Bu güwwüldi aşakdan prokuratoryň aýaklaryna, ondanam ýüzüne syçraýan ýaly boldy. Pilatyň ýeňse tarapynda, köşk ganatynyň aňyrsynda bolsa gamly kernaý sesledi, ýüzläp aýaklaryň batly gürpüldisi, demirleriň jaraňly sesi eşidilýärdi. Rim pyýada esgerleri prokuratoryň buýrugyna görä, gozgalaňçylara we garakçylara jeza berilmeginden ozal bolýan elhenç parada şaýlanyp, köşkden çykyp başlapdylar.
— Eşidýäňmi, prokurator? — diýip, baş ruhany pes owaz bilen tekrarlady, — Eýsem, şularyň hemmesini aýaga galdyran — Kaifa gepläp durşuna iki elini göge galdyranda gara gaýtarma galpagy başyndan ýere gaçdy, — emelsiz garakçy War-rawwandyr öýdýärsiňmi?
Prokurator aýasynyň arasy bilen sowuk dere çümen maňlaýyny syrdy, ýere seretdi, soňra gözlerini süzüp, asmana garap, lap-lap ýanýan Günüň laýyk depesine çykanyny, Kaifanyň kölegesiniň bolsa, mermer ýolbarsyň guýrugynyň öňüne ýelmeşip galanyny gördi-de, perwaýsyzlyk bilen ýuwaş diýdi:
— Çäş bolup gidipdir. Gürrüňe gyzyşypdyrys, indi işi dowam etdirmek lazym.

Ol baş ruhanydan mylakatlyk bilen üzür sorady we iň soňky, gysga geňeş üçin zerur bolan adamlary çagyrdyp, jenaýatçylara degişli soňky düzedişi berýänçe, Kaifadan magnoliýa daragtynyň saýasyndaky kürsüde garaşyp oturmagy haýyş etdi. Kaifa elini kükregine goýup, hormat bilen tagzym edip, şu ýerde, bagda galdy, Pilat bolsa, balkona gaýtdy we özüne garaşyp duran kätibe legion serkerdesini, kogorta jarçysyny şeýle hem, Sinedrionyň iki agzasyny we buthana sakçylarynyň serdaryny çagyrmaga buýruk etdi. Olar bagyň pesdäki eýwanynda, fontanly aýmançasynda söhbet meýdanynda prokuratoryň teklibine garaşyp otyrdylar. Pilat kätibe häzir yzyňdan ýetip bararyn diýip, özi köşgüň içine tarap gitdi.

Kätip geňeş ählini toplamak bilen bent bolan wagty, prokurator gara perdeler bilen günden goraglanan otagda nähilidir bir adam bilen duşuşdy; otaga güneş şuglasy düşmeýän bolsa hem, nätanyş adamyň ýarym ýüzi başyndaky gaýtarma galpak bilen örtülipdi. Bu duşuşyk örän gysga boldy. Prokurator bu adama pyşyrdap bir-iki agyz söz aýtdy, şondan soňra ol otagdan gaýyp boldy, Pilat bolsa, sütünleriň arasyndan geçip, baga çykdy.

Bu ýerde prokurator hemme çagyrylan adamlaryň gatnaşmagynda, Ieşua Ha-Nosri barada çykarylan ölüm jezasyny tassyklandygyny dabaraly äheňde, emma gurak takyklady we resmiýet ýüzünden, jenaýatçylardan haýsy biri ölümden gorap alnyp galynsa makul bolar diýip Sinedrion agzalaryndan sorady.

«War-rawwany» diýen jogaby eşidip:

— Örän oňat — diýdi prokurator we kätibe derhal muny Protokola girizmegi tabşyrdy, kätibiň ýerden alyp beren plaşyny gysymlap, dabaraly röwüşde: — Wagt boldy! — diýdi.

Şundan soň, bu ýere ýygnananlaryň hemmesi iki tarapyna adamyň huşuny alaýjak ýiti ys ýaýradýan bägül nahallary gür oturdylan giň mermer basgançakdan pese — köşk derwezesine tarap düşüp başladylar. Bu derwezeden tep-tekiz, giň meýdana çykylýardy. Meýdanyň aňry başyndaky Ýerşalaim söweş meýdanyna ýerleşdirilen mahabatly sütünler we mermer heýkeller bu ýerden anyk görnüp durýardy.

Bu alyjenaplar topary meýdana çykyp, hemme tarap deň görnüp duran, içi giň açyk daş sekä mündiler. Pilat süzülýän gabaklarynyň astyndan gözlerini süzüp, töweregine nazar aýlap çykdy we derhal ýagdaýa düşündi. Onuň häziriň özünde geçip gelen aralygy, ýagny köşk derwezesinden tä daş sekä çenli bolan aralyk boşdy, emma sekiniň öň tarapyndaky meýdany Pilat görmedi — ony märeke ýuwudypdy. Eger-de Pilatyň çep tarapynda Sebestiýa esgerleri üç hatar bolup, sag tarapda siturys ýaly kömekçi kogorta nökerleri hatar bolup, daş seki bilen onuň yzyndaky boş aralygy gorap durmadyk bolanlarynda, märeke bu ýerleri hem gurşap alardy.

Şeýdip, Pilat bigerek el ýaglygyny ýumrygynda sykyp, süzük gözleri bilen töweregine howsalaly seredip, daş sekä çykdy. Emma onuň gözleri gün şuglasyna süzülmändi, ýok! Prokurator nämüçindir, ölüme höküm edilenleri görmegi islemeýärdi: bilýärdi ki, häzir onuň yzyndan şol jenaýatçylary hem bu sekä çykaryp başlarlar.

Ullakan daşgaýanyň başynda, adamlar deňiz kenarynda goýy jähekli ak plaş peýda bolany hem şoldy welin, gözi hiç närse görmän duran Pilatyň gulagyna «A-a-a» diýen owaz tolkunly gelip uruldy. Aýlaw tarapdan dünýä gelen bu seda ilk-ä çala eşidildi, soň gök gümürdisi ýaly birnäçe sekunt güwläp durdy-da, soň ýene peselip başlady. Prokurator: «Meni gördüler» — diýip oýlady.

Goh-galmagal tolkuny suslanyp, diňmek derejesine ýetende, ýene duýdansyz güýçlenip başlady we bu gezek ozalkysyndan hem batlyrak öwç aldy welin, göýä deňiz tolkunynyň üstünde köpürjükler peýda bolşy ýaly, bu galmagal arasynda sykylyk sesi we güýçli goh arasyndan aýallaryň gulaga çala çalynýan pygany eşidildi. «Jenaýatçylary daş sekä alyp çykdylar... — diýip, köňlünden geçirdi Pilat, — märeke men taýa ýňanda, birnäçe aýaly basyp, mynjyradan bolsa gerek, bu — şolaryň nalasy».

Ol dem alman, bir salym garaşyp durdy, häzir märeke ýüregindäki ähli howry döküp, öz-özi köşeşmeýänçä, ony hiç kimiň hiç hili güýjüň köşeşdirip bilmejegini Pilat bilýärdi. Ahyry şeýle pursat geldi. Prokurator sag elini ýokary göterende, märekäniň ahyrky sesi hem öçdi. Şonda Pilat kükregine güýjüniň baryndan köpräk yssy howa sorup, şeýlebir gygyrdy welin, onuň gyryljyk owazy müň-müňläp adamlaryň başynyň üstünde ýaňlandy:

— Kaýsar imperatoryň ady bilen!

Şu sözleri diýeni hem şoldy welin, birnäçe üzük-ýoluk dagal sözler gelip uruldy — hatar bolup duran esgerler naýza we demir nyşanalaryny ýokary galdyryp, ýakymsyz ses bilen:

— Beýik Kaýsar hezretleri aman bolsun! —diýip haýkyrdylar. Pilat adyl başyny göterip, ony gün tygyna diredi. Gabaklarynyň aşagynda ýaşyl ot çakyldy, bu otdan onuň beýnisi ýanyp başlady, şonda arameýleriň dilinde boguk ses bilen aýdan sözleri märekäniň dilinde perwaz etdi:

— Jenaýat edeni, gozgalaňa başlany hem-de kanuna we dine howp salany üçin Ýeruşalaimde ele salnan dört sany jenaýatçy masgaraçylykly ölüme — dara asmaga höküm edildi! Işbu ölüm bu gün Takyr Depede amala aşyrylýar! Jenaýatçylaryň atlary şudur: Dismas, Gestas, War-rawwan we Ha-Nosri. Ine, olar garşyňyzda dur!

Pilat jenaýatçylara seretmän, eli bilen sag tarapa yşarat etdi, emma olaryň şu ýerde, bellenen ýerde durandygyny ol oňat bilýärdi. Märeke göýä geň galan ýaly ýa-da köňli teselli tapan dek, ençe wagta çenli gowur-gowur edip durdy. Ahyry gowur diňdi we Pilat sözüni dowam etdirdi:

— Indi olaryň üçüsi ölüme höküm ediler, sebäbi, kanuna we däp-desura görä, Kiçi Sinedrionyň islegi bilen we Rim häkimiýetiniň tassyklamagyna görä, mukaddes pasha baýramy mynasybetli şöhratly Kaýsar imperator hezretleri ölüme höküm edilenlerden birine onuň ýiten ömürini sylag edýär!

Pilat sözleri gygyryp-gygyryp aýdyp durşuna, aýny wagtda, gulgulanyň ýerini dury dym-dyryslygyň eýeläp başlanyny duýup ugrady. Indi ne bir «tyk» eden ses, ne-de birewiň ýuwaşça dem alyşy eşdilýärdi onuň gulagyna, hatda bir salym töweregindäki ähli barlyk düýpden gaýyp bolan ýaly hem duýuldy. Onuň nazarynda, öz ýaman görýän bu şäheri bütinleý ölen ýaly, ýalňyz özi başyny asmana diräp, Güneşiň dik

şulasynyň astynda gowrulyp duran ýaly boldy. Pilat ümsümligi ýene bir az diňledi, soň gygyryp gepläp başlady:
— Häzir siziň göz öňüňizde azat edilýän jenaýatçynyň ady... Ol ady aýtmazdan öň, ýene bir mertebe saklanyp, ýene-de bir zat ýadymdan çykan bolaýmasyn, diýip, göwnünden geçirdi, nämeüçin diýeniňde, bagtly jenaýatçynyň ady yglan edilenden soň, bu ölen şähere jan girjegini, ondan soň aýdylan sözleriň birini hem hiç kimiň eşitmejegini ýagşy bilýärdi. Pilat öz-özüne «Hemme gepi aýdyp boldummykam? — diýip, sesli pyşyrdady. — Howa. Ady galdy!» Soň ol «r» harpyna ugry berip, dym-dyryslyga gark bolan märekä tarap gygyrdy:
— War-rawwan! Pilatyň nazarynda güneş jaraňlap, birden ýarylyp giden dek, ýalyn bolup gulagyna guýlan dek boldy. Bu ýalyn tupanynda gykylyk, goh, perýat, gülki we sykylyk sesleri joş urup, bütin meýdany asmana göterdi.
Pilat yzyna öwrüldi, büdüremezlik üçin gözüni aýak astyna düşelen reňbe-reň düşeklere dikip hiç kime seretmän, basgançak tarapa ýöräp başlady. Indi onuň yzyndan, daş tagtyň üstüne bürünç teňňeleriň, hurmalaryň jöwenek ýaly ýagyp başlanyny, märekäniň bolsa, ýüz beren mugjyzany — ajal çeňňegine düşen adamyň indi ol çeňňekden nähili gutylyp çykjagyny, jeneýatçynyň sorag wagtynda ýara düşen ellerini legionerleriň biygtyýar agyrdyp çözüp başlanyny, onuň bolsa, agyrydan ýüzüni çytyp, «waý-waýlap, däli adamlar ýaly manysyz ýyrşarşyny öz gözleri bilen görmek üçin, üznüksiz nagra çekip, bir-birini depgiläp, bir-biriniň egnine dyrmaşýandyklaryny Pilat görmese-de, anyk göz öňüne getirýärdi.
Aýny wagtda ol galan üç jenaýatçyny ellerini çözmän, sakçylaryň şäheriň çetindäki Takyr Depä alyp barýan dogry ýola çykmak üçin basgançak tarapa äkidip barýandygyny hem göz öňüne getirdi. Pilat tagtdan düşüp, onuň penasyna geçenden soňra, özüniň howpdan azatdygyny duýup, (indi ol ölüme höküm edilenleri görüp bilmeýärdi), gözüni açdy.
Onuň ýaňky şol ýerde durup aýdan geplerini, indi jarçylaryň käbiri arameý dilinde, başgalary grek dilinde gygyryp tekrarlaýardy, çala, emma anyk eşidilýän bu gohlar märekäniň assa-assa peselip başlan nalasy bilen goşulyşyp gidipdi. Pilatyň gulagyna ýene has hem golaýlaşyp gelýän atlaryň dükürdisi we guwançly tüýsde gysga-gysga çalynan harby kernaý sesi hem eşidildi. Bu seslere jogap deregine bazaryň ýanyndan Aýlaw meýdanyna alyp çykýan köçedäki öýleriň üçegine çykan oglanlaryň gulagy kamata getirýän ýiti sykylyklary we «po-oşt, po-oşt!» — diýip gygyran owazlary ýaňlandy.
Meýdanyň adamlardan arassalanan böleginde duran bir esger birden aladalanyp, elindäki baýdajygy silkdi, şonda prokurator hem, legion serkerdesi hem, kätip hem, sakçylar hem ýöremegini bes etdiler. Atlaryny has-da dözümliräk çapdyryp, atly nökerler meýdana girip geldi, ol halkyň, toplanan ýerinden aýlanyp geçip, Takyr Depä iň gysga ýoldan çaltyrak ýetip barmak üçin, armytdyr üzüm ýapraklaryna bürenip, daş diwary boýlap uzalýan ýoldan gelýärdi.
Iň öňde atyny sepjidip gelýän gowresi ýaş oglan ýaly, gara beden siriýaly komandir ýigit Pilata golaýlaşandan soň, çirkin owaz bilen bir zatlar diýdi-de, gylyjyny gynyndan sogurdy. Onuň münen, derläp ak köpük bolan gara aty ürküp, art aýaklarynyň üstünde durdy. Komandir gylyjyny gynyna salyp, atynyň boýnuna

gamçy urdy we jylawyny boş goýberip, dar köçä tarap sürdi. Galan suwarylar üç-üçden bolup, onuň yzyndan köçäni çaňydyp, at çapdyryp barýarkalar, bambukdan ýasalan ýeňil naýzalarynyň ujy zol-zol bökýärdi. Başlaryndaky ak selle sebäpli ýüzleri has hem garaýagyzrak görünýän bu suwarylar — atly nökerler ap-ak dişlerini syrtardyp, prokuratoryň ýanyndan şemal dek ýelip geçdiler. Atly goşun hemme tarapy çaňa büräp, dar köçä ok ýaly atylyp girip gitdi, iň soňunda, Pilatyň ýanyndan gün şöhlesine ýalpyldap kernaý, jygyny arkasyna asan suwary geçdi. Pilat närazy terzde ýüzüni çytyp, eli bilen agyz-burnuny çaňdan saklap, köşk bagynyň derwezesine tarap ýöredi, serkerde, kätip we sakçylar oňa tirkeşdiler. Wagt ertir sagat onlardy.

## III bap

## ÝEDINJI DELIL

— Hawa, ertir sagat onlardy, hormatly Iwan Nikolaýewiç — diýdi professor. Şahyr ýaňy ukydan oýanan adam dek, eli bilen ýüzüni sypalady we şonda ol Patriarh kölçesiniň boýunda iňrik garalyp başlanyny duýdy. Howzyň suwy garamtyl tüýse giripdi, onuň üstünde ýeňil gaýyk ýüzýärdi, kürekleriniň suwy şapyrdadyşy, gaýykda oturan aýalyň şadyýana gülküsi eşidilip durdy. Seýil bagynyň içindäki uzyn oturgyçlarda adamlar peýda bolupdy, emma olar biziň söhbetdeşlerimiziň oturan tarapynda däl-de, dörtburçlygyň beýleki üç gapdalynda görünýärdi.

Moskwa asmany çala gyzaryp, gökde dolan Aý anyk göze görnüp durdy, emma ol heniz altyn öwsenokdy-da, akdy. Dem almak has ýeňilleşdi, lipalaryň aşagynda oturanlaryň sesi indi agşamyň mylaýymlygy bilen eşidilip başlandy. «Ol tutuş bir kyssany düzen ekeni, men neçün duýman galdymkam? — diýip, Bezdomnyý geň galyp oýlandy, — ine, indi agşam hem düşüpdir.

Belki, kyssany ol aýdanam däldir, diňe men uklap galyp, bu zatlar bolsa düýşüme girendir?».

Ýok, kyssany professor gürrüň berdi diýip hasap etmeli, ýogsa, bu kyssa Berliozyň hem düýşüne girendir diýip çak etmeli bolýar, sebäbi, ol daşary ýurtly adamyň ýüzüne üns bilen dikanlap, şeýle diýdi:

— Kyssaňyz örän gyzykly, professor, hatda ol Injil rowaýatlarynyň birine laýyk gelmese-de.

— Bagyşlarsyňyz — diýdi professor ýaňsyly ýylgyryp. — Injilde ýazylan hekaýatlaryň hiç biriniň hiç haçan bolmadygyny başgalar bilmese hem, siziň bilmegiňiz lazym, indi, eger biz Injile taryhy çeşme hökmünde garaýan bolsak... — diýip, ol ýene ýylgyrdy, şonda Berliozyň demi içine düşdi, çünki, ýaňy Bronnaýa köçesi bilen bu ýere gelýärkäler, Bezdomna onuň özi hem edil şu sözleri aýdypdy.

— Büýä dogry, — diýdi Berlioz — emma häzir siziň aýdyp beren wakaňyzyň-da bolanlygyny hiç kim tassyklap bilmez öýdüp gorkýaryn.

— Ýok, beýle däl! Ony tassyklamak mümkin! — diýip, professor ýene çalgyrt, emma kesgin ynam bilen gepläp başlady, soň birden, bir syry äşgär etmekçi bolýan ýaly, iki dosty özüne golaýraga çagyryp, köpmanyly ümledi.

Olar professoryň iki tarapyndan eňilip, oňa gulak asdylar, indi ol ýene arassa gepläp başlady, onuň näme üçin käte çalgyrt, käte arassa gepleýänligini mekir şeýtanyň bir özi bilýärdi:

— Gep şunda ki... — professor eýläk-beýläk gorkuly sereden bolup, pyşyrdap sözledi. — Bu wakalara hut meniň özüm şaýat boldum. Ponti Pilatyň huzurynda balkonda hem, ol Kaifa bilen gepleşýän wagty bagda hem, sekide hem boldum, ýöne gizlin ýagdaýda, ýagny inkognito (latynça — syrly, gizlin röwüşde) diýsem bolar, şeýlelikde, sizden örän haýyş edýän, bu hakda hiç kime hiç zat aýtmaweriň. Örän gizlin syr! Çüşş!...

Dymyşlyk aralaşdy, Berliozyň reňki duw-ak boldy. — Siz... siz haçandan bäri Moskwada? — diýip, ol sandyrawyk ses bilen sorady.

— Meniň Moskwa edil häzir gelip durşum — diýip, professor aljyraňňy jogap berdi, şu gepden soňra iki dost onuň gözlerne dikanlap seretdiler welin, onuň çep gözüniň gökdügine hem bütinleý manysyzdygyna, sag gözüniň bolsa, garamtyl, boş we ölidigine göz ýetirdiler.

«Ine, indi hemme zat düşnükli boldy, aýdyňlaşdy! — diýip, ýüregi bijaý urýan, — Berilýoz oýlandy. — Däli bir nemis gelipdir, ýa-da şu ýere — Patriarha geläge-de däliräpdir. Waka diýibem şuňa diýäýseň!» Hawa, hakykatdan-da, hemme zat merhum filosof Kantyň öýündäki geň ertirlik nahar, günebakar ýagy we haýsydyr bir Annuşka hakyndaky patarrakylar, Berliozyň başynyň ýolunjagy hakynda aýdylan öňden görüjilik we ýene-ýeneleriň sebäbi aýdyňlaşdy — professor däli eken.

Berlýoz näme etmelidigini derhal aňlady. Ol uzyn oturgyja ýaplanyp, professoryň arkasyndan Bezdomna — jedelleşme diýen manyda göz gypdy, emma özüni ýitiren şahyr onuň ümüne düşünmedi.

— Hawa, hawa, hawa — diýip, Berlýoz tolgunyp sözledi — elbetde, şu zatlaň bolmagy mümkin! Örän mümkin, Ponti Pilat hem, balkon hem, galan gepler hem... Siz ýeke özüňiz geldiňizmi, ýa-da ýanýoldaşyňyz bilen?

— Ýeke, özüm, täk özüm, men mydama-da ýekedirin — diýip, professor hasrat bilen sözledi.

— Zatlaryňyz nirede, professor? — diýip, ýesirlik bilen lukma taşlady Berilýoz — «Metropoldamy?» Nirede düşlediňiz?

— Menmi? Hiç ýerde — diýip, jogap berdi däli nemes gök gözüni oýnadyp, Patriarh kölçesine gaýgyly we wagşyýana nazar aýlap.

— Be-e! Onda... nirede ýaşajak bolýarsyň?

— Siziň kwartiraňyzda — diýip, edepsizlik bilen jogap berdi däli we göz gypyp goýberdi.

— Men, men... örän şat... ýöne... — diýip sakawlady Berlioz — meniňkide düşlemek size oňaýsyz bolaýmasa... «Metropolda bolsa, örän ajaýyp otaglar bar, birinji klasly myhmanhana...

— Üstesine şeýtan hem ýok diýsene? — diýip, öz ýanyndan şatlanyp, sowal berdi däli Iwan Nikolaýwiçe.

— Üstesine şeýtan hem...

— Raýyny gaýtarma! — diýip, pyşyrdady Berlioz, professoryň arkasyndan oňa üm-yşarat edip.

— Hiç hili şeýtan ýok! — diýip, tutaryksyz geplerden başy agyran Iwan Nikolaýwiç gygyryp, ýerliksiz sözleri aýdyp goýberdi — nireden geldi bu derdeser?! Bes ediň däliligi...

Şu wagt däli kah-kah gülüp goýberende, lipalaryň üstüne gonup oturan serçe güsürdäp uçup gitdi.

— O, bu indi diýseň peýdaly gyzykly gep boldy, — diýip, professor bütin göwresi bilen silkinip güldi — ýurdyňyz nähili özi, nämäni sorasaň, — ýok! — Ol birden dälilige mahsus hahahaýlamasyny kesip, düýbünden başga tüýse, keýpiýete geçip, gygyrdy:

— Diýmek, onda ýok-da?

— Rahatlanyň, köşeşiň, gaharyňyzy basyň, professor, — diýip, näsagyň nerwisiniň bozulmagyndan howatyrlanyp, Berlioz hüňürdedi. — Siz şu ýerde dostum Bezdomnyý bilen bir minutjyk oturyň, men şol öwrüme derrew baryp, jaň edip geleýin, onsoň sizi islän ýeriňize alyp bararys. Siz şäheri hem entek doly bileňzok ahyry...

Berliozyň düzen rejesini dogry hasap etmek gerek: iň ýakyn telefon awtomata ylgap baryp, ol daşary ýurtlular býurosyna, çet ýurtly bir konsultantyň Patriarh kölçesinde akyl-huşyny ýitiren halda oturanlygy hakynda habar bermekçidi. Dogrusy, derhal çäre görmek gerekdi, bolmasa, haýsydyr bir gelşiksiz ýagdaýyň ýüze çykjagy anykdy.

— Jaň etjekmi? Ýeri bolýa, jaň ediň — diýip, näsag gamgyn razylaşdy, soňra birden güýçli yhlas bilen dowam etdi: — Emma aýralykdan öň, ýalbaryp haýyş edýän, hiç bolmanda, şeýtanyň barlygyna bir ynanyň! Ýeke-täk haýyşym şu. Bilip goýuň, muny subut edýän ýedinji delil bardyr, ol iň ynamdar delil! Hä diýmän muňa özüňiz şaýat bolarsyňyz.

— Bolýa, bolýa — diýdi ýasama hormat bilen Berlioz we däli nemesi saklap oturmak ýaly kynçylykdan howsala düşen şahyr dostuna göz gypyp, soňra özi Bronnaýa köçesi bilen Ýermolaewskiý diýen dar köçäniň öwrümine çykýan çatryga tarap okduryldy.

Professor bolsa birden sagalan ýaly bolup, ýüzi-çehresi açyldy.

— Mihail Aleksandrowiç! — diýip, ol Berliozyň yzyndan gygyrdy. Ol tisginip, yzyna öwrüldi, emma, adymy-familiamy professor bir gazetden okandyr-da, diýen hyýala berlip, özüne teselli berdi. Professor bolsa ellerini agzyna tüýdük edip gygyrdy:

— Ýeri, aýt, häziriň özünde Kiýewdäki daýyňa telegramma ibersinlermi?

Ýene Berliozyň ini jümşüldedi. Kiýewde daýymyň barlygyny nireden bilýärkä bu tentek? Bu halda gazetleriň hiç birem hiç zat ýazmady-la. Be-e, Bezdomnyýnyň şübhesi dogry bolaýjak öýdýän? Görkezen delilli dokumentleri hem ýasama bolsa-ha?.. Ah, nähili ylhanat! Jaň etmek gerek! Derhal jaň etmek gerek! Kimdigini bir demde anyklarlar!

Berlioz başga hiç zada üns bermän, ylgap gitdi.

Edil şol wagt, Bronnaýa köçesine çykyberende, uzyn oturgyçda bir adam redaktoryň ýoluna garaşyp durdy — bu adam ýap-ýaňy Gün şöhlesinde goýy we petiş howada gaýypdan görnen grajdanine bir almany ikä bölen ýaly meňzeýärdi. Emma indi ol

howaýy hem däl, üýtgeşik hem däl, adaty adamlar ýaly jisimden ýaradylandy; gaş garalyp başlan bu wagtda Berlioz ol adamyň murtunyň towuk perine meňzeýändigini, monjuk dek kiçijek gözleriniň serhoş we kinaýaly seredýänligini, ýokary dartyp geýen gözenek matadan tikilen jalbarynyň aşagyndan köne kirli ak jorabyny anyk gördi.
Mihail Aleksandrowiç gorkuly yzyna öwrüldi, emma häzir bu äteňet meňzeşlige asla üns hem bermeli wagt däl diýip, özüne teselli berdi. — Turniketi (geçelgäni) gözleýäňmi, grajdanin? — diýip, gözenek jalbar geýen ylhanat sandyrawuk ses bilen sorady — beýläk, baş üstüne! Göni gidiberseň gözleýän ýeriňize çykarsyňyz. Ýol görkedenim üçin, aslynda hak almalydym sizden... saglygymy dikeltmek üçin... siziň sadyk regentiňiz! Eşitdi ylhanat soň çaýşanaklap, kellesinden çapyksuwarlaryň papagyny çykaryp, gulajyny giňden ýaýyp, tagzym etdi.
Berlioz dilege we çaýşanak regente gulak asyp durmady-da, turniketiň öňüne ylgap baryp, ondan ýapyşdy. Soň ondan aýlanyp geçip, ýaňy tramwaýyň ýoluna gadam goýmakçy bolanda, gözüne gyzyl we ak şöhle uruldy, çüýşe gutydaky: «Tramwaýdan seresap bol!» — diýen ýazgy hem ýalp edip ýandy.
Şu demde Ýermolaew köçesinden çykan tramwaý täze gurlan liniýadan Bronnaýa köçesine tarap öwrüldi. Ol öwrümde gaty jygyldap, dogry ýola çykdy-da, birden içindäki elektrik şöhlesi bilen ýagtyldy-da, tizligi çaltlandy. Seresap Berlioz howpsuz ýerde duran bolsa-da, gaýta turniketiň yzyna geçip durjak boldy we onuň bendini tutup, yzyna bir gadam basdy. Edil şu wagt, eli turniketden sypan, aýagy tramwaýyň ýoluna gyýyalap düşen daşa büdrän, buzda taýyan ýaly typyp giden, ikinji aýagy ýokary galan, Berlioz tramwaýyň ýoluna ýykyldy. Ol bir zatlardan ýapyşjak bolup urnup, keseligine ýykyldy, ýeňsesi bir daşa haýallyk bilen uruldy we şu wagt ýokarda, çep tarapyndamy, ýa sagyndanmy pähimläp bilmedi, altyn reňke giren Aýy gördi. Şu demde ol bükülgi ýatan ýagdaýyndan guduz açan ýaly bolup ýanbaşyna öwrüldi, öwrüldi-de, öz üstüne diýseň uly tizlik bilen ok ýaly uçup gelýän tramwaýy sürýän aýalyň ak esgi ýaly agaran ýüzüni we onuň başyndaky gyzyl ýaglygyny gördi. Berlioz gygyrmady, emma bütin köçäni dolduryp duran aýallaryň janhowly ýaly sesi dünýäni doldurdy. Tramwaý sürüji aýal eletrik tormozy şarta çekdi, wagonyň tumşugy ýere egildi, soň hem bir silkindi, wagonyň aýnasynyň syrçalary elhenç ses bilen çym-pytrak bolup döwüldi. Şu wagt Berliozyň beýnisinde kimdir biri jan awusyna «Dogrudanam şeýlemi?» diýip, gygyryp goýberdi. Onuň gözüniň öňünde Aý ýene bir gezek, iň soňky gezek lyp edip göründi, emma ol derrew böleklere bölünip başlady, soňra dünýä tüm garaňky boldy.
Tramwaý gelip Berliozy basdy, şonda seýilbagyň daşyna aýlanan demir gözenegiň aşagyna, daş üýşürilen ýapgyda tarap tos-togalak bir gara zat togalandy. Ol zat şu ýapgytdan geçip, Bronnaýa köçesine düşelen daşlaryň üstüne baryp düşdi. Bu tramwaýyň üzüp taşlany — Berliozyň kellesidi.

## IV bap

## HOWP

Aýallaryň hasratly gykylygy diňdi, milisiýanyň jürlewükleri hem dymdy, iki sanitar maşyny gelip, biri şarta üzülen baş bilen göwräni ölihana, ikinjisi — aýna döwüklerinden ýaralanan tramwaý sürüji gözel aýaly keselhana alyp gitdi, ak fartuk dakynan köçe süpürýän işgärler aýna döwüklerini ýygnap, gan ýoky galan ýerlere gum sepdiler. Iwan Nikolaýewiç bolsa, turnikete ýetip bilmän, uzyn oturgyçda nähili ýykylyp galan bolsa, henizem şol ýagdaýda ýatyrdy. Bezdomnyý ýerinden galmaga birnäçe gezek synanyp gördi, emma aýaklarynda jan ýokdy — ol şel bolup galan adama meňzeýärdi. Şahyr perýat eşdilen bada turnikete tarap ylgapdy we daş köçede kelläniň togalanyp barýanyny görüpdi. Bu ahwalatdan ol bütünleý huşuny ýitirip, özüni uzyn oturgyja taşlapdy, şol wagt hem bilegini garça dişläp, ganadypdy. Elbetde, ol telbe nemesi unudypdy, häzir diňe bir zada düşünmäge çalyşýardy, ýap-ýaňam Berlioz onuň bilen söhbetleşip otyrdy, ine, indi bolsa, sähel wagtdan soň onuň kellesi...

Şahyryň ýanyndan alleýany boýlap, gaty aladaly adamlar bir zatlary gepläp, ylgap geçýärdiler, emma Iwan Nikolaýewiç olaryň geplerine düşünip bilenokdy.

Emma şahyryň gabadynda iki aýal garaşylmadyk ýagdaýda çakyşdy-da olaryň jüýk burun, adaty saçly birisi şahyryň edil gulagynyň ýanynda gygyryp, ikinjisine şeýle diýdi: — Annuşka bar-a, biziň Annuşkamyz! Sadowaýa köçesinden! Bu şonuň işi! Ol magazinden bir çüýşe günebakar ýagyny alandyr, ýolda seresapsyzlyk edip, litrlik çüýşäni galtaga urup sypdyrypdyr-da, ýagy döküýipdir! Ýubkasynam haraplandyr... Ol şeýlebir sögünmek sögündi, heý goýaý a ol biçäre bolsa, şol dökülen ýaga taýyp, dogry tramwaýyň aşagyna baryp düşüpdir...

Aýalyň gygyryp aýdan sözlerinden diňe bir, «Annuşka» diýen söz Iwan Nikolaýewiň beýnisine ornap galdy...

— Annuşka... Annuşka?... — diýip, gaýtalady şahyr töweregine gorkuly seredip, — dur, howlukma, ýeri-ýeri, hä... «Annuşka» sözüne «günebakar ýagy» diýen söz, soň hem näme üçindir «Pontiý Pilat» sözleri gelip goşuldy. Şahyr Pilaty ýadyndan çykaryp taşlap, sözleriň zynjyryny «Annuşka» sözünden başlady. Netijede bu zynjyr juda tiz birigip, bir demde ony däli professora ýüzbe-ýüz etdi.

Günäkär! «Mejlis bolmaz, çünki Annuşka ýagy dökdi» diýip, ol aýtdy ahyry. Ine, merhemet edip, mejlisiň bolmajagy anyk! Ýeke bu hem däl: Berliozyň başyny aýal adam alar diýip, ol açyk aýtd-a?! Hawa, hawa, hawa! Dogrudanam, tramwaýy sürüjisi aýaldy? Bee... nämeler bolup ýör?

Berliozyň bu elhenç ölümini şübheli konsultantyň öňünden anyk bilenligine indi çigit ýalam şübhe galmady. Şonda şahyryň beýnisini iki pikir eýeledi. Birinji pikir: «Ýok, ol asla däli däl! Bu zatlaň bary bimany!», ikinji pikir: «Bu bagtsyzlygy onuň özi guramadymyka?!»

Ýöne bagyşlarsyňyz, nähili edip beýle zady gurap bolar?

— Ýok, ýok! muny entek anyklarys.

Iwan Nikolaýewiç bar güýjüni jemläp, özüne zor salyp uzyn oturgyçdan zordan turdy-da, yzyna-professor bilen söhbetleşen ýerine okduryldy. Bagtyna, ol häli gitmän eken.

Bronnaýa köçesindäki çyralar eýýäm ýakylypdyr. Patriarh kölçesiniň üstüne altyn reňk Aý şöhle saçýardy, Iwan Nikolaýewiçe ana şu, hemişe göz baglaýjy Aýyň nurunda professor goltugyna hasa däl-de, gylyç alyp duran ýaly duýuldy.
Hälki düşnüksiz regent indi ýap-ýaňy Iwan Nikolaýewiçiň oturan ýerinde ornaşypdyr. Özem ol burnuna bihajatlygy anyk görnüp duran pensne gondurypdy, pensnäniň bir gözi aýnasyz, beýleki gözündäki çüýşe bolsa çatlapdy. Berliozy tramwaýa tarap ýollan wagty ýaman görnen bu gözenek jalbarly adam indi — pensne dakanynandan soň-a hasam beter ýigrenji göründi. Iwan professoryň ýanyna sowap barýan ýüregi bilen ýakynlaşdy, soň onuň çehresine dikanlap seredip, onda hiç hili dälilik alamatynyň ýokdugyna we hiç haçan bolmandygyny öz ýanyndan tassyklady.
— Hany, dogryňy aýt, aslynda sen kim? — diýip, boguk owaz bilen sorady Iwan.
Çet ýurtly şahyry göýä ilkinji gezek görüp duran ýaly, oňa üşerlip seretdi we sowuk jogap berdi:
— Meniňki düşünmeýär!... rusça gepleýiş.
— Ol düşünmeýär! — diýip, özünden hiç kim çet ýurtlynyň gepini düşündirmegi soramasa-da, regent oturan ýerinden gepe goşuldy.
— Jögülik etmäň! — diýip, Iwan gaharlandy we birden ýüreginiň şuw edip gidenligini duýdy — siz ýaňy şu ýerde rus dilinde örän oňat gepläpdiňiz. Siz nemesem däl, professor hem dälsiňiz! Siz — hem jenaýatçy, hem içalysyňyz! Delilleriňizi görkeziň! — diýip, Iwan gazap bilen gygyrdy.
Şübheli professor ozaldan hem gyşyk agzyny ýene-de ýigrenç bilen gyşardyp, eginlerini gysdy.
— Graňdanin! — diýip, şumroý regent ýene ara sokuldy, — näme üçin siz inturisti biynjalyk edýäňiz? Bu işiňiz üçin berk jogap bermeli borsuňyz!
Şübheli professor bolsa, tekepbirlik bilen öwrüldi-de, Iwandan daşlaşdy. Iwan özüni ýitirip başlandygyny duýdy. Demi demine ýetmän, regente ýüzlendi.
— Eý, graždanin, jenaýatçyny tutmaga kömekleşiň! Siz muňa borçlusyňyz.
Regent birden gaýratlanyp, böküp ýerinden turdy-da, gygyrdy:
— Kim jenaýatçy? Hany ol? Çet ýurtly jenaýatçymy? — regentiň gözleri guwançly oýnady — Şol barýanmy? Eger ol jenaýatçy bolsa, birinji nobatda «Ýetiň!» — diýip gygyrmaly. Ýogsa, ol gaçyp gider. Hany, gel ikimiz deň gygyraly! Bileje! — Şeýle diýip regent agzyny açdy. Aňyny gaçyryp duran Iwan degişgen regentiň gepine gidip, Ýetiň! — diýip gygyrdy, emma regent onuň sesine ses goşmady.
Iwanyň gyryljak owazy degerli netije bermedi. Bagdan geçip barýan iki gyz gorkup, aňryk gaçdylar, şonda onuň gulagyna: «Serhoş ýaly-la?!» diýen ses eşidildi.
— A-ha ýa senem şonuň bilenmidiň? — diýip, gazaba münen Iwan gaharly gygyrdy.
— Ýeri meniň üstümdenem güljek bolýarmyň, aýryl ýolumdan!
Iwan sag tarapdan geçmekçi boldy, regent hem şu tarapa atyldy! Iwan çepe okduryldy. — ýigrenji regent hem çepe geçdi.
— Sen bilgeşleýin aýagyma çolaşýaňmy? — diýip, gahary gaýnan Iwan gygyrdy — entek men seni milisiýa tabşyraryn!
Iwan ýaramaz regendiň ýeňinden tutjak bolup hemle kyldy, emma tutup bilmän, armanda galdy. Regent edil ýere giren ýaly, gaýyp boldy.

Iwan bir ah urdy, şeýle hem uzakdan gidip barýan ýigrenji nätanyş bir adamy görüp galdy. Ol Patriarh diýen dar köçäniň başlanýan ýerine ýetip barypdy, özem eýýäm bir özi däldi. Nähili adamlygy asla belli bolmadyk ýaňky regent professora goşulyp barýardy. Bu hem az ýaly, garaşylmadyk ýerden, ýagny nirelerden peýda bolan doňuz ýaly haýbatly, gazan ýaly, garga ýaly gap-gara, uzyn murtly bir pişik olar bilen bile barýardy. Üçüsi bilelikde Partiarh dar köçesine ýördüler, gyzykly ýeri-de, ýaňky pişik art aýaklarynda ýöräp ugrady.

Iwan bu betniýetlileriň yzyndan ylgady, emma olary kowup ýetmegiň juda müşgil boljagyny derhal aňlady.

Üçler hä diýmän dar köçeden geçip, Spirdonowa çykdylar. Iwan gadamyny näçe çaltlandyrsa-da, yzarlanýanlar bilen arasy bir garyş hem kemelmedi. Şahyr aýňalyp ýetişmänkä, Spiridonowkadan geçip, özüni Nikita geçelgesiniň öňünde gördi, bu ýerde onuň ýagdaýy hasam agyrlaşypdy. Bu ýerde adam şeýlebir mygyllykdy welin, käbir ýolagçy bilen çaknyşyp, sögünjem eşitdi. Üstesine-de, betniýet topar banditleriň köp ulanýan usulyny ulanyp, çar tarapa dagap gitmegi karar edipdi.

Regent Arbata tarap geçip barýan içi doly awtobusa böküp münüp, köpüň içinde tizden-tiz gaýyp boldy. Yzarlanýanlaryň birini ýitiren Iwan indi bar ünsüni pişige dikdi: bu täsin pişik duralgada saklanan «A» belgili motorly wagonyň basgançagyna baryp, wagona girip başlan bir aýaly gygyrdyp çekip düşürdi-de, gapy tutawajyna ýapyşyp basgançaga çykdy-da, yssy howa zerarly, açyp goýlan penjireden konduktora ýarym teňňe pul hem uzatdy.

Pişigiň bu hereketi Iwany şeýlebir geň galdyrdy welin, öwrümdäki bakgal dükanynyň öňünde doňup galdy, şol birwagtyň özünde-de ol konduktoryň eden hereketine öňküdenem beter geň galdy. Konduktor aýal tramwaýa çykyp barýan pişigi göreninden, gahar bilen sandyrap gygyrdy:

— Pişiklere rugsat ýok! Pişik bilen münmek gadagan! Piş! Düş wagondan, ýogsam milisiýany çagyraryn!

Bu hadysa pişigiň tramwaýa münmekçi bolany-ha beýlede dursun, hatda onuň kireý haky tölejek bolşy-da ne konduktor aýaly, ne ýolagçylary geň galdyrdy!

Pişik diňe kireý haky tölemäge kadyr bolman, üstesine tertipli janawer hem bolup çykdy. Ol konduktor aýalyň çirkin sesini eşidenden, ýere düşdi-de, duralgada ýarym teňňelik pul bilen murtyny sypalap oturyberdi. Emma konduktor aýal tanapy çekip, tramwaý ýerinden gozgananda, ol pişik tramwaýdan kowlup düşürilip, emma tramwaýdan galyp, gitmäge başga mümkinçiligi bolmadyk adam ýaly hereket etdi. Ol üç wagony geçirip, soňkusynyň yzyndan aslyşyp, üçege ýaly bir zada ýapyşyp ýoluny dowam etdi, şeýdip, ýarym teňňe puluny hem tygşytlady. Iwan bu ýaramaz pişige aňkarylyp, tas üçüň birini, iň möhüm jenaýatçy — professory ýitiripdi. Emma ol, Iwanyň bagtyna gaýyp bolmana ýetişmän eken. Iwan onuň külreňk beretini Bolşaýa Nikitskaýamy, ýa Gersen köçesiniňmi başlanýan ýerinde hümer-hümer adamlaryň arasynda görüp galdy. Göz açyp ýumasy wagtda Iwanyň özi hem şol ýerde peýda boldy. Emma ýene bagty çüwmedi. Şahyr gadamyny batlandyrdy we ýolagçylary itekleşdirip, loňkuldap ylgap başlady, emma barybir professora bir garyş hem golaýlaşyp bilmedi. Iwan, köňlüniň çag däldigine garamazdan, bu kowgynyň adatdan daşary tizlikde barýandygyna haýran galdy. Iwan Nikolaýewiç Nikita derwezesine

ýetenden soňra, aradan ýigrimi sekunt hem geçmänkä, eýýäm Arbat meýdanyna ýetip baryp, san-sajaksyz çyralardan ýaňa gözi gamaşdy. Ýene birnäçe sekunt geçip, Iwan Nikolaýewiç özüni gyşyk-myşyk gap-garaňky bir dar köçede gördi — bu ýerde ol birden gürp edip ýykylyp, dyzyny ganatdy. Ýene ýagty çyrany magistral — Kropatkin köçesi, soňra dar köçe, ondan soň Ostoženka we ýene çola, garaňky çala-çula ýagtylandyrylan dar köçe. Ana, şu ýere gelende, Iwan Nikolaýewiç şol örän zerur bolan adamy bütinleý gözden ýitirdi. Professor gaýyp bolupdy.

Iwan Nikolaýewiç näme etjegini bilmän galdy, emma bu waka köpe çekmedi, çünki birden onuň köňlüne professor, elbetde, 13-nji jaýyň, anyk 47-nji kwartirasyna giren bolmaly diýen pikir geldi.

Iwan Nikolaýewiç şu 13-nji jaýyň girelgesine ok ýaly atylyp baryp, ikinji gatyna uçup çykdy, derrew gözlän kwartirasyny tapyp, bitakatlyk bilen jaýyň düwmesini basdy. Sähelçe wagt geçmänkä, bäş ýaşlar çemesindäki bir gyzjagaz gapyny açdy, emma gelen daýydan hiç zat soraman, bada-bat yzyna öwrüldi-de, haýsydyr bir otaga girip gitdi.

Gara kir basan belent petigiň aşagynda burça ornaşdyrylan kiçijik lampa bilen çalaja yşyk berýän, asla garawsyz bu otagda daşyna demir gaplanan haýbatly guty durdy, diwarda şinleri sypyrylan welosiped asylgydy, asawaç tekjesinde ýatan gyş telpeginiň uzyn gulagy sallanyp dyrdy. Bu ýerdäki otaglaryň birinden radiodan bir erkegiň ýaňlandyryp, batly owaz bilen gygyryp şygyr okaýandygy eşidilýärdi. Iwan Nikolaýewiç bu oňaýsyz ýagdaýda asla aljyramazdan: «Ol, elbetde, wannada gizlenen bolmaly» diýen netijä gelip, göni şol tarapa atyldy. Içeri gap-garaňkydy. Iwan diwara urlup barşyna, bir gapyň aşagyndaky deşikden ölügsi bir ýagta gözi düşdi, sermeläp gapynyň tutawajyny tapdy-da, ony ýuwaşlyk bilen özüne çekdi. Gapynyň ilgençegi gopup, Iwan çyndanam wanna girdi, şonda ol, bagtym bar eken diýip köňülden geçirdi.

Emma şowlulyk Iwana garaşyşy dek gülüp bakmady! Onuň damagyna çygly ýylymtyk howa urupdy, soň ol kolonkada ýylp-ýylp edip ýanyp duran kömrüň ýagtysynda bu ýerde diwardan asylgy uly taňňyry, syrçasy gopup, ähli ýeri gara tegmil bolan wannany gördi. Wannada başdan-aýak sabyn köpürjigine boýalan, eli maçalkaly ýalaňaç bir aýal durdy. Ol uzagy görüp bilmeýän gözlerini süzüp, Iwana seretdi, emma bu jähennem tümlüginde ony tanamadyk şekilli, şoh äheňde, pes owaz bilen diýdi: — Kirýuşka! Özüňmi? Näme, huşuňy ýitirdiňmi?.. Hä diýmän Fýodor Iwanowiç ýetip geler. Bar, git häziriň özünde! — diýip, ol Iwana maçalkany silkdi.

Görşüňiz ýaly, düşünişmezlik ýüz beripdi, munuň sebäpkäri bolsa Iwan Nikolaýewiçdi, elbetde. Emma ol öz aýbyny boýun almak islemedi we yşarat bilen: «Wah, bozugeý!..» diýdi-de, şol demde nämüçindir aşhana geçdi. Bu ýerde hiç kim ýokdy, alagaraňkyda ona golaý primus plitäniň üstünde ümsüm durdy. Ýyllap çaňy süpürilmedik penjiräniň aýnasyndan düşen Aý şöhlesi çaň, kerep basyp giden bütinleý unudylan asylgy ikonany, çalaja ýagtylandyrdy, ikonanyň çarçuwasyndan bir jübüt nika şeminiň ujy çykyp durdy. Bu uly ikonanyň aşagyna kiçijik — kagyz ikona ýabşyrylyp goýulgydy.

Iwan arka gapydan çykyp gitmezden öňürti bir şem bilen kagyz ikonany öz ýany bilen aldy, emma bu işi näme maksat bilen edendigi hiç kime belli däldi. Ol

nämeleridir samyrdap, nätanyş kwartirany terk edende, ýap-ýaňy wannada özi şaýat bolan hadysany ýatlap, ol bihaýa Kirýuşa kimkä, gulagy sallanyp duran gulakjyn şonuňkymyka diýip, biygtyýar oýlanyp başlady.
Şahyr guwlap ýatan, tukat dar köçä çykyp, gaçgagy yzarlap, töweregine göz aýlady, emma ol hiç ýerde görünmeýärdi. Şonda Iwan öz-özüne kesgin diýdi:
— Elbetde, ol anyk Moskwa derýasynda! Öňe!
Iwan Nikolaýewiçden, nämüçin siz professor häzir başga ýerde däl-de, hut Moskwa derýasynda diýip çaklaýarsyňyz diýip soralsa, ýagşy bolardy, emma bar bela şonda bolup, bu sowaly berjek adam ýokdy. Ýigrenji dar köçe guwlap ýatyrdy.
Aradan kän wagt geçmänkä, Iwan Nikolaýewiçi Moskwa derýasynyň kenaryndaky granit basgançakda görmek mümkindi. Ol derrew egin-eşigini çykaryp, ýyrtyk ak köýnek we könelen, bagjyksyz bir jübüt köwşi öňünde duran, kagyza dolanan temmäki çekip oturan sakgaly gelşikli bir adama tabşyrdy. Ol ellerini silkip, tenini gatydyp, garlawaç ýaly bolup, özüni suwa oklady. Suw şu gadar sowukdy welin, Iwanyň demi tutulyp, hatda indi suwuň ýüzünde ýüzüp çykyp bilmesem gerek, diýen pikir hem göwnünden ýylp edip geçdi. Emma bagtyna ýüzüp çykdy we pyşgyryp, gözleri hanasyndan çykara gelip, nebit ysy gelip duran gap-gara suwuň ýüzünde kenardaky çyralaryň öwrümli ýagtysynyň içinde ýüzüp başlady.
Suwuň sowuklygyndan digdirän Iwan kenardaky basgançaklarda ýaňy eşiklerini tabşyryp giden sakgally adamynyň ýanyna tarap ýöredi, görse, diňe geýimlerini däl, sakgally adamyň özüni hem ogurlap gidipdirler. Şol geýim çykarylan ýerde erkekleriň ýol-ýol içki balagy, ýyrtyk uzyn köýnek, şem, kiçijik kagyz ikona we bir guty otluçöp galypdy. Iwan ejiz gazap bilen kimedir birine ýumruk çenedi-de, taşlandy geýimleri geýip başlady. Häzir ony iki gaýgyly pikir: birinjiden, hemişe öz ýanynda saklaýan MASSOLIT agzalyk biledininiň gaýyp bolany, ikinjiden, şu ýagdaýda Moskwanyň köçelerinden geçse bolarmyka diýen pikir teşwişe salyp başlady. Näme bolsa-da, içki balakda-da... Dogrusyny aýtsaň, kimiň näme işi bar. Bir ýaman iş etmese ýa-da kimdir birine azar bermese bolýa-da.
Iwan içki balagyň iliklerini ýolup aýyrdy-da, ol indi tomusky balak ýaly görner diýip hasap etdi. Soň eline bölek ikonany, şemi we otluçöpi alyp, ýola düşdi-de, öz-özüne diýdi:
— Griboýedowa! Şek-şübhesiz, ol şol ýerdedir.
Şäher agşamky durmuş gujagyndady. Platformalary tirkewe alan ýük maşynlary köçäni çaňydyp, zynjyrlaryny şarkyldadyp geçip durdy, plantformalara ýüklenen gaplaryň üstünde nähilidir erkek adamlar gyşaryp ýatyrdylar. Hemme ýerde penjireler alaň-açykdy. Şu penjireleriň her birinde sargylt abažurly çyralar ýanyp durdy. Hemme penjirelerden, hemme gapylardan, derwezelerden, hemme howludan «Ýewgeniý Onegin» operasynda ýerine ýetirilýän poloneziň gyryljak sesi eşidilýärdi.
Iwan Nikolaýewiç ýöne ýere howatyrlanman eken, geçenem, gidenem, oturanam öwrülip, ony synlap galýardy. Netijede ol uly köçeleri terk edip, kiçi köçelerden ýörmegi makul gördi, çünki bärdäki adamlaryň özüne azar bermejegine jalbara asla meňzemeýän içki balak geýen, aýakýalaňaç adamy saklap, sowal berip, ýürege düşýän adamyň duşmajagyna ynam etse boljakdy.

Iwan hem şuňa amal edip, Arbatyň möý kerebi ýaly dar köçelerine sowuldy we salym geçmän, töweregine gorka-gorka göz gyýagy bilen nazar aýlap, kä yzyna seredip, öýleriň sokmaklaryna bukulyp, swetoforly çatryklardan, ilçihanalaryň nagyşly derwezelerinden özüni daşrak tutup, diwarlary ýakalap, ýöräp gitdi.
Emma ol nirede bolsa-da, orkestriň sazy astynda Tatýana söýgi bildirip aýdym aýdýan haýbatly bas, ýogyn owaz oňa howp salyp, gynaýardy.

## V bap

## BU GRIBOÝEDOWDA BOLUPDY

Sarymtyl reňke boýalan bu iki gatly gadymy tam bulwaryň ýakasynda, töweregine çoýun gözenek aýlanan, daragtlary solan bagyň eteginde ýerleşýärdi. Tamyň öňündäki kiçiräk meýdança asfaltlanan bolup, gyşda bu ýere gar üýşüp, depesine pil sünjülip goýlardy, ýaz aýlary bolsa, bu ýer kenep saýawanyň aşagynda ýazky restoranyň iň gözel bölümine öwrülerdi. Bu tam «Griboýedow öýi» diýip atlandyrylýardy, muňa sebäp, göýä birwagtlar ýazyjynyň, ýagny Aleksandr Sergeýewiç Griboýedowyň daýzasy şu öýüň eýesi bolanmyş. Emma çyndanam şeýle bolupmy-ýokmy, anyk aýdyp bilmeýäris. Aslynda, meniň aňlaşymça, Griboýedowyň öý eýesi bolan hiç-hili daýzasy ýokdy... Emma muňa garamazdan, bu tamy şeýle atlandyrýardylar. Üstesine-de eger moskwaly bir kezzabyň gepine ynansak, bu öýüň ikinji gatynda köp sütünli, töwerek şekilli zalda meşhur ýazyjy ýumşak diwanda ýassanyp oturan şol daýzasyna özüniň «Akyl zerarly hasrat» eserinden parça hem okanmyş. Emma, kim bilýä, okan bolsa okandyram, esasy zat bu däl! Esasy zat, häzirki wagtda bu öýüň hojaýyny MASSOLIT bolup, bagtygara Mihail Aleksandrowiç Berlioz Patriarh kölçesiniň kenaryna baran wagtyna çenli şol gurama ýolbaşçylyk edýärdi. MASSOLIT agzalarynyň şerapaty bilen bu tamy hiç kim «Griboýedow öýi» diýip atlandyrman, hemmeler oňa gysgaça «Griboýedow» diýýärdi: «Agşam men Griboýedowda iki sagat otagma-otag tentirekläp ýördüm» — «Hoş, nähili?» — «Ýalta bir atlyk putýowka aldym», «Tüweleme!» Ýa-da «Berliozyň ýanyna bar, bu gün ol dörtden alta çenli Griboýedowda kabul edýär...» we şuňa meňzeşler.
MASSOLIT Griboýedowa juda golaý we amatly ýerleşendi. Griboýedowa giren her bir adam ilki bilen biygtyýar her hili sport seksiýalarynyň bildirişleri bilen, şeýle hem, ikinji gata alyp çykýan basgançagyň diwarlaryna ýelmenen MASSOLIT agzalarynyň topar-topar bolup, ýa-da biri-birleri bilen düşen suratlary bilen tanyşardy. Ikinji gatdaky birinji otagyň gapysynda uly harplar bilen «Balyk awy we daça seksiýasy» diýen ýazgy bolup, ýazgyň aşagyna çeňňege ilen balygyň suraty çekilgidi. Başga iki otagyň gapysyna çala göze ilýän hat ýazylgydy: «Bir günlük döredijilik ýollanma. M. W. Podložnaýa ýüz tutmaly».
Ondan soňky gapydaky ýazgy gysga bolsa-da, asla düşünip bolmaýardy: «Perelygino». «Griboýedowa» tötänden giren adam şu ýazgydan soň ýazyjynyň daýzasynyň hoz agajyndan ýasalan gapylaryna ýelmenen dürli-dümen ýazgylary

görüp, aňk-taňk bolup galýardy: «Kagyz aljaklary Poklýowkina nobata ýazýar», «Kassa», «Sketç ýazýanlar üçin hususy hak töleýärler...»
Aşakda, bina girilýän ýerden başlanan uzyndan-uzyn nobata duranlary gören adam: «Öý-jaý meselesi» diýip ýazylan, adamlaryň dynuwsyz girip-çykýan gapysyna maňlaýyny dirärdi.
Öý-jaý meselesine garalýan otagdan soň, diýseň nagyşly owadan plakat göze ilýärdi, bu plakatda beýik gaýa, onuň depesinde egnine myltyk asyp, at çapyp barýan çäkmenli atly teswirlenipdi. Ondan pesräkde — palmalaryň saýasyndaky eýwanda eli awtoruçkaly bir ýigit juda ýiti gözlerini alys-alys asman boşlygyna dikip otyrdy. Bu teswiriň aşagynda şeýle sözler ýazylgydy: «Iki hepdeden (hekaýa, nowella) bir ýyla çenli (roman, trilogiýa) doly döredijilik rugsatlary berilýär. Ýalta, Sowuk Suw, Borowoýe, Sihodziri, Mahinžauri, Leningrad (Gyşky köşk)». Bu gapynyň öňünde-de nobatda duranlar bardy, emma juda köp däldi, takmynan ýüz elli töweregidi.
Bu ýerden geçip, Griboýedow öýüniň gözel öwrümlerinden, pesli-belent sokmaklaryndan baran adam: «MASSOLIT Prawleniýesi», «Kassalar № 2, 3, 4, 5», «Redaksion kollegiýa», «MASSOLIT başlygy», «Bilýardhaýa» diýip ýazylan gapylardan öter, şonuň ýaly, MASSOLITiň dürli-dümen goşmaça edaralaryny, iň soňunda, ýokarda ady dile alnan daýzanyň beýik ýegeniniň komediýasyny yhlas bilen diňlän ýerini — köp sütünli zaly görerdi. «Griboýedowa» giren her bir adam, eger onda azajyk pähim-parasat bolsa, MASSOLIT agzalarynyň nähili bagtyýar durmuş geçirişini bir garaýyşda pähimlärdi, pähimlärdi-de, şobada onuň içini göriplik pişik bolup dyrmalardy. Şol pursatda ol, doglanymda nämüçin maňa hem ýazyjylyk ukybyny bagyş etmediň diýen ýaly ajy ykaratdan doly gözlerini göge dikerdi, elbetde, MASSOLIT agzasynyň bütin Moskwada bilinýän, hoş ysly, gymmatbaha gaýyşdan daş tutulan, zer nagyşly mele biledine miýesser bolmagy ýazyjylyk ukybyň ýok bolsa, arzuw hem edip bolmaýardy.
Hany, göripligi aklap kim bir agyz söz aýdyp biler? Bahyllyk iň pes duýgudyr, emma muňa garamazdan, Griboýedowa gelen myhmanyň ýagdaýyna düşünmek gerek. Çünki onuň ýokarky gatda gören närseleri häli deňizden damja. Daýzanyň öýüniň birinji gatyny tutuş restoran eýeläp durdy. Ýöne bir restoranmy, restoran jan! Ynsap bilen dogrymy aýtsam, ol bütin Moskwada iň gowy restoran hasaplanardy. Griboýedow inçe bezegli gupbaly potoloklaryny aýsypat atlaryň suraty çekilen iki ullakan zalda ýerleşeni bilen, bu ýerdäki her bir stola ýaglyk örtülen saýawanly çyralar goýlany bilen, oňa girmegiň her bir ötegçä nesip etmeýäni üçin, şeýle hem, bu ýerde taýýarlanýan naharlaryň hili bilen hem Moskwadaky men diýen restorany hem pese gaçyrýar, munuň üstesine, bu ýerde tagamlar jübüňe agram salmaýan bahadan berilýärdi. Şuňa görä, Griboýedowyň çoýun gözeneginiň ýanynda bu kitabyň awtorynyň gulagyna ilen aşakdaky söhbetiň asla geň galmaly ýeri ýok bolsa gerek:
— Bu gün nirede agşamlyk edinmekçi, Amwrosiý?
— Hirede bolar öýdýäň, elbetde, şu ýerde, ezizim Foka! Arçibald Arçibaldowiç bu gün agşamlyga porsiýa-porsiýa edip taýýarlanan hakyky gyzyl balyklary boljak diýip buşlady maňa. Bibaha tagam-da özi hem!

— Ýaşamagyň ýoluny bilýäň-ow, Amwrosiý! — gorsanyp diýdi egbar geýnen, boýny çöp ýaly arryk Foka ýüzleri enaýy, dodaklary gyrmyzy, saçy altynreňk, iri göwreli şahyr Amwrosiýa seredip.
— Aý, ýok-la, hiç-hili ýoluny bilmeýärin — diýdi nägilelik bilen Amwrosiý, — diňe adam şekilli ýaşamak isleýärin, bolany...
Näme sen, Foka, sudak balygyna «Kolizeýde» hem duşsa bolýar diýjek bolýaňmy? «Kolizeýde» onuň bir porsiýasy on üç manat on bäş köpüge durýar, bizde bolsa, bäş manat elli teňňe! Üstesine-de «Kolizeýdäki» balyklar üç günläp duran, has hem beteri «Kolizeýde» Teatr köçesinden süsdürlip, ilkinji pete-pet gelen ýaş ýigidiň üzüm hoşasy bilen maňlaýyňa ýelmemejegine kepiliň barmy? Ýok, men «Kolizeýe» düýbünden garşy — diýip, iýermen Amwrosiý tutuş bulwary ýaňlandyrdy. — Meni imrindirjek bolma, Foka!
— Men seni imrindirjek bolamok, Amwrosiý — diýip, Foka janykdy. — Öýde agşamlyk edinse-de bor-la.
— Sadyk guluňyz — diýip, Amwrosiý batly gepledi. — häzir seniň aýalyň umumy aşhanada a natýurel — gyzyl balygy merwerde bişirjek bolşuny göz öňüne getirjek bolýaryn! Hi-hi-hi! ... Orewuar, Foka! — diýip, Amwrosiý aýdyma hiňlenip, üsti saýawanly eýwana tarap ugrady.
Hawa, hawa, şeýle zatlar bolupdy. Moskwaly köne adamlar bu ýeri tanymal Gribaýedowy gowy bilýärler. Buglanan gyzyl balyklar!
Özem olar arzanjakdy, eziz Amwrosiý! Kümüşsow merwerlerdäki leňňeç boýunjykly, täze işbilli balyk nahary dälmi? Ak kömelege ýumurtga garylyp taýýarlanan, saply gapjagazlardaky pýure? Ýenjilen guş etinden bişirilen (file) size hoş ýakanokmydy? Genuez bedenesi? On ýarym manatdan! Saz, mylakatly hyzmat! Iýul aýynda, haçanda maşgalaňyz daçadaka, sizem özüňiziň gaýra goýulmasyz edebiýat işleriňiz bilen şäherdekäňiz üzüm teläriň aşagynda, arassa ak saçaklar örtülen stollaryň başynda tabagy dolduryp pereň çorbasyny iýeňzokmydyňyz? Ýadyňyzdamy, Amwrosiý? Soramak nämä gerek! Men ony ýatdan çykarmandygyňyzy dodaklarňyzdan görüp durun. Eýsem, her hili aw guşlardan — bedeneden, käkilikden, sülgünden bişirilen tagamlaryňyz niçik? Gaňşyrawyňy tütedip barýan narzan?!
Ýeri, boldy, okyjy, seniň ünsüň başga zatlara sowulýar, yzym bilen öňe!..
Berliozyň Patriarhda heläk bolan şol agşamy sagat on biriň ýarynda Griboýedowyň ýokarky gatynda diňe bir otagda çyra ýanyp, ol ýerde ýygnaga toplanan on iki sany edebiýatçy Mihail Aleksandrowiçiň gelmegine garaşyp, içleri gysyp otyrdylar.
MASSOLIT Prawleniýesiniň otagynda stullarda, stollarda, hatda penjiräniň sekisinde otyranlar howanyň petişliginden ejir çekýärdiler; Açyk aýnadan hiç-hili öwüsgin hem girenokdy. Moskwa günuzyn asfalta siňdiren yssysyny yza gaýtarýardy, gijesine-de howanyň tebtiniň peselmeýändigi görnüp durdy. Daýzanyň öýüniň podwalynda ýerleşen aşhanadan soganyň ysy geldi, şonda otagda oturanlaryň damagy gijäp, olar närazy ýagdaýda gahar edip başladylar.
Titi geýnen, ýuwaş hulkly, gözleri ýiti belletrist Beskudnikow ýanyndan sagadyny çykardy. Sagadyň dili on bire barypdy. Beskudnikow siferblata pitikläp, ony ýanynda

oturan şahyr Dwubratskä görkezdi, ol stolyň çetinde rezin oltaňly sary köwüşli aýaklaryny yrgyldadyp otyrdy.
Dwubratskiý: — Baý-bow — diýip hüňňürdedi.
— Ýigitçämiz Klýazmada eglenen bolaýmasa — diýdi güňleç ses bilen Nastasýa Lukinişna Nepremenowa. Bu ýazyjy aýal moskwaly bir sowdagäriň ýetimçesi bolup, «Şturman Žorž» lakamy bilen deňiz soweşleri hakynda hekaýalar ýazýardy.
— Ahyr bu ynsapdan däl-ow! — diýip, meşhur sketçleriň awtory Zagriwow batyrgaý gepledi. — Häzir menem bu ýerde demigip otyrandan, öz eýwanymda hezil edip çaý içerdim. Ýygnak sagat ona çagyrylmanmydy?
— Häzir Klýazma gowy dynç alyş mesgenine öwrüldi — diýip, kärdeşlerini waswasa saldy Şturman Žorž, çünki Klýazmanyň golaýyndaky edebiýatçylar obajygy Pereliginoda dynç almagy hemme ýazyjylaryň bir adam ýaly arzuw edýändiklerini ol ýagşy bilýärdi.
— Häzir ol ýerde bilbiller saýraýandyr. Men hemişe bahar aýlarynda şäheriň daşynda gowy işleýärin.
— Men şol jennete näsag aýalymy ibermek üçin üç ýyldan bäri pul töleýärin, emma henize çenli netije ýok — diýdi ajy kineli gahar bilen nowellaçy Ionerim Poprihin.
— Bagty getiren barar ol ýere — diýdi laňňyldap, aýnanyň tekjesinde oturan tankytçy Ababkow.
Şturman Žorž monjuk ýaly gözlerinden şadyýana ot çakylyp, ýakymsyz owazyny azkem, mylaýymlaşdyryp diýdi:
— Içigaralyk gerek däl, dostlar. Ol ýerde bary-ýogy ýigrimi iki daça bar, ýene ýedisi gurlup dur, biz, MASSOLIT agzalary bolsa üç müň.
— Üç müň bir ýüz on bir adam — diýip, burçdan kimdir biri söz oklady.
— Ana, gördüňizmi — diýip, dowam etdi Şturman, — alaç näme, daçany biziň iň zehinlilermiz aldy...
— Generallar! — diýip, bu gybata ssenariçi Gluharýow açyk goşuldy.
Beskudnikow ýasama pallap, otagdan çykdy.
— Pereliginoda bir özüniň bäş otagly daçasy bar — diýdi onuň yzyndan Gluharýow.
— Lawrowiç bolsa, bir özi alty otagly jaýda ýaşaýar — diýip, Deniskin gygyrdy. — Aşhanasy bolsa dub agajyndan bezelen.
— E, häzir gep munda däl — diýip, Ababkow heňkirdi. — Sagat onkiň ýary boldy.
Gozgalaňa meňzeş goh-galmagal göge göterildi.
Şol lagnaty Pereligina jaň etdiler. Diýlen daça däl-de, Lawrowiçe düşdüler. Lawrowiçiň derýanyň ýakasyna gidenini eşidip, keýipleri bozuldy. Soň töwekgel edip, goşmaça 930-nji nomer arkaly edebiýat komissiýasyna jaň etdiler, ýöne hiç kim trupkany almady.
— Özi jaň etse bolmaýamydy! — diýip, Deniskin, Gluharýow we Kwant dagy wagyrdaşdylar.
Ýöne olar ýerliksiz galmagal edýärdiler. Mihail Aleksandrowiç hiç ýere jaň edip bilmez. Çünki ýap-ýaňam Mihail Aleksandrowiç bolan şahs indi Gribaýedowdan has uzakda, müň şemlik lampalar bilen ýagtylandyrlan uly bir zalda, üstüne sink örtülen üç stolda bölek-bölek bolup ýatyrdy. Brinji stolda — döwlen eli, mynjyran döş kapasasy, hemme ýerinde gan gatap galan ýalaňaç jeset, ikinji stolda — alyn dişleri

sypyp, agzy opurlan, açyk galan nursuz gözleri çyralaryň ýiti nuryna asla perwaý etmän ýatan kelle, üçünji stolda bolsa bir top bolup gatap galan bölek esgiler ýatyrdy. Başsyz jesediň daşynda sud lukmançylygynyň professory, patalog-anatom bilen onuň prozektory — jeset kesiji, derňew organynyň wekilleri we Mihail Aleksandrowiç Berliozyň MASSOLIT boýunça orunbasary — edebiýatşynas Želdibin (ony telefon arkaly näsag aýalynyň ýanyndan çagyrypdyrlar) toplanypdy.
Želdibini getiren maşynda derňew wekilleri otyrdylar, olaryň hemmesi birinji nobatda merhumyň öýüne bardylar, (wagt ýarygijä ýakynlaşypdy) ol ýerde merhumyň kagyzlary sürgüçlendi, şondan soňra hemmesi jesethana ugradylar. Ine, indi olar jesediň daşynda durup, nähili edilse makulrak bolarka: üzlen başyny boýnuna tikip goýsakmykak ýa-da merhumyň jesedini tä eňegine çenli gara mata bilen örtüp, (diňe kellesini açyk galdyryp) Gribaýedow zalyna ýerleşdirsekmikäk diýip, maslahat edýärdiler.
Hawa, Mihail Aleksandrowiç, hakykatdan hem, hiç ýere jaň edip biljek däldi, emma Deniskin, Gluharýow, Kwant hem Beskudnikowlar netijesiz goh edip, kabineti göçüräýjek bolýardylar. Bu on iki edebiýatçynyň hemmesi laýyk ýarym gijede aşak, restorana düşdüler. Bu ýerde olar ýene Mihail Aleksandrowiçi renç bilen dile çoladylar, eýwandaky stollaryň hemmesi indi bentdi, şonuň üçin olar örän owadan, emma örän dymyk zalda naharlanmaga mejbur boldular.
Rast ýarym gijede birinji zalda nämedir bir zat birden gümmürdäp, şaraňlap, seçilip giden ýaly boldy. Şol pursatda ýaňlanyp, inçejik erkek sesi saza goşulyp: «Alliluýýa!» — diýip, jan-teni bilen çyňkyryp başlady. Ady ile belli Gribaýedow žazy işe başlapdy. Derlän ýüzler göýä ýagtylan ýaly, göýä petikdäki atlaryň suratlaryna jan giren ýaly, çyralaryň şuglasy güýçlenen ýaly boldy, şonda iki zaldaky, ondan soň eýwandakylar ýüpden boşanan ýaly bolup, tansa çykyp başladylar. Gluharýow şahyr gelin Tamara Polumesýas bilen tans edip başlady, Kwant tansa çykdy, romançy Žukowlow sary köýnekli bir kino aktrisasy bilen tansa çykdy. Dragunskiý hem, Çerdakçi hem, äpet ýazyjy aýal Şturman Žoržy gujaklap, pes boýly Deniskin hem tansa başlady, ak digir-digir ýazky matadan jalbar geýen nämälim bir şahsy mäkäm gujaklap, gözel arhitektor aýal Semeýkina — Gall hem tansa goşuldy. Her gün şu ýerde bolýanlar hem, çagyrylan myhmanlar hem, moskwalylardyr daşyndan gelenler hem tansa çykyp başladylar: Kranştadly ýazyjy Iogann, Rostowdan gelen, bütin ýüzüni gyp-gyzyl demrew basan haýsydyr (režessýor bolsa gerek) Witýa Kuftik diýen şahs, MASSOAITDE poeziýa bölüminiň iň meşhur görnükli agzalary, ýagny Pawianow, Bogohulskiý, Sladkiý, Şpiçkin we Adelfina Buzdaklar hem tansa çykýardylar. Saçlaryny boks pasony boýunça aldyran, ýakalaryna moda rastlap, pamyk goýdyran käri nämälim ýaşlar hem tansa çykýardylar.
Şeýle hem bir sakgalyna sogan ýelmeşen gartaň adam bilen az ganlylykdan ejir çekýän, oraýany ýüpek köýnegi gyjymlanan gyz tans oýnaýardy.
Gara dere batan ofisiantlar derläp duran piwoly kürşgelerini depesinde göterip, nägile äheňde: «Bagyşlaň, graždanin!» diýip, gyryljak ses bilen gygyrýardylar. Bir ýerlerde ses güýçlendirýän rupordan: «Karskiý, bir!», «Zubrik, iki!» diýen buýruklary berilýärdi. Inçe sesli aýdymçy bolsa, indi aýdym aýtman, diňe «Allilluýa!» diýip

uwlaýardy. Jazdaky altynsow tabaklaryň gümmürdisi aşhananyň gap ýuwulýan ýerinden gelýän okara-çemçeleriň sesini doly basýardy. Bir söz bilen aýdanyňda: dowzah.

Ýarygije bu dowzahda göze görünmeler başlady. Gara gözli, hanjara meňzeş sakgally, frak geýen görmegeý ýigit şa nazary bilen öz mülküne seretdi. Mistikler aýdypdyrlar-a, aýdypdyrlar, birwagtlar bu görmegeý ýigit frak geýmän, gaýyş guşak guşanypdyr, guşagynda pistoletiň sapy görnüp durupdyr, onuň garga perinden ýasalan saçlary gyzyl ýüpek mata bilen daňylypdyr, Karib deňzinde onuň ýolbaşçylygynda tabyda örtülýän gara matadan, ýüzünde kelleçanagyň suraty çekilen baýdakly gämi ýüzýär eken.

Ýöne, ýok, ýok! Ýalançy-mistikler galat aýdýar, dünýäde hiç hili Karib deňzi-de ýok, onda hiç hili garakçylar-da ýüzenok, olaryň yzlaryndan kowýan gämi-de ýok, tolkunlaryň üstüne ýeleklerden örtülen dumanam. Hiç haýsy ýok, hiç haýsy bolmandyram. Diňe ýapraklary göwrän lipa agajy, çoýun gözenek we onuň aňyrsynda bulwar bar... Çüýşe okarajykda buz ýüzüp ýör, goňşy stolda bolsa, gözlerine gan öýlen öküz gözli biri otyr. Howply, örän howply... Eý, hudaýlar, eý, meniň hudaýlarym, zäher gerek maňa, zäher!..

Şu ýagdaýda birden bir stolyň üstünde: «Berlioz!» — diýen owaz perwaz etdi. Birden jaz kimdir birinden gaty ýumruk iýen ýaly sandyrap, soň gün bolup galdy. «Näme, näme, näme bolupdyr, näme?!!! — «Berlioz!!!» Adamlar ýerlerinden galdylar, goh-gykylyk başlandy.

Mihail Aleksandrowiç hakyndaky şum habar hemmäni agyr gussa batyrdy. Kimdir biri köýüp-bişip, häzir, şu ýeriň özünde kollektiwiň adyndan telegramma ýazyp, tiz ugratmak gerek diýip seslendi. Emma o nähili telegramma, ony nirä ibermeli diýen sorag ýüze çykýar. Ony ibermekden näme peýda? Hakykatdan-da, ony nirä ibermek gerek? Onsoňam, telegramma nähili mazmunda bolsa-da, ýenjilen eňegi häzir jeset kesýäniň rezin ellikli golunyň astynda duran, üçin boýny professor tarapyndan gyşyk iňňe bilen deşilip tikilýän jeset üçin onuň nämä derkary bar? Ol ýogalypdyr, indi hiç-hili telegramma gerek däl oňa: Bar zat tamam. Onuň üçin telegrafy azara goýmalyň.

Hawa, ol heläk boldy, heläk boldy... Emma biz diri ahyry!

Hawa, agyr hasrat göýä ullakan tolkun kibi dolup-daşdy, soňam ýuwaş-ýuwaşdan köşeşip, bady gaýtdy. Adamlaryň käbiri öz stollaryna owal-a ogrynça, soňra äşgäre gaýdyp başladylar, arak içip, garbandylar. Hakykatdan hem, de-walýaý usulynda taýýarlanan towuk kotletlerini isrip etmek bolmaz-a? Ýeri, biziň aç galmagymyzdan Mihail Aleksandrowiçe näme peýda bar. Biz entek diri ahyry!

Şeýlelikde roýalyň gapagyny gulplap goýdular, sazandalar dagady, birnäçe žurnalist bolsa nekrolog (gynanç hatyny) ýazmak üçin öz redaksiýasyna ugrady. Želdibiniň jesethanadan geleni mälim boldy. Ol merhumyň ikinji gatdaky kabinetinde oturanmyş. Şobada «Berliozyň ýerine şony goýarlar» diýen ses eşidildi. Želdibin prawlenie agzalarynyň hemmesini restorandan çagyrdyp getirtdi, soň Berliozyň kabinetinde howlukmaç röwüşde başlanan mežlisde Griboýedowyň sütünli zalyny matama häzirlemek, matam märekesiniň başlaýan wagtyny kesgitlemek, şu ýakymsyz waka degişli bolan başga zerur meseleler hakynda maslahata girişdiler. Restoranyň ýene hemişekisi ýaly agşamlyk durmuşy başlandy, bu ýagdaýyň tä

restoran ýapylýança, ýagny daňdan sagat dörde çenli dowam etmegi mümkindi, eger oturanlary Berliozyň ölümi hakyndaky habardan-da beter geň galdyran, asla garaşylmadyk üýtgeşik bir waka ýüze çykmadyk bolsa. Birinji bolup Griboýedow öýüniň derwezesiniň öňünde ýolagçylara garaşyp duran sürüjiler howatyrlanyp başladylar. Olaryň kimdir biri:
— Ýa toba! Oňa serediň! — diýip, gygyryp goýberdi.
Şol wagt çoýun gözenegiň öňünde niredendir peýda bolan ot «ýylp» edip, eýwan tarapa ýakynlaşyp başlady. Stollaryň başynda oturan adamlar ýerlerinden turup, şol tarapa içgin seredip başladylar we şol ýylpyldan ot bilen bile duw-ak bir suduryň hem restoran tarapa ýakynlaşýandygyny gördüler. Ol gül çyrmaşygynyň aşagyna ýakyn gelen wagty, oturanlaryň barysy ellerindäki çarşajyklaryna sünjülen sterlýad balygy bilen, gözlerini mölerdip, oturan orunlarynda doňup galdylar. Şu mahal çilim çekmek üçin restoranyň işik asylýan ýerinden howla çykan eşik agasy çilimini dabany bilen mynjyratdy-da, suduryň restorana girmegine ýol bermezlik üçin şol tarapa ýöräp başlady, emma soň, nämüçindir bu hyýalyndan dändi-de, sakga durup, samsyklaç ýylgyrdy.
Şeýlelikde sudur gül çyrmaşygynyň aşagyndan geçip, bimelal eýwana gadam goýdy. Ana, diňe şonda bu suduryň göze görünýän salgym däl-de, onuň tanymal şahyr Iwan Nikolaýewiç Bezdomnydygyna hemmeler şaýat boldy. Ol aýakýalaňaç, egnine süzülip, esgi bolan agymtyl uzyn köýnek we ýol-ýol ak içki balak geýipdi, köýneginiň döşüne bolsa iňlis ýazgysy bilen nämälim keramatlynyň öçügsi suraty teswir çekilen kagyz ikonany asypdyr. Iwan Nikolaýewiçiň elinde ýakylan nika şemi bardy. Onuň sag ýaňagy dyrnalypdy. Şu hadysanyň netijesinde eýwanda ýüze gelen dymyşlygyň çuňlugyny ölçemek asla başartjak zat däl. Bir ofisiantyň elindäki gyýşyk tutulan kürşgeden piwo şildiräp akýardy.
Şahyr şemi depesine göterip, belent owaz bilen diýdi:
— Salam, dostlar! — şundan soň ol ýakynyrakdaky stolyň aşagyna yşyklap seretdi-de, gaýgyly heňde: — Ýok, bu ýerde-de ýok ol! — diýdi.
Şu çakda bir erkek kişiniň hem bir aýalyň sesi eşidildi:
— Tamam bolupdyr. Telbe bolup galypdyr — diýdi ýogyn erkek sesi rehimsiz äheňde.
— Bu ýagdaýda ony köçede polisiýa näme üçin saklamadyka? — diýip, bir aýal gorkuly seslendi. Iwan Nikolaýewiç bu gepi eşidip, jogap berdi: — Hawa, iki gezek: Skatertniý bilen Bronnaýada meni tutjak boldular, emma men diwardan aşyp, gaçyp gutuldym, ýüzüm sypjyryldy.
— Şundan soň Iwan Nikolaýewiç şemi ýokary göterip gygyrdy: — Gadyrly ýazyjylar! ( Onuň boguk owazy sagdynlaşdy we ol otluklydy). Hemmäňiz maňa gulak asyň! Ol peýda boldy! Derhal ony tutuň, bolmasa, köp agyr bagtsyzlyklara sebäp bolar!
— Näme? Näme? Näme diýdi ol? Kim peýda bolupdyr? — diýip, adamlar çar tarapdan gulgula turuzdylar.
— Konsultant! — diýip jogap berdi Iwan, — ana, şol konsultant häzir Patriarh kölçesiniň golaýynda Mişa Berliozy öldürdi.

Şu wagt içki zaldan mähelle çozup çykyp, Iwanyň şeminiň daşynda egele boldy. — Bagyşlarsyňyz, anygyrak gepleseňiz-le — diýen mylaýym owaz Iwan Nikolaýewiçiň gulagynyň astynda çala eşidildi, — aýdyň hany, nähili öldürdi ol? Kim öldürdi?
Iwan töweregine ýaltaklap: — Daşary ýurtly konsultant, professor, içaly — diýip jogap berdi.
— Familiýasy näme onuň? — diýip, biri Iwanyň gulagynyň ýanynda pyşyrdaşdy.
— Hemme bela şonda-da! — diýip, Iwan gussa bilen seslendi. Käşki familiýasyny bilsedim! Onuň teklipnamasynda ýazylan familiýasyny gowy saýgarman galdym... Diňe familiýasynyň baş harpy ýadymda: «We» «W-dan» başlanýardy familiýasy! Nähili familiýanyň «W» bilen başlanmagy mümkin? — Iwan maňlaýyna elini goýup, öz-özüne sowal berdi we birden samyrdap başlady: — We, We, We! Wa… Wo… Waşnermi? Wagnermi? Waýnermi? Wegnermi? Wintermikän? — Iwanyň jany-teni bilen biljek bolýany sebäpli, saçlary eýläk-beýläk oýnap başlady.
— Wulfmy? — diýip, bir aýal janygyp gepledi.
Iwanyň gahary geldi. Tentek sen — diýip, ol janygan aýaly gözi bilen agtaryp gygyrdy. — Wulfyň näme dahyly bar muňa? Wulfda hiç hili aýyp ýok! Wo, Wo… Ýok! Hiç ýatlap bilemok! Gep şeýle, graždanlar: häzir siz milisiýa jaň ediň, professory tutmak üçin pulemýot berkidilen bäş motosiklet ibersinler. Ýene bir zady unutmaň, ol ýalňyz däl: ýanynda gözüne çüýşesi çat açan pensne dakan, çakmak jalbarly, bir ýuha bilen doňuz ýaly semiz bir gara pişik hem bar. Oňa çenli men Griboýedowy barlap çykaryn… Köňlüm duýup dur, ol bu ýerde!
Iwan gaty biynjalyk bolup, elindäki şemiň mumuny öz üstüne syçradyp, töweregindäki adamlary itekläp, stollaryň aşagynda ýörmeläp başlady. Şu wagt: «Doktor!» — diýen ses eşidildi-de, Iwanyň garşysynda bir adamyň süňkden edilen äýnek dakynan, sakal-murty syrylan, mylaýym, etlek ýüzi peýda boldy.
— Ýoldaş Bezdotnyý, — labyzly äheňde gep başlady ol adam — rahatlanyň! Siz hemmämiz üçin eziz bolan Mihail Aleksandrowiçiň... ýok, anygyragy, Mişa Berliozyň ölüminden gaty hapa bolupsyňyz. Biz muňa örän oňat düşünýäs. Siz dem-dynç almaly. Häzir ýoldaşlar sizi eltip, ýatyrarlar, birazajyk ymyzganyp, gussany unudarsyňyz...
— Sen — diýip, Iwan dişlerini gyjyrdadyp, onuň sözüni böldi — professory bahym tutmagyň zerurlygyna düşünýäňmi özi? Öz bimany maslahatlaryň bilen meni aljyradyp dursuň şu wagt! Kemakyl!
— Ýoldaş Bezdomnyý, meni bagyşlarsyň, — diýdi ýaňky adam, çog ýaly gyzaryp, yzyna tesip we bu galmagala goşulanyna puşman edip.
— Ýok, kimi bagyşlasam-da, seni bagyşlamaryn — diýip, Iwan Nikolaýewiç ýuwaş, ýöne ýigrenç bilen gepledi.
Onuň gazapdan ýüzi çytyldy, sag elindäki şemi tiz çep eline alyp, rehimdarlyk görkezen bu adamyň gulagynyň düýbüne ýelmedi. Şobada hemmeler Iwana topuldy. Şem öçdi, şarpyk iýen adamyň äýnegi ýere gaçyp, bir demde kül-uşak boldy. Iwan hatda seýil bagynda ýören adamlara hem eşidilýän, hemmäni gulgula salýan elhenç, söweşjeň nagra çekip, özüni gorap başlady. Stollardan gaçyp, döwlen gap-gaçlaryň sesi aýallaryň gyýk-bagy eşdildi. Ofisiantlar şahyryň el-aýagyny süpürgiçler bilen

dańýan wagty, eşik asylýan ýerde restoranyň hojaýyny bilen gapy garawulynyň arasynda şeýle gürrüň boldy.
Hojaýyn: — Onuň içki balakda gelenini gördüňmi? — diýip, sowuk sorady. Gapy garawuly: — Hawa, Arçibald Arçibaldowiç, — diýip, gorkuly sandyrap jogap berdi.
— Ol MASSOLIT agzasy bolsa, nähili girizmäýin?
— Onuň içki balakda gelenini görüpmidiň, diýýän? — diýip tekrarlady hojaýyn.
— Özüňiz oýlap görüň ahyry, Arçibald Arçibaldowiç, — diýýärdi çym gyzyl bolan gapy garawuly, — men näme edip bilerdim? Dogry, düşünýärin, eýwanda hanymlar-aýallar otyr...
— Aýallaryň muňa dahyly ýok, olara barybir — diýip, hojaýyn gözleri bilen gapy garawulyny iýäýjek ýaly bolup dowam etdi — emmä milisiýa üçin bary bir däl! Içki geýimdäki adamyň Moskwanyň köçelerinde diňe bir ýagdaýda ýöremegi mümkin — eger oňa milisiýa gözegçilik edip barýan bolsa, özem milisiýa bölümine äkidilip barýan bolsa! Eger sen gapy garawuly bolýan bolsaň, beýle adamy gören badyňa bir sekunt hem oýlanman, jürlewigiň çalmaly ekeniň, jürlewük, eşidýärmiň?
Aňy gaçan garawul eýwan tarapda bir zadyň gürpürläp gidenini, kül-uşak bolan tabaklaryň döwlenini, aýallaryň gyk-bagyny eşitdi.
— Ýeri, indi men seni näme etsemkäm? — diýip, garakçy hojaýyn sorady.
Garawulyň reňki öçüp, gözi tegelendi.
Gowy daralan saçlary ýüpek ýalyn bilen örtülen ýaly boldy. Frak hem gaýyş kemer ýitip, kemerde pistoletiň sapy göründi. Garawul özüni gäminiň bogaldagyndan asylgy halda gördi. Ol sallanyp duran dilini, egnine gaçan dem-düýtsüz kellesini anyk saýgardy, hatda gäminiň bortundan aňyrda tolkunlaryň-da sesini eşitdi. Garawulyň dyzlary sandyrady. Ýöne indi deňiz garakçysynyň oňa rehimi inip, gözlerindäki gahar oduny öçürdi.
— Bilip goý, Nikolaý! Bu soňky gezek bagyşlaýyşym. Beýle işigaçasy restoranymyza mugtuna hem gerek däl. Sen ybadathana baryp, garawulluga dur. — Şu ykaratdan soň, ol komandir tiz we anyk buýruk berip başlady: — Bufetden Panteleýi çagyr. Milisionere habar etsin. Protokol ýazyň. Maşyn çagyrdyň. Psihiatriýa şypahanasyna ugradyň. Soň: — Çal jürlewügiňi! — diýip sözüne goşdy.
Çärýek sagatdan soň, restorandaky aňkasy aşanlar, bulwardakylar, jaýlaryň penjiresinden restoran tarapa seredýänler Panteleýiň, işigagasynyň, milisioneriň ofisiantyň hem-de şahyr Rýuhiniň Griboýedow derwezesinden edil çaga ýaly gundalan bir ýaş ýigidi göterip çykyp barýanlaryny görüp, aňk-taňk bolup galdylar: gundalan ýigit gözýaş edýärdi, Rýuhine laýyklap tüýkürýärdi we gözýaşyna boglup, gygyrdy:
— Deýýus!
Ýük maşynynyň gaharjaň görnüşli sürüjisi motory işledip başlady.
Maşynyň ýanynda duran bezegli paýtunyň sürüçisi uçar atynyň ýagyrnysyna urup, ony howlukdyryp: — Ine, ýyndam at! Jynlyhana biz özümiz alyp bararys! — diýip gygyrýardy.
Töwerekde görlüp-eşidilmedik hadysa hakynda märeke gulgula turuzýardy. Mahlasy, bu ýigrenji, erbet, was-wasa salan, gabahat galmagal ýük maşyny şormaňlaý Iwan

Nikolaýewiçi, milisioneri, Panteleýi we Pýuhini Griboýedow derwezesinden uzaga alyp gidenden soň köşeşdi.

## VI bap

## ŞIZOFRENIÝA DIÝENLERI DOGRY ÇYKDY

Moskwanyň eteginde, derýanyň boýunda soňky wagtlarda gurpup, ady ile meşhur bolan däliler şypahananyň kabulhanasyna ak halatly, çokga sakgal adam gelip girende, wagt gije ikiň ýarydy. Üç sany sanitar diwanda oturan Iwan Nikolaýewiçden göz aýyrman, sak durdular. Gaty tolgunan şahyr Rýuhin hem şu ýerdedi. Iwan Nikolaýewiçiň el-aýagy daňlyp getirilen süpürgiçler hem şol diwanda bir top bolup ýatyrdy. Rýuhin giren adamy gördi-de, reňki agaryp, üsgüren boldy-da, gorkuly sözledi:

— Salam, doktor.

Doktor Rýuhine baş egip jogap gaýtardy, emma baş egip, oňa däl-de, Iwan Nikolaýewiçe seretdi.

Ol ýowuz ýüzi bilen gaşlaryny çytyp, gymyldaman otyrdy, hatda lukman girende-de, oňa seretmedi.

Rýuhin Iwan Nikolaýewiçe gorkuly göz aýlap, näme üçindir pyşyrdap gepledi:

— Ine, doktor, bu kişi — tanymal şahyr Iwan Bezdomnyý... görýäňizmi?.. Içgi zerarly, ruhy näsaglyga ýolukdymyka diýip gorkup otyrys...

— Köp içýärmidi? — diýip, doktor dişiniň arasyndan syzdyryp sorady.

— Ýok, içýärdi, emma beýle köp içenokdy...

— Saçakçy, alaka, şeýtan ýa-da itleri tutmak bilen meşgullanýarmydy?

— Ýok — diýip, tisginip jogap berdi Rýuhin, men ony düýn agşam, şu gün irdenem gördüm. Ol bütinleý sagatdy...

— Nämüçin içki balakda? Ýatan ýerinden alyp gaýtdyňyzmy?

— Ol restorana şu ýagdaýda geldi, doktor.

— Ähm, ähm — diýdi doktor kanagat hasyl edip, — nämüçin ýüzi sypjyrylypdyr? Biri bilen uruşdymy?

— Diwardan ýykylypdyr, soň restoranda bir adamy urdy... ýene käbir adamlary...

— Hawa, düşnükli, düşnükli — diýdi doktor, soň Iwan tarapa öwrülip, — Salam, — diýdi.

— Salam, zelelkeş! — diýdi — Iwan gahar bilen batly gepläp.

Rýuhin hyjalat çeklenden ýaňa mylakatly doktora başyny göterip seretmäge hem het edip bilmedi. Emma doktor asla gaharlanmady, çakganlyk bilen äýnegini gözünden aýyrdy-da haladynyň etegini göterip, jalbarynyň arka jübüsine saldy, soň Iwana sorag berdi:

— Ýaşyňyz näçedir?

— Baryň-a, jyn ursyn hemmäňizi! — diýip, Iwan gaharlandy we ýüzüni ters öwürdi,

— Näme üçin gaharyňy getirýärsiň? Saňa gahar getirýän gep diýmedigä-ä!

— Ýaşym ýigrimi üç diýip, — Iwan tolgunyp gepläp başlady: — Hemmäňiziň üstüňizden arz ederin. Has beterem seň üstüňden, çüýrük! — diýip, ol Rýuhine özbaşdak ýüzlendi.

— Ýeri, siz näme diýip şikaýat etmekçisiňiz?
— Meni, bütinleý sag adamy tutup, dälihana zorluk bilen süýräp getirenleri üçin! — diýip, Iwan gazaply gepledi.
Şonda Rýuhin Iwanyň ýüzüne dikanlap, seretdi-de, ýüregi höök etdi; çünki onuň gözlerinde dälilik nyşany asla ýokdy. Griboýedowda bulançak görnen gözleri, indi ýene owalky halyna gaýdyp, parlap durdy.
«Ýa, toba! — diýip köňlünden geçirdi howsala düşen Rýuhin, ol bütinleý sag ahyry! Bu nähili bimanylyk? Ony nämüçin bu ýere getirdik? Diňe ýüzi sypjyrylan diýäýmeseň, ol örän sag, örän sag, bolany...»
— Siz — diýip, arkaýyn gep başlady wraç aýagy ýaldyrawuk ak oturgyja oturan ýerinde, dälihanada däl, şypahanada, bu ýerde sizi eger zeruryýet bolmasa, hiç kim saklap durmaz.
Iwan Nikolaýewiç oňa şübhe bilen gyýa seretdi-de, hüňürdedi: — emma şonda-da hoňňuldap diýdi:
— Hudaýa şükür! Şunça tentekleň içinden ahyry bir düzüw adam tapyldy. Tentekleň içinde birinji pähimsiz we körzehini Saşka!
— Kim ol körzehin Saşka? — diýip, lukman sorady.
Ine, şu Rýuhin! — diýip, Iwan hapa barmagyny Rýuhine dürtdi.
Ol gazapdan ýaňa ot alan ýaly boldy.
«Minnetdar bolmaga derek — diýip ol ökünç bilen oýlandy — ýagşylyga ýamanlyk diýip şuňa aýdarlar. Tüýs deýýus eken!»
Iwan Nikolaýewiç şu tüýsde Rýuhiniň asly-neslini yzlap, paş etmekçi bolan şekilli:
— Ol tebigaty boýunça hakyky kulak — diýdi. — Özem proletar nikabyny ýüzüne örten kulak. Siz onuň betgelşik ýüzüne serediň-de, ýazan şygyrlary bilen deňeşdirip görüň! «Parlaň!» «Pajarlaň! He-he-he... Siz onuň kalbyna nazar salyň — nämeleri hyýal edýänligini bilersiňiz... geň galarsyňyz! — diýdi-de, Iwan Nikolaýewiç ýigrençli güldi.
Çog dek gyzaran Rýuhin agyr dem alyp: «Dost diýip bagryma basanym ýylan bolup çykdy, men ganym duşmanyma gamhorluk eden ekenim» diýip oýlandy. Ýene bir çatak tarapy: etjek alajyň ýok, ruhy näsag bilen sögüşip boljakmy?!
— Sizi nämüçin bu ýere alyp geldiler? — diýip, Bezdomnynyň paş edýän gepini üns bilen diňläp bolansoň, lukman sorady.
— Arwah alsyn bu saňsarlary! Tutup, her hili jyn ursun letdeler bilen el-aýagymy daňdylar-da, ýük maşynyna ýükläp gaýtdylar.
— Ýene bir sowal: nämüçin restorana içki geýimde bardyň?
— Munuň geň galasy zady ýok — diýip, Iwan jogap berdi. — Moskwa derýasyna suwa düşmäge barypdym, geýimlerimi ogurlap, deregine şu egnimdäkileri taşlap gidipdirler. Eýsem, Mokswanyň köçelerinden gyp-ýalaňaç geçip bolarmy? Baryna şükür diýip geýdim, çünki restorana howlugýardym, Griboýedowa.
Wraç, düşünmedim diýýän ýaly, Rýuhine seretdi, ol gaharly hüňürdäp: — Restoranyň ady şeýle — diýip takyklady.
— Ähä, — diýdi wraç, — nirä howlugdyň? Bir iş boýunça duşuşygyňyz barmydy?
— Konsultanty tutjak bolup gözläp ýörün — diýip, Iwan Nikolaýewiç howatyrly gözlerini tegelekläp jogap berdi.

— Nähili konsultanty?
— Siz Berliozy bilýäňizmi? — diýip, Iwan manyly äheňde sorady.
— Hä, ol kompozitorymy?
Iwanyň taby tyrryk boldy.
— Kompozitor nämişlesin? Ä, hawa, ýok! ýok! Kompozitor Mişa Berlioz bilen familiýadaş!
Rýuhiniň geplemäge höwesi ýokdy, emma düşündiriş bermeli boldy.
— MACCOLITiň sekretary Berliozy şu gün agşam Patriarh kölçesiniň golaýynda trambaý basdy.
— Bilmeýän zadyňy gepleme! — diýdi Iwan Rýuhine gaharlanyp, — sen däl, men muňa şaýat! Ol Mişany tramwaýa ýöriteläp gapma-garşy kyldy!
— Itekledimi?
— Nämüçin ol ony «iteklemelimiş?» diýip, adamlaryň biparhlylygyna gahary gelen, Iwan dowam etdi. — Onuň üçin iteklemegiň zerurlygy ýok! Onuň elinden şeýlebir hileler gelýär ki, seresap bolmasaň, halyň harap! Ol Berliozyň tramwaýyň aşagyna düşjegini öňünden aýtdy.
— Sizden başga ýeke biri gördümi şol konsultanty?
— Hemme bela hem şonda-da, men bilen Berliozdan başga ony gören-bilen ýok. — Şeýle... ýeri bolýa, şol jenaýatçyny ele salmak üçin nähili çäreleri gördüňiz? — diýip, wraç bir çetde, stolyň ýanynda oturan, ak halat geýen aýala tarap öwrüldi. Aýal bir petde kagyz alyp, onuň baş öýjüklerini ýazgy bilen dolduryp başlady.
— Men gören çärämmi? Aşhanadan şem alyp...
— Ine, şunymy? — diýip sorady wraç, aýalyň öňünde stolda kagyz ikona bilen ýanma-ýan ýatan, maýyşgak şem bölegini görkezip,
— Hawa, şuny, soň...
— Ikona nämä gerek boldy?
— Hawa, ikona... Iwan gyzaryldy we dowam etdi, — bar zatdan beter şu ikona ony gorkuzardy, — Iwan barmagy bilen Rýuhine yşarat etdi. — Gep şunda ki, şol konsultant, dogrusyny aýtsak, jynlar bilen dilleşilgi, ony aňsatlyk bilen ele alyp bolmaz.
Sanitarlar nämüçin Iwandan gözlerini aýyrman, ellerini gapdallaryna tutup taýýar durdular.
— Hut şeýle, — diýip, gepini dowam etdi Iwan, jynlar bilen dilleşilgiň bu faktyny asla inkär edip bolmaz. Ol Pontiý Pilat bilen ýekme-ýek sözleşipdir. E, maňa beýle geň galyp seretmäň! Gepim çyn! Bar zady öz gözi bilen görüpdir — balkony hem, palmalary hem. Gepiň gysgasy, onuň Pontiý Pilatyň huzurynda bolandygyna men kepildirin.
— Ýeri, ýeri...
— Gysgasy, men kagyz ikonany boýnumdan asyp, ony kowalap başladym...
Şol wagt birden sagat ikiň zaňyny çaldy.
— Oh-ow! — diýdi Iwan diwandan turup, — sagat iki bolupdyr-ow, men bolsam siz bilen gepleşip, wagt ýitirip otyryn! Bagyşlaň telefon nirede?
— Telefonyň ýanyna geçiriň — diýip, wraç sanitarlara buýurdy.
Iwan derrew trubkany aldy, şol wagt sanitar aýal Rýuhinden ýuwaşja:

— Öýlenenmi? — diýip sorady.
— Boý ýigit — diýip, Rýuhin gorkarak jogap berdi.
— Profsoýuz agzasymy?
— Hawa.
— Milisiýamy? — diýip, şol wagt Iwan trubka gygyrdy. — Ýoldaş nobatçy, daşary ýurtly konsultanty tutmak üçin derhal buýruk beriň, pulemýot oturdylan bäş sany motesikletçini iberiň. Näme? Siz yzymdan gelseňiz, özümem siz bilen giderin... Menmi? Men şahyr Bezdomnyý, dälihanadan jaň edýän... Siziň saglygyňyz näme? — diýip, Bezdomnyý trubkany eliniň aýasy bilen ýapyp, doktordan pyşyrdap sorady. — Eşidýäňizmi? Allo!... Bethalyk — diýip, Iwan gygyrdy-da, trubkany diwara tarap zyňyp goýberdi. Soňra ol wraça tarap öwrüldi-de, oňa elini uzadyp, «hoş onda» diýip, sowuklaç sözledi-de, gitmäge şaýlandy.
— Bagyşlarysyňyz, şu içki geýimde nirä gitjek bolýaňyz? — diýip, wraç Iwanyň gözlerine dikanlap seredip, aýtdy. — Wagt ýarygijeden agdy. Siz biraz nähoşlapsyňyz, gowusy, şu ýerde galyp, dynç alyň!
— Goýberiň-dä — diýip, Iwan gapyň agzyny saklap duran sanitarlara ýüzlendi.
— Goýberýäňizmi ýa-da ýok? — diýip, şahyr eýmenç ses bilen gygyrdy.
Rýuhin sandyrap başlady, oturan aýal bolsa stoldaky düwmäni basdy we stoluň tekiz aýnaly ýüzünde ýaldyrawuk gutujyk we ampula peýda boldy.
— Ä-hä, şeýlemi — diýip, Iwan wagşyýana gözlerini elek-çelek etdi-de: — Ýeri, bolýar-da, beýle bolsa... Hoş galyň! — diýip, ýüzüne perde tutulan penjirä kellesini urdy. Onuň kellesi «Gülç» edip ses çykardy, ýöne perdäniň aňyrsyndaky döwülmeýän aýna onuň zarbyna çydam berdi, şol pursatda bolsa Iwan sanitarlaryň eline düşdi. Ol jan-teni bilen harlap, olary dişlejek boldy, soňam:
— Gör, siz penjirä nähili aýna goýan ekeniňiz! Goýber... diýýän! — diýip gygyrdy. Wraçyň elinde sanjym ýalp edip gitdi, aýal bolsa zenana mahsus bolmadyk güýç bilen onuň eline ýapyşyp, onuň ýeňini çermedi. Jaýa efiriň ysy ýaýrady. Iwan dört adamyň golunda ysgyndan gaçdy, çemeçil lukman bolsa şu pursatdan peýdalanyp, Iwanyň golundan sanjym etdi. Iwany ýene birnäçe sekunt saklap durdular-da, soň diwana geçirdiler.
— Banditler — diýip gygyrdy. Iwan diwandan zyňlyp turup, ýöne ony ýene öňki ornuna oturtdylar. Şol aralykda ol ýene böküp turdy, ýöne bu gezek onuň özi ýerine geçip oturdy. Ol dym-dyrs boldy, alarylyp, töweregine howsalaly seretdi. Soň birden pallady, birdenem gahar bilen ýylgyrdy.
— Ahyry ele saldyňyz-da — diýdi-de, ol ýene pallady, birdenem gyşardy we elini çagaňky ýaly edip, kellesiniň aşagyna goýup, ukuly ses bilen gaharsyz hüňürdedi. — Ýeri, bolýa-da,.. ýöne bu etmişiňize müň puşman edersiňiz. Men-ä duýdurdym, indem halanyňyzy ediň! Meni bolsa, häzir bar zatdan beter Pontiý Pilat gyzyklandyrýar... Pilat... — diýdi-de ol gözüni ýumdy.
Lukman:
— Wanna düşüriň-de, ýüz on ýedinji ýörite otaga salyp, sakçy goýuň — diýip, buýruk berdi-de, äýnegini dakyndy. Şu ýerde Rýuhin ýene tisginip gitdi, ak gapy sessiz açyldy-da, gijeki gök çyralar bilen ýagtylandyrylan koridor göründi.

Koridordan rezin tekerli arabajyk geldi-de, sanitarlar köşeşen Iwany oňa mündürip alyp çykdylar, gapy olaryň arkasyndan ýapyldy.

— Doktor — diýip, geň galan Rýuhin pyşyrdap gepledi. — Ol, dogrudan hem, näsag ekenmi?

— Wah, hawa-la — diýdi wraç.

— Ýeri, oňa näme bolupdyr — diýip, Rýuhin gorkarak sorady.

Ýadaw wraç Rýuhine seredip, parhsyz jogap berdi.

— Hereket we söz agzalarynyň üýtgemesi, samrama interpretasiýasy. Şizofreniýa kakyny bolaýmasa, üstesine-de arakhorluk kesapaty...

Rýuhin doktoryň bu gepinden Iwan Nikolaýewiçiň ýagdaýy çatak diýen manydan başga zat aňşyrmady, soň uludan dem alyp, ýene sowal berdi:

— O nämüçin haýsydyr bir konsultant hakda gep urýar?

— Megerem, ol kimdir birine duşupdyr, ol hem munuň bozlan hyýalyna ýiti täsir edipdir. Belki, gözüne bir zatlar görünýändir...

Birnäçe minutdan ýük maşyny Rýuhini Moskwa tarap alyp ugrady. Daň agaryp başlapdy. Şonuň üçin ýol ugrundaky heniz öçürilmedik çyralar zerur däl bolup, gözüňe ýakymsyz görünýärdi. Sürüji bu gijäniň biderek geçendigine gahar edip, maşyny aldygyna sürýärdi we her öwrümde onuň tekerleri ýoluň erňegine degip, ses edýärdi.

Ine, tokaý hem güw edip, yzda galdy, derýa bir çete çekildi, ýük maşynynyň garşysyndan çykýan garawulhanalar, diwarlar, gat-gat edilip basylan odunlar, pürsler, üýşürilgi çagyllar, ýogyn simler saralan tegekler, ýap-salmalar, pel-pel taşlanan eňňere meýdanlar yz-yza geçýärdiler we Moskwanyň gaty golaýlany, şäheriň ony tizden öz gujagyna aljagy duýulýardy.

Maşyn Rýuhini silkeläp, eýläk-beýläk zyňyp, üstünde oturan agaç töňňesi teýinden sypyp, ony heläk edýärdi. Säher trolleýbusly giden milisioner bilen Pantoleýden galan süpürgiler maşynyň çeleginiň o başyndan bu başyna dynuwsyz gatnaýardy. Rýuhin olary bir ýere ýygnajak hem boldy, soňam gahary gelip: «A, jyn ursun-la şulary, näme men akmakmy nä?» diýip hüňürdedi, olary aýagy bilen depip goýberip, soň şol tarapa seretmedi. Onuň ruhy düşgündi. Ýaramaz jaýa baryp gaýtmagynyň öz hatyrasynda agyr yz galdyranyny ol indi duýup başlady. Ol özüni horlaýan zadyň nämedigini biljek bolýardy. Eýsem, ol näme? Ýadyna ýelmeşen gök çyraly koridormy? Ýa-da dünýäde akyl-huşdan aýrylmakdan beter bagtygaralyk ýok diýen pikirmi? Hawa, hawa, şu pikir hem, elbetde. Ýöne bu ähli kişä aýan zatlar. Emma başga-da bir duýgy azar berýär. Nämekä ol? Hä, bildi, ol göwnüň galmasy. Hawa, Bezdomnynyň onuň ýüzüne dogry garap aýdan göwün ýykyjy sözleri. Bar bela ol sözleriň göwne degiji bolmagynda-da, däl, hakykatlygynda.

Şahyr indi töwerek-daşa seredenokdy, ol indi çelegiň silkinýän hapa poluna ornaşypdy we bir zatlary hüňürdäp, öz etini özi iýýärdi.

Hawa, goşgulary... Ol eýýäm otuz üç ýaşynda! Ýeri, indiden beýläk nähili ýaşamaly? Hawa, ol ýene her ýylda öňküsi ýaly birnäçe goşgy ýazar. Tä garraýançamy? Hawa, tä garraýança. Ýeri, ol goşgular oňa näme berer? Şöhratmy? Öte akmaklyk! Iň bolmanda, özüňi beri özüň aldama. Ýaramaz goşgy ýazýanyň ýanyna şöhrat golaý

gelmez. Nämüçin ýaramaz? «Ol dogrusyny, hakykaty aýtdy, ýazýan zatlaryma özümem asla ynanmaýaryn» diýip, Rýuhin öz-özüne ykarat etdi.
Nerw damarlary örän güýçli dartylan şahyr bir çaýkandy, aýagynyň astyndaky pol terpenmekden galdy. Rýuhin başyny galdyrdy-da, bireýýäm Moskwa girenini, daň atyp, asmandaky bulutlaryň elwan reňke boýalyp başlanyny saýgardy. Onuň oturan ýük maşyny seýil baga öwrülýän ýerde hatar duran ulaglaryň yzynda togtapdyr we golaýda postamentde duran metal adam başyny çalarak egip, seýil baga parhsyz seredip durdy.
Taby gaçan, näsag şahyryň nähilidir alamat pikirler beýnisine doldy. «Ine, hakyky şowlulyk nusgasy...» — diýip, Rýuhin ýerinden turup, nämüçindir hiç kime azarsyz, gymyldaman duran çoýun adama hemle atyp, elini göterdi, — ol öz durmuşynda nähili hereket eden bolsa-da, nähili wakalary başyndan geçiren bolsa-da, hemmesi onuň peýdasyna bolupdy, onuň şan-şöhratyny artdyrypdy. Emma onuň özi näme iş bitirdi? Akylym çatanok. Ýeri, «Tupan gök ýüzün baglaýar...» Ýeri, dykgata sezewar bolar ýaly many barmy bu sözlerde? Hiç düşünip bilemok. Bagty çüwüpdir, bagty — diýip, ýaňsyly netije çykardy. Birden Rýuhin maşynyň ýerinden gozganyny duýdy.
— Hawa, bir ak gwardiýaçy ony atyp, bilini çym-pytrak edip, oňa bakylyk beräýdi...»
Saklanyp duran maşynlar ýerinden gozgandy. Juda näsag, hatda garrap başlan şahyr ýene iki minutdan Griboýedow elwanyna baryp girdi. Eýwan boşap galypdy. Bir burçda oturan ülpetler soňky bulgurlaryny içip, turmaga şaýlanýardylar. Zalyň ortasynda başy tahýaly, eli «Abrau» bulgurly tanyş alyp baryjy durdy.
Bir gujak süpürgi (plotensa) göterip giren Rýuhin Arçibald Arçibaldowiç tarapyndan güler ýüz bilen garşy alnyp, şobada nälet siňen mata-marlaklardan halas edildi.
Eger Rýuhin keselhanada, soň ýük maşynynda surnukmadyk bolsady, onda hassahanada bolan wakalary her hili toslamalar bilen baýlaşdyryp gürrüň edip bererdi. Emma häzir bu zat onuň köňlüne jaý däldi, üstesine-de, Rýuhinde hiç hili synçylyk ukyby ýok hem bolsa, ýük maşynynda çeken ýol azabyndan soň, restoran hojaýynynyň — deňiz garakçysynyň ýüzüne birinji gezek dikanlap garady, hawa, Arçibald Arçibaldowiç Bezdomnynyň ýagdaýyny soraýan wagty, «aý-aý-ýaý» diýip, gynanan bolsa-da, aslynda Bezdomnynyň takdyrynyň asla gyzyklandyrmaýandygyny Rýuhin aňşyrdy.
«Berekella!» Dogry edýäň!» diýip, Rýuhin haýasyzlarça, öz-özüne ykaratly oýlanyp, ruhy näsaglyk hakdaky gürrüňini kesip, haýyş etdi.
— Arçibald Arçibaldowiç, birazajyk arak bolaýsa...
Restoran sahyby, garakçy ýasama mürewwet bilen pyşyrdady:
— Düşünýän, ine, häzir — diýip, ol ofisanty gol bulap, çagyrdy.
Indi çärýek sagatdan soň Rýuhin tutuş zalda ýalňyz özi büküdip, balyk iýýärdi, yzly-yzyna bulgury dolduryp arak içýärdi we öz durmuşynda hiç zady düzedip bolmajagyna düşünýärdi, diňe unutmagyň mümkindigini boýun alýardy.
Özgeler keýp-sapa çeken wagty, şahyryň bu gijesi haýp geçipdi we ony indi yzyna dolap bolmajakdy. Gijäniň haýp geçip gidendigini aňşyrmak üçin asmana seretmegiň özi ýeterlikdi. Ofisantlar howlukmaçlyk bilen saçaklary ýygnaýardylar. Eýwanyň töwereginde entäp ýören pişikler bireýýäm ýüzlerini ýuwupdylar. Şahyryň üstüne gündiz abanyp geldi we ony aýawsyz uky basyp başlady.

## VII bap

## ÝARAMAZ JAÝ

Eger ertesi güni ir bilen Stýopa Lihodeýewe: «Stýopa! Eger häziriň özünde turmasaň, seni atyp öldürerler!» diýseler, ol mejalsyz owaz bilen eşdiler-eşdilmez şeýle diýerdi: «Bolýar, atsaňyz atyň, näme etseňiz ediberiň, emma turmaryn».
Ýerinden turmag-a beýlede dursun, gözüni açmaga-da mejaly ýok ýalydy, çünki, eger ol gözüni açsa, şol demde ýyldyrym çakyp, başyny kesim-kesim edip, mynjyradyp taşlajak ýaly bolýardy. Onuň beýnisinde ullakan bir jaň dynman urup duran ýalydy, göz käseleriniň we gabaklarynyň arasyndan ýap-ýaşyl ýaldyrawuk gerdişli melewşe salgymlar ýüzüp geçýän ýalydy, munuň üstesine-de ýüregi bulanýardy, bu ýürekbulanma gelip-gelip beýnä çybyn ýaly ýelmeşip galan nähilidir bir patefonyň sesinden emele gelýän ýaly duýulýardy.
Stýopa agşam ýüz beren wakanyň birje bölegini ýatlamaga synanyp, gördi, emma diňe bir närse ýadyna düşdi, bolany: Hamala ol düýn agşam eli salfetkaly halda haýsydyr bir zenany ogşamaga ymtylyp, ertir günortan öýüňize myhmançylyga bararyn diýip wada edipdi. Zenan: «Ýok, ýok, men öýde bolmaryn!» — diýip, ony ret edipdi. Stýopa bolsa, öz sözünde berk durup: «Men barybir bararyn!» — diýýärdi. Stýopa zenanyň kimligini hem, häzir sagat näçe bolanyny hem, bu gün haýsy aýyň haýsy günüdigini hem asla bilip bilenokdy, iň ýamany: ol özüniň nirede ýatanyny hem bilmeýärdi. Ol hiç bolmanda, özüniň niredeligini anyklajak bolup, daş ýaly agyr çep gabagyny zordan-zara göterdi. Gözüne bir zat ýalt edip görnen ýaly boldy. Stýopa ahyry onuň diwar aýnasydygyny, özüniň bolsa öz ýatakhanasynda krowatda, ýagny birwagtlar zergär dul aýalynyňky bolan krowatda arkan ýatanyny bildi. Birden onuň beýnisinde şeýlebir gaty sanjy peýda boldy ki, ol gözüni ýumup ýňrandy.
Düşündiriş: Warýete teatrynyň direktory Stýopa Lihodeýew Sadowaýa köçesinde «p» şekilinde gurlan alty gatly öýde merhum Berlioz bilen bir kwartirada durýardy — bu gün ir bilen ol gözüni açyp, özüni şu ýerde gördi. Şuny aýtmak gerek ki, bu — 50-nji kwartira hakynda köpden bäri, ýaman diýip bolmasa hem, juda alamat gepler eşidilýärdi. Mundan iki ýyl öň bu kwartira zergär de Fužereniň dul aýalyna degişlidi. Ellä giren, gaýratly, hormatly Anna Fransewna de Fujere hanym bu jaýdaky bäş otagdan üçüsini iki maşgala kireýine goýupdy: birinji kireýine ýaşaýanyň familiýasy Belomutdy, ikinjisiniň familiýasy — belli däl. şeýdip, mundan iki ýyl öň bu öýde juda täsin wakalar ýüz berip başlady: bu ýerde ýaşaýan adamlar yzly-yzyna nam-nyşansyz gaýyp bolup başladylar. Dynç alyş günleriniň birinde bu öýe bir milisioner gelip, ikinji kireýine ýaşaýjyny (onuň familiýasy saklanmandyr) daşary çagyrýar-da, nähilidir bir kagyza gol goýmak üçin derrew milisiýa bölümine girip çylmagy oňa teklip edýär. Ol şahs Anna Fransewnanyň sadyk öý hyzmatkäri Anfisa: «Biri jaň edäýse, on minutdan dolanyp gelerin» diýip tabşyryp, ap-ak ellikli hoşmylakat milisioner bilen çykyp gidýär. Emma ol on minutdan-a däl, soň bütinleý dolanyp gelmeýär. Iň geň galmaly ýeri bolsa, onuň bilen bile milisioner hem ýitirim bolýar. Hudaýhon, anygyrak aýdanyňda, juda yrymçy Anfisa aljyrap duran Anna Fransewna

öz çaklamasyny çürk-kesik aýtdy. — Bu anyk jadygöýlügiň özi. Ol kireýine ýaşaýan şahsy hem, milisionerem kimiň ogurlap gidenini men ýagşy bilýärin, ýöne häzir, garaňky düşüp ugran wagty geplesem, häsiýeti ýaman bolýar. Mälim ki, jadygöýlik başlanmasyn, bir başlansa, onuň asla yzy üzülmeýär. Ikinji kireýine ýaşaýjy, ýadyňyzda bolsa, duşenbe güni gaýyp bolupdy, çarşenbe güni bolsa Belomut hem edil ýer ýuwdan ýaly, nam-nyşansyz ýitdi — ýöne başgarak ýagdaýda. Ertirine, her günki endik boýunça, ony işe alyp gitmäge maşyny geldi, ony alyp gitdi-de, soň hiç kimi gaýtaryp getirmedi, maşynyň özem soň dolanmady.
Belomut hanymyň başyna düşen hasraty, bagtsyz hadysany ýazyp, beýan eder ýaly däl. Emma, hasrat hem, bu bagtsyz waka-da uzak dowam etmedi. Anna Fransewna Anfisa bilen howlukmaç bir iş sebäpli şäheriň daşyndaky daça baryp, gaýdyp gelen gününiň agşamy graždanka Belomut öýden gaýyp boldy. Bu entek hemmesi däl: är-aýal Belomutlaryň eýelän iki otagynyň gapylary möhürlengidi.
Iki gün eýdip-beýdip geçdi. Şu geçen wagt içinde hemişe ukusyzlykdan teşbiş çeken Anna Fransewna üçünji gün diýlende howlukmaç ýene daçasyna ugrady... Onuň şol gidişi gidiş bolup, soň dolanyp gelmändigini aýtmasak hem bolar!
Bütin öýde ýalňyz özi galan, aglaý-aglaý huk bolan Anfisa gije sagat ikilerde uka batdy. Şondan soňra oňa näme bolany bize mälim däl, ýöne başga kwartiralarda ýaşaýan adamlaryň aýtmagyna görä, 50-nji kwartirada uzyn gije nähilidir bir tark-turk sesler eşidilenmiş, tä daň atýança onuň çyralary öçmändir. Ertiri Anfisanyň-da gaýyp bolany mälim bolupdyr!
Gaýyp bolan adamlar we nälet siňen kwartira hakynda ençe wagta çenli her-hili bolar-bolmaz myş-myşlar ýaýrady, meselem, şol arryk hudaýhon Anfisa göýä özüniň tagtasypat göwsünde deri haltajykda Anna Fransewna degişli ýigrimi bäş däne uly-uly dür saklap, ýörenmiş. Göýä Anna Fransewnanyň köp gatnaýan şol daçasyndaky odunhanasynda hem şol dürler ýaly nähilidir bihasap jowahyr, şunuň ýaly, patyşa döwründen galan altyn teňňeleru... ýene şu kibi başga baýlyklar öz-özünden tapylanmyş. Emma görmedik närsämize kepil bolup bilmeris.
Her zat bolanda-da, bu öý bary-ýogy bir hepdäň içinde möhürlenip, boş galdy, soňra oňa merhum Berlioz öz aýaly bilen we şu Stýopa (ol hem aýaly bilen) göçüp gelipdiler. Tebigy ýagdaý, bu şum öýe göçüp gelenlerinden soň, olaryň hem başyna, şeýtan bilsin, her hili söwdalar düşüp başlady. Ýagny bir aýyň içinde iki aýal hem gaýyp boldy. Emma bular nam-nyşansyz ýitmändiler. Berliozyň aýalyny göýä Harkowda haýsydyr bir baletmeýster bilen bile görenmişler. Stýopanyň hatynyny bolsa göýä Božýedomkada görenmişler, näme üçin diýeniňde, myş-myşlara garanda, Warýetäniň direktory Stýopa özüniň bihasap tanyş-bilişleri arkaly iş edip, Sadowaýa köçesinde garaňy görmesem bolany diýen şert bilen aýalyna bir otag alypdyr.
Şeýlelikde, Stýopa yňrandy. Ol öý hyzmatkäri Grunýany çagyryp, ondan piramidon soramakçy boldy, emma bu işiň öte akmaklyk boljagyna, hudaýa şükür, akyly ýetdi... Çünki Grunýada hiç-hili pramidon ýokdy. Soňra Berliozy kömege çagyrjak bolup gördi, iki gezek zordan: «Mişa... Mişa...» diýip yňrandy, emma, özüňiz gowy bilýäňiz, hiç-hili jogap bolmady. Öý suw guýlan dek dym-dyrsdy.
Stýopa aýagynyň barmaklaryny gymyldadyp görüp, jorabyny çykarman ýatanlygyny bildi, ol jalbarynyň barlygyny ýa ýoklugyny anyklamak üçin titreýän elini ýanbaşyna

eltdi, emma hiç zady anyklap bilmedi. Ahyry, ol özüniň ýalňyz we garawsyzdygyny, hiç kimiň özüne kömek etmejegini bilenden soň, näçe kynam bolsa, ýerinden turmaga äht etdi. Stýopa ýelmeşip galan gabaklaryny zordan açyp, diwardaky aýnada saçlary syh-syh bolan, hemme ýerini agyry basyp, ýüzi çişip, gözleri ýumlup galan, egninde kir köýnek, içki balak, boýnunda galstuk, aýagynda joraby bolan bir adamyň şekilini, ýagny özüniň keşbini gördi.

Ol özüni aýnada şeýle sypatda görüp durka, aýnada, onuň ýanynda egnine gara lybas, başyna gara beret geýen nätanyş bir adam hem durdy. Stýopa ýerinde oturdy we gan guýlan gözlerini güýjiniň baryça giňräk açyp, nätanyş adama dikanlady.

Ol nätanyş adam daşary ýurtlularyňka meňzeş ses bilen boguk we agras owazda ümsümligi bozdy:

— Salam, dünýäde iň ýakymly ynsan Stepan Bogdanowiç!

Stýopa bar güýjüni işe salyp, bir azajyk ümsülikden soň zordan:

— Näme isleýäňiz menden? — diýip gep başlady, öz sesini özi tanap bilmän aňk-taňk boldy. «Näme» sözi inçe, «isleýäňiz» sözi-ýognas çykdy, «menden» sözi bolsa agzynda ýitip gitdi.

Nätanyş adam dostlarça ýylgyryp, gapagynda üç burç şekilli almazy bolan uly altyn sagadyny eline aldy, sagat on bir gezek jaň çaldy.

— Sagat on bir! — diýdi ol. — Rast bir sagatdan bäri oýanmagyňyza garaşyp durun, siz maňa öýde sagat onda garaşaryn diýipdiňiz. Ine, men geldim!

Stýopa eli bilen sermeläp, krowatyň ýanynda duran stuldan jalbaryny tapdy we:

— Bagyşlarsyňyz... — diýip pyşyrdap, jalbaryny geýdi, soň boguk ses bilen sorady:

— Haýyş, edýän, familiýaňyzy aýtsaňyz!

Oňa geplemek kyndy. Her bir sözi aýdanda, kimdir biri beýnisine inne sünjüp, ony jähennem azabyna salan ýaly bolýardy.

— Be-e! Eýýäm familiýamy hem unutdyňyzmy? — diýip, nätanyş adam ýylgyrdy.

— Bagyşlarsyň... — diýip hümürdedi agyr ýagdaýyň täze alamatlary ýüze gelip başlanyny aňşyran Stýopa; onuň göwnüne aýagynyň astyndaky pol birden gaýyp bolup, şu tüýsde jähennem gowagyna bütinleý siňip gitjek ýaly bolup duýuldy.

— Ezizim, Stýopa, Stepan Bogdanowiç — diýip, gep başlady duýgur myhman ýyrşaryp, — hiç-hili piramidon peýda bermez size. Siz köne akylly kanuna amal kylyp, ýagny «ajyny ajy basýar» tüýsde iş görüň. Häzir sizi huşuňyza getirýän ýeke-täk em iki bulgur arak bilen ajy we gaýnag tagam.

Stýopa mekir adamdy, şonuň üçin agyr bitap bolmagyna seretmezden, be, ol ýagdaýyma şaýat bolupdyr, hemmesini boýun almak gerek diýip oýlandy.

— Gönimden gelsem — diýdi ol zordan demi aýlanyp, — agşam men azajyk...

— Boldy, boldy, hemmesi düşnükli! — diýdi myhman we öz oturan kürsüsi bilen bile bir çete süýşdi.

Şonda Stýopa kiçijik stoljagazda bezelen mejimäni görüp, aňkasy aşdy: mejimede kesilen ak çörek, kiçi tabakda gara işbil, uly tabakda duzlanan kömelek, ýene merwerjikde bir zatlar bardy, mundan daşary, dul aýalyň garynlak grafinine arak guýulgydy. Hemmesinden hem beter grafiniň sowukdan derlänligi Stýopany gaty geň galdyrdy. Emma munuň sebäbi mälimdi: grafin buz doldurylan daş tabaga goýlupdy. Gepiň gysgasy, saçak diýseň tämiz edip düzelipdi.

Nätanyş adam Stýopanyň geň galma duýgusynyň öwç alyp, iň ýokary perdä çykmasyna pursat bermän, ökdelik bilen oňa ýarty bulgur arak guýdy.
— Özüň nä? — diýip seslendi Stýopa.
— Baş üstüne! Stýopa sandyraýan eli bilen bulgury agzyna eltdi, myhman bolsa öz bulguryndaky aragy bir gultum edip ýuwdup goýberdi. Stýopa işbil gäwüşäp, zordan diýdi:
— Sen näme?.. tagamdan?...
— Minnetdar men, men hiç-haçan içenimden soň garbanmaýan — diýdi nätanyş adam we bulgurlara ýene arak guýdy: Pitiniň gapagyny açdylar — onda tamada salnan sosiska bardy. Ine, ahyry Stýopanyň göz öňüni tosan lagnaty ýaşyl reňk gaýyp bolup, dili kelama gelip başlady, iň möhümi, käbir zatlar onuň ýadyna düşdi. Hakykatdan, waka düýn agşam Shodnýada, sketç ýazýan Hustowyň daçasynda bolupdy. Stýopany ol ýere Hustowyň özi taksyda äkidipdi. Hatda şol taksyny «Metropolyň» öňünde nähili saklanlary hem ýadyna düşdi, olar bilen bile ýene haýsydyr bir aktýor hem barmydy janym, eli patefonly. Hawa, hawa, dogry, daçada bolupdy bu! Ýene ýadynda, patefon sesine goşup, itlerem üýrüpdi. Emma Stýopaň ogşajak bolan aýaly syrlygynda galdy... toba, kimkä ol... radioda işleýän bolmaly, belkem, oň ýaly däldir.
Uly görnüşde düýnki gün az-azdan aýdyňlaşyp başlady, emma häzir Stýopany köpräk bu günki gün, hususan, bu nätanyş adamyň nähili edip onuň ýatan otagyna girip geleni, ýene arak bilen tagamyň nireden gelenligi gyzyklandyrýardy. Ana, şu meseläni anyklap bolsa, ýaman bolmazdy-da!
Ýeri, onsoň, indi ýatlan bolsaňyz gerek familiýamy?
Emma Stýopa utançly ýylgyrdy we ellerini ýaýdy.
— Älhepus! Duýup durun, siz arakdan soň portweýin içipsiňiz! Heý beýdäýmek bormy?
— Haýyş edýän sizden, şu gep aramyzda galsa... — diýdi hoşamat bilen Stýopa.
— O, elbetde, elbetde! Emma dogrusy, Hustow barada kepillik berip bilmerin.
— Be, siz Hustowy tanaýaňyzmy?
— Agşam siziň kabinetiňizde gözüm düşüpdi, şol nusga. Onuň deýýuslygyny, pitneçi, ikiýüzli ýaranjaňlygyny bilmek üçin bir gezek oňa göz gyýtagyňy aýlamak ýeterlik.
«Juda dogry gepledi!» — diýip, göwnünden geçirdi Stýopa, Hustowa berlen beýle dogry, takyk we gysgaça kesgitlemä geň galyp.
Hawa, agşamky gün bölek-bölek bolup hakydasynda diklenip ugrapdy, emma şonda-da Warýete direktory entegem howsalalydy. Näme üçin diýeniňde, şol agşamky gün hakda onuň ýadynda ullakan bir gara deşik bardy. Ýagny, ine şu beret geýen nätanyş adamy, näme diýip oýlansaňyzam, Stýopa agşam öz kabinetinde asla görmändi.
Stýopanyň agyr ýagdaýa düşenini gören myhman ähmiýetli görnüşde:
— Jadygöýlik professory Boland — diýip, özüni tanatdy we bolan wakalary bir başyndan hekaýa edip berdi.
Onuň gepine garanyňda, ol Moskwa daşary ýurtdan düýn gündiz gelip, şobada Stýopanyň ýanyna baryp, Warýete teatrynda gastrol bermegi teklip edipdir. Stýopa Moskwa oblastynyň tomaşa jaýlary boýunça komissiýasyna jaň edip, bu meseläni

ylalaşypdyr, (Stýopanyň ýüzi agaryp, gözleri pyrpyrlap başlady) professor Woland bilen ýedi günlük tomaşa düzlen şertnama gol çeken (Stýopanyň agzy öweldi), tomaşanyň käbir çykyşlaryny ylalaşmak üçin Wolandy bu güne ir sagat ona öýüne çagyrypdyr... Ine, Woland onuň huzurynda! Ol gelip öý hyzmatkäri Grunýany görenini, hyzmatkäriň özüniň işe gatnap işleýändigini, edil häzir gelip duranlygyny, Berliozyň öýde ýokdugyny aýdyp, eger siz myhman, Stepan Bogdanowiçy görmekçi bolsaňyz, göni ýatakhanasyna giriberiň, sebäbi ol Stepan Bogdanowiçiň nähili ýagdaýda ýatanlygyny görüpdir-de, derhal Grunýany şu golaýdaky azyk dükanyndan arak hem iýmit, epdekden buz alyp gelmäge iberipdir, indi şeýle...

— Onda hasaplaşaly — diýip gozgandy keýpi bozlan Stýopa gapjygyny sermeläp.

— Ýok, gerek däl! — diýdi gastrolýor bu hakda eşitmek hem islemän.

Diýmek, arak bilen tagam düşnükli, emma barybir Stýopanyň ýagdaýy gözgynydy: ol şertnama dogrusynda asla hiç zady ýatlap bilenokdy, bu Woland diýen kimsäni düýn öldür görmändi. Dogry, Hustow barypdy, emma Woland ýokdy.

— Rugsat etseňiz, şertnamany bir görsem diýip, mylaýym haýyş etdi Stýopa.

— Merhemet ediň, baş üstüne...

Stýopa kagyza seretdi-de, daş ýaly gatap galdy. Bar zat ýerbe-ýerdi. Birinjiden, Stýopanyň öz eli bilen goýan anyk goly! Resminamanyň ýan tarapyna maliýe direktory Rimskiýniň, artist Wolanda getirjek ýedi tomaşasy üçin berilmeli otuz bäş müň manatdan on müň manat awans bermeli diýip, gyşyk harplar bilen ýazan haty. Munuň üstesine-de, şol ýerde Wolandyň on müň manady alanlygy hakynda dilhaty bardy!

«Nämeler bolup dur özi?!» — diýip oýlandy biçäre Stýopa, onuň başy aýlanyp başlady. Hatyrasynda gorkunçly opurlyşyklar peýda boldy! Emma mälim gep ki, şertnama görkezilenden soň, ýene ynamsyzlyk edip, geň galmak edepsizlik boljakdy. Stýopa myhmany bir azajyk wagt ýalňyz galdyrmakçy bolýandygy hakynda ötünç sorady-da, jaň etmäge, aýagy joraply beýleki otaga ylgap çykyp gitdi. Ýol ugruna ol aşhana tarapa garap — Grunýa! — diýip çagyrdy. Emma hiç-hili jogap bolmady. Şonda onuň Berliozyň ýaşaýan otagynyň gapysyna gözi düşdi, gördi-de doňup galdy. Gapynyň tutawajyna daňlan kenepde uly sürgüçli möhür asylgydy. «Ýeri, onsoň! — diýip gygyryp goýberdi. Stýopanyň beýnisinde oturan kimdir biri. Bir kemi şudy!» — Şonda hyýaly Stýopany allanirelere, emma soňy betbagtlyk bilen gutarýan bir tarapa ugrykdyrylan iki relsiň üstünden dazyrdadyp alyp gitdi. Onuň beýnisindäki oý-pikirler şeýlebir bulaşyk boldy hatda muny teswirlemek hem kyn. Gara beret, buz ýaly arak we akyl ýetmeýän şertnama degişli geleşikler az bolýan ýaly, gapynyň möhürlenmegi artykmaçdy! Eýsem, Berlioz bir ýaman iş edipdir diýseňiz, hiç kim ynanmaz, hudaý hakyna, hiç kim ynanmaz. Emma, ana, gapysy möhürlenen! Ä-hä...

Tersine ýöräp, Stýopanyň beýnisinde şu ýagdaýda žurnalda çap etdirmek üçin ýakynda Mihail Aleksandrowiçe beren öz makalasy hakynda iň nähoş pikirler oýnap başlady. Makala hem, gepiň gysgasy, bimanydy! Ondan peýda hem ýokdy, puly-da uly pul däldi...

Makala hakyndaky oý-pikirleriniň yzyndan onuň Mihail Aleksandrowiç bilen eden şübheli söhbeti ýadyna düşdi, eger ýalňyşmasa, bu ýigrimi dördünji aprel agşamy şu ýerde, nahar otagynda bolupdy. Dogry, şol söhbeti doly manyda şübheli-de diýip

bolmazdy, elbetde. (Stýopa olar ýaly söhbete asla goşulmazdy), çünki ol dereksiz bir gürrüňçilikdi. Bu gürrüňi gozgamasak hem hiç zat bolmazdy, graždanlar! Eger gapy möhürlenmedik bolsady, onda ol söhbeti asla biderek zat diýip hasaplamak mümkindi, emma möhürlenenden soň nähili bolarka...

«Eh, Berlioz, Berlioz! — diýip göwnünden geçirdi gamgyn, gahary gelip başlan Stýopa — Bu asla aklyňa sygmaýar-la!»

Emma uzak wagt gaýgylanmaga pursat bolmady, Stýopa Warýeteniň maliýe direktory Rimskiýniň kabinetine jaň etdi. Stýopa juda nähoş ýagdaýa düşüp galypdy: birinjiden-ä Stýopanyň, şertnamany öz gözi bilen görenden soňam ynanman, derňäp başlanyna daşary ýurtly artistiň ynjamagy ahmaldy, ondan soň, maliýe direktory bilen-de bu hakda gep açmak örän kyndy. Hakykatdan hem, ondan: «Aýdyň hany, düýn men jadygöýlik professory bilen otuz bäş müň manada şertnama düzüpmidim?» — diýip sorap bilmez-ä! Nähili dili barsyn beýle diýip soramaga?

— Hawa! — diýip, telefon trubkasynda Rimskiniň çasly we ýakymsyz sesi eşidildi.

— Salam, Grigoriý Danilowiç — diýip, mylaýym gep başlady Stýopa, — Lihodeýew men. Gep beýle... hm... hm... neme... e... artist Woland gelipdir öýüme... ýagny sizden soraýjakdym, agşamky spektakl meselesi nähili ýagdaýda?...

— Hä-ä, gara magiýamy? — diýip, Rimskiniň sesi eşidildi trubkada, bildirişleri häzir alyp gelerler.

— Ähä — pessaý owaz bilen diýdi Stýopa, — hoş, görüşýänçäk...

— Özüňiz haçan gelersiňiz? — diýip sorady Rimskiý.

— Ýarym sagatdan bararyn — diýip, jogap berdi Stýopa we trubkany asyp, çog dek gyzan başyny iki eli bilen gysdy. Gör, nähili ýaramaz ýagdaýlar. Huşuma näme bolduka, graždanlar! Ä?

Indi gapyň agzynda köp eglenmek boljak däldi şu sebäpli Stýopa derrew şeýle reje düzdi: nähili bolsa-da, özüniň huşunyň ýokdugyny myhmana duýdurmaly däl, indi birinji nobatda, daşary ýurtly professordan bu gün agşam Stýopanyň gol astyndaky Warýete teatrynda, hususan, nämeleri görkezjekdigini ýeserlik bilen sorap bilmek gerek.

Şeýle reje bilen Stýopa telefon apparadyndan öwrüldi, öwrüldi-de, girelgäniň agzynda duran, işýakmaz Grunýa tarapyndan köpden bäri süpürilmedik uly ýüz görülýän aýnada pensne dakynan boýy derek ýaly uzyn, geň bir nusgany anyk gördi (Wah, häzir bu ýerde Iwan Nikolaýewiç bolan bolsa! Ol bir seredende, tanardy bu nusgany). Nusga bolsa ýüz görülýän aýnada bir göründi-de, gaýyp boldy. Howsala düşen Stýopa eýwana ýene-de ünsli seretdi we gorkudan ýaňa ikinji gezek entirekledi, çünki aýnada ullakan gara pişik ýöräp geçip, gaýyp boldy.

Stýopanyň ýüregi agzyna gelip, sandyrady.

«Nämeler bolup dur-a? — diýip oýlandy ol, — ýa-da akylymdan azaşaýjakmykam? Nireden peýda boldy bu aýnadaky salgymlar?!»

Ol eýwana göz ýüwürdip, gorkusyna gygyryp goýberdi:

— Grunýa! Bu ýerde nähili pişikler entäp ýör? Nireden geldi? Onuň ýanynda ýene kim bar?

— Asla alada galmaň, Stepan Bogdanowiç, diýen ses eşidildi, emma ol Grunýanyň däl, belki ýatakhanada oturan myhmanyň sesidi. — Ol meniň pişigim. Hiç ezýet

çekmäň. Grunýa öýde ýok, men ony watany Woronýeže iberdim, sebäbi şikaýat edişiçe, köpden bäri oňa dynç bermän ekeniňiz.

Bu garaşylmadyk sözler şeýlebir tutyryksyzdy welin, Stýopa ýalňyş eşitdim diýip güman etdi. Ol bütinleý aljyraňňy ýagdaýda ýatakhana tarap ylgady-da, otagyň gapysynyň öňünde doňup galdy. Saçlary gymyldap, syh-syh bolup başlady, maňlaýynda maýdajyk-maýdajyk der damjalary peýda boldy.

Seretse, otagda myhman ýalňyz däldi, ýanynda ülpetleri-de bardy. Ikinji kürsüde ýap-ýaňy eýwanda «ýalp» edip gözüne görnen şol nusga otyrdy. Indi ol göze anyk görünýärdi, murty betsypat, pensnesiniň bir gözünde aýna ýylpyldaýardy, ikinji gözünde aýna ýokdy. Bu-da hemmesi däl, zergär dul aýalyň ýumşak kürsüsinde üçünji bir jandar, ýagny — bir penjesine arak guýlan bulgur, ikinji penjesine duzlanan kömelek dürtülen dürtgüç alan äpet gara pişik arkaýyn otyrdy.

Bu otagdaky öňdenem öçügsi ýanýan çyra Stýopanyň göz öňünde sönüp başlady. Ol: «Be, adam, ine, şeýdip dälireýän eken-ow!» — diýip oýlandy, gapynyň tutawajyndan tutup.

— Görýän welin, saňňyldap, siz birneme geň galdyňyz-ow, Stepan Bogdanowiç? — diýip sorady. Woland dişleri dynman şakyrdaýan Stýopadan, — ýöne hiç hili geň galar ýaly zat ýok. Bular meniň hemşerlerim.

Şol wagt pişik aragy içip goýberdi, Stýopanyň tutawaçdaky eli ondan sypyp başlady.

— Gepiň gysgasy, hemşerlerime jaý gerek — diýip, gepini dowam etdi. Woland, — şunlukda kimdir biri şu öýde artykmaç, meniň pikirimçe, şol artykmaç adam — diňe siz!

— Şular, şular! — diýdi geçi sesi bilen gözenek jalbarly iri adam Stýopa hakynda köplük sanda gepläp, — umuman, olar soňky wagtda kän ýaramaz işler edip başladylar. Arakhorluk, heleýbazlyk bilen meşgullanyp ýörler, öz emellerinden peýdalanyp işlerine el urman ýörler, dogrusy, ellerinden hiç zat gelmeýär, çünki öz üstlerine ýüklenen wezipä-de dogry düşünmeýärler. Başlyklarynyň gözüni baglap gelýärler!

— Döwlet maşynlaryny-da ýersiz ýere peýdalanyp, çapyp ýörler! — diýdi kömelek gäwüşäp oturan pişigem şugulçylyk edip.

Şunlukda bu öýde dördünji, iň soňky mugjyza ýüz berdi, pola özüni taşlap oturan Stýopa halsyz eli bilen tutawajy gözläp başlady.

Kellesine gazappisint şlýapa geýen, gyýak dişleri agzyndan çykyp, şeýle hem öte ýigrenji ýüzüni hasam ýigrenji edip, keltejik boýuna seretmezden, eginleri örän giň, özem ýalyn ýaly çypar bir mahluk ýüz görülýän, üç tarapa açylýan aýnadan göni çykyp geldi. — Men — diýip, gep başlady bu çypar, munuň nähili ýol bilen direktor bolanyna düşünmeýärin — ol gepllediksaýyn beterden beterini tapýardy, — eger men nähili arhiýereý bolsam, ol hem şonuň ýaly direktor!

— Sen arhiýereýe meňzäňok, Azazello — diýdi pişik tabagyna sosiska salyp durşuna.

— Menem şuny aýdyp durun-da, — diýdi çypar paňkyldap we Woland tarapa öwrülip hormat bilen üstüne goşdy;

— Rugsat ediň, messir, ony Moskwadan alys bir hylwatgähe gümläp goýbereýin?

Pişik tüýlerini hüžžerdip: — Piş!! — diýip gygyrdy. Şonda ýatakhana Stýopaň daşyndan pyr-pyr öwrülip başlady-da, kellesi tutawaja uruldy we huşundan gidip: «Ölýän öýdýän» diýip köňlünden geçirdi.

Emma ol ölmändi. Gözüni çalaja açyp, özüni daşa meňzeş nähilidir bir zadyň üstünde gördi. Onuň töwereginde bir zat pagşyldaýardy. Ol gözlerini giňden açyp, güwleýän deňzi gördi, pagşyldaýan tolkunlar gelip, onuň dabanyna zol-zol urulýardy, gepiň gysgasy, ol tolkun gaýtargyjyň iň çetinde otyrdy, aýagynyň aşagynda deňiz öwç alýardy, arkasynda bolsa, depäniň üstünde gözel şäher ýalkym salyp durdy.

Beýle hallarda özüňi nähili alyp barmalydygyny bilmeýän Stýopanyň aýaklary sandyrap, tolkun gaýtaryjynyň üsti bilen kenara tarap ugrady. Ýolunda bir adam durdy, ol papiros çekip, çalt-çaltdan deňze tüýkürýärdi. Ol adam Stýopa wagşy nazar bilen seredip, tüýkürmesini bes etdi. Stýopa özüni ýitirer ýagdaýda, şu nätanyş çilimkeşiň garşysynda dyza çöküp, şeýle diýdi:

— Ýalbaryp soraýan sizden: bu haýsy şäher?

— Men-ä haýran! — diýdi birehim çilimkeş.

— Men serhoş däl — diýdi boguk ses bilen Stýopa. — Men näsag, maňa bir zad-a boldy, syrkawladym... Nirede men? Bu haýsy şäher?...

— Ýeri, aýdaly, Ýalta!

Stýopa uludan dem alyp, gapdala gyşardy, başy tolkun sowujynyň güne gyzan daşyna uruldy.

## VIII bap

## PROFESSOR BILEN ŞAHYRYŇ ARASYNDAKY ÇEKIŞME

Stýopa Ýaltada huşundan giden wagty, ýagny sagat on ikiň ýarynda uzak dowam eden çuň ukudan oýanan Iwan Nikolaýewiç Bezdomnyý ahyry huşuna geldi. Ol kän wagt diwarlary çuw-ak üýtgeşik ýaldyrawuk metaldan ýasalan ajaýyp agşamlyk stoly, aýnasyna ak tuty tutulan, perdäniň aňyrsyndan Gün nurunyň parlap durany bildirýän bu nätanyş otaga nädip düşenini pikir edip ýatdy.

Iwan başyny bir silkip, indi agyrmaýanlygyny bildi-de, derrew şypahanada ýatanlygyny ýatlady. Bu pikiriň yzyndan onuň ýadyna Berliozyň ölümi düşdi, emma bu waka ony agşamky ýaly gaty gynamady. Rahat uklap turan Iwan Nikolaýewiç indi özüni ele alypdy, pikirleri-de aýdyňlaşypdy. Ol gül ýaly arassa, ýymşak arambagyş prunžinaly krowatda kän wagtlap gymyldaman ýatdy, birden gözi gapdalyndaky jaň düwmesine düşdi. Gerek bolsa-bolmasa, her närsä el uruberýän Iwan endigi boýunça düwmäni basdy. Ol bir zatlaryň çalynmagyna ýa-da birewiň gelerine garaşypdy, emma bütinleý başgaça ýagdaý ýüz berdi. Iwanyň ýatan krowatynyň aýak tarapynda çal silindr çyra ýanyp, onda: «Suw» diýen ýazgy peýda boldy. Bir azdan soň silindr aýlanyp başlady we ahyry onda: «Nýanýa» diýen ýazgy çykdy. Öz-özünden düşnükli, bu üýtgeşik silindr Iwany gaty geň galdyrdy. Soňra «Nýanýa» ýazgysy «Doktory çagyryň» diýen ýazgy bilen çalyşdy.

— Hm... — diýdi Iwan, indi näme etjegini bilmän. Emma işi birden oň boldy. «Feldşer aýal» diýen söz çykan badyna, ol düwmäni ikinji ýola basdy. Silindr ýuwaş

jyňňyrdap, aýlanmasyny goýdy, çyrasy söndi we otaga täp-täze ak halat geýen, ýakymly, göze yssy bir aýal girdi.

— Ertiriňiz haýyr! — diýip salamlaşdy ol Iwan bilen.

Iwan jogap gaýtarmady, çünki häzirki ýagdaýda beýle salamlaşmagy ýersiz diýip pikir etdi. Dogrudan-da, eýsem sag adamy şypahana dykyp taşlasalar, üstesine, özlerini göýä sogap iş edýän ýaly alyp barsalar — munyň nämesi haýyrly?

Bu boluşda aýal ýüzündäki mylaýym äheňi saklap, bir düwmäni basyp, penjiräniň perdesini ýokaryk çykardy. Şonda tä pola çenli ýetýän gözenekden ýagty düşüp, otaga güneş nury çaýyldy. Gözenegiň aňyrsynda eýwan, ondan aňyrda egrem berip akýan derýa, derýanyň aňry kenarynda bolsa şadyýan sosna tokaýy bardy.

— Wanna merhemet ediň — diýdi aýal, soň onuň bir eliniň hereketi bilen içki diwar çete süýşürilip, wannahana we juda gözel bejerilen hajathana peýda boldy.

Iwan öz ýanyndan bu aýal bilen gepleşmezlige äht eden bolsa-da, owadan krandan şaglap akýan suwy görüp, dilini saklap bilmän, kinaýa bilen diýdi:

— Muňa seret! Edil «Metropoldaky ýaly!

— Aý, ýok, — buýsanyp diýdi aýal, — ondan hem ýagşyrak. Bu ýerdäki enjamlar, bezegler daşary ýurtda hem tapylmaýar. Şypahanamyzy görmäge alymlar-u wraçlar ýörite gelip durýarlar. Bu ýere her gün daşary ýurtly turistlerem gelýär.

Iwan «daşary ýurtly turistler» sözüni eşidende, agşamky konsultanty ýatlady. Keýpi bozlup, ýakymsyz gepledi:

— Daşary ýurtly turistler... siz olary beýle gowy görýäňiz-le. Men size aýtsam, olaryň arasynda her-hili adamlar bolýar. Meselem, agşam men olaň biri bilen tanyşdym, heý, goýaý!

Şondan soň ol tasdan Pontiý Pilat hakynda geplejek boldy-da, bu gepiň bu aýal üçin hem hiç-hili hajatynyň ýoklugyna, barybir ondan hiç-hili ýardama garaşyp bolmajagyna düşünip, demini saklady.

Suwa düşen Iwan Nikolaýewiçe wannadan çykan erkek kişä zerur bolan hemme närse: ütüklenen köýnek, içki balak, jorap berildi. Bulardan daşary, ýaňky aýal yşgabyň gapysyny açyp, eli bilen yşarat edip sorady:

— Egniňize näme geýmek isleýärsiňiz, halatmy ýa pižamamy?

Bu täze jaýa zorlap ýerleşdirilen Iwan aýalyň endişesizligine aňk-taňk bolup, barmagy bilen gyp-gyzyl mahmal pižama yşarat kyldy.

Şundan soň Iwan Nikolaýewiçi boram-boş, dym-dyrs koridordan ýöredip, örän ullakan bir kabinete eltdiler. Birkemsiz bezelen bu binadaky hemme zada kinaýa bilen seretmäge endik eden Iwan kabinete girenden, oňa «aşhana-fabrika» diýip at goýdy.

Muňa sebäbem bardy. Bu ýerde ençe-ençe yşgaplar, nikellenen ýaldyrawuk enjamlar ýerleşdirilen aýnaly şkafjagazlar düzlüp durdy. Örän çylşyrymly ýöriteşdirilen kürsüler, saýawany ýaldyrawuk nähilidir garynlak çyralar, san-sajaksyz çüýşe gaplar, gaz bilen ýanýan gorelkalar-u elektir simleri, asla görülmedik enjamlar hem bu kabinetde bardy.

Bu ýerde ak halat geýen üç adam (iki aýal we bir erkek) Iwan bilen meşgullanyp başlady. Birinji nobatda, Iwandan käbir zatlary sorap bilmek maksadynda ony burçdaky stolyň ýanyna eltdiler. Iwan ýagdaýa düşünip başlady. Onuň üçin üç ýol

bardy. Birinji ýol: ine, şu lampalardyr üýtgeşik enjamlara topulyp, baryny kül-uşak edip, özüni nähak saklaýanlary üçin şeýdip närazylyk bildirmekdi — bu usul ony gaty was-wasa salýardy. Ýöne bu günki Iwan agşamky Iwandan parhlydy, şoňa görä, birinji ýol oňa şübheli göründi: hudaý görkezmesin, ýene olar guduzlan däli diýen hyýala beriläýmesinler. Şonuň üçin Iwan birinji ýoly ret etdi. Ikinji ýol hem bardy: häziriň özünde konsultant we Pontiý Pilat hakynda hekaýa etmek gerek. Emma agşamky tejribeden mälim boldy ki, ýa onuň geplerine ynananoklar, ýa bolmasa, gürrüňine ters düşünýändirler. Şonuň üçin Iwan bu ýoldan hem sowlup geçip, üçünji ýoly, ýagny buýsançly dymmagy saýlap aldy.

Emma bu ähtini doly amala aşyryp bilmedi, islese-islemese, bir hatar sowallara üzük-ýoluk bolsa-da, jogap bermeli boldy.

Netijede Iwandan onuň geçmişi hakynda, hatda takmynan on bäş ýyl öň hörezek bilen keselleýişini-de sorap bildiler. Iwanyň jogaplaryndan anketanyň tutuş bir sahypasy dolup, ikinji sahypa geçildi, indi ak halatly aýal Iwanyň dogan-garyndaşlary dogrusynda soraşdyryp başlady. Gepiň gysgasy, tutaryksyz ezmek başlapdy: garyndaşlaryndan kimler ölüpdir, haçan we nämeden ölüpdir, içýärmiň, deri-damar keseli bilen keselläpmidiň we şuňa meňzeş soraglar. Soraglar gutaran soň, agşam Patriarh kölçesinde ýüz beren wakany aýdyp bermegi haýyş etdiler, emma gaty gyssamadylar, Pontiý Pilat barada aýdan gepine geňem galmadylar.

Şondan soň Iwan aýaldan gutulyp, erkek adamyň ygtyýaryna geçdi, ol Iwan bilen başgaça tüýsde mylakat kyldy, ondan hiç zat soramady. Ol Iwanyň gyzgynyny ölçedi, damarynyň pulsuny barlady, birhili çyra tutup, gözlerine seretdi. Soňra erkek kişä beýleki aýal ýardama geldi we Iwanyň arkasyna agyrysyz sanjym etdiler, kükregine çekiçjagazyň dessesi bilen nähilidir birhili belgiler etdiler, çekiçjagaz bilen dyzlaryna urup gördüler, şonda aýagy dim-dikleýin bökdi, barmagyndan gan aldylar, tirsegine sanjym kyldylar, ellerine birhili rezin halkalar geýdirdiler.

Iwan bularyň hemmesini ýaňsyly synlap, bolýan zatlaryň akmaklyk we bimanylygydygy hakynda oýlaýardy.

Pikir edip görüň! Ol-a adamlary nätanyş konsultantyň hatarly hilelerinden ägä etjek bolýar, ony hut özi ele saljak bolýar, emma oňa derek özi syrly kabinete düşüp, Wologdada ýaşaýan içegen Fýodor daýysy, onuň bir içip başlasa, saklanyp bilmeýändigi barada aýdyp berip otyr. Öte akmaklyk!

Ahyry Iwana gitmäge rugsat berdiler. Ony ýene öz otagyna alyp bardylar, soň ertirligine bir käse kofe, gaýnadylan iki ýumurtga, mesge çalnan ak nan berdiler. Iwan olaryň hemmesini iýip-içip bolup, bu edaranyň iň uly başlygyna garaşmagy, şol başlygyň ynanjyny gazanmagy, ondan adalat talap etmegi äht etdi.

Hakykatdan-da, ertirlikden soň, sähel salymdan şol garaşylan başlyk bilen duşuşdy. Iwanyň ýerleşdirilen otagynyň gapysy birden açylyp, ak halatly birgiden adam otaga girdi. Hemmeden öňde, sakaly artistlerçe syrylan, kyrk bäş ýaşlaryndaky, hoşsurat, emma gözleri juda ýiti, mylaýym tebigatly bir adam gelýärdi. Galanlaryň hemmesi oňa ýol berip, hormatlaýardylar, şu sebäpden onuň otaga gelşi dabaraly boldy. «Edil Pontiý Pilat!» — diýip köňlünden geçirdi Iwan. Hawa, şübhesiz bu adam ýolbaşçydy. Ol kürsä oturdy, galanlary dik duruberdiler.

— Doktor Strawinskiý — diýip, özüni tanatdy kürsä oturan kişi we Iwanyň ýüzüne dostlarça dikanlady.
— Ine, Aleksandr Nikolaýewiç — diýdi sakaly tertipli bejerilen bir adam ýuwaş ses bilen we Iwanyň hemme taryhy ýazylyp doldurylan anketasyny başlyga uzatdy.
«Tutuş bir delo açypdyrlar-ow» — diýip, pikirlendi Iwan. Başlyk bolsa, kagyza ýazlan tanyş sözlere göz geçdirip çykyp: «Ugu, ugu...» diýdi we töwereginde duranlar bilen düşnüksiz dilde bir-iki agyz pikir alyşdy.
«Latynça hem Pilat ýaly gepläp otyr...» diýip Iwan hasratly oýlandy. Şol wagt gulagyna ilen bir söz ony tisgindirdi. Ol düýn agşam Patriarh kölçesiniň boýunda lagnaty daşary ýurtlynyň aýdan, bu gün bolsa, professor Strawinskiniň tekrarlan «şizofreniýa» sözüdi.
«Bilen eken!» — diýip, Iwan howsalaly pikir etdi.
Daşky görnüşden Strawinskiý hemmeler bilen ylalaşmagy, töweregindäkileriň aýdýan sözlerine şatlanmagy endik edinen bolmaga çemeli. Şonuň üçin ol zol-zol: «örän ýagşy» diýen sözleri gaýtalaýardy.
— Örän ýagşy! — diýdi Strawinskiý elindäki sahypany yzyna gaýtaryp. Soň Iwana ýüzlendi: — Siz şahyrmy?
— Hawa, şahyr — diýip, Iwan sowuk jogap berdi. Onda ömründe birinji gezek şygryýete birhili ýigrenç döredi. Ýadyna düşen öz goşgulary oňa häzir ýakymsyz bolup göründi. Ol öz nobatynda ýüzüni çytyp Strawinskiden: — Siz — professormy? — diýip sorady.
Strawskiý bu soraga endigine görä, baş atyp, jogap berdi.
— Bu ýeriň iň ulusy hem sizmi? — diýip dowam etdi Iwan. Strawinskiý bu gezegem baş atdy.
— Men siz bilen gepleşjekdim — diýip, Iwan Nikolaýewiç köpmanyly sözledi.
— Menem şonuň üçin geldim-dä — diýip, Strawinskiý ony goldady.
— Onda ýagdaý şeýle — diýip, Iwan geplemek nobatynyň özüne gelenini duýup, gepläp başlady. — Meni bu ýerde däli hasaplaýarlar, hiç kim sözümi diňlemek islemeýär!...
— Tersine, biz dykgat bilen eşitmek isleýäris — diýdi Strawinskiý çyny bilen, teselli beriji äheňde, — biz size däli diýmäge asla ýol goýmarys.
— Beýle bolsa, diňläň, düýn agşam gijara Patriarh kölçesiniň boýunda men bir şübheli şahs bilen duşuşdym, daşary ýurtlumy, dälmi, bilip bolmaýan şol adam Berliozyň öljegini öňünden aýtdy. Ol Pontiý Pilaty öz gözi bilen görüpdir.
Professor bilen gelenler şahyryň sözlerini gymyldaman, dymyp diňleýärdiler.
— Pilatymy? Ol haýsy — Isa pygamber döwründe ýaşan Pilatymy? — diýip, Strawinskiý Iwana dikanlap sorady.
— Hawa şol.
— Ä-hä — diýdi Strawinskiý — Berliozy bolsa tramwaý basyp gitdimi?
— Hawa, Berliozy agşam Patriarh kölçesiniň golaýynda tramwaýyň basyp gidenini öz gözüm bilen gördüm, onsoňam ol şübheli graždanin...
— Pontiý Pilatyň tanyşymy? — diýip, adama düşünmäge ezber Strawinskiý sorady.
— Hawa, edil özi — diýip, Iwan Strawinskiýni synlap, tassyklady. — Ana, şol adam. Annuşka günebakar ýagyny bökdi diýip öňünden aýtdy... Berlioz bolsa, edil şol ýag

dökülen ýerde tyýpyp ýykyldy! Ýeri muňa näme diýersiňiz? — diýip köp manyly sowal berdi Iwan, ol bu sözleri bilen güýçli täsir oýarmakçy boldy. Emma täsir hasyl bolmady, Strawinskiý indiki ýönekeýje sowaly berdi:
— Kim ekeni ol Annuşka?
Bu sowal Iwany aljyratdy, onuň ýüzi çytyldy.
— Bu ýerde Annuşka möhüm däl — diýdi ol gazaplanyp, — kim bilýär onuň kimligini. Sadowaýada ýaşaýan bir tentek heleýdir-dä. Esasy zat, düşünýäňizmi, ol daşary ýurtly günebakar ýagynyň döküljegini öňünden bilipdir, düşünýäňizmi?
— Örän gowy düşünip otyryn — diýip, çynlakaý jogap berdi. Strawinskiý, soň şahyryň dyzyna elini goýup: — Tolgunmaň-da, dowam ediberiň — diýdi.
— Dowam edeýin — diýdi Iwan Strawinskiniň äheňinde geplemäge çalşyp, çünki başyna düşen wakadan soň, indi diňe arkaýynlyk bilen maksada ýetmek boljagyna düşünipdi, — ana, şol eýmenç nusga, ýalan sözleýär, men onuň konsultantdygyna ynanmaýaryn, ol tebigatdan daşary bir güýje eýe. Meselem, onuň yzyndan näçe kowsaňam, ýetip bilmersiň. Onuň ýene bir jübüt ýoldaşlary bar, olar hem mälim derejede hilebazlar: biri gözüne aýnasy döwlen pensne dakan juda ýuha bir nusga, ikinjisi — özi özbaşdak tramwaý münüp ýören örän haýbatly pişik. Mundan daşary, — sözüni hiç kimiň bölmeýänligini gören Iwan has-da otlukly, ynandyryjy gepläp başlady, — ol Pontiý Pilatyň balkonynda hut özi bolupdyr, muňa şübhe ýok. Eýsem, bu näme diýildig-ä? Ony tiz ele salmasaň, göz görüp, gulak eşitmedik belalary başlamagy mümkin.
— Diýmek, siz ony ele salmagy isleýärsiňiz? Niýetiňize dogry düşündimmi? — diýip, Strawinskiý sorady.
«Parasatly eken — diýip, oýlandy Iwan, — boýun almak gerek, intelgentleriň arasynda-da akyly berkemal adamlar duşýar. Muny inkär edip bolmaz!» — soň jogap gaýtardy:
— Örän dogry! Nämüçin ele salmak islemäýin — özüňiz oýlap görüň! Bular, meni bu ýerde zor bilen saklap otyrlar, gözüme çyra tutýarlar, wannada ýuwundyryp ýörler, Fedýa daýym barada ýok soraglary berip, başymy agyrdyp, erkime goýanoklar!... Ol bolsa, bireýýäm dünýäden öten! Meni häziriň özünde boşatmagyňyzy talap edýärin.
— Bor, makul gep, örän ýagşy, gaty gowy! — diýdi Strawinskiý, — ine, hemmesi aýdyňlaşdy. Hakykatdan-da, sag adamy şypahanada saklamagyň näme manysy bar? Ýagşy. Men häziriň özünde sizi bu ýerden çykarmaga buýruk bererin, eger siz, ruhy taýdan men sag diýip aýtsaňyz. Subut etmek hökman däl, diňe aýtsaňyz ýeterlik. Ýeri, aýt hany, siz ruhy taýdan sagmysyňyz?
Şu wagt otagyň içi çuň ümsümlige gark boldy, ir bilen Iwany ýuwundyran semiz aýal professora hormat bilen bakdy. Iwan bolsa, ýene bir mertebe: «Hakykatdan hem parasatly eken» — diýip, köňülden geçirdi. Professoryň teklibi oňa hoş ýakdy, ýöne jogap gaýtarmazdan öň, gaşyny çytyp, çyny bilen oýlanyp, ahyry kesgin äheňde aýtdy: — Men ruhy taýdan sag .
— Ine, örän ýagşy — diýip, Strawinskiý ýeňillik bilen dem aldy, — eger şeýle bolsa, onda geliň, logiki taýdan bir pikir alşyp göreliň. Ine, siziň düýnki günüňizi alaly, — şeýle diýip arkasyna öwrüldi, derhal onuň eline Iwanyň anketasyny berdiler. — Siz

düýn özüni Pontiý Pilatyň tanşy diýip atlandyran adamy yzarlap, şu aşakdaky işleri edipsiňiz. — Strawinskiý kä anketa, kä Iwana seredip, uzyn barmaklaryny bir-birden büküp başlady, — kükregiňe kagyz ikona asyp ýörüpsiň. Dogrumy?
— Dogry — diýip, Iwan torsaryp tassyklady.
— Diwardan aşjak bolup, ýykylyp, ýüzüňizi ýaralapsyňyz. Şeýlemi? Eliňize ýakylgy şem alyp, içki balakda restorana barypsyňyz, ol ýerde kimdir birini urupsyňyz. Soň el-aýagyňyzy daňyp, bu ýere getiripdirler. Bu ýerde bolsa, milisiýa jaň edip, pulemýot ibermegi sorapsyňyz. Soňra penjireden bökmäge synanyşypsyňyz. Şeýlemi? Sowal döreýär: şu tüýsde hereket edip, bir adamy tutup ýa-da tussag edip bolarmy? Eger-de ruhy taýdan sag adam bolsaňyz, muňa: «Ýok, mümkin däl» diýip jogap berersiňiz. Bu ýerden gitmek isleýäňizmi? Baş üstüne! Emma hany aýdyň bu ýerden çykyp, göni nirä barasyňyz?
— Elbetde, milisiýa. — Iwan professoryň dikanlap seredişinden haýygyp, berk, ýöne ynamsyzrak aýtdy.
— Göni şu taýdanmy?
— Ä-hä.
— Öňürti öýüňe girip-çykjak dälmi? — diýip, Strawinskiý tiz sorady.
— Wagt ýok, men öýe girip çykýançam, onuň ýitirim bolmagy ahmal!
— Şeý diýsene. Bolýa, milisiýa baryp, birinji nobatda näme diýersiň?
— Pontiý Pilat hakynda aýdaryn — diýip, jogap berdi. Iwan Nikolaýewiç, şonda onuň gözi garaňkyran ýaly boldy.
— Hä, örän ýagşy! — diýdi boýun bolan Strawinskiý, soň sakally adama ýüzlenip buýurdy: — Fýodor Wasilýewiç, merhemet görkezip, graždanin Bezdomna şähere çykmaga ejaza beriň. Emma bu otag bent edilmesin, düşegi-de ýygnaşdyrylmasyn. Çünki graždanin Bezdomnyý iki sagatdan soň ýene şu ýerde bolar. Nätjek-dä — diýip, ol şahyra tarap öwrüldi, size üstünlik dilemeýärin, sebäbi üstünlik gazanjagyňa asla ynanmaýaryn. Tizden ýene görüşýänçäk, hoş! — Ol ýerinden turdy, galanlar hem gozganyp başlady.
— Ýene dolanyp geljegime nähili esasyň bar? — diýip, howatyrlanyp sorady Iwan.
Strawinskiý edil şu soraga garaşýan ýaly, derhal ýene oturyp, gepläp başlady:
— Esas şeýle, siz içki balakda milisiýa baryp, Pontiý Pilat bilen ýakyndan tanyş adama uçratdym diýip aýdyp-aýtmakaň, şobada sizi şu ýere getirerler we özüňi ýene şu otagda görersiň.
— Içki balagyň muňa näme dahyly bar? — diýip, Iwan töweregine aljyraňy nazar aýlap, sorady.
— Iň esasy zat Pontiý Pilat. Emma içki balagyň hem dahyly bar. Eger gitjek bolsaň, egniňizdäki şypahanaň eşigini çykaryp, size öz geýmiňizi berýäris. Özüňiz bilýäňiz, bu ýere içki balakda getirdiler.
— Men öz gepimde öýňüz hakda saňa ýatlatdym, ýöne siz ilki öýüňize barmagy hyýalyňyza-da getirmediňiz. Soňra nobat Pilata gelýär-de... iş bitýär!
Şu wagt birden Iwan Nikolaýewiç özüni erksiz duýdy, öz ejizligini, kimdir biriniň maslahatyna mätäçdigini aňşyrdy.
— Onda men näme edeýin? — diýip sorady ol indi çekinjeňlik bilen.

— Ine, bu başga gep! — diýdi Strawinskiý, — bu ýerlikli sowal. Indi size aslynda näme bolanlygyny aýdyp bereýin. Düýn kimdir biri Pontiý Pilat we başga zatlar hakyndaky hekaýalary bilen sizi gaty gorkuzyp, kalbyňyzy lerzana salypdyr, netijede siz gazaplanyp, ganyňyz gyzyp, şäheriň içi bilen ýöräp, Pontiý Pilat hakynda aýdyp başlansyň. Düşnükli zat, sizi dälidir öýdüpdirler. Bu ýagdaýdan halas bolmak üçin häzir size diňe rahatlyk gerek. Şol sebäpli, siziň bu ýerde galmagyňyz zerur.
Iwan ýalbaryjy äheňde: — Ýöne ony ele salmak gerek ahyry! — diýdi.
— Ýagşy, ýöne munuň üçin özüňiz ylgap nätjek!? Gowusy, siz şol adam hakyndaky şübheleriňizi, onuň aýyplaryny ýazmaça beýan ediň. Arzaňyzy degişli ýere ap-aňsat ugradarys. Eger-de, şol adam hakykatdan-da, siziň çak edişiňiz ýaly, jenaýatçy bolup çyksa, ol haýal etmän anyklanar. Emma bir şert bar: başyňyzy kän bir agyrtmaň. Pontiý Pilat hakynda azrak pikir ediň. Adamlar her hili zat aýdarlar, ýöne hemmesine ynanybermek bolmaz.
— Düşündüm! — diýdi Iwan kesgin äheňde!— ýöne haýyş edýän, maňa kagyz galam bersinler.
— Kagyz bilen keltejik galam beriň — diýip buýurdy Strawinskiý semiz hatyna, soň Iwana ýüzlendi:
— Emma maslahatym, bu gün ýazmaň.
— Ýok, ýok, bu günüň özünde, hut şu gün — diýip, Iwan tolgunyp, gaty gepledi.
— Ýeri, bolýa, ýöne beýniňize gaty agram salmaň. Bu gün gowy bolmasa, ertir bolar.
— Ol gaçyp gider.
— Gidip bilmez — diýip ynançly närazylyk bildirdi Strawinskiý, — hiç ýere gidip bilmez, kepil geçýärin. Ýadyň-da bolsun, bu ýerde saňa her taraplaýyn ýardam bererler, şu ýardamsyz işimiz öňe ilerlemez. Eşidýäňizmi! — diýip, Strawinskiý köpmanyly sorady we Iwanyň iki elinem eline aldy. Onuň ellerini goýbermän, Iwanyň gözlerine uzak wagtlap dikanlap, tekrarlady: — Size bu ýerde ýardam bererler... Eşidýäňizmi?!... Size bu ýerde ýardam bererler... ... Size bu ýerde ýardam bererler... Ruhyň ýeňleşer. Bu ýeri asuda we rahat... Size bu ýerde ýardam bererler...
Iwan Nikolaýewiç birden pallady, ýüzi mylaýymlaşdy. — Hawa, hawa, — diýdi ol ýuwaşja.
— Ana, örän ýagşy! — diýip, Strawinskiý öz endigi boýunça söhbete nokat goýup, ýerinden turdy, — ýene duşuşýançak! — diýip, Iwanyň elini gysdy, gapydan çykyp, sakgaly adama öwrülüp diýdi: — Kislorod ulanyp görüň... hemem wanna.
Ýene bir salymdan soň Iwanyň otagynda Strawinskiý hem onuň ýoldaşlary hem galmady. Penjirä tutulan toruň arkasynda, derýanyň aňry tarapynda çäş wagty bahar alybasyny geýen gür tokaý Gün nurunda şoh-şadyýana joş uryp, ondan bärräkde bolsa derýa güneşde towlanýardy.

## IX bap

## KOROWÝEWYŇ OÝUNLARY

Moskwanyň Sadowaýa köçesindäki merhum Berliozyň ýaşan 302- bis öý toplumynyň başlygy Nikonor Iwanowiç Bosoý çarşenbeden penşenbä geçilýän

agşamyndan başlap ýowuz aladalara uçrady. Siziň habaryňyz bar, bu öýe ýarym gije Jeldibiniň gatnaşýan komissiýasy gelip, Nikonor Iwanowiçy çagyrdyp, ony Berliozyň ölüminden habardar edip, onuň bilen bile 50-nji kwartira barypdy. Olar merhumyň golýazmalaryny we beýleki zatlaryny möhürlän wagty, gatnap işleýän öý hyzmatkäri Grunýa hem, ýeňilkelle Stepan Bogdanowiç hem jaýda ýokdy. Komissiýa, merhumyň golýazmalaryny gözden geçirmek üçin özi bilen alyp gitjegini, onuň ýaşaýan jaýy, ýagny üç otag (zergär dul aýala degişli kabinetiň, myhmanhananyň we aşhananyň) öý toplumy edarasynyň ygtyýaryna geçjekdigini, merhumyň zatlarynyň bolsa tä mirasdarlar tapylýança, şu jaýda saklanmagyň şertdigini Nikonor Iwanowiçe mälim edipdi.

Berliozyň aradan çykanlygy hakyndaky habar öý ähline — adamlaryna ýyldyrym çaltlygynda ýaýrady, netijede penşenbe güni ir sagat ýediden Bosoýa jaň edip başladylar, soňra bolsa merhumyň jaýyna dawagärlik mazmundaky arzalary getirip başladylar. Gysgasy, Nikonor Iwanowiç bar-ýogy iki sagadyň dowamynda şeýle arzalardan otuz ikisini kabul kyldy.

Bu arzalarda ýalbaryşlar hem, töhmet hem, gybat hem, hatda jaýy öz hasabyndan abatlap almaga wada berýänler-u banditler bilen bir kwartirada gysylyp ýaşamaga artyk çydam berip bilmejegi hakynda ýazylan arzalar hem bardy. Bu arzalaryň içinde 31-nji kwartirada börek ogurlap, kemzol jübüsine salýanlar hakynda çeper ýazylan arza, öz janyna kast etmekçi bolan bir, binika göwreli bolanlygyny boýun alýan arza hem bardy.

Nikonor Iwanowiçy kwartirasyndan daşa çagyryp, ýeňinden tutup, bir zatlary gulagyna pyşyrdap, göz gypyp, «bolýar» diýäýiň, sizi hoşal ederis diýip, wadalar berýärdiler.

Bu azap gündüz sagat on ikiden geçýänçä dowam etdi, soňra takaty tak bolan Nikonor Iwanowiç kwartirasyny terk edip, derwezäniň golaýyndaky edara gaçyp çykyp gitdi, emma adamlar ol ýerde hem ony gününe goýmadylar, şonda ol edaradan hem gaçyp gitdi. Nikonor Iwanowiç yzyndan garama-garama gelýän arzaçylary bir emel bilen azaşdyryp, asfaltlanan howlyň içinden geçip, altynjy girelgäniň, gapysyna girip gitdi we şol betnam 50-nji kwartiranyň ýerleşen bäşinji gatyna göterildi.

Semrän Nikonor Iwanowiç jaýyň gapysynyň öňünde birazajyk saklanyp, demini dürsäp, jaň düwmesini basdy, emma hiç kim gapyny açmady. Ol ýene gaýta-gaýta jaň etdi, hüňürdäp, käýinip, başlady. Emma gapy şonda-da açylmaýardy. Nikonor Iwanowiçiň sabyr-takaty gutaryp, jübüsinden öý toplumy edarasyna degişli bir jübüt ätiýaçlyk açarlary aldy-da, şarpa gapyny açyp, içeri girdi.

— Haý, hyzmatkär aýal, nirede sen? — diýip gygyrdy Nikonor Iwanowiç, ýarym garaňky bosagada durup. — Adyň nämedi? Grunýamydy? Barmyň özi? Seda ber ahyryn?

Hiç kim ses bermedi.

Şonda Nikonor Iwanowiç kabinetiň gapysyndaky sürgüji bozup, portfelinden eplenme metrini aldy-da, kabinete gadam goýdy.

Gadam basmasyna basdy, emma bosagada geň galmakdan ýaňa doňup galdy, hatda endamy titräp gitdi. Merhumyň stolynyň başynda egnine gözenek kemzol, başyna

çapyksuwarlaryň papagyny geýen, gözüne pensine dakan hor, inçeden uzyn bir graždanin... mahlasy, şol adam otyrdy.

— Siz kim bolýaňyz, — graždanin? — gorka-gorka sorady Nikonor Iwanowiç.

— Be! Nikonor Iwanowiç-a, — diýdi bu garaşylmadyk myhman geçiňki ýaly sandyrawuk ses bilen şaňkyldap, soň böküp turup, başlygyň elini mejbury eline aldy-da, gysyp görüşdi. Bu salamlaşuw Nikonor Iwanowiçiň köňlüni asla götermedi.

— Meni bagyşlarsyňyz, — şübheli äheňde gep başlady ol, — siz kim bolýaňyz? Siz — resmi şahsmy?

— Be, goýsaňyzlaň, Nikonor Iwanowiç! — diýdi nämälim adam dilkeşlik bilen.

— Resmi şahs näme-ýu näresmi şahs näme? Bularyň hemmesi bar zada haýsy nukdaý nazardan garaýşyňa bagly. Hemme zat, Nikonor Iwanowiç, şertli we yrga. Bu gün men näresmi şahsdyryn, emma ertir birden resmi bolmagym-da mümkin. Käte tersine-de bolýar, Nikonor Iwanowiç. Özem onda-da nähili!

Bu pikir öý edarasynyň başlygyny asla kanagatlandyrmady. Her bir zada müňkür bolmak bu adamyň ganynda bardy, şoňa görä, ýaraňjaňlyk edýän bu graždanin — elbetde, näresmi şahs, anygyragy, bir işsiz bikär bolsa gerek diýip, netije çykardy.

— Kim ahyry sen? Familiýaňyz näme? — diýip, başlyk ýene-de gazaply äheňde sorady, hatda ol nätanyş adamyň üstüne sürnüp bardy.

— Familiýam, — diýdi, nätanyş graždanin başlygyň daw-dabasyna asla perwaý etmän, — haý, diýeli ana, Korowýew. Birazajyk garbanjakmysyňyz, Nikonor Iwanowiç? Hiç çekinmäň!

— Meni bagyşlarsyňyz — diýdi Nikonor Iwanowiç indi gahary gaýnap, — nahar nämişlesin! (Nähili bolsa-da, boýun almak gerek, Nikonor Iwanowiçiň özi gaharjaň adamdy).

— Merhumyň otagyna girmek gadagan! Siz näme edip ýörsüňiz bu ýerde?

— Merhemet ediň, Nikonor Iwanowiç, oturyň — diýip, jogap berdi graždanin başlygyň gazabyna perwaý hem etmäň, soň hoşamaý edip, ony kürsä teklip edip başlady.

Emma Nikonor Iwanowiç dergazap bolup, kürsüde oturman:

— Kim ahyr sen özüň? — diýip gygyrdy.

— Ýeri, bolýa, aýdaly: men şu jaýda ýaşamaga ygtyýar alan bir daşary ýurtly şahsyň terjimeçisi — diýip, özüni tanadan Korowýew sary köwşüni şark edip ýere urdy.

Nikonor Iwanowiçiň agzy açylyp, aňkaryldy. Bu jaýda haýsydyr bir daşary ýurtly şahsyň öz terjimeçisi bilen ýaşaýanlygy onuň üçin asla garaşylmadyk ýagdaýdy, şu sebäpli ol düşündiriş talap etdi.

Terjimeçi çyny bilen düşündiriş berdi. Mälim bolşuça, Warýetäniň direktory Stepan Bogdanowiç Lihodeýew daşary ýurtly artist, jenap Wolandy bir hepde töweregi dowam etjek gastrollary wagtynda öz jaýynda ýaşamaga hormat bilen teklip edipdir we bu hakda düýn Nikonor Iwanowiçe hat ýazyp, ondan tä özi (ýagny Lihodeýew) Ýalta baryp, dynç alyp gelýänçä, çet ýurtly artisty şu jaýa wagytlaýyn ýazgy etmegi haýyş edipdir.

— Ol maňa hiç hili zat ýazan däldir, — geň galyp diýdi başlyk.

— Siz portfeliňizi köwläp görüň, Nikonor Iwanowiç — diýdi Korowýew mylaýym äheňde.

Nikonor Iwanowiç egnini gysyp, portfelini açdy-da, Lihodeýewiň hatyny gördi. — Toba, nähili edip hatyramdan göterildikä, — Nikonor Iwanowiç açyk bukja manysyz seredip durşuna hüňürdedi.

— Eh, Nikonor Iwanowiç, mundanam beter wakalar bolýar durmuşda! — diýip jyňňyldady Korowýew. — Aljyraňňylyk, hem ýadawlyk üstesine gan basyşyň ýokary galmagy, gadyrdan dostymyz Nikonor Iwanowiç! Meniň özüm-de öler ýaly başagaý. Wagt tapyp, söhbet guranymyzda, öz başymdan öten käbir wakalary size hekaýa edip bererin, gülüp, içiňiz gyrylar!

— Lihodeýew haçan gidýärkä Ýalta?

— O, ol bireýýäm gitdi! — diýip çyňsady terjimeçi, — ol, men size aýtsam, häzir saparda! Mahlasy, niredeligini şeýtan hem bilmeýär! — şu sözleri aýdyp, ol iki elini edil el degirmeniniň perine meňzedip pyrlady.

Nikonor Iwanowiç daşary ýurtly jenap bilen hut özüniň duşuşmagynyň şertdigini aýtdy, ýöne terjimeçiden ret jogabyny aldy: asla mümkin däl. Işli. Pişik bilen türgenleşik geçýär.

— Eger isleseňiz, pişigi görkezip bilerin — diýip teklip kyldy Korowýew.

Bu gezek teklibi Nikonor Iwanowiç ret etdi, ýöne ol wagt terjimeçi başlyga has üýtgeşik bir teklibi yglan etdi. Jenap Wolandyň myhmanhanada ýaşamagy gowy görmeýändigini we giň jaýda erkin ýaşamaga endik edenligi sebäpli, öý edarasy bir hepde, ýagny Wolandyň Moskwadaky gastrollary wagtynda bütin kwartirany, ýagny merhumyň hem otaglaryny goşup, ýaşamaga berip bilmezmikä?

— Eýsem indi merhum üçin barybir dälmi — diýip, gyryljak ses bilen pyşyrdady Korowýew, — özüňiz hem düşünip dursyňyz, Nikonor Iwanowiç, indi oňa bu jaýyň geregi ýok, şeýle dälmi?

— Bu teklibe birneme geň galan Nikonor Iwanowiç, daşary ýurtly myhmanlar hususy jaýda däl-de, belki «Metropol» myhmanhanasynda ýaşamalydyr diýen mazmunda garşylyk bildirdi.

— Aýtdym-a size, ol öler ýaly ynjyk — diýip, pyşyrdady Korowýew, — asla islemeýär! Myhmanhanany gowy görmeýär! Ine, şeýle doýandyryn bu inturistlerden! — diýip, içgin janykdy Korowýew, damarlary görnüp duran boýnuna elini eltip, — ynanýaňyzmy, janymdan doýurdy! Gelýärler-de... ýa edil ysgaw it ýaly içalylyk edýärler, ýa dowamly ynjyklyk eýläp, ganyňy gyzdyrýarlar, ol eýle däl — bu beýle däl, — diýip... Emma siziň öý edaraňyz, Nikonor Iwanowiç, bu şertnamadan diňe peýda, sap girdeýji görýär. Ol puluny aýamaýar, — Korowýew töweregine göz gezdirip, başlygyň gulagyna pyşyrdady: — Millioner ol!

Terjimeçiniň bu teklibinde anyk amaly many bardy, ol many juda ýakymly bolsa-da, emma terjimeçiniň özi gepleýiş usuly bilen hem, geýim-gejimi, gözündäki hiç zada ýaramsyz pensnesi bilen hem asla ýakymsyz adam bolup görünýärdi. Şoňa görä, başlygyň köňlüni nähilidir bir şübhe gemirýärdi, emma şeýle bolsa-da, teklibi kabul etjek boldy. Gep şeýledi, öý edarasynda ýeter-ýetmezçilik juda uludy. Güýze ýetip, öýleri bug bilen ýylatmak üçin mazut almalydy, emma munuň üçin gara köpügem ýokdy. Ine, inturistiň berjek manady bilen müşgili aňsat etse boljakdy. Şuňa seretmezden, işbilermen, seresap Nikonor Iwanowiç bu meseläni ilki inturist býurosy bilen ylalaşmagyň gerekligini beýan etdi.

— Düşünýärin — diýip çyňsady Korowýew, — ylalaşman bolarmy, hökman ylalaşyň. Ine, telefon nomeri, Nikonor Iwanowiç, häziriň özünde ylalaşyň. Pul meselesinde hiç darykmaň — pyşyrdap dowam etdi ol, başlygy telefon duran otaga äkidip — şulardan ýonmasaň, kimden aljak! Siz onuň Nissadadaky willasyny görseňiz — alamat! Geljek ýyl ýazda daşary ýurda baranyňyzda, ýörite onuňka girip geçiň — görüp agzyňyz açylar! Inturist býurosy bilen şertnama telefon arkaly bir demde çözüldi, bu ýagdaý başlygy geň galdyrdy. Mälim bolşuça, olar jenap Wolandyň Lihodeýewa degişli hususy jaýda ýaşamakçy bolýanyndan habardar ekenler, şeýlelikde muňa garşylyk görkezmediler.

— Ana, laýyk boldy! — diýip, gygyrdy Korowýew.

Onuň şaňňy owazyndan halys başy aýlanan başlyk, öý edarasy 50-nji kwartirany artist Wolanda bir hepde müddete bermäge razydygyny aýdyp, azajyk endişeli pikirlenip, aýtdy:

— Gününe bäş ýüz manatdan.

Korowýew başlygyň halys aňkasyny aşyrdy. Ol äpet pişiginiň ýeňil bökýänligi eşidilip duran ýatakhana ogrynça göz gyrpyp yşarat kyldy-da, gyryljak owaz bilen diýdi:

— Diýmek, bir hepde üç ýarym müň bolýar — şeýlemi?

Nikonor Iwanowiç Korowýewdan: «Bä-ä Nikonor Iwanowiç, içdäňiz-ä açyk eken!» — diýen yşarata garaşypdy, emma ol bütinleý başga hörpden gopdy: — Baý, şundanam bir pul bolarmy? Bäş müň soraň, berer.

Nikonor Iwanowiç perişan ýyrşaryp, merhumyň stolynyň ýanyna nähili baranyny özem aňşyrmady. Şol wagt Korowýew örän çalt hereket edip, ökdelik bilen bir demde iki nusgada şertnama taýarlady. Şondan soň ýatakhana tiz girip çykdy — şertnamanyň iki nusgasyna-da daşary ýurtly artist iri harplar bilen gol çekipdi. Bu şertnama başlygam gol çekdi. Korowýew ondan bäş müň alany hakynda Nikonor Iwanowiçden dilhat sorady...

— Harplar bilen ýazyň, harplar bilen, Nikonor Iwanowiç!... Bäş müň manat diýip... — soň bu möhüm geleşige degişli bolmadyk— Eýn, sweý, dreý! — diýip, bäş desse täp-täze puly başlygyň öňüne taşlady. Şonda, Korowýewyň: «Ýerden tapsaň, — sanap al», «hasaply dost uzak gider» diýen ýaly, pullary sanaldy.

Başlyk pullary sanap bolandan soň, Korowýewdan wagtlaýyn ýazgy etmek üçin daşary ýurtly artistiň pasportyny sorady, soň pasporty hem, şertnamany hem, puly hem portfeline saldy-da, Korwýowdan utanjyrap, kontramarka sorady...

— Mundan aňsat iş ýok! — diýip paňkyldady Korowýew, — size näçe bilet gerek, Nikonor Iwanowiç, onkimi, on bäşmi?

Aňkyrap galan başlyk özüne we aýaly Pelageýa Antonowa diňe bir jübüt kontramarka ýetýär diýdi.

Korowýew şobada blaknot alyp, çakganlyk bilen öň hatardan iki adamlyk kontramarka ýazyp, ony çep eli bilen Nikonor Iwanowiçe berip, sag elindäki galyňlygy bir desse puly ussatlyk bilen onuň jübsine saldy. Nikonor Iwanowiç pula göz gytagyny aýlady-da, çog dek gyzaryp, terjimeçiniň elini iterip başlady.

— Beýle zat mümkin däl... — diýip sakawlady ol.

— Raýymy gaýtarmaň — diýip, pyşyrdady Korowýew onuň gulagyna, — bizde mümkin däl, emma daşary ýurtlarda mümkin. Siz ony ynjydarsyňyz, Nikonor Iwanowiç, bu ýagşy däl. Hyzmat etdiňiz ahyryn...
— Jenaýat hasaplanýar-da — diýip, — eşdiler-eşidilmez pyşyrdady başlyk töweregine garanjaklap.
— Şaýat ýog-a — diýip, pyşyrdady Korowýew onuň beýleki gulagyna, — özüňiz aýdyň, hany şaýat? Siz nähili adam?!
Şu wagt, soňra başlygyň tassyklaýşyça, mugjyza ýüz berdi: şol bir desse puluň özi onuň portfeline girip gitdi. Soň nämüçindir birden ysgyny gaçan, halsyz başlyk özüni basgançakda gördi. Onuň beýnisinde dürli-dümen hyýallar möwüç urýardy. Bu hyýallar içinde Nissadaky willa hem, baş öwredilen pişik hem bardy, üstesine-de onuň bagtyna, şaýatlar ýokdy. Şeýdip aýlanyp durşuna, birden kontromarka üçin Pelageýa Antonowna hoşal bolar diýip köňlünden geçirdi. Bular üzlem-saplam pikirlerdi, emma, umuman, hoş ýakýardy. Emma muňa garamazdan, başlygyň kalbynyň törüne nähilidir bir iňňe sünjülip durdy. Bu ynjalyksyzlyk iňňesidi. Mundan daşgary, şu ýerde, basgançakda birden başlygyň beýnisinde: «Dur, gapy sürgüçlenen bolsa, terjimeçi kabinete nädip girdikä? Nämüçin ol, ýagny Nikonor Iwanowiç, ondan soramady?!» — diýen pikirden başy çaşdy. Başlyk kän mahallap basgançagyň üstünde goýun ýaly, basgançaga seredip durdy, ahyry muňa perwaý etmezligi bu biderek sowal bilen başyny agyrtmazlyga karar kyldy...
Başlygyň jaýdan çykany hem şoldy, içerden pessaý ses eşidildi:
— Maňa ýaramady bu Nikonor Iwanowiç. Ol barypýatan kezzap hem hilegär. Ony gaýdyp bu ýerde gelmez ýaly etmek bolmazmy?
— Messir, siz buýruk berseňiz, bolany!.. — diýip niredendir Korowýewyň sesi geldi, — emma indi sesi sandyraman, arassa we owazly gepleýärdi.
Soňra bu lagnaty terjimeçi telofonly otagda peýda boldy, telofon nomerini ýygnap, naýynjar ses bilen gepläp başlady:
— Allo! Size şuny mälim etmegi öz borjum diýip bilýärin: Sadowaýa köçesindäki üç ýüz ikinji — bis öý toplumynyň başlygy Nikonor Iwanowiç Bosoý wolýuta söwdasyny edip ýör. Aýny şu wagtda onuň otuz bäşinji kwartirasynda, hajathanasyndaky wentiliýasiýa tüýnüginde gazete dolangy dört ýüz dollar gizlengi dur. Bu gepleýän — ýokarda aýdylan öýüň on birinji kwartirasynda ýaşaýan Timofeý Kwassow men. Ýöne meniň adymy pynhan saklamagyňyzy haýyş edýärin. Çünki ýokarda ady agzalan başlygyň kasas almagyndan gorkýaryn.
Şeýle diýip trupkany asyp goýdy deýýus.
Şondan soň 50-nji kwartirada nämeleriň bolany mälim däl, ýöne Nikonor Iwanowiçiňkide bolan ahwallar bize mälim. Başlyk öz kwartirasynda hajathana girip, gapynyň ilgençegini ildirdi-de, portfelinden terjimeçiniň zor bilen beren bir desse pulny sanap, dört ýüz manatdygyny anyklady. Nikonor Iwanowiç puly gazýet bölegine dolap, howa sorgujynyň tüýdügine dykdy. Bäş minutdan soň başlyk özüniň ykjamja iýmekhanasynda stol başynda oturdy. Onuň ömür ýoldaşy yhlas bilen kesişdirilen, üstüne gök sogan galyň sepilen bir tabak selýodkany aşhanadan alyp çykdy. Nikonor Iwanowiç bir bulgur arak guýup içdi, ikinji bulguram dolduryp içdi-de, dürtgüjine bir sünjende üç bölek selýodkany aldy... şu wagtam gapyň jaňy

jyňňyrdady. Pelageýa Antonowna şu pursatda bugaryp duran pitini iýmekhana göterip girende, pitä bir seredende, içinde näme barlygyny, elwan reňkli goýy kelem çorbada jahanda iň datly tagam — ýülük barlygyny duýmak kyn däldi. Nikonor Iwanowiç tüýküligini ýuwdup, köpek ýaly hyrlady.

— Eý, peder näletler! Arkaýyn iýip-içmäge-de goýmaýarlar. Hiç kimi goýberme, men ýok, men öýde ýok. Jaý meselesi bolsa, aýt, başymy agyrtmasynlar. Bir hepdeden ýygnak boljak. Nikonor Iwanowiçiň aýaly daşky girelgä dazlap çykyp gitdi, ol bolsa ot üfleýän köli ýatladýan kelem çorbasyndan çemçe bilen uzynlygyna döwlen ýülük süňküni süzüp aldy. Edil şol wagt bu ýere iki kişi girdi, olar bilen gelen Pelageýa Antonownanyň reňki çuw akdy. Olara gözi düşenden, Nikonor Iwanowiçiň hem reňki agaryp, ýerinden galdy.

— Hajathana nirede? — diýip, gyşyk ýakaly ak köýnek geýen birinji graždanin aladaly äheňde sorady. Nahar stolunda bir zat «tyrk» etdi. (Nikonor Iwanowiçiň elinden çemçesi gaçdy).

— Bärde, bärde — diýdi çalt gepläp Pelageýa Antonowna. Gelenler derrew şol taýa okduryldylar.

— Näme gep bar? — diýip, pessaý sorady Nikonor Iwanowiç gelenleriň yzyndan ýöräp, — biziň öýümizde şübheli zat ýokdur... Bagyşlaň... dokumentleriňiz...

Birinji adam gidip barşyna Nikonor Iwanowiçe dokument görkezdi, ikinji bolsa şol pursatda hajathanada, kürsä çykyp, howa sorujynyň tüýnügine elini sokupdy. Nikonor Iwanowiçiň gözi garaňkyrady. Gazeti açdylar, onda manat däl-de, bir gojanyň suraty çekilen gök bolup gök däl, ýaşyl bolup ýaşyl däl, nätanyş pullar çykdy. Emma bularyň bary Nikonor Iwanowiçe çala-çula göründi, çünki onuň göz öňünde birhili tegmiller gaýyp ýördi.

— Wentilýasiýa tüýnüginde dollarlar, — oýa batyp diýdi birinji we Nikonor Iwanowiçden mylaýym tüýsde sorady:

— Paket siziňkimi?

— Ýok! — diýip jogap berdi Nikonor Iwanowiç gorkunçly owaz bilen; — duşmanlaryň işi bu!

— Şeýle-de bolýar — diýip, ylalaşdy birinji adam, soň mylaýymlyk bilen dowam etdi: — Ýeri, indi galanlaryny-da tabşyrmak gerek.

— Mende zat ýok! Ýok, Hudaý hakyna, elimde-de saklap görmändim şeýle närsäni! — diýip, çyny bilen gepledi başlyk. Ol yşgabyň öňüne ylgap baryp, onuň çekmesini tarkyldadyp çekdi, ondan portfelini alyp, açyp görüp, bir-birine gowuşmaýan gepleri gygyryp başlady:

— Ine, şertnama... kezzap terjimeçiň salyp goýany... Korowýew... pensne dakynan!

Ol portfelini açyp, içine seretdi, soň elini sokup, reňki gögerdi, portfel kelem çorba gaçdy. Portfelde hiç närse: Stýopanyň haty hem, şertnama hem, pul hem, kontramarka hem ýokdy. Mahlasy, epleme metrden başga hiç zat galmandy.

— Dostlar! — birden özüni tutup bilmän gygyryp goýberdi başlyk, — tutuň olary! Biziň öýümize al-arwahlar aralaşypdyr. Edil şu mahal Pelageýa Antonownanyň gözüne näme görnenini bilemzok, ýöne ol birden ellerini bir-birine urup çyňkyrdy:

— Waý, Iwaniç, toba kyl! Günäňi ýeňlederler!

Gözlerine gan guýlan Nikonor Iwanowiç aýalynyň kellesine ýumruk çenäp: — Haý, nälet siňen samsyk — diýip hyrlady.
Şundan soň ol gowşap, oturgyja çökdi, meger, takdyra men beren bolsa gerek.
Şol wagt synçgawlyk derdine ýolgan Timofeý Kondratýewiç Kwassow başlygyň öýüniň bosagasynda durup, gapynyň açar deşiginden, ogry ýaly bolup, kä seredýärdi, käte, gulak tutup, diň salýardy.
Ýene bäş minutdan bu öýüň şu wagtda howluda jem bolan ýaşaýjylary başlygyň iki kişi bilen göni derwezä tarap ýol alanyny gördi. Olaryň gepine görä, Nikonor Iwanowiçiň reňki ak esgi ýaly agarypdyr, serhoş ýaly entirekläp, bir zatlary hüňürdäp, geçip gidenmiş. Ýene bir sagatdan soň nämälim bir adam on birinji kwartira gelip girdi, şol mahal Timofeý Kondratiýewiç goňşularyna başlygy nädip ele salandyklary hakda uly keýp bilen tolgunyp, hezil edip, agyz köpürjikledip hekaýa edýärdi. Gelen adam Timofeý Kondratýewiçi barmagy bilen aşhanadan gapynyň çykalgasyna tarap ümledi, oňa bir zatlar diýdi, soň olaryň ikisem gaýyp boldy.

## X bap

## ÝALTADAN GELÝÄN HABARLAR

Nikonor Iwanowiçiň bagtsyzlyga uçran pursady, 302 — bis jaýa ýakyn ýerde, Sadowaýa köçesindäki Warýete teatrynyň maliýa direktory Rimekiniň kabinetinde iki kişi: Rimskiniň özi bilen Warýetäniň iş dolandyryjysy Warenuha bardy. Teatryň ikinji gatyndaky bu ulakan kabinetiň iki aýnasy Sadowaýa köçesine, ýazuw stolyň başynda oturan maliýe direktorynyň arkasyndaky üçünji aýna Warýetäniň ýazky bagyna açylýardy, bu bagda sowuk içgiler satylýan bufet, tir hem-de açyk estrada sahnasy bardy. Kabinetdäki zatlar ýazuw stolyndan başga bir petde köne bildirişlerden, üstünde bir grafin suw goýlan stoljagazdan, dört kürsüden we nähilidir bir peýzažyň çaň basan köne maketi ýerleşdirilen burçdaky sekiden ybaratdy. Öz-özünden düşnükli zat, bulardan daşary, ýazuw stolynyň ýanynda, Rimskiniň çep bykynynda jaýdan-jaýa köp göçüliberip syrçasy gopup giden, otda ýanmaýan demir kassa hem bardy.
Stol başynda oturan Rimskiniň irden bäri tüýsi bozukdy, emma Warenuha, munuň tersinedi, juda keýpi çag, gereginden artyk işewür görünýärdi. Emma ol güýç-gaýratyny nämä sarp etjegini bilmän awarady:
Häzir bolsa, Warenuha kontramarka sorap halys gününe goýmaýan adamlardan gaçyp, bu ýerde gizlenipdi. Beýle ýagdaýlar teatrda täze programma başlanýan döwürde has-da öwç alýardy. Bu günem edil şonuň ýaly gündi. Telefon jyrlasa, derrew trupkany alyp, ýalan gepläp başlardy:
— Kim? Warenuhamy? Ol ýok. Teatrdan çykyp gitdi— diýerdi.
Haýyş, Lihodeýewa ýene jaň edip gör, — diýdi Rimskiý saňňyldap.
— Ol öýünde ýok ahyry. Karpowy iberdim. Kwartirada hiç kim ýok diýip geldi.
— Bu nähili bibaşlyk jyn ursun — diýdi Rimskiý haşşyldap, hasap maşynasyny şarkyldadyp.

Şol wagt gapy açylyp, ýap-ýaňy goşmaça çap edilen täze afişalary bir gujak edip göterip, kapeldiner (teatrda biletleri barlaýan, tertibe seredýän) girdi. Ýaşyl kagyza uly-uly gyzyl harplar bilen aşakdaky sözler ýazylypdy:
ŞU GÜNDEN BAŞLAP, HER GÜN WARÝETE TEATRYNDA PROGRAMMADAN DAŞARY, PROFESSOR WOLAND GARA MAGIÝANYŇ JADYGÖÝLIK SEANSLARYNY GÖRKEZÝÄR WE PAŞ EDÝÄR.
Warenuha afişany makediň üstüne ýaýyp, uzakdan durup oňa seretdi, we kapeldinere, derhal hemmesini ýelmemäge iberiň diýip buýurdy.
— Gowy afişa, derrew göze ilýär — diýdi ol kapeldineriň yzyndan.
— Emma maňa asla ýaranok bu bimanylyk, — diýip hoňňuldady Rimskiý süňk gaşly äýnegi arkaly bildirişe alarylyp seredip, — aslynda ony sahnada goýmaga kim rugsat berdi, men-ä haýran!
— Ýok, Grigoriý Danilowiç, tersine, bu örän inçe bir iş. Iň gyzykly ýeri — gözbagçylygyň paş edilişi.
— Bilmedim, bilmedim, meniňçe, onda hiç-hili gyzyk ýok, ol mydama şeýle biderek zatlary tapyp ýör! Iň bolmanda, mag tersokany görkezenogam. Sen özüň bir gördüňmi şony? Haýsy görden tapdy ony, jyn ursun!
Mälim bolşuça, Warenuha-da Rimskiý ýaly tersokany görmän eken. Düýn Stýopa maliýe direktorynyň ýanyna, elinde şertnamanyň garalama nusgasy bilen (Rimskiniň aýtmagyna görä, ol telbe ýaly bolup) ylgap gelipdir-de, derrew aklama göçürip, pul bermegi tabşyrypdyr, jadygöý bolsa puly alypdyr-da, gaýyp bolupdyr, ony Stýopadan başga hiç kim görmändirem.
Rimskiý ýanyndan sagadyny çykaryp, ikiden bäş minut geçenini gördi-de, aňkasy aşdy. Eýsem, bu näme boldugy? Lihodeýew takmynan sagat on birlerde jaň edip, ýarym sagatdan bararyn diýipdi. Emma ol teatra-da gelmedi, öýünde-de ýok!
Rimskiý — Meniň işim durup galdy! — diýdi käýinip, gol çekilmedik bir top kagyza barmagyny dürtüp.
— Birden ony-da, Berlioz ýaly tramwaý kakyp giden bolaýmasyn — diýdi Warenuha, telefon trubkasyny gulagyna tutup, trubkadan bolsa uzyn-uzyn umytsyzlyk signaly eşidilýärdi.
— Käşki şeýle bolaýsady — diýip, eşidiler-eşdilmez sözledi Rimskiý. Edil şu mahal kabinete formaly kemzolly, papakly, gara ýubkaly we aýagyna şypbyk geýen bir aýal gelip girdi. Ol kemerine asylan kiçijik sumkasyndan dörtburç ak kagyz bilen depder aldy-da, sorady:
— Warýete şu ýermi? Size öte gyssagly telegramma. Gol çekiň.
Warenuha aýalyň depderine nähilidir egrem-bugram gol çekdi, aýal çykyp gidensoň, gapy ýapylandan soňra, dörtburç kagyzy açdy. Ol telegrammany okap çykyp, geň galmakdan ýaňa gözlerini gyrp-gyrp etdi-de, ony Rimskä uzatdy.
Telegrammada aşakdaky sözler ýazylypdy: «Ýaltadan Moskwa. Warýete. Şu gün on bir otuzda jenaýat agtaryş bölümine içki köýnek-balakly aýakgapsyz, mele saçly bir telbe gelip, özüni Warýete direktory Lihodeýew diýip tanatdy. Direktor Lihodeýewiň niredeligi hakynda Ýaltanyň jenaýat agtaryş, bölümine gyssagly telegramma «ýollaň».
— Ýa, toba! — diýip seslendi Rimskiý we — diňe şu ýetenokdy — diýdi.

— Galp Dmitriý — diýdi Warenuha we telefon trubkasyny alyp, gepläp başlady:
— Telegrafmy? Warýete hasabyndan. Öte gyssagly telegramma... eşidýäňizmi?.. Ýaltanyň jenaýat agtaryş bölümi... Direktor Lihodeýew Moskwada. Maliýe direktory Rimskiý...»
Şondan soň, Warenuha Ýaltadan alnan maglumata seretmezden, ýene Stýopany telefon arkaly ähli ýerden gözläp başlady, emma, mälim bolşy ýaly, ony hiç ýerden tapmady. Warenuha elinden trubkany goýman, ýene nirä jaň etsemkäm diýip baş agyrdyp durka, ýene birinji telegrammany getiren aýal gelip, Warenuha täze bukjany gowşurdy. Warenuha ony howlukmaç açdy-da, okap çykyp, sykylyk çalyp goýberdi.
— Ýene näme bela? — sorady Rimskiý saňňyldap.
Warenuha telegrammany indemän, maliýe direktoryna uzatdy, ol aşakdaky sözleri okady: «Ynanmagyňyzy ötünip soraýaryn. Wolandyň gipnozy bilen Ýalta taşlandym. Jenaýat agtaryş bölümine şahsyýetimi tassyklaýjy gyssagly telegramma iberiň. Lihodeýew».
Rimskiý bilen Warenuha kellelerini biri-birine çakyşdyryp, telegrammany gaýtadan okap başladylar, okap çykyp, jyňk etmän, bir-birlerine çiňňerilişdiler.
— Graždanlar! — diýdi aýal gazaba çykyp, — ilki gol çekiň, soňra näçe dymsaňyz, dymyberiň! Men gyssagly telegrammalary ýaýradýan ahyry!
Warenuha gözüni telegrammadan aýyrman, depdere gyýşyk-çaýşyk gol çekdi, aýal çykyp gitdi.
— Eýsem, sen onuň bilen telefonda sagat on birlerde gepleşmänmidiň? — diýdi iş dolandyryjy gaty geňirgenip.
— Gaty gülkünç masgaralyk! — diýip gygyrdy Rimskiý, — gepleşdimmi, gepleşmedimmi barybir, onuň häzir Ýaltada bolmagy mümkin däl! Ýa, toba!
— Ol serhoş... — diýdi Warenuha.
— Kim serhoş? — diýip, sorady Rimskiý, soň ýene ikisi bir-birine dikanlap durdular.
Ýaltadan telegramma iberip oturanyň bir kezzap ýa-da däli bolmagy ähtimal, — muňa asla şübhe ýokdy; emma başga bir zat kelläni agyrdýardy; şol ýaltaly ýalançy, düýn Moskwa gelen Wolandy nireden tanaýarka? Şeýle hem, onuň bilen Lihodeýewiň arasyndaky gatnaşygy nireden bilýärkä?
«Gipnoz bilen...» — diýip tekrarlady Warenuha telegrammadaky sözleri, — emma ol nireden bilýärkä Wolandy? — Ol gözlerini gyrpyldadyp, birden bir karara gelen ýaly bolup, seslenip diýdi: — Aý ýok, bu bir boş zat, boş zat bu! Ynanmaýan, ynanmaýan!
— Nirede ýaşap ýör şol lagnaty Woland? — diýip, Rimskiý sorady.
Warenuha derhal inturist býurosyna jaň edip, şu dem-de Wolandyň Lihodeýewiň kwartirasynda ýerleşenligini habar edip, Rimskiniň agzyny açdyryp goýdy. Soň ol Lihodeýewiň öýüne jaň edip, trubkadan eşdilýän uzyn-uzyn gudoga uzak wagt gulak salyp durdy. Niredendir juda alysdan «Meniň mesgenim gaýalar...» diýlip aýdylýan gamgyn aýdym telefonyň gudogyna goşulyp eşidilýärdi, şonda Warenuha telefona radio goşulýar diýip köňlünden geçirdi...
— Öý jogap bermeýär, — diýdi Warenuha trubkany asyp, — ýa-da ýene jaň edäýsekmikäk?...
Ol sözüni gutarmanka, bosagada ýene şol aýal peýda boldy.

Rimskiý hem, Warenuha hem aýala garşy durdular, ol bolsa sumkasyndan bu gezek ak däl-de, nähilidir garamtyl kagyz çykardy.

— Büý-ä indi has çökder boldy — diýdi Warenuha dişinden syzdyryp, howlukmaç çykyp barýan aýalyň yzyndan seredip, ilki kagyz Rimskiniň eline düşdi.

Fotokagyza düşürlen, gara harplar bilen ýazylan suratdaky haty anyk okasa bolýardy: «Meniň hatym, golum kimligimi görkezer. Olary tassyklap, gyssag telegramma iberiň, Wolandyň yzyndan ýörite gizlin gözegçilik goýuň.

Lihodeýew».

Warenuha teatrlarda işlän ýigrimi ýylynyň dowamynda köp täsin wakalaryň şaýady bolupdy, emma häzir özüni akyl-huşundan aýrylýan ýaly duýdy, şoňa görä, aşakdaky ýönekeýje bimany jümleden başga zat aýdyp bilmedi:

— Beýle bolmagy mümkin däl!

Emma Rimskiý başgaça ýol tutdy. Ol ýerinden turup, gapyny açdy, kürsüde oturan hat gatnadýan (kurýer) aýala: — Poçtalýondan başga hiç kimi girizmäň! — diýip gygyrdy-da, işigi içinden ildirdi. Soň ýazuw stolynyň tahylyndan bir desse kagyz alyp, ondaky Stýopanyň elýazmalaryny we gollaryny fotogrammadaky ýazgy hem gol bilen deňeşdirip başlady. Warenuha stola göwsüni taşlap, Rimskiniň ýüzüne gyzgyn demini üfläp durdy. — Bu elýazma şonuňky — diýdi bir karara gelip maliýe direktory, Warenuha bolsa ýaň ýaly şol sesi gaýtalady.

— Şonuňky.

Iş dolandyryjy Rimskiniň ýüzüne seretdi-seretdi-de, onuň ýüzüniň üýtgänine aňkarylyp galdy. Şeýle hem öňem hor maliýe direktory öňküdenem horlanan, hatda garrap giden ýaly, süňk gaşly äýnek dakynan gözleriniň owalky jokraýyp seredişi ýitip, olarda diňe howsala, alada däl-de, hasrat hem peýda bolan dek duýuldy.

Adam gaty geň galanda, özüni nähili tutýan bolsa, Warenuha-da özüni şeýle tutdy. Ol kabinetiniň ol başyndan bu başyna çalt baryp-geldi, iki mertebe, haça çekilen Isa dek, gulajyny ýaýdy, grafindäki sarymtyl suwdan bir bulgury bir zarbada içdi-de, ahyry şeýle diýdi:

— Düşünmeýän! Dü-şün-me-ýän!

Rimskiý bolsa penjirä seredip, bir zat hakda çyny bilen dartgynly ýagdaýda oýlanýardy. Maliýe direktorynyň ýagdaýy juda çylşyrymlydy. Häziriň özünde, şu ýerden butnaman ýüze çykan adatdan daşary hadysa hakda adaty düşündiriş talap edilýärdi.

Ol gözlerini ýumup, Stýopanyň şu gün sagat onkiň ýarynda agşamky köýnekde, aýakýalaňaç halda haýsydyr bir öte tiz uçýan uçarda barýanyny, soňra şol Stýopanyň özüni aýny şol birwagtyň özünde — sagat onkiň ýarynda Ýalta aerodromynda aýagy joraply duranyny göz öňüne getirdi... iblis bilsin, bu näme boldugy?!

Belki, şu gün Stýopanyň kwartirasyndan onuň bilen gepleşen adam Stýopa däldir? Ýok, Stýopanyň sesidi! Stýopanyň sesini-owazyny Rimskiden gowy tanaýan ýokdy. Gel, bu günki telefonda geplän Stýopa däl diýeli, düýn agşamara Stýopa öz kabinetinden çykyp, göni şu kabinete şol biderek şertnamany alyp gelip, özüniň biedepligi bilen maliýe direktorynyň gaharynam getiripdi. Ol nädip teartda hiç kime hiç zat aýtman gidip ýa-da uçup bilýärkä? Eger agşam günýaşar wagty uçup gidende-de, Ýalta eýýäm ýetip bilmezdi. Ýa ýetip bilermidi, ä?

— Ýalta çenli näçe kilometr? — diýip sorady Rimskiý?
Warenuha eýläk-beýläk ýöremesini bes edip, gygyrdy:
— Hawa, pikirlendim! Muny-da pikirlendim! Demir ýol bilen Sewastopola çenli bir ýarym müň kilometr. Ýalta çenli ýene segsen kilometri goş. Emma uçarda kemräk bolýar, elbetde.
Hm... Hawa... Otly hakynda gep hem bolmaly däl. Ýeri onda nähili bardyka? Istrebiteldemi? Kim hem haýsy istrebitele (çalt uçýan harby uçar) aýakgapsyz Stýopany mündürer? Nämüçin? Belkem, ol Ýalta uçup barandan soň ädigini çykarandyr? Ýene: nämüçin? Ýok, ädikli-ädiksiz ony beýle uçara goýbermezler! Hawa, istrebiteliň bu işe dahyly ýok. Telegrammada ýazylypdyr ahyry, jenaýat agtaryş bölümine gündiz on bir otuzda geldi diýip, emma ol Moskwada telefonda gepleşende, sagat... be-e, dur-la... şu wagt Rimskiniň göz öňünde öz sagadynyň ýüzi göründi... Ol sagat dilleriniň nähili şekilde duranyny ýatlap başlady. Ýa, toba! Ýadyna düşdi: on birden ýigrimi minut geçipdi. Bu nähili boldy? Eger Stýopa telefondaky söhbetden soň, aedroma ylgap, ol ýere, aýdaly, bäş minutda ýetip bardy diýip pikir edilse, ýöne muňa hiç kimsäniň akly çatmaýar, onda samolýot bäş minudyň içinde hem howa göterilip, hem müň kilometrden köpräk aralygy uçup geçip, Ýalta gonan bolýarmy? Diýmek, uçar sagatda on iki müň kilometrden-de köpräk aralygy geçýän eken-dä!!! Bu boljak zat däl, diýmek Stýopa-da Ýaltada däl.
Ýeri, indi näme ýol galýar? Gipnozmy? Adamzady bir demde müň kilometr aralygy oklap bilýän hiç-hili gipnoz ýok dünýäde! Diýmek, Stýopa özüni Ýaltada ýaly duýýar! Bolýa, oňa şeýle duýulan bolsa, onda Ýaltanyň jenaýat agtaryş, bölümine hem şeýle duýulýar diýip oýlaýarsyňyzmy?! Aý, ýok, bagyşlarsyňyz ýöne beýle bolmagy mümkin däl!...
Telegrammany şol taýdan iberýärler-ä? Maliýe direktorynyň ýüzi örän aýylgançdy. Şu wagt daşardan gapynyň tutawajyny towlap, çekip başladylar, hyzmatçy aýalyň jan-teni bilen gygyrany eşidildi:
— Bolanok! Öldürseňizem girizmerin! Ýygnak gidip dur!
Rimskiý başardygyndan özüni ele alyp, telefon trubkasyny göterdi:
— Gyssag Ýalta bilen birleşdiriň.
«Akylly pikir» — diýip, köňlünden geçirdi Warenuha.
Emma Rimskiý Ýalta bilen gürleşip bilmedi. Ol trubkany goýup diýdi:
— Işler tersine öwç alyp, liniýa bozulypdyr.
Näme üçindir liniýanyň şikesleneni ony gaty gama batyrdy, hatda çuň oýa çümdürdi. Ol biraz pikirlenip; bir eli bilen ýene trubkany aldy, ikinji eli bilen bolsa, trubka aýdýan sözlerini ýazyp başlady:
— Öte gyssag telegrammany kabul ediň. Warýete. Hawa. Ýalta. Jenaýat agtaryş bölümine. Hawa «Şu gün sagat onkiň ýarlarynda Lihodeýew Moskwada meniň bilen telefonda gepleşdi, nokat. Şondan soň iş ýerine gelmedi we ony telefon arkaly gözläp tapyp bilemzok, nokat. Onuň elýazgysyny tassyklaýaryn, nokat. Aýdylan artisti göz astynda saklamagyň çäresini görýäris. Maliýe direktory Rimskiý».
«Juda paýhasly!» — diýip oýlandy Warenuha, emma pikirini soňuna ýetirmänkä, beýnisinden başga sözler «lyp» edip geçdi: «Akmaklyk! Onuň Ýaltada bolmagy mümkin däl!»

Şu wagt Rimskiý şeýle hereket etdi: hemme alnan telegrammalary, olara goşup öz telegrammasynyň nusgasyny jemläp, bukja saldy, bukjany uly konwerte salyp, ýelimledi, konwertiň üstüne birnäçe söz ýazyp, ony Warenuha berip, diýdi:
— Sen, Iwan Sawelýewiç, häziriň özünde elin eltip gowşur. Goý özleri seljersin.
«Ine, bu hakykatdanda paýhasly pikir boldy!» — diýip oýlandy Warenuha we konwerti portfeline salyp goýdy. Soňra ätiýaçdan Stýopanyň telefon nomerini ýene bir ýola aýlap görüp, bir azajyk diňläp durdy-da, birden hoşal bolup, syrly ýagdaýda gözüni gypyp başlady. Rimskiý özüne gelip, boýnuny uzatdy.
— Artist Woland gerekdi! — diýip, mylaýymlyk bilen sorady.
— Ol häzir boş däl — diýip, jogap berdi trubkada bir sandyrawuk sesi — kim soraýar?
— Warýeteniň iş dolandyryjysy Warenuha.
— Iwan Sawelýewiç? — şatlanyp gygyrdy trubkadaky ses — çäksiz hoşal men owazyňyzy eşidenime! Saglygyňyz nähili?
— Mersi diýip, — jogap berdi geň galan Warenuha, — kim bu gepleýän?
— Onuň kömekçisi, kömekçisi we terjimeçisi Korowýew men, — diýip gümmürdedi trubkadaky ses — her bir hyzmatyňyza taýýar men, hormatly Iwan Sawelýewiç! Näme işiňiz bolsa, çekinmän, maňa aýdyberiň. Gulagym sizde!
— Bagyşlarsyňyz, Stepan Bogdanowiç Lihodeýew häzir öýde ýokmy?
— Gynansagam, ýok! ýok! — şaňkyldady trubka, — gitdi.
— Nirä!
— Şäheriň çetine, maşynada seýil etmäge.
— Hi... nirä? Se... seýle?... Haçan gaýdyp gelerkä?
— Birazajyk açyk howada dem alyp, gaýdyp gelerin diýip gitdi!
— Düşünerli... — diýdi aňyny aldyran Warenuha, — mersi. Haýyş, mosýe Wolanda aýdyň, ol şu gün sahna üçünji bölümde çykar.
— Aýdaryn. Eýsem näme. Elbetde. Gyssagly tüýsde. Şek-şübhesiz. Aýdaryn — diýip, trubkadan üzlem-saplam jogap geldi.
— Bor, sag boluň — diýdi geň galan Warenuha.
— Meniň iň gyzgyn, iň mähirli salamymy we isleglerimi kabul etgeýsiňiz! — diýýärdi trubka. — Size üstünlükler! Guwanç, bagt-sagadat dileýärin. Salamat boluň!
— Bolany!
— Aýdypdym-a! — diýip gygyrdy iş dolandyryjy tolgunyp, — hiç hili Ýalta-palta ýok: şäheriň çetine seýle gidipdir!
— Eger şu rast bolsa, — diýdi gazapdan reňki ak esgi ýaly agaran maliýe direktory, — beýle doňuzlygy näme diýip atlandyrjagymy hem bilemok!
Şu wagt iş dolandyryjy böküp turup, şeýle çasly gygyrdy welin, Rimskiý sarsyp gitdi:
— Boldy! Ýadyma düşdi! Puşkinoda «Ýalta» diýen somsahana açylypdy! Hemmesi düşnükli! Ol ana, şoňa barandyr, lül bolubam, indi telegramma iberip ýatyr!
— Bu gaty öte geçmek bolýar — diýdi Rimskiý, gahardan ýaňa ýaňagy tirpildäp, gözlerinde ot ýanyp, — häli howlukmasyn, bu seýil oňa juda gymmada düşer — şeýle diýip, ol birden sägindi we dowam etdi: — Weý, onda jenaýat agtaryş näme?...
— Bu toslama! Onuň adaty oýunjagazy — diýip, onuň sözüni böldi iş dolandyryjy we sorady:

— Paketi eltip beribereýinmi?
— Elbetde — diýdi Rimskiý.
Şu wagt işik açylyp, ýene öňki aýal girdi... «Şol!» — diýip gyssagly oýlandy Rimskiý. Ikisi-de poçtaçy aýala ýüzbe-ýüz durdy.
Bu gezek telegrammada şeýle sözler bardy: «Tassyklanyňyz üçin sag boluň. Jenaýat agtaryş bölümine meniň üçin gyssagly bäş ýüz iberiň, ertir Moskwa uçaryn. Lihodeýew».
— Däliräpdir... — diýip, Warenuha pessaý sözledi.
Rimskiý bolsa açarlaryny şarkyldadyp, demir kassanyň agzyny açdy-da, ondan bäş ýüz manat sanap alyp, jaň edip, hyzmatçyny çagyrdy, puly onuň eline tutduryp, telegrafa iberdi.
— Akyl-huşuň ýerindemi, Grigoriý Danilowiç? — diýdi Warenuha öz gözlerine ynanman, — meniňçe, pul iberip nädogry edýärsiň.
— Nädogry bolsa, gaýdyp geler, — diýdi Rimskiý ýuwaşja, — emma bu keýp-sapa üçin ol entek gowuja temmi alar, — soň Warenuhanyň portfeline yşarat edip, dowam etdi. — Sen ötägit, Iwan Sawelýewiç, wagt ýitirme:
Warenuha eline portfelini alyp, kabinetden atylyp çykdy.
Ol aşaky gata düşüp, kassanyň öňünde uzyn hatara düzlen, nobatda duran adamlary gördi, kassir aýaldan ýakyn bir sagadyň içinde birem bilet galmajagyny, çünki goşmaça bildirişi okan adamlaryň topar-topar bolup gelýändiklerini eşitdi-de, kassir aýala ložadan we parterden iň gowy otuz ýeri satman goýmagy buýurdy, soň dazlap çykyp, kontramarka sorap ýürege düşýänleriň gözüne güýdüşip, papagyny almana öz kabinetine ugrady. Kabinete giren badyna telefon jyrlap başlady.
— Diňleýän! — diýdi gygyryp Warenuha.
— Iwan Sawelýewiçmi? — diýip sorady telefonda diýseň gödek, ýakymsyz sesli bir adam.
— Häzir ol teatrda ýok! — diýip, Warenuha gygyrjak boldy ýöne telefondaky ses onuň sözüni böldi:
— Aldawaçlygy goýuň, Iwan Sawelýewiç, diňläň. Telegrammalary hiç ýere äkitmäňem, hiç kese görkezmäňem.
— Kim bu gepleýän! — diýip, gygyrdy Warenuha, — oýny bes ediň, graždanin! Häziriň özünde kimdigiňizi anyklarys! Nomeriňiz?
— Warenuha — diýdi, ýene şol ýakymsyz ses, — sen rus diline düşünýäňmi? Telegrammalary hiç ýere äkitme.
— Äl, nähili ekeniňiz? — diýip, gaharly gygyrdy iş dolandyryjy, — duruň bakaly! Bu kylmyşyňyz üçin temmiňizi bererler, — ol ýene bir zatlar diýip hemle urdy-da, birden sem boldy, çünki trubkada ony indi hiç kes diňlemeýärdi.
Şu çak, bu kiçijik kabinet birden garaňkyrap başlady. Warenuha kabinetden atylyp çykyp, işigi ýapdy-da, ýan tarapdaky sokakdan ýazky baga tarap ylgady. Iş dolandyryjy tolgunýardy we güýç-gaýrata beslenipdi. Çünki ol, ýaňky jaň eden tüpbozanlaryň bir ýerliksiz hile bilen bir işler etjekdiklerine, olaryň bolsa Lihodeýewiň gaýyp bolmagy bilen baglydygyna şübhelenmedi. Şol sebäpli, ýowuz niýetli bu adamlary paş etmek islegi iş dolandyryjyny dynç goýmaýardy, iň gyzykly tarapy, ol birhili ýakymly wakanyň sadyr boljagyny öňünden duýup başlapdy. Beýle

duýgy adatça, bir ýere dab-dabaly habar ýetirip, tutuş jemgyýetiň üns-ygtybaryna eýe bolmaga ymtylýan wagtyňda ýüze çykýar.

Bagda birden güýçli şemal öwsüp, iş dolandyryjyny ýolundan saklamakçy bolýan ýaly, ony habardar etmekçi bolýan ýaly, gözlerine gum sepdi. Ikinji gatda bir penjiräniň aýnasy döwüläýjek bolup, jarkyldap ýapyldy, zereň we lipa agaçlarynyň çür depesi howsalaly şuwwuldady. Iňrik garalyp, biraz salkyn aralaşdy. Iş dolandyryjy gözlerini owlakap, gök gübürdisinden habar berýän etegi sary bulutlaryň Moskwa asmanynda aşaklap ýüzýändigini gördi.

Warenuha hernäçe howluksa-da, ýazky hajathana montýoryň elektrik çyrasyna simden tor geýdiren ýa geýdirmedigini barlamak isleginden waz geçip bilmedi.

Ol tiriň golaýyndan ylgap geçip, gür siren agajynyň aşagyna girdi, gögümtil reňke boýalan hajathana şol taýda ýerleşýärdi. Montýor işine jür adam eken, erkekler bölüminde, petikdäki çyra sim tor aýlanypdyr, emma iş dolandyryjyny başga bir zat biynjalyk etdi: gök gübürdemeden öň bolan garaňkylanma garamazdan, hajathananyň diwarlaryna kömürdir galam bilen ýazylan her hili sözleri arkaýyn okap bolýardy.

— Be-e, bu näme boldugy... — diýip, iş dolandyryjy gep başlajak boldy welin, birdenkä arkasyndan biriniň myrryldyly owazy eşidildi:

— Sizmi bu, Iwan Sawelýewiç?

Warenuha tisginip, yzyna öwrülip, ýüzi pişigiňkä meňzeş togalak adamy gördi.

— Hawa, men, ýeri, näme? — diýip, parhsyz jogap berdi Warenuha.

— Örän, örän diýseň hoşaldyryn, — diýdi pişiksypat togalak adam mawlaýan ýaly, soň birden gulaç ýaýyp onuň gulak-çekgesine şeýlebir doňdurdy welin, iş dolandyryjynyň başyndan papagy uçup, oturgyjyň arasynda gaýyp boldy. Togalak adamyň urgusyndan bütün hajathana bir demde ýagtylanyp, asmandaky gümmürdi hem oňa ýaran boldy. Soň ýene bir gezek ýyldyrym çakdy we iş dolandyryjynyň garşysynda saçlary göýä alaw ýaly çypar, bir gözi gülli, agzyndan azy dişi çykyp duran, pälwansypat, eginlek emma özi keltejik ýene bir alamat peýda boldy. Ine, şu ikinji alamat, megerem, çeppekeý bolmaga çemeli, iş dolandyryjynyň beýleki çekgesine-de gönderdi. Bu urga goşulyp, ýene gök gümmürdedi, hajathananyň agaç üçegine şatyr-şatyr çagba guýup başlady.

— Edýäniňiz näme, dost... — diýip pyşyrdady aňy ýiten iş dolandyryjy, emma şu demde, jemagat hajathanasynda bigünä adama hüjüm eden bonditlere «dostlar» diýmegiň dogry däldigine düşünip, hyrryldady! — graždan... emma olaryň bu ada hem mynasyp däldiklerini pähimledi, edil şu wagt olaryň haýsy-da bolsa biriniň üçünji elhenç urgusyna tap getirmän, burnundan lahta-lahta akan gan köýnegini boýady.

— Portfeliňde näme bar, muthor? — diýip käýindi pişiksypat adam, — telegrammalarmy? Olary hiç ýere äkitme diýip telefonda saňa duýdurmadylarmy? Duýdurdylarmy diýip soraýan senden!

— Duýdur... duýduryp... dylar... — diýip sandyraý-sandyraý jogap berdi iş dolandyryjy.

— Şuňa seretmezden ylgap, ýola çykypsyňda? Ber bärik portfeli, mahluk! — diýip, hälki telefonda eşidilen bulaşyk owaz bilen gygyrdy ikinji mahluk we Warenuhanyň sandyraýan ellerinden portfelini çekip aldy.

Soňra iki bolup iş dolandyryjynyň goltugyna girip, goltuklap ony bagdan süýräp çykardylar-da, Sadowaýa köçesini boýlap, dazyrdap alyp gitdiler. Gök gümmürdisi gitdigiçe güýjäp, gümmürdeýärdi, derýa ýaly akýan ýagyş suwy kanalizasiýa salmalaryna güwläp, şowlap girýärdi, hemme tarapda suwuň üstünde, «börek gaýnaýardy», tolkunlar peýda bolýardy, jaýlara ýagýan ýagmyr suwy urbalara sygman, olaryň gapdalyndan şarlap akyp düşýärdi, derwezeleriň aşagyndan köpürjiklenen ýagyş suwy sil dek akyp çykýardy. Sadowaýa köçesinde birem diri jandar galmandy, şunlukda, Iwan Sawelýewiçi hiç kim halas edip bilmejekdi. Ýyldyrym çakanda diňe lyp-lyp göze ilýän garakçylar laýly suw akymlaryndan ädimläp çalajan iş dolandyryjyny bir demde 302-bis öýüne getirdiler-de, girelgä süsdürildiler. Bu ýerde iki sany aýakýalaňaç aýal köwüşlerini we joraplaryny ellerine alyp, diwara gysylyp durdular. Soňra banditler altynjy girelgäniň işigine tarap ylgadylar. Huşundan giden Warenuha bäşinji gata alynyp çykylyp, Stýopa Lihodeýewiň oňa ýagşy tanyş bolan kwartirasynyň ýarymgaraňky girelgesine oklandy.

Bu ýerde iki basmaçy gaýyp bolup, olaryň ýerinde melesaç, gözleri fosfor dek ýalpyldaýan çyp-ýalaňaç bir gyz peýda boldy.

Warenuha başyna düşen alamatlaryň iň aýylganjynyň şudugyny pähimledi, gaty ýňrandy-da, diwara tarap çekildi. Gyz bolsa iş dolandyryjynyň alnyna ýüzme-ýüz gelip, iki elini onuň egnine taşlady. Warenuhanyň saçlary gorkusyndan ýaňa syh-syh boldy, çünki ol ýagyşa ezilen sowuk köýnegi arkaly hem gyzyň buz kibi sowuk aýalaryny duýdy.

— Gel, seni bir ogşaýyn, — mylaýym owaz bilen diýdi gyz, ýanyp duran gözleri Warenuhanyň gözlerine galtaşdy. Şonda Warenuha huşundan gidip, gyzyň posasyny duýmady.

## XI bap

## IKI IWAN

Derýanyň aňry kenarynda, mundan bir sagat öň maý güneşiniň şuglasyna gark bolup duran gür tokaý ýuwaş-ýuwaşdan garalyp, ahyry gaýyp boldy. Penjiräniň aňyrsyndan şarlap guýýan ýagyş aýnalara perde çekdi. Asmanda dembe-dem alaw ýüpleri parlap, asman tars-tars ýarylýardy, hassanyň ýatan otagy zol-zol ýagtylyp, gorkuly şugla gaplanýardy.

Iwan köpürjükläp, gaýnap akýan bulançak derýa seredip, öz krowatynda sessiz aglap otyrdy. Her gezek gök gümmürdän-de ol endişeli ýňranyp, elleri bilen ýüzüni ýapýardy. Onuň ýazyp taşlan kagyzlary ýerde pytrap ýatyrdy; gök gümmürdisinden otaga şuwlap giren şemal olary her tarapa uçuryp goýberipdi.

Şahyryň aýylganç konsultant dogrusynda arza ýazmaga urunmalary hiç-hili netije bermändi. Ol dolmuş feldşer aýaldan (onuň ady-familiýasy Praskowýa Fýodorownady) kagyz bilen keltejik galam alan wagty, işeňňir adamlar ýaly, aýalaryny biri-birine sürtüp, stoljagazyň başynda gyssagly oturypdy. Ol başda ylhamy joşup, haty şeýle başlady:

«Milisiýa, МАССОЛИТ agzasy Iwan Nikolaýewiç Bezdomnydan. Arza. Düýn agşamara men merhum M. A. Berloiz bilen Patriarh köçesine bardym...»
Emma şahyryň pikiri şobada esasan «merhum» diýen söz sebäpli bulaşdy. Arza başdan tutaryksyz bolup çykýan ýalydy: bu nähili merhum bilen bardym? Merhumlar ýöremeýär! Dogry-da, ýene däli hasaplarlar! Iwan Nikolaýewiç oýlanyp ýazanlaryny düzedip başlady. Indi beýle bolup çykdy: «... soňrak aradan çykan M. A. Berlioz bilen...» Bu hem awtory kanagatlandyrmady. Üçünji gezek täzeden ýazdy, emmma üçünji owalky ikisindenem beter bolup çykdy: «... Tramwaý basyp giden Berlioz bilen...» — ýene, munuň üstesine ol hiç kimsä belli bolmadyk atdaş familiýaly kompozitoryň şahyr beýnisine ýapyşyp ýatmagy artykmaç, şonuň üçin: «... kompozitordan başga Berlioz...» — diýip ýazmaly boldy. Iwan bu iki Berlioz bilen başagaý bolup, bar ýazanlaryny çyzyp taşlady. Okajagyň ünsüni başdan özüne çekmek üçin juda täsirli, güçli sözlerden başlajak boldy-da, tramwaýa münen pişik hakynda ýazyp, şundan soň üzülen kelle epizodyna geçdi. Üzülen baş we konsultantyň öňden görüjiligi onuň beýnisinde Pontiý Pilat hakyndaky pikirleri oýardy, şonda Iwan has-da ynançlyrak bolmagy üçin prokurator hakynda eşidenlerini, onuň Iroduň köşgüne gan reňk jähekli ak plaş bilen Iroduň köşgüniň eýwanyna çykan ýerinden başlamagy makul bildi.
Iwan erjellik bilen işläp, ýazanlaryny çyzyp, täze sözler girizip, hatda Pontiý Pilatyň, ondan soň yzky aýaklarynda duran pişigiň suratyny hem çekmäge çalşyp gördi. Emma suratlar hem ýardam bermedi — şahyryň arzasy gitdigiçe çylşyrymlaşyp, baş alyp çykar ýaly bolmady. Oňa çenli bolsa dünýäni jünbüşe salýan bulutlar gelip, gür tokaýyň üstüni büräp, güýçli şemal turan wagty, Iwan özüniň ysgyndan gaçanyny, arza ýazmagy başaryp bilmejegini duýdy-da, şemalyň uçuran kagyzlaryny poldan ýygnaşdyrman, eşidiler-eşidilmez, sessiz aglap başlady.
Gök gümmürdisi wagty ak göwünli feldşer aýal Praskowýa Fýodorowna şahyrdan habar almaga geldi, jaýa girdi-de, onuň aglap oturanyny görüp, gorkdy we näsag ýyldyrymdan gorkmasyn diýip, penjiräniň perdesini ýapdy, ýerde seçilip ýatan kagyzlaryny ýygnaşdyryp, göni wrajyň ýanyna ylgady. Wraç gelip, Iwanyň eline sanjym etdi, soň: indi aglamarsyň, häzir hemmesi geçip gider, üýtgär, unudylar diýip, oňa teskin berdi.
Wraç dogry aýdan eken. Hä diýmän derýanyň aňyrsyndaky tokaý başky görnüşe girdi. Owalky gözel halyna gaýdan dury asmanyň aşagynda tokaýdaky her bir daragt anyk göze ilip başlady, derýa-da rahatlandy. Sanjymdan soň, gussa hem şahyry terk edip, indi ol öz krowatynda asmandaky älemgoşary arkaýyn synlap ýatyrdy.
Bu ýagdaý agşama çenli dowam etd, ol älemgoşaryň assa-ýuwaş gaýyp bolanyny hem, asmanyň tüýsi öçüp, gamgyn bolanyny hem, tokaýyň gara tüýse girenini hem duýman galdy. Iwan gaýnag süýt içip, ýerine geçdi, pikirleriniň üýtgäp başlanyny duýup, özi hem geň galdy. Lagnaty pişik hakyndaky pikiri mylaýymlaşdy, üzülen kelle ony indi gorkuzanokdy, şoňa görä, Iwan ony hatyrasyndan çykardy, indi, dogrusyny aýtsam, bu şypahanada ýatmak ýamanam däl, Strawinskiý dana we meşhur adam, onuň bilen mylakatly bolmak örän ýakymly. Agşamyň sergin howasy bolsa, gök gümmürdisinden soň arassa hem şypaly — diýip oýlandy. Hasrat öýi ýumruldy. Asuda koridorlardaky saralan ak lampalar öçüp, olaryň ýerine, kada görä,

gögümtil agşam çyralary ýandy, gapylaryň aňyrsyndaky ýörelgelere düşelen rezin düşegiň üstünde ýuwaş ýöräp ýören feldşer aýallaryň aýak sesleri bardyksaýyn kemräk eşidilip başlady.

Indi Iwan rahat pinekläp ýatyşyny, kä petikdäki abažuryň aşagyndan mylaýym şugla saçýan çyra, kä gara tokaýyň aňyrsyndan çykyp gelýän Aýa nazar aýlap, öz-özi bilen söhbetleşýärdi.

— Ýeri, nämüçin men Berliozy tramwaý basany zerarly beýle tolgundym? — diýip pikir ýöredýärdi şahyr. — Ahyr netijede başaşak gitsin-le! Näme ol meniň iki dogup, bir galanymmydy? Eger bu meselä çuňurak seretsek, men merhumy beýle bir içgin tanamogam-a. Ýeri, men ol hakda näme bilýärin? Hiç zat, bar bilýänim, ol takyr kelle öte dilewar. Şeýle hem — graždnlar — diýip, ondan soň — Iwan kimleredir ýüzlenip, gepini dowm etdirdi, — geliň, bir zady aýdyňlaşdyryp göreliň, hany maňa düşündirip beriň, men näme sebäpden bir gözi boş, beýlekisi gara, şübheli konsultanta, jadygöý professora jynly ýaly topuldymkam? Elime şem alyp, içki balakda onuň yzyndan kowalamagymyň, soň, restoranda görkeden akmaklygymyň nämä geregi bardy?

— Aý, ýok, ýok, — diýdi owalky Iwan şahyryň öz içinde öz başynda duran täze Iwana kesgitlilik bilen, — her nähili bolsa-da, professor Berliozyň kellesiniň üzüljegini öňünden anyk aýtdymy? Diýmek, nämüçin tolgunmaly däl?

— Mesele başga ýerde, dostlar! — diýip, nägilelik bildirdi täze Iwan ozalky Iwana, — munyň aşagynda nähilidir bir syr barlygy ýaş çaga-da aýan. Şol konsultant ýüz göterim gizlin we syrly şahs. Emma iň gyzyk tarapy hem şunda-da! Onuň Pontiý Pilat bilen şahsy tanyşlygy bar eken, ýeri, mundan beter nähili täsinlik bolsun? Patriarh kölçesiniň boýunda tüýs akmak ýaly galmagal turuzandan, ondan mylaýymlyk bilen Pilat we jenaýatçy Ha-Nosri barada doly gürrüň bermegini haýyş eden bolsam, dogry bolmazmydy? Men bolsam başyma ýok galmagaly satyn alyp ýörün! Dogry, žurnalyň redaktoryny tramwaýyň basyp gitmegi möhüm hadysa, elbetde! Emma, näme, indi žurnal ýapylyp galjakmy? Heý, çärämiz barmy, adamyň başy ölümli, hatda duýdansyz hem ölmegi mümkin diýip, juda dogry aýdylypdyr. Goý, jaýy jennet bolsun! Ýene ýerine başga bir redaktor saýlarlar, belkem, mundan hem dilewarrak bolar.

Täze Iwan bir azajyk irkilip, köne Iwandan sorady:

— Ýeri, bu wakada men kim boldum?

— Akmak! — diýdi, niredendir bir ýerden anyk ýaňlanan owaz. Emma bu ne täze, ne owalky Iwanyň owazydy, belki konsultantyň ýogyn sesine örän meňzeşdi. Emma Iwan «akmak» diýen söze, nämüçindir hapa bolmady, gaýta hüşgär geňgalma bilen ýylgyrdy-da, gözi ýumlup, köşeşdi. Iwanyň uka gideni hem şoldy, göz öňünde pil aýakly palma daragty göründi, golaýyndan pişik geçip gitdi — ol indi gorkunç däldi, şatlykly görünýärdi. Mahlasy, Iwany uky doly basmarlap başlanda, birden eýwanyň gözenegi süýşürildi we balkonda özüni Aý şuglasyndan penalaýan syrly bir şahs peýda boldy, ol Iwana barmagy bilen yşarat etdi. Iwan asla gorkman, krowatyndan galdy-da, balkonda bir erkek kişiniň duranyny gördi. Ol adam barmagyny dodagyna degrip: — Tss! — diýip pyşyrdady.

## XII bap

## GARA JADYGÖÝLIK WE ONUŇ PAŞ EDILIŞI.

Başyna sary reňkli deşik kotelok — şlýapa, aýagyna gözenek jalbar, paşmagyna ýaldyrawuk köwüş geýen malina sypat burny gyp-gyzyl, kiçijik bir adam Warýetäniň sahnasyna iki tekerli ýönekeý welosiped münüp çykdy. Ol fokstrot sazynyň aşagynda sahnany bir mertebe aýlanyp, ýeňişli seda bilen gygyrdy welin, welosiped yzky tigrinde aýaga galdy. Kiçijik adam bir tigirde bir azyrak sahnada aýlanyp, aýagyny asmana göterip, welosipedi eli bilen sürüp, soňam onuň öň tekerini aýryp, perdäniň arkasyna tigirläp goýberdi, soň welosipediň çarhyny eli bilen aýlap bir tekerde ýöremegi dowam etdi. Şundan soň egni trikogy we hemme ýerine kümüş ýyldyzjagazlar ýapyşdyrylan ýubka geýen, dolmuş, sary saçly bir aýal bir tekerli juda belent welosiped münüp çykyp, ol hem sahnada aýlanyp (öwrülip) başlady. Kiçijik adam bu aýal bilen garpma-garşy gelende, başyndaky kotelok — şlýapasyny aýagy bilen çykaryp, gygyryp salamlaşýardy. Ahyry sekiz ýaşlaryndaky ýüzi garrysypat bir oglanjyk awtomobiliň ullakan gudogy asylan goşa tekerli kiçijik welosipedli çykyp, ulularyň aýagynyň aşagynda çolaşyp, hyzlap ýöräp başlady. Bu üç artist sahnada birnäçe mertebe pyr-pyr aýlanandan soň, orkestrdäki depregiň gorkunç sesiniň astynda ylgap, sahnanyň gyrasyna geldi, birinji hatarda oturan tomaşaçylar «wah» diýip, oturan ýerlerinde arkan gaýyşdylar, çünki adamlara bu üç artist ulaglary bilen bile orkestriň çukuryna ýykyljak ýaly duýuldy.
Emma artistler welosipedleriniň öňki we tekerleri sazandalaryň üstüne ýykyljak çagy sakga durdylar. Welosipedçiler «hop!» diýip gyýgyrşyp, ýere böküp düşdüler, aýny wagtda sary saç aýal tomaşaçylara howaýy posa iberdi, oglanjyk bolsa gudogyny düýdüldedip, gülkili signal berdi.
Dowamly el çarpyşma binany lerzana getirdi, mawy perde sahnanyň iki tarapyndan biri-birine ýakynlaşyp gelip, welosipedçileri gözden ýaşyrdy, işikleriň depesindäki «çykalga» diýip ýazylan ýaşyl çyralar söndi, gümmez aşagyndaky ap-ak şar sypat çyralar möý kerebini ýatladýan gimnastika ýüpleriniň aralygynda lowurdap ýandy. Iň soňky bölüminiň öňündäki arakesme başlapdy. Welosipedçi Žullileriň maşgalasynyň ýerine ýetiren täsin oýunlaryna gyzykmadyk ýeke-täk adam Grigoriý Danilowiç Rimskiý boldy. Ol ýalňyz özi ýuka dodaklaryny dişläp, kabinetinde oturşyna, ýüzi gahardan ýaňa çytylýardy. Lihodeýewiň düşnüksiz ýagdaýda ýitirim bolany az ýaly, indi iş dolandyryjy Warenuhanyň gaýyp bolmagy hem üstesine.
Rimskiý onuň nirä gidenini bilýärdi, emma ol giden ýerinden yzyna dolanyp gelmedi! Rimskiý egnini gysyp, öz ýanyndan — Ýeri, ne bela boldy diýip pyşyrdady. Maliýe direktory ýaly iş bilermen adam üçin Warenuhanyň giden ýerine jaň edip, oňa näme bolanyny sorap bilmekden aňsat iş bolmasa hem, geň galaýmaly, ol tä agşam sagat ona çenli özüni bu zada mejbur edip bilmedi. Sagat onda Rimskiý özüni mejbur edip, ahyry telefon trubkasyny gulagyna tutdy, tutdy-da, telefonyň sem bolup galanyny bildi. Kurýer binadaky başga telefonlaryň hem işlemeýädigini habar etdi. Bu elbetde, ýakaymsyz, emma gaty bir adatdan daşary, bolmadyk ýagdaý maliýe direktoryny, birhili geň galdyrdy, şol birwagtyň özünde-de hoşal etdi:

Jaň etmek zerurlygy aradan aýryldy.
Arakesmäni habar beriji gyzyl çyra maliýe direktorynyň depesinde lyp-lyp edip ýanyp ugranda, kurýer girip, daşary ýurtly artistiň gelenini habar berdi. Nämüçindir maliýe direktory bu habara tisgindi we ýerinden galyp, ýüzünden gar ýagjak ýaly alarylyp, gastrolýory garşy almak üçin perdäniň arkasyna ýol aldy, çünki ony garşy almaga indi özünden başga adam galmandy.
Bir topar bilesigeliji adamlar: egnine zerli don geýip, selle oran gözbagçylar, dokama ak kurtka geýen konki uçujylar ýüzüne pudra çalnan hekaýaçy we grimçiler koridorda üýşüp durup, her hili bahana bilen ullakan grimhana jyklap seredýärdiler.
Egnine biçimi örän täsin, gaty uzyn frak geýip, ýüzüne gara nikap çeken meşhur artist hemmäni geň galdyrdy. Emma jadygöýiň iki ýoldaşy has-da alamat bolup göründi. Bular: egnine gözenek kemzol geýip, gözüne çüýşesi çat açan pensne dakan uzyn adam bilen togalak semiz gara pişikdi — pişik grimhana yzky aýaklarynda ýöräp girdi, barybam arkaýyn diwana geçip oturdy we gözlerini süzüp, grim stolunyň ýanyndaky ýalaňaç çyralary synlap başlady. Rimskiý özüni ýylgyrmaga mejbur edip (emma ajy ýylgyryşy ýalan we turşudy) diwanda, pişigiň ýanynda lal bolup oturan jadygöý bilen elleşmän, tagzym edip salamlaşdy. Emma gözenek kemzolly ýuha: «Men bularyň kömekçisidirin» diýip maliýe direktoryna özüni tanatdy. Bu ýagdaý maliýe direktoryny ýene geňirgendirdi, çünki şertnamada kömekçi hakda hiç hili söz ýokdy.
Grigoriý Danilowiç, edil tamdan taraşa düşen ýaly, birden peýda bolan gözenek kemzolla mejbury ýüzlenip: — Apparatlaryňyz nirede? — diýip sorady.
— Eý, biziň asman almazymyz, hormatly jenap direktor — diýip, sandyrawuk ses bilen jogap berdi. Jadygöýiň kömekçisi — biziň apparatlarymyz hemişe özümiz bilen bile. Ine ol! Eýn, sweý, dreý! — Şeýle diýip, ol Rimskiýniň göz öňünde düwünli barmaklaryny pyrlap durdy-da, birden onuň ilikleri ildirilen kemzollynyň içindäki jübüsine salnyp, zynjyr bilen iligiň deşigine berkidilen altyn sagadyny zynjyry bilen bile pişigiň gulagynyň arkasyndan aldy.
Rimskiý biygtyýar elini garnyna goýdy, bu mugjyzanyň şaýatlary aňk-taňk boldular, işigiň arasyndan ogrynça garap duran grimçi bolsa hoşal bolup, gygyrdy.
— Siziň sagadyňyzmy? Merhemet ediň, alyň — edepsiz torşaryp diýdi, kömekçi we özüni ýitiren Rimska onuň zadyny hapa aýasynda uzatdy.
— Beýle adam bilen tramwaýa münseň, jürüňi diker — diýip şadyýana heňde pyşyrdady hekaýatçy grimçiniň gulagyna. Emma pişik sagat wakasyndan hem täsin oýun görkezdi. Ol birden ýerinden turdy, yzky aýaklarynda ýöräp, üstüne aýna ýerleşdirilen stoljagazyň öňüne bardy, öňki aýaklary bilen grafin gapagyny aýryp, bulgura suw guýdy, suwy içip bolup, ýene gapagy ýapdy-da, grim esgisi bilen murtuny süpürdi. Bu ýerdäkiler agyzlaryny açyp, dilleri zybana gelmän, doňup galdylar, grimçi bolsa hoşal bolup pyşyrdady:
— Gör, ediberişini!
Şu çak jaň üçünji gezek howsalaly jyrlary, gyzykly nomerleri görmek höwesinde bolan adamlar tolgunyp, grimhanadan çykyp başladylar.
Ýene bir salymdan soň tomaşa zalyndaky şarsypat çyralar söndi, sahnanyň öňündäki çyralar ýanyp, perdäň etegine gyzylymtyl nur düşdi, şonda egnine könelen köýnek,

gyjymlanan frak geýen, sakgal-murty alnan, çaga ýaly şadyýan, dolmuş adam perdäniň öňünde peýda boldy. Bu bütin Moskwa owazasy dolan alyp baryjy Jorž Bengalskidi.
— Şeýlelikde, graždanlar — diýip, söze başlady Bengalskiý, çagalara mahsus äheň bilen — häzir sahna çykmak nobaty... — diýip, Bengalskiý öz sözüni böldi we başgaça äheňde gepläp başlady:
— Üçünji bölümde tomaşaçylar zalda hasam köpelipdir. Bu gün bu ýere şäheriň ýarysy ýygnanypdyr.! Ýakynda bir tanyşymy görüp, oňa:
— «Nämüçin teatrymyza barmaýarsyň? Agşam bizde şäheriň ýarysy ýygnandy» diýemde, ol: «Men şäheriň ikinji ýarymynda ýaşaýaryn!» — diýip jogap berdi. — Bengalskiý gürrüldili gülkä garaşyp biraz dymdy, emma hiç kim gülmänden soň, sözüni dowam etdirdi: — Şeýlelikde, häzir daşary ýurtly meşhur artist mosýe Woland jadygöýlik seansy bilen siziň öňüňizde çykyş edýär! Emma sizem, bizem bir zada gowy düşünýäris, — şu ýere gelende Bengalskiý danalarça ýylgyrdy, — gara magiýa aslynda dünýäde ýok zat, bu bir yrymçyllykdan başga zat däl, emma maestro Woland gözbagçylyk emellerini doly ele alypdyr, bu bolsa jadygöýlik seansynyň iň gyzykly ýerinde, has dogrusy, onuň emelleriniň edilýän wagtynda size aýan bolar, emma biz onuň tehnikasynyň paş edilişiniň tarapdary bolanymyz üçin jenap Wolandy sahna teklip edýäris!
Bengalskiý şu tutaryksyz sözlerini samrap bolup, iki aýasyny bir-birine urdy we perdä tarap yşarat edende, perde ýuwaş şyglap, iki tarapa serpildi.
Jadygöýüň uzynak kömekçisi hem-de yzky aýaklarynda ýöreýän pişigi bilen sahna çykyp gelşi halka hoş ýakdy.
— Maňa kürsi goýuň — diýip, buýrdy Woland ýuwaşlyk bilen, şu demde sahnada birden kürsi peýda boldy-da, jadygöý oňa baryp oturdy, — aýt, hany maňa, ezizim Fagot — diýip, ýüzlendi. Woland gözenek kemzolly masgarabaza, onuň «Korowýewden başga-da ady bar bolmaga çemeli, — sen näme diýersiň, Moskwanyň adamlarynyň tebigatynda üýtgeşiklik boldumyka?
Jadygöý kürsüniň asmandan düşenini görüp, aňk-taňk bolup galan märekä garady.
— Hut şeýle, messir — diýip, ýuwaş jogap berdi Fagot — Korowýew.
— Dogry aýtdyň. Şäher ilaty daşyndan gaty üýtgäpdir, şol birwagtda, meniňçe, şäheriň özi hem. Geýim-gejimleri hakda aýtmanymyzda-da, otüki zatlar hälki... nämedi ol... tramwaýdyr, awtomobiller peýda bolupdyr.
— Awtobuslary-da — diýip, hormat bilen üstüni ýetirdi Fagot.
Halk bu söhbet — jadyly oýunlara girişdir öýdüp, olary üns bilen diňleýärdi. Sahnanyň arkasy artistlerden, sahna işçilerinden dolupdy, olaryň ýüzleriniň arasyndan Rimskiýniň buz ýaly çuw-ak bolan aladaly ýüzi hem göze ilýärdi. Sahnanyň gapdal tarapynda duran Bengalskiniň çehresinde-de geň galma alamatlary peýda boldy. Ol gaşyny çala galdyrdy-da, pursatdan peýdalanyp, gepläp başlady:
— Daşary ýurtdan gelen artist, tehnika taýdan rowaçlanan Moskwamyza, şeýle hem Moskwanyň halkyna aperin aýdýar — diýip, Bengalskiý iki gezek öňki parterde oturanlara, soň galereýa garap ýylgyrdy.
Woland, Fagot we pişik alyp baryja tarapa öwrüldi.
— Eýsem men aperin aýtdymmy? — diýip sorady jady Fagotdan.

— Ýok, messir, siz hiç kime hiç hili aperin aýtmadyňyz — diýip jogap berdi ol.
— Onda bu adam näme diýip dur?
— Ol ýalan gepledi! — bütin teatr eşider ýaly belent owaz bilen diýdi gözenek kemzolly kömekçi we Bengalskä öwrülip, goşmaça kyldy: — Gutlaýaryn sizi, ýalançy graždanin!
Galereýada gülki göterildi, Bengalskiý bir tisginip, gözlerini mölertdi. — Emma meni awtobuslar, telefonlar kän gyzyklandyrmaýar... Apparatlar hem — diýip ýatlatdy gözenek kemzol.
— Örän dogry, minnetdar men — diýip, ýogyn ses bilen ýuwaş gepläp dowam etdi jady, — apparatlar däl, belki şäher ilatynyň içinden nädereje üýtgänligidir!
— Hawa, bu örän möhüm mesele, jenap.
Sahnanyň arkasynda duranlar bir-birlerine seredişip, geň galma bilen eginlerini gysyp başladylar. Bengalskiý pomidor ýaly gyzardy, Rimskiý ak esgi ýaly boldy. Emma şu mahal jadygöý başlanyp gelýän howsalany duýup, şeýle diýdi:
— Ýogsa-da, ezizim Fagot, gepe güýmenip, halkyň içini gysdyrdyk. Hany, ilkibaşda ýönekeýräk bir hünär görkez.
Zal ýeňillik bilen gozgandy. Fagot bilen pişik rampa[1] ýakalap, hersi bir tarapa geçdi. Fagot barmaklaryny şarkyldadyp:
— Üç, dört! — diýip şoh gygyrdy-da, howadan bir desse karty gapyp aldy, soň ony uzyn lenta öwrüp, pişige uzatdy. Pişik ony gapyp alyp, edil şu tüýsde Fagota gaýtardy. Atlas kart ýylan ýaly wyşlady, Fagot agzyny jüýjäňki ýaly açyp, bir desse karty bir-birden ýuwdup goýberdi.
Şundan soň pişik yzky sag aýagyny süýräp, zala tagzym kyldy we el çarpyşmalary gazandy.
— Klass, haýran biz — diýip, sahnaň arkasynda duranlar gygyryşdylar.
Fagot bolsa barmagy bilen partera yşarat edip diýdi:
— Indi, hormatly graždanlar, ýaňky kart ýedinji hatarda oturan graždanin Parçewskiniň jübüsinde, graždanka Zelkowa aliment tölemek hakynda kazyýetden gelen çakylyk bilen üç manatlyk puluň arasynda.
Parterde oturanlar herekete gelip, ýerlerinden turup başladylar. Ahyry, şu wagt geň galmakdan ýaňa gulagyna çenli gyzaran bir raýat (onuň familiýasy hakykatdan hem Parçewskiý eken) jübüsinden kart dessesini alyp, ony näme etjegini bilmän, galgadyp, ýokary göterdi.
— Size ýadygärlik bolsun! — diýip gygyrdy Fagot. — Çünki siz düýn agşamlyk nahar wagtynda, eger poker oýny bolmadyk bolsa, Moskwada bir günem ýaşap bilmezdim diýip, ýöne ýere aýtmandyňyz.
— Bu bir öňden gelýän oýun — diýdi kimdir biri galereýadan, — ol adam bularyň öz şärikleri bolmaly.
— Siz şeýle pikirdemisiňiz? — diýip gygyrdy Fagot, galereýa gözüni süzüp seredip, — onuň ýaly bolsa, sizem bize şäriksiňiz, sebäbi kart häzir siziň jübüňizde! Galereýada hereket başlandy, soň şadyýan ses eşidildi.
— Dogry! Şunda eken! Şu ýerde, şu ýerde... Saklaň! Be-e, bu gyzyl onluklar-la!

[1] Rampa — sahnanyň öňündäki çyralar.

Parterdäkiler galereýa tarapa başlaryny öwürdiler. Ol ýerde bir raýat öz jübüsinden bank usulynda daňlyp, üstüne «bir müň manat» diýip ýazylan bir desse puly tapyp, aňk-taňk bolup galypdy.

Töwereginde oturanlar onuň üstüne eňdiler, ol bolsa, pullar hakykymyka ýa-da jadyly kagyzlarmyka diýip, desse puluň üstündäki kagyzy dyrnagy bilen ýyrtmaga çalyşýardy.

— Hudaý hakyna, çyn pul! Gyzyl onluklar! — diýip gygyrdylar galereýadan şatlykly owazlar.

— Meniň bilenem şeýle oýun oýnaň — diýip güldi parteriň ortalarynda oturan bir semiz adam.

— Awek plezir! — diýdi Fagot. — Nämüçin diňe seniň bilen? Hemmeler bu oýna deň gatnaşýar! — diýip, buýruk berip başlady:

— Hemmäňiz ýokary serediň!.. Bir! — şu wagt onuň elinde pistolet peýda boldy, soň: — Iki! — diýip gygyrdy. Pistoletiň agzy asmana garady. — Üç! — diýip gygyranda, ot çykyp, «tark» eden ses eşidildi-de, gümmeziň aşagyndan, her tarapa dartylan simiň we ýüpleriň arasyndan zala ak kagyzlar ýagyp başlady.

Kagyzlar pyr-pyr aýlanyp, käsi galereýa, käsi orkestriň çukuryna, hatda sahna-da uçup düşýärdi. Birnäçe sekuntdan soň tomaşaçylaryň üstüne ýagyş ýaly ýagyp başlady, adamlar turup, pullary gapyp başladylar. Ýüzläp eller howa göterildi, tomaşaçylar gapyp alan kagyz pullaryny ýagty sahna tarapa öwrüp, gözlerine ýakyn eltip, olarda hakyky suwly belgileriň bardygyna, ýagny pullaryň çyndygyna ynanç hasyl edýärdi. Pullaryň ysy-da hiç hili şübhe döretmeýärdi: bular ýaňy çapdan çykan pullara has bolan täsin ysdy. Bütin teatry owaly şatlyk, soň geň galma duýgusy gurşap aldy. Hemme tarapdan: «Çerwonslar, hakyky onluk pullar» — diýen sözler, «Ah, ah!» — diýen sesler we şadyýana gülki güwläp eşidilýärdi. Kimdir birleri kürsüleriň aşagyna düşen pullary gözläp, hatarlaryň arasynda emedekläp hem ugrapdy. Köpçülik oturgyçlaryň üstüne çykyp, çar tarapa pyrlanyp düşýän kagyz pullary gapjak bolýardy.

Milisionerler bardyksaýyn geň galyp başladylar, artistler bolsa, perdäniň aňyrsyndan arkaýyn çykyp gelýärdiler.

Beletaždan: «Näme eliňi uzadýaň? Bu meniňki! Men tarapa uçup geldi!» — diýen ses we oňa jogap: «Itekleme meni, eger men seni iteklesem, şonda görersiň!» — diýip gygyran başga ses ýaňlandy.

Soň birden jürlewük owazy geldi. Şol demde beletažda milisioneriň papagy peýda bolup, ol ýerden kimdir birini alyp gitdiler.

Mahlasy, adamlaryň möwjemesi bardyksaýyn artyp barýardy, eger-de Fagot howa üfläp, pul ýagşyny togtatmadyk bolsa, nämeleriň boljagy belli däldi.

Iki sany ýaş ýigit köp manyly we guwançly gözlerini gyrpyşyp, ýerlerinden turup, göni bufede ýöneldi. Teatr aryň öýjügi ýalydy, tomaşaçylaryň gözleri üýtgeşik lowurdaýardy. Hawa, hawa, eger Bengalskiý özüni ele alyp, ýerinden gozganmadyk bolsa, bu wakanyň soňunyň näme bilen gutarjagy mälim däldi. Ol özüni doly rastlamaga çalşyp, endigi boýunça aýaklaryny bir-birine sürtdi we sesini mümkingadar ýaňlandyryp diýdi:

— Şeýlelikde graždanlar, häzir siz bilen bilelikde gipnoz diýilýän wakanyň şaýady bolduk. Bu jadygöýlikde hiç hili gudrat ýoklugynyň anyk subutnamasy, onuň sap ylmy tejribedigidir. Indi maestro Wolanddan bu tejribäni paş etmegini haýyş edýäris. Häzir, graždanlar, size pul bolup görnen kagyzlaryň peýda bolşy ýaly, gaýyp bolşuny hem öz gözüňiz bilen görersiňiz.
Şeýle diýip, ol çapak çalyp başlady, emma oňa hiç kes goşulmady, ol çapak çalýan wagtynda ýüzünde ynanç oýnaklady, ýöne gözlerinde ynançdan derek ýokdy, gözleri köpräk haýyşy beýan edýärdi.
Bengalskiniň sözleri halka ýaramady. Bütin zal şeýlebir dym-dyrslyga gark boldy ki, ony diňe gözenek köýnekli Fagot bozdy.
— Bu hem ýene hälki aýdyşymyz dek, ýalançylyk nusgasy — diýdi ol geçiniňki ýaly sandyrawuk we şaňky owaz bilen — bu kagyzlar, graždanlar, hakyky pullardyr!
— Brawo! — diýip gygyrdy bir ýogyn ses ýokardan.
— Dogrusyny aýtsam, bu adam — diýip Fagot Bengalskini görkezdi, — janyma degdi. Bar zada tumşugyny sokup, ýalan bellikler bilen seansa zelel ýetirip dur! Näme etsekkäk muny?
— Kellesini almak gerek! — diýdi galereýadan biri gazap bilen.
— Näme diýdiňiz? Lebbeý? — Fagot bada-bat bu ýaman teklibi tassyklap, — başyny almak gerek? Dana pikir? Begemot! — diýip gygyrdy ol pişige, — düzet! Eýn, sweý, dreý!!
Şonda asla garaşylmadyk hadysa ýüz berdi. Gara pişigiň tüýleri syh-syh bolup, eýmenç mawlap, göni Bengalskiniň kükregine gaplaň dek böküp, onuň depesine çykdy. Pişik hyrlap, mymyk penjeleri bilen alyp baryjynyň öljeren saçlaryny çeňňelläp, wagşyýana gygyryp, onuň başyny iki gezek towlap, ýogyn boýnundan ýoldy. Teatrdaky iki ýarym müň adam birbada gygyryşdy. Bengalskiniň üzlen boýnundaky damarlaryndan gan dyňzap atyldy, onuň köýnegi, fragy gana boýaldy. Zaldan aýallaryň janagyrly perýatlary eşidildi. Pişik üzlen başy Fagoda berdi, ol bolsa kelläniň saçyndan tutup, ony halka görkezdi, şonda kelle jan ajygyna bütin teatry başyna göterip:
— Doktory çagyryň! — diýip gygyrdy.
— Sen ýene tutaryksyz sözleri sözlärmiň? — diýip, Fagot aglaýan kelleden sorady.
— Indi beýtmerin — diýip hyrkyldady kelle.
— Hudaý hakyna, gynamaň ony — diýip, ložadan bir aýalyň örän ýiti nalasy eşidildi, gara jady ses gelen tarapa ýüzüni öwürdi.
— Ýeri, graždanlar, bagyşlaýasmy muny? — diýip, Fagot zala ýüzlenip, sorady.
— Bagyşlansyn! Bagyşlansyn! — diýip, ilki aýallaryň aýry-aýry sesleri eşidildi, soňra erkeklerem köpçülik bolup goşulyp gygyrdylar.
— Siziň pikiriňiz, messir? — diýip, Fagot nikaply jadydan sorady.
— Eýse näme diýeris — oýlanybyrak diýdi ol, — bular adam ahyry. Puly gowy görýärler, eýsem mydama şeýle bolmanmy näme?.. Bütin ynsanyýet puly gowy görýär, ol nämeden ýasalan bolsa-da, — deridenmi, kagyzdanmy, bürünçdenmi, altyndanmy — barybir. Çünki olar ýeňles hulkatlardyr... Haý, ne çäre ... olaryň kalplarynda käte rehimdarlyk duýgulary hem oýanýar... ýönekeý bendeler... umuman,

gadymky adamlar ýaly, bulary hem... diňe öý-jaý meselesi adamkärçilikden çykarypdyr... — Soň belent owaz bilen buýrdy:

— Kellesini ýerine goýuň.

Pişik ýagşy nyşanalap, kelläni ornuna gondurdy, kelle hamana hiç haçan teninden aýrylmadyk ýaly, öz ýerine pugta jaýlaşdy. Iň möhümi, boýny üzlen ýerinde hiç hili ýara yzy galmady. Pişik Bengalskiniň fragyny we köýnegini penjesi bilen ýelpedi welin, olardaky gan tegmilinden nyşan hem galmady, Fagot ýerde oturan Bengalskini ör turuzdy, fragynyň jübüsine bir desse pul salyp, ony sahnadan çykaryp, diýdi:

— Hany, garaňy saýla! Indi sensiz wagtyhoşluk ederis.

Alyp baryjy yzyna garap, entirekläp, zordan ýangyn postuna ýetip bardy, emma şu ýere ýetende, ýagdaýy agyrlaşdy. Ol ejizläp: — Waý, kelläm! Kelläm! — diýip nalady.

Onuň ýanyna başgalar bilen Rimskiý hem ylgap bardy. Alyp baryjy aglaýardy, elleri bilen howada bir närsäni tutjak bolýardy we sakawlanýardy: — Kellämi beriň! Jaýymy alyň, kartinamy alyň, ýöne kellämi yzyna beriň! — diýýärdi.

— kurýer wraç getirmäge ylgady. Bengalskini grimhanadaky diwana ýatyrmakçy boldylar, ol adamlary siltäp, depip galmagal edip başlady. Tiz kömegi çagyrmaly boldy. Bagtygara alyp baryjyny äkidenlerinden soň, Rimskiý ýene sahna tarap ylgap, ol ýerde täze mugjyzalaryň sadyr bolýandygyny gördi. Hawa, şu mahalmy, ýa mundan sähel öňüräkmi, her halda jadygöý öz oturan köne kürsüsi bilen bile sahnadan gaýyp bolupdyr, emma şuny aýtmak gerek ki, Fagotyň sahnada görkezýän üýtgeşik oýunlaryna gyzygan halk Wolandyň gaýyp bolanyny asla duýmandyram.

Fagot bolsa, jebirlenen alyp baryjyny çykaryp goýberensoň, halka şeýle diýdi: — Ine indi ol ýüregedüşgünçden gutulanymyzdan soň, geliň, aýallar dükanyny açalyň!

Şol pursatda sahnanyň poluna eýrany halylar ýazyldy, iki tarapyndan trubka dakylan al-ýaşyl çyralar bilen ýagtylandyrylan uly-uly ýüz görülýän aýnalar we olaryň aralygynda witrinalar peýda boldy, şadyýana geň galyp oturan tomaşaçylar bu witrinada dürli reňkde, dürli fasonda bolan pariž aýal egin-eşiklerini gördüler. Bu bir witrinada, beýlekisinde bolsa, ýüzlerçe ýelekli we ýeleksiz aýal şlýapalary, her dürli reňkdäki gara, ak, sary deriden tikilen, tasmaly we sadaply hasapsyz tufliler peýda boldy. Şu tuflileriň arasynda gutujagazlarda çyra şuglasynda towlanýan billur atyr çüýşeler. Keýik derisinden, mahmaldan ýüpekden tikilen petde-petde sumkajagazlar, olaryň arasynda bezelen, uzynak altyn gutujyklarda leb boýaglary. Şu wagt haýsy gördendir peýda bolan, egnine baýramçylykly gara lybas geýen, boýnundaky diýseň alamat ýara yzy bolmasa, çyn sahypjemal görünýän mele saç gyz witrinalaryň öňünde durup, şu ýeriň bikesi sypatynda tagzym, kyldy.

Fagot süýji ýylgyryp, pariž fasondaky bu pariž köýnekleridir, aýakgaplaryny firma, siziň — aýallaryň geýlen, köne köýnekleriňize, aýakgaplaryňyza çalyşar diýip yglan etdi. Sumkajagazlar, atyr we başga närseler dogrusynda hem şeýle çalşyk boljagyny üstüne goşdy.

Şu wagt pişik art aýaklaryny bir-birine urup, aýny wagtda öňki aýaklary bilen gapy garawulyna laýyk hereket etdi. Gyz bolsa, örän düşüniksiz, emma parterdäki aýallaryň ýüzüne seredeniňde, kişini was-wasa salyjy bir aýdymy nätanyş dilde gyryljak, emma täsirli edip aýtdy:

— Herlän, Şanel nomer bäş, Misuko, Narsis Nuar, agşamlyk köýnekler, kokteýl köýnek...

Fagot eglip-bükülipdi, pişigem tagzym edýärdi, gyz aýnaly witrinalary açdy. — Merhemet! — diýip heňkirdi Fagot; — hiç çekinmän, utanman geliberiň!

Halk ikirjeňlenip başlady, emma häzirlikçe sahna çykmaga hiç kim ýürek edip bilmedi. Ahyry garaýagyz bir aýal parteriň onunjy hataryndan turdu we hiç hili gep — söze perwaý etmeýän adam ýaly, ýylgyryp, ýan tarapdaky basgançakdan sahna çykdy.

— Brawo! — diýip gygyrdy Fagot, — iň birinji myhmany gutlaýaryn! Begemot, kürsi! Aýakgapdan başlaýarys, madam.

Aýal kürsä oturdy. Fagot şobada, aýalyň aýak astyna, halynyň üstüne köwüş baryny dökdi. Garaýagyz aýal sag aýagyndaky köwşüni çykaryp, melewşe reňkli tuflini geýip gördi, halynyň üstünde ýerinden galyp, ökjesini basyp gördi.

— Aýagymy gysmazmyka? — ikirjiňläp sorady aýal.

Muňa jogap ornunda Fagot ynjap: — Ýok-la, aýdýanyň näme? — diýdi. — Pişik hem öýkeli mawlady. — Men alýan şu tuflini, mosýe — diýdi garasaç aýal, hoşallyk bildirip, ikinji aýagyna hem tufli geýdi. Aýalyň köne köwşi perdäniň arkasyna taşlandy. Onuň özi hem mele saçly gyzyň we Fagotyň gözegçiliginde şol tarapa ýol aldy; Fagot egnine birnäçe modaly köýnekleri asypdy. Pişik uçup-gonup kömekleşýärdi, haýbatlyrak bolmagy üçin boýnuna santimetr hem asyp goýupdy. Ýene sanalgyja sekuntlardan soň, garasaç aýal perde arkasyndan şeýle täsin köýnekde çykyp geldi ki, muny görüp bütin parter bir deň gorsundy. Indi örän dilber bolup giden batyr aýal aýnanyň garşysynda durup, ýalaňaç eginlerini synlady, ýeňsesindäki saçyna elini degirdi we özüniň arka tarapyna aýnada görmek maksadynda öwrülip başlady. — Firmamyz, şuny ýadygärlik üçin kabul etmegiňizi soraýar — diýdi Fagot we garasaç aýala içi atyr çüýşeli, gapagy açyk gutujygy uzatdy.

— Mersi, — diýdi aýal tekepbirlik bilen we basgançakdan düşüp, parter tarapa ýöredi. Ol barýarka, ýol ugruna tomaşaçylar ýerlerinden galyp, gutujygy tutup görýärdiler. Şu wagt birden ýol açyldy-da, zalyň hemme tarapyndan aýallar sahna tarap akyp ugrady. Köpçüligiň teşwişli gowry, gülküsi we ah-wahlarynyň arasyndan bir erkegiň «Sahna çykmagyňa ýol bermerin!» — diýen sesi hem oňa: «Zalym we bahyl erkek, elimi gaňyrma!» — diýip çyňkyrany eşidildi. Aýallar perdäniň arkasyna geçip, ol ýerde öz lybaslaryny galdyryp, täzesini geýip çykardylar. Zer aýakly kürsülerde hatar düzlişip, aýaklaryna laýyk tuflileri geýip görýärdiler. Fagot dyza çöküp, elindäki şahdan ýasalan çemçe bilen aýallara kömekleşýärdi, hallanlap gujak-gujak sumkajagazlary we tuflileri witrinadan kürsüleriň duran ýerine getirip, gaýtaryp alyp gidýärdi, boýny nahraly aýymgyz bolsa, kä peýda bolup, kä ýene gaýyp bolýardy, indi ol bara-bara bütinleý fransuzça sözläp başlady, emma iň gyzygy şunda ki, hemme aýallar, hatda asla fransuzça bir sözi bilmeýän aýallar-da onuň sözlerine gepini gutarmanka düşünýärdiler.

Aýallara gatyşyp sahna çykan bir erkek hemmäni geň galdyrdy. Ol aýalynyň, dümewläp öýde ýatanyny, şu sebäpli özüne onuň üçin bir zatlar berip goýbermeklerini sorady. Bu raýat hakykatdan-da hatynynyň bardygyny subut etmek üçin, pasportyny görkezmäge-de taýýardy. Gamhor äriň bu beýanatyny halk kah-kah

urup garşy aldy, Fagot pasportsyz hem size özüme ynanan ýaly, ynanýaryn diýip heňkirdi-de, erkege iki jübüt ýüpek jorap tutdurdy, pişik bolsa onuň üstüne bir guty pomada — leb boýag berdi.

Gijä galan aýallar sahna okdurylýardylar, aýny wagtda bal köýnekleri, aždar gülli pižamalary, her hili bezegli lybaslary we şlýapalary geýen bagtyýar aýallar sahnadan düzülip düşüp gelýärdiler. Şu wagt Fagot, wagt giç bolany sebäpli, ýene bir salymdan soň magazin ertir agşama çenli ýapylýar, diýip yglan etdi, sahnada edepsiz biserenjamlyk başlandy. Aýallar aýaklaryna geýibem görmän, tuflilere tapyr-tupur ýapyşyp başladylar. Bir aýal sahnanyň arkasyna edil tupan ýaly uçup girip, egnindäki geýimini şarpa çykaryp taşlady-da, eline ilen birinji lybasa, parça-parça gülli halada el urdy, mundan daşgary, ýene iki çüýşe atyry hem kakyp gitdi. Birazajyk wagtdan soň, pistoletden ok atylyp, ýüz görülýän aýnalar gaýyp boldy, witrinadyr kürsüler nirädir bir ýere çökdi, haly hem, aýna perdeler hem howada eräp, ýok boldy. Iň soňunda dag-dag bolup üwlüp ýatan köne köýneklerdir joraplar gaýyp boldy we sahna ýene öňki ýaly boşap galdy.

Ana, şonda ara täze personaž aralaşdy. Ikinji ložadan bir hoşowaz erkegiň ýakymly we ýaňlanýan sesi eşidildi.

— Her näme-de bolsa, hormatly artist, häziriň özünde fokuslaryňyzyň tehnikasyny, şeýle hem kagyz pul barasyndaky fokusyňyzy tomaşaçylara paş etmegiňizi isleýäris. Şunuň ýaly-da, alyp baryşyny sahna gaýtarsaňyz ýagşy bolardy. Onuň takdyry tomaşaçylary alada goýýar.

Bu hoşowaz tomaşaçy bu günki tomaşanyň hormatly myhmany, Moskwa teatrlarynyň akustika komissiýasynyň başlygy — Arkadiý Appollonowiç Sempleýarowdy.

Arkadiý Appollonowiç ložada iki aýal bilen otyrdy: olaryň biri — modaly, gymmatbaha geýnen, ýaşy bir çene baran, ikinjisi — gowuja geýnen ýaş hem ýakymlydy. Soňra protokol düzlende mälim boldy ki, birinji aýal Arkadiý Appollonowiçiň hatyny, ikinjisi bolsa — onuň daşky garyndaşy, Saratowdan gelen, häzirki wagtda Sempleýarowlaryň kwartirasynda ýaşaýan gelejegi parlak ýaş aktrisa eken.

— Pardon! — diýip jogap berdi Fagot, — meni bagyşlarsyňyz, munuň hiç hili paş edilýän tarapy ýok, hemme zat düşnükli.

— Ýok, bagyşlarsyň! Paş etmek hökmän. Ýogsa bu täsin nomerleriňiz kalpda teşwüş galdyrýar. Tomaşaçylar düşündiriş talap edýär sizden.

— Tomaşaçylar — diýip, rehimsiz masgarabaz Sempleýarowyň sözüni böldi, — hiç zat talap eden däldir? Emma, siziň hormatly islegiňizi kabul edip, Arkadiý Appollonowiç, bolýar, men paş edeýin. Emma ondan öň ýene bir kiçijik nomer görkezmäge ejaza berseňiz!

— Garşylyk ýok — diýip jogap berdi Arkadiý Appollonowiç mürewwet görkezip, — emma soňunda, elbetde, paş ediş bolsun.

— Baş üstüne, baş üstüne. Onda siz soragyma jogap beriň, düýn agşamara niredediňiz, Arkadiý Appollonowiç?

Ine, şu ýerliksiz, hatda howply diýse hem bolýar, soragy eşiden Arkadiý Appollonowiçiň ýüzi üýtgedi, özem örän gaty üýtgedi.

— Arkadiý Appollonowiç düýn agşamara akustika komissiýasynyň mejlisinde-di — diýip, beýanat berdi onuň hatyny öte tekepbirlik bilen, — emma, munuň jadygöýlüge näme dahyly bar, düşünmedim.
— Hawa, dogry, madam — diýip takyklady Fagot, — düşünmeýänligiňiz tebigy ýagdaý. Mejlis meselesinden siz asla bihabar.
Arkadiý Apollonowiç, siziň aýdan, aslynda bolsa, düýn agşam bolmadyk mejlise gidenden soň, Çistiýe prudiniň golaýyndaky akustika komissiýasynyň binasynyň öňünde öz şofýoryna jogap berip, (bütin zal suw sepilen ýaly dym-dyrs bolup galdy), özi bolsa, awtobusda Ýelohowskaýa köçesine, raýon teatrynyň artistkasy Milisa Andreýewna Pokobatkonyňka baryp, şol ýerde dört sagatlap myhman boldy.
Şu dym-dyrslykda kimdir biriniň «Öý!» diýen ejirli sesi eşidildi.
Arkadiý Apollonowiçiň ýaş garyndaş gelni birden sandyrawuk eýmenç owaz bilen hahahaýlap başlady.
— Bar zat düşnükli! — diýdi ol, — özümem köpden bäri şübhe edip ýördüm. Luizanyň roly näme sebäpden şol zehinsize berleni indi maňa aýdyň boldy!
Şeýle diýip, ol birden elindäki kelte desseli, mawy reňkli saýawany bilen Arkadiý Apollonowiçiň kellesine ýelmedi.
Deýýus Fagot, ýagny Korowýew bolsa gygyrdy: — Ine, hormatly graždanlar, Arkadiý Apollonowiçiň günümize goýman talap eden paş ediş hadysalaryndan biri!
— Arkadiý Apollonowiçe el götermäge nädip milt etdiň, ganjyk? — diýip, Arkadiý Apollonowiçiň hatyny mahabatly kaddyny dikläp ýerinden turup, batly gygyrdy.
Garyndaş juwan ýene bir mertebe jynssyz, gaharly hahahaýlap güldi. — Başgalaryň hetdi ýetmese-de, — diýip jogap berdi hahahaýlap — meniň hetdim ýeter el götermäge! — şonda ikinji gezek «kars» eden ses eşidildi — aýalyň saýawany Arkadiý Apollonowiçiň başyna urlyp, pökgi ýaly bökdi.
Sempleýarowyň aýaly: — Milisiýa! Tutuň ony! — diýip, şeýlebir eýmenç gygyrdy welin, adamlaryň ýüregi «şuw» etdi. Munuň üstesine pişik hem  sahnanyň öňüne okdurylyp çykyp, bütin teatry başyna göterip, birden adamzat owazy bilen gygyrdy:
— Seans tamam! Maestro! Marşa başlaň!!!
Aň-huşuny ýitiren dirižýor özüniň näme edýänine-de düşünmän, dirižýorlyk taýagyny galgatdy we orkestar nähilidir gaýry tebigi, diýseň edepsiz bir marşy çalmady, gümmürdetmedi, belki pişigiň ýigrenji yşaraty boýunça — başlady... Emma iň möhümi bu däl, belki, şu wakalardan soň Warýetede kyýamat gopup başlady. Milsionerler Sempleýarowlaryň oturan ložasyna tarap ylgap gitdiler, tomaşa talaplar ložanyň germewinden aşyp geçmekçi bolýardylar, eýmenç hahahaýlar, wagşyýana gykylyklar we bularyň hemmesini basyp orkestrdäki mis jamynyň sesi ýaňlandy. Edil şu wagtda sahna birden boram-boş bolup galdy, ýaňky üsti könelen kürsüde oturan gara mag ol kürsi bilen bile nähili gaýyp bolan bolsa, indi Fagot bilen bihaýa pişik Begemotyň bir dem salyşy bilen emele gelen zatlar-da edil şeýle gaýyp boldy.

## XIII bap

## GAHRYMANYŇ PEÝDA BOLMAGY

Şeýlelikde, nätanyş adam Iwana barmagy bilen haýbat edip, pyşyrda-dy: «Çüş!»
Iwan krowatda aýagyny sallap, oňa dikanlap seretdi. Otuz sekiz ýaşlardaky sakal-murty alnan, gara saçy maňlaýyna düşüp duran, jüýk burun, gözleri ala adam balkondan assyrynlyk bilen seredýärdi.
Bu täsin myhman Iwanyň ýekeligine göz ýetirenden soň, daşaryk birazajyk diň salyp durdy-da, ahyry otaga girmäge ýürek etdi. Diňe şonda Iwan onuň keselhana geýmindeligini gördi. Ol içki köýnek-balakly, ýalaňaç aýagyna tufli geýip, egnine goňur halat atynypdy. Myhman Iwana göz gypyp, elindäki bir desse açary jübüsine salyp goýdy-da: «Otursam bolýarmy?» — diýip sorady, Iwan baş atyp razy bolandan soň, kürsä oturdy.
— Bu ýere nähili girdiňiz? — Iwan myhmanyň süňklek barmagynyň haýbatyna raý edip, pyşyrdap sorady, — balkonyň gözenegi gulplydy-la!
— Gözeneg-ä gulplydy — diýdi myhman, — emma Praskowýa Fýodorowna şepagatly bolsa-da, öte başagaý adam. Mundan bir aý öň onuň bir desse açaryny ogurladym, şondan bäri birinji gatyň jaýyň töweregine aýlanýan balkonlaryna çykmaga, käte bolsa goňşularym bilen duşuşmaga mümkinçilik aldym.
Eger balkona çykyp bilýän bolsaňyz, gaçyp gitseňizem bolmaýarmy? Ýa belentmi juda? — diýip, Iwan gyzyklanyp sorady.
— Ýok, — kesgin jogap berdi myhman, — men bu ýerden gaçyp gidip bilmerin — balkonyň belent bolany üçin däl, barjak ýerim ýoklygy üçin gidip bilmeýärin. — Ol bir azajyk dym-dyrslykdan soň dowam etdi. — Şeýdip, ýatyrys diýsene!
— Ýatyrys — diýip, jogap berdi Iwan gelen adamyň goýun gözüne dikanlap.
— Bolýa-da... — diýdi myhman birden aladalanyp.
— Bolsa-da siz başbermezeklerden dälsiňiz-le? Soranymyň sebäbi, bilýäňizmi, men gohy, dawalaşmany, gyýnagy we şuňa meňzeş zatlary asla halamaýaryn. Esasanam meniň üçin adamzadyň gygyranyny, goý, ol azar çekip, gazaplanyp ýa başga ýagdaýda gygyrsyň, parhy ýok, barybir gowy görmeýärin. Köňlüme teselli berip, aýdyň, siz başbermez däli dälsiňiz, şeýlemi?
— Agşam restoranda biriniň tumşugyn-a owratdym — diýip, mertlerçe boýun aldy täze tüýse girip başlan şahyr.
— Sebäp? — diýip, myhman kesgitli sorady.
— Açygyny aýtsam, bisebäp — diýdi Iwan utanjyrap.
— Aýyp — diýip, myhman käýýedi we dowam etdi. — Onsoňam, nämüçin şeýle biýedep gep aýdýaňyz? «Tumşugyny owratdym» Adamda tumşukmy ýa ýüzmi — mälim däl-dä. Her halda, tumşuk däl-de, ýüz bolsa gerek. Şunlukda, ýumruk işletmek... Ýok, siz bütünleý taşlaň bu işiňizi.
Myhman Iwana şu äheňde temmi berip, sorady: — Kesbiňiz?
— Şahyr men — diýip, nämüçindir göwünsiz boýun aldy Iwan. Myhmanyň keýpi gaçyp, gaharly. — Wah, nämedenkä hiç işim paşmaýar — diýdi-de, ol bada-bat huşuny ýygyp, üzür aýtdy we sorady:
— Familiýaň näme?
— Bezdomnyý.
— Eh, eh... — diýdi myhman ýüzüni çytyp.
— Näme, goşgularym size ýaramaýarmy? — diýip, gyzyklanyp sorady Iwan.

— Asla ýaramaýar.
— Haýsy goşgularymy okapdyň?
— Hiç goşgyňyzy-da okamandym! — diýdi myhman gaharlanybyrak.
— Onda nämüçin beýle diýdiň?
— Diýemde näm bolupdyr — jogap berdi myhman, — näme ömrümde goşgy okan däldir öýdýäňmi? Belkem... siziňki täsinlidir? Ýagşy, sözüňize ynanmaga taýýar men. Özüňiz aýdyň hany: goşgularyňyz gowumy?
— Gaty dereksiz — diýip, birden batyrgaý we ýürekden nägilelik bildirdi Iwan.
— Indi ýazmaň! — diýip, haýyş etdi myhman ýalbaryjy äheňde.
— Ant içip, wada berýärin! — dabaraly äheňde diýdi Iwan.
Andy el basyp tassykladylar, şol wagt dälizden ýuwaş aýak sesi we sözleşilýän ses eşidildi.
— Çüşş...— diýip, pyşyrdady myhman we böküp balkona çykyp, penjiräni ýapdy. Gapydan Praskowýa Fýodrowna jyklap, Iwandan hal-ýagdaý sorady, soň ondan, garaňkyda uklamagy isleýäňizmi ýa ýagtydamy diýip sorady. Iwan çyrany söndürmezligi haýyş etdi, şondan soň Praskowýa Fýodrowna näsaga ýagşy düýş görmegi diläp, bu ýerden uzaklaşdy. Hemme ýer ümsümlik boldy, şonda myhman ýene bäri girdi.
— 119-njy otaga tos-togolok, iki ýaňagy gyp-gyzyl täze bir näsagy ýatyrdylar — diýdi ol pyşyrdap. — Gyzykly ýeri, ol wentilýasiýa tüýnügine goýlan haýsydyr bir walýutalar hakynda, ýene Sadowaýa köçesindäki öýde jynlaryň mesgen tutandygy hakynda lebi-lebine degmän samrap ýatyr. Puşkine zol-zol gargynyp, ýene iki gepiniň birinde: «Kurolýesow, bis-bis!» — diýip gygyrybam goýberýär.
Ol teşwiş çekip, bir tisgindi. Soňra köňli birazajyk teselli tapyp, kürsä oturdy-da: — Ýeri, bolýa-da, Hudaý kuwwat bersin, —diýip, Iwan bilen başlan söhbetini dowam etdirdi:
— Hoş, bu ýere düşmegiňize näme sebäp boldy?
— Sebäp Pontiý Pilat — diýdi Iwan hesretli halda aşak bakyp.
— O nähili?! — diýip, myhman seresaplygy hem unudyp gygyrdy-da, derhal aýasy bilen agzyny tutdy. — Gör nähili adatdan daşary meňzeşlik! Ýalbarýan, ýalbarýan, başdan-aýak aýdyp beriň!
Iwan nämüçindir bu nämälim adama ynandy we agşam Patriarh kölçesiniň boýunda ýüz beren hadysany başda gorkubrak, soň batyrgaýlyk bilen aýdyp başlady. Hawa, Iwan Nikolaýewiç açar ogurlan nämälim şahsyň mysalynda örän yhlasly diňleýji tapdy! Myhman Iwany däli hasaplaman, onuň hekaýasyny uly gyzyklanma bilen diňläp oturyşyna, bara-bara haýrana galdy. Ol öwran-öwran şeýle sözler bilen Iwanyň sözüni bölýärdi: — Ýeri, ýeri dowamy, dowamyny aýt, haýyş edýän. Ýöne öwülýädir enbiýalar hakyna hiç zady galdyrman, doly beýan et!
Iwan hem bar zady bolşy ýaly doly beýan edýärdi, elbetde, oňa şu tüýsde hekaýa etmek aňsatdy, ine, ahyry ol Pontiý Pilatyň elwanreňk mantiýaly ak donda balkona çykan ýerine ýetdi. Şonda myhman edil ybadat edýän dek aýasyny aýasyna goýup pyşyrdady: — O, dogry tapan ekenim! O, hemmesi laýyk!
Myhman Berliozyň elhenç ölümi hakynda eşidenden soň, gözlerinde gazap uçguny çakdy we şeýle diýdi:

— Diňe bir närse: Berliozyň ýerinde tankytçy Latunskiý ýa-da edebiýatçy Mstislaw Lawrowiç bolmanlygyna ahmyr edýärin, — soň gaty gyjynyp, sessiz gygyrdy. — Dowam et!
Konduktora ýol haky uzadan pişik hakyndaky hekaýa myhmanyň köňlüni çag etdi, ol öz kyssasyndan wagty hoş bolan Iwanyň murtunyň astynda teňňe pul dişlän pişigi teswirläp, oturan ýerinde ýuwaş böküşini synlap, içegesi üzülere gelip, ýuwaşja güldi.
— Şu ýagdaýda bu ýere geldim — diýdi Iwan, Griboýedowda ýüz beren wakany sözläp bolup we ýene ruhy düşüp, gamgyn boldy.
Myhman biçäre şahyra ýüregi awap, onuň egnine elini goýup diýdi:
— Bagtygara şahyr! Emma, ezizim, hemmesine özüň günäkär. Onuň bilen bu derejede sanaşyp, hatda bihormat mylakat etmeli däl ekeniň. Ine, indi azabyny çekip otyrsyň. Henizem ujyz gutulypsyň, şükür et.
— Eýsem, kim onuň özi? — diýip, ýumruklaryny teşwişli silkip sorady Iwan.
Myhman oňa dikanlap, sowalyna sowal bilen jogap berdi:
— Aýtsam, tolgunmazmyň? Bu ýerde biz hemmämiz şübheli adamlar Doktor çagyrmak, ukol etmek ýene şuňa meňzeş aladalar bolmazmy?
— Ýok, bolmaz! — diýdi Iwan, — aýdaýyň, kim özi oň? — Ýeri, bolýa — jogap berdi myhman we her bir sözüni kesgin we bölek-bölek edip diýdi:
— Agşam Patriarh kölçesiniň ýakasynda siz şeýtan bilen duşuşansyňyz.
Iwan wadasyny ýatlap, tolgunmady, emma barybir, teşwişden ýaňa aňk-taňk bolup, doňup galdy.
— Bu mümkin däl! Şeýtan ýok zat.
— Gyzyk ekeniň! Her kim diýse-de, siz beýle diýmäň. Siz, meniň pikirimçe, birinji bolup onuň azabyna uçranlardansyňyz. Özüňiz dälihanada bolubam, asla, ony ýok diýip otyrsyňyz. Haýran men size!
Aňyny ýitimäge az galan Iwan ümsüm boldy.
— Siz ony teswirläp başlanyňyzdan — diýip, gepini dowam etdi myhman, — agşam kim bilen söhbet gurmak nesibesine miýesser bolanyňyzy çakladym. Çyndanam, men Berlioza geň galyp otyryn! Siz-ä mälim maňa, gapyl adam — şeýle diýip myhman ýene ötünç sorady, — emma Berlioz, eşidişimçe, käbir zatlary okan bolmaly. Şol professoryň iň ilkinji sözlerinden onuň kimdigine şübhäm galmady. Ony tanamazlyk asla mümkin däl, dostum! Emma siz... siz meni ýene bir gezek bagyşlaň... men hiç haçan ýalňyşýan däldirin: siz düşünjeli adamsyňyz!
— Şek-şübhesiz — diýip, tassyklady üýtgäp başlan Iwan.
— Hawa, berekella... özüňiz onuň ýüz keşbini teswirläp berdiňiz... gözüniň iki dürlüligi, gaşlary! Meni bagyşlarsyňyz-u, belki siz «Faust» operasyny hem diňlän dälsiňiz?
Iwan nämüçindir örän gamgyn boldy, iki ýaňagy köz dek gyzaryp, Ýaltada haýsydyr bir sanatoriýa baranlygy hakynda bir zatlary samrap başlady...
— Ana, gördüňizmi... nämesine geň galarys! Emma Berlioz, tekrarlap aýdýaryn, meni alada goýdy. Ol näme üçin diýseň, okumyşlygyndan beterem örän mekir adam. Emma ony gorap aýtsam, Woland ondan ökderäk adamy-da bir zarbada jadylaýar.
— O nähili?! — diýip, Iwan hem öz gezeginde gygyrdy.
— Ýuwaş!

Iwan «şap» edip, aýasy bilen öz maňlaýyna urdy we hyrryldap diýdi:
— Düşünýärin, düşünýärin. Onuň çakylyk hatynda «W» harpy bardy. Ine, saňa gerek bolsa, aý-ýaý-ýaý! — Aňk-taňk bolan Iwan penjiräniň aňyrsynda, asmanda ýüzýän Aýa dikanlap, kän wagt ümsüm oturdy, soň ýene gepe başlady:
— Mundan çykdy, diýmek, onuň Pontiý Pilat huzurynda bolanlygy rast eken-dä? Diýmek, ol şol zamanda doglan bolup çykýarmy? Maňa däli diýip otyrlar bular! — diýdi Iwan, gazap bilen gapy tarapa yşarat edip.
Myhmanyň dodagynyň ýanynda ajy ýylgyryş peýda boldy.
— Hakykatdan ýüz öwrüp bolmaýar — diýip, myhman ýüzüni bulutlary aralap ýüzýän agşam çyragyna tarap öwürdi. — Sizem, menem — däli, boýun gaçyrmak nämä gerek? Gysgasy, ol sizi duzagyna düşürdi, sizem aklyňyzdan aýrypsyňyz, sebäbi munuň üçin sizde şoňa esas bar. Emma siziň aýdan zatlaryňyz hakykatdan-da bolan wakalar. Ýöne şol ýüz beren wakalar juda gaýrytebigylygy sebäpli, hatda genial psihiatr Strawinskiý hem gepleriňize ynanmandyr. Ol sizi gördümi? (Iwan baş atdy). Şol söhbetdeşiňiz. Pilatyň huzurynda hem bolupdyr, Kant bilen hem ertirlik edinipdir. Indi bolsa, ine, Moskwa-da gelipdir.
Ol bu ýerde bar zady astyn-üstün eder! Bir emel tapyp ony tutmak gerek — diýip, täze Iwana ynamsyz hem bolsa, çalajan bolup galan öňki Iwan baş göterdi.
— Ine, siz synanyşybam görüpsiňiz, şol ýeterlik — diýdi myhman kine bilen, — başgalara-da synanmazlygy maslahat bererdim. Köňlüňiz dok bolsun, ol hakykatdan hem, bar ýeri astyn-üstün eder. Wah, arman! Müň-müň puşman ki, onuň bilen men däl-de, siz duşupsyňyz! Diýmek, pursat geçip — bütün niýetler ýanyp küle öwrülen bolsa-da, ant içip diýýärin ki, onuň bilen duşuşmak üçin Praskowýa Fýodrownanyň bir desse açaryny hem yzyna bererdim, arman, başga berer ýaly hiç zadym ýok. Men bir biçäre gedaý!
— Nämä gerek boldy ol size? Myhman uzak wagt gaşlaryny çytyp, gamgyn bolup oturdy we ahyry ýene gepläp başlady:
— Men size aýtsam, bu juda geň hadysa — men hem bu ýerde edil siz ýaly, şol Pontiý Pilat zerarly ýatyryn, — myhman töweregine gorka-gorka göz aýlap diýdi: — Mahlasy, men geçen ýyl Pontiý Pilat hakynda roman ýazdym.
— Siz ýazyjymy? — diýip, geň galyp sorady şahyr.
Myhmanyň reňki öçügsilendi şahyra ýumruk çenäp, soň diýdi:
— Men Ussat, — ol ýüzüni eňşidip, haladynyň jübüsinden bütünleý ýag basyp giden bir şypyrmany çykardy, oňa sary ýüpek bilen «U» harpy tikilgidi. Ol şypyrmany başyna geýdi we ussatdygyny subut etmek maksadynda hem ýanlaýyn, hem ýüzme-ýüz durup, özüni Iwana görkezdi.
— Muny maňa söýgülim tikip beripdi — diýip, syrly röwüşde sözüne goşdy.
— Familiýaňyz näme?
— Familiýam ýok indi, — gussaly ýigrenç bilen jogap berdi bu geň myhman, — men familiýamy, şeýle hem barça durmuşy zatlary terk etdim. Sorabam durma.
— Bolmasa, romanyňyz barada gürrüň beriň — diýdi Iwan mylaýym äheňde.
— Janym bilen. Durmuşym, çyndanam, ol diýen ýönekeý däl — diýip beýan edip başlady myhman.

...Ol maglumaty boýunça taryhçy bolup, mundan iki ýyl ozal Moskwa muzeýleriniň birinde hyzmat edip, mundan daşary terjime bilen hem meşgullanýan eken...

— Haýsy dilden? — diýip, Iwan gyzyklanyp sorady.

— Men ene dilimden başga ýene bäş dili bilýärin, — jogap berdi myhman, — iňlis, fransuz, nemes, latyn we grek dilini. Ýene italýança hem kem-käs okap bilýärin.

— Baý-baý! — diýip, gözügidijilik bilen pyşyrdady Iwan.

Taryhçy ýalňyz bolup hiç ýerde hiç hili garyndaşy, Moskwada degerli tanşy-da ýok eken. Göz öňüne getirip görüň, bir gün ol zaýomdan ýüz müň manat utupdyr.

— Nähili geň galanymy bir görseňiz bilerdiňiz — diýýärdi pyşyrdap gara şypyrma geýen myhman, — kir geýim salnan sebede elimi soksam, elime obligasiýa ildi: onuň nomeri gazetdäki bilen gabat geldi! Ony maňa muzeýde beripdiler — diýip ol aýtdy.

Bu geň myhman ýüz müň manatlyk utuşy alyp, juda köp kitap satyn alypdyr, Mýasniskaýadaky otagyny taşlap...

— Müň lagnat bolsun şol tünege — diýip hyrryldady myhman ...we Arbatyň golaýynda bir jaý gurujydan kireýine...

— Siz jaý gurujylaryň kimlerdigini bilýäňizmi? — diýip, myhman Iwandan sorady we özi düşündirdi. — Olar Moskwada ugruny tapyp galan jüwlükleriň topary...

Jaý gurujynyň bagjagazyň içinde ýerleşýän jaýyň podwalyndan iki otagy kireýine alýar. Muzeýdäki işini taşlap, Pontiý Pilat hakynda roman ýazyp başlaýar.

— Ah, ol wagtlar altyn döwürdi — diýip, pyşyrdady myhman gözlerini lowurdadyp, — özbaşdak kwartira, ýene dälizi-de bar, dälizde üsti grantly el ýuwulýan, nämüçindir ol ala-böle şu sözi nygtap, buýsançly gepledi, — ýan ýola tarap bakyp duran kiçijik penjire, ol hem gapy tarapdan başlanýardy. Garşysynda, dört ädim aňyrda, diwaryň düýbünde siren, lipa, zereň ýaly agaçlar ösüp otyrdy. Oh... oh... oh! Gyşda men aýnadan adamlaryň garda «garç-garç» edip ýöreýän aýaklaryny görerdim, aýak seslerini seýrek eşiderdim. Pejimde hemişe lowlap ot ýanyp durýardy! Emma birden bahar geldi-de, penjirämiň tutuksy aýnalary arkaly men ilk-ä ýalaňaç, soňra ýuwaş-ýuwaş ýaşyl lybas geýip başlan siren agaçlaryň pudaklaryny gördüm. Ana şonda, ýagny geçen ýylky baharda ýüz müň manatlyk utuşdan hem guwançlyrak waka ýüz berdi. Bu bolsa, ylalaşarsyň, ýüz müň — bu ägirt uly baýlyk!

— Bu dogry — diýip, onuň gepini üns bilen diňleýän Iwan tassyklady.

— Men penjiräni açyp, ykjamja ikinji otagymda otur ýardym, — myhman eli bilen ölçäp görkezip başlady, — ine... bu ýerde diwan, garşysynda ikinji diwan, diwanlar aralygynda stoljagaz, onuň üstünde owadan gülçyra, penjirä ýakyn ýerde kitaplar, beýlesinde bolsa, kiçijik ýazuw stoly, birinji otagymda — ol juda uly, on dört metrdi, — gat-gat kitaplar hem peç durdy. Wah, nähili gowy günüm bardy!

Siren güllände üýtgeşik ysy bolýar! Beýnimiň ýadawlygy aýrylyp, özümi guş ýaly ýeňil duýýardym, Pilat hakyndaky romanym hem şaglap, soňuna ýetip barýardy... Gyzyl jähekli ak plaş! Düşünýän! — diýdi Iwan.

— Tapdyňyz! Pilat uçup, soňuna golaýlap barýardy, men indi onuň: «...Iudeýanyň bäşinji prokuratory, bedewli Pontiý Pilat» diýen sözler bilen soňlanjagy bilýärdim. Tebigy ýagdaý, men gezelenç etmäge-de daş çykýardym. Ýüz müň — oýun pul däl, özüme juda ajaýyp çal kostýum satyn alypdym. Ýa bolmasa, garbanmaga bir arzan restorana gidýärdim. Arbatda ajaýyp bir restoran bardy, häzirem barmyka, bilmedim.

Şu ýere gelende, myhman gözlerini giň açyp, Aýa dikanlap, hekaýasyny pyşyrdap dowam etdi: — Ol gözel bir desse ýigrenji, howsalaly gül göterip gidip barýardy. Şeýtan bilsin, ol gülüň ady nämedi, ýöne ol gül nämüçindir Moskwada ilki peýda bolup başlardy. Ol gözeliň gara reňkli ýeňil ýaz paltosynyň ýanynda bu gül göze anyk saýgardýardy. Hawa, ol sary gül göterip barýardy! Ýaramaz reňk. Ol Twerskaýa köçesinden ýöräp, bir dar köçä öwrüldi, öwrülip yzyna gaňrylyp seretdi. Twerskaýa köçesini bilýäň dälmi? Bu köçede adam hemişe hümer bolar durardy, emma ynandyryp aýdýaryn ki, ol şunça adamyň içinden diňe maňa seretdi, seredende-de, ýöne bir howsala bilenem däl, armanly bakdy diýseňem boljak. Şonda meni onuň husny jemalyndan hem beter, gözlerindäki hiç kimiň ýadyna düşmedik adatdan daşary ýalňyzlyk ody özüne bendi edipdi!

Men hem şu sary reňke gul bolup, dar köçä öwrüldim-de, gelniň yzyndan ýöräberdim. Biz bu gyýşyk we demikdiriji köçeden (men onuň bir tarapynda, ol bolsa ikinji tarapynda) ümsüm gidip barýardyk. Geň galaýmaly, köçede birem diri jan ýokdy. Men onuň bilen gepleşmegiň lazymlygyny oýlap ejir çekýärdim we aýny wagtda, oňa söz gatyp bolmaz öýdüp howsala düşýärdim, bu ýagdaýda bolsa ol-a gider, soň ony görmek maňa miýesser etmez diýip gama batýardym.

Şonda, göz öňüne getirip görüň, duýdansyz onuň özi söze başlady:

— Güllerim size ýaradymy?

Onuň çalaja ýognas, emma sähel pessaý owazynyň sedasy, tenteklik bolsa-da aýdaýyn, nazarymda, bu dar köçedäki sarymtyl reňkli ýaramaz diwara urlyp, yzyna gaýdan dek boldy. Men şol demde köçäniň onuň barýan tarapyna geçip, oňa ýakynlaşdym-da:

— Ýok — diýip, jogap gaýtardym.

Ol maňa geňirgenip bakdy, men bolsam birden we asla garaşylmadyk ýerden ömür boýy diňe şu aýaly söýüp gelenligimi aňladym. Ajap söwdalar, ýeri! Siz, elbetde, maňa telbe adam eken diýersiňiz?

— Hiç zat diýmerin — diýdi Iwan we: — Haýyş edýän, dowam ediň! — diýip üstüne goşdy.

Myhman hekaýasyny dowam etdirdi:

— Hawa, ol maňa geň galyp seretdi, soň gözümden gözüni aýyrman, sorady: — Siz, umuman, gülleri halaňzokmy? Onuň sesinde duşmançylyk äheňi bar ýaly duýuldy. Men onuň bilen deň gadam basmaga çalşyp, ýanma-ýan barşyma, asla utanman, özümi arkaýyn alyp barşyma özüm hem geň galýardym.

— Ýok, men gülleri gowy görýärin, emma munuň ýalylary däl — diýdim.

— Nähilisini?

— Bägüli oňat görýärin.

Şeýle diýenime puşman boldum, näme üçin diýeniňde, ol günäkär adam ýaly ýylgyrdy-da, gülüni ýol ýakasyndaky salma oklap goýberdi. Men biraz özümi ýitirdim-de, emma güli göterip, ýene oňa uzatdym, emma ol ýylgyryp, gülleri ýene itekledi, netijede olary indi özüm göterip ugradym.

Şu zeýilde biz biraz wagt ümsümlik saklap gidiberdik, soňra ol elimden gülleri alyp, köçä oklap goýberdi-de, gara ellikli elini meniň elimiň aşagyndan geçirdi-de, mundan beýläk biz goltuklaşyp gidiberdik.

— Soň — diýdi Iwan, — haýyş, bar zady bolşy ýaly aýdyň.
— Soňmy? — tekrarlady myhman, — soň näme bolanyny özüň hem oýlap görseň bolýar. — Ol gözlerinde birden peýda bolan gözýaşy sag ýeňi bilen howlukmaç süpürip, gepini dowam etdi: — Söýgi ýer astyndan çykan ganhor dek peýda boldy-da, ikimizi des-deň şikestledi! Adatça ýyldyrym ýa fin hanjary şeýle şikestleýär adamy!
Şeýlelikde, ol soňra bu pikiri inkär edip, biz juda köpden bäri, bir-birimizi bilmedik, görmedik çagymyzdan başlap söýüşendiris diýip tassyklady, öňler ol başga adam bilen ýaşaýardy, men hem şonda... başga biri... bilen ýaşaýardym... beh... ady nämedi...
— Kim bilen? — diýip, Bezdomnyý sorady
— Ol... beh... nämedi ady... — diýdi myhman barmaklaryny şyrkyldadyp.
— Siz öýlenipmidiňiz?
— Hawa-da, ine, şyrkyldadyp otyryn-a... Ýaňky... Warenka, Maneçka... ýok, Warenka... zol-zol köýneklidi... muzeýde... mahlasy ýadymda ýok.
Hawa, ol şol gün köçä ýörite sary gül göterip çykan eken, meniň ony tapmagym üçin, bardy-geldi şol gün bu duşuşyk ýüz bermänin-de, ol zäher içip, öz janyna kast etmekçi bolan eken, çünki onuň durmuşy manysyz bolupdyr. Hawa, söýgi bizi göz açyp-ýumasy salymda şikestläp goýupdyr. Men muny şol günüň özünde, bir sagatdan soň, ullakan şäheri duýman kesip geçip, Kreml diwarynyň etegine, derýanyň boýuna baranymyzda bildim. Biz göýä juda köp ýyllardan bäri bir-birini gowy bilýän dek, öten agşam hoşlaşan adamlar dek söhbetleşýärdik. Ertir hem şu ýerde — Moskwa derýasynyň boýunda duşuşmaga wadalaşdyk, duşuşdyk hem. Maý güneşi bize nur saçýardy. Soňra, aradan sähel wagt geçmän, bu aýal meniň pynhan aýalym boldy. Ol her gün meniň öýüme gelerdi, men oňa irden intizar bolup garaşyp başlaýardym. Şu sabyrsyzlyk wagty adatça öýdäki närseleriň ýerlerini üýtgedişdirýärdim. Onuň gelmegine on minut galanda, penjiräň öňünde oturyp, köçe tarapky köne gapynyň «jyýk» edip açylmagyna garaşýardym. Geň galmaly ýeri, onuň bilen uçraşmazymdan ozal howlymyza kän adam gelmezdi, has dogrusy, hiç kim girmeýärdi, indi bolsa, nazarymda, bütin şäher howlymyza tarap akyp gelýän ýaly duýulýardy. Derweze gapysy kakyldygy, ýüregim «jyg» edýärdi, bir göz öňüňize getirip görüň-ä, garşymda: penjiräniň aňyrsynda elbetde, kimiňdir hapa ädigi peýda bolýardy. Meselem, çarhçynyň. Eýsem, özüňiz aýdyň, bize çarhçynyň nämä geregi bar? Nämäni çarhlamaly? Haýsy pyçaklary?
Meniň dilberim köçe gapydan bir gezek girerdi, emma ol girýänçä ýüregim keminden on ýola urýardy. Men ýalan sözlämok. Soň, sagat dilleri günorta wagty görkezip, onuň gelýän wagty bolanda we gara ýumşak deriden tikilen üstki bezegleri polat tokalar bilen dartylan onuň köwüşleri degerli ses çykarman aýnamyň garşysynda peýda bolanda-da, ýüregim gürs-gürs urmasyny bes etmeýärdi.
Käte ol ikinji penjirämiň öňünde saklanyp, köwşüniň ujy bilen aýna urup, garagollyk ederdi. Men şol demde penjiräň öňünde peýda bolardym, emma köwüş hem, ýagtyny saklap duran gara ýüpek köýnek hem gaýyp bolýardy — men şonda gapyny açmaga howlugardym.

Aramyzdaky mylakaty hiç kim bilmeýärdi, muňa imanym kämil, beýle bolmagy mümkin däl hem bolsa. Emma onuň äri, tanyşlarymyz mundan bihabardylar.

Ýaşap oturan podwalymyň ýokarsyndaky köne öýde ýaşaýanlar mundan habardardylar, elbetde, olar ýanyma haýsydyr bir aýalyň gelip-gidip duranyny görýärdiler, emma onuň kimdigini hem, adyny hem bilmeýärdiler.

Şu söýgi dessanyny bütin durky bilen berlip diňleýän Iwan: — Kimdi ol aýal? — diýip sorady. Myhman, muny hiç-haçan, hiç kime aýtmaryn diýýän ýaly, başyny ýaýkady, soň hekaýasyny dowam etdirdi.

Onuň hekaýasyndan Iwana şular mälim boldy: ussat bilen nätanyş aýal bir-birlerini şeýle derejede gaty söýüpdirler, biri ikinjisiz bir günem oňup bilmändirler. Indi Iwan howludaky siren agajy we diwar sebäpli hemişe ýarymgaraňky bolan podwaldaky iki otagy, ol ýerdäki gyzyl agaçdan ýasalan, könelip, haýy gidip, waýy galan mebeller-u ýazuw stoly — býurony, býuronyň üstünde duran ýarym sagatda jaň urýan sagady, ahyry reňklenen poldan ys basan potologa çenli bulaşyp ýatan san-sanaksyz kitaplary hem, peji-de juda anyk göz öňüne getirip başlady. Iwana ýene şu närse mälim boldy ki, myhmany bilen onuň pynhan hatyny özara aragatnaşyk baglan ilkinji günleriň özünde Twerskaýa köçesi bilen dar köçäniň burçunda bir-birimiz bilen duşuşmagymyz takdyry ezelden maňlaýymyza ýazylan hem-de biz ömürbaky bir-birimiz üçin ýaradylandyrys diýen karara gelen ekenler.

Myhmanyň hekaýasyndan aşyk-magşuklaryň wagty nähili geçirendikleri hem mälim boldy. Aýal gelenden, birinji nobatda fartuk dakyp we darajyk eýwanda (biçäre bimaryň nämüçindir buýsanyp dile alan şol el ýuwulýan krantly çanagy şu ýerdedi) tagta stol üstünde kerosinka ýakyp, nahar taýýarlap, soň birinji otag arasynda duran uzyn stolda saçak ýazardy. Maý aýynda gök gübürdäp, çagba guýan wagtlary ýagyş suwy söýüşenleriň soňky mekanyny gark eder derejede howp döredip, garaňky penjireleriň öňünden derwezä tarap haýkyryp akan wagtlarynda, olar peç ýakyp, körükde kartoşka bişirýärdi. Barmaklaryny küle bulap, kartoşkanyň gara gabygyny ardanlarynda, ondan bug çykardy. Podwalda gülki eşidilerdi, bagdaky daragtlar ýagyşdan soň döwlen şahajyklaryny, ap-ak güljagazlaryny ýere dökerdi. Gök gümmürdisi diňip, yssy tomus gelende, köpden bäri arzuw edilen we ikisiniňem des-deň oňat görýän bägülleri wazada peýda bolardy.

Özüni ussat diýip atlandyran adam iş bilen meşgul bolar, aýal bolsa uçly dyrnakly barmaklaryny saçlarynyň arasyndan geçirip, ýazylan sahypalary gaýtadan okap, okap bolandan soň bolsa, bu sopbaşjagazy tikip başlardy. Käte ol dyza çöküp, tekçäniň aşak gatyndaky kitaplaryň ýa-da stula çykyp, ýokary gatdaky ýüzläp kitaplaryň çaň basan ýüzlerini esgi bilen süpürerdi. Ol ýazyja şany-şöhrat dileg edip, ony tizräk işlemäge ündäp, aýny şol wagtda ony ussat diýip atlandyryp başlapdy. Ol Iudeýanyň bäşinji prokuratory hakyndaky kitabyň wada edilen ahyrky jümlelerini okamaga howlugyp, köňlüne ýakan käbir jümleleri gaty ses bilen owazly okap, «bu poman — meniň durmuşymdyr» diýerdi.

Roman awgust aýynda ýazlyp gutarylyp, haýsydyr bir nätanyş maşinistka berildi, maşinistka ony bäş nusgada göçürdi. Ine, ahyr netijede gizlin mekan terk edilip, durmuş meýdanyna çykylýan gün hem geldi

— Hawa, men elime romanymy alyp, durmuş meýdanyna çykdym, emma çykan badyma ýaşaýyşym soňuna ýetdi — diýip, pyşyrdady ussat we başyny aşak saldy, şonda sary ýüplük bilen «U» harpy tikilen gaýgyly gara sopbaş uzak wagt yrgyldap durdy. Soň ol hekaýasyny dowam etdi, emma indiki gepleri üzlem-saplam bolup çykdy. Myhmanyň bu geplerinden diňe bir närsäni aňşyrmak mümkindi: onuň başyna örän agyr bir apat düşüpdi.
— Edebiýat älemine birinji mertebe gadam goýuşymdy, emma häzir hemmesi doly tamam bolup, heläkete uçranym anyk bolandan soň, men ony eýmenç geň galma bilen ýatlaýaryn! — diýip ussat dabaraly pyşyrdap, elini göterdi.
— Hawa, örän geň galdyrdy ol meni, örän!
— Kim? — eşdiler-eşdilmez pyşyrdap sorady Iwan, teşwişlenen myhmanyň sözüni bölmekden gorkup.
— Redaktor-da, aýdyp durun-a, redaktor diýip. Dogry, ol okamasyna okap çykdy. Emma maňa ýigrenç bilen, ýaňaklary çişen adama garan ýaly garap, göz gyýtagyny otagyň burçuna aýlap, hyjalatly hikirdedi. Ol elindäki manuskirpti (gadymy golýazmalaryň atlandyrylyşy) ýersiz ýere gyjymlap, hykyrdaýardy. Beren soraglary maňa däliniň sözi ýaly duýuldy. Çünki ol roman barada hiç zat aýtman, menden: kim sen, nireden peýda bolduň, köpden bäri galam ýöredýäňmi, näme üçin siz barada şu çaka çenli hiç zat eşitmedik? diýip, sorap başlady, hatda meniň nazarymça, beýle geň-taň temadan roman ýazmagy kim saňa maslahat berdi diýen ýaly tentegiň soragyny hem berdi. Ahyry, sowallary janyma degip, çydap bilmän, romanymy çap edýäňizmi ýa ýokmy diýip, kesgin tüýsde soradym. Şonda ol biserenjam alňasap, gümmi-sümmi eden bolup, soň bu meseläni bir özüniň çözüp bilmejegini, eserim bilen redaktorlar komissiýasynyň özge agzalary hem, ýagny tankytçylardan Latunskiý bilen Ariman hem-de edebiýatşynas Mstislaw Lawrowiç dagynyň tanyşmagynyň gerekdigini aýtdy. Ol iki hepdeden soň geliň diýip haýyş etdi.
Iki hepdeden soň barsam, hemişe ýalan gepläp, gözleri gyýmak bolup galan bir garry gyz kabul etdi.
— Hawa, ol Lapşýonnikowa, redaksiýanyň kätibi — diýdi ýylgyryp Iwan, myhmanyň gaharly taryplaýan dünýäsi oňa tanyşdy.
— Bolsa bardyr — diýip, şarta sözüni böldi myhman, — mahlasy, şu aýal hemme ýeri gara tegmilli kän gyjymlanan romanymy gaýtaryp berdi. Gözüni gözümden alyp gaçmaga çalşyp, Lapşýonnikowa:
— Häzir redaksiýamyz iki ýyla ýetjek golýazmalar bilen üpjün, şoňa görä, romanyňyzy çap etmek meselesi, meniňçe, başa barmasa gerek — diýdi:
— Ýene nämeler ýadymda galdyka? — diýip seslendi ussat, çekgelerini sypalap. — Hawa, golýazmanyň gyrasyna edilen gyzyl bellikler we ýene ýarymyň gözleri ýadymda. Hawa, onuň gözlerini ýatda saklaýaryn.
Myhmanyň hekaýasynda näanyklyk, allanähili düşnüksiz gepler köpräk uçrap başlady. Ol gyýalap ýagan ýagyşy ýatlady, podwaldaky mekanynda başyndan geçiren kynçylyklary hakynda, ýene nireleredir baranlygy dogrusynda sözledi. Ol özüni göreşe iteren aýaly asla aýyplamaýandygyny, hawa, hawa, onda hiç günä ýoklugy hakynda pyşyrdap gepledi.

— Bow, ýadymda, ýadymda gazetiň goşmaça sahypasyndaky näletsiňen ýazgy — diýip, myhman hüňürdäp, gazet sahypasynyň şekilini howada iki barmagy bilen çyzyp görkezip, şonda Iwan myhmanyň üzlem-saplam geplerinden pähimlediki, başga bir redaktor ussadyň romanyndan ullakan bir parçany gazetde çap edipdir. Onuň aýtmagyna görä, aradan iki gün geçip-geçmän, başga bir gazete tankytçy Arimanyň: «Redaktoryň ganatynyň astyndaky duşman» diýen makalasy peýda bolupdyr, bu makalada ýazylyşyça, Iwanyň myhmany redaktoryň biperwaýlygyndan we nadanlygyndan peýdalanyp, metbugatda Iisus Hristi taryplamaga çalyşanmyş.
— Hawa, ýadymda, ýadymda! — diýip, Iwan gygyryp goýberdi. — Emma familiýaň ýadymdan çykdy!
— Tekrarlap aýdýaryn, familiýamy goýaly, indi ol ýok — diýip jogap berdi myhman.
— Gep familiýada däl. Bir günden soň başga bir gazetde Mstislaw Lawrowiçiň goly bilen başga makala peýda boldy. Bu makala awtory pilatçylyga, hem-de ony metbugatda taryplamaga (ýene şol lagnaty sözler) çalyşan dindara çäre görmegi, görlende-de, aýawsyz çäre görmegi teklip edipdi.
Men bu «pilatçylyk» sözüne aňk-taňk bolup, üçünji gazeti warakladym. Bu gazetde iki makala bardy: biri — Latunskiniňki, ikinjisine bolsa «N-E» diýip gol goýlandy. Men size aýtsam, Ariman bilen Lawrowiçiň makalalary Latunskiniň ýazan makalasynyň ýanynda witjikdi. Latunskiniň makalasyna goýlan sözbaşynyň özi hem size ýeterlik: «Köne mezhebiň janköýer esasçysy». Özüm dogrumda ýazylan makalalary okamaga şu derejede berilipdirin ki, söýgüli ýarymyň (gapyny gulplamagy unudan ekenim) elinde suw-sil bolan öl saýawan we nemlenen bir desse gazet bilen gelip, üstüme abananyny hem duýmandyryn. Onuň gözlerinden ot çykýardy, buz dek sowuk elleri sandyraýardy. Ilk-ä ol özüni gujagyma oklap, meni ogşaberdi... ogşaberdi... soň, elini stola urup, gyryljak owaz bilen Latunskini zäherläp öldürjekdigini aýtdy.
Iwan sähel gamgyn bolup, bogazyny arçap goýdy, ýöne hiç zat diýmedi.
— Gam-gussa doly günler başlandy. Roman ýazylyp gutardy, başga edere iş ýokdy, indi ikimizem pejiň öňüne düşelen halyçada oda seredip oturýardyk, bolany. Biz indi tiz-tiz aýra bolýardyk. Ol seýir etmäge çykyp gidýärdi. Meniň durmuşymda bolsa täsin wakalar ýüz berip başlady, dogry beýle ýagdaýlar mende öňem zol-zol bolup durýardy... Men garaşylmadyk ýerden birden bir dost tapyndym. Hawa, hawa, ynanyberiň, umuman alanda, meniň juda manysyz endigim bar: adamlar bilen dil tapyşmagym juda kyn, hiç kime ynanmaýan, sähel närsä şübheleniberýän. Emma — gyzygy şunda ki, şu ýaramaz häsiýetlerime seretmezden, gelip-gelip, oýlamadyk, garaşylmadyk bir adam, eger daşky sypaty, şeýtan bilsin, nähili bolsa-da, bar zatdan beter şol göwnüme ýaraýar.
Mahlasy, şol näletli wagtlarda bir gün bagjagazymyzyň köçe gapysy açylyp, howlymyza bir adam girdi. Ýadymda, güýzüň ýakymly günlerinden biridi. Aýalym öýde ýokdy. Gelen adamyň öý eýesi bilen bir işi bolsa gerek, onuňka girip gitdi, soň howla çykyp, meniň bilen saglyk-amanlyk soraşdy-da, derrew tanyşdy. Ol özüni žurnalist diýip tanyşdyrdy. Ol maňa şeýle gowy göründi welin, bilýäňizmi, häzire çenli käte-käte ony ýatlap, küýsänimi duýman galýan. Ýuwaş-ýuwaşdan ol öýüme zol-zol gelip başlady. Mälim bolşuna görä, ol sallah eken, menden sähel daşrakda,

edil meniňkä meňzeş kiçijik kwartirada ýaşaýar eken, emma oňa kwartira darlyk edýärmiş we şoňa meňzeş, we şuňa meňzeşler.
Nämüçindir ol meni öýüne çagyrmaýardy. Aýalyma ol asla ýaramady. Emma men onuň tarapyny çaldym. Şonda hatynym: — Bileniňi et — diýdi, — emma bu adam mende diňe ýigrenç oýarýar.
Men güldüm. Bilemok, bu adam haýsy häsiýeti bilen meni özüne ram etdi? Gep şunda ki, öz gutusynda üýtgeşik häsiýeti bolmadyk adamyň umuman gyzygy ýok. Emma Aloiziniň (hawa, unudypdyryn — täze tanyşymyň ady-familiýasy Aloiziý Mogaryçdy) içki dünýäsinde şeýle häsiýet doludy. Men Aloiziý ýaly danyşment adama öň hiç ýerde gabat gelmändim, göräýän welin, mundan soňam asla duşaryn öýdemok. Eger-de gazetde çykan bir makalanyň manysyna düşünip bilmesem, Aloiziý ony bir demde düşündirip berýärdi, düşündirende-de emgenmän, aňsat we rowan düşündirýär. Durmuşy wakalary we meseleleri-de şeýle aňsat teswir edýärdi. Emma häli bu hemmesi däl. Aloiziý edebiýata bolan yhlasy bilen meni özüne bendi etdi. Tä onuň haýyşyna görä romanymy başyndan-ahyryna çenli okap berýänçäm, ynjalmady. Soňra bolsa roman dogrusynda öwgüli sözler aýtdy, emma edil redaktoryň romanym dogrusyndaky belliklerini öz gulagy bilen eşiden dek, ol hem şol pikirleri gaýtalap, agzymy açdyrdy. Aloiziý redaktoryň pikirlerini birkemsiz tekrarlady. Mundan daşgary, näme sebäpden romanymyň çap edilmänligini hem örän anyk düşündirip berdi welin, bu pikirde hata ýoklugyny özüm hem aňşyryp başladym. Ol pylan babyň geçmeýär diýip, gepiň açygyny aýtdy...
Emma makalalarynyň yzy üzülmeýärdi. Iň ilkinjileriniň üstünden gülüpdim. Ýöne makalalaryň sany köpeldik saýyn olara bolan garaýyşym hem üýtgedi. Ikinji etap — geň galmak döwri boldy. Bu makalalar howp salyjy we ynandyryjy äheňde ýazylandygyna garamazdan, olaryň diýeli her bir setirinde öte ýalan-ýaşyryk we güman etmek äheňi duýulýardy. Maňa olaryň öz aýtmakçy bolan pikirleri däl, başga birleriniň pikirleri beýan edilýän ýaly bolup duýulýardy, olaryň dergazaplygyna sebäp hem şol bolsa gerek diýip oýlanýardym-da, şu oýlardan asla halas bolup bilmeýärdim. Mundan soň, men size aýtsam, üçünji basgançak — gorky döwri başlandy. Ýok, ýok, ol makalalar däl, ynanyň, belki olarda, romanyma degişli bolmadyk başga-başga zatlar meni gorkuzyp başlady. Ine, meselem, men garaňkylykdan gorkup ugradym. Gysgasy, ruhy bitaplyk döwri başlandy. Kiçijik otagymda ýatmazdan ozal çyrany söndürsem, göwnüme penjireden, eger ol ýapyk bolsa-da, nähilidir uzyn-uzyn gara şekiller, sowuk ellerini oýnadyp girip gelýän ýaly bolýardy. Ahyrynda gijeleri çyraň ýagtysyna uklap geçirdim.
Söwer ýarym bolsa üýtgäp başlady (elbetde, gara şekiller barada oňa syzdyrmadym. Emma ol ýagdaýymyň çataklygyny duýýardy) horlanyp, reňki gaçyp, indi kän gülmeýärdi, romandan parça çap etdirmegi maslahat bereni üçin gaýta-gaýta ötünç sorap başlady. Indi ol maňa hemme zady başdan aýlap, günorta, Gara deňiz boýuna gitmegi, ýüz müň manatlyk utuşdan galan puly harçlap, şol ýerde dynç almagy maslahat berip başlady. Bu pikirinde ol berk durdy, men bolsam onuň bilen çekişmezlik üçin (Gara deňze gidip bilmejegimi köňlüm duýup durdy) ýakyn günlerde giderin diýip wada berdim. Bileti onuň özi aljak diýdi. Şonda men galan puly, on müň manat çemesi puluň hemmesini onuň eline berdim.

Ol: — Munça pul nämä gerek? — diýip, geň galdy. Men bolsam, ogurlatmakdan gorkýaryn, şonuň üçin, tä gidýänçäm sende dursun diýen delil getirdim. Ol puly alyp, bukjasyna saldy-da, meni gaýta-gaýta ogşap, şeýle diýdi: — Seni şu ýagdaýda ýeke taşlap gidenimden ölenim gowy, emma nä çäre, maňa garaşýarlar, zerurýete boýun bolmasam, alajym ýok, ýöne ertir hökman gelerin. Ol maňa hiç zatdan gorkma diýip ýalbardy.

Bu oktýabr aýynyň ortalarynda, iňrik garalyp başlan wagty bolupdy. Ol gitdi. Men diwana gyşaryp, çyrany hem ýakman uklap galdym. Bir mahal otagyma gara şekiliň girenini duýup oýandym. Garaňkyda sermenip, zordan çyrany ýakdym. Jübi sagadym agşam sagat ikini görkezýärdi. Men ýatanymda bitapdym, indi näsag bolup oýandym. Nazarymda, güýzüň zulmaty penjire aýnasyny syndyryp, otaga guýuldy-da, özümi edil syýa meňzeş şu tümlüge gark bolýan ýaly duýup başladym. Men özüni oňarmaýan ýarawsyz adam bolup oýanypdym. Men gygyrdym, beýnimde bir kimsäniň, iň bolmanda ýokarky gatda ýaşaýan öý eýesiniň ýanyna pena isläp çykmak pikiri oýandy. Edil däli adam ýaly özüm bilen özüm söweşip başladym. Ahyry pejiň öňüne baryp, içine salnan oduny ýakmaga gurbum ýetdi. Odun şytyrdap ýanyp, pejiň gapysy şarkyldap ýapylandan soň, özümi ýeňlän ýaly duýdum... Soňra dälize ylgap çykyp, ol ýerde hem çyra ýakdym, bir çüýşe ak çakyr tapyp, dykysyny aýyrdym-da, onuň bokurdagyndan içip başladym. Netijede gorky bir bada köşeşdi — şu ýagdaýda öý eýesiniň ýanyna ylgaman, pejiň ýanyna bardym. Pejiň gapysyny doly açyp, (odyň howry el-ýüzümi bişiräýjek bolýardy), pyşyrdadym:

— Betbagtlyk başa düşdi, Halymdan habar almaga tizräk gel! Gel! Gel!

Ýöne hiç kim gelmedi. Peçde ot lowlap ýanýardy, ýagyş aýnany urýardy. Şonda iň soňky bagtsyz hadysa ýüz berdi. Men stolyň çekmesinden romanymyň maşinkada göçürilen uly nusgalarydyr gereksiz golýazmalarym bilen doldurylan depderleri alyp, olary ýakyp başladym. Bu örän agyr iş, çünki golýazmalar ýanmaýar. Şonuň üçin, dyrnaklarymy syndyrsa-da, depderleri bölek-bölek edip ýyrtyp, olary pejiň içine oklap, kesewi bilen dörýärdim. Ýanan kagyzlaryň küli käte oduň üstüni basyp, meni gamlandyrýardy, emma men göreşýärdim, netijede romanym köp garşylyk görkezse-de, barybir berbat boldy. Göz öňümde tanyş sözler peýda bolýardy, sahypalar aşakdan ýokarlygyna lowlap, saralyp ugranda, ýazylan sözler görnüp durdy. Olar kagyz garalyp başlandan soň gaýyp bolýardy, şonda men kesewi bilen dörüp, olary ýok edip başlaýardym.

Edil şu wagt kimdir biri aýnany ýuwaş dyrnady. Ýüregim «jig» edip gitdi-de, soňky depderi oda oklap, gapyny açmaga ylgadym. Howla açylýan gapa kerpiç basgançaklardan çykmalydy. Men büdräp-südräp, gapynyň alnyna baryp, ýuwaş soradym: — Kim siz?

Tanyş owaz — aýalymyň sesi jogap berdi:

— Bu men.

Nädip gapynyň zynjyry bilen ilgençegini aýranymy bilemok. Ol başdan-aýak öl-suw, ýaňaklary öl, saçlary perişan halda bosagadan ätläp, içerik girdi-de, sandyr-sandyr edip, özüni gujagyma oklady. Men diňe bir sözi tekrarlap bildim bolany: — Sen... sen? diýdim-de, soň sesim ýitdi, soň ikimizem aşak podwala okduryldyk. Ol girip poltosyny çykaryp taşlady-da, soň birinji otaga ok ýaly atylyp girdik. Ol ýuwaş

gygyryp, ýalaňaç elini derrew peje dykdy-da, indi aşagyndan ýanyp başlan soňky bir desse golýazmany tartyp alyp, pola taşlady. Şu wagtyň özünde otagyň içi tüsseden doldy. Men aýaklarym bilen depip, ody söndürdim, ol bolsa özüni diwana oklap, öýkeni dolup, monjuk-monjuk gözýaş döküp, aglap başlady.

Ol ahyry köşeşdi, men söze başladym:

— Meniň bu romany göresim gelenok, men ondan gorkýaryn. Men näsag. Meni gorky gurşap aldy.

Ol ýerinden galyp, gepe başlady

— Waý, hudaýym, sen gaty näsag-la. Näme üçin? Sebäbi näme? Barybir, seni dertden halas ederin, bu beladan gutararyn. Bu näme boldugy? Men onuň tüsseden we agydan çişen gözlerini gördüm, maňlaýymy sypalap başlanda, elleriniň buz ýalydygyny duýdum.

— Men seni sagaldaryn, gutuldaryn — diýip seslendi ol, ýüzüni egnime goýup, sen ony ýene dikeldersiň. Nämüçin, nämüçin bir nusgasyny özüm alyp goýmadymkam?

Ol gazap bilen dişlerini gyjady-da, ýene düşnüksiz hüňürdedi. Soňra leblerini gysyp, ýanan sahypalary ýygnap, tükelläp başlady. Bu — romanyň ortasyndaky haýsydyr bir babydy. Ol köýen sahypalary bilen jemläp kagyza orady-da, bagjyk bilen daňdy. Onuň bar edýän hereketinde bir kararlylyk, kesginlik bardy, özüni ele alanlygy anyk görnüp durdy. Ol çakyr sorap, içdi-de, soň arkaýyn gepläp başlady. Ol:

— Aldawçylygyň soňy şeýle töleg bilen gutarýar — diýdi, — boldy, men indi aldaw bilen ýaşaman. Häzir seniň ýanyňda galardym welin, emma bu sypatda iş tutmagy halamaýaryn. Öýünden gijesine gaçyp gidenimi ärimiň ömürboýy gynanç bilen ýatlap ýörmegini islemeýärin. Ol maňa hiç haçan hiç-hili ýamanlyk etmedi. Ony häzir duýdansyz çagyrdylar, zawodynda ýangyn bolanmyş. Emma ol hä diýmän gaýdyp geler. Men onuň bilen ertir gepleşerin, başga adamy söýýärin diýip aýdaryn oňa, soňra bütinleý seniň ýanyňa gelerin. Hany, aýt, belki, beýle etmegimi isleýän dälsiň?

— Wah, biçärejigim — diýdim oňa, — beýle etmegiňe ýol bermerin. Ýagdaýym hasam ýaramazlaşar, şu sebäpden seniňem meniň bilen bile heläk bolmagyňy islemeýärin.

— Diňe şu sebäplimi? — diýip sorady ol gözlerini gözüme ýakyn getirip.

— Diňe şu.

Ol birden ruhlanyp, boýnumdan gujaklap, meni bagryna basyp, diýdi:

— Men hem seniň bilen bile heläk bolaryn. Ertir gaýdyp gelerin.

Ine, durmuşymda ýadymda galan soňky ahwallar — gyýa açylan eýwan gapysyndan düşen ýagtyda onuň seçelenen saçlary, başyndaky beret we aýgytdan doly gözleri. Ýene bosagada onuň symgylt salgymy hem kagyza dolanan ak düwünçek.

— Seni ugradyp gelerdim welin, ýöne yza gelmäge mydarym ýok, gorkýan — diýdim.

— Gorkma. Ýene birnäçe sagat sabyr et. Ertir irden ýanyňda bolaryn.

— Bu onuň durmuşyndaky soňky sözleri boldy.

— Çüşş! — diýip, näsag birden sözüni böldi-de, barmagyny göterdi, — bu gün aýly gije örän biynjalyk.

Ol balkona çykyp, gözden gaýyp boldy.

Iwan koridordan arabajygyň tigirlenip geçenini, kimiňdir horkyldap aglanyny we pessaý gygyranyny eşitdi. Ümsümlik aralaşandan soň, myhman ýene gaýdyp geldi we 120-nji otaga adam getirenlerini habar berdi. Alyp getirilen adam gaýta-gaýta şol bir sözi: kellämi gaýtaryp beriň diýip ýalbarýarmyş. Söhbetdeşler howsala düşüp, ilki dym-dyrs oturdylar, soňra köşeşip bölünen söhbeti dowam etdirdiler. Myhman ýaňy bir söze başlapdy... Emma bu günki gije, çyndanam ynjalyksyzdy. — Henizem koridordan gowur-gowur ses gelýärdi. Netijede myhman geplerini eşdiler-eşdilmez pyşyrdap, Iwanyň gulagyna aýdyp başlady, onuň:

Ezizim gidenden soň, aradan çärýek sagat geçensoň aýnamy kakdylar... — diýen birinji jümlesinden başga hemme geplerini diňe şahyr eşitdi, bolany. Näsagyň şahyryň gulagyna pyşyrdap aýdan gepleri, ony örän tolgundyrýan bolmaga çemeli. Salym geçmän onuň ýüzi çytylyp, gözleri kä gorkuly, kä gazap bilen bakrady. Ol indi balkondan görünmeýän Aý tarapa eli bilen yşarat edýärdi. Daşardan gelýän sesler bütinleý diňenden soň, Myhman Iwanyň ýanyndan sähel süýşüp, indi gaty ses bilen gepini dowam etdi.

— Hawa, soňra, ýanwaryň ortalarynda, gişlik men öz howlymyzda ilikleri üzlen şol paltomda sowukdan digdiräp durdum. Arkamda siren pudaklaryny basan gar üýşmegi öňümde, aýagymyň aşagynda — perde tutulan, çala-çula ýagtylandyrylan penjirelerim. Men birinji äpişgä eňilip gulak asyp başladym — otaglarymdan patefonyň sesi eşidilýärdi. Gulagyma ilen ses diňe şu boldy. Emma hiç zat görüp bilmedim. Ýene birazajyk eglenip, bag tarapky gapydan köçä çykdym. Güýçli syrgyn göterilipdi. Aýagyma çolaşan bir it meni gorkuzdy, özümi ondan alyp gaçyp, köçäniň aňry ýüzüne geçdim. Hemişelik hemram bolup galan sowuk we gorky nerwlerimi zaýa edip, umytsyzlyga girifdar edipdi. Barjak ýerim ýok, iň aňsat ýoly, dar köçämizden çykyp, özümi tramwaýyň aşagyna oklamakdy. Içi çyralar bilen ýagtylandyrylan, hemme tarapyny buz gaplan ýaşikleriň sowukda adamyň gaharyny getiriji şakyrdysyny alysdan eşitdim. Emma eziz goňşym, hemme bela şunda ki, gorky meniň her bir öýjügimi eýeläpdi. Şeýdip, tramwaýdan-da edil itden gorkan ýaly gorkýardym. Hawa, bu binada meniň derdimden agyr dert hiç kimde ýok, gepime ynanyber.

— Emma siz ol aýala habar berip bilerdiňiz — diýdi Iwan biçäre bimara ýüregi awap, — üstesine-de puluňyz-da şondady? Ol ony saklandyr-a?

— Siz muňa hiç şübhe etmäň, elbetde, saklandyr. Ýöne siz maňa düşeňzok öýdýän. Belki, men birwagtky wakany teswirlemek endigimi ýitirendirin. Dogrusyny aýtsam, indi men ony kän bir küýsäbem duramok, sebäbi onuň maňa zerurlygy ýok. Eger onuň eline dälihanadan baran hat düşäýse... diýip, myhman gijäň garaňkysyna mylaýymlyk bilen seretdi. Eýsem, şeýle salgydan nädip hat iberip bolar? Ruhy kesellіden? Oýun edýänsiňiz, dostum! Ýeri, ony bagtsyz edeýinmi? Muny men başarman.

Iwan oňa nägilelik bildirip bilmedi, emma kemsuhan Iwan myhmanyň ýagdaýyna gynandy, oňa hem dert berdi. Ol bolsa öz hatyrasyndan teşwişlenip, gara şypyrma geýen başyny dynman yrap, oturşyna, diýýärdi:

— Maňlaýy şor gelin. Emma ol meni unudandyr diýen umydym bar.

Iwan gorkarak: — Entek siz gutulyp gidersiňiz...

— Derdim dermansyz — diýip, hatyrjem jogap berdi myhman, — Strawinskiý meni ýaşaýyşa dolap eltmäge wada berip ýör, emma men oňa ynanmaýaryn. Ol ynsanperwer doktor, ol maňa diňe teselli berjek bolýar. Emma inkär edmeýärin, häzir birneme sagaldym. Ýogsa-da nämede galypdyk? Aýaz, dazlap barýan tramwaýlar. Şol wagtda bu şypahananyň açylanyndan habarym bardy, şonuň üçin bütin şäheri pyýada ýöräp geçip geldim bu ýere. Akmaklykdy bu, elbetde! Şäheriň çetinde men sowukdan doňup, belki, ölüp giderdim, emma bir duýdansyzlyk janyma jan berdi. Şäher girelgesinden dört kilometr bärde ýolda bir ýük maşynyny gördüm, onuň bir ýeri bozlup, saklanyp duran eken, men sürüjiden haýyş etdim, görseňiz-le, ol maňa rehim etdi. Maşyn şu tarapa gelýän eken. Meni-de özi bilen alyp geldi. Bu sapar wagtynda çep aýagymyň barmaklaryny sowuk aldyrdym, bolany.Emma, aýagyma em edip, düzetdiler. Ine, sähel kem dört aýdan bäri şu ýerde men. Bilýäňizmi, bu ýer göwnüme, o diýen ýaman däl. Dogry, mähriban goňşy, ullakan rejelere baş urup oturmagyň hajaty ýok bu ýerde. Ine, meselem, men bütin Ýer şaryny aýlanyp çykmakçydym. Ýöne çäräm ýok, bu maňa nesip etmedi. Indi, ynha şu Şaryň kiçijik bir bölegini görüp otyryn. Oýlanýaryn, zeminiň iň oňat ýeri däl bu ýer, emma, tekrarlap aýdýaryn, şuňa-da şükür. Ine, tomus ýetip gelýär, Praskowýa Fýodrownanyň wada edişiçe, balkonymyzy peçek gül büräp alýarmyş. Açarlar mümkinçiligimi artdyrdy. Gijeler Aý dogýar. Be, eýýäm ýaşyp gidipdir! Salkyn düşdi. Wagt ýarym gijeden agdy. Men baraýyn indi.

— Aýtsaňyzlaň, Ieşua bilen Pilatyň takdyry nähili boldy? — diýip sorady Iwan, — şony biläýjekdim, ýalbarýan şony aýdyp berseňiz.

— Aý, ýok, ýok — diýdi myhman gyjynyp, ýaňagyny tirpildedip, — romanymy ýatlasam, bütin bedenim gagşap gidýär. Patriarh kölçesinde tanşan jadygöýüň ony menden ýagşyrak aýdyp bermegi mümkin. Söhbetdeşlik üçin sagja bol. Hoş, görüşýänçäk.

Iwan özüni dürsemänkä, gözenek ýuwaşja ýalpyldy-da, myhman onuň aňyrsynda gizlendi.

## XIV bap

## HORAZA ŞÖHRAT!

Rimskiýniň nerwisi artyk çydam etmedi, protokoly ýazyp bolýançalar hem kanagat etmän, öz kabinetine okduryldy. Ol stolda üýşüp ýatan jadyly pullardan sowuklan gözlerini aýryp bilmän otyrdy. Beýnisi güwläp, akly çaşypdy. Daşardan adamlaryň galmagaly endigan eşidilýärdi. Tomaşaçylar Wareteden çykyp, köçä akyp başlapdy. Maliýe direktorynyň hetdenaşa eşitgir gulaklaryna birden milisiýanyň jürlewüginiň sesi geldi. Öňden belli zat, jürlewük hiç-haçan öz özünden ýagşylyga jürlemeýär. Jürlewük gaýtadan çalyndy, şonda başga jürlewük oňa ýardama gelip, gatyrak we gazaplyrak çalyndy, soň şu jürlewük owazyna adamlaryň ha-hahaýy, hatda uly gykylygy başlandy welin, maliýe direktory köçede ýene bir jenjelli erbet wakanyň ýüze çykandygyny we bu wakanyň, elbetde, ol jadygöý bilen ýardamçylarynyň geçiren şum seansy bilen göni dahyllydygyny pähimledi. Duýgur Rimskiý asla ýalňyşmandy.

Ol Sadowaýa köçesine açylýan penjireden daşaryk seredende, ýüzi çytyldy we pyşyrdap däl, anygyragy, wyşyllap:

— Men şeýle boljagyny bilýärdim-le — diýdi.

Ol köçe çyralarynyň güýçli ýagtysynda, öz penjiresiniň aşagynda, pesde, ýodada bir aýalyň içki köýnekde, mawy reňkli uzyn trusyly duranyny gördi. Dogry aýalyň başynda şlýapa, elinde sumkasy-da bardy.

Bütinleý aňkasy aşan, kä çommalyp oturmaga, kä dazlap nirädir gaçmaga hyýallanýan bu hanymyň töweregini dolap alan märeke gowga göterip, ýaňy maliýe direktorynyň endamyny jümşülleden ha-hahaýlardyr galmagallaryň ýerine ýetirijisi şu mähelledi. Aýalyň ýanynda bir raýat aljyrap egninden öz paltosyny çykarmaga çalyşýardy, emma örän gaty aljyrany sebäpli, elini ýeňinden çykaryp bilmeýärdi.

Şu wagt birden başga ýerden — çep tarapdaky girelgeden-de galmagal we wagşyýana ha-ha-haýlar eşidildi-de, Grigoriý Danilowiç şol tarapa öwrülip, gülgün reňk içki köýnekde duran ikinji bir zenany gördi. Ol özüni penalamak üçin ýan köçä geçip, teatryň girelgesine sümjek boldy, emma içerden çogýan tomaşaçylaryň akymy onuň ýoluna böwet boldy, melgun Fagotyň firmasyndan aldanan geýim-gejime höwesekligi we ýeňles häsiýeti netijesinde masgara bolan şormaňlaý aýal indi diňe bir zady — ýer ýarylyp, tizräk şoňa girmegi arzuw edýärdi. Milisioner jürlewügini edil howany deşip barýan ýaly derejede jürledip, bu bagtygara aýala tarap ylgady, onuň yzyndan kepka geýen nähilidir şoh ýigitler eýerdi. Şular köçäni başlaryna göterip, haha-haýlanlar, gowga turzanlardy.

Murtlak hor bir paýtunly atyny uçuryp gelip, birinji ýarym-ýalaňaç aýalyň golaýynda sakga togtady-da, agzynyň jähegi gaçyp, ýyrşardy.

Rimskiý kellesine ýumruklap tüýkürdi-de, penjiräň öňünden aýryldy.

Ol köçeden gelýän şowhuna gulak asyp, stol başynda biraz oturdy. Sykylyklaryň sesi dumly-duşy gaplap aldy, soňra ýuwaş-ýuwaşdan köşeşdi.

Jenjel tiz basylyp ýatyrylyp, Rimskiýni geň galdyrdy.

Indi gol gowşuryp oturyp boljak däldi, jogapkärçiligiň ajy awusyny içmek wagty ýetipdi. Tomaşanyň üçünji bölümi wagtynda telefon apparatlary düzedilipdi, diýmek, jaň edip, ýüz beren waka hakynda degişli ýere habar bermek, ýardam soramak, ýalan geplemek, hemme aýby Lihodeýewa ýükelemek özüňi aklamaga hereket etmek gerekdi we şuňa meňzeşler. Ah, sen lagnaty şeýtan! Gazaby joşan maliýe direktory iki mertebe trubkany alyp, ýene goýdy. Şu wagt birden uly ümsümlige gark bolan otagda apparat juda gaty jyrlap, maliýe direktoryny gorkuzdy, ol gorkudan ýaňa tisginip, doňup galdy. «Saglygymyň, nerwimiň işi gaýdypdyr» — diýip oýlanyp, trubkany göterdi. Emma şu demde ony gulagyndan uzaklaşdyrdy-da, reňki ak esgi ýaly ap-ak boldy. Trubkada aýal adamyň mylaýym we aýnaky jynsyý aragatnaşyga çekiji jögülik owazy pyşyrdap diýdi:

— Hiç ýere jaň etme, Pimskiý, soňy erbet bolar.

Şeýle diýip ol trubkany ýerine goýdy. Maliýe direktorynyň ini jümşüldedi trubkany goýup, nämüçindir öz arkasyndaky penjirä öwrülip seretdi. Ol ýaňy ýaşyl lybas geýip başlan zereň daragtynyň seýrek şahalarynyň arasyndan bulut bölekleriniň aňyrsynda ýüzýän Aýy gördi. Rimskiý, nämüçindir, pudaklara yhlasly seredip başlady, ol seretdiksaýyn endam-janyny gorky duýgusy gurşap aldy. Ahyry ol özüne zor salyp,

Aý ýöräp barýan penjireden ýüzüni sowup, ýerinden turdy. Indi hiç ýere jaň etmek hakynda gep hem bolmagy mümkin däldi, maliýe direktory indi diňe bir zat dogrusynda — nädip tizräk teatrdan çykyp gitmek hakynda oýlanýardy.

Ol gulak saldy: teatryň jaýy suw sepilen ýaly dym-dyrs. Rimskiý binanyň ikinji gatynda kän wagtdan bäri özünden özge hiç kim ýoklugyna düşündi, düşündi-de, çagalara mahsus güýçli gorky duýgusy bütin göwresini birden eýeledi. Ol häzir ýalňyz özi boş koridorlardan geçip, basganҫaklardan düşmegi oýlap, bütin göwresi galdyrady. Ol gözbagçynyň stolyň üstünde üýşüp ýatan gyzyl onluklaryny tapyr-tupur ýygnaşdyryp, sanajyna saldy, özüne azajygam bolsa kuwwat bermek üçin üsgürindi. Emma üsgülegi gyryljak çykyp, zordan eşidildi. Şu mahal onuň burnuna kabinetiniň gapysynyň aşagyndaky deşikden ýakymsyz zeý ysy urlan ýaly boldy. Maliýe direktorynyň ini jümşüldedi. Munuň üstesine, şol sagat ýarym gijäniň zaňyny urup başlady. Hatda şu sagadyň zaňy hem maliýe direktoryny lerzana getirdi. Soňra kimdir biriniň gapynyň gulpuna açar sokup, ýuwaşja towlan çagy ýüregi tas agzyndan çykypdy. Ol derjigen sowuk elleri bilen sanajyny mäkäm gujaklap, gulpyň deşigindäki şykyrdy ýene azajyk dowam edäýse, bu eýmençlige takat edip bilmän, «dat» diýip gygyrjakdy.

Ahyry gapy kimdir biriniň raýyna boýun synyp, açyldy we kabinete Warenuha sessiz gelip girdi. Rimskiý duran ýerinde kürsä lampa çökdi, çünki aýaklarynda mydar galmandy. Ol öýkenini dolduryp howa sordy-da, hoşamatly adam ýaly ýyrşaryp we ýuwaşja diýdi:

— Ýa, Hudaý! Ýüregim-ä ýardyň!

Hawa, beýle duýdansyz peýda boluş islendik adamy-da gorkuzardy, şuňa garamazdan, edil häzir Warenuhanyň gelmegi uly şatlykly wakady. Her näme-de bolsa, bu çolaşyk syryň hiç bolmanda bir ujy tapylypdy.

— Ýeri, geple tizräk! Bol, bol! — diýip seslendi Rimskiý, şu aýdyňlaşan syryň ujuna ýapyşyp, — Bu näme boldugy?

— Meni bagyşla, — diýdi pessaý ses bilen, otaga giren adam gapyny ýapyp, — seni gidensiň öýdüpdim.

Soň Warenuha papagyny hem çykarman, kürsä tarap geçdi-de, stolyň ol tarapynda oturdy.

Şuny aýdyp geçmek gerek ki, Warenuhanyň jogaby birgeňsi bolup duýuldy, şonda ol duýgurlykda dünýädäki iň ýagşy seýsmik stansiýanyň seýsmografy bilen hem bäsleşmäge ukyply bolan maliýe direktoryny huşuna getirdi. Be, bu nähili beýle boldy? Eger Warenuha maliýe direktoryny kabinetde ýok diýip hasap eden bolsa, nämüçin bu ýere geldi? Ýogsa onuň öz kabineti bar-a. Bu — bir. Ikinjiden: Warenuha teatryň binasyna haýsy gapydan girende-de, elbetde, gijeki nobatçylardan birine duş gelerdi, olara bolsa, Grigoriý Danilowiç öz kabinetinde birazajyk eglenýär diýlip aýdylypdy. Emma maliýe direktory bu gümanlara kän baş agyrdyp oturmady. Köňlüne sygmaýardy.

— Nämüçin jaň etmediň? Ýalta bilen bagly derdeserler nämeden ybarat?

— Hawa, aýdanlarym dogry çykdy, — diýip jogap berdi iş dolandyryjy, göýä agyrýan dişi azar berýän adam ýaly tamşanyp, — ony Puşkinodaky restorandan tapypdyrlar.

— Näme?! Puşkinodan?! Moskwanyň etegindäki Puşkinodan? Telegrammalar Ýaltadan gelipdi-le?!

— Eh, Ýalta nämişlesin? Puşkinodaky telegrafçyny içirip, serhoş edipdir-de, soň ikisi birigip bozgaklyk edip başlapdyrlar, şeýlelikde, «Ýalta» belgisi bilen telegrammalar iberýärler.

— Ä-hä...ähä... Ýeri, bolýa, bolýa... — diýip Rimskiý geplemän, aýdyma hiňlenen ýaly boldy. Gözlerinden sarymtyl ot syçrady. Kellesinde Stýopanyň masgaralanyp işden boşadylyşynyň dabaraly peýzajy şöhlelendi. Azatlyk! Maliýe direktory ahyry Lihodeýew mysalyndaky bela-beterden azat bolýar! Belki, Stepan Bogdonowiçe işden boşadylmakdan-da beterräk jeza nesip eder...

— Jikme-jik aýdyp ber! — diýdi Rimskiý hatly papkany stola gürp edip urup.

Warenuha jikme-jiklikleri aýdyp ugrady. Ol maliýe direktorynyň iberen ýerine barypdyr, baran badyna ony kabul edip, sözüni üns bilen diňläpdirler. Elbetde, Stýopa Ýaltadadyr diýen pikir hiç kimiň hyýalyna-da gelmändir. Lihodeýew Puşkinodaky «Ýalta» restoranynda bolmaly diýen Warenuhanyň çaklamasyna hemmeler derhal goşulypdyr.

— Häzir nirede ol? — diýip, iş dolandyryjynyň sözüni kesdi tolgunyp oturan maliýe direktory.

— Nirede bolsun — diýdi iş dolandyryjy kinaýaly ýylgyryp, — elbetde, huşa getirijide.

— Ýeri, ýeri! Aý, sagja bol-a!

Warenuha bolsa kyssasyny dowam etdirdi. Ol geplediksaýyn Lihodeýewiň bihaýalykly kylmyşlary maliýe direktorynyň göz öňünden uzyn zynjyryň halkalary dek düzlüp geçip başlady, emma zynjyryň nobatdaky her halkasy öňkülerinden beterräk peýzažlary suratlandyrýardy. Ine, meselem, onuň Puşkino telegrafynyň öňündäki çemenlikde öte serhoş ýagdaýda telegrafçy bilen gujaklaşyp, haýsydyr bir entäp ýören garmonçynyň nagmasyna tans edenini näme diýip atlandyrjak? Ýa-da haýsydyr bir aýallary çyňkyrdyp kowalanyny alyp gör! Ýene «Ýaltanyň» özünde bufetçi bilen ýakalaşjak bolupdyr! «Ýaltanyň» içinde goh-galmagal edip, gök sogany ýere seçipdir! «Aý-Danilýa» diýen ak içginiň sekiz çüýşesini kül-uşak edipdir. Stýopany äkitmegi islemedik taksiçiniň sçýotçigini urup döwüpdir. Onuň bu ýaramaz hereketlerine çäk goýjak bolanlara basdyraryn diýip haýbat atyşyny diýjekmi?! Mahlasy akyla sygmaýan etmişler.

Stýopanyň Moskwanyň teatr döwresinde «ak jüýje» däldigi hemmelere aýandy, ýöne bu zatlar Stýopa üçinem has öte geçmekdi. Iş dolandyryjynyň sözlerine ynansaň, barypýatan öte geçmek...

Rimskiniň ýiti gözleri, ony iýäýjek ýaly, iş dolandyryjynyň ýüzüne dikanlady, emma bu gözler hekaýa näçe köp dowam etdigiçe, şonça mylaýymlaşyp başlady. Onuň kyssasyndaky gabahatly jikme-jiklikler durmuşyrak we aýdyňrak boldugy saýy... maliýe direktory oňa şunça az ynanyp başlady. Warenuha Stýopanyň it ýaly guduzlap, ony Moskwa alyp gitmäge baran adamlara hem garşylyk görkedenligi barada hekaýa edip başlanynda, maliýe direktory ýarym gije gaýdyp gelen iş dolandyryjynyň bar gepleriniň ýalanlygyna tamam ynandy! Hawa, gepleriniň hemmesi — başyndan aýagyna çenli barypýatan ýalandy.

Warenuha Puşkino barmandy, Stýopa hem Puşkinoda ýokdy. Serhoş telegrafçy hem ýok, restoranda çüýşe hem döwülmändir, Stýopany hiç kim ýüp bilen daňmandyr... — bularyň hiç biri-de bolmadyk zat. Rimskiniň iş dolandyryjynyň diýýänleri barypýatan ýalan diýen kesgin pikire geleni-de şoldy welin, onuň aýaklaryndan başlanan gorky duýgusy bütin bedenini gurşap aldy, şonda oňa zeý palçygyň ysy bir däl, iki mertebe howada ýüzen dek duýuldy. Maliýe direktory kürsüde birgeňsi tüýsde büküdip oturyp, edil çyra şöhlesinden gözüni alyp gaçmakçy bolýan ýaly, ýüzüni gazet bilen örtüp, birsyhly stol çyrasynyň mawy saýasyny penalamaga çalyşýan iş dolandyryjydan gözüni aýyrman, çürt-kesik: bulara nähili düşünmeli? — diýip kelle döwýärdi. Eýsem, şeýle bimahal gelen iş dolandyryjy bütin binanyň ümsümlige berlip, haňlap ýatandygyna garamazdan, nämüçin beýle ýalan sözläp otyrka? Şeýle hyýala berlen maliýe direktorynyň kalbyny, iň soňunda näbelli, emma eýmenç howp duýgusy gemrip başlady. Ol Warenuhanyň ýalan gepläp, alyp-gaçyp oturanyny hem, ýüzüni gazet bilen örtüp, hile edýändigini hem duýmadyk ýaly bolup, onuň samramalarna degerli gulak asman, ýüzüne örän ünsli, dikanlap seredip başlady. Warenuhanyň ýüzünde beýan edip bolmaýan nähilidir üýtgeşiklik bardy welin, bu — Puşkino wakasy baradaky töhmetçilikli toslamalaryň näme sebäpden dörändiginden-de möhümräkdi, ýagny şol «nähilidir» diýenimiz — iş dolandyryjynyň daşky keşbiniň we gepleýiş äheňiniň özgerenligidi. Ol ýüzüni ýapmak üçin papagynyň ördektumşuk saýawanyny gözlerine çenli basyp geýmäge näçe urunsa-da, elindäki gazeti näçe ýaýyp, öwrüp görse-de, — barybir, Rimskiý onuň sag ýaňagynyň, burnunyň gögerendigini saýgardy. Mundan daşary, adatça hemişe joşgunly iş dolandyryjy häzir hassa kibi buz ýaly agaryp gidipdir, boýnuna bolsa şu gijeki dymyk howada nämüçindir köne ýol-ýol şarf orapdyr. Bu özgerişlere ýene iş dolandyryjynyň teatrda bolmadyk şu gysga wagtynyň içinde dişleriniň arasyndan howa sorup, tamşanmak ýaly ýakymsyz endik çykaranyny, sesiniň juda üýtgäp, boguk we ýakymsyz bolanyny gözlerinde ogrynlyk, gorkaklyk alamatynyň peýda bolanyny üstüne goşsak, Iwan Sawelýewiç Warenuha tanalmaz ýaly bolupdyr diýip batyrgaý aýtmak mümkin.

Maliýe direktoryny ýene bir zatlar agyr alada goýýardy, emma ol sowuklan beýnisini näçe agyrtsa-da, Warenuha näçe dikanlap seretse-de, howatyrlandyrýan närsäniň nämedigini pähimläp bilmeýärdi. Ol diňe bir zady: iş dolandyryjynyň Rimskä juda tanyş kürsüde oturyşynda nähilidir adatdan daşarylyk barlygyny, Warenuha bilen kürsüniň bir-birine sazlaşmaýandygyny takyklap boljakdy.

— Mahlasy, ahyry ony tutup, maşyna basdylar — diýip, laňňyrdady Warenuha gök dalak ýüzüni eliniň aýasy bilen örtüp, gazetiň arkasyndan seretdi.

Rimskiý birden endigi boýunça elini uzatdy-da, aýny wagtda, barmaklaryny stolyň üstünde oýnadyp, elektrik jaňyň düwmesini basyp goýberdi we... doňup galdy.

Boşap galan binada jaň sesi jaraňlap eşidilmedi. Signal bolmady, düwme stola batdy, emma seda çykmady. Düwme jansyzdy, jaň bolsa bozukdy. Maliýe direktorynyň bu hilesi Warenuhanyň gözünden sypmady, ol gaşyny çytyp, gözlerinden gazap uçgunyny saçyp sorady:

— Nämüçin jaň edýäň?

— Elim degäýdi tötänden — diýdi pessaý ses bilen Rimskiý we elini yza çekdi, soň ol — ýüzüňe näme boldy — diýip sorady.
— Maşyn birden öwrülip, gapyň tutawajyna uruldym — diýip, jogap berdi Warenuha gözüni ondan alyp gaçyp.
«Gepi ýalan!» — diýip köňlünden geçirdi maliýe direktory. Birdenem gözleri hanasyndan çykaýjak bolup, manysyz bakdy-da, ol kürsüniň arkasyna ýaplandy.
Kürsüniň arkasynda, polda bir-birini kesip geçýän iki kölege ýatyrdy, biri goýy gara, ikinjisi solak çal reňkdedi. Kürsüniň söýgejiniň hem, ýiti uçly aýaklarynyň hem kölgesi polda anyk görnüp durdy, emma Warenuhanyň söýenjik arkaly görnüp duran, şeýle hem kürsüniň aşagyndaky aýaklarynyň kölgesi görnenokdy. «Be, onuň kölgesi ýok-la!» — diýip janhowluna Rimskiý gorkup, içinden gygyrdy. Bedeni sandyrap başlady.
Warenuha Rimskiniň manysyz nazaryna seredip oturyşyna, kürsüniň arkasyna ogrynça nazar taşlady-da, onuň arkasynyň açykdygyny gördi. Ol kürsüden turdy, maliýe direktory hem şeýtdi, sanajyny goltuklap, stoldan bir gadam yza çekildi.
— Hä, duýdy-ow, nälet siňen! Hemişe parasatyň ýiti seniň, — diýdi Warenuha maliýe direktoryna, ýüzüň üstünde burnuň bar diýmezden gazabyny pürküp, soňra birden böküp, gapynyň öňüne bardy-da, iňlis gulpunyň düwmejigini ökdelik bilen aşak basdy. Maliýe direktory baga açylýan aýna tarap çekilip, ýalt edip oňa öwrüldi we Aý nuruna gark bolan penjirede aýna ýelmeşen çyp-ýalaňaç bir aýalyň ýüzüni we fortoçkadan içerik uzadan ýalaňaç elini gördi — bu el penjiräniň peski ilgençegini açmaga çalyşýardy. Ýokary ilgençek açylypdy.
Rimskiniň nazarynda stolyň üstündäki çyra öçüp başlan ýaly, ýazuw stoly bolsa bir tarapa agyp barýan ýaly duýuldy. Buz dek sowuk, güýçli tolkun gelip, oňa urlan dek boldy, emma ol ähli güýjini jemläp, ýykylman saklandy. Onuň galan güýji: — Waý dat, ýetişiň... diýip gygyrmaga däl, pyşyrdamaga ýetdi.
Warenuha ganyny garawullap, böküp, özüni ýokary zyňýardy, zyňanda-da, howada uzak erkin çaýkanyp durýardy. Ol çeňňek sypat barmaklary bilen Rimskiý tarapa yşarat edip, wyşlaýardy, tamşanýardy, penjiräniň arkasynda duran ýalaňaç aýala göz gyrpýardy.
Aýal bolsa şu wagt melesaçly başyny howlukmaç fortoçkadan sokup, elini ýagdaýy baryça uzatdy, penjiräniň peski ilgençegini dyrnaklary bilen dyrnap, çarçuwany silkäp başlady. Şonda onuň eli edil rezin ýaly sozulyp, ölüleriňki ýaly gögerip ugrady. Ahyry bu öliniň gögeren barmaklary ilgençegiň ujuny çeňňelläp, ony birýana burdy, penjire ýuwaş açylyp ugrady. Rimskiý pessaý ýňranyp, diwara söýendi we sanajyny galkan edip, öňe tutdy. Ol ajalynyň ýetendigini aňdy.
Penjire doly açyldy, ýöne otaga gijäniň hoştap howasynyň we lipa agajynyň gülleriniň ysyna derek zeýli ýerkümäniň ysy haplap urdy. Öli aýal aýnanyň sekisinde durdy. Rimskiý onuň göwsünde eräp başlan tegmilleri anyk gördi.
Edil şu mahal bagdan, tiriň arkasyndaky pessejik binadan garaşylmadyk ýerden horazyň şatlykly sesi geldi. Teatr programmalaryna gatnaşýan guşlar şu ýere ýerleşdirilipdi. Bu eldeki horaz Moskwa gündogar tarapdan daňyň ýakynlaşyp gelýändigini gygyryp buşlaýardy. Aýalyň çehresi wagşyýana gazapdan bürşüp,

gyryljak ses bilen sögündi, gapynyň öňünde howada çaýkanyp duran Warenuha bolsa haýkyryp, poluň üstüne gaçdy.

Horaz ýene gygyrdy, aýal dişlerini şarkyllatdy, başyndaky mele saçyň tarlary dim-dik boldy. Horazyň üçünji gezek gygyrany hem şoldy, ol yzyna öwrüldi-de, penjireden uçup çykyp gitdi. Onuň yzyndan Warenuha hem bir böküp, howada keseligine uzaldy-da edil söýgi hudaýy Kupidon kibi ýuwaş süýnüp, ýazuw stolunyň üstünden uçup geçdi-de, penjireden şuwlap gitdi.

Ýap-ýaňy-da Rimskiý diýlip hasap edilen, indi bolsa saçynda birem gara tary galmadyk goja kişi gapa tarap ylgap bardy, ilgençegi ýazdyryp, gapyny açdy tüm garaňky eýwandan dyzlap çykdy. Basgançaga öwrülýän ýerde ol gorkudan endiräp-sandyrap, elektrik düwmesini sermeläp tapdy-da, basgançagy ýagtyltdy. Endam-jany sandyraýan goja basgançakda ýykyldy, çünki göwnüne Warenuha ýuwaşjadan öz üstüne agyp düşen ýaly boldy. Pese ylgap düşen Rimskiý nobatçynyň westibýuldaky kassanyň öňünde, stulda uklap oturanyny gördi. Ol nobatçynyň ýanyndan daraklygyna basyp, ogrynça ýöräp geçip, esasy gapydan köçä çykdy. Diňe şonda Rimskiý birazajyk ýeňillik duýdy. Ol ahyry huşuna gelip, elini kellesine eltip, şlýapasyny kabinetinde galdyrandygyny-da pähimledi.

Elbetde, ol şlýapasyny almaga yza dolanmady, gaýta has-has edip, giň köçäni kesip geçip, öwrümdäki kinoteatra tarap ylgady, şol ýerde taksiniň tutuk gyzylymtyl çyrasynyň ýanyp durany uzakdan göründi. Ol bir demde şol ýere ýetdi. Oňat ýeri, taksini hiç kim alyp gitmändir.

— Leningradyň kurýer otlusyna, çaý pulam bererin, — diýdi goja ýüregini tutup, hassyldap dem alyp.

— Garaža barýan — diýdi şofýor, ýigrenç bilen ýüzüni ters öwrüp.

Şonda Rimskiý sanajyndan bir ellilik çykardy-da, maşynyň öňki açyk aýnasyndan sürüjä uzatdy.

Ýene birazajyk wagtdan soň warak maşyn Sadowaýa aýlaw ýolundan tüweleý ýaly uçup barýardy. Ýolagçy yzky oturgyçda tiz-tizden silkinip barşyna, sürüjiniň garşysyndaky bir bölek ýüz görülýän aýnada kä onuň şadyýana gözlerini, kä özüniň bimany gözlerini synlaýardy. Rimskiý wokzalyň binasynyň öňünde maşyndan okdurylyp çykdy-da, biline ak öňlük tutup, hammallyk nyşanyny dakan, ilki duş gelen adama gygyrdy:

— Birinji derejeli wagon, bir bilet, otuz manat berýärin — diýip sanjagyndan gyzyl onluklary gysymlap çykardy, — birinji ýok bolsa — ikinji derejeli, eger o-da ýok bolsa, näme bolsa, alaý. Nyşan dakynan adam işläp duran elektrik sagada seredip, Rimskiniň elinden pullaryny kakyp aldy. Ýene bäş minutdan soň wokzalyň aýnabent gümmeziniň aşagyndan kurýer otlusy ok ýaly atylyp çykdy-da, gijäň tümünde gaýyp boldy. Şol otly bilen bile Rimskiý hem uç-dereksiz ýitirim boldy.

## XV bap

## NIKONOR IWANOWIÇIŇ DÜÝŞI

Çak etmek kyn däl, şypahananyň 119-njy otagyna ýerleşdirilen, gyzyl ýüzli, semiz adam Nikonor Iwanowiç Bosoýdy. Emma ol professor Strawinskiniň ygtyýaryna gelmezinden öň başga ýerde hem boldy. Nikonor Iwanowiçiň ýadynda şol başga ýerden juda az zat: diňe ýazuw stolydyr skaf bilen diwan galdy.
Beýnisine inen gandan we ruhy ezýet çekenligi sebäpli gözüniň öňi garaňkylaşypdy, Nikonor Iwanowiç bilen ol ýerde söhbet edipdirler, emma söhbet juda birgeňsi, üzlüm-saplym bolup çykdy, dogrusy söhbet bolmady.
Nikonor Iwanowiçe berlen birinji sowal şeýledi: — Siz — Sadowaýa köçesindäki üç ýüz ikinji — bis öý komitetiniň başlygy Nikonor Iwanowiç Bosoý, şeýlemi?
Muňa jogap edip Nikonor Iwanowiç eýmenç hahahaýlap, şeýleräk jogap berdi:
— Men Nikonor, dogry, Nikonor men! Emma nähili başlykmyşym?
— Muňa nähili düşünmeli? — diýip soradylar Nikonor Iwanowiçden gözlerini süzüp.
— Diýjek bolýanym — diýip jogap berdi ol, — eger başlyk bolan bolsam, bir seredenimde, onuň şeýtanlygyny duýardym! Özüňiz oýlap görüň! Pensnesiniň aýnasy çatlan... üst-başy eleşan. Onuň nädip daşary ýurtlynyň terjimeçisi bolmagy mümkin?
— Kim hakda gürrüň berýäňiz? — diýip soradylar Nikonor Iwanowiçden.
— Korowýew-da! — diýip gygyrdy Nikonor Iwanowiç — öýümiziň ellinji kwartirasyny eýeläpdir! Ýazyň! Korowýew. Derrew ele salmaly ony! Ýazyň! Altynjy girelge. Ol şol ýerde.
— Walýutany nireden aldyň? — diýip mylaýym äheňde soradylar Nikonor Iwanowiçden.
— Hak tagala, kadyr Hudaý — diýip, gepläp başlady Nikonor Iwanowiç, — hemmesini görüp dur, özümiň barjak ýerim hem şol ýer. Hiç-haçan elime almandym, walýutanyň nähili bolýandygyny göz öňüme getiribem görmändim! Hudaý meni bagtygaralygym üçin gazabyna duçar edendir — diýip, aladaly dowam etdi Nikonor Iwanowiç köýneginiň iliklerini kä ildirip, kä ýazdyryp, kä çokunyp, — dogry, aldym! Aldym, emma özümiziň sowet puly bilen aldym! Dogry, pul alyp jaýa ýazgy etdim, jedelsiz boýnuma alýaryn. Emma kätibimiz Proležnew hem enaýylardan däl! Açygyny aýdýan bolsak, öý edarasyndakylaryň hemmesi ogry. Emma walýuta alan däldirin!
Jögüliligi bes edip, dollaryň wentilýasiýa tüýnüginde nireden peýda bolanyny aýdyp beriň! — diýip, Nikonor Iwanowiçden haýyş etdiler, ol dyza çöküp, agzyny uludan açdy-da, edil parket tagtasyny ýuwutjak ýaly bolup, egildi.
— Isleseňiz, — diýip çyňsady ol, — almadym diýip kasam içip, toprak iýmäge hem taýýar men. Emma Korowýew — şeýtan.
Her nähili sabyr-takatyň hem çägi bolýar, stol başynda oturanlar Nikonor Iwanowiçe, bes indi, adam ýaly gepläň diýip, berke tutup başladylar.
Şonda Nikonor Iwanowiç ýerinden böküp turup, şol diwan goýlan otagy başyna göterip, eýmenç gygyrdy: — Ana, ol! Ana, şkafyň arkasynda dur! Masgaralap, gülüp dur! Pensnesi-de şol... Tutuň ony! Ýüzärlik tütediň!
Nikonor Iwanowiçiň reňki çuw-ak bolup, titräp, howa çokunýardy, dazlap gapynyň öňüne baryp, ýene yzyna gaýdýardy, her hili dogalary sanaýardy, ahyry ol asla tutaryksyz gepleri samrap başlady. Nikonor Iwanowiçiň hiç hili gürrüňe ýaramly däldigi aýan boldy. Ony alyp çykyp, ýörite otaga ýerleşdirdiler, ol sähel ynjaldy,

emma horkuldap aglap, dynman ybadat edip başlady. Dogry, Sadowaýa köçesine-de baryp geldiler. 50-nji kwartira-da girip çykdylar. Ýöne ol ýerde hiç hili Korowýewi tapmadylar, üstesine-de, ol öýde ýaşaýanlardan hiç kim Korowýew diýen adamy tanamaýar, bilmeýärem eken. Merhum Berlioz bilen Ýalta giden Lihodoýewiň jaýy asla boşdy, kabinetdäki yşgaplara urlan sürgüçli möhürler bolsa öz ýerinde asylyp durdy. Soň seljermäge gelenler gaýdyp gitdiler, aýny wagtda öý edarasynyň kätibi, ruhy düşüp, aňy gaçan Proležnew hem olar bilen goşulyşyp gitdi.
Agşamara Nikonor Iwanowiçi Strawinskiniň şypahanasyna eltdiler. Ol taýda näsag nädynç bolup, şeýlebir guduzlady welin, netijede Strawinskiniň resepti boýunça oňa sanjym etmeli boldy. 119-njy otaga ýerleşdirilen Nikonor Iwanowiç diňe ýarygijeden soň uka gitdi, şonda-da uky arasynda ejir çekip, yňranýardy.
Emma dura-bara ukusy kadalaşdy. Tolgunmasy, yňranmalary galyp, ýeňil we endigan dem alyp başlandan soň, otagda ýeke galdyrdylar.
Şonda Nikonor Iwanowiç düýş gördi, şübhesiz, gören düýşüne bu günki başyndan geçiren wakalary esas bolupdy. Nikonor Iwanowiçiň düýşi aşakdaky ýaly başlandy: eli mis kernaýly nähilidir birhili adamlar uly dabara bilen ony laklanan äpet gapynyň öňüne getirenmişler. Soňra şu gapynyň ýanynda kernaýçylar Nikonor Iwanowiçiň şanyna gutlag sazyny çalýarmyşlar. Soňra bir ýogyn ses şohluk bilen oňa şeýle diýýärmiş.
— Hoş geldiňiz, Nikonor Iwanowiç! Walýutalary tabşyryň.
Nikonor Iwanowiç juda haýran galyp, depesinde gaty sesli radiokernaýy (gromko goworitel) görenmiş. Soňra ol nämüçindir teatryň zalynda peýda bolupdyr, zalyň altynsow petiginde uly billur gül parlap duranmyş, diwarlarda — kenket çyralar ornaşdyrylgymyş. Bar zat uly bolmadyk, ýöne baý teatrda nähili bolsa, bu ýerde hem şeýlemiş. Mahmal perdeli sahna-da, ulaldylan, her ýerinde — her ýerinde ýyldyzlar kibi ýanyp duran ülje reňkli on manatlyklaryň görnüşi-de çawuş, butgasy-da, hatda tomaşaçylar-da barmyş.
Nikonor Iwanowiçi geň galdyran zat tomaşaçylaryň bary bir jyns wekili — erkeklermiş, üstesine-de nämüçindir, ählisi sakgallymyş. Zalda birem stul ýoklugy, tomaşaçylaryň ýalpyldadyp süpürlen typançak polda oturandyklary onuň aňkasyny aşyrypdyr.
Nikonor Iwanowiç bu ullakan nätanyş jemagat döwresinde özüni oňaýsyz duýup, biraz wagt ýaýdanyp durup, soň hemmelere öýkünip, ol hem daýaw sakgallak adam bilen bar ýerini tüý basan, solgun bir raýatyň aralygynda, parket polda türk oturyşyny edip oturypdyr. Oturanlaryň hiç haýsy bu täze tomaşaça üns hem bermändir.
Şu mahal jaňjagazyň ýumşak owazy eşidilip, zalda çyra öçüpdir, perde syrylyp, ýagty sahnada kürsi we üstüne altyn jaňjagaz ýerleşdirilen stoljagaz we törde gara mahmaldan arkalyk görnüpdir. Ýan tarapdan sahna sakgal-murty tekiz alnan, saçy gowy timarlanan, egnine smoking geýen, ýüzi çyraýly ýaş artist çykypdyr. Tomaşaçylar janlanyşyp, sahna tarapa öwrülipdir. Şonda artist budkanyň golaýyna gelip, ellerini bir-birine sürtüp:
— Otyrmysyňyz? — diýip, mylaýym bariton sesde sorap, ýylgyryp zala seredipdir.
Otyrys, otyrys — diýip, oturanlar dürli äheňde hor bolup jogap beripdirler. — Hm... — diýipdir pikire berlip artist, — eýsem, siz irmediňizmi, men-ä düşünemok? Adam

şekilli adamlar häzir bahar güneşinden, maýyl howadan dem alyp, köçelerde seýran edip ýörler, siz bolsaňyz dymyk zalda demigip otyrsyňyz! Eýsem, programma şeýle gyzyklymy? Ýogsa-da, nätjek, her kime bir zat ýaraýar-da — diýip, artist danalarça sözüni jemläpdir.
Soňra ol sesiniň tembrini hem, äheňini hem üýtgedip, ýaňlanma owaz bilen şoh äheňde yglan edipdir:
— Şeýlelikde, programmamyzyň nobatdaky nomerinde jaý edarasynyň başlygy we berhiz aşhanasy müdiri Nikonor Iwanowiç Bosoý sahna çykýar. Baş üstüne, Nikonor Iwanowiç!
Artistiň gepini zal dowamly el çarpmalar bilen garşy alýar. Geň galan Nikonor Iwanowiç gözlerini mölerdipdir, alyp baryjy bolsa sahnanyň öňündäki çyralardan gözüni eliniň aýasy bilen penalap, zaldakylaryň arasyndan ony gözläp tapypdyr-da, mylaýym ýylgyryp, barmagy bilen yşarat edip, ony sahna çykarypdyr. Şonda Nikonor Iwanowiç nädip sahna çykanyny-da duýman galypdyr. Onuň garşysyndaky we arkasyndaky çyralaryň al-elwan şöhleleri gözüne düşen badyna, tomaşaçy doly zal tümlükde gaýyp bolupdyr.
— Hany, Nikonor Iwanowiç, bir görelde görkeziň-dä — diýipdir ýürekdeşlik bilen ýaş artist, — walýutany tabşyryň.
Ümsümlik aralaşypdyr. Nikonor Iwanowiç özüni dürsäp, ýuwaşja söze başlapdyr.
— Hudaýdan ant içýän, eger...
Ol aýtjak gepini aýdyp ýetişmänkä zal gaharu gazap bilen galmagal göteripdir. Netijede Nikonor Iwanowiç özüni ýitirip, dymypdyr.
Dogry düşünen bolsam — diýip, sözüni dowam edipdir, programmany alyp baryjy artist, — siz Hudaýy orta goýup, «walýutam ýok» diýip ant içmekçi bolduňyz dälmi?
— Ol Nikonor Iwanowiçe hemdertlik bilen seredipdir.
— Hawa, şeýle, ýok, — diýýär Nikonor Iwanowiç.
— Beýle bolsa — diýipdir artist, — biýedepligim üçin günämi geçiň, siz bilen aýalyňyzdan özge hiç kim ýaşamaýan şol kwartiranyň hajathanasyndan tapylan dört ýüz dollar nähili düşüpdir ol ýere?
— Jady bilen-dä! — diýýär kimdir biri garaňky zaldan äşgäre kine bilen.
— Hawa, şeýle, jady bilen — diýip, gorka-gorka jogap berýär Nikonor Iwanowiç, emma kime jogap berenini: artistemi ýa garaňky zalamy — bilip bolmandyr. Soň ol jogabyna goşmaça edip:
— Al-arwah, ýagny gözenek kemzol geýen terjimeçi taşlapdyr.
Zalda ýene gazaply galmagal turýar. Galmagal diňenden soň, artist gepe başlaýar.
— Ine, şeýdip Lafonteniň basnýalary-da aýdylyp dur bu ýerde! Dört ýüz dollary taşlap gidenmişler! Ine, siziň hemmäňiz walýutafuruşlar! Siz — ýörite şu ugurdan işleýänler, hany aýdyň maňa — şeýle boljagyna akyl ýetýärmi?
— Biz walýutafuruş däl — zalyň ol ýerinden-bu ýerinden birde-ýarym öýkeli owaz eşidilipdir, — emma çyndanam beýle bolmagy mümkin däl.
— Doly goşulýaryn — diýipdir artist kesgin äheňde, — ýöne sowalym bar: meselem, nämäni taşlap gitmekleri ahmal?
— Çagany! — diýip, gygyrypdyr kimdir biri zaldan.

— Örän dogry — diýip, tassyklaýar artist, — çagany, golsuz haty, proklamasiýany, bellenen wagtda partlaýan bombany, ýene köp närseleri taşlap gitmekleri mümkin, emma dört ýüz dollary hiç kim taşlap gitmese gerek, onuň ýaly akmagy tebigat hiç haçan ýaradan däldir. — Şondan soň artist Nikonor Iwanowiçe ýüzlenip, mylaýym melamat edip, hasratly sözläpdir: — siz meni ynjytdyňyz, Nikonor Iwanowiç! Sizden juda umytgärdim. Gysgasy, nomerimiz geçmedi. Zalda Nikonor Iwanowiçiň şanyna sygyryp ugrapdyrlar.

— Ýerinden gelen walýutafuruş ol! — diýip gygyrýamyşlar zaldan, — ine, şular ýalylaryň kesapatyndan biz ejir çekýäris!

— Oňa käýinmäň — mylaýym äheňde diýipdir alyp baryjy, özi hem puşman edip dur. — Soň ol gözýaşa dolan gök gözlerini Nikonor Iwanowiçe öwrüp, üstüne goşýar: — Bolýar, baraýyň öz ýeriňize, Nikonor Iwanowiç!

Şondan soň artist jaňjagazy çalyp, batly ses bilen yglan edipdir: — Arakesme, deýýuslar!

Hiç garaşylmadyk ýerden bu nätanyş teatr programmasyna gatnaşyp, huşuny ýitiren Nikonor Iwanowiç özüni ýene ýaňky poldaky ornunda görüpdir. Indi onuň düýşüne bütin zalyň garaňka çümüp, zym-zyýat bolany, diwarlarda «Walýutalary tabşyryň!» — diýen gyzyl hat bilen ýazylan sözler girýär. Soňra ýene perde açylyp, alyp baryjy:

— Sahna Sergeý Gerardowiç Dunçili teklip edýärin — diýýär.

Dunçil elli ýaşlaryndaky hoşbiçim, emma juda sallam-sajak adammyş.

— Sergeý Gerardowiç — diýip, alyp baryjy oňa ýüzlenýär, — siz bir ýarym aý bäri eliňizde galan walýutalary tabşyrmakdan saklanyp, aýdaly, ýurt olara mätäç wagty, size bolsa olaryň asla geregi ýok halyna, bu ýerde kejirlik edip otyrsyňyz. Özüňiz intelgent adam, hemme zada gowy düşünýäňiz, şuňa seretmezden, maňa kömek bermek islemeýärsiňiz.

— Gynansagam, etjek alajym ýok, mende başga walýuta galmady, — diýip hatyrjem jogap berdi Dunçil.

— Hiç bolmasa, brilliantlarňyz bardyr? — diýip artist sorady.

— Brilliantym hem ýok.

Artist başyny aşak egip, birazajyk oýlanyp durdy-da, elini çarpdy. Sahnanyň ýan tarapyndan moda boýunça geýnen, ýagny ýakasyz palto we kiçijek şlýapa geýen orta ýaşlaryndaky bir zenan çykdy. Ol juda howsalalydy, Dunçil bu zenana seredip, gaşlaryny oýnaklatdy.

— Kim bu aýal? — diýip sorady artist Dunçilden.

— Ol meniň aýalym — diýip, mynasybet bilen jogap berip, Dunçil zenanyň uzyn boýnuna ýigrenç bilen seretdi.

— Biz sizi, madam Dunçil, — diýip ýüzlendi alyp baryjy ol aýala, şeýlebir mesele bilen size ýüz tutmaly bolduk, ýagny äriňizde ýene walýuta barmy?

— Şonda ol hemmesini tabşyrypdy — diýip, tolgunyp jogap gaýtardy madam Dunçil.

— Ýagşy eger beýle bolsa, goý, şeýle bolsun. Eger hemmesini tabşyran bolsa, onda çärämiz ýok, indi derhal Sergeý Gerardowiç bilen hoşlaşmagymyz, gerek! Isleseňiz, teatrdan gidiberiň? Sergeý Gerardowiç — diýip, artist şahana mürewwet etdi.

Dunçil arkaýyn we mynasybetli öwrülip sahnanyň ýan tarapyna ýöräp başlady.

— Ýene bir minut sabyr etseňiz! — diýip, alyp baryjy ony saklady, — hoşlaşmazdan ozal, size programmamyzdan ýene bir nomer görkezmäge ejaza berseňiz — diýip, ol ýene-de elini çarpdy.

Tordäki gara perde süýşüp, sahna bal köýnegini geýen ýaşajyk bir sahypjemal gyz elinde altyn mejime göterip çykdy, mejimede süýji gabynyň lentasy bilen daňlan galyň bir desse pul we brilliant monjugy sahnanyň her tarapyna yzyny üzmän ýaşyl, sary, gyzyl uçgunlar syçradyp ýatyrdy.

Dunçil bir gadam yzyna tesdi, reňki ak esgi ýaly agardy. Zal doňup galdy.

— On sekiz müň dollary, altyn pulda kyrk müňe durýan bu monjugy — diýip, dabaraly yglan etdi artist, — Sergeý Gerardowiç Harkow şäherindäki öz oýnaşy, — häzir bize görmek nesip etjek Ida Gerkulanowna Worsuň kwartirasynda saklap gelipdir, aslynda bibaha, emma hususy şahsyň elinde hiç kime derkarsyz bu uly baýlygy tapmakda bize hormat edip kömekleşen Ida Gerkulanowna müňde bir sag bol aýdýarys.

Sahypjemal gyz ýylgyranda, dişleri lowurdap, uzyn kirpikleri gyrpyldady.

— Emma siziň şahsy mynasybetiňizde — diýip, artist Dunçile ýüzlendi, — gysganç ýakymly möý we aç möjek ýaly, üstesine-de, barypýatan ýalançy kezzap gizlenen eken. Siz öz eýmenç kejirligiňiz bilen aý ýarymyň dowamynda hemmäni derde goýduňyz. Baryň indi öýňüze, aýalyňyzyň başyňyza inderjek jähennem azaby — eden jenaýatyňyza laýyk jeza bolsun.

Dunçil bir çaýkanyp, tas ýykylypdy, emma kimdir biri rehim edip, goltugyndan söýget berdi. Şol pursatda alynky perde düşüp, sahnadakylaryň baryny gözden gizledi.

Nikonor Iwanowiçiň nazarynda, zaly lerzana getiren dowamly el çarpmalardan ýaňa uly gülçyralardan ot syçyraýan ýaly boldy. Öňki gara perde ýokaryk göterilende, sahnada indi diňe artistiň özünden başga hiç kim ýokdy. Täzeden başlanan güýçli el çarpyşmalaryň arasyny kesip, artist zala tagzym etdi-de, söze başlady.

— Programmamyzda gatnaşan ýaňky Dunçiliň şekilinde siz adaty bir eşegi gördüňiz. Ýogsa, düýn men, öýde gizlin walýuta saklamak — öte akmaklykdyr diýip, aýtmak lezzetine eýe bolupdym-a? Sizi ynandyryp aýdýaryn ki, hiç kim, hiç hili ýagdaýda ol walýutadan peýdalanyp bilmez. Ine, şol Dunçili mysal alalyň. Ol örän köp aýlyk alýar, hiç zada mätäç däl. Onuň şahana kwartirasy, aýaly, ýene sahypjemal oýnaşy hem bar. Muňa seredip görüň, walýuta bilen gymmatbaha daşlary döwlete tabşyryp, her nähili bişeýkellikleri başyndan sowup, dynç, asuda ýaşamaga derek bu içimtap samsyk ahyry iliň gözüniň öňünde masgara boldy, üstesine-de, öýünde uly maşgala dawasyny başyna satyn aldy. Ýeri, kim tabşyrar? Isleg bildirýän ýokmy? Onuň ýaly bolsa, nobatdaky nomerimizde — programmamyza ýörite çagyrylan talantly we tanymal drama artisti Sawwa Potapowiç Kurolesow şahyr Puşkiniň «Husyt rytsar» pajygasyndan parça okap berer.

Ady agzalan Kurolesow derrew sahnada peýda boldy, ol egnine frak geýip, ak galstuk dakynan, saçy syrylan, uzyn, dolmuş adam eken.

Ol ýüzüni ajydyp, gaşlaryny çytyp, altyn jaňjagaza gyýa bakyp, hiç hili girişsiz, tebygy bolmadyk ses bilen şygyr okap başlaýar:

— Jalaý, mekir ýigit bir bozuk jenana sabyrsyzlyk bilen garaşyp durdy...

Şundan başlap Kurolesow özi barada köp ýaman gepleri aýtdy. Nikonor Iwanowiç haýsy-da bolsa bir bagtygara dul hatynyň ýagşyň astynda zar-zar aglap, Kurolesowyň garşysynda dyza çökenini, emma artistiň köňlüni ýumşadyp bilmändigi dogrusynda onuň öz agzyndan eşitdi. Nikonor Iwanowiç düýşi görýänçä şahyr Puşkiniň birem eserini-de okamandy, ýöne ony juda oňat bilýärdi, hatda onuň adyny her gün birnäçe gezek aşakdaky mazmunda dile alyp durýardy: «Kwartira hakyny siziň üçin Puşkin tölejekmi?» ýa-da: «Näme, basgançakdaky çyrany Puşkin towlap alyp gitdimi?», — «Belki siz, kerosin üçin Puşkin pul tölär öýdýäňizmi?»

Ine, indi Nikonor Iwanowiç şahyryň eserlerinden biri bilen tanşyp, gussa batdy, ýetim çagalary bilen ýagyşda dyza çöküp duran aýaly göz öňüne getirip, biygtyýar: «Deýýusyň bir eken-ow bu Kurolesow!» — diýip köňlünden geçirdi.

Ol bolsa bardyksaýyn sesini gataldyp, toba etmegini dowam edip, Nikonor Iwanowiçy aljyratdy, çünki artist birden sahnada ýok bir adama ýüzlenip, şol ýok adamyň dilinden özüne-özi jogap gaýtaryp başlady, şu gepleri aýdýan wagtynda ol özüne kä «siz» diýip, käte «sen» diýip, özüne-özi birde «jenap», birde «baron», birde «atam», birde «oglum» diýip ýüzlenip başlaýar. Nikonor Iwanowiç diňe bir zady — artistiň: «Açarlar! Açarlarym meniň!» — diýip jan howluna gygyryp, ahyry pola ýykylyp, harlap ölüp galanyna düşünipdir, soň artist ýyňranyp, boýnundaky galstugyny ýuwaşja çözüpdir.

Kurolesow ölüp bolansoň, ýerinden turyp, jalbarynyň çaňyny kakýar, ýalandan ýylgyryp, tagzym edýär-de, gürrüldili el çarpyşmalar aşagynda sahnadan çykyp gidýär. Soň alyp baryjy şeýle diýýär:

— Biz Sawwa Potapowiçiň ussatlyk bilen ýerine ýetirmeginde «Husyt rytsar» eserini diňledik. Şol rytsar şoh ylahylar uçup gelip, daşymda perwana bolarlar, ýene juda köp şuňa meňzeş köňül açyjy hallar ýüz berer diýip umyt edipdi. Emma häzir özüňiz gördüňiz, hiç hili ylahylar hem uçup gelmedi, muzalar — ylhamlar-da oňa sowgat getirmedi, ol hiç hili ymaratlar-da gurup bilmedi, tersine, juda ýaman ölüm tapdy, walýutadyr göwher daşlardan doldurylan sandygynyň üstünde ýüregi ýarylyp, jähenneme gitdi.

— Sizi habardar edýärin, eger walýutalary tabşyrmasaňyz, siziň başyňyza-da şeýle heläket, — belki, ondan hem bäşbeteri — düşmegi mümkin.

Belki, Puşkiniň şygry eseri, ýa-da alyp baryjynyň kyssaýy sözleri täsir etdimi, nämemi, birden zaldan çekinjeň bir ses eşdildi:

— Men tabşyrjak walýutamy.

— Sizi hormat bilen sahna çagyrýaryn — diýdi alyp baryjy garaňky zala dikanlap, mylaýym ses bilen.

Sahna pes boýly, çynar saçly bir adam çykdy, ol görnüşine görä, üç hepde dagy sakgalyny almadyk adama meňzeýärdi.

— Bagyşlarsyňyz, familiýaňyz? — diýdi alypbaryjy.

— Kanawkin Nikolaý diýdi ol çekinjeňlik bilen.

— Hawa! Örän hoşal men, graždanin Kanawkin, gulagym sizde!

— Tabşyrjak — diýdi Kanawkin ýuwaşja.

— Näçe?

— Müň dollar, ýene ýigrimi sany on manatlyk altyn teňňe.

— Brawo! Hemmesimi?

Programmany alyp barýan artist Kanawkiniň gözlerine dikanlap seretdi, şonda Nikonor Iwanowiçiň nazarynda, artistiň gözlerinden uçgun atylyp, rentgen şöhlesi ýaly Kanawkiniň bedenini deşip geçen ýaly boldy. Zalda oturanlaryň demi içine gitdi.

— Ynandym! — diýdi netijede artist we göz nuruny öçürip: — ynandym! Bu gözler aldamaz! Size men näçe gezek esasy ýalňyşlygyňyz adam gözleriniň gudratynyň bahasyna az üns berýänligiňizde diýip aýdypdym. Düşüniň, diliň hakykaty ýaşyrmagy mümkin, emma göz — hiç haçan! Meselem, size tötänden bir sorag berdiler diýeli, emma siz oňa tisginmeýärsiňizem, bada-bat özüňizi ele alyp, hakykaty ýaşyrmak üçin näme jogap bermelidigini bilýäňiz, şeýdibem örän ynamly jogap gaýtaraňyzda, ýüzüňizde gepiňiziň ýalandygyny duýdurýan birem alamat görünmeýär, emma mälim ki, berlen soragdan aljyranyňyzda, hakykat birden kalbyňyz düýbünden gözüňize böküp çykýar-da, wessalam, iş tamam. Hakykat paş bolup, ele düşýäňiz!

Artist bu örän esasly sözüni dabdaba bilen sözläp, Kanawkinden mylaýym äheňde sorady:

— Nirede ýaşyryp goýupdyňyz?

— Preçistenkadaky daýzamyň öýünde, Porohownikowa familiýasy...

— Hä-ä! Wiý, dur-dur... Klawdiýa Iliniçniňkamy? — Hawa.

— O, hä,hä, dogry! Kiçiräk öýjagaz? Garşysynda uly bolmadyk ýeri-de barmydy? Ä, bilýärin, bilýän ol öýi! Hoş, ol öýüň niresine dykyp taşlapdyň baýlygyňy?

— Ýerkümede, Eýnem gutysyna salyp goýupdym...

Artist ellerini bir-birine urdy.

— Heý görüpmidiňiz beýle akmaklygy? — diýip, gygyrdy ol gamgyn bolup. — Ol ýerde pullar yzgar çekip, zeňläp gidýär-ä! Heý, şeýle adamlara walýuta ynanyp bolarmy? Ä? Eý, Taňrym, çaga ýaly-da bular!

Kanawkiniň özi hem, galp ýol bilen baýlyk toplap, hata iş edenine indi düşünüp, öçgün saçly başyny aşak egdi.

— Pul — diýip, dowam etdi artist, — daýzasynyň alaka gemrip zaýalajak ýerkümesinde däl, belki döwlet bankynda, juda pugta goralýan ýörite otaglarda saklanmagy lazym! Uýat size, Kanawkin! Siz ullakan adam-a.

Kanawkin utanjyndan özüne ýer tapman, diňe barmagy bilen kemzolynyň etegini dyrnaýardy.

— Ýeri, bolýa — diýdi artist biraz ýumşap, — geçeni kim ýatlaýar... — Soňra birden garaşylmadyk ýerden şeýle goşmaça etdi: — Hawa, ýene bir zat, bir gezek baranymyzda, ýaňky... maşyny iki ýola gatnadyp ýörmez ýaly... daýzaňda-da bar bolsa gerek? Ä? Işiň beýle öwrüm almagyna garaşmadyk Kanawkiniň ini jümşüldedi, teatr dym-dyrslyk boldy.

Ä-hä, Kanawkin?! — diýdi alyp baryjy mylaýym kine bilen, — men-ä ony öwdümem! Ine, saňa gerek bolsa, Jögülik etmek nämä gerek?! Ýagşy däl, Kanawkin! Ýap-ýaňy göz hakda aýdypdym-a. Ana, gözüňdenem görnüp dur daýzaňda-da barlygy. Aýt-da, dyn-da, näme gynaýaň bizi?

— Bar! — diýip, Kanawkin çürt-kesik, gygyrdy.

— Brawo! — diýip, alyp baryjy seslendi. — Brawo — diýdi adamlaram bütin zaly lerzana getirip.
Zal köşeşenden soň, alyp baryjy Kanawkini gutlap, elini gysdy, onuň şähere, öz öýüne gitmegi üçin ulag teklip etdi we sahnanyň gyrasynda duran birewe ýene-de şu maşyndan Kanawkiniň daýzasynyň öýüne baryp, ony aýallar teatryndaky programma çagyrmagy tabşyrdy.
— Hawa, ýene bir zat sorajakdym, daýzaň öz baýlygyny nirede gizläni barada size aýtmanmydy? — diýip, alyp baryjy sorady we Kanawkine hormatlap çilim uzadyp, otluçöp çakdy. Ol çilim otlap, gamly gülümsiredi.
— Ynanýan, ynanýan — diýdi artist uludan dem alyp, — jadygöý kempir öz ýegenin-ä däl, şeýtana-da syryny ynanmaz. Ýeri, bolýa, onuň kalbynda adamçylyk duýgysyny oýarmaga çalyşarys. Eger onuň süýthorluk kalbynda birde-ýarym çüýremedik tar galan bolaýsa. Bolýa, salamat bol, Kanawkin!
Şundan soň bagtyýar Kanawkin ugrady. Artist, walýuta tabşyrmak isleýänler ýene barmy? diýip sorady, emma ümsümlik oňa jogap boldy.
— Siz-ä alasamsyk ekeniňiz, Hudaý kessin! — diýenden soň, artisti perde ýapdy. Çyralar öçüp, biraz wagt hemme ýer zulmata gark bolansoň, uzakdan bir tenor owazyň gaharly aýdymy eşidildi: «Onda üýşüp ýatyr tylla teňňesi, maňa degişlidir olaň hemmesi!» Soňra niredendir uzak bir ýerden iki gezek el çarpyşmalaryň sesi geldi. — Aýallar teatrynda-da bir juwan aýal tabşyrýar — diýip, birden dillendi Nikonor Iwanowiçiň çypar sakgally goňşusy, soň uludan dem alyp, sözüne goşdy: — Wah, eger gazlarym bolmasady! Lianazowada, ezizim, meniň uruşgan gazlarym bar. Mensiz gyrlar öýdüp gorkýan. Uruşgan guş näzik bolýar, ideg talap edýär... Eh, gazlarym bolmasady!... Puşkin bilen meni täsin galdyryp bilmersiňiz — diýip, ol ýene uludan dem aldy.
Şol mahal zal ýap-ýagty boldy-da, Nikonor Iwanowiçiň düýşünde hemme gapylardan zala ak galpak geýen, eli susakly aşpezler girip geldi. Şägirt aşpezler bolsa uly çanakda suwuk çorba bilen ýasy gapyrjakda kesilgi gara nan getirdiler. Tomaşaçylar janlandy. Şadyýan aşpezler olaryň arasyndan ýöräp, tabaklaryna suwuk çorba guýup, çörek paýlaýardy.
— Naharlanyň-ow, ýigitler, — diýip, olar gygyrýardy, — soňra walýutalaryňyzy tabşyryň! Nämä gerek bu ýerde wagtyňyzy biderek geçirip? Näme, zarmy siz şu suw çorba? Ondan-a öýüňize baryp, içip, garbanyp, arkaýyn ýatanyňyz ýagşy dälmi?
— Ine, meselem, sen babaý, näme üçin ýaýdanyp otyrsyň? — diýip, Nikonor Iwanowiçiň özüne ýüzlenipdir boýny horazyň täji kibi gyp-gyzyl, dolmuş aşpez oňa birje kelem ýapragy gaýyp ýören bir susak çorba uzadyp.
— Ýok! Ýok! Ýok mende walýuta! — diýip, bar güýji bilen gygyrdy Nikonor Iwanowiç. — Düşünýäňmi? Ýok!
— Ýokmy? — diýip, aşpez ýakymsyz ýogyn ses bilen, soň: — Ýokmy? — diýip sorapdyr ol pessaý mylaýym owaz bilen, soň: — Ýok, Ýok, — diýip göwünlik berip başlapdyr ol, feldşer aýal Praskowýa Fýdorownanyň tüýsüne girip.
Çünki ukuda basyrganýan Nikonor Iwanowiçiň egnini şol aýal ýuwaşja yralap başlapdy. Şonda birden aşpezler eräp, teatr hem perdesi bilen dargap gitdi. Nikonor Iwanowiç ýaş doly gözüni açyp, şypahanadaky öz otagyny, maslahaty bilen hemmäni

bizar eden ýüzügara aşpezleri däl, ak halat geýen iki adamy, ýagny doktor bilen elinde tabak däl-de, üstüne ak hasa ýapylan sanjymly jamy saklap duran Praskowýa Fýodorownany gördi.

— Eýsem, bu näme boldugy — diýip, Nikonor Iwanowiç gamly gepledi, özüne sanjym edilip durlan wagty — ýok ahyr ol, mende ýok! Puşkin tabşyrsyn olara walýutany. Ýok!

— Hawa, ýok, ýok, — diýip, köşeşdirýärdi ony merhemetli Praskowýa Fýodorowna, — ýok zady ýaradyp boljakmy?

Nikonor Iwanowiç sanjymdan soň ynjaldy-da, hiç hili düýş görmän uklap galdy.

Emma onuň howsalaly galmagaly netijesinde ýüze gelen gorky 120-nji otaga geçip, ol ýerde ýatan näsagy oýatdy, bu näsag turandan, öz kellesini gözlemäge başlady, soň howsala 118-nji otaga girip, nämälim ussadyň kalbyna gulgula saldy. Ol hasratdan doly gözlerini Aýa dikip, durmuşyndaky güýzüň ahyrky nedamatly agşamyny, podwaldaky otagynyň gapysynyň astyndan düşýän şöhläni we söýgülisiniň tar-tar saçlaryny ýatlady.

Gorky 118-nji otagdan balkonyň üsti bilen Iwanyň otagyna uçup geçdi welin, ol oýanyp, aglap ugrady.

Emma wraç howatyrlanyp başlan bu biçäreleri bir demde derman bilen köşeşdirdi, olar ýene uklap galdy. Hemmeden soň, derýanyň üstünde daň agaryp başlanda, Iwan hem ymyzgandy. Derman onuň bütin bedenini edil deňiz tolkuny ýaly basandan soň, ol teselli tapdy. Bedeni ýeňleşdi, kellesi ukynyň ýakymly täsirinden hözir tapdy. Ol uka gidende, gulagyna çalnan iň soňky sesler — tokaýdaky guşlaryň daňyň öň ýanky jagyl-juguly boldy. Emma hä diýmän olaryň owazy öçüp, Iwan düýş görüp başlady. Düýşünde Takyr Depäniň üstünde Gün indi magryba agyp başlady we onuň çar töweregi iki hatar bilen gabalandy...

## XVI bap

## ÖLÜM JEZASY

Takyr Depäniň üstünde Gün indi magryba agyp başlady we onuň çar töweregi iki hatar bilen gabalandy. Çäşde prokuratoryň ýoluny kesip, çapyp geçen atly goşun şäheriň Hewra derwezesine ýetdi. Olara tä barýançalar ýol açykdy. Kappadokiýa pyýada goşuny mähelleden hümer bolan ýoly açyp, adamlary, gatyrlary, düýeleri iki tarapa gysyp çykarypdy, şu sebäpli, goşun atlaryny arkaýyn çapdyryp, ap-ak tozany pelege ýetirip, Wifleýem ýoly bilen Ýaffa ýolunyň biri-birini kesip geçýän çatrygyna çykdylar. Soň ol Demirgazyk-günbatar ýoldan şemal dek öwsüp, ýelip gitdi. Mundan sähel öň, ýaňky Kappadokiýa pyýadalary ýoluň gyrasyna ýerleşip, Ýerşalaime baýrama gelýän kerwenleri öz wagtynda bir tarapa sowmaga ýetişipdiler. Zyýaratçylar eginlerindäki ýol çadyrlaryny taşlap, ýoly ýakalap düzlen Kappadokiýa pyýadalarynyň arkasynda sap-sap bolup durdular. Atly goşun bir çakyrym ýol geçip, okdurylyp gelýän ýyldyrym legionynyň ikinji kagortasyndan hem ozup gitdi we ýene bir çakyrym geçip, Takyr Depe meýdanyna birinji bolup bardy. Bu ýerde goşun atlardan düşdi. Komandir goşuny wzwodlara böldi, wzwodlar bolsa ol diýen belent

bolmadyk bu depäniň diňe Ýaffa ýoluna dogrulanan azajyk ýerini açyk galdyryp, galan hemme ýerini gabap aldy. Atlylardan soň, sähel wagt geçip-geçmänkä, depäniň etegine ikinji kagorta hem ýetip gelip, depä bir basgançak ýokary göterildi we ol hem depäniň etrabyny gerdişsypat dolap aldy.

Ahyry Mark Krysaboýyň ýolbaşçylygyndaky kenturiýa hem ýetip geldi. Ol ýoluň iki tarapyny ýakalap, durnahatar düzlüp gelýärdi, ýoluň ortasyndan bolsa ýörite sakçylaryň gözegçiliginde arabada ölme höküm edilen we boýunlaryna arameý we grek dilinde «Garakçy we pitneçi» diýip ýazylan ak tagmajyklar asylan üç jenaýatçy barýardy. Bu arabanyň yzyndan täze ýonulan diregli sütünler, arkanlar, piller, bedreler-u paltalar ýüklenen başga arabalar gelýärdi. Bu arabalarda ýene alty sany jellat hem bardy. Arabalaryň yzyndan kenturion Mark, Ýerşalaim ybadathanalarynyň sakçylarynyň serdary hem-de ýaňy şa köşgünde garaňky otagda Pilat bilen gysga müddetli söhbet eden gaýtarma galpakly plaş geýen adam at münüp barýardy. Bu toplanşyk hatar bolup gelýän leşger bilen jemlenip, onuň arkasyndan alamat tomaşany görmek isleginde dowzah ody dek jyzrama günüň yssysyndan hem gorkmadyk iki müňe golaý bikär işsizler gelýärdi.

Şäherden üýşüp çykan bu tomaşatalaplaryň hataryna indi ýolda duşan synçy zyýaratçylar hem goşulyşyp, hemmesi bu taýa melalsyz, arkaýyn tirkeşip gelýärdiler. Ine, şu uzyndan-uzyn mähelle tä Takyr Depä ýetip barynça jarçylar ýaňy çäşde Pilatyň köşkde durup aýdan sözlerini batly owaz bilen gaýta-gaýta tekrarlap bardylar. Depäniň etegini gurşap alan atly goşun hemmäni ýokaryk, ikinji gurşaw tarapa geçirip goýberdi, ikinji kenturiýa bolsa depäniň üstüne diňe ölüm jezasyna höküm edilen adamlary geçirip, bütin mähelläni çaltlyk bilen depäniň çar töweregine ýaýratdy, netijede tomaşatalap mähelle ýokarda — pyýadalar zynjyrynyň, aşakda atlylar hatarynyň aralygynda galdy. Indi olara jenaýatçylary pyýadalaryň selçeň hatarynyň arasyndan synlamak mümkindi.

Elkyssa, bularyň bu depäniň başyna göterilenine, ine, üç sagatdan köpräk wagt geçdi, indi Gün Takyr Depäniň üstünden agyp başlan hem bolsa, heniz onuň gyzgynlygy entegem çydar ýaly däldi, Depäni iki halka bolup gurşap alan atlylar hem, nökerler hem yssydan ýaňa ezýet çekýärdi, bu ýagdaýdan irip, bu üç jenaýatça içlerinden gargynyp, olaryň tizräk ölmegini isleýärdiler.

Depäniň eteginde duran pyýada goşun komandiriniň maňlaýy öl-suwdy, ak köýneginiň arkasy gara dere batyp, birinji wzwodyň deriden ýasalan bedresine tiz-tizden baryp, ondan owuçlap suw içdi, başyndaky sellesini ölledi. Şondan biraz teselli tapyp, ýokarlygyna gidýän gumak ýoluň ol çetinden-bu çetine dynman gatnaýardy. Onuň uzyn gylyjy çyzymlanan ädiginiň gonjuna urlup durdy. Şeýdip ol öz nökerlerine sabyrly-çydamly bolmakda görelde görkezmekçidi, emma şeýle-de bolsa, olara rehimi gelip, naýzalardan piramidalar ýasap, olaryň üstüne ak plaşlaryny ýapyp, saýawan etmäge ejaza beripdi. Siriýaly (suwarylar) nökerler ine, şu çadyrlarda rehimsiz gyzdyrýan güneşden jan saklap başlapdylar. Bedreler tiz-tizden boşaýardy we wzwodlaryň nobatçylary gezekli-gezegine depäniň etegindäki gowaklyklardan suw daşaýardylar: bu jarlykda gyrymsy tut agaçlarynyň goýy saýalarynda bulanyk bir çeşme bu dowzahy jyzramada ömrüniň soňky günlerini geçirip, şildiräp akýardy.

Yssynyň derdinden ýuwaşan atlaryny saklap duran suwarylar hem şu ýerde bikarar bolup, kölege küýsäp, içleri gysyp durdular.
Esgerleriň bu ýerde ejir çekip oturmalarydyr jenaýatçylara gargamagy düşnüklidi. Çünki prokuratoryň ölüm jezasynyň ýerine ýetirilýän wagty, özi üçin nätanyş bolan Ýerşalaim şäherinde bidüzgünlikler ýüz berer diýip howpa düşmesi onuň bagtyna ýerlikssiz bolup çykdy. Ölüm jezasynyň başlananyna üç sagatdan aşanda, garaşylan ýagdaý ýüze çykman, ýokardaky pyýadalaryň hatary bilen depäniň etegindäki atlylaryň hatarynyň arasyna ýerleşen tomaşaçylardan biri hem galmady. Günüň jokramasy olary jyzyrdadyp, hemmesini Ýerşalaim tarap kowupdy. Indi ine, şu iki halkanyň aralygynda bu depä nädip geleni nämälim bolan iki sany eýesiz it galypdy, bolany. Emma jokrama yssy bu itleri-de haldan gaçyrypdy, şu sebäpli olar bagyrlaryny ýere berip, dillerini sallap ýatyşlaryna güneş howruna perwaý etmän, gyzan daşlaryň içinde ösen nähilidir tikenli ösümlikleri aralap, dynman ylgap ýören bu ýerdäki hažžyklara-da üns bermeýärdiler. Ölüme höküm edilenleri ne goşundan doldurylan Ýerşalaimiň özünde, ne bu ýerde — töweregi gabalan, depede halas etmäge hiç kim synanyşyk etmedi, mähelle şähere gaýtdy, sebäbi, bärde bu jezalandyryşda hiç hili gyzyk ýokdy, şäherde bolsa bu wagt bu gün agşam ýetip gelen beýik baýrama — pasha taýýarlyk başlanypdy.
Ikinji halkadaky rim pyýadalary atlylardan hem köpräk azar çekýärdiler. Kenturion Krysaboý öz esgerlerine diňe harby demir papaklaryny çykaryp, başlaryna öllenen ak guşagy ýapmaga rugsat berdi, emma olaryň naýzalaryny ellerinden aýyrtman, mydam dik sakladýardy. Özi bolsa, öllenmedik gury guşagyny başyna ýapyp, hatda köýnegine ýabşyrylan ýolbars keşpli kümüş nyşanlaryny-da, bilindäki gylyjy bilen hanjaryny-da aýyrman jellatlara ýakyn ýerde eýläk-beýläk ýöräp ýördi.
Şunlukda Gün ýiti tygyny göni kentiriona nazarlan bolsa-da, bu ony asla gynanokdy, kükregindäki şir nyşanlaryň ýüzlerine seredip bolmaýardy, çünki olar Gün şöhlesine eräp, lakyrdap gaýnaýan kümüş ýaly gözüňi gamaşdyrýardy.
Krysaboýyň terzi ýiten ýüzünde ne ýadawlyk, ne närazylyk alamatlary bardy, tersine döw kamat kenturion şu zeýilde tä gün batýança, soň daň atýança soňra ýene uzyn gün — gysgasy, näçe wagt gerek bolsa şunça, ellerini mis tokaly hat ýazylan kemerine goýup, kä jenaýatçylar daňlan sütünlere, kä depäniň üstüni gorap duran esgerlere ýowuz seredip, aýak astyndaky wagt ötüp agaryp giden adam süňklerini ýa-da maýdajyk daşlary gaýtarma ädiginiň tumşugy bilen biperwaý depip geçmäge kadyr dek görünýärdi.
Gaýtarma galpakly adam sütünlerden sähel aňyrrakda üç aýakly kürsüde ornaşyp, biperwaý otyrdy, tukatlykdan ýaňa elindäki çöp bilen ýer çyzyp, gumy dörjeleýärdi.
Indi depäni gurşap alan iki halkanyň arasynda bir adam-da galmandy diýen gürrüňe gelsek, bu beýle bir dogry däl. Bu ýerde bir adam bardy, ýöne ony köpçülik görmändi. Ol depäniň üstüne çykylýan açyk ýol tarapda, ölüm jezasyny görmäge amatly ýerde däl-de, belki onuň çykmaga amatsyz, nätekiz bolan, köp ýerleri opurlan, ýarylan gowagyň ýanynda gurap barýan injir daragtynyň bir erňekde hudaý gargan takyr ýere ýapyşyp, jan saklaýan ýerinde ornaşypdy. Ölüm jezasyna dahyly bolmadyk ine, şu ýeke-täk tomaşaçy bu iş başlanan çagdan, ýagny dört sagat töweregi asla kölege bermeýän injiriň astynda, bir harsaň daşyň üstünde otyrdy.

Dogry, ölüm jezasyny görmek üçin ol amatsyz ýer saýlapdy. Emma, her nähili bolsa-da, diregler dańlan sütünler, şeýle-de kenturionyň kükregindäki lowurdap duran iki sany galkanjyk hem esgerleriň hatarynyň arasyndan oňa açyk görnüp durdy, sebäbi adamlaryň gözüne düşmezlige, howatyr etmezlige çalşan kişi üçin şu ýeriň özi ýeterlikdi.
Emma mundan dört sagat öň, ýagny ölüm jezasy başlanjak wagty, ol bütinleý başgaça hereket edip, tas özüniň bardygyny duýdurypdy, megerem, şonuň üçin ol öňki bolşuny üýtgedip, hylwata çekilipdi.
Bu ýerde ol jeza berijileriň hatary iň ýokary derejä çykan çagy peýda bolupdy, onuň howlugyp gelenligi anyk duýlyp durdy, agyr-agyr haslaýardy. Ol depelige ýöräp, däl, ýüwrüp çykdy, adamlary itekläp, öňe geçdi we depede zynjyr dek düzlen esgerleriň hatary diňe onuň däl, bütin märekäniň öňüni kesenini görüp, özüni samsyklyga saldy, iň ýönekeý usuly goldap, gaharly esgerleriň sözlerine düşünmeýän ýaly, gös-göni jeza meýdanyna esgerler hataryny böwsüp geçmekçi boldy. Bu kylmyşy üçin ol naýzanyň yz tarapy bilen kükregine urgy aldy we agyrydan däl, umydy puja çykany zerarly gygyrdy-da, yzyna tesdi. Ol beden agyrsyny duýmaýan, asla geleňsiz adam dek, bulançak gözleri bilen özüni uran legionere seretdi.
Soň kükregine elini goýup, üsgürinip, hassyldap, depäniň daşyna aýlanyp çykdy, zynjyr ýaly esger halatlaryndan bir yş tapyp, jeza meýdanyna duýdurman geçmekçi boldy, ýöne eýýäm giçdi. Gabaw örän berkäpdi. Şonda agyr gamdan ýüzi üýtgän bu adam arabalardan sütün we diregler düşürilýän ýere böwsüp geçmek niýetinden el çekdi. Çünki bu synanyşykdan netije çykman, tersine, özüniň ele düşmegi mümkindi, elbetde, edil şu gün ele düşmek onuň rejesine girmeýärdi.
Şuňa görä ol özüni çete çekip, darajyk depäniň jaýryk çetine bardy, bu ýerde oňa hiç kes päsgel bermeýärdi.
Gün şöhlesinden we ukusyzlykdan gözleri iriňleşen, gara sakgally bu adam indi daşyň üstünde gamgyn otyrdy. Ol aslynda mawy bolan, sergezdanlykda hapa çal röwüş alan tallifini (uzyn etekli köýnek) açyp, naýza urgusyndan ýaralanan kükregini çäkläp, gorsanyp, kä gözlerini azap bilen asmana dikip, hä diýmän zyýapat boljagyny duýup, gökde ganatlaryny giň ýaýyp, köpden bäri çarh uryp aýlanýan üç sany gara guşy synlap, käte umytsyz nazaryny saralan ýere dikip, aýagynyň astynda ýatan pytrap başlan itiň kelleçanagyna we onuň töwereginde dynman ýüwrüp ýören hažžyklara bakyp otyrdy.
Bu adamyň çekýän jebri şeýlebir agyr bolup, käte ol öz-özi bilen gepleşip başlaýardy.
— Wah, men akmak! — diýip hüňürdeýärdi ol, daş üstünde ruhy taýdan azap çekip, çaýkanyp oturyp, dyrnaklary bilen garaýagyz kükregini gaşap, — däli men, akmak heleý men, gorkak men! Adam däl, bir maslyk men!
Ol başyny aşak egip dymdy, soň agaç gapdan ýylap giden suwdan owurtlap, ýene özüne gelip, kuwwatlanyp, kä tallifiniň içinde gizlän pyçagyny, kä garşysynda, ýerde çöp galam bilen syýa çüýşäniň ýanynda ýatan bir bölek pergamenti eline alýardy.
Bu pergamente häzir şeýle sözler ýazylypdy: «Wagt geçip barýar, men, Lewiý Mambeý Takyr Depede, emma ölümden heniz derek ýok!».
Soňra ýene: «Gün agyp başlady, emma ölümden derek ýok!»
Indi Lewiý Matweý umytsyzlyga düşüp, ýiti çöpgalam bilen aşakdaky sözleri ýazdy:

«Eý, Hudaý! Näme beýle oňa gazap edýärsiň? Tizräk oňa ölüm gönder».
Şulary ýazyp bolup, göz ýaşsyz hyrkyldap aglady we ýene dyrnaklary bilen göwsüni dyrnap başlady. Lewiýniň beýle nala-pygan çekmegine özi bilen Iýeşua ikisiniň başyna düşen eýmenç şowsuzlygy hem-de Lewiýniň özüniň goýberen agyr hatasy sebäp bolupdy. Öňküsi gün Iýeşua bilen Lewiý Ýerşalaim golaýyndaky Wifoniýa obasynda bir daýhanyň melleginde bolupdylar. Çünki Iýeşuanyň wagyzlary öý eýesine örän hoş ýakypdy. Ikisi ir ertirden daýhana kömekleşip, onuň ekin meýdanynda işlediler, çünki olar gije salkynda Ýerşalaime gitmekçidiler. Emma günortan birden Iýeşua howlugyp ýola şaýlanyp, şäherde zerur işim bar diýip gitdi. Lewiý Matweýiň birinji ýalňyşlygy şundan ybaratdy. Nämüçin, nämüçin, ol onuň ýeke özüni goýberdi!
Agşamlyk bolsa Matweýiň özi Ýerşalaime baryp bilmedi. Garaşylmadyk ýerden ol nähilidir bir eýmenç derde ýolugdy. Onuň endam-jany titräp-gagşap, ot bolup ýanyp başlady, dişleri şakyrdap, çalt-çaltdan suw dileýärdi. Ol hiç ýere gidip bilmedi. Ol daýhanyň samanhanasynda özüni otuň üstüne taşlap, ertirki juma gününiň säherine çenli huşsyz ýatdy, emma dert Lewiýe agşamara nähili birden ýolugan bolsa, şonça basym hem terk etdi. Ol heniz halsyz, aýaklary saňňyldap dursa-da, köňli boljak bir betbagtlygy duýup, bikarar bolup, daýhan bilen hoşlaşyp, Ýerşalaime ugrady. Şähere gelip, duýgusynyň aldamandygyny bildi. Bagtsyz hadysa ýüz beripdi. Prokurator hökümi yglan edýän wagty, Lewiý mähelläniň arasynda durup, ony diňledi. Ölüme höküm edilenleri depä alyp barýarkalar, Lewiý Matweý Iýeşua, iň bolmanda özüniň şu ýerdedigini, onuň bilen biledigini, soňky ýolunda-da dostuny ýalňyz galdyrmandygyny we onuň janyny tizräk almagy Hudaýdan dileg etjegini ýagdaýyny tapyp, duýdurjak bolup gabawyň we mähelläniň hataryny ýakalap, ylgady. Emma uzaklara, barmaly menziline seredip barýan Iýeşua, elbetde, Lewiýni görmedi.
Ýöne jeza resmi ýarym çakyrym ýoly geçende, mähelläniň iteklemesi bilen durnahatar düzlüp barýan legionerleriň öňüne baran Matweýiň beýnisine birden ýönekeý we örän ajaýyp pikir geldi-de, aslynda-da gaharjaň bu adam, nämüçin şu pikir beýnime öňräk gelmedikä diýip, öz-özüni näletledi. Zynjyr ýaly bolup barýan esgerleriň aralarynda sümäýer ýaly yş bardy. Eger çalasynlyk bilen, anyk nyşana alyp iş görülse, iki legioner arasyndan sümlüp geçmek we ylgap baryp araba çykmak mümkindi. Ine, şonda Iýeşua azapdan gutulardy.
Iýeşuanyň ýagyrnysyndan pyçak urup, oňa: «Iýeşua! Men seniň ýeke-täk sadyk şägirdiň Matweý, seni azapdan gutaryp, özüm hem sen bilen ölýändirin!» — diýip gygyrmak üçin birazajyk pursat ýeterlikdi.
Eger Huda ýene az salym puryja berse, Matweý öz-özüni pyçaklap, sütüne daňlyp, ejirli ölmeden halas bolup bilerdi. Emma häzir bu öňki salgyt ýygnaýjyny az gyzyklandyrýardy. Nähili ýagdaýda jan bermek onuň parhyna däldi. Ol diňe bir zady — ömründe ile zerreçe ýamanlyk etmedik Iýeşuanyň ölmegini isleýärdi.
Bu juda ýagşy rejedi, ýöne Lewiýniň ýanynda pyçagy ýokdy. Şeýle hem jübüsinde kör köpük puly hem ýokdy.
Özünden gaty ynjap, Lewiý mähelläň arasyndan çykyp, yzyna — şähere tarap ylgady. Onuň gyzan kellesinde diňe bir gaýnag pikir — şäherden, nähili edip bolsa-da, pyçak tapyp, ýene jeza resmine ýetip barmak pikiri at salýardy.

Ol şäher tarapa akyp barýan adam kerwenleriniň arasyndan seresaplyk bilen ylgap, şäher derwezesine ýetdi, çep tarapynda açyk duran çörek dükanyny gördi. Jyzrama yssyda ylgap geleni zerarly, haslap başlan Lewiý birazajyk demini dürsäp, sypaýylyk bilen dükana girdi, tahylyň aňyrsynda duran dükan bikesi bilen salamlaşdy, gözüne nämüçindir iň ýokarky tekjede duran bulka ýagşy görnüp, bikeden şol çöregi bermegi haýyş etdi, emma bike aňrysyna öwrülen badyna, ol tahylyň üstünde ýatan, özüne juda zerur zady — ýalaw ýaly ýiti, uzyn pyçagy aldy-da, dükandan çykyp gitdi. Birnäçe minutdan soň, ol ýene Ýaffa ýoluna çykdy. Emma jeza resmi görünmeýärdi. Ol ylgap gitdi. Wagt-wagt oňa özüni dürsemek üçin gumak ýoluň gyrasynda gymyldaman ýatyp, dynç almak gerek bolýardy. Ol diňe bir gürsüldäp urýan ýüreginiň sesini, kellesinde, gulaklarynda hem eşidip ýatýardy. Ol birazajyk demini dürsäp, böküp turup, ýene ylgap başlaýardy, ýöne indi kem-kemden haýal hereket edýärdi. Haçanda ol tozan turzup barýan jeza resmini görende, olar eýýäm depä alkymlap barypdy.
— Eý, hudaý... — diýip ýňrandy gijä galýandygyna düşünen Lewiý.
Hawa, ol gijä galypdy. Ölüm jezasy resminiň başlanyna dört sagat bolanda, Lewiniň çekýän jebri iň ýokary öwjüne çykyp, gazaby gaýnady. Ol daş üstünden turup, göwnüne, indi zerur bolmajak ogurlyk pyçagy ýere zyňdy, agaç gabyny suw aýagy bilen depip, mynjyradyp, özüni suwdan mahrum etdi, başyndan ýaglygyny sypyryp, gür saçyny penjelläp, özüni näletledi.
Ol bolar-bolmaz gepler bilen özüne aýawsyz käýinýärdi, ýňraýardy, tüýkürinip, özi ýaly akmagy dünýä inderen ene-atasyna-da sögünýärdi.
Ol şunça antyň-kasamyň, sögünjiň bu jyzyrama günde hiç hili netije bermeýänini görüp, ýumruklaryny düwüp, asmana, kölgeleri kem-kem uzaldyp, Ortaýer deňzi tarapa agyp barýan Güne gözlerini gamaşdyryp, Hudaýdan bir gudrat görkezmegi dileg edip, tizräk Iýeşuanyň janyny almagyny talap etdi.
Emma ol gözüni açyp, eger kenturionyň döşündäki iki galkanjygyň indi lowudamaýandygyny hasaba almasaň, hiç zadyň üýtgemändigini gördi. Indi gün şöhlesi ýüzleri Ýerşalaim tarapa bakdyrylyp haça çekilen jenaýatçylaryň arkasyna düşüp durdy. Şonda Lewiý:
— Lagnatlar bolsun saňa, eý, hudaý! — diýip gygyrdy. Soňra ol gyrlan sesi bilen hudaýyň adalatsyzlygyna şaýat bolany sebäpli, indi oňa asla iman getirmejegi hakynda nalyş etdi.
— Sen ker! — diýip hyrryllaýardy Lewiý, — ker bolmanyňda, nalamy eşiden badyňa, onuň janyny alardyň.
Şu kinelerden soň Lewiý gözlerini ýumjukladyp: häzir gökden ýyldyrym düşüp, men akmagy ýer-ýegsan eder diýip garaşdy. Ýöne beýle zat bolmady, şonda Lewiý henizem gözlerini giňden açmaga gorkup, göge bakyp, ajy we armanly sözleri gygyrmagyny dowam etdi. Ol gökden bütinleý umydyny üzeni, dünýäde başga hudaýlaryň dinleriň hem bardygy hakynda gygyrýardy. Hawa, başga hudaý Iýeşua kibi ynsanyň sütüne çüýlenip, günüň howruna bişip ölmegine hiç-haçan ýol bermezdi.
— Men ýalňyşypdyryn! — diýip hyrryldaýardy bütinleý boglan owaz bilen Lewiý, — sen ýowuzlyk hudaýy ekensiň! Ýa gözleriňi ybadathanadaky çilimhanadan

göterilen tüsse kör edip, gulaklaryň dindarlaryň çalýan surnaý sedasyndan başga sesi eşitmäge ejizmi? Sen gudraty güýçli hudaý dälsiň. Sen garaniýet hudaý sen. Lagnat okaýaryn saňa, garakçylaryň hossarlary we puştypenasy bolman huda!
Şol wagt sadyk salgyt ýygnaýjynyň ýüzüne bir zat üfledi, aýagynyň aşagynda nämedir bir zat şatyrdady. Ýaňky dem urmak ýene gaýtalandy, Lewiý gözüni açyp, öz gargynçlarynyň täsirindenmi ýa özge bir sebäbe görämi, töwereginde bar zadyň üýtgändigini saýgardy. Gün her gün batýan ýerine — deňze ýetmän gaýyp bolupdyr. Günbatar tarapdan ýuwaş-ýuwaş goýulaşyp gelýän eýmenç gara bulut ony ýuwdupdy. Buludyň gyralarynda ak köpükjiklerden ybarat haşamly zer ýüze çykyp, onuň garamtyl garny sarymtyl nur bilen şöhlelenýärdi. Bulut gümmürdäp, ondan otly ýüpler guýulýardy. Birdenem güýçli ýel zyýaratçylaryň Ýaffa ýolunyň ýakasyna, takrap ýatan Gion düzlügine diken çatmalarynyň üstünde tozanly tüweleý göterdi. Lewiý, tizara Ýerşalaimiň üstüni gaplamaga şaýlanan gara bulut bagtygara Iýeşuanyň takdyryna bir üýtgeşik girizermikä, diýip pikire batyp, dymdy. Soňra gara buldy bölek-bölek edip nurlanýan otly çyzyklary synlap, ýyldyrymdan tizräk Iýeşuanyň daňlan sütünine gelip urulmagyny dileg edip başlady. Ol gara buludyň häli bütinleý ýuwdup ýetişmedik açyk asmanyna, gök gümmürdisinden heder edip, ganatlaryny kakýan garaguşlara dikanlap, lagnat okamakda juda howlukmaçlyk edenine ökündi. Indi Hudaý onuň sözüni kabul etmez.
Lewiý nazaryny depäniň etegine aýlap, öňki atly polkuň duran ýerinde örklendi we ol ýerde üýtgeşik wakanyň bolýanyny gördi. Depäniň etegini gaban pyýada nökerler dynman ýüwrüp, ýere sanjylan naýzalaryny sogrup, plaşlaryny egne taşlap, jylawdarlar daýaw gara atlary idekläp, uly ýola çapdyryp çykaýardylar, bularyň hemmesi ýokardan Lewiýniň gözüne anyk görnüp durdy. Ol tozanly şemaldan ýaňa ýüzüni eli bilen örtüp, tiz-tizden tüýkürip, näme sebäpden atlylar gitmäge şaýlandylarka diýip baş agyrdyp ugrady. Soň nazaryny ýokary galdyryp, gyrmyzy harby plaş ýapynan bir adamyň ölüm jezasy meýdançasyna göterilýändigini gördi. Ana, şonda azap pursatynyň soňky şatlykly demleriniň golaýlaşanlygyny duýan sadyk salgyt ýygnaýjynyň ýüregi sowap gitdi. Gozgalaňçylaryň azap çekip başlanyna dört sagatdan köpräk wagt geçende, depä göterilen bu adam Ýerşalaimden janpenasynyň goragynda gelen kagorta komandiridi. Krysaboýyň bir ümi bilen esgerler hatary süýşüp, tribuna ýol açdy, kenturion bolsa, oňa çest berdi. Tribun bolsa Krysaboýy bir çete çagyryp, oňa birzatlary pyşyrdady. Kenturion ikinji mertebe oňa çest berip, sütünleriň aşagynda harsaň daşlarda oturan jellatlara tarap ýol aldy. Tribun — üç aýakly oturgyçda oturan adamyň garşysyna tarap ýöredi, ol hem sypaýylyk bilen tribuna garşy turdy. Tribun oňa hem pessaý ses bilen bir zatlar aýtdy, soň ikisi sütünlere tarap ýol aldylar. Ybadathananyň sakçylarynyň serdary hem olara eýerdi. Krysaboý sütünleriň teýinde ýatan, ýap-ýaňam jenaýatçylaryň lybaslary bolan, emma jellatlaryň almakdan ýüz öwren köne esgilerine ýigrenç bilen göz gyýtagyny aýlady-da, jellatlardan ikisini çagyryp; — Meniň bilen ýörüň! — diýip buýrdy.
Iň ýakyn duran sütünden gyryk owaz bilen aýdylan manysyz aýdym eşdilýärdi. Bu sütüne daňlan Gestas haça çekileli bäri üç sagat geçende, siňekleriň we Günüň howrundan däliräpdi, indi ol üzüm hakda nähilidir bir aýdyma ýuwaş hiňlenýärdi, emma şeýle-de bolsa, selle oralan başyny aram-aram bir çaýkap goýberýärdi, şonda

ýüzüne üýşen siňekler ýuwaşlyk bilen «güw» göterilip, şobada ýene ýüzüne gonýardy.

Ikinji sütüne çekilen Dismas beýleki iki jenaýatçydan köpräk azar çekýärdi, çünki heniz huşuny ýitirmändi, şuňa görä, kellesini bir saga, bir sola ýaýkap, gulagy bilen egnini urjak bolýardy.

Iýeşua galan iki jenaýatçydan bagtyýarrakdy. Ölüm jezasy başlanan birinji sagadyň özünde ol özüni ýitiripdi, soňra sellesi çözüljek bolýan başyny sallap, bütinleý huşundan gidipdi. Şonuň üçin çybyndyr siňekler ony bütinleý büräp alypdy ki, bu gybyrdaýan gara hümeriň aşagynda onuň ýüzi asla görünmeýärdi. Onuň garnyna, goltugyna ýapyşan semiz-semiz gök siňekler biçäräniň ýalaňaç, saryýagyz tenini sorup ýatyrdy. Gaýtarma galpakly adamyň yşaraty bilen iki jelladyň biri eline naýza aldy, ikinjisi sütüniň aşagyna suwly bedre bilen esgi alyp geldi. Birinji jellat Iýeşuanyň kese direge ýüp bilen gaýym daňlan elleriniň ilki birine, soň beýlekisine naýza bilen urdy. Onuň gapyrgalary görnüp duran bedeni bir tisgindi. Jellat naýzanyň ujuny onuň garnyndan ýöretdi. Iýeşua başyny göterdi, şonda siňekler «güw» edip ördüler, asylgy jenaýatçynyň çybyn çakyp tanalmaz ýaly çişen ýüzi açyldy, onuň gözleri ýumukdy.

Ha-Nosri ýelmeşen gabaklaryny zordan açyp, aşak seretdi. Onuň hemişe ýagty gözleri indi bulançakdy.

— Ha-Nosri! — diýdi jellat.

Ha-Nosri çişen leblerini zordan gymyrdadyp, garakçylaryňka meňzeş ýakymsyz ses bilen seslendi.

— Saňa näme gerek? Nämüçin meniň ýanyma geldiň?

— Iç — diýdi jellat, naýzanyň ujuna geýdirilen esgini suwa batyryp, Iýeşuanyň agzyna eltdi. Onuň gözleri şatlykdan ýylpyldap gitdi, ol esgini açgözlük bilen sorup başlady. Goňşy sütünden Dismasyň sesi geldi: — Adalatsyzlyk! Menem edil şonuň ýaly garakçy.

Dismas özüne zor saldy, ýöne gymyldabam bilmedi, çünki elleri üç ýerden kese direge ýüp bilen gaýym daňylgydy. Ol başyny Iýeşuanyň daňlan sütünine garadap garnyny içine çekdi, dyrnaklaryny diregiň ujuna batyrdy, gözlerinde gazap uçgunlary ýandy.

Meýdançany çaň-tozan basdy, garaňky güýçlendi. Şemal tozany uçuryp gidensoň, kenturion gygyrdy:

— Ikinji sütündäki, öçür owazyňy!

Dismas dym-dyrs boldy. Iýeşua esgini agzyndan aýyrdy-da, ýumşak we mylaýym owaz bilen geplemäge çalyşdy, barybir muny başaryp bilmän, gyryljak ses bilen jellada ýüzlendi:

— Oňa-da içir!

Tümlük kem-kem goýulaşdy. Ýerşalaime tarap süýşýän bulut indi asmanyň ýarysyny büräpdi, iň öňde gara nem we otly ýyldyrymlary göteren ap-ak bulutlar süýşüp-daşyp barýardy. Edil depäniň üstünde ýyldyrym çakyp, gök gümmürdedi. Jellat esgini naýzanyň ujundan aýyrdy.

— Belent mürewwetli igemona hamdy-sena! — diýip dabaraly ýagdaýda pyşyrdady ol we Iýeşuanyň ýüregine naýzanyň ujuny batyrdy. Ol galdyrap pyşyrdady: — Igemon...

Gan onuň garnyndan syrygyp gaýtdy, onuň eňekleri şakyrdap, soň kellesi aşak sallandy. Gümmürmama ikinji gezek gümmürdände, jellat Dismasa suw içirip başlady, soň ýene Igemona şöhrat! sözüni gaýtalap ony hem öldürdi. Dälirän Gestas jellady öz sütüniniň aşagynda göreninden gorkup gygyrdy, emma esgi leblerine degenden, bir zatlary samrady-da, esgini mäkäm dişledi. Birnäçe sekuntdan soň, onuň hem başy şalkyldap, aşak sallandy.

Gaýtarma galpakly adam jellat bilen kenturionyň yzyndan ýöräp barýardy, onuň yzyna bolsa ybadathana sakçylarynyň serdary eýerdi, Gaýtarma galpakly adam birinji sütüniň aşagynda saklanyp, gana boýalan Iýeşuany üns bilen gözden geçirdi, ap-ak eli bilen onuň ökjesini tutup görüp, ýoldaşlaryna:

— Ölüpdir — diýdi.

Galan iki sütüniň aşagynda hem şu ýagdaý gaýtalandy. Soňra tribun kenturiona ümledi-de, yzyna öwrülip, ybadathana sakçylarynyň serdary we gaýtarma galpakly adam bilen bilelikde depeden aşak gaýtdy. Howa ala garaňky boldy, gap-gara asmanda ýyldyrym at çapdy. Birden gökde o uçurylan ýaly boldy we kenturionyň: «Halkany aýryň!» — diýen buýrugyny gök gümmürdisi basyp gitdi. Esgerler begenişip, tuwulgalaryny geýip, depeden düşüp başladylar. Ýerşalaimi zulmat tümi ýapdy.

Kenturiýa esgerleri Depäniň ýarym biline ýetenlerinde, birden şaglap ýagyş guýdy. Ýagmyr şeýlebir güýçlidi welin, ol sil dek möwjäp esgerleriň yzyndan kowup ýetdi. Tekiz ýola düşmäge gyssanan esgerler şalpy-şaraň palçykda taýyp öwran-öwran ýykylýardylar. Tekiz ýolda bolsa durşuna öl-suw bolup, Ýerşalaim tarapa barýan atlylar güwläp guýýan ýagyş perdesiniň arasynda göze ilýärdi. Ýene birnäçe wagt geçenden soň, gök gümmürdisinden ýaňa ýagyş we ýyldyrym bürän depede diňe bir adam galdy. Ol ýöne ýere ogurlanmadyk pyçagy silkäp, pesli-belentli ýerlerden taýyp, gabat gelen her bir zada ýapyşyp, ýeri gelende, emedekläp sütünlere tarap howlukýardy. Ol kä goýy zulmat goýnunda gaýyp bolýardy, kä çakan ýyldyrym şöhlesiniň astynda göze aýdyň görünýärdi. Ine, ahyry ol sütünler bosagasyna ýetip gelip, topugyna çenli suwa batan ýagdaýda ýagyşda ezilip, öl-suw bolup agralan tallifini çykaryp taşlady, köýnekçe ýagdaýda Iýeşuanyň aýaklaryny gujaklady. Owal-a onuň baldyry daňlan ýüpi kesip taşlady, soň aşaky kese agaja aýagyny basyp çykdy-da, Iýeşuanyň jesedini gujaklap, onuň ýokarky kese agaja daňlan ellerini boşatdy. Ýalaňaç we ýagyş suwuna ezilen jeset Lewiýni ýere ýykyp, üstüne basyp düşdi. Lewiý şu demde ony egnine göterjek boldy, emma köňlüne bir pikir gelip, niýetinden gaýtdy. Ol gulajy gerlen jesedi ýerde, ýagmyr suwunda galdyryp, palçykda ýykylyp-sürşüp, aýaklaryny laýa çümdürip, beýleki sütünler-haçlar tarapa ylgady. Ol sütünlerdäki ýüpleri kesip taşlady, jesetler ýere gaýtdy... Aradan birnäçe sekunt geçenden soň, depäniň üstünde diňe şu iki jeset bilen üç sütün gugaryp galdy. Ýagyş jesetlere urulýardy, suw olary gapdala agdardy.

Bu wagt depäniň ýokarsynda Lewiý hem, Iýeşuanyň jesedi hem eýýäm ýokdy.

## XVII bap

## BIRAHAT GÜN

Juma güni ir bilen, ýagny kesapat seansynyň ertiri irden Warýeteniň barça işgärleri — buhgalter Wasiliý Stepanowiç Lastoçkin, iki hasapçy, üç maşinistka, iki kassir hat-petek gatnadyjylar, kapeldinerler (zalda biletleri barlap, tertibe gözegçiler) jaý süpürýän aýallar, mahlasy, ähli hasapda durýan işgärler öz işleri bilen meşgul bolman, Sadowaýa köçesine açylýan penjireleriň tekjesinde oturyp, Warýetäniň öňünde ýüze çykan wakany synlaýardylar. Bu ýerde köp müň adamly mähelle iki hatar bolup nobatda durdy, onuň soňy Kudrin meýdanyna ýetipdi. Nobatyň iň öňünde Moskwa teatr milletine tanyş bolan alypsatarlardan ýigrimä golaýy durdy.
Nobatda duranlar aşa tolgunyp, öten-geçeniň ünsüni özüne çekýärdi, agşamky gara jadygöýlik seansy hakynda ýaýran täsin hekaýalary ara alyp maslahatlaşýardylar. Ine, şu hekaýalar agşam spektaklda bolmadyk buhgalter Wasiliý Stepanowiçiň aňkasyny aşyrdy. Bilet barlaýjylar, Hudaý bilsin, gör, nämeleri, şeýle hem, şol meşhur seans gutarandan soň, käbir aýallaryň köçede uýatly tüýsde ylgap ýörenini we şuňa meňzeş kän wakalary gürrüň berýärdiler. Salyhatly, ýuwaş Wasiliý Stepanowiç ine, şu mugjyzalar dogrusyndaky gepleri eşidip, diňe gözlerini gyrp-gyrp edip, näme etjegini bilmän, başyny agyrdýardy, indi Wasiliý Stepanowiç bir çäre oýlap tapmalydy, çünki Warýetäniň barça işgärleriniň arasynda esasy adam bolup bir özi galypdy. Ertir sagat onda bilet aljaklar şeýlebir köpeldi welin, onuň owazasy milisiýa hem ýetip, göz açyp-ýumasy tizlikde teatryň öňünde pyýada hem atly toparlar peýda boldy we nobaty azda-kände tertibe saldylar. Emma bir kilometre uzalan bu hatar biraz düzgüne münen bolsa-da, Sadowaýa köçesinden geçýän raýatlary gaty geň galdyrýardy.
Bu daşardaky ahwaldy, emma Warýetäniň içindäki ýagdaý hem düzüw däldi. Ir ertirden başlap Lihodeýewiň hem, Rimskiniň otaglaryndaky buhgalteriýadyr kassadaky, Warenuhanyň kabinetindäki telefonlar üznüksiz jyrlap başlady. Ilki Wasiliý Stepanowiç, soň kassir aýal bir zatlar diýip jogap berýärdiler, kä peldinerler hem eýle diýip, beýle diýip jogap gaýtardylar, emma soň, bara-bara trubkany almagy bes etdiler, çünki Warenuha, Rimskiý nirede diýen sowala jogap tapmak asla mümkin däldi. Ilk-ä, «Lihodeýew öz öýünde» diýen jogap bilen sypjak boldular, emma şäherden jaň edýänler: «Lihodeýewiňkä jaň etdik, ýöne ol Warýetede diýdiler» diýýärdiler.
Gaty tolgunan bir zenan jaň edip, Rimskini talap edip başlady, oňa: «Siz Rimskiniň aýalyna jaň ediň» diýip, maslahat berdiler, telefondaky aýal uly sesi bilen aglap: «Men Rimskiniň aýaly, ol hiç ýerde ýok» diýip jogap berdi. Öte düşnüksiz ýagdaý ýüze çykdy. Jaý süpürýän aýal maliýe direktorynyň kabinetini ýygnaşdyrmaga girip, onuň gapysynyň bütinleý açyk ýatanyny, çyralaryň öçürilmändigini, baga açylýan penjiräniň döwlendigini, kürsüniň ýerde agyp ýatanyny, emma otagda hiç kimi görmändigini aýtdy.
Sagat ondan geçende Warýetä, madam Rimskaýa okdurylyp girdi. Ol hüňübirýan aglap, ellerini döwere getirýärdi. Wasiliý Stepanowiç zenana näme aýtjagyny bilmän,

elden-aýakdan çykdy. Sagat on biriň ýarynda milisiýa ýetip geldi. Milisiýanyň beren birinji we esasy sowaly şeýle boldy:
— Bu ýerde nämeler bolýar, graždanlar? Näme gep?
Warýete komandasy yza tesip, reňki çuw-ak bolan, teşwişli Wasiliý Stepanowiçi milisiýa ýüzbe-ýüz goýdy. Şonda gepiň açygyny aýdyp, Warýetäniň direktorynyň ornundaky maliýe direktorynyň, iş dolandyryjynyň ýitirim bolandygyny we olaryň niredediginiň mälim däldigini, alyp baryjynyň bolsa agşamky görkezilişikden soň, dälihana alnyp gidilendigini, mahlasy, agşamky oýnuň öte ryswalyk bolandygyny boýun almak dogry boldy.
Aglap duran madam Rimskaýany höre-köşe edip, köşeşdirip, öýüne ugratdylar, şundan soň maliýe direktorynyň otagynyň bolşy hakynda esasan jaý süpürýän aýalyň gürrüňini diňlediler. Hyzmatçylardan iş orunlaryna baryp, iş bilen meşgul bolmaklaryny haýyş etdiler, sähel wagtdan soň derňew hyzmatynyň işgärleri Warýetä gulaklary ýiti, gözleri örän dana, daýaw bir çal iti idekläp getirdiler. Warýetäniň işgärleri ony görenlerinden, ady meşhur Tuzbuben diýen it şu bolsa gerek diýen manyda özara pyşyrdaşyp ugradylar. Hakykatdan hem, bu şol itdi. Onuň hereketi hemmäni haýrana goýdy. Ol maliýe direktorynyň otagyna ýüwrüp girdi-de, sarymtyl betgelşik dişlerini syrtardyp, hyrlap başlady, soň garnyny ýere berip ýatyp, gözlerinde nähilidir hasrat-gaýgy we şol birwagtda gazap bilen döwlen penjirä tarap emedekläp süýşüp başlady, öz gorkusyny ýeňip, penjiräniň tekjesine böküp çykdy-da, uzyn tumşugyny göterip, jahalat bilen wagşyýana uwlady. Ol penjireden düşmegi islemeýärdi, hyrlap durka, bedeni titräp, pese bökmäge synanýardy.
Iti kabinetden alyp çykyp, westibýula goýberdiler, ol ýerden it uly gapy arkaly köçä ylgap çykdy we yzyndan barýanlary taksileriň durýan ýerine alyp geldi. Ine, şu ýere gelende, ol yzyň ysyny ýitirdi. Şondan soň Tuzabeni alyp gitdiler.
Derňewçiler Warenuhanyň kabinetine ornaşyp, agşamky oýun wagtynda ýüz beren wakalaryň şaýady bolan Warýete işgärlerini nobatma-nobat söhbede çagyryp başladylar. Şuny aýtmak gerek ki, derňewçiler her pursatda garaşylmadyk kynçylyklara duş gelýärdi. Kelebiň ujy salym geçmän üzlüp duruberýärdi.
Afişalar bolupmydy? Bolupdy. Emma gije olaryň üstüne başga afişalary ýabşdyrypdyrlar, indi, öldür, birem galmandyr. Aslynda şol jadygöý nireden çykdy? Kim bilýär. Göräýmäge onuň bilen şertnama-da baglaşylan ýaly.
— Şeýle ýaly öz-ä — diýip jogap berdi tolgunýan Wasiliý Stepanowiç.
— Eger baglaşylan bolsa, ol buhgalteriýanyň üstünden geçmelidir-ä?
— Hökman — diýip, ýene tolgunyp Wasiliý Stepanowiç jogap berdi.
— Ýeri, hany ol?
— Ýok — diýdi, ellerini gerip, kem-kem reňki öçen buhgalter. Dogrudan hem, ne buhgalteriň papkasynda, ne maliýe direktorynda, ne Lihodeýewde, ne Warenuhada şertnamadan asla nyşan hem ýokdy.
Eýsem, ol jadygöýüň familiýasy nämedi? Wasiliý Stepanowiç bilmeýär, sebäbi, ol düýn tomaşada bolmandy. Bilet barlaýjylar bilenok. Ahyry bilet satýan aýal maňlaýyny bürüşdirip, ýygryp, oýlana-oýlana:
— Wo... Woland bolaýmasa... — diýdi.
Belki, Woland hem däldir? Megerem, Woland däldir, belki-de Folanddyr.

Soraglaşdyryp, daşary ýurtlylar býurosynyň ne Woland diýen, şeýle hem, ne Foland atly jadygöý hakynda hiç zat eşitmändiklerini anykladylar.

Hat gatnadyjy Karpowyň aýtmagyna görä, şol jadygöý göýä Lihodeýewiň öýünde ýaşap ýörenmiş. Mälim zat, derrew ol öýe-de baryp geldiler. Ol ýerde hiç hili jadygöý tapylmady. Lihodeýewiň özi hem ýok. Öý hyzmatkäri Grunýa-da ýokdy; onuň nirä gaýyp bolanyny-da hiç kim bilmeýärdi. Öý edarasynyň — başlygy Nikonor Iwanowiç ýok, Proležnew ýok! Göz görüp, gulak eşitmedik ýagdaý ýüz beripdi: teatryň ähli jogapkär ýolbaşçylary gaýyp bolupdy, düýnki jenjelli, uýatsyz oýun görkezilipdir, emma kim ony gurapdyr, kimiň sözi bilen edilendigi anyk däldi.

— Şeýlelikde kassanyň açylmaly günortan wagty-da golaýlaşdy. Elbetde, kassany açmak hakynda gürrüň-de bolmagy mümkin däldi! Şol demde Waryetäniň gapysyna: «Bu günki spektakl ýatyrylýar» diýen ýazgyly ullakan karton asyp goýdular. Nobatda duranlaryň arasynda tolgunyşyk döredi, emma az salym galmagal edip duranlaryndan soň, uzyndan-uzyn nobat zynjyry böleklenip, dargady, netijede aradan takmynan bir sagat geçip-geçmän, Sadowaýa köçesinde nobatdan nam-nyşan galmady. Derňewçiler işi başga ýerde dowam etmek üçin gitdiler. Waryetäniň işgärlerine öý-öýüne gitmäge rugsat berip, diňe nobatçylary galdyryp, teatryň gapylaryny ýapdylar.

Buhgalter Wasiliý Stepanowiçe iki işi birden tiz ýerine ýetirmek gerekdi. Birinjiden, Tomaşalar we oýun-gülküler komissiýasyna baryp, agşam teatrda ýüz beren waka hakynda habar bermelidi, ikinjiden, tomaşa jaýlarynyň maliýe kärhanasyna baryp, agşam kassa düşen 21711 manat puly tabşyrmak gerekdi.

Örän tertipli we işine gaýym Wasiliý Stepanowiç puly gazete dolap, ony ýüp bilen daňdy-da, sanajyna saldy. Pul götermek düzgünini juda oňat bilýän bu adam, elbetde, awtobusa ýa-da tramwaýa münmän, taksi duralgasyna bardy. Bu ýerde duran üç maşynyň sürüjileri eli dykyz sanaçly howlugyp gelýän ýolagçyny görenlerinden oňa gaharly seretdiler-de, burunlarynyň alnyndaky ýolagçyny alman, gaçyp gitdiler.

Geň galan buhgalter muňa nähili düşünjegini bilmän, oýlanyp, duran ýerinde doňup galdy. Ýene üç minutdan soň duralga boş maşyn gelip togtady, emma sürüjiniň gözi ýolagça düşdi-de, ýüzi çytyldy.

— Maşyn boşmy? — diýip, üsgürinen boldy heniz hem özüne gelmedik Wasiliý Stepanowiç.

— Puluňy görkez — diýip, gahar bilen jogap berdi sürüji ýolagça seretmän.

Has hem beter geň galan bulgalter gymmatly sanajyny goltugyna gysyp, jübüsinden bir onluk çykardy-da, ony sürüjä görkezdi.

— Gitjek däl! — diýdi ol gysgaça.

— Meni bagyşlarsyňyz... — diýip, buhgalter söze başlanda, sürüji onuň sözüni böldi:

— Üç manatlygyň barmy?

Bütinleý aňkasy aşan buhgalter jübüsinden iki sany üç manatlyk çykaryp, sürüjä görkezdi.

— Münüň — diýip, gygyrdy ol we pul ölçeýäni urup, tas döwüpdi. — Gitdik.

— Gaýtargyňyz ýok öýdýän? — diýip, buhgalter gorka-gorka sorady.

— Jübüm doly gaýtargy! — diýip, gygyrdy şofýor, aýnada onuň gan guýlan gözleri göründi, — şu günüň özünde meni üç gezek çürkäp gitdiler. Bir meni däl, — başgalary hem. Haýsydyr bir it ogly onluk berdi. Men oňa dört ýarym manat, düşüp

gitdi ol deýýus. Bäş minutdan soň seretsem: elimde onluk däl-de, narzan çüýşesiniň ýarlygy! — Şu ýerde sürüji, ýazylmaýan uýat sözleri aýdyp sögündi. — Ýene birini Zubowskaýa eltip taşladym. Ýene-de onluk! Üç manat gaýtargy berdim. Düşüp gitdi! Soň jübüme el ursam, ol ýerden balary uçup çykyp gitmezmi?! Wah, seniň bir — diýip, sürüji ýene-de hapa sögündi, — emma onluk ýok. Agşam Warýetede (sögünýär) haýsydyr bir gömülgen gozbagçy gyzyl onluk seçip, tomaşa görkezenmiş. Buhgalter özüni ýitirip, ýygryldy we «Warýete» diýen sözi birinji gezek eşidýän ýaly, bilmezlige saldy, emma içinden: «Ana, gerek bolsa!...» diýip oýlandy.
Gerek ýerine baryp, ýol hakyny sag-aman töledi-de, bina girdi we bölüm müdiriň kabinetine tarap dälizden çalt ýöräp barşyna, bimahal gelenini duýdy. Tomaşalar komissiýasynyň edarasynda nähilidir bir başagaýlyk bardy. Başyndaky ýaglygy syrylyp egnine düşen, gözleri hanasyndan çykjak bolýan kurýer aýal buhgalteriň ýanyndan ýüwrüp geçdi.
— Ýok ol, ýok, ýok, gözüňe döneýinler! — diýip gygyrýardy ol gör kimlere — penjegi, jalbary bar, emma penjekde hiç zat ýok!
Aýal haýsydyr bir gapa girip gitdi, şu demde onuň yzyndan gap-gaçlaryň kül-uşak döwülýäni eşidildi. Kätibiň otagyndan komissiýanyň birinji bölüminiň müdiri ylgap çykdy, buhgalter ony gowy tanaýardy, emma ol şeýlebir gahar-gazaplydy, buhgalteri tanymady we şol gidişine nam-nyşansyz gaýyp boldy. Bu wakalardan gaty lerzana gelen buhgalter komissiýanyň başlygynyň kabinetiniň girelgesine, maşinistkanyň otagyna girdi-de, bütinleý aňk-taňk bolup galdy.
Gapysy ýapyk otagdan gazaply ses gelýärdi. Bu, şübhesiz, komissiýanyň başlygy Prohor Petrowiçiň sesidi. «Kimdir birlerini gowja dalaýan bolmaly?» — diýip köňülden geçirdi aňkarylyp duran buhgalter we töweregine göz aýlap, başga bir wakanyň şaýady boldy: Prohor Petrowiçiň şahsy sekratary — sahypjemal Anna Riçardowna deri örtülen kürsüde aýaklaryny otagyň tas ortasyna çenli uzadyp, başyny kürsiň arkasyna ýaplap, elindäki elýaglygyny öl-suw edip, aglap ýatyrdy.
Anna Riçardownanyň tutuş eňegi leb boýagyna boýalyp, erik reňkli ýaňaklaryna erän kirpik boýagy gap-gara bolup akyp düşýärdi.
Anna Riçardowna otaga adam girenini görüp, böküp ýerinden turdy, buhgaltere okdurylyp, penjeginiň ýakasyndan tutup, ony siltäp ses edip, diýdi:
— Hudaýa şükür! Ahyry bir mert adam tapyldy! Hemmeler gaçyp gitdi, dönükler! Ýör onuň ýanyna, näme etjegimi bilmän haýran men! — Soň içgin-içgin aglap buhgalteri kabinete alyp girdi.
Buhgalter kabinete girdi-de, birinji nobatda elinden sanajy gaçdy, beýnisindäki pikirleri bütinleý astyn-üstün boldy. Munuň sebäbi bardy, elbetde. Üstüne görmegeý syýaçüýşe goýlan bezegli ýazuw stolyň aňyrsynda diňe kostýumyň özi otyrdy we syýa batyrylmadyk gury pero bilen kagaza bir zatlar ýazýardy. Kostýum galstuklydy, onuň sagat jübüsinden özi ýazýan ruçka çykyp durdy, emma kostýum ýakasynyň üstünde ne boýun bardy, ne kelle, edil şonuň ýaly, kostýumyň ýeňlerinden el hem çykmaýardy. Kostýum işe gaty berilenligi sebäpli, töwereginde bolýan top-topalaňy asla duýanokdy. Kostýum otaga kimdir biriniň girenini eşidip, kürsä ýaplandy, şonda onuň ýakasy üsre Prohor Petrowiçiň buhgaltere gaty tanyş sesi ýaňlandy:
— Näme gep? Gapa ýazylgydyr-a bu gün kabul etmeýänligim.

Sahypjemal kätip gyz muny eşidip, barmaklaryny döwere getirip gygyrdy:
— Gördüňizmi? Görýäňizmi?! Ol ýok! Ýok! Gaýtaryp beriň! Tapyp beriň ony!
Şol wagt kimdir biri kabinetiň gapysyndan burnuny sokdy-da, «waý» diýip gygyryp, ökjäni göterdi. Buhgalter dyzlarynyň sandyraýandygyny duýup, oturgyjyň gyrasyna otyrdy, emma sanajyny ýerden götermegi unutmady. Anna Riçardowna buhgalteriň penjegini goýbermän, onuň daşynda çarh urýardy we dynman gygyrýardy:
— Şeýtany dile alyp käýinýän wagtlarynda, mydam ony «haý-haý» bilen saklaýardym! Ine, akybet — diýip, gözel kätip zenan ýazuw stolyň öňüne ylgap bardy we köp aglanyndan soň haýallan, ýakymly saza meňzeş owazy bilen diýdi: — Proşa! Niredesiňiz?
— Maňa «Proşa» diýmäge nähili hetdiňiz ýetdi? — diýdi kostýum ulumsylyk bilen we kreslo ýene-de çuňňurrak batyp otyrdy.
— Tanamaýar! Meniň tanamady! Düşünýäňizmi? — diýip, kätip zenan möňňürdi.
— Kabinetde gözýaş dökmäň! — diýdi indi gazap bilen kostýum we rezolusiýa goýup, gol çekmek üçin bir desse kagyzy ýeňi bilen öz öňüne süýşürdi.
— Ýok, men muny görüp durup bilmen, ýok, hiç durup bilmen! — diýip, Anna Riçardowna gygyrdy-da, kabinetinden ylgap çykyp gitdi, onuň yzyndan buhgalter hem ok ýaly atylyp çykdy.
— Men otyrdym, — diýip, aýdyp başlady tolgunmadan ýaňa titräp Anna Riçardowna, ýene buhgalteriň ýeňinden mäkäm tutup, — birden bir pişik girip geldi. Gap-gara, özi hem begemot ýaly bela. Elbetde, men oňa «piş!» — diýip gygyrdym. Ol çykyp gitdi, emma deregine allanähili tos-togalak adam girdi, onuňam ýüz keşbi pişige meňzeýärdi. Girdi-de: «Bu näme boldugy, graždanka, nämüçin iş bilen gelenleri «pişläp» kowýaňyz?» — diýdi. Şeýle diýdi-de, zyrp edip Prohor Petrowiçiň ýanyna girip gitdi, men hem onuň yzyndan girdim, elbetde. «Näme edip ýörsüň, aňhuşyňyzy iýdiňizmi?» — diýip gygyrdym oňa. Ol akmak bolsa, göni Prohor Petrowiçiň öňüne baryp, onuň garşysynda, kürsä oturdy! Emma Prohor Petrowiç... özüňiz bilýäňiz ol — juda hem alçak adam-da, emma öler ýaly gyzma. Gahary geldi! Hawa! Gaharjaň, çünki öküz ýaly işleýär, hawa, gahary gelip: «Nämüçin birugsat girdiň bu ýere?» — diýdi. Ol nätanyş bihaýa bolsa, kürsä ýaýbaň oturyp, munuň üstüne, ýyrşaryp näme diýdi diýiň: «Men, diýdi, siz bilen iş hakynda gepleşmäge geldim» diýdi. Prohor Petrowiç bolsa, gazaby joşup: «Bent men!» — diýdi. Ol bolsa bihaýalarça utanman zat etmän: «Siz hiç zat bilen bent dälsiňiz...» — diýdi. Toba! Şundan soň, elbetde, Prohor Petrowiç tutaşyp gidip: «Bu nähili akmakçylyk! Alyp gidiň ony, jyn alsyn meni!» — diýip gygyryp goýberdi. Ol uýatsyz ýyrşaryp, näme diýdi diýiň: «Jyn alsynmy? Boldy, düzederis!» — diýdi. Şonda bir zat tark etdi, men gorkup gygyrdym. Görsem, şol pişikýüz nätanyş ýok, stolda bolsa, ko... kostýum... oty-y-yr... Uu-uuu! — Anna Riçardowna agzyny bir gulaç açyp, uwlap başlady.
Ol aglap-aglap, demini dürsäp, soňra asla ýadyňa düşmeýän gepleri samrap ugrady:
— Haçan seretseň, ýazyp otyr, ýazyp otyr, ýazyp otyr! Aklyňdan azaşdyrjak! Telefonda-da gepleşýär! Kostýum gepleşýär! Hemmeler gaçyp gitdi — syçanyň hini müň tylla!

Buhgalter duran ýerinde diňe titreýärdi. Emma şu wagt oňa ykbal gülüp bakdy. Kätiphana iki sany millisioner agraz tüýsde, arkaýyn gelip girdi. Sahypjemal kätip olary gördi-de, bäşbeter eňräp, eli bilen kabinetiň gapysyny görkezdi.
— Geliň, agyny bes edeliň, graždanka, — hatyrjem äheňde diýdi birinji millisioner, buhgalter bolsa, özüniň bu ýerde artykdygyny bilip, otagdan okdurylyp çykdy we ýene bir minutdan soň arassa howa ýetdi. Beýnisi edil içinde ýel öwüsýän turba ýaly güwleýärdi, şu güwwüldiniň arasyndan bilet barlaýanlaryň agşamky tomaşa gatnaşan pişik hakyndaky hekaýatlary üzlem-saplam bolup gulagyna gelýärdi. «Ine, saňa gerek bolsa! Bu şol pişigimiz dälmik-ä!? »
Komissiýa edarasynda öz islän maksadyna ýetip bilmedik ak göwünli Wasiliý Stepanowiç Wagankowskiý dar köçesinde ýerleşýän onuň bölümçesine barmagy karar etdi. Ol öz köňlüne tesgin bermek maksadynda bölümçä çenli pyýada ýöräp bardy. Tomaşalar kommissiýasynyň şäher bölümçesi howlynyň töründäki, wagtyň geçmegi bilen suwagy gopan ymaratda ýerleşip, ol öz westibýulindäki porfir sütünleri bilen meşhurdy. Emma bölümçä gelen adamlary bu gün sütünler däl, belki şu sütünler aşagynda ýüz berýän hadysa geň galdyrýardy.
Birnäçe kişi bir stol başynda aglap oturan gözel gyza haýran galyp seredýärdiler gözel gyz şu stoljagazyň üstüne ýaýly goýlan tomaşalar hakyndaky ýörite edebiýatyň satyjysydy. Aýymgyz edil häzir hiç kime hiç hili kitap satanokdy, adamlaryň hal-ýagdaý sorap beren sowallaryna bolsa diňe el silkeýärdi, bolany, emma edil şu mahal ýokardan hem, aşakdan hem, ýan taraplardan hem, hullasy, filialyň hemme bölümlerinden, azyndan ýigrimä golaý telefon birbada gaty jyrlap başlady. Aglap oturan gözel gyz birden tisginip:
— Ana, ýene başlandy! — diýip çyňkyrdy, gahar-gazaby joşup, birden sandyrawuk owaz bilen aýdym aýdyp başlady:
— Şöhratly deňizim, mykaddes Baýkal...
Şu wagt basgançagyň öňünde peýda bolan kurýer ýumruk düwüp, kimedir birine hemle kyldy we özüniň ýakymsyz boguk bariton owazy bilen gözel gyza goşuldy:
Şanly gämi, omul balykly çelek!»
Kurýeriň owazyna başga otaglardan özgeleriňem sesi goşulyp, hor emele geldi we ahyry, bu aýdym aýdyşma bölümçäň hemme ýerinde ýaňlanyp başlady. Hasaplaýyş barlag bölümi ýerleşen iň ýakyn 6-njy otagdan gelýän owazlaryň arasynda kimiňdir biriniň pessaý boguk, emma juda güýçli ýogyn owazy parhlanyp durdy. Telefon apparatlarynyň bardyksaýyn güýçlenip başlan jaňlary bu hora goşulýardy.
Heý, Barguzin... hereket et wal! — diýip, kurýer basgançakda durup bögürýärdi.
Gyzyň gözýaşlary ýüzünden syrygýardy, ol dişlerini gysmaga çalyşýardy, emma agzy öz-özünden açylyp, kurýerden bir perde ýokary owazda aýdýardy:
Ýaş ýigit uzakda durmasa ýagşy!
Bölümçä iş bilen gelip, lal bolup aňkasy aşan adamlary köpräk geň galdyran närse şu bolup, ol hora gatnaşyjylaryň hersi binanyň dürli taraplarynda bolsa-da, göýä görünmän duran dirižýordan göz üzmän duran ýaly, juda rowan we sazlaşykly aýdýardylar.
Wagonkowskiý dar köçesinden geçýän adamlar howlynyň germewiniň aňyrsynda saklanyp, bölümçede bolýan wagtyhoşluga haýran galýardylar. Aýdymyň birinji

bendi gutarandan soň, hor ýene göýä dirižýor yşarat eden ýaly, birden aýdymy bes etdi. Kurýer ýuwaş käýinip, otaga girip gitdi. Şu mahal bölümçäniň howly gapysy açylyp, ak halat üstünden ýuka palto geýen bir raýat bilen milisioner gelip girdi.

— Jan, doktor, bir alaç ediň — diýip, demi-demine ýetmän çyňkyrdy gyz.

Basgançagyň başyna bölümçe kätibi atylyp çykdy, utanan bolsa gerek, sakawlap diýdi:

— Bilýäňizmi, doktor, biziň hemmämiz nähilidir köpçülikleýin gipnoz täsirine duçar bolan bolmaly... Şuňa görä, elbetde... — ol gepini soňlap bilmän, sözleri bogazyna dykylyp, birden tenor owaz bilen aýdym aýdyp başlady:

Şilka we Nerçinsk...

— Akmak! — diýip gygyrdy gyz, emma kime ykarat edenini aýdyp ýetişip bilmedi, gaýta özi şol Şilka we Nerçinsk dogrusynda aýdym aýtmaga mejbur boldy.

— Özüňizi ele alyň! Aýdym aýtmagyňyzy bes ediň! — diýdi doktor kätibe. Görnüp dur ki, kätibiň özi hem daşyndan aýdym aýtmazlyk üçin köp närseden waz geçmäge taýýardy, emma näme etsin, aýdym aýtmakdan özüni saklap bilenokdy, şoňa görä, ol hora goşulyp, bendiň soňuna çenli, wagşy haýwanyň özüni iýmändigi, atyjylaryň okunuň özüniň yzyndan ýetmänligi hakda aýdym aýdyp, köçeden geçýänleriň ünsüni özüne çekdi. Bent gutarany hem şoldy, birinji bolup satyjy gyz dogtardan walerianka aldy, şundan soň ol başgalara hem walerianka içirmek üçin kätibiň yzyndan ylgady.

— Meni bagyşlarsyňyz, zyba gyz — diýip, Wasiliý Stepanowiç satyjy gyza ýüzlendi, — bölümçäňize girmänmidi gara pişik?...

— O nähili pişik? — diýip gygyrdy gahar bilen gyz, — bir eşek otyr bölümçämizde, eşek! — şeýle diýip, ýene goşmaça kyldy:

— Bolýar, goý eşitsinler! Hemmesini aýdyp bereýin — şundan soň ol ýüz beren wakany aýdyp berdi.

Mälim bolşuça, şäher bölümçesiniň «ýeňil tomaşalar işini düýpden astyn-üstün eden» (satyjy gyzyň gürrüňi) müdir her hili gurnak açmaga höwesli eken. — Başlyklary bu ýol bilen aldady ol — diýip gygyrdy gyz.

Müdir şu bir ýylyň dowamynda Lermontowy öwrenmek, küşt-şaşka, ping-pong we at üstünde gezmek gurnaklaryny açypdyr. Tomus gelse, derýada ýene-de gaýyk küreklemek, we alpinistler gurnaklaryny-da döretjekmiş.

— Ine, bu gün bolsa, günortan arakesme wagtynda... — diýip, hekaýasyny dowam etdi gyz, — müdir alanähili bir ýigrenji bilen goltuklaşyp girip geldi... egninde gözenek matadan jalbar, gözüne çüýşesi çatlan pensne dakan... ýüzi — edil häzir görden çykana meňzeýär!

Satyjy gyzyň gepine görä, müdir ol adamy şol demde, bölümçäniň aşhanasynda naharlanyp oturan işgärlere, hor gurnagyny döretmek boýunça şu ugurdan tejribeli kär eýesi diýip tanyşdyrypdyr.

Geljekki alpinistleriň ýüzleri könelipdir, emma müdir hemmäni kuwwatly bolmaga ündäpdir, hor boýunça tejribeli kär eýesi bolan ol adam hem degişme, hem gaçyrym gepler aýdyp, aýdym öwrenmek üçin azajyk wagt gerek bolýandygyny, diýeli, onuň bir wagon peýda getirýänligi hakynda ant içip, ynandyrypdyr.

Her sapar bolşy ýaly, satyjy gyzyň aýtmagyna görä, bölümçäniň tanymal hoşamatgöýleri Fanow bilen Kosarçuk birinji bolup atylyp çykyşyp, hor gurnagyna

ýazylmaga razylyk beripdirler. Şonda galan hyzmatçylar hem aýdym aýtmakdan gaçyp gutulyp bolmajagyna düşünip, gurnaga ýazylýarlar. Aýdymy günortan arakesme wagtynda aýtmagy karar edipdirler, çünki galan wagtlar Lermontow we şaşka bilen bent ekenler. Müdir kollektiwe görelde görkezmek üçin özüniň tenor sesiniň barlygyny yglan edipdir, şundan şoň hemme zat edil ýaman düýş ýaly başlanypdyr. Gözenek jalbar geýen spesialist — hormeýster: — Do-mi-sol-do! — diýip gygyrypdyr-da, aýdym aýtmakdan gaçyp, yşgabyň arkasynda gizlenen utanjaňlary dartyp çykarypdyr. Kosarçuk bolsa, saz heňi örän oňat diýip, hiňlenip, yňranyp başlapdyr we men — garry aýdymçy — regentiň sözüni ýerde galdyrmaň, diýip ýalynyp, kamertony jyňňyrdadyp çalyp, «Şöhratly deňiz» aýdymyny bir gümmürdedip alyň indi diýip, haýyş edipdir.
Gümmürdedip alypdyrlar. Alanda-da juda gowy alypdyrlar. Gözenek jalbar geýen regent, çyndanam, öz işini ýagşy bilýär eken. Birinji bendi soňuna ýetirenden soňra, regent üzür sorap: «Maňa bir salym rugsat!» — diýipdir-de... gaýyp bolupdyr. Hemmeler ony häzir bir minutdan geler öýdüpdirler. Emma aradan on minut geçse-de, ondan derek bolmandyr. Filial hyzmatkärleriniň köňli şat bolup — regent gaçdy, diýip pikir edipdirler.
Emma birden hemmeler aýdymyň ikinji bendini aýdyp başlapdyrlar, Kosarçuk olara baş bolupdyr: belki, onuň saz üşügi, ol diýen gowy däldirem, emma owazy ýakymly belent tenor eken. Aýdym gutarypdyr. Regentden derek ýok! Hemmeler ýerli-ýerine dagap başlapdyr, emma öz orunlaryna baryp ýetişmänkäler, islemeselerem, ýene aýdyma başlapdyrlar. Hiç özlerini saklap bilmändirler. Iki-üç minut ümsüm oturýarmyşlar-da, ýene başlaýarmyşlar. Bir salym ümsüm oturyp, ýene başlaýarmyşlar! Ana, şonda, bagtsyzlygyň ýüz berenine düşünipdirler. Müdir masgara bolup, öz kabinetine girip, içinden gulplapdyr.
Şu ýere gelende, gyzyň hekaýasy üzüldi. Waleryanka hem kär etmändi.
Ýene çärýek sagatdan soň Wagankowskiý dar köçesindäki gözenegiň öňüne üç ýük maşynasy gelip togtady, bölümçäniň barça hyzmatkärleri müdiriň baştutanlygynda şu maşynlara mündüler.
Birinji maşyn bir çaýkanyp, derwezeden dar köçä çykandan şol kuzowda bir-birleriniň eginlerinden ýapyşyp, gysylyp duran işgärler agyzlaryny açdylar-da, bütin köçäni başlaryna göterip, belli aýdyma başladylar. Ikinji ýük maşyny, ondan soň üçünji maşyndakylar hem olara goşuldylar. Ine, olar şeýle halda bolýardylar. Köçe-ýolda öz işleri bilen gümra adamlar ýük maşynlaryna göz gytagyny aýlap, geň galmaýardylar, çünki olary şäheriň daşyna gezelenje gidip barýanlardyr öýdýärdiler. Dogry, olar çyndanam şäheriň daşyna gidip barýardylar, emma gezelenje däl-de, professor Strawinskiniň şypahanasyna ýol alypdylar.
Bütinleý aň-huşuny ýitiren buhgalter ýarym sagatdan soň tomaşahanalar sektorynyň maliýe bölümine ýetip bardy, bu ýerde ol elindäki döwlet amanadyndan tizräk dynmak niýetindedi. Eýýäm agzy bişip, tejribe toplan bu adam uzyn zala seresaplyk bilen göz aýlady — bu ýerde altyn harp ýazgyly çal aýnaly tekjeleriň aňyrsynda hyzmatçylar işläp otyrdylar. Buhgalter bu ýerde hiç hili howsalaly ýa-da bitertip alamatyny görmedi. Hemme edaralarda bolşy ýaly, bu ýerde hem asudalyk hüküm sürýärdi.

Wasiliý Stepanowiç: «Pul kabul edilýär», diýen ýazgyly tekjä başyny sokdy, nätanyş hyzmatçy bilen salamlaşdy we mylaýymlyk bilen girdeji orderiniň blankasyny sorady.
— Nämä gerek ol? — diýip sorady hyzmatçy.
Buhgalter geňirgendi.
— Pul tabşyrjak bolýan. Warýeteden men.
— Bir salym sabyr ediň — diýdi hyzmatçy we aýnany simtor bilen ýapdy.
«Geň ýagdaý!» — diýip oýlady buhgalter. Onuň geň galmasy tebigydy. Çünki beýle ýagdaýy ömründe birinji gezek görşüdi. Hemmeler bilýär: pul almak kyn; bu işde hemişe bir kösençlik tapylýar. Emma buhgalter özüniň otuz ýyllyk iş tejribesinde bir adamyň hem, hala ol ýurist bolsun, hala hususy şahs bolsun, pul tabşyrmakda kynçylyk çekenini görmändi. Ine, ahyry simtor açylyp, buhgalter ýene başyny aýnaly tekjä dykdy.
— Köpmi tabşyrýan puluňyz? — diýip sorady hyzmatçy.
— Ýigrimi bir müň ýedi ýüz on bir manat.
— O-ho! — diýdi hyzmatçy, nämüçindir kineli äheňde we buhgaltere ýaşyl blank uzatdy.
Buhgalter özüne tanyş kagyzy bir demde dolduryp, pul dolanan bukjanyň daňysyny çözüp başlady. Ol bukjany çözüp, birden gözi gamaşdy, gaty gamgyn bolup, bir zatlar diýip sakawlady. Onuň göz öňünde daşary ýurt pullary ýatyrdy. Bu ýerde paçka-paçka Kanada dollarlary, iňlis funtlary, golland guldenleri, Latwiýa latlary, eston kronlary bardy...
— Ine, şol Warýetedäki ýalançylardan biri — diýen ýognas owaz eşidildi lal bolup galan buhgalteriň depesinde. Şobada Wasiliý Stepanowiçi ele saldylar, ýagny tussag etdiler.

## XVIII bap

## SAPARY ŞOWSUZ ADAMLAR

Biziň işjanly buhgalterimiz içi adamsyz, hat ýazyp oturan kostýuma ýolukmazdan öň, takside barýan wagty, Moskwa gelen Kiýew otlusynyň ýumşak orunly 9-njy plaskart wagonyndan eli kiçijik panar çemodanly, hoşhulk bir adam hemme ýolagçylar hatarynda wagondan düşdi. Bu ýolagçy merhum Berliozyň Kiýewdäki öňki Institut köçesinde ýaşaýan daýysy, ykdysady-taslamaçy Maksimilian Andreýewiç Poplawskidi. Maksimilian Andreýewiçiň Moskwa gelmegine öňňin giç agşam alan aşakdaky mazmundaky telegrammasy sebäp bolupdy:
«Meni häzir Patriarh kölçesinde tramwaý basdy. Jaýlanyş juma güni sagat üçde. Geleweri. Berlioz».
Maksimilian Andreýewiç Kiýewde at-abraýly iň danyşment kişilerden biri hasaplanýardy. Emma bu hili telegrammanyň akylly adamyň hem aňkasyny aşyrjagy anykdy. Eger-de adam özüni tramwaýyň basyp gideni hakynda telegramma berýän bolsa, ol ölen däldir. Şeýle bolsa, depin edilmek dessury nämäni aňladýar? Ýa ahwaly

juda agyr bolup, diri galjagyna gözi ýetmän ýatyrmyka? Bu mümkin, emma depin wagtynyň anyklygy öte geňdi. Eýsem, ol özüniň juma güni gündiz sagat üçde depin ediljegini, özüňiz oýlaň, nireden bilsin? Örän geň galmaly telegramma!

Emma düşüniksiz ýagdaýlardan baş alyp çykýandyklary üçin akylly adamlara dana diýýärler. Mesele aýdyň. Ýalňyşlyga sezewar edilen çakylykda hatalyk bar. «Meni» sözi, şübhesiz, bu ýere başga telegrammadan girip, «Berliozy» diýen sözüň ýerine düşüp, «Berlioz» sözi bolsa, goşulmadan jyda bolup, telegrammanyň soňuna barypdyr. Şeýle düzediş girizilse, telegrammanyň mazmuny aýdyňlaşýar, emma pajygaly häsiýete eýe bolýar. Maksimilian Andreýewiç, ömür ýoldaşynyň gussaly perýady sähel diňen badyna, derhal Moskwa şaýlandy.

Şu ýerde Maksimilian Andreýewiçiň ýürek syryny paş etmegimiz gerek. Hiç şübhe ýok ki, aýalynyň ýaňy ömür daragtynyň gülläp başlan wagty aradan çykan ýegenine onuň hem haýpy gelýär. Emma işli adam hökmünde özüniň jaýlanyş märekesine gatnaşmagyna ol diýen zerurlygyň ýokdugyna hem elbetde, düşünýärdi. Şoňa seretmezden, Maksimilian Andreýewiç Moskwa gitmäge gaty gyssandy. Ýeri, oňa näme sebäp? Sebäp kwartira. Moskwadaky jaýmy? Hawa, bu örän möhüm mesele. Maksimilian Andreýewiçe nämüçindir Kiýew ýaramaýardy, şu sebäpli, soňky wagtlarda Moskwa göçüp barmak niýeti onuň kalbyny alada goýup başlapdy welin: hatda ol onuň ukusyna-da zeper ýetiripdi. Pes kenar tarapdaky köljagazlary gömüp, suwy gözýetime baryp ýeten Dnepriň baharky daşgyny hem onuň ýüregini joşduranokdy. Knýaz Wladimiriň heýkeli üzre göze röwşen çaýýan, gözellikde deňi-taýy ýok bu ýakymly tebigat hem onuň ünsüni özüne çekenokdy. Wladimir depeligindäki kerpiç düşelen ýodalarda oýnaýan güneşiň ýaldyrawuk nurlary hem onuň göwnüni awlamaýardy. Bularyň hiç haýsyny-da islemeýärdi ol, diňe bir zady — Moskwa göçüp barmagy küýseýärdi. Özüniň Institut köçesindäki kwartirasyny Moskwadaky bir oňaýlyrak jaýa çalyşjak bolup, gazetere beren yglanlary-da netije bermedi. Isleg bildirýänler tapylmaýardy, birde-ýarym tapylanda-da, goýan şertleri asla ylalaşar ýaly däldi.

Telegramma Maksimilian Andreýewiçi lerzana saldy. Beýle amatly pursaty elden bermegiň özi günädi. Işbilermen adamlar beýle amatly pursadyň soň gaýtalanmajagyny gowy bilýärler.

Mahlasy, näçe müşgil bolsa-da, ugruny tapyp, ýegeniniň Sadowaýa köçesindäki kwartirasyny miras almak gerekdi. Hawa, bu müşgil, örän çylşyrymly iş, emma şeýle-de bolsa, bu kynçylygy ýeňmelidi. Tejribeli Maksimilian Andreýewiç muňa ýetmek üçin birinji nobatdaky iň zerur işiň bir alajyny tapyp, merhum ýegeniniň üç otagly jaýyna wagtynça bolsa-da, özüni ýazgy etdirmelidi. Maksimilian Andreýewiç juma güni Moskwa ýetip gelip, şol günüň özünde Sadowaýa köçesindäki 302 — bis öýüň öý edarasynyň gapysyndan girdi.

Diwarynda suwa gark bolany diriltmek usullary birnäçe suratda teswirlenen köne plakat asylan darajyk otagda, agaç stolyň aňyrsynda sakgal-murty ösen, gözleri howsalaly, orta ýaşlaryndaky adamyň ýalňyz özi egnini gysyp otyrdy.

— Edara başlygyny görüp bolarmy? — diýip, tagzym bilen sorady ykdysady taslamaçy, başyndan şlýapasyny aýryp, çemodanjygyny boş oturgyja goýup.

Ine, şu ýönekeý sowaldan stol başynda oturan adamyň ruhy düşüp, ýüzi üýtgedi. Gözleri howsalaly oýnaklap, ol başlyk ýok diýen manyda mydyrdady.

— Belki, öz öýündedir? — diýip sorady Poplawskiý, — gaty zerur işim bardy.

Ol adam ýene üzlem-saplam jogap berdi. Bu gezekki jogabyndan başlyk öz öýündede ýok diýen manyny aňlasa bolýardy.

— Haçan gelerkä?

Stol başyndaky adam sowala jogap bermän, birhili gussa bilen penjirä seretdi.

«Ä-hä!» — diýdi özüne-özi parasatly Poplawskiý we kätibi sorady.

Ol birgeňsi bolup oturan adam edil çykalgasyz ýagdaýa düşen ýaly, gyzaryp, ýene samyrdady, kätibem ýok... haçan geljegi hem mälim däl, dogrusy... kätip näsag... diýen ýaly boldy.

«A-ha!...» — diýdi özüçe Poplawskiý: — eýsem, prawleniýe agzalaryndan hiç kes ýokmy!?

— Men bar — diýip, eşdiler-eşdilmez ses bilen jogap berdi ol adam.

— Görýäňizmi — diýip haýbat bilen gepläp başlady Poplawskiý, — men merhum ýegenim Berliozyň ýeke-täk mirasdary bolýan, — habaryňyz bar, ol Patriarh kölçesiniň golaýynda wepat boldy — şeýlelikde, kanun boýunça men biziň 50-nji kwartiramyzy miras hökmünde kabul edip almaly...

— Bihabar men, ýoldaş — diýip, onuň sözüni böldi ol adam.

— Bagyşlarsyňyz, — diýdi batly ses bilen Poplawskiý, — siz prawleniýe agzasy hökmünde borçly...

Şol wagt otaga bir graždanin girdi. Stol başyndaky adam ony görüp, ak esgi ýaly boldy.

— Prawleniýe agzasy Pýatnažko senmi? — diýip sorady ondan giren adam.

— Men — diýip, çala jogap gaýtardy ol.

Giren adam Pýatnažkonyň gulagyna bir zatlar diýip pyşyrdady, ol howsala düşüp, ýerinden galdy-da, ýene birnäçe sekuntdan soň, edaranyň boş otagynda Poplawskiniň täk özi galdy.

«Bäh çatak boldy-la! Wah, bulaň hemmesini...» — diýip oýlandy ahmyr bilen Poplawskiý, asfalt düşelen howludan geçip, 50 — kwartira tarap howlugyp barşyna.

Maksimilian Andreýewiçiň jaň düwmesini basany hem şol, gapy açyldy-da, ol garaňky dälize girdi. Ony birbada geň galdyran närse şu boldy ki, gapyny kimiň açany mälim däldi, çünki dälizde oturgyçda oturan äpet bir pişikden başga hiç hili jandar ýokdy.

Maksimilian Andreýewiç özüni duýdurmak üçin üsgürinip, poly depdi. Şonda kabinetiň gapysy açylyp, dälize Korowýew çykdy. Maksimilian Andreýewiç oňa sypaýçylyk bilen, emma öz gadyryny gaçyrmadyk ýagdaýda tagzym edip, diýdi:

— Familiýam Poplawskiý. Men merhum Berliozyň...

Ol gepini soňlap hem ýetişmänkä, Korowýew jübüsinden kirli bir elýaglyk alyp, onuň bilen agyz-burnuny ýapyp, aglap goýberdi, — daýysy bolýan...

— Eýsem näme, bilýän, — diýip, onuň sözüni kesdi Korowýew elýaglygy ýüzünden aýryp. — Bir görenimden sizdigiňizi pähimledim! — diýdi ol bütin endam-jany bilen silkinip, boýur-boýur aglap:

— Nähili betbagtlyk, ä? Nämeler bolup ýör özi? — diýip, sözüne goşdy. — Tramwaý basyp gitdimi? — pyşyrdap sorady Poplawskiý.

— Waý, hawa — diýip gygyrdy Korowýew, onuň pensnesiniň aşagyndan gözýaşlary zuw-zuw akyp başlady, — onda-da nähili! Öz gözüm bilen gördüm. Ynanýaňyzmy — başy... şarta üzlüp düşdi!.. Sag aýagy kars edip, iki bölek boldy! Çep aýagy kars edip, iki bölek boldy! Ine, şeýlebir bela eken bu tramwaý diýeni! — Soňra Korowýew ýene özüni saklap bilmän, aýnanyň ýanyndaky diwara ýüzüni goýup, bütin göwresi bilen silkinip, ses edip aglap ugrady.

Bu nätanyş adamyň hetdi-hereketi daýyny gaty geň galdyrdy. «Biziň zamanda mähriban adamlar galmandyr diýýärler, ine, bar eken-ä!» — diýip oýlady ol özüniň hem ejizläp başlanyny duýup, emma şu demde onuň beýnisinden, ýene-de bu mähriban adam merhumyň jaýyna özüni ýazgy edip ýetişen bolaýsa diýen pikir lyp edip geçdi, elbetde, durmuşda beýle ýagdaýlar hem bolup dur.

— Bagyşlarsyň, siz meniň biçäre Mişamyň dostymydyňyz? — diýip sorady ol, gup-gury çep gözüni ýeňi bilen syryp, sag gözi bilen gama batan Korowýewi synlap. Emma ol öýi ýykar derejede, şeýlebir ses edip aglaýardy welin, zol gaýtalanýan «şarta üzüldi, iki bölek boldy!» — diýen sözlerden başga hiç zady aňyp bolmaýardy. Korowýew aglap-aglap keýpden çykandan soň, ýüzüni diwardan aýryp diýdi:

— Ýok, mundan artyk çydap bilmerin! Baryp efir walerýankasyndan üç ýüz damja içmesem bolmaz! — Şundan soň ol gözýaşyndan öl-suw bolan ýüzüni Poplawskä öwrüp, sözüne goşdy: — Ine, size tramwaýyň kesapaty!

— Bagyşlarsyňyz, maňa telegrammany siz iberipmidiňiz? — diýip sorady Maksimilian Andreýewiç, bu geň aglagyç adam kimkä diýip, henizem ejirli halda oýlanyp...

— Ol! — diýdi Korowýew barmagy bilen pişigi görkezip.

Poplawskiý, öte eşitdimmikäm diýip, aňalyp galdy.

— Ýok, çydap bilemok, aglamaga indi mydarym galmady — diýip, dowam etdi Korowýew burnuny çekip, ýatlasam: tigir şormaňlaýyň aýagyny... bir tigir azyndan on put-a bardyr... Kars edip! Gidip uklap, köşeşmesem bolmaz — şeýle diýdi-de, dälizden gaýyp boldy.

Pişik bolsa ýerinden gozgandy, oturgyçdan böküp düşüp, art aýaklarynyň üstüne dik durdy, öň aýaklaryny biline goýdy-da, agzyny bitaý köwüş dek açyp, dile girdi:

— Hawa, men iberipdim telegrammany. Indi näme?

Maksimilian Andreýewiçiň şu demde gözi garaňkyrap, başy aýlandy, el-aýaklary ysmaz bolup galdy, çemodanyny goýup, pişigiň garşysyndaky oturgyçda çökdi.

— Men rus dilinde gepläp durun-a — diýdi pişik gazap bilen, — ýeri, indi näme?

Emma Poplawskiý oňa jogap berip bilmedi.

— Pasportyň! — diýip, mawlady pişik we ýumşak penjesini uzatdy. Bütinleý özüni ýitiren Poplawskiý pişigiň gözlerinde ýanyp duran iki uçgundan başga hiç närsäni görmän, jübüsinden pasportyny edil hanjary gynyndan sogran ýaly çykardy. Pişik ýüz görülýän aýnanyň aşagyndaky stoljagazda ýatan galyň gara gaşly äýnegi alyp dakynyp, has-da haýbatly göründi we Poplawskiniň sandyraýan elinden pasporty kakyp aldy.

«Be-e, huşumdan gidäýjekmikäm ýa ýokmy?» — diýip oýlady Poplawskiý. Uzakdan henizem Korowýewiň horkuldap aglaýanlygy eşidilýärdi, girelge efir waleryankasy we ýene allanähili ýakymsyz närsäniň ysyna doldy.
— Dokument haýsy milisiýa bölümi tarapyndan berlen? — diýip sorady pişik, pasporty sahypalap. Jogap bolmady.
Pişik ters tutup oturan pasporty sahaplap, penjesini ýöredip öz-özüne diýdi: — Dört ýüz on ikinji bölüm... hä, dogry, on ikinji! Maňa tanyş bu bölüm! Ol ýerde ite-de-bite-de pasport beriberýärler! Emma men, meselem, size bermezdim! Asla bermezdim! Ýüzüňe bir serederdim-de derhal ret ederdim! — Pişigiň gahary gelip, pasporty ýere oklap goýberdi.
— Siziň jaýlanyş märekesine gatnaşmagyňyz gadagan edilýär — diýip, dowam etdi pişik, ýörite buýruk berip.
— Derhal öz ýaşaýan ýeriňize dolanyň. — Soň gapy tarapa öwrülip seslendi: — Azazello!
Şu mahal dälize egnindäki gara trikosy bedenine şaplaşyp duran, keltejik, bilindäki kemerinde pyçak asylgy, çep gözüne ak düşen, çypar, seýrek dişli, agsak adam atylyp çykdy.
Poplawskiý özüne howa ýetmeýänini duýup, entirekläp ýerinden galyp, ýüregini tutup, yza tesdi.
— Azazello, ugrat! — diýip buýrdy pişik, girelge otagdan çykyp barşyna.
— Poplawskiý, — diýdi kelte adam burnuna salyp, — bar zat düşnüklidir-le?
Poplawskiý baş atdy. — Häziriň özünde Kiýewe ugra — diýip dowam etdi Azazello, — ol ýerde gybyrt etmän otur-da, Moskwadan kwartira almagy hyýalyňa hem getirme, düşündiňmi?
Özüniň seýrek dişi, pyçagy, çaşy gözi bilen Poplawskiýniň janyny alan bu kelte adamyň boýy ykdysatçynyň egnine deň gelse-de, hetdi-hereketinden gaýratly, ökde, öz işine ezberdigi görnüp durdy.
Ilki bilen ol ýerde ýatan pasporty alyp, Maksimilian Andreýewiçe uzatdy, ol jansyz eli bilen pasporty aldy. Soň Azazello bir eline çemodany alyp, ikinji eli bilen gapyny açdy-da, Berliozyň daýysyny goltuklap, basgançak meýdançasyna alyp çykdy. Poplawskiý diwara söýenip galdy. Azazello çemodany açarsyz açyp, ondan ýag ýokly gazete dolanan bir aýagy ýok ullakan gowrulan towgy alyp, ýerde goýdy. Soňra çemodandan ýene iki jübüt içki köýnek-balak, päki çarhlaýan tasma, nähilidir bir kitap we gutujygy çykaryp, towukdan başga hemmesini aýagy bilen depip, basgançagyň aralygyndan aşak zyňyp goýberdi. Boşan çemodan hem pese oklandy. Birazajyk wagtdan soň onuň ýere tarkyldap urlany eşidildi, megerem, gapagy gopan bolsa gerek.
Soň saryýagyz galtaman towugyň aýagyndan tutup, onuň bilen rastlap Poplawskiniň gerşine şeýlebir urdy welin, towugyň özi uçup gidip, Azazellonyň elinde diňe aýagy galdy. Meşhur ýazyjy Lew Tolstoýyň dana düşündirişi bilen aýdanyňda, Oblonskileriň öýünde hemme zat astyn-üstün boldy. Şu ýagdaýda ol hem edil şeýle diýerdi. Hawa! Poplawskiniň göz öňünde bar zat garym-gatym boldy. Onuň göz öňünden uzyn uçgun lyp edip geçdi, soň ol uçgun uzyndan-uzyn matam lentasyna öwrülip, nurly maý gününi bir salymda zulmat perdesi bilen büredi, — şonda

Poplawskiý pasportyny elinde tutup, basgançakdan pese uçup düşe başlady. Basgançagyň birinji öwrülmesine ýetende, ol ýerdäki penjire aýnasyny depip döwdi-de, özi basgançakda oturdy. Aýaksyz towuk onuň ýanyndan uçup geçip, basgançagyň aralygyndaky boşluga düşdi. Ýokardaky meýdançada galan Azazello bir demde towugyň aýagyny gemirdi-de, süňküni trikosynyň ýan jübüsine saldy we kwartira girip, gapyny şarkyldadyp ýapdy. Edil şu mahal aşakdan ýokarlygyna göterilýän adamyň aýak sesi eşidildi.

Poplawskiý ýene bir basgançak pese ylgap düşüp, bu ýerdäki meýdançada duran agaç diwana çöküp, demini dürsedi.

Üstüne köne biçim, sarymtyl berk ýüpek matadan tikilen çesunça, başyna ýaşyl lentaly sypal şlýapa geýen, örän gamgyn ýüzli, keltejik bir garry basgançakdan çykyp, Poplawskiniň garşysynda togtady.

— Soramaga rugsat ediň, graždanin — diýip, mylaýym äheňde sorady ol çesunçaly adam, — nomeri 50-nji kwartira nirede?

— Ýokarda! — diýdi Poplawskiý, jogaby gysgadan gaýtaryp.

— Örän minnetdar men, graždanin, — diýdi kelte boýly adam gamgyn äheňde we ýokary galyp ugrady. Poplawskiý bolsa ýerinden turup, pese ylgap düşdi.

Maksimilian Andreýewiç göre-gündiz özüni wagşyýana dalan deýýuslaryň üstünden arz-şikaýat etmäge milisiýa howlukmaýarmyka diýen sowal dogulýar. Ýok, eger-eger diýip, gaty ynam bilen aýtmak mümkin. Milisiýa edarasyna baryp, ine, häzir äýnekli pişik pasportymy okady, soň triko geýen , kemeri pyçakly adam... diýip arz etsinmi... ýok, graždanlar, Maksimilian Andreýewiç hakykatdan hem, dana adamdy!

Ol pese, düşüp, köçä çykýan gapynyň ýanjagazynda nähilidir bir sümelgäni gördi. Sümelgäniň gapysynyň aýnasy döwükdi. Poplawskiý pasportyny jübüsine salyp, ýokardan taşlanan zatlaryny gözläp, daş-töweregine göz aýlap başlady. Emma ol zatlardan nam-nyşan ýokdy. Bu ýagdaý Poplawskini beýle bir ynjytmady, geň ýeri, gaharynyň gelmeýänine özi hem haýran galdy. Häzir ony waswasa salýan başga bir täsin pikir eýeläpdi, — ol ýaňky gargyş siňen kwartirany häzir ýokaryk giden kelte adamyň mysalynda ýene bir synap görmek islegindedi. Hakykatdan-da: eger ol öýüň niredeligini soran bolsa, diýmek, bu ýere birinji gezek gelýär. Diýmek, ol häzir gös-göni 50-nji kwartirany mekan eden deýýuslaryň penjesine baryp düşer. Poplawskiý bu kelte kişi tiz gaýdyp geler diýip güman edipdi. Maksimilian Andreýewiç indi ýegeniniň jaýlanyş dessuryna howlukmaýardy, Kiýew otlusynyň ugramagyna bolsa heniz kän wagt bardy. Ykdysatçy eýläk-beýläk seredip, ýaňky sümelgä girdi. Edil şu mahal ýokarlarda gapynyň açylyp-ýapylany eşidildi. «Ana, şol girdi!» — diýip oýlady Poplawskiý ýüregini howladyp. Sümelgäniň içi salkyndy, ondan syçanyň we ädigiň ysy gelýärdi. Maksimilian Andreýewiç bir agaç töňäň üstünde oturyp, garaşmagy karar etdi. Onuň oturan ýeri amatly bolup, altynjy girelgäniň agzy äşgär görnüp durdy.

Emma kiýewli daýy bu ýerde çak eden wagtyndan köpräk garaşmaly boldy. Basgançak, nämüçindir henizem boşdy. Şol sebäpli ses gowy eşidilýärdi. Ine, ahyry, bäşinji gatda gapy kakyldy. Poplawskiý doňňara daş bolup otyrdy. Hawa, şonuň aýak sesi, «Aşak düşüp gelýär». Bir gat aşaky gapy açyldy. Aýak sesi diňdi. Aýal sesi. Gamgyn adamyň sesi... hawa, şonuň sesi... Ol, «Isanyň hakyna, azar bermäň...»,

diýen ýaly boldy. Poplawskiniň diň salýan gulagy döwük aýnadan çykyp durdy. Şol gulak aýal adamyň gülküsini aňşyrdy. Çalt hem ynamly ýöräp, düşüp gelýän aýak sesi; ine, ol çaltlyk bilen geçip giden aýaly arkasyndan görüp galdy. Eline gök kleýonka sumka göteren bu aýal gapyny açyp, howla çykyp gitdi. Kiçijik adamyň aýak sesi ýene gelip ugrady. «Geň zat, ol ýene şol öýe dolanyp barýar. Ine, ýene ýokary gatdaky gapy açyldy. Aý, ne çäre, ýene garaşarys».

Bu sapar köp garaşmaly bolmady. Gapy açyldy. Aýak sesi. Ses diňdi. Janagyrly gykylyk. Pişik mawlady. Juda tiz, uçup düşüp gelýän aýak sesi, pese, pese, pese! Poplawskiý niýetine ýetdi. Ýaňky gamgyn adam bir zatlary samrap, çokuna-çokuna okdurylyp geçdi, onuň ýylçyr kellesi dyrnalan, jalbary öl-suw, ýüzi-gözi dälä çalymdaşdy. Onuň gorkusy şu derejä ýetip, gapynyň nirä açylýandygyny bilmän, jany çykaýjak bolup, tutawaçdan ýoklary dartyp başlady, ahyry ugruny tapyp, ony açyp, gün şöhlesi düşüp duran howla atylyp çykyp gitdi.

Şeýdip, kwartira synagdan geçdi, Maksimilian Andreýewiç indi merhum ýegenini hem, kwartirany hem oýlaman, öz başyndan geçiren howpy ýadyna düşende, «galt-galt» titräp, şol: «Hemmesi düşnükli! Bar zat düşnükli!» — diýip, iki agyz sözi pyşyrdap, howla ylgap çykdy. Ýene birnäçe minutdan soň ykdysatçy-taslamaçy trolleýbusda Kiýew wokzalyna tarap ugrady.

Poplawskiý pesde, sümelgede oturan wagtynda kiçijik adamyň başyna örän kyn söwda düşüpdi. Ol Waryetede büfetçi bolup işleýän, ady-familiýasy Andreý Fokiç Sokowdy. Waryetede derňew işleri alnyp barylýarka, Andreý  Fokuç ähli wakadan özüni çete çekip ýördi, emma adamlar onuň ozal hem tutuk ýüzüniň indi hasam gamgynrak bolanyny duýupdylar, mundan daşgary, ol kurýer Karpowdan çet ýurtly jadygöýüň nirede ýaşaýanyny-da sorapdy.

Şeýlelikde, bufetçi basgançak meýdançasynda ykdysatçydan salgy sorandan soň, bäşinji gata baryp, 50-nji kwartiranyň jaňyny basdy. Ol jaň eden badyna, gapyny açdylar, emma bufetçi derrew girip bilmedi, gaýta tisginip yza tesdi. Munuň sebäbi bardy. Gapyny uýat ýerine tor bezegli fartukjagaz dakan, başyna ak bezeg dakynan çyp-ýalaňaç gyz açypdy. Aýagyna bolsa altyn köwüş geýipdi. Gyzyň daşky kyýapasynda ýeke-täk nogsan — boýnunda goňur ýara yzy bar diýmeseň, onuň kaddy-kamaty asla bibahady.

— Giriň-dä, jaň edeniňizden soň! — diýdi gyz, bufetçä bihaýa gök gözlerini dikip.

Andreý Fokiç aňk bolup, gözlerini gyrpyldatdy we şlýapasyny çykaryp, girelgä gadam goýdy. Edil şu mahal girelgedäki telefon jyrlady. Utançsyz hyzmatçy gyz bir aýagyny oturgyja goýup, trubkany alyp diýdi:

— Allo!

Bufetçi utanyp, nirä seretjegini bilmän, aýaklaryny çalşyryp durşuna: «Ine, saňa gerek bolsa, çet ýurtlylaryň hyzmatçysy! Tüf, nähili masgaralyk!» — diýip oýlanýardy. Soň ol şu bihaýalykdan gözüni alyp gaçmak üçin her tarapa ýaltaklap başlady.

— Bu giň, alagaraňky girelgäniň içinde her dürli zatlar we lybaslar çaşyp ýatyrdy. Şunlukda, oturgyjyň arkasynda elwan reňk žähekli matam plaşy, ýüz görülýän aýnanyň aşagyndaky stoljagazda bolsa ýanyp duran altyn saply uzyn şpaga ýatyrdy.

Ýene kümüş saply üç sany şpaga edil saýawan ýa-da hasa kibi burça söýäp goýlupdy. Diwara kakylan keýik şahyna bolsa bürgüt petli beretler ildirilgidi.
— Diňleýärin — diýdi hyzmatkär telefona, — näme? Baron Maýgel? Gulagym sende. Hawa, Jenap artist bu gün öýde. Hawa, baş üstüne duşuşar ol siziň bilen. Hawa, myhmanlar... Ýa frak, ýa gara kemzol. Näme? Gije sagat on ikä. — Hyzmatkär telefonda gepleşip bolup, trubkany goýdy, soň bufetçä ýüzlendi: — Size näme gerek?
— Men graždanin artisti görjekdim. —
O nähili? Hut onuň özünimi?
— Hawa, — diýdi gamgyn äheňde bufetçi.
— Sorap göreýin — diýdi hyzmatkär ikirjiňlenip we merhum Berliozyň kabinetini çala açyp diýdi: — Rytsar, bu ýere keltejik bir adam gelip, messirri görjek diýýär.
Kabinetden Korowýewiň çat açan sesi eşidildi:
— Goý, girsin.
— Myhmanjaýa giriň — diýip, gapyny açdy bihaýa gyz, edil adam şekilli geýnen ýaly, soň özi girelgäni terk etdi. Bufetçi teklip edilen otaga girdi-de, özüniň näme iş bilen gelenini hem unutdy. Bu öýüň bezegini görüp onuň aňkasy aşdy. Äpet penjirelere goýlan al-elwan aýnalardan (nam-nyşansyz gaýyp bolan zergär dul aýalyň arzuw-höwesi) edil buthanalarda bolşy dek üýtgeşik nur saçylýardy. Baharyň günleridigine seretmezden, gadymy haşamly kaminde odun lowlap ýanyp durdy. Ýöne otagyň içi yssy däl, tersinedi, jaýa giren bufetçiniň burnuna ýerzeminiň zeý ysy uruldy. Kaminiň öňüne ýazylan gaplaň derisiniň üstünde äpet garamtyl pişik gözlerini sahawatly süzüp, oda seredip otyrdy. Bu ýerde şeýlebir stol hem bar bolup, hudaýhon bufetçiniň gözi oňa düşenden, endam-jany tisgindi: stolyň üstüne budhana parça matasy ýazylgydy. Ine, şu parça saçagyň üstünde zeň we çaň basan garynlak çüýşeler durdy. Çüýşeleriň arasynda bir mejime ýalpyldap göründi, onuň sap altyndan ýasalany bir seredeniňden mälimdi. Kaminiň öňünde kemerine pyçak dakan keltejik, çypar adam polat şemşirini syh edip, otda çişlik, bişirýärdi, etiň suwy oda şyp-şyp damýardy, tüsse bolsa tor arkaly çykyp durdy. Bu ýerde diňe kebap ysy, şunuň dek, allanähili juda ýiti atyr bilen ladan ysy hem bardy ki, Berliozyň aradan çykany hakda gazetden okan we onuň nirede ýaşanyny bilýän bufetçiniň beýnisinde, bu ýerde Berlioza jynaza okan bolsalar gerek diýen pikir peýda boldy, emma şu demde muny öte ýalňyş pikir diýip, göwnünden çykaryp taşlady.
Huşuny ýitiren bufetçi birden kimiňdir ýogyn, haýbatly bas sesini eşitdi:
— Ýeri, näme kömek edip bilerin men size?
Şonda bufetçi özüne gerek kişini gördi. Jadygöý hemme tarapyna ýassyk ýaýyp, allanähili juda giň we pessejik diwanda gyşaryp ýatyrdy. Bufetçiniň gözüne artist egnine diňe gara içki köýnek-balak, aýagyna uzyn tumşukly gara köwüş geýen ýaly göründi.
— Men, — diýip hasrat bilen gepe başlady bufetçi, — Warýete teatrynda bufet müdiri...
Artist bufetçiniň gepini böljek bolan ýaly, elini öňe uzadyp, (barmaklaryndaky ýüzükleriň gaşlary lowurdap, nur saçdy) gaharly sözläp ugrady:

— Ýok, ýok, ýok! — Indi bir agyz hem geplemäň! Hiç haçan, hiç ýerde! Bufetiňizde hiç-haçan naharlanmaryn! Agşam men, hormatly kişi, bufetiňiziň golaýyndan geçipdim, häli-şindi bekre balygy bilen peýniriňiziň ysy damagymdan gidenok. Ezizim! Hiç-haçan peýnir gök reňkde bolmaýar, kimdir biri aldapdyr sizi. Peýnir diňe ak reňkde bolmaly. Ondan soň, çaýy! Ol-a bir ýuwundy-la! Bir üflas gyzyň bedrede sowuk suw getirip äpet semawara guýup duranyny, şol wagtyň özünde semawaryň jüründigini towlap, adamlara çaý guýup berýändiklerini gözüm bilen gördüm. Ýok, ezizim, beýtmek bolmaz!

— Meni bagyşlarsyňyz, — diýdi bu garaşylmadyk hüjümden aljyran Andreý Fokiç, — men başga mesele bilen gelipdim, bekre balygyň oňa dahyly ýok.

O nähili dahyly ýokmuş, balyk yslanan bolsa!

— Bekre balygyň soň gyzdyrlanyny iberipdiler — diýdi bufetçi.

— Ezizim, bu birderek gürrüň!

— Nämesi biderek!

Soň gyzdyrylan diýýäniňiz! Her bir harydyň täze, soň ýyladylan bolmazlygy gerek, eger bekre soň ýyladylan bolsa, ol azyk däl, ony iýip bolmaz, çünki ol zaýa bolandyr. Dowamly ykarat edýän artisden nähili gutuljagyny bilmedik bufetçi:

— Meni bagyşlarsyň... — diýip, ýene gepe başlanda, artist:

— Bagyşlap bilmerin — diýip, üzül-kesil onuň sözüni böldi.

— Men başga meselede gelipdim! — diýdi, zordan halys aljyran bufetçi.

— Başga meselede? — diýdi geň galyp, çet ýurtly jadygöý. — Eýse, nähili işiňiz bolup biler maňa? Eger hakydam aldamaýan bolsa, men size kärdeş bolanlardan diňe bir markitant — goşunlaryň ýanynda bolup, söwda edýän aýaly bilýärdim, emma oňa-da kän wagt geçdi, siz ol mahal dünýä gelmändiňiz. Bolsa-da, men şat. Azazello! Bufet müdiri jenaplaryna oturgyç goý.

Kebap bişirýän adam bärsine öwrüldi welin, onuň seýrek, bigelşik uzyn dişleri bufetçini erbet gorkuzdy. Azazello çalasynlyk bilen oňa gara dub oturgyçlardan birini goýdy. Otagda şu pessejik oturgyçlardan başga oturgyç ýokdy.

— Örän minnetdardyryn — diýdi bufetçi we oturgyja çökdi. Oturany hem şol, oturgyjyň yzky aýagy «kars» edip döwüldi, bufetçi gürpe ýykylyp, arkasy ýere gaty uruldy. Ol ýykylyp barşyna, aýagynyň öňünde duran başga bir oturgyja degip, onuň üstünde püre-pür gyzyl meý guýlan bulgury jalbaryna agdardy.

Artist: — Boý-bow! Bir ýeriňizi agyrtdyňyzmy? — diýip gygyrdy.

Azazello bufetçä kömek edip, goltugyndan galdyrdy-da, oňa başga oturgyç goýdy. Bufetçi öý eýesiniň «Jalbaryňyzy çykaryň, otda guradyp bererler» diýen teklibini mylaýym äheňde ret etdi, öl geýimde özüni örän oňaýsyz duýup, ikinji oturgyja gorka-gorka oturdy.

— Men pes oturgyjy gowy görýärin, — diýip gepläp başlady artist, — pes oturgyçdan ýykylmak onça hatarly däl. Hawa, biz bekre balygy hakda gepläp otyrmydyk?! Ezizim! Hemişe diňe täze azyk, täze azyk, täze azyk — her bir bufetçiniň şygary şu bolmalydyr. Ýogsa-da, ine, dadyp görüň... Şu wagt kamindäki oduň gyp-gyzyl şuglasynda bufetçiň öňünde şemşir ýalpyldady we Azazello altyn tarelka jazlap duran bir bölek et salyp, üstünden limon şerbetini damdyrdy-da, ony bufetçä iki dişli altyn çarşajyk bilen bile uzatdy.

— Sag boluň... men... Ýok, ýok, dadyp görüň! Bufetçi hormat ýüzesinden bir bölek eti agzyna saldy-da, şobada, hakykatdan hem, täze etden bişirilen, özem örän hoştagam zady çeýneýändigini duýdy. Emma ysy ýakymly, mazaly eti çeýnäp durka, ol şeýlebir galkyndy, tas ikinji gezek ýykylypdy. Goňşy otagdan uly bir guş uçup çykyp, ganatyny bufetçiniň takyr başyna ýuwaş degrip geçdi. Ol kaminiň tekjesinde duran sagadyň ýanyna baryp gonanda, baýguşdygy mälim boldy. «Ýa, hudaý toba! — diýip oýlady ähli bufetçiler ýaly gaharjaň Andreý Fokiç. — Bu nähili jaý özi!»
— Bir bulgur çakyr, ä? Agyndanmy, gyzylyndanmy? Haýsy ýurduň şerabyny gowy görýäňiz günüň bu wagtynda?
— Sag boluň... men içmeýärin...
— Biderek edýäň! Bolmasa bir gol süňk taşlap oýnarysmy? Ýa siz başga bir oýny halaýaňyzmy? Meselem: domino, kart?
— Men hiç zat oýnamaýaryn — diýdi, gaty usurgan bufetçi.
— Örän ýaman — diýip netije çykardy öý eýesi, — siz näme diýseňiz diýiň, emma meý içmekden, humar oýunlaryndan, dilber aýallardan-u ýürekdeş söhbetlerden ýüz dönderýän erkekleriň köňlünde nähilidir ýowuzlyk kän bolýar. Beýle adamlar ýa agyr näsag bolýarlar, ýa-da töweregindäki adamlary gizlin ýigrenýärler. Dogry, käte başgaça-da bolýar. Meniň bilen bile bir saçak başynda zyýapatda bolan adamlaryň içinde-de üýtgeşik deýýuslar duşýardy. Ýeri, bolýa, gulagym sizde.
— Siz düýn gözbagçylyk edipdiňiz...
— Menmi? — diýdi gara mag geňirgenip, — ýok, bagyşlarsyňyz. Maňa ýaraşmaýar beýle zatlar!
— Bagyşlarsyňyz — diýdi özüni ýitirip oturan bufetçi, — eýsem, jadygöýlik seansy...
— Ä, hawa, dogry, dogry! O, ezizim! Size syryny açaýyn: men asla artist däldirin, ýöne bir keýpine, moskwalylary göresim geläýdi, bolany, muny amala aşyrmaga teatr oňaýlydy, elbetde. Ine, meniň kömekçilerim, — ol kellesi bilen pişik tarapa yşarat kyldy, — şol seansy gurnadylar, men diňe moskwalylary synlap, ümsüm oturyberdim. Ýok, ýok, reňkiňiz öçmesin-de, hany, şol seans mynasybetli sizi bu ýere gelmäge näme mejbur edenini aýdyň maňa.
— Özüňize aýan, her dürli fokuslar arasynda ýokardan kagyzlar hem gaçypdy, — bufetçi sesini peseltdi we hyjalat çekip töweregine garady, — gepiň gysgasy, şol kagyzlary hemmeler howadan gapyp aldy. Soňra bufetime bir ýaş ýigit girip, bir gyzyl onluk uzatdy, men oňa sekiz ýarym manat gaýtardym... Soňra ikinji adam...
— Ol hem ýaş ýigitmidi?
— Ýok, garry adam. Soň üçünji, dördünji adam girip geliberdi. Men barysyna gaýtargy berdim. Bu gün kassany barlap göreýin diýsem, pul däl, gyýkyndy kagyzlar ýatyr. Bufet bir ýüz dokuz manat zyýan gördi.
— E, toba, toba! — diýdi artist, — be-e, eýsem, adamlar şol kagyzlary hakyky pul hasapladylarmyka? Bile-göre şeýle edenlerine hiç aklym çatanok.
Bufetçi ýüzüni çytyp, töweregine nazar aýlady, ýöne hiç zat diýmedi.
— Be-e, kezzaplarmyka?.. — aladalanyp sorady gara mag myhmandan, — aý ýoga-a, moskwalylaryň arasynda-da kezzaplar barmy?

Oňa jogap ýerine bufetçi ajy ýylgyrdy, şonda moskwalylaryň arasynda-da kezzaplaryň barlygyna asyl-ha şübhe galmady.
— Bu pes adamlaryň işi! — diýip, Woland gaharlandy, — ine, siz garyp adamsyňyz... dogry dälmi, garypsyňyz-a?!
Bufetçi kellesini gerdenleriniň arasyna çekdi welin, onuň garyp adamlygy göründi.
— Siz, meselem, näçe pul süýşirindiňiz?
Sorag gyzyklanma görnüşinde berildi, emma ony ýönekeý diýip bolmaýardy. Bufetçi özüni ýitirdi.
— Bäş amanat kassada iki ýüz kyrk dokuz müň manat puly bar, — diýdi nähilidir sandyrawuk ses goňşy otagdan, — ýene öýünde poluň aşagynda iki ýüz sany on manatlyk altyn teňňe gizlengi.
Bufetçi özüni göýä oturgyja ýelmeşen dek duýdy.
— Hawa, elbetde, kän pul däl bu, — diýdi Woland myhmana mürewwet edip, — emma, dogrusyny aýdanyňda, süýşüreniňiz size gerek hem bolmaz. Haçan ölerin öýdýäň?
Indi bufetçiniň gahary geldi.
— Muny hiç kim bilmez, ajalymyň hiç kime galtaşygy-da ýok — diýip, jogap berdi ol.
— O nämüçin hiç kim bilmezmiş — diýip, kabinetden ýene ýaňky ýakymsyz ses eşidildi, — ol näme Nýutonyň binomymy! Ol dokuz aýdan soň, geljek ýylyň fewralynda birinji MGU hassahanasynyň dördünji palatasynda bagyr ragyndan öler.
Bufetçiniň reňki sap-sary boldy.
— Dokuz aý — diýip, oýa batyp, hasaplap başlady Woland, — iki ýüz kyrk dokuz müň... çaklap hasaplasak, aýyna ýigrimi ýedi müň manatdan düşýärmi? Azrak, ýöne ortaça gün geçirilýän bolsa, ýetiberýär. Ýene altyn teňňeler hem bar.
— Altynlary harçlamaga ýetişmeýär — diýip, ýene ýaňky ses gepe goşuldy, bufetçiniň ýüregini buza dönderip. — Andreý Fokiç wepat eden badyna, onuň öýi ýykylar, on manatlyk altyn teňňeler bolsa Döwlet bankyna geçiriler.
— Hawa, keselhana girmegi maslahat bermezdim — diýip, dowam etdi artist. — Agyr näsaglaryň dynuwsyz yňrap, nala çekip ýatan palatasynda jan bermegiň näme manysy bar. Ondan-a şol ýigrimi ýedi müňe ýagşy bir oturlyşyk gurup, soň awy içip, ýas mukamlarynyň astynda serhoş sahypjemallar-u jana-jan dostlaryň ugratmagynda baky dünýä rowan bolanyň gowy dälmi?
Bufetçi sarsman otyrdy, ol birden garran ýaly boldy. Gözleriniň daşynda gara halka peýda boldy, ýaňaklary salparyp, eňegi asylyp galdy.
— Muňa serediň-ä, hyýala berlip gidipdiris — diýdi öý eýesi, — maksada geçeli. Hany, görkez bakaly şol gyrkylan kagyzlaryňy.
Bufetçi tolgunyp, jübüsinden gazete dolanan bir petde kagyzy alyp, ony açdy, açdy-da, aňk-taňk boldy. Gazete gyzyl onluklar dolangydy.
— Ezizim, siz çyndanam näsag — diýdi Woland egnini gysyp.
Bufetçi syrtaryp, ýerinden galdy.
— Bardy-geldi, — diýdi sakawlap ol, bular ýene öňki ýaly...
— Hm... oýlanyp durdy artist, — onda ýene huzurymyza geliň. Siz üçin mydama gapymyz açyk. Tanyş bolanmyza şat men.

Şol wagt kabinetden Korowýew atylyp çykyp, bufetçiniň eline ýapyşdy, ony dynman silkeläp, hoşlaşyp, hemmä köpden-köp salam aýtmagy gaýta-gaýta haýyş etdi. Hiç zat aňşyrmaýan bufetçi dälize tarap ýöredi.
— Gella, ugradyp goýber! — diýip gygyrdy Korowýew.
Bufetçi dälizde ýene şol çypar, ýalaňaç, bihaýa gyza ýüzbe-ýüz boldy. Ol gyýa açylan işikden keseligine çykyp, zordan «hoş» diýdi-de, serhoş ýaly entirekläp ugrady. Ol basgançakdan bir gat pese düşüp saklandy, basgançakda oturyp, jübüsinden dolangy puly alyp açdy — onluklar ýerindedi.
Şol halatda bu ýerdäki jaýdan ýaşyl sumkaly bir aýal çykdy. Ol basgançakda gyzyl onluklara manysyz dikanlap oturany görüp ýylgyrdy-da, özüçe diýdi:
— Bu nähili öý boldy?! Ine, bu hem ir bilen awulygyny içipdir. Ana, penjiräň aýnasyny ýene döwüpdirler, — soňra bu bufetçä dikanlap seredip:
— Bä, graždanin, onluk pullarňy towuk hem çokmaýar eken. Maňa-da birazrak bersene-e! Ä?
— Maňa azar bermäň, Isa hakyna, — diýdi gorkup oturan bufetçi we puly derrew gizledi.
Aýal gülüp:
— Haý, mysalaň gursun, gysganç bedibagt! Degişdim — diýip, pese düşüp gitdi.
Bufetçi assa-ýuwaş ýerinden turdy, şlýapasyny düzetmek üçin elini göterdi-de, kelleýalaňaçlygyny duýdy. Yzyna gaýtmaga aýagy çekenokdy, emma şlýapasyna-da gözi gyýmady. Ol birazajyk ikirjiňlenip durandan soň, ahyry yzyna gaýdyp, baryp jaň etdi.
— Indi näme gerek size? — diýip sorady ondan nälet siňen Gella.
— Şlýapamy galdyrypdyryn — diýip pyşyrda-dy bufetçi, barmagyny takyr başyna dürtüp. Gella yzyna öwrüldi, bufetçi heder edip, hyýalynda tüýkürdi-de, gözlerini ýumdy. Gaýtadan gözüni açanda, Gella oňa şlýapasy bilen gara saply şemşir uzadyp durdy.
— Meniňki däl — diýip pyşyrda-dy bufetçi, şemşirini yza gaýtaryp, şlýapasyny geýip durşuna.
— Eýsem, siz şemşirsiz gelipmidiňiz! — diýip, geňirgendi Gella.
Bufetçi bir zatlar diýip mydyrda-dy, tiz pese gaýtdy. Onuň kellesinde bir oňaýsyzlyk duýuldy, şlýapada birhili gyzgynlyk bardy, şonda ol şlýapasyny kellesinden çykardy-da, gorkudan ýaňa segräp düşüp, pessaý gygyrdy. Onuň elindäki şlýapa däl-de, ütülen horazyň ýelegi dakylan mahmal beretdi. Bufetçi çokundy. Şol pursatda beret mawlap, gap-gara çaga pişige öwrüldi we ýene Andreý Fokiçiň kellesine böküp çykyp, onuň takyr başyna dyrnaklaryny çümdürip, mäkäm ýapyşdy. Bufetçi jan awusyna dat edip, aşak ylgady, çaga pişik bolsa onuň başyndan segräp düşüp, basgançakdan ýokarlygyna atylyp çykyp gitdi.
Bufetçi açyk howa okdurylyp, derwezä tarap loňkuldap ylgady we arwahlar mekan tutan bu 302 — bis öýi ömürlik terk etdi.
Soňra oňa näme bolandygy biz üçin syr däl. Bufetçi derwezeden köçä atylyp çykyp, bir zat gözleýän ýaly, gözlerini elek-çelek edip, töweregine ogrynça seretdi. Ýene bir minutdan ol köçäniň beýle ýüzüne geçip, epdege girdi.

Ol: «Merhemet edip aýdyň maňa...» diýen badyna, tahylyň aňyrsynda duran satyjy aýal gygyryberdi:

— Graždanin! Kellämiziň bar ýeri dyrnalaň-la!..

Ýene bäş minutdan soň bufetçiniň başy hasa bilen saralgydy, şol birwagtyň özünde ol bagyr keseli boýunça iň güýçli dogtarlaryň, öz käriniň ussady professor Bernadskiý bilen professor Kuzmindigini hem bilip ýetişdi, soň olaryň haýsy biri ýakyn ýerde diýip sorap, Kuzminiň bu ýerden bary-ýogy bir öý aňyrda, kiçijiik ap-ak jaýda ýaşaýandygyny bildi we begenjinden başy göge ýetdi, iki minutdan soň ol şol jaýa baryp girdi. Bu juda gadymy ymarat bolsa-da, otaglary amatlydy. Bufetçiniň ýadynda: oňa birinji ýüzbe-ýüz gelen eneke kempir boldy, ol bufetçiniň şlýapasyna el uzatdy, emma şlýapanyň ýoklugyny görüp, boş tamşandy-da, nirädir bir ýere gitdi. Kempiriň ornunda aýnanyň gapdalynda, bir arkanyň aşagynda orta ýaşlardaky bir aýal peýda boldy we bufetçi sorag bermäge-de ýetişmänkä, diňe aýyň on dokuzyna ýazylmak mümkin diýdi. Bufetçi nähili alajyň barlygyny tiz pähimledi. Ol nursuz gözleri bilen arka seredip, ol ýerde — girelgede nobata garaşyp oturan üç adamy görüp, pyşyrdady: — Derdim agyr — ölüp barýan...

Aýal bufetçiniň hasa bilen daňlan kellesine geň galyp seretdi-de, ikirjiňlenip:

— Ýeri, bolýa.. diýdi-de, ony içeri geçirdi.

Şol pursatda garşydaky gapy açylyp, ol ýerde peýda bolan doktoryň gözündäki altyn pensne parlady, ak halatly aýal diýdi:

— Graždanlar, bu näsag nobatsyz girýär.

Bufetçi göz açyp-ýumasy wagt geçmänkä, özüni professor Kuzminiň kabinetinde gördi. Bu uzalyp gidýän otagyň ne bir gorkunçly, ne dabdabaly, ne lukmançylyga degişli tarapy bardy.

— Size näme boldy? — diýip sorady professor Kuzmin mylaýym owaz bilen we bufetçiniň hasa bilen saralan başyna howsalaly seredip.

— Ynamdar adamlaň maglumatlaryna garanyňda — diýip jogap berdi bufetçi, diwara asylgy aýnaly çarçuwadaky bir topar adamyň suratyna göz gyýtagny aýlap, — geljek ýyl fewralda bagyr ragyndan ölýän ekenim. Ýalbarýan, öňüni alyň.

Gaýyş kürsüde oturan professor Kuzmin özüni onuň belent söýenjegine ýaplady.

— Bagyşlarsyňyz, gepiňize düşünmedim... siz lukmana ýüz tutduňyzmy? Näme sebäpden kelläňiz saralgy?

— O nähili lukmanmyş? O lukmany sizem bir görsediňiz! — diýip, ol birden dişlerini şakgyldatdy. — Siz kellämdäki sarga seretmäň, keselime onuň dahyly ýok, kelläme asla üns bermäň, ol başga zatdan. «Bagyr düwünmesi», haýyş edýän, öňüni alyň.

— Eýsem, kim aýtdy size muny?

— Oňa ynanyň, — diýip çyn ýürekden haýyş etdi bufetçi, — ol bilýär.

— Hiç zada düşünemok — diýdi, professor egnini gysyp, kürsisini tigirläp, stoldan uzaklaşyp.

— Haçan öljegiňi näbilýär ol adam, üstesine-de, ol lukmanam-a däl eken!

— Dördünji palatada öljekmişim, — diýdi bufetçi. Şu gepden soň professor syrkawyň başyna, guran jalbaryna dikanlap seretdi-de: «Bir kemi şudy! Däli-le bu!» — diýip köňlünden geçirdi we sorady:

— Arak içýäňmi?
— Hiç haçan agzyma alan däldirin — diýip, jogap berdi bufetçi.
Ýene bir minutdan soňra ony çykaryndyryp sowuk kleýonka ýazylan kuşetka ýatyrdylar, professor onuň garnyna basyşdyrdy. Şuny aýtmak gerek ki, bufetçiniň ruhy indi ençe ýeňleşipdi. Çünki professor häzir, hususan bu günki günde bufetçide hiç hili rakdan derek ýokdugyny kesgin ynanç bilen aýtdy. Emma şeýle bolsa... ýagny gorkýan bolsa,, haýsydyr bir kezzap ony aldan bolsa, goý, onda hemme analizlerini tabşyrsyn...
Professor bir kagyzyň ýüzüne onuň nirä barmalydygyny, nämeler almalydygyny ýazyşdyryp, oňa düşündirdi. Mundan daşgary, ol bufetçä nerwisiniň bütinleý sandan çykandygyny aýdyp, newropatolog professor Burä hem hat ýazyp berdi.
— Näçe tölemeli men, professor? — diýip mylaýym we sandyrawuk ses bilen sorady bufetçi, goltugyndan küti gapjygyny çykaryp.
— Göwnüňden çykaranyňy — kesgin mylaýym äheňde diýdi professor.
Bufetçi otuz manat çykaryp stola goýdy, soň elini edil pişik penjesi kibi oýnadyp, gyzyl teňňeleri öňkiň üstüne goýdy.
— Ýeri, bu näme? — diýdi Kuzmin murtuny towlap.
— Raýymy gaýtarmaň, graždanin professor — diýip pyşyrda-dy bufetçi, — ýalbarýan — ragyň öňüni alyň.
— Häziriň özünde gaýdyp al altynyňy — diýdi professor özüne buýsanyp, — siz öz nerwiňizi bejertseňiz gowy bolardy. Ertiriň özünde siýdigiňizi tabşyryň analize, çaýy köp içmäň, nahary duzsuz iýiň.
— Hatda çorbany hemmi? — diýip sorady bufetçi.
— Hemme naharyňyz duzsuz bolsun — diýip buýrdy Kuzmin.
— Ehh!.. — diýdi çala gorsanyp bufetçi, professora mähir bilen dikanlap, soň altynlary jübüsine saldy-da, işige tarap tese başlady.
Şol agşam professora görünmäge gelen näsaglar azdy, iňrik, garalyp başlanynda, soňky syrkaw hem gitdi. Professor haladyny çykaryp durşuna, bufetçiniň üç sany gyzyl onluk goýup giden ýerine göz aýlady, emma ol ýerde hiç hili pul ýok-da, «Abrau — Dýurso» çüýşesine ýelmenýän üç sany ýarlyk ýatyrdy.
— Jyn ursun, bu näme boldugy! — diýip gaharlandy Kuzmin haladynyň etegini polda süýräp baryp, kagyzlary barlap görşüne — ol diňe däli däl, ýene kezzap hem eken-ow! Emma düşünip bilemok, nämüçin geldi ol meniň huzuryma? Diňe siýdik analizi üçin kagyz ýazdyrmaga geldimikä, aý, ýoga-a! Oh! Palto ogurlamaga gelendir!
Şundan soň ol haladynyň bir ýeňini çykaryp, girelgä atyldy — Kseniýa Nikitişna! — diýip gygyrdy ol bosagada durup, — seret hany, paltolar ýerindemikä?
Paltolar ýerindedi. Emma professor ahyry ýol ugruna halady çykaryp stola golaýlaşdy-da, birden stolyň aşagyndan gözüni üzüp bilmän, edil parket pola kök uran ýaly, daş dek doňup galdy. Ýap-ýaňy ýarlyklar ýatan ýerde süýt guýlan gapjagaz, tarelkaň ýanynda şormaňlaý bir gara pişijek garybana mawlap durdy.
— Hany aýdyň, indi bu näme? Eýsem bu... — professor ýeňsesiniň sowap barýanyny aňşyrdy. Onuň ýuwaş, ýöne janagyrly sesine ylgap gelen Kseniýa Nikitişna, çaga pişigi gelen syrkawlaryň biri taşlap giden bolsa gerek, professorlaryňkyda beýle

ýagdaýlar bolup durýar diýip, ony derrew köşeşdirdi. — Mätäçlikde ýaşaýan bolmaly — diýip düşündirýärdi Kseniýa Nikitişna, — bizde bolsa, her hili bolsa-da, elbetde... Soňra haýsy syrkaw taşlap gitdikä diýip oýlap başladylar. Oýlana-oýlana, aşgazan ýarasy bilen gelen kempirde saklandylar.
— Elbetde, şol, — diýýärdi Kseniýa Nikitişna — ol şeýle pikir eden bolmaly: men-ä barybir ölerin, biçäre pişijek bolsa hor bolar.
— Bagyşlarsyňyz! — diýip heňkirdi Kuzmin, — süýt näme?! Süýdi-de şol kempir getirdimi? Tarelkajyga näme diýersiňiz?!
— Süýdi ol kiçijik çüýşede getirip, şu ýerde tarelka guýandyr — diýip düşündirdi Nikitişna.
— Her nämede bolsa, äkidiň pişijek bilen tarelkajygy — diýdi Kuzmin we özi Kseniýa Nikitişnany tä gapa çenli ugratdy...
Ol yzyna gelende, ýagdaý ýene üýtgäpdi.
Professor haladyny çüýe ildirip, gulagyna howludan kimdir biriniň hahahaýlap gülýäni eşidildi, ol penjireden seredip, aňk-taňk bolup galdy. Bir zenan köýnekçe howlyny kesip, garşysyndaky kiçijik jaýa tarap ylgap barýardy. Professor hatda ol aýalyň ady-familiýasyny hem bilýärdi, — Mariýa Aleksandrowna. Hahahaýlap gülýän bolsa bir oglanjykdy. — Nämeler bolup dur? — diýdi Kuzmin ýigrenç bilen.
Şol mahal diwaryň arkasynda, gyzynyň otagynda patefonda «Alliluýýa» fokstroty çalnyp başlandy, edil şu fokstrot çalynýan wagtda professoryň arka tarapyndan serçäniň jürküldisi eşidildi. Ol yzyna gaňrylyp, öz stolunyň üstünde ullakan bir serçäniň dik-dik böküp ýörenini gördi.
«Hm… seresap… — diýip oýlandy professor, ol men ýokkam aýnadan giren bolmaly, hemme zat ýerbe-ýer» diýip, professor özüne buýruk berdi, asla hiç zadyň ýerbe-ýer däldigini duýup duran bolsa-da. Professor serçä dikanlap, onuň ýönekeý serçelerden däldigini derrew pähimledi. Bu ýaramaz serçejik çep penjesine agsaklap, ýuhalanyp, aýagyny süýräp basyp, mahlasy — patefonda çalynýan fokstrota edil tahylyň öňünde çaýkanyp duran serhoş kimin tans edýärdi. Ol her hili biýedeplik edýärdi, professor tarapa utançsyz bakyp. Kuzmin elini telefona uzatdy, ol öz kursdaşy Burä jaň edip, altmyş ýaşly adamyň gözüne bu tüýsdäki serçe görünse, nähili, birdenem başyň aýlanyp başlasa — bu nämeden alamat — diýip sorajakdy.
Bolşuny üýtgetmän, serçe sowgat edilen syýa çüýşä gonup, ony hapalady, (dogrymy aýdýan) soňra uçup, howada perwaz edip durdy-da, segräp, uniwersiteti 94 — ýylda tamamlan barça talyplaryň suraty ýerleşdirilen aýnany polat dek çüňki bilen kül-peýkun edip syndyrdy, şondan soň penjireden çykyp gitdi. Professor dosty Burä jaň etmegiň ýerine, sülükler býurosynyň telefon nomerini ýygdy we özüniň professor Kuzmindigini aýdyp, derhal öýüne sülük ibermeklerini haýyş etdi.
Professor trubkany asyp, ýene öz stoly tarapa öwrüldi, öwrüldi-de gygyryberdi. Stolyň arkasynda başyna aýallaryň ýaglygyny daňan we «Sülükler» diýip ýazylan sumkaly bir aýal otyrdy. Professor onuň agzyna bakyp dat etdi. Çünki ol agyz çyýşyk, gulagyna çenli ýeten, ýene üstesine erkeksi agyz bolup, onda diňe bir uzyn azy bardy. Şepagatçy aýalyň gözleri ölüdi.

— Pullary men ýygnap alýan — diýdi aýal, ýogyn erkeksi ses bilen, — ýersiz ýere ýaýrap ýatmasyn. — Ol guşuňka meňzeş penjesi bilen ýarlyklary alyp, birdenem howada eräp, gözden ýitip başlady.
Aradan iki sagat geçdi. Professor öz ýatakhanasynda krowatda otyrdy, iki ýaňagyndan, gulaklarynyň arkasyndan we boýnundan sülükler asylyp durdy. Kuzminiň aýak tarapyndan ýüpek ýüň ýorgan üstünde çal murtly professor Bure Kuzmine hemdertlik bilen garap oturyşyna, göze görnen bu zatlara ynanma diýip, dostuna teselli berýärdi. Penjiräniň aňyrsy bu wagt gijelikdi.
Şol gije Moskwada ýene nähili apatly wakalar ýüz beripdir, — biz ony bilmeýäris, soraglaşdyryp hem oturmarys, elbetde, munuň üstesine, şu dogruçyl kyssamyzyň ikinji bölümine başlamaly wagt hem gelip ýetdi. Meniň yzym bilen, okyjy! kitaphon!

# Ikinji bölüm

## XIX bap

## MARGARITA

Meniň yzym bilen, okyjy! Dünýäde hakyky, wepaly, baky söýgi ýok diýip, kim aýtdy size? Şeýle diýen ýalançynyň ýaramaz dili kesilsin!
Siz men bilen ýörüň, okyjym, diňe meniň yzym bilen, men size görkezeýin şeýle päk söýgini!
Ýok! Ussat keselhanada gije ýarymdan aganda, Iwanuşka ajy hasrat bilen, ol meni unudypdyr diýip aýdan wagty, ýalňyşan eken. Beýle bolmagy asla mümkin däldi. Ol aýal ussady unutmandy, elbetde.
Geliň, birinji nobatda, ussadyň Iwanuşkadan gizlän syryny äşgär edeliň. Şol magşugyň ady Margarita Nikolaýewna bolup, ussadyň bu aýal dogrusynda şormaňlaý şahyra aýdan hemme gepleri dogrudy. Hawa, ol öz magşugyny dogry teswirläpdi. Ol juda gözel we akylly aýaldy. Muňa goşmaça edip ýene şuny kesgin ynam bilen aýtmak mümkin, ýagny köp aýallar durmuşda Margarita Nikolaýewna bilen ýaşaýyşyny çalyşmak üçin hiç zady aýamazdylar. Otuz ýaşly, perzentsiz Margarita juda uly hünärmeniň, öz işinde döwlet ähmiýetli möhüm açyş eden adamyň aýalydy. Äri ýaş, owadan, ak göwün, halal ýigit bolup, Margarita uly hormat goýýardy. Margarita Nikolaýewna äri bilen Arbata golaý dar köçeleriň birinde bagyň içine ýerleşen owadan binanyň ýokary gatyny bütünleý eýeläpdiler. Gaty peşeneli ýer! Şol baga baran her bir adam bu sözi tassyklardy. Goý, ol maňa ýüz tutsun, men oňa salgysyny bereýin, ýoluny hem görkezeýin — ol ymarat häzirem bar.
Margarita Nikolaýewna hiç haçan puldan gysylmaýardy. Margarita Nikolaýewna göwni islän zadyny satyn alyp bilýärdi. Äriniň tanyşlarynyň arasynda üýtgeşik kişiler hem duşýardy. Margarita Nikolaýewna hiç haçan pejiň ýanyna barmazdy. Margarita Nikolaýewna umumy ýaşaýyş jaýynda ýaşamak kynçylyklaryndan asla bihabar. Gysgasy... ol bargtyýyarmydy? Asla beýle däl! Ol on dokuz ýaşynda äre çykyp, şu öýde ýaşap başlandan bäri bagtyň nämedigini bilmeýärdi. — Eý, meniň hudaýlarym! Aslynda näme gerek bu aýala?! Gözlerinde hemişe gizlin bir ot ýanyp durýan bu

aýala näme gerekdi? Şonda baharda mimoza gülüni dakyp, bir gözi sähelçe gyýşyk bu albassa näme gerekdi özi? Bilemok. Maňa mälim däl. Çemesi, ol rast gepläpdi, Ýagny oňa gotika usulynda salnan ymarat hem, ýörite özbaşdak bag hem, pul hem däl, diňe ussat gerekdi. Margarita rast gepläpdi, ol ussady söýýärdi. Hatda men dogruçyl kyssaçy, oňa nätanyş adam bolsam-da, Margaritanyň ertesi güni ussadyňka gelip, onuň öýde ýoklugyndan nähili gussa çekenini oýlasam, ýüreklerim ezilip gidýär, bir gowy zat, bagtyna şo gije äri gaýdyp gelmändi we Margarita onuň bilen gepleşmäge ýetişmändi.

Ol ussatdan derek bilmek üçin elinden gelenini etdi, emma, elbetde, hiç zat bilip bilmedi. Şundan soň ol öz öýüne dolanyp, ýene ozalkysy ýaly ýaşap başlady. — Hawa, hawa, hawa, bu uly ýalňyşlyk! — diýýärdi Margarita gyşda pejiň öňünde oda seredip oturşyna, — nämüçin şol gije men onuň ýanyndan gaýtdym? Näme üçin? Bu akylsyzlyk ahyr! Men wadama wepa edip, ertesi güni bardym, emma gijä galan ekenim. Hawa, menem edil bagtygara Lewiý Matweý ýaly, kän gijä galyp bardym!

Bu bimany gepdi, ýeri, şol gije ol ussadyň ýanynda bolan hem bolsa, ýagdaý üýtgemezdi! Margarita ony halas edip bilermidi? Siz muňa «gülkünç» diýersiňiz, emma biz müşgil ýagdaýa düşen aýalyň öňünde beýle diýmeris.

Margarita Nikolaýewna bütin gyşy şeýle kynçylykda ýaşap, ahyry ýaza çykdy, Moskwada betha jadygöý peýda bolup, her dürli manysyz gowgalar bolan gün, ýagny Berliozyň daýysynyň Kiýewe yzyna ugradylan, buhgalteriň tussag edilen we ýene kän ýakymsyz wakalaryň ýüze çykan juma güni çäş wagtynda Margarita ymaratyň minarasynyň astyndaky ýatýan otagynda ukudan oýandy. Margarita gözüni açdy, ýöne bu sapar öňki endigi boýunça aglamady, çünki ol şu gün bir zatlaryň boljagyny duýup ukudan turdy. Indi ol, ana, şu duýgynyň özüni terk etmezligini isläp, kalbynda bu duýga jan berip, ösdürip, apalap başlady.

— Men ynanýan! — diýip pyşyrdady Margarita dabaraly, — ynanýaryn! Bir zad-a bolar! Bolmazlygy mümkin däl ahyr, näme men ömürboýy ejir çekip ýörmelimi? Dogry, men ýalan sözlänimi, aldawçylyk edenimi, adamlardan pynhan özge bilen ýaşanymy boýnuma alýaryn, emma şu kylmyşym üçin beýle jeza duçar edilmeli däl-ä. Elbetde, hökman bir zat ýüze çykar, çünki şol bir ýagdaý baky dowam etmeýär ahyr. Mundan başga-da, men bu gün oraşan düýş gördüm, şuňa emin men.

Margarita Nikolaýewna gün şuglasyndan lälereňk bolan penjire perdesine seredip, üç açylýan aýnanyň öňünde howlukmaç geýnip, gysgarak seçelenip duran buýraly saçyny darap, ýokarky sözleri şeýle pyşyrdap gaýtalaýardy.

Margarita bu gün hakykatdan-da juda täsin düýş görüpdi. Gep şunda ki, ejirli geçen gyşyň dowamynda bir gezegem ussady düýşünde görmändi. Gijesine ol ony goýup gidýärdi, diňe gündiz Margarita hasrat çekýärdi. Bu gün bolsa ol birden düýşüne girdi.

Göýä Margarita öz bilmeýän bir ýerindemiş — ir bahar, asmany bulut büräpdir, bu ýer tukat we nähoş görünenmiş. Öwzaýy bozuk çal asmanda äpet bulutlar ýüzýärmiş, bulutlaryň aşagynda topar-topar gargalar sessiz uçup ýörmiş. Ol ýerde bir gyşyk köpri bolup, onuň aşagyndan baharyň laýly suwy akýarmyş. Şu ýerde ýarym ýalaňaç pakyrana daragtlar, ýeke özi duran osina, ondan aňyrda — nähilidir ekinçiligiň eteginde bir agaçdan jaý — ol aşhanamy, hammamy, ýa başga bir zatmy belli däl —

daragtlaryň arasyndan görnüp duranmyş. Çar tarap öli we şeýlebir tukatmyş, köprüjagaz golaýyndaky osina agajyna syrtmak taşlap, Margaritanyň asylyp ölesi gelýärmiş. Ne şemal öwüsýärmiş, ne bulutlar ýerinden gozganýamyş, ne bir diri jan barmyş bu ýerde. Diri adam üçin tüýs jähennemiň özümiş.
Bir göz öňüne getirip görüň, şu mahal şol nawdan salnan jaýyň işigi açylyp, bosagada... ussat peýda bolýar. Örän uzakda, ýöne ol anyk saýgardyp dur. Üst-başy tozup gidenliginden ýaňa onuň nähili lybas geýendigi-de belli däl. Saçlary ýelmeşen, sakgal-murty ösen. Gözleri näsag we howsalaly. Ol eli bilen ümläp, Margaritany çagyrýar. Şonda Margarita öli howada demi demine ýetmän, pesli-beýikli ýerlerden oňa bakan ylgap başlapdyr-da, birden oýanýar.
«Bu düýşümiň diňe iki ýorgudy bolup biler: — diýip netije çykaryp başlady özüçe Margarita Nikolaýewna, — eger ol ölen bolsa, menem ümläp çagyrýan bolsa, diýmek, ol meni alyp gitmäge gelendir, onda basym ölerin. Şeýle bolsa, juda gowy, sebäbi, ejirden dynaryn. Ýa-da ol diri, beýle bolsa, onda ol maňa özüni ýatladýar! Diýmek, ol biz ýene didarlaşarys diýjek bolýandyr. Hawa, biz ýakyn wagtda duşuşarys».
Margarita öz netijesinden henizem serhoş ýaly ýagdaýda, hemmesi köňüldäki ýaly bolup dur, beýle amatly pursatdan elbetde, peýdalanmaly diýip öz-özüni ynandyrýardy. Adamsy üç günlik iş saparyna gidipdi. Şu üç gije-gündiziň dowamynda onuň han özi, soltan özi, hiç kim oňa islän zady hakda oýlanmaga, özüne ýaraýan zat hakda arzuw etmäge päsgel bermeýärdi. Ýokary gatdaky bäş otagyň hemmesi, Moskwadaky on müňlerçe adamyň ýetibilmeýäni — bu jaý tutuşlugyna onuň öz ygtyýaryndady.
Emma özüni üç günläp erkin guş hasaplan Margarita gelip-gelip, bu gözel jaýyň beýle bir gowy bolmadyk ýerini saýlady. Ol çaý içip, penjiresiz garaňky otaga girdi, bu ýerde çemodanlar we her hili esgiler dykylan iki sany uly yşgap durdy. Ol çommalyp, birinji yşgafyň aşakgy çekerini açdy we ol ýerde ýatan ýüpek gyýkyndylaryň aşagyndan özi üçin durmuşynda bibaha hasaplaýan zadyny eline aldy. Bu — daşyna mele gaýyş tutulan surat albomy bolup, onuň içinde ussadyň suraty, on müň manat goýlan amanat kassa depderçesi, çilim kagyzynyň arasyna salnyp goýlan bägül ýapraklary we maşinkada ýazylan, aşak etegi ýanan bir petde golýazma bardy.
Margarita Nikolaýewna şu baýlygy bilen ýatýan jaýyna gaýdyp, suraty üç açylýan aýnanyň öňünde goýdy we ýanan golýazmany dyzyna ýaýyp, başy hem, soňy hem ýok bu sahypalary gaýta-gaýta okap, bir sagat ýaly oturdy: «...Ortaýer deňzi tarapdan gelen tümlik prokuratoryň halamaýan bu şäherini gaplap aldy. Ybadathanany aýylganç Antoniý minarasy bilen birikdirýän howada erkin duran asma köprüler gaýyp boldy, asmandan düşen goýy garaňky Aýlawyň üstündäki ganatly hudaýlaryň heýkellerini, Hasmoneý köşgüni we onuň gözel jemalyny, bazarlary, kerwensaraýlary, köçeleri, howuzlary gurşap aldy... Azym şäher — Ýerşalaim göýä hiç haçan dünýäde bolmadyk ýaly bolup, gözden ýitdi...»
Margarita eseriň dowamyny okamagy isleýärdi, emma dowamynda gyýşyk-myýşyk goýy bezeglerden özge hiç zat ýokdy.
Margarita Nikolaýewna gözýaşlaryny syryp, depderi goýdy, tirseklerini aýnanyň aşagyndaky stoljagaza diräp, uzak wagtlap gözüni suratdan aýyrman oturdy. Ahyry

gözýaşlary gurady. Margarita öz baýlygyny ýene emaý bilen jemledi, birnäçe minutlardan soň albom ýene öňki ýerine, gyýkyndylaryň aşagyna düşdi-de, garaňky otagyň gulpy şarkyldap ýapyldy.

Margarita Nikolaýewna gezelenje şaýlanyp, girelgede palto geýip durka, öý hyzmatkäri gözel Nataşa, günortanky naharyň ikinjisine näme bişireýin diýip sorady we hojaýynyndan maňa tapawudy ýok diýen jogaby eşidip, ýene birazajyk wagtyhoşluk edesi geldi öýdýän, bikesi bilen gülüşmek maksadynda älem-jahan myş-myşlaryny aýdyp ugrady, hamana, düýn teatrda bir gözbagçy şeýlebir oýunlar görkezenmiş, hemmäniň agzy açylypdyr, barçalara iki çüýşeden çetýurt atyryny ýene joraby mugt berenmiş, soňra gutarandan soň, adamlar köçä çyksa, görseler, bary ýalaňaçmyş! Margarita Nikolaýewna güle-güle, şu girelgede duran aýnanyň oturgyjyna çökdi.

— Nataşa! Size utanç dälmi? — diýdi ol, — sowatly, akylly gyz bolsaňyzam, ýolda-yzda, nobatda, şeýtan bilsin, eşiden ýalan gepleriňizi tekrarlap ýörmek?

Nataşa gyzardy we jany-teni bilen nägilelik bildirdi: — Asla-da ýalan däl, şu gün Arbatdaky dükanda öz gözüm bilen gördüm: aýagyna tufli geýip baran bir aýal kassa pul töläp durka, birden tuflisi gaýyp bolup, joraply galdy. Gözleri elek-çelek! Jorabynyň ökjesi bolsa deşik. Görüp otursak, şol tufli teatrda berlen jadylanan köwüş eken.

— Joraply gidiberdimi?

— Gidiberdi! — diýdi Nataşa, geplerine bikesiniň ynanmaýany zerarly has-da gyzaryp. — Ýogsa-da, Margarita Nikolaýewna, öten agşam milisiýa ýüze golaý adamy tutup alyp gidipdir. Şol jadyly seansda bolan aýallar Twer köçesinden diňe içki balakda ylgap gidenmiş.

— Elbetde, muny size Darýa gürrüň berendir — diýdi, Margarita Nikolaýewna, — köpden bäri synlap ýörün, ol barypýatan çypdyrun.

Bu gülküli gürrüň Nataşa üçin garaşylmadyk sowgat bilen soňlandy. Margarita Nikolaýewna ýatýan otagyna girip, ol ýerden bir jübüt jorap bilen bir çüýşe atyr alyp geldi. Ol Nataşa menem size fokus görkezjek diýip, oňa jorap bilen atyr sowgat berdi we: — Ýöne bir haýyşym, Twer köçesinde joraply ylgap ýörmäň, soňam, Darýanyň geplerine kän gulak asmaň — diýdi. Bike bilen öý hyzmatkäri ogşaşyp hoşlaşdylar.

Margarita Nikolaýewna trolleýbusyň oturgyjynyň amatly ýumşak kürsüsine ýaplanyp, Arbaty boýlap gidip barşyna, kä öz hyýallaryna berlip, käte öňündäki oturgyçda pyşyrdaşyp oturan iki kişiniň geplerine gulak salýardy.

Olar bolsa gepimizi biri eşidäýmesin diýýän ýaly, töwerege gorka-gorka nazar aýlap, bir bolgusyz zat hakda gepleşýärdiler.

Aýnanyň ýanynda oturan doňuz gözli daýaw adam ýanyndaky kiçijik kişä tabydy gara örtgi bilen ýapmaly boldy diýýärdi...

— Ynanar ýaly däl — diýip, pyşyrdady kiçijik adam haýran galyp — eşidilen-görlen zat däl... Ýeri, Jeldybin näme alaç tapdy?

Trolleýbusyň kadaly güwwüldisine goşulyp, aýna tarapdan ses geldi.

— Jenaýat agtaryş... galmagal, barypýatan mistika!

Margarita Nikolaýewna eşiden bu üzük-ýoluk jümleleri bir-birine goşup, takmynan şeýle netije çykardy: bu iki adam şu gün ir bilen haýsy-da bolsa bir jesediň, onuň

kimligini agzanokdylar, kellesini ogurlap gidendikleri hakynda pyşyrdaşýardylar! Ine, şu zerarly, Jeldybin diýýänleri alada galan bolmaly. Trolleýbusda pyşyrdaşyp barýanlar kellesi ogurlanan jesede nähili, birhili dahyllydylar.
— Baryp gül almaga ýetişermikäk? — diýip, biynjalyk boldy kiçijik adam, — sagat ikide kremasiýa (oda ýakmak) diýdiňmi?
Ahyry tabytdan ogurlanan baş hakyndaky bolgusyz pyşyrdylary diňlemek Margarita Nikolaýewnanyň janyna degdi, ol düşjek duralgasyna gelenini görüp begendi. Ýene birnäçe minutdan soň ol Kreml diwarynyň etegine goýlan uzyn oturgyçlaryň birine baryp ornaşdy, bu ýerden Manež meýdany gowy görnüp durdy.
Margarita lowurdap duran Kuýaşa gözlerini süzüp oturyşyna, agşamky gören düýşüni ýatlaýardy, soň ol günme-gün we sagatma-sagat mundan rast bir ýyl ozal edil ine, şu oturgyçda ussat bilen ýanma-ýan oturanyny ýadyna saldy. Şonda hem, edil häzirki ýaly, gara el bukjasy öz ýanynda, oturgyçda ýatyrdy. Bu gün onuň ýanynda ussat ýokdy, emma Margarita Nikolaýewna onuň bilen hyýalynda söhbetleşýärdi: «Eger sürgün edilen bolsaň, nämüçin özüň hakyňda derek bermeýärsiň? Başgalar-a habar berýär. Ýa-da meni söýmäňi bes etdiňmi? Ýok, beýle boljagyna ynanyp bilmen. Diýmek, sen sürgün edilip, ölensiň...
Eger şu rast bolsa, ýalbarýan, meni azat et, erkin dem alyp ýaşamaga erk bar». Soň, Margarita Nikolaýewna öz-özüne ussadyň dilinden jogap gaýtardy. «Sen azat... Näme men seni saklaýanmy?» Soň Margarita oňa garşylyk bildirýärdi: «Ýok, bu jogap däl! Ýok, sen meniň hatyramdan git, ana, şonda men erkin bolaryn».
Margarita Nikolaýewnanyň deňinden adamlar geçip durdy: Bir erkek kişi gowy geýnen aýala göz gyýtagyny aýlady-da, onuň gözelligine, ýalňyzlygyna göwni gitdi. Ol üsgürinen bolup, Margarita Nikolaýewnanyň ornaşan uzyn oturgyjynyň bir gyrasynda dyz epdi. Soň özüni ele alyp, söze başlady:
— Dogrudan-da şu gün howa-ha gowy...
Emma Margarita oňa ýowuz seretdi-de welin, ol ýerinden turup gidiberdi.
«Ine, saňa mysal — diýdi Margarita, öz kalbynyň sahybyna hyýalda ýüzlenip. — Çyndanam, nämüçin men bu erkek kişini kowdum! Özümiň-ä içim gysyp otyr, ol heleýbazyňam görnüşi ýaman däl, diňe howa hakdaky boş sözi diýäýmeseň... Nämüçin men baýguş ýaly bolup, diwaryň ýanynda ýalňyz otyryn? Nämüçin men ýaşaýyşdan çete zyňyldym?»
Ol örän gamgyn bolup, başyny aşak egdi. Emma şu wagt ir ertirki ýüze çykan intizarlyk we ser sämediji tolkun onuň göwsüne gelip uruldy. «Hawa, bir zat bolar!» Tolkun ikinji sapar uruldy, ana, şonda Margarita onuň owazly tolkundygyna düşündi. Golaýlaşyp gelýän deprek we heňini sähel bozup çalýan mis surnaýlaryň owazy köçäniň şowhunynyň arasyndan bardyksaýyn anygrak gelip başlady.
Birinji bolup bag germewiniň ýanyndan atly ýuwaş barýan, ondan soň üç pyýada milisioner göründi. Olardan soň çeleginde sazandarlar oturan ýük maşyny ýuwaşja barýardy. Onuň yzyndan täzeje üsti açyk ýas ulagy haýalja gelýärdi, onuň üstünde kän gül-wenok goýlan tabyt, tabydyň duran meýdançasynyň dört burçunda dört adam — üç erkek we bir aýal durdy. Margarita uzakda bolsa-da, ýas ulagynyň üstünde durup, merhumy gabrystana alyp barýan bu adamlaryň ýüzünde nähilidir bir aljyraňňylygyň bardygyny gördi. Esasan-da, bu ýagdaý ýas ulagynyň ýeňse

tarapynda, çep burçda duran aýalyň çehresinde has beter bildirýärdi. Haýsydyr bir gizlin syr bu aýalyň öňem lopbuş ýaňaklaryny içden dürtüp, ýene-de çişirip duran dek görünýärdi, onuň perdelenen gözlerinde köpmanyly hasrat ody ýanýardy. Göýä bu aýal artyk takat edip bilmän, häzir merhuma göz gyrpyp: «Heý, beýle zady görlenmidir? Aňrybaş mistika!» diýäýjek ýalydy. Ýas ulagynyň yzyndan ýuwaş ýöräp gelýän takmynan üç ýüz çemesi adamyň ýüzleri-de aljyraňňydy. Teşwişlidi.
Margarita bu märekäni oturan ýerinden gözi bilen ugradyp «bums, bums, bums» edip birsydyrgyn çalynýan türk depreginiň sesiniň uzaklaşdygyça peselýändigini duýup, oýlanýardy: «Nähili üýtgeşik gölegçiler... Bu «bums-bums» niçik tukatlyk getirýär! Men häzir janymy şeýtana tabşyrmakdan-da gaýtmazdym, onuň diridigini ýa-da ölendigini bilmek üçin! Be, beýle täsin ýüzler bilen kimi depin edýärkäler?»
— Mihail Aleksandrowiç Berliozy — diýip, Margaritanyň gapdaljagazyndan biraz maňkaly erkek sesi eşidildi, — MACCOLITiň başlygyny.
Geň galan Margarita Nikolaýewna öwrülip, öz gapdalynda uzyn oturgyçda oturan bir adamy gördi, Margarita ýas üýşmeleňine seredip otyrka, bu kişi ýuwaşja gelip, Margaritanyň aljyraňňylykda, tötänleýin daşa çykaran sowalyny eşiden bolmaga çemeli.
Şol wagt ýas märekesi saklandy — swetofor ýoly kesen bolsa gerek.
— Hawa — diýip, dowam etdi nätanyş adam, — olaryň keýpiýetleri juda täsin. Merhumy gabyrstana alyp barýarlar, özleriniň-de beýnileri diňe bir närse bilen, öliniň kellesi nirä gaýyp boldyka diýen sowal bilen bent!
— Nähili kelle? — diýip sorady Margarita, duýdansyz peýda bolan bu goňşusyna dikanlap seredip. Ol — saçy ýalyn reňk çypar, azy dişi çykyp duran, keltejik adam bolup, üstüne krahmallanan köýneginiň üstünden gowy hilli ala penjek, aýagyna laklanan köwüş, başyna kotelok — şlýapa geýip, boýnuna açyk reň galstuk dakypdy. Bu raýatyň iň alamat tarapy şunda bolup, penjeginiň sagat jübüsinden, hemme erkeklerde bolşy ýaly, elýaglyk ýa-da awtoruçka däl-de, gemrilen towuk süňki çykyp durdy.
— Hawa, men saňa aýtsam, — diýip beýan kyldy çypar, — şu gün ir bilen Griboýedow zalynda duran tabytdan merhumyň kellesini ogurlap gidipdirler.
— O nädip beýle bolup bilýär? — diýip biygtyýar sorady Margarita, şol birwagtyň özünde trolleýbusda eşiden pyşyrdylaryny ýatlady.
— Arwah bilsin, nädip! — diýdi labyz bilen çypar, — emma meniň pikirimçe, bu hakda Begemotdan soralsa ýaman bolmazdy. Juda ussatlyk bilen ogurlap gidipdirler özünem. Şeýlebir gowga! Iň esasam, kime hem nämüçin gerek boldy şol kelle!
Margarita Nikolaýewna öz derdi bilen gümra bolsa-da, nätanyş adamyň geň gürrüňleri ony haýran etdi.
— Bagyşlarsyňyz! — diýdi ol birden, — haýsy Berlioz ol? Şu günki gazetlerde...
— Eýse näme, eýse näme...
— Onda tabydyň yzyndan barýanlar edebiýat adamlary-da? — diýip sorady Margarita, birden dişlerini akjardyp.
— Edil özleri, şolar!
— Siz olary tanaýaňyzmy?
— Hemmesini — diýip, jogap berdi çypar.

— Aýdyň hany — diýip, Margarita gep başlanda, sesi boguk çykdy, — olaryň arasynda tankytçy Latunskiý ýokmy?
— O nämüçin ýok? — diýip jogap berdi çypar, — honha dördünji hatarda, iň çetden barýar.
— Hol sary saçmy? — diýip sorady Margarita gözlerini süzüp, dikanlap.
— Külreňk saçly... Seret, ana, gözüni asmana dikdi.
— Patera[1] meňzeşimi?
— Hawa, tapdyň!
Margarita Latunskä seredip, başga hiç zat soramady.
Görýän welin, siz, — diýdi çypar ýylgyryp — Latunskini ýigrenýärsiňiz öýdýän? — Men ýene käbirlerini ýigrenýärin — diýdi Margarita dişlerini gyjyrdadyp, — ýöne ol hakda aýdyp oturmagyň gyzygy ýok.
Şol wagt ýas märekesi ýerinden gozgandy, pyýadalaryň yzyndan birnäçe boş maşyn kerweni düzlüp barýardy.
— Eýsem-de bolsa, elbetde, nämesi gyzyk munuň, Margarita Nikolaýewna!
Geň galan Margarita ýalt edip seretdi:
— Siz meni tanaýaňyzmy?
Çypar jogap bermegiň ýerine başyndan katalok — şlýapasyny aldy we şlýapaly elini gapdala uzadyp, tagzym kyldy. «Ýüzünden tüýs garakçynyň özi!» — diýip göwnünden geçirdi Margarita, söhbetdeşiniň mysalasyna garap.
— Men-ä sizi tanamaýan, — diýdi Margarita sowuk sözläp.
— Eýsem, siz nirden tanajak meni! Emma ki, meni siziň ýanyňyza iş bilen iberdiler.
Margaritanyň reňki çuw-ak bolup, tisgindi. — Gepi göni şundan başlaýmaly ekeniňiz — diýdi ol, — haýsydyr bir, jyn bilsin, kesilen baş hakynda warsaky urup oturman! Siz meni tussag etjek bolýaňyzmy?
— Beýle zat ýok — diýdi çypar, — eýsem, diňe tussag etmek üçin söhbetleşýärmi adam diýen? Sizlik işim bar, bolany.
— Düşünemok, meniň bilen nähili işiňiz bolup biler?
Çypar daş-töweregine bir seredip, syrly äheňde diýdi: — Sizi şu gün agşam myhmançylyga çagyrdylar, şuny aýtmaga geldim.
— Näme samrap otyrsyň, o nähili myhmançylyk?
— Örän meşhur bir daşary ýurtly — diýdi çypar, manyly gözlerini köpmanyly süzüp.
Margaritanyň gaty gahary geldi.
— Erkek aýaly duşurýanlaryň täze taýpasy — köçe duşuşdyryjysy peýda bolupdyr-da indi — diýdi ol gitmekçi bolup, ýerinden galyp.
— Beren tabşyryklary üçin sag bolsunlar! — diýip, çypar hapa bolup, uzaklaşyp barýan Margaritaň ýeňsesinden käýindi:
— Haý, aňy pes hatyn!
— Deýýus! — diýip jogap gaýtardy Margarita, yzyna öwrülip we edil şu mahal çyparyň sesini eşitdi. — Ortaýer deňzi tarapdan gelen tümlük prokurotoryň halamaýan şäherini gaplap aldy. Ýowuz Antoniý minarasy bilen ybadathanany birleşdirip, howada asylyp duran asma köprüler gaýyp boldy. Azym şäher Ýerşalaim göýä hiç-haçan dünýäde bolmadyk deý gözden ýitdi...

---

[1] Patera — katolik dininiň ruhanysy.

Siz hem dep boluň şol ýanan depderiňiz-u guran bägüliňiz bilen bile! Şu oturgyçda ýalňyz oturyp, ondan meni azat et, erkin dem alyp, ýaşamaga mümkinçilik ber, hatyramdan aýryl diýip, dileg ediberiň!

Reňki ak esgi ýaly agaran Margarita uzyn oturgyja dolanyp geldi. Çypar gözlerini süzüp, oňa bakyp otyrdy.

— Hiç zada düşünip bilemok — diýip, mylaýym gep başlady Margarita Nikolaýewna, — ýanan golýazmalar hakynda-ha bir ugur tapyp, bilmegiň mümkin... bir ýoluny tapyp, öýüme girensiň... belki, Nataşany özüňe öwrenişdirip satyn alansyň! Emma göwnümdäki pikirimi nädip bilýäň? — Ol gaty azar çekýän ýaly, ýüzüni çytdy-da, dowam etdi: — Aýt ahyry, kim sen? Haýsy edaradan?

— Ine, saňa gerek bolsa, tukatlyk — diýip hüňürdedi çypar we belendiräk ses bilen gepläp başlady: — bagyşlarsyňyz, men edaradan däl diýip, size aýtdym-a! Hany, oturyň.

Margarita biygtyýar boýun syndy, islemese-de oturdy-da, ýene sowal berdi:

— Kim siz?

— Hä, ýagşy, adym Azazello, emma bu at saňa hiç zady aňlatmaýar.

— Golýazma dogrusynda, kalbymdaky pikirler barasynda näme aýdyp bilersiňiz?

— Aýdyp bilmerin — diýip, sowuk jogap berdi Azazello.

— Emma ol hakda bir zatlar bilýäňizmi? — diýdi Margarita ýalbaryjy pyşyrdap.

— Ýeri, bilýärmişim.

— Ýalbarýan, bir zady aýdyň: ol dirimi? Meni örtemäň.

— Hawa, diri, diri — diýdi Azazello, göwünli-göwünsiz.

— Eý, Taňrym!

— Haýyş edýän, tolgunmaň, gaty gygyrmaň — diýdi, çypar gaşlaryny çytyp.

— Bagyşlaň, bagyşlaň — diýip, samyrdady Margarita indi boýun synyp, — dogrusy, men size gahar etdim. Eýsem, pikir edip görüň. Haçanda bir aýal köçede myhmançylyga çagyrylsa... Gepime ynan, mende ýaman niýet ýok, — Margarita keýpsiz ýylgyrdy, — emma hiç-haçan hiç-hili daşary ýurtly bilen sözleşip göremok, duşuşmaga islegim-de ýok, üstesine-de meniň ärim... Hemme bela şunda ki, men öz söýmedik adamym bilen ýaşaýaryn, emma onuň durmuşyny bozmak, meniňçe, naýynsaplyk, men ondan ýagşylykdan başga zat görmedim...

Azazello onuň üzlem-saplam sözlerini äşgäre tukatlyk bilen diňleýärdi we birden gödek gepledi:

— Bir minut diliňizi saklaň.

Margarita etagat bilen sesini kesdi.

— Men sizi asla howpsuz çet ýurtlynyň huzuryna çagyrýaryn. Siziň ol ýere baryp-gaýdanyňyzy hiç kes duýmaz. Muňa men kepil geçip bilerin.

— Men oňa nämä gerekmişim? — diýip sorady Margarita pynhanlyk bilen.

— Muny baranyňyzdan soň bilersiňiz.

— Düşnükli... Men onuň islegini gandyrmalydyryn — diýdi Margarita oýa batyp.

Azazello kibri-howa bilen «hm» diýip hümledi-de, jogap gaýtardy: — Sizi ynandyryp diýýärin, jahandaky her bir aýal ony arzuw edýändir, — Azazellonyň ýyrşarýan ýüzi gyşardy, — emma gaty görmäň, o diýýäniňiz bolmaz.

— Ol nähili daşary ýurtly? — diýip Margarita şeýlebir batly gepledi welin, uzyn oturgyjyň golaýyndan geçip barýanlar gaňrylyp seretdiler, — onuň ýanyna barmakdan maňa näme peýda?
Azazello eglip, onuň gulagyna köp manyly pyşyrda-dy:
— Peýda-ha gaty uly... Siz pursatdan peýdalanyp...
— Näme? — diýdi birden Margarita gözlerini giňden açyp , — eger gepiňize dogry düşünen bolsam, ol ýerde men ussatdan derek biljekmişim, şuňa yşarat edýäňizmi?
Azazello sesini çykarman, baş atdy.
— Gidýärin! — uly güýç bilen diýdi Margarita Azazellonyň elinden mäkäm tutup, — nirä diýseňizem bararyn! Azazello «off» edip, ýeňillik bilen dem aldy-da, oturgyjyň arkasyna söýenip, «Nýura» diýip oýulyp ýazylan ýazgyny arkasy bilen ýapyp, kinaýaly sözläp ugrady:
— Aýal diýilýän millet bilen düşünşmek kyn! — ol ellerini jübüsine sokup, aýaklaryny öňe uzatdy, — nämüçin ala-böle bu işi maňa tabşyrdylar. Begemot gaýdan bolsa, ýagşyrak bolardy, çünki hulky ýakymly...
Margarita ýaňsyly we tagaşyksyz ýylgyryp diýdi: — Beýle oýunlaryňyz bilen meni aldamaňyzy, gynamaňyzy bes ediň... Men öňem bir bagtygara, sizem ondan peýdalanýarsyňyz. Allanähili düşnüksiz waka başymy sokýaryn, ýöne ant içip aýdýaryn, diňe ony dile getirip, imrindireniňiz üçin gidýärin!
— Çekeleşiksiz, dramasyz — diýdi ýüzüni turşadyp Azazello. — Siz meniň ýagdaýyma-da düşünjek boluň. Iş dolandyryjyň tumşugyny owratmak, birewiň daýysyny öýden kowmak, kimdir birini atyp, ýaralamak, ýene-de şular ýaly bor-bolgusyz işleri etmek meniň esasy kesbim, emma aşygana aýallar bilen söhbetleşmek — siziň sadyk guluňyza kyn düşýär. Gör-ä, ýarym sagatdan bäri size gep düşündirip bilemok. Ýeri, gidýäňizmi?
— Gidýän — diýip, kesgitli aýtdy Margarita Nikolaýewna.
— Beýle bolsa, şuny al — diýip, Azazello jübüsinden togalok altyn gutujyk çykardy we ony Margarita uzadyp, diýdi: — Gizläň tizräk, ýogsa ötegçiler seredýär. Bu size gerek bolar, Margarita Nikolaýewna. Siz soňky ýarym ýylyň içinde gam-gussadan ýaňa az-kem garrapsyňyz. (Margaritanyň jany ýandy, ýöne jogap gaýtarmady. Azazello gepini dowam etdi). Şu gün agşam takyk sagat onuň ýarynda çyp-ýalaňaç bolup, şu melhemi ýüzüňize we bütin bedeniňize sürtüp çykyň. Soň göwnüňiz islän işi ediň, diňe telefondan daş gitmäň. Sagat onda saňa özüm jaň edip, näme etmelidigini aýdaryn. Siz hiç hili alada etmeli bolmarsyňyz sizi bellenen ýere elterler, asla biynjalyk etmezler. Düşündiňizmi?
Margarita dymdy, soň jogap berdi: — Düşündim. Bu sap altyndan, agramyndan bildirýär. Hawa, men gaty gowy düşünýän, maňa para berip, netijede şübheli bir işe ulaşdyryp, bela giriftar etjeksiňiz.
— Eýsem bu näme boldugy, — gygyrdy jany çykaýjak bolup Azazello, — siz ýene-de?..
— Ýok, sabyr ediň!
— Gaýdyp beriň yzyna melhemi.
Margarita gutujygy eline mäkäm gysyp, dowam etdi:

— Ýok howlukmaň... Nähili işe baş goşanymy bilýärin. Emma men islendik şerte şol diýip razy bolýaryn çünki meniň dünýäde ondan özge hiç kimim ýok. Emma size şuny aýdyp goýaýyn, eger meni heläk etseňiz, siz üçin aýyp bolar! Hawa, aýyp! Men söýgim üçin heläk bolýaryn — diýip, Margarita kükregine urup, Güne seretdi.
— Gaýdyp beriň, — diýip hyşşyldady Azazello hapa bolup, gaýdyp beriň, şeýtan ursun beýle tabşyrygy! Goý, Begemoty ibersinler.
— Aý, ýok! — diýdi Margarita ötegçileriň ünsüni çekip. — Hemmesine razy men, bedenime melhem çalyp, gülki-masgara bolmaga hem, hatda şeýtanyň alyna gidip, jähennem oduna barmaga hem razy men. Melhemi berjek däl!
— Bä-ä! — diýip birden gygyryp goýberdi Azazello we bagyň daşyndaky gözenege seredip, barmagy bilen bir ýere yşarat etdi. Margarita Azazellonyň görkezen tarapyna seredip, ünsi çekýän hiç zat görmedi. Şonda ol tutaryksyz «Bä-ä!» sözüne düşündiriş sorajak bolup, Azazello öwrüldi, emma Margarita Nikolaýewnanyň syrly söhbetdeşi gaýyp bolupdy. Şonda Margarita elini bukjasyna tiz sokup, gygyrmazyndan öň oňa salyp goýan altyn gutujygyny tapdy-da, köňli rahatlandy. Soňra Margarita oýlanman, Aleksandr bagyndan howlukmaç çykyp gitdi.

## XX bap

## AZAZELLONYŇ MELHEMI

Dolan Aý agşamyň açyk asmanynda asylyp durup, zereň agajynyň şahalarynyň arasyndan görünýärdi. Lipa we akasiýa agaçlarynyň şahalaryndan düşýän kölege Lipa we akasiýa daragtlary bagyň aşagyna çylşyrymly nagyş çekip, bezeg berýärdi. Binadan ýarym tőwerek şekilinde çykyp duran ýatakjaýynyň açyk, emma perde bilen ýapylan üç gabsaly penjiresi elektrik çyrasyndan ýaňa gaty ýagtydy. Margarita Nikolaýewnanyň ýatakjaýynda barça çyralar ýakylyp goýlany sebäpli otagdaky tertipsizlikler anyk göze ilip durdy. Krowada ýazylan odeýalda köýnek, jorap, içki lybas dagap ýatyr, çykarylyp taşlanan içki geýimler bolsa aýak astynda, howlukmaçlyk bilen söndürilip, basyp ýenjilen bir gap çilimiň ýanynda gyjymlanyp ýatyrdy. Köwüşler agşamlyk stoljugyň, kofesi içip gutarylmadyk käse we çilim galyndysy tüsseläp duran küldanyň gapdalynda durdy, oturgyjyň arkasyna gije geýilýän gara köýnek asylgydy. Otag atyr ysyndan kükeýärdi, mundan daşgary, niredendir bir ýerden gyzdyrylan ütügiň ysy hem gelýärdi.
Ýalaňaç Margarita Nikolaýewna ýuwunanda geýýän haladyny egnine atyp, aýagyna ýumşak deriden tikilen gara köwüş geýip, ýüz görülýän aýnanyň garşysynda otyrdy. Onuň öňünde Azazellodan alnan gutujygy sagatly altyn bilezik durdy. Margarita sagadyň dilinden gözüni aýyrmaýardy. Käte oňa sagat bozlyp, dilleri ornundan gozganmaýan ýaly duýulýardy. Emma diller, göýä bir zada ilişýän ýaly, hernäçe haýal bolsa-da, ýöräp durdy, ine, ahyry, sagadyň uzyn dili dokuzdan ýigrimi dokuz minut geçenini görkezdi. Margaritanyň ýüregi şeýlebir çalt urup başlady welin, deslapky wagtda gutujygy ele almaga hem majaly galmady. Ahyry ol özüni ele alyp, gutujygy açdy — onda sarymtyl krem-melhem bar eken. Ondan batgaň ysy gelýän ýaly duýuldy. Margarita barmagynyň ujy bilen kremden azajyk alyp, aýasyna sürtdi,

batganyň ysy tokaý ysy bilen goşulyp bogazyna haplap uruldy, şondan soň Margarita kremi aýasy bilen maňlaýyna, ýaňaklaryna sürtüp başlady. Krem aňsat çalynýardy we Margaritanyň duýuşyça, bada-bat endamyna siňip gidýärdi. Margarita ýüzüne kremden üç-dört gezek çalandan soň, aýna seretdi-de, birden elindäki altyn gutujygy ýere gaçyrdy. Gutujyk sagadyň çüýşe gapagynyň üstüne gaçyp, ony edil möýüň kerebi ýaly şekilde çat açdyrdy. Margarita gözlerini derrew ýumdy, soňra ýene aýna seredip, birden joşgunly gülüp başlady.

Onuň müçenekde timarlanan gaşlary goýalyp, iki sany garamtyl ýaý bolup, gök gözleriniň üstünde gerlip durdy. Geçen ýyl oktýabrda, ýagny ussat gaýyp bolandan soň, ýüzünde peýda bolan inçejik dik ýygyrt tekizlenip ýok boldy. Şeýle hem, iki çekgesinde peýda bolan sarymtyk ýakal hem, iki gözüniň daşky gabaklarynyň üstünde hasyl bolup başlan göze görünmez garalar, çyzyklar hem ýitdi. Ýaňaklary tekiz gyzylymtyl reňke boýaldy, maňlaýy ap-ak we gubarsyz boldy, buýraladylan saçlary ýaýyldy.

Otuz ýaşly Margaritanyň garşysynda indi, aýnada doga gara saçly ýigrimi ýaşlaryndaky jenan sadap dek ak dişlerini görkezip, gaty-gaty gülýärdi.

Margarita güle-güle ýadansoň, bir silkinip, egninden haladyny zyňdy we ýakymly melheme penjesini batyryp, ony endamynyň ähli ýerine çalmaga başlady. Bedeni şobada gyzaryp, lowlap gyzdy. Şonda Aleksandr bagyndaky duşuşykdan soň iki çekgesiniň, edil beýnisine iňňe sünjülip goýlan ýaly dynuwsyz örteýän agyry birden aýrylyp, el-aýaklarynyň dokumalary güýje doldy we Margarita öz jisminiň agramsyz bolanyny duýdy.

Ol segräp halyň ýokarysynda, howada asyl-asyl boldy, soňra ýuwaşlyk bilen aşak, düşüp ugrady.

— Aýlanaýyn melhemden! Baý, bu kremi! — diýip gygyrdy Margarita, özüni kürsä taşlap. Krem onuň diňe daşky kyýapasyny üýtgetdi. Indi onuň bütin göwresinde, bedeniniň her bir öýjüginde şatlyk mööwç urýardy ki, muny ol ähli beden agzalarynda hasyl bolýan jümşüldi kibi duýdy. Margarita özüni bar zatdan azat bolan ýaly, erkin duýdy. Mundan daşgary, ol ir bilen köňlüne gelen närsäniň ýüze çykandygyna, indi bu öýi we öňki ýaşaýyş keşbini bütinleý terk etjegine örän aýdyň düşündi. Emma ine, öňki ýaşaýyş keşbini terk etmezden öňürti, ony ýokaryk, göge alyp gitmekçi bolan nähilidir täze, üýtgeşik kuwwata boýun synmakdan ozal, iň soňky borjy berjaý etmelidigi köňlüne geldi-de, çyp-ýalaňaç halynda howada uçup, äriniň kabinetine atylyp girdi we çyrany ýakyp, ýazuw stoly bakan ylgady. Ol bloknotdan bir tagta kagyzy ýyrtyp alyp, oňa galam bilen uly-uly edip şeýle ýazdy: «Meni bagyşla we tizräk unut. Men seni ömürlik terk edýärin. Meni gözleme, netije çykmaz. Men başyma düşen hasratdan we betbagtlykdan ýaňa arwaha öwrüldim. Men gidip barýan. Hoş gal. Margarita».

Soň onuň ruhy ýeňläp, ýene ýatýan jaýyna uçup girdi, onuň yz ýanyndan goş-golaň baryny göterip Nataşa ylgap girdi. Şol bada bu zatlaryň bary: — köýnek asylan agaç geýim asgyç, nagyşly ýaglyklar, guta salnan gök ýüpek köwüşdir kemer ýere döküldi we Nataşa çaň basan ellerini kakyşdyrdy. — Nähili, owadanmy men? — diýip gyrlan ses bilen gygyrdy Margarita Nikolaýewna.

— Waý, toba-a! — diýip pyşyrda-dy Nataşa yzyna tesip, nädip etdiň muny, Margarita Nikolaýewna?

— Bu — krem! Ýag, melhem — diýdi Margarita özüni aýnada synlap, her tarapa öwrülip, lowurdap ýatan altyn gutujyga yşarat kyldy.

Nataşa polda ýatan gyjymlanan köýnege nazar salman, aýnanyň öňüne ylgap baryp, gutujygyň düýbünde galan ýaga nebsewürlik bilen seretdi. Onuň dodaklary tibirdäp durdy. Soň ol Margarita öwrülip, tükeniksiz yzzat-hormat bilen diýdi: — Bedeniňize serediň! Bu näme boldugy? Bedeniňizden nur ýagyp durd-a, Margarita Nikolaýewna.

— Şundan soň ol birden huşuna gelip, derrew ýerde ýatan köýnegi aldy-da, onuň çaňyny kakyp başlady.

— Taşlaň ony! Taşlaň! — diýip gygyrdy Margarita. — Jyn ursun hemmesini, zyňyp goýber! Ýok, gowusy, özüňe a ony, menden ýadygärlik. Ýadygärlik üçin alyň diýýärin. Şu otagda näme bolsa, hemmesini alyber.

Aňk-taňk bolup galan Nataşa edil däli adam dek kän wagta çenli Margaritadan gözüni aýyrman, aňkarylyp galdy, soň onuň boýnuna böküp, yzly-yzyna ogşap:

— Siz Atalasyň özi! Lowurdaýar! Atlas ýaly! Waý, gaşlaryňyza bir serediň, gaşlaryňyza!

— Alyp git hemme esgi-pesgilerimi, atyrlarymy hem alyp, sandygyňa salyp, gizläp goý, — diýýärdi Margarita, — emma gymmat zatlara degme, sizi ogrulykda aýyplamaklary mümkin.

Nataşa eline düşen köýnekdir köwşi, joraby, içki geýimleri — hemmesini ýygnap, bir bukja edip, ýatylýan jaýdan ok ýaly atylyp çykyp gitdi.

Şu mahal dar köçäniň aňyr tarapyndaky haýsydyr bir açyk penjireden ökdelik bilen çalynýan walsyň owazy gümbürdedi we aýny wagtda bir maşynyň derwezäniň öňüne gelip durany eşdildi.

— Häzir Azazello jaň eder! — diýdi Martgarita, dar köçeden ýaňlanýan walsa gulak asyp, — ol jaň eder! Daşary ýurtlydan gorkmaly däl. Hawa, indi düşündim, ol howpsuz adam!

Maşyn güwläp, derwezeden daşlaşyp ugrady. Köçe tarapdaky gapy uruldy we howludaky daş ýodadan aýak sesi geldi. «Bu Nikolaý Iwanowiç, aýak alyşyndan bilýärin — diýip oýlady Margarita, — hoşlaşykdan juda täsin, gülküli bir iş etmegiň gerek».

Margarita penjiräniň perdesini «şyr» edip bir tarapa syrdy-da, onuň aşak eteginde dyzyny gujaklap, gapdallaýyn oturdy. Aý nury onuň sag böwrüne ýagty salýardy. Margarita başyny göterip Aýa seretdi-de, çehresinde şahyrana pikirlenme keşp etdi. Aýak sesi ýene bir-iki ýola eşidilip, soňra birden kesildi. Margarita ýene biraz Aýy söýünip, sypaýçylyk üçin uludan dem aldy-da, bag tarapa gaňrylyp çyndanam öýüň aşak gatynda ýaşaýan Nikolaý Iwanowiçy gördi. Aý Nikolaý Iwanowiçi öz nuruna gark edipdi. Ol uzyn oturgyçda otyrdy, emma özünden biygtyýar oturandygy mälimdi. Pensnesi bir tarapa agyp gidipdir, sanajyny-da mäkäm gujaklapdyr.

— A, salam, Nikolaý Iwanowiç, — mylaýym owaz bilen diýdi Margarita, — agşamyňyz haýyr! Ýygnakdan gelýäňizmi?

Nikolaý Iwanowiç bu sowala jogap bermedi.

— Men bolsam — diýip dowam etdi Margarita, göwresini köpräk daşaryk çykarmaga çalşyp, — özüňiz görüp dursuňyz, ýekelikden içim gysyp, näme etjegimi bilmän, Aýa bakyp, wals diňläp otyryn.

Margarita çep eli bilen çekgesine düşen saçyny dogrulady, soň gaharlanyp diýdi:

— Bu hormatsyzlyk, Nikolaý Iwanowiç! Her halda men aýal adam-a! Özüňiz bilen gepleşýän, adama jogap bermezlik — bu gaty biedeplik!

Külreňk gursakçanyň hatda iliklerine çenli ak-sary, çokga çal sakgalynyň her bir tary Aý ýagtysynda görnüp duran Nikolaý Iwanowiç birden ýakymsyz ýyrşardy, oturgyçdan turdy we utançdan ýaňa özüni ýitirip, başyndan şlýapasyny alyp salamlaşmaga derek, sanaçly elini gerdi we oturjak bolýan ýaly, dyzlaryny epdi.

— Waý, beýle tünt bolmasaňyz-la, Nikolaý Iwanowiç, — dowam etdi Margarita, — umuman, men siziň hemmäňizden bizar boldum, ýöne muny beýän etmäge söz tapamok, şonuň üçin siz bilen hoşlaşýanyma gaty şat men! Wah, jyn ursun hemmäňizi!

Şu mahal Margaritanyň arkasynda ýatylýan otagda telefon jyrlady. Ol penjireden segräp düşüp, Nikolaý Iwanowiçi hem unudyp, trubka ýapyşdy.

— Azazello gepleýär — diýen ses eşidildi trubkadan.

— Ezizim, Azazello! — diýdi Margarita gygyryp.

— Wagt boldy! Uçup çykyber — diýdi Azazello, Margaritanyň äheňinden şatlykly keýpiýetinden göwni göterilendigi bildirip durdy.

— Derwezäniň üstünden uçup geçeniňizde: «Görünemok!» — diýip gygyryň. Soňra öwrenişmek üçin bir salym şäheriň üstünde uçup, soň günorta tarapa uçup, şäherden çykyp git, göni derýanyň boýuna baryň. Sizi ol ýerde garaşýandyrlar!

Margarita trubkany ýerinde goýdy, şol wagt goňşy otagda nähilidir bir agaç enjam gapa tark-tark urlup başlady. Margarita baryp gapyny açanda, pol süpürilýän çotga tans edip bäri girdi. Onuň çotka tarapy ýokarda bolup, dessesi bilen kä depinip, kä oýun edip, penjire tarap okdurylýardy. Margarita begenjinden hiňlenip, çotga mündi. Ana, diňe şonda Margarita bu tos-topalaňda geýinmegi-de undup barýanlygyny duýdy. Ol «bedewi» krowatyň öňüne uçuryp baryp, eline ilki ilen gök reňkli köýnegi aldy. Soňra ony edil baýdak ýaly pasyrdadyp, penjireden uçup çykyp gitdi. Wals sedasy indi bagyň depesinde batlyrak ýaňlanyp başlady. Margarita penjireden pese uçup düşüp, uzyn oturgyçda oturan Nikolaý Iwanowiçi gördi. Ol daş ýaly doňup, ýokary gatdaky ýap-ýagty otagdan gelýän goha we tark-turklara gulak asyp, aňkarylyp galypdy.

— Hoş galyň, Nikolaý Iwanowiç! — diýip gygyrdy Margarita, onuň garşysynda tans oýnap. Ol «waý» diýip gygyryp, oturgyjyň üstünde emedekläp, portfelini-de ýere gaçyrdy.

— Ömürlik hoş galyň! Men uçup gidip barýaryn — diýdi Margarita, wals sazyny basyp gider derejede gygyryp.

Şu wagt ol elindäki köýnegiň asla gereginiň ýokdugyny aňlap, ýakymsyz ha-ha-haýlady-da, ony Nikolaý Iwanowiçiň kellesine örtdi. Gözi zat görmän galan Nikolaý Iwanowiç oturgyçdan kerpiç ýoda ýykyldy.

Margarita öz uzak mütdet azar çekip ýaşan öýüne soňky gezek nazar aýlamak üçin yzyna öwrüldi, öwrüldi-de çyralaryň şöhlesinden low-low parlap duran penjirede Nataşanyň geň galyp, üýtgän ýüzüni gördi.

— Hoş gal, Nataşa! — diýip gygyrdy-da, ol çotgaň başyny ýokary göterdi, — görünemok, görünemok, — diýip ýene batlyrak gygyrdy, soň zereň daragtynyň şaha-ýapraklaryna ýüzüni urduryp, onuň şahalarynyň arasyndan, soňra derwezäniň üstünden parlap geçip, köçä çykdy. Şonda joşgunly çalynýan walsyň owazy hem onuň yzyna eýerdi.

## XXI bap

## PERWAZ

Men görünemok, men erkin guş! Men görünemok, men erkin guş! Margarita öz köçesinden uçup, ony kesip geçýän başga bir dar köçä çykdy. Ol kerosin we zyýanly ownuk mör-möjeklere garşy suwuk derman satylýan, ýere çöküp, gyşaran nebit dükany ýerleşen bu ýamak-ýasak, gyňyr-gyşyk, uzyn dar köçeden hem bir demde uçup geçdi we şonda ol erkin, göze görünmeýän bolsa-da, seresap bolmalydygyny pähimledi. Ol çotgany wagtynda togtadyp, ätiýaç etmedik bolsa, panus sütünine urlup, heläk bolmagy mümkindi. Margarita çotgany mäkäm penjeläp, sütünden öwrüm berip geçdi we indi elektrik simleriň, ýan köçäniň üstünde kese asylan bildirişleriň arasyndan häzirräk bolup, ýuwaş uçdy.

Üçünji dar köçä göni Arbata alyp çykýardy. Margarita çotga erk etmegi indi pugta öwrendi, çotga oňa boýun synyp, el-aýagynyň sähelçe hereketine etagat edýärdi. Özi hem şäheriň üstünde uçýän wagty seresap bolmagyň, köp bibaşlyk etmezligiň gerekdigini düşünipdi. Mundan daşgary, uçup barýany ötegçileriň hiç haýsynyň görmeýändigi aýan boldy. Hiç kes başyny galdyryp ýokaryk seretmeýärdi, «beý, oňa serediň!» — diýip gygyrmaýardy, özüni çete çekmeýärdi dat-perýat etmeýärdi, huşundan gitmeýärdi, däli ýaly hahahaýlap gülmeýärdi.

Margarita takmynan ikinji gatyň belentliginde sessiz, ýuwaş uçup barýardy. Emma şonda hem ýap-ýagty Arbat köçesine çykyberinde, ýalňyşyp, nähilidir bir tegelek köçe belgisine egni uruldy. Bu ýagdaý Margaritanyň gaharyny getirdi. Ol boýun synýan çotgany öwrüp, bir gapdala çekildi-de, birden şol belgä hemle urup, çotganyň ujy bilen onuň aýnasyny kül-uşak etdi. Aýna döwükleri aşak dökülip, adamlar özlerini çete çekdiler, bir ýerden jürlewik çalyndy, emma Margarita bu gerekmez işi edip, soň kah-kah urup güldi. «Arbatda has-da seresap bolmaly eken, — diýip oýlandy ol, — bu ýerde hemme zat şeýlebir garym-gatym bolup gidipdir, baş alyp çykar ýaly däl». Ol simleriň arasyndan uçup geçip, aşakda trolleýbuslaryň, awtobuslaryň, ýeňil maşynlaryň üçegini gördi. Ýan ýollarda bolsa papaklaryň derýasy akýan ýalydy. Bu derýalardan çeşmeler bölünip çykyp, agşamky dükanlaryň ýalynly agzyna akyp girýärdi. «Baý-bow, hümer-le! — diýip oýlandy Margarita gaharlanyp, — gybyrt etmäge ýer ýog-a!» Ol Arbaty kesip, geçip, dördünji gatyň belentligine çykdy, we burçdaky teatryň fakel dek parlap duran turbalarynyň ýanyndan geçip, iki tarapynda beýik-beýik ymaratlar gurlan gaty bir dar köçä uçup

girdi. Bu ýerdäki öýleriň hemme penjireleri açyk bolup, olaryň hemmesinde radiodan saz sesi gelýärdi. Margarita bilesigelijilik bilen olaryň birine göz gezdirdi-de, aşhanany gördi. Plitanyň üstünde iki primus güwläp ýanýardy, eli çemçeli iki aýal özara jenjelleşýärdi.
— Hajathana (tualete) girip çykanyňyzdan soň, çyrany öçürmek gerek. Men size aýtsam, Pelagýa Petrowna, — diýdi bugly merweriň ýanynda duran aýal, ýogsa arza berip, sizi göçürdip goýbereris!
— Özüňizem ilden üýtgeşik däl — diýip jogap berdi ikinji aýal.
— Ikiňizem bir-biriňizden düzüw däl — diýdi Margarita batly owaz bilen, penjireden aşhana uçup girip. Gohlaşyp duran iki aýal ses gelen tarapa öwrüldiler-de, elleri hapa çemçeli aňk-taňk bolup, doňup galdylar. Margarita ýuwaşlyk bilen iki primusyňam gulagyny burup, oduny söndürdi. Aýallar «waý» diýip gygyryp, agyzlary açylyp, aňkarylyp galdylar. Emma indi aşhana Margaritany irizdi, ol ýene dar köçä uçup çykdy.
Köçäniň aýagyndaky, megerem, täze gurlan, sekiz gatly kaşaň bina Margairtanyň ünsüni çekdi. Ol pesläp ýere düşdi we ymaratyň öň tarapyna gara mermer örtülendigini, onuň aýnaly giň gapysynyň içerisinde altyn bezegli papak geýen, ilikleri ýaldyrawuk gapy garawulynyň durandygyny, gapyň ýokarsyna bolsa altyn harplar bilen: «Dramlit öýi» diýip ýazylan ýazgyny gördi.
Margarita bu «Dramliti nämekä» diýip, gözlerini süzüp, ýazga içgin seretdi. Soň çotgany goltugyna gysdyryp, gapyny açyp, içerik girip, gapy garawulynyň agzyny açdyrdy. Içerde liftiň ýanyndaky diwardaky ullakan gara tagta gözi düşdi. Oňa kwartiralaryň nomerleri we olarda ýaşaýanlaryň familiýalary ak harplar bilen ýazylgydy. Bu hatyň iň ýokarsyna ýazylan «Drammatruglar we edebiýatçylar Öýi» diýen ýazgyny gören Margarita boguk owaz bilen wagşyýana gygyrdy. Ol howa göterilip, tagtadaky familiýalary üns bilen okap başlady: Hustow, Dwubratskiý, Kwant, Beskudnikow, Latunskiý...
— Latunskiý! — diýip gygyrdy Margarita. — Latunskiý! Ähä, bu şol! Ussady heläk eden ine, şu.
Gapynyň öňünde duran işik garawuly geň galmakdan ýaňa bir uçup-düşüp, gözlerini mölerdip, gara tagta äňetdi ol bu garaşylmadyk mugjyzany: adamlaryň at-familiýalary ýazylan hatyň öz-özünden nädip seslenip bilýänine düşünmän, doňup galdy. Margarita bolsa bu wagt basgançakdan ýokaryk dazlap çykyp barşyna wagtyhoşluk bilen tekrarlaýardy:
— Latunskiý — segsen dört! Latunskiý — segsen dört... Ine, çepde — 82, sagda — 83, ýene bir gat belentde, çepde 84. Ol şu taýda. Ine, ýazgy — «O. Latunskiý».
Margarita çotgadan düşdi, onuň gyzan ökjeleri daş düşelen meýdança degip hezil etdi. Ol bir gezek, soňra ýene bir gezek jaňy basdy. Emma hiç kim gapyny açmady. Margarita jaňyň düwmesini has gaty basdy, kwartirany başyna göterip jaraňlan jaňyň sesini özi hem eşitdi. Hawa MACCOLIT-başlygynyň trambaýyň aşagyna düşüp öleni we matam çäresiniň edil şu gün agşama belleneni üçin sekizinji gatdaky 84-nji kwartiranyň eýesi ömrüniň ahyryna çenli merhum Berlioza minnetdar bolmalydyr. Tankytçy Latunskiniň bagty bar eken. Şu bagt ony bu juma güni arwaha öwrülen Margarita bilen duşuşmakdan azat etdi.

Gapyny hiç kim açmady. Şonda Margarita ýol ugruna etažlary sanap, atylyp, aşak düşdi-de, köçä ýüwrüp çykdy we ýokary seredip, jaýyň gatlaryny sanap, Latunskiniň penjiresini takmynlap takyklady. Binanyň burçunda sekizinji gatdaky bäş sany garaňky penjire, şübhesiz, şonuň öýüdi. Margarita şu takmyny bilen howa göterildi we birnäçe sekuntdan soň, açyk penjireden garaňky otaga girdi, bu ýere aýyň inçejik kümüş şöhlesi düşüp durdy. Margarita şu şöhle-ýodadan ylgap baryp, tok düwmesini sermeläp tapdy. Ýene bir minutdan soň jaý doly ýagtyldy. Çotga bir burçda durdy. Margarita öýde hiç kimiň ýoklugyny bilip, basgançaga çykylýan gapyny açyp, ondaky ýazgyny barlady. Ýazuw şoldy, diýmek, Margarita öz gözlän kwartirasyna giripdir.

Hawa, aýdyşlaryça, tankytçy Latunskiý häzire çenli bu eýmenç agşamy ýatlasa, reňki çuw-ak bolýarmyş, häzire deňiç Berliozyň adyny hormat bilen ýatlaýarmyş. Eger ol öýünde bolanlygynda, bu agşamyň nähili şum we ýakymsyz jenaýat bilen soňlanjagy asla syr bolup galardy. Margarita aşhanadan agyr çekiji alyp çykdy.

Ýalaňaç we görünmez arwah özüne tesgin-teselli bermäge çalyşýardy, elleri bitakat titreýärdi. Ol rast nyşana alyp, roýalyň klawişlerine çekiç urdy, roýalyň eýmenç nalasy bütin kwartirany basdy. Onuň klawişleri opurylyp, syrçalary gopup, dumly-duşa syçrap başlady. Roýal iňleýärdi, ýňranýardy, hyrlaýardy, ýaňlanýardy. Onuň syrçalanan gapagy edil sapança atylan dek «kars» edip ýaryldy. Margarita kynlyk bilen haslap, roýalyň tarlaryny çekiç bilen gaňryp, üzýärdi. Ahyry ýadap, birazajyk demini dürsemek üçin özüni kürsä oklady.

Wannada hem, aşhanada hem suw eýmenç tüýsde şarlap akýardy. «Suw daşyp, pola akyp başlan bora çemeli» diýip köňlünden geçirdi Margarita, soň sesli dowam etdi:

— Görýän welin, köp oturmaly däl.

Suw aşhanadan dälize akyp çykypdy. Margarita şalp-şalp edip, aýakýalaňaç suwda ýöräp aşhanadan tankytçynyň kabinetine bedreli suw alyp girdi we ony ýazuw stolynyň üstlerine we içlerine guýdy. Soňra kabinetde duran yşgabyň gapysyny çekiç bilen urup döwdi-de, ýatylýan jaýa okduryldy. Ol ýerdäki ullakan aýnaly yşgaby bozup, tankytçynyň asylgy duran kostýumyny aldy-da, baryp wannadaky suwa basdy. Kabinetden syýa çüýşäni ýatak jaýa getirip, syýany iki kişilik krowatdaky ýumşak ýorgan-düşegiň üstüne dökdi. Margarita özüniň bu weýrançylykly işinden lezzet alýan-da bolsa, bu oňa enteklerem az bolup görünýärdi. Şonuň üçin indi ol gözüne ilen ähli zady kül-uşak edip başlady. Ol roýally jaýda fikus ýerleşdirilen wazany döwdi. Bu işi dynyp, ýatak jaýa girdi we aşhanadan alan uly pyçagy bilen ýorganlary kesip, fotosurat ýerleşdirilen aýnabentli ramkalary urup döwdi. Ol ýadawlygy bilenokdy, onuň bütin bedeninden dynman der akýardy.

Şu wagt Latunskiniň öýüniň aşagyndaky 82-nji kwartirada dramaturg Kwantyň öý hyzmatkäri aşhanada çaý içip otyrdy, ýokary gatdan gelýän tapyr-tupur ylgamalara, haýsydyr bir zatlaryň kül-peýkun bolup döwülýänligine geň galdy. Ol başyny galdyryp, petige seretdi, seretdi-de, petigiň birden nähilidir bir öçügsi reňkde gögerip başlanyny gördi. Bu tegmil hyzmatkäriň göz öňünde kem-kem ulaldy-da, damjalar peýda boldy. Hyzmatkär bu hadysa iki minut ýaly dikanlap oturdy, ahyry, petikden hakyky ýagyş ýagyp başlady. Diňe şonda ol säpjäp turup, suw damýan ýere, pola jam goýdy, emma ol hiç hili peýda bermedi, çünki petikdäki yzgar güýçlenip, gaz

plitasyna hem, gap-çanak goýlan stolyň üstüne hem ýagyp başlapdy. Şonda Kwantyň öý hyzmatkäri gygyryp, ýokaryk atylyp çykdy, Latunskiniň kwartirasyndaky jaňy dynywsyz jyrladyp başlady.

— Ine, jaň edip, başladylar, indi gitsem hem bolýar, — diýdi Margarita. Ol çotga münüp, gapy tarapdan gelýän aýalyň sesine gulak asdy.

— Açyň! Açyň! Dusýa, aç gapyny! Siziňkiden akyp durmy suw? Bizi suw basdy.

Margarita bir metr ýokary göterilip, çekiç bilen asma çyra bir urdy, iki lampoçka partlap, çüýşe ownuklary dumly-duşa seçilip, pytrady. Gapy tarapdan eşidilýän gykylyk diňdi, basgançakdan ylgap düşülýän aýak sesleri eşidildi. Margarita penjireden uçup çykyp, onuň aýnasyny daşardan çekiç bilen ýuwaş urdy. Aýna pagş edip döwüldi, bölekleri öýüň mermer plitalaryna urlup pese gaçyp ugrady. Margarita ikinji aýnaň öňüne geçdi. Şu wagt juda aşakda, ýan ýodalarda adamlar eýläk-beýläk ylgaşlaýardylar. Jaýyň girelgesiniň öňünde duran maşynlaryň biri motoryny gürledip gitdi. Margarita Latunskiniň penjirelerini tamamlap, goňşy kwartiranyň penjireleriniň öňüne ýüzüp bardy. Aýnalaryň bölek-bölek bolup döwlüşi çaltlaşdy, tarkyldaýan, jaraňlaýan sesler bütin köçäni gurşady. Öýüň birinji girelgesinden gapy garawuly ylgap çykyp, ýokary seretdi, näme etjegini bilmedik bolara çemeli, birazajyk eglendi-de, agzyna jürlewük salyp, gahar-gazap bilen jürledip başlady. Margarita şu jürlewügiň sesiniň astynda sekizinji gatdaky soňky penjire aýnasyny-da keýp edip döwdi-de, ýedinji gata düşüp, bu gatyň hem aýnalaryny bir çetinden döwüp çykdy. Bütin öýi howsala, gorky basdy. Aýnasy heniz döwülmedik penjireler giň açylyp, olarda adamlaryň kellesi görünýärdi we şu demde ýene gaýyp bolýardy, açyk penjireler bolsa, tersine, ýapylýardy. Köçäniň aňry ýüzündäki öýleriň ýagty penjirelerinde, Dramlitiň täze binasynyň penjireleriniň nämüçin öz-özünden döwülýänligini bilmäge çalşyp, alada edýän adamlaryň gara kölgeleri görünýärdi.

Dar köçeden Dramlit öýüne tarap halk ylgap gelýärdi, öýüň içinde bolsa, aňkasy aşan adamlar basgançakda, ýan ýodalarda sebäpsiz, maksatsyz ylgaşýardylar. Kwantyň öý hyzmatkäri basgançakdan ylgap düşüp barýan adamlara, öýümizi suw basdy diýip gygyrýardy, bir salymdan soň oňa, Kwantlaryň aşagynda, — 80-nji kwartiradaky Hustowyň öý hyzmatkäri goşuldy. Çünki Hustowlaryň aşhanasynyň, hajathanasynyň petiginden hem şaglap suw geçýärdi. Ahyry Kwantlaryň aşhanasynda petigiň suwagy gopup, aşak gaçyp, stolda üýşüp duran ýuwulmadyk tabaklaryň barysyny kül-peýekun etdi, şondan soň suw hakyky çagba ýaly güwläp, gözenek tagtalaryň arasyndan çogdy. Birinji girelgäniň basgançagyndan adamlaryň dady-peryady eşidildi. Margarita dördünji gatdaky soňky iki penjiräniň öňünden uçup geçip barşyna, içerik seretdi we howlukmaçlyk bilen protiwogaz geýýän bir adamy gördi. Margarita penjire aýnasyna ýelmäp, ony gorkuzdy, ol otagdan gaçyp, gaýyp boldy.

Birden bu wagşyýana derbi-dagynlyk togtady. Margarita üçünji gata ýüzüp düşüp, ýukajyk perde tutulan iň çetki penjireden içerik seretdi. Otagy galpak geýdirilen bir çyra çala-çula ýagtyldýardy. Iki tarapyna tor tutulan kiçijik bir krowatda dört ýaşlar çemesindäki çaga şowhuna gulak salyp, gorkup otyrdy. Otagda ulylardan hiç kim ýokdy. Hemmeler daşaryk giden bolmaga çemeli.

— Aýna döwýärler! — diýdi çaga we: — Eje! — diýip gygyrdy.

Hiç kim jogap bermedi, şonda ol:

— Eje, men gorkýan — diýdi.

Margarita perdäni gyra süýşürip, penjireden uçup girdi.

— Men gorkýan — diýip tekrarlady çaga we titräp ugrady. — Gorkma, gorkma, balajyk — diýdi Margarita şemal çalyp, sowuklan sesini mylaýymyrak etmäge çalşyp. — Aýnany garagol oglanjyklar döwdi.

— Keman atdylarmy? — diýip sorady oglanjyk, indi sandyraman.

— Hawa, keman atdylar, keman — diýip tassyklady Margarita, — sen ýat-da, ykla!

— Sitnik atandyr — diýdi oglan, — şonda keman bar.

— Hawa, dogry, şol atdy!

Oglanjyk birden ses gelýän tarapa öwrülip, sorady: — Siz nirede, daýza!

— Men ýok — diýip jogap berdi Margarita. — Düýşüňe girýän.

— Menem şeýledir öýtdüm — diýdi oglan.

— Sen ýüzüňi aýaňa goýup ýat — diýip buýrdy Margarita, — men seniň düýşüňe gireýin.

— Bor, bolýar, düýşüme gir-äý — diýip razy boldy oglanjyk we şobada ýüzüni aýasyna goýup ýatdy.

— Saňa erteki aýdyp bereýin — diýdi Margarita we gyzgyn elini çaganyň saçy syrylan kellesine goýdy, — bir bar eken, bir ýok eken, dünýäde bir daýza bar eken. Ol perzentsiz, özem örän betbagt eken. Ine, şol daýza aglap-aglap, ahyry gaharjaň arwaha öwrülipdir... — Margarita sesini çykarman, elini çaganyň başyndan aýyrdy — ol uklap galypdy.

Margarita çekiji ýuwaşlyk bilen penjiräniň tekjesine goýup, özi daşaryk uçup çykdy. Öý öňi tos-topalaňdy. Aýna döwüklerine gömlüp giden asfalt ýan ýodada adamlar bir zatlar diýşip, ylgaşlaýardylar. Bu ýerde indi milisionerler hem peýda bolupdy. Birden jaň sesi güýçli ýaňlandy we üstünde merdiwany bar ýangyn söndürýän gyzyl maşyn Arbatdan dar köçä öwrülip geldi.

Mundan soňky wakalar indi Margaritany gyzyklandyrmaýardy. Ol simlere çolaşmazlyk üçin çotgany mäkäm gysyp, derrew bu oňaýsyz jaýyň depesine tiz çykdy. Dar köçe aşakda bir tarapa gyşaryp, soň dik aşak gitdi. Indi şu bir köçäniň ornuna Margaritanyň aýagynyň aşagynda kän-kän üçekler peýda boldy — olary her ýerinden, her ýerinden ýagty ýollar dörtburç bolup kesip geçýärdi. Bularyň barysy birden bir tarapa ýüzüp gitdi. Çyralaryň ýagtysy bir-birine gatyşyp, ýaýrady.

Margarita ýene bir silkinip öňe okdurylypdy, ýaňky üçekler ýer teýine siňip, gözden gaýyp boldy, indi olaryň ýerinde pesde elektrik çyralaryndan emele gelen ýylpyldaýan köl peýda boldy we bu köl birden gapdala öwrülip, dik durdy, soň Margaritanyň depesine çykdy. Aý bolsa onuň aýagynyň aşagynda parlap başlady. Margarita özüniň başaşak uçýandygyny aňşyrdy we ýene asylky ýagdaýyna düşüp seredende, çyralar kölüniň hem indi gaýyp bolanyny, arkada gökde diňe elwan şapagyň galanyny gördi. Birazajyk wagtdan soň şapak hem ýitdi, şonda Margarita özünden belentde, çep tarapynda ýüzýän Aýdan başga hemrasynyň ýokdugyny gördi. Onuň saçlary bireýýäm bir ýere jemlenipdi, Aý bolsa onuň bedenini öz nuruna ýuwýardy. Margarita aşakda iki hatar bolup düzlen seýrek çyralaryň iki sany otly çyzyga öwrülenini we salym geçmän, yzda galyp, gözden ýitenini görüp, özüniň

haýran galmaly tizlikde gidip barýanyny pähimledi-de, deminiň tutulmaýandygyna geň galdy.
Aradan birnäçe sekunt geçende juda uzakda, aşakda, ýer üstünde elektrik şöhlelerinden emele gelen täze köl parlady, emma ol derrew pyrlanyp-aýlanyp, ýer bagryna çümdi. Ýene birnäçe sekuntdan ýene şol zatlar gaýtalandy.
— Şäherler! Şäherler! — diýip gygyrdy Margarita.
Şondan soň ol aýagynyň aşagynda solgun reňkli, gara gaply gylyçlaryň ýatanyny iki-üç gezek synlady we olaryň derýadygyny pähimledi.
Perwazdaky aýal başyny ýokaryk, çep tarapa öwrüp, Aýyň örän çaltlyk bilen yza, Moskwa tarapa däli ýaly çalt ýüzýändigini we şol birwagtda, asla gymyldaman duranyny gördi ki, Aýyň ýüzünde ýiti tumşugy terk edilen şähere tarap garap duran aždarha ýa-da küýki taýçanagy ýatladýan syrly gara tegmil anyk görnüp durdy.
Şu mahal Margarita çotgany ýöne ýere şeýle bat bilen uçuryp ýörün, beýle tizlikde daş-töweregi anygyrak synlabam bilmerin, perwazdan lezzet alybam bilmerin diýip göwnünden geçirdi...
Margarita çotganyň baş tarapyny öňe iterdi, onuň dessesi — guýrugy ýokary göterildi, şeýdip ol uçuşy ýuwaşadyp, ýere tarap pesläp başlady. Ine, şu edil asman sankisinde uçan dek pese tyýpyp düşmek oňa örän gowy lezzet bagyşlady. Ýer Margarita tarapa galyp gelýärdi onuň şu wagta çenli nämälim bolan gap-gara üstünde syrly sypatlary açylyp, jemi ki täsinlikleri aý-aýdyň gijede anyk göze görnüp başlady. Ýer Margarita golaýlaşyp gelýärdi we onuň bokurdagyna ýaşyl lybas geýip başlan tokaýlaryň ysy üfläp durdy. Margarita gyraw düşen otly meýdany bürän dumanyň üstünden, soň bir kölüň üstünden suwlup geçdi. Margaritanyň aýagynyň aşagynda gurbagalar güýjünde baryny edip, joş urup warryklaýardylar, alysda bir ýerde otly nämüçindir ýüregi tolgundyryp, paşşyldap barýardy. Margarita basym şol otlyny-da gördi. Ol howa uçgun saçradyp, edil pile gurçugy kibi gyrbyldap barýardy. Margarita ondan ozup, ýene bir aýna kölüň üstünden uçup geçdi, bu kölüň üstünde ýene bir Aý parlap durdy, ol ýene pesläp, uly sosna agaçlarynyň uçlaryna aýaklary deger-degmez perwaz urdy.
Şol mahal arkadan howany jyrladyp ýyrtýan ýaly eýmenç şowhun eşdildi, ol Margarita kem-kem golaý geldi. Uçup gelýän top okuny ýatladýan bu şowhuna aýal adamyň ençe çakyrymdan eşidilýän hahahaýlamasy kem-kem goşuldy. Şonda Margarita yzyna öwrülip, nämälim bir gara zadyň öz yzyndan kowup gelýänini gördi. Ol gara zat golaýlaşyp geldigiçe, onuň haýsydyr bir nämälim närsä münen adamdygy aýan boldy. Ýene birazdan soň ol adamyň kimdigi belli boldy. Bu — Nataşady. Ol Margaritany kowup ýetip, tizligini ýuwaşatdy, saçlary şemalda bulaşan çyp-ýalaňaç Nataşa bir semiz doňuza münüpdi, doňuz öňki toýnaklaryna portfel tutup, yzky toýnaklary bilen janhowluna dynman depeşekleýärdi. Onuň gözünden gaçyp, ýüpüne çolaşan pensnesi aý şöhlesinde ýalpyldap hallan atýardy, şlýapasy bolsa zol-zol gözüniň üstüne düşýärdi. Margarita doňza dikanlap seredip, ony tanady, bu — Nikolaý Iwanowiçdi. Ana, şonda Margaritanyň gülküsi tokaý üzre ýaňlanyp, Nataşanyň gülküsine garyşdy.
— Nataşka! — diýip gygyrdy Margarita, — krem sürtdiňmi senem?

— Gözüňe döneýin seniň! — diýip jogap berdi Nataşa, öz gohy bilen meýmiräp oturan gür tokaýy oýadyp, — o, meniň fransuz melikäm, men, ine, şunuňam kel başyna sürtdüm kremden!

— Melikäm! — diýip bögürdi doňuz, hamsygýan ses bilen, üstüne münen aýaly loňkuldadyp uçup barşyna.

— Janyňa gurban bolaýyn! Margarita Nikolaýewna! — diýip gygyrdy Nataşa, öz bikesi bilen ýanma-ýan uçup barşyna, — rast, kremi aldym. Ahyr bizem adam ahyryn — ýaşamagy, uçmagy isleýäris! Meni bagyşlaň, melikäm, indi men yza gaýtmaryn, ölsem hem dolanmaryn! Waý, nähili gowy, Margarita Nikolaýewna! Maňa öýlenmekçi — diýdi Nataşa, suw-sil bolup pyşyllap barýan doňzuň gerdenine barmagy bilen dürtüp — öýlenmekçi! Meni näme diýip çagyrypdyň, ä? — diýip gygyrdy ol doňzuň gulagyna eňilip.

— Perişdäm — diýip hyrlady doňuz, — men beýle tiz uçup bilmeýärin! Möhüm kagyzlarymyň pytrap gitmegi mümkin. Natalýa Prokofýewna, men närazylyk bildirýärin.

— Eý, jyn ursun seni, kagyz-pagyzlaryň bilen bile! — diýip gygyrdy Nataşa haýasyz hahahaýlap.

— Ýuwaşyrak, Natalýa Prokofýewna! Birden biri eşidäýmesin! — diýip, doňuz ýalbardy.

Nataşa Margarita bilen ýanma-ýan uçup barşyna, bikesi uçup gidenden soň onuň öýünde nämeler bolanyny güle-güle aýdyp berdi Nataşa, sowgat edilen närseleriň birine-de el urman, derrew geýimlerini çykaryp taşlapdyr-da, kreme topulypdyr, soň ony şapyr-şupur bedenine sürtüp başlapdyr. Seretse, bikesinde ýüz beren üýtgeşiklik onda hem peýda bolupdyr. Nataşa begenjinden joş urup gülüp, aýnada şekillenen täsin gözelliginden serhoş bolup durka, gapy açylyp, bosagada Nikolaý Iwanowiç görnüpdir. Ol Margarita Nikolaýewnanyň köýnegini we şlýapasy bilen portfelini elinde saklap, aljyrap duranmyş. Onuň gözi Nataşa düşüpdir-de, huşundan aýrylypdyr. Soň biraz huşuna gelip, köz ýaly gyzaryp, sakawlanypdyr: — Şu köýnegi ýerden göterip, hut özüm alyp çykmagy borjum hasapladym.

— Ýaňy näme diýdiň, deýýus, ä? — diýip çyňsap we hahahaýlap gülýärdi Nataşa. — Nämeler diýdiň, näme diýip ýoldan azdyrdyň meni! Petde-petde pul wada kyldyň. Klawdiýa Petrowna bilmez diýdiň. Näme, ýa gepim ýalanmy? — diýip waňkyldaýardy Nataşa doňza, ol bolsa utanyp, tumşugyny gapdala sowýardy.

Nataşanyň şohlugy tutup, degşip Nikolaý Iwanowiçe hem krem çalypdyr, çalypdyr-da, täsinlige doňup galypdyr. Aşaky gatda ýaşaýan bu hormatly goňşynyň ýüzi bürşüp, doňuz tumşugyna öwrülipdir, el-aýaklaryndan toýnak ösüp çykypdyr. Şonda Nikolaý Iwanowiç aýna seredipdir-de jan agyrly, wagşy ses edipdir, emma pursat elden giden eken. Birnäçe sekuntdan soň ol başyna düşen musybatdan ýaňa zar-zar aglap, üstüne Nataşany mündüripdir-de, Moskwadan haýsydyr bir tarapa uçup başlapdyr.

— Meni öňki kaddyma gaýtarmagyňyzy talap edýärin! — diýdi ol boguk ses bilen kä gazaplanyp, kä ýalbaryp, soň hor-horlap başlady, — men bikanun ýygynda gatnaşmagy islemeýärin! Margarita Nikolaýewna, siz öz hyzmatkäriňizi tertibe çagyrmalysyňyz.

— Aý ýog-a, eýýäm saňa men öý hyzmatkäri bolup galdymmy? Öý hyzmatkäri diý? — diýip heňkirdi Nataşa, doňzuň gulagyndan çümükläp-çümükläp, — ýaňy perişdäm diýmänmidiň!? Adyma näme diýipdiň?
— Wenera? — diýdi aglamyşlap doňuz, ol daşlaryň arasyndan şyrlap akýan çeşme üzre uçup, toýnaklary bilen hoz şahalaryny şytyrdadyp geçdi.
— Wenera! Zöhre ýyldyzy! — diýip buýsançly çyňsady Nataşa bir elini biline goýup, beýleki elini Aý tarapa uzadyp, — Margarita! Şazada gözel! Haýyş edip görüň, meni şu albassylygymda galdyrsynlar. Aýdanyňyz — emri wajyp, size häkimlik berildi!
Şonda Margarita:
— Bolýa, söz berýärin! — diýip jogap berdi.
— Sag bol! — diýip seslendi Nataşa we birden batly we allanähili gaýgyly äheňde gygyrdy: — Heý! Heý! Tizräk, Tizräk! Hany bir neme tijen! — Ol doňzuň janhowluna ýelip-ýüwrüş netijesinde iç-içine batyp giden bykynyna ökjeleri bilen hykylatdy, doňuz ýene howany iki bölüp, ýyldyrym ýaly öňe atyldy ki, birazajyk wagt geçer-geçmez, Nataşa uzakda gara nokat bolup göründi, soňra bolsa asla gözden gaýyp bolup, garasy hem öçdi.
Margarita guwlap ýatan, nätanyş ýerlerde, depelikleriň üstünden şol öňküsi ýaly assa-ýuwaş uçup barýardy: bu depeliklerde seýrek ösen äpet sosnalaryň arasynda ol ýerde-bu ýerde harsaň daşlar ýatyrdy. Margarita uçup barşyna, häzir Moskwadan gaty uzaklaşan bolsam gerek diýip oýlaýardy. Onuň münen çotgasy indi sosnalar üstünden däl, belki bir tarapy Aý şöhlesinden kümüş reňkde towlanýan daragtlar arasyndan uçýardy. Onuň ýeňil kölgesi ýerde, özünden has öňde örmeläp barýardy — indi Aý Margaritanyň ýagyrnysyna nur saçýardy.
Ol suwuň golaýdadygyny duýdy, diýmek, barylmaly menzil şu ýerlerde. Margarita sosnalar arasyndan çykyp, bir kert jaryň ýanyna bardy. Jaryň Aý nury düşmeýän düýbünde derýa akýardy. Bu dik jaryň eteginde duman agaçlaryň şahasyna degip durdy, derýanyň aňry kenary bolsa ýasy tekizlikdi. Ol ýerde bir top bolup ösen gür şahaly daragtlaryň aşagynda ýanýan otdan uçgun syçraýardy we nähilidir birhili sudurlar görünýärdi. Margaritanyň gulagyna şol tarapdan jynyňy tutdurýan ýakymsyz ses eşidilen ýaly boldy. Ondan aňyrda-tä gözýetime çenli Aýyň kümüş nuruna gark bolan tekiz sährada ne bir külbe, ne gybyrt edýän janly-jandar bardy.
Margaritanyň töwereginde hiç kim ýokdy, ýöne biraz beýleräkde, pessejik agaçlaryň arasyndan pagşyldy, şapyrdy eşidildi, ol ýerde-de kimdir biri suwa düşýärdi.
Birden ol tans etmesini goýup, üşerildi. Şapyrdy golaý gelip, gyrymsy agaçlaryň arasyndan kellesine gara ýüpek silindiri ýeňsä basyp geýen, semiz bir ýalaňaç adam çykdy. Onuň dabanlary suwuň düýbündäki gara palçyga batany sebäpli, ol aýagyna gara köwüş geýen ýaly bolup görünýärdi. Onuň synçgylawuk tutmasyndan, özüni alyp baryşyndan çen tutsaň, onuň ganymat içendigini, derýadan hem konýagyň ysy çykan ýaly bolup duýulandygyndan habar alsaň, muny äşgär bilse bolýardy.
Margaritany görüp, semiz töweregine garanjaklady-da, birdenem şadyýana gygyrdy:
— Bu nähili? Men şol gözeli görýänmi? Klodina, eýsem, bu sen dälmi, köşeşmeýän dul gelin? Senem bärdemiň? — diýip, ol salamlaşjak bolup öňe süýşdi.
Margarita yza tesip, mynasybet bilen jogap berdi:

— Gümüňi çeksene, jyn uran. Tapdyň bu ýerde Klodinany! Sen kim bilen gepleşýäniňi bir bil — diýip, biraz pikirlenip, öz sözüne kagyza ýazylmaýan uzyn-uzyn sögünç sözlerini goşdy. Bu zatlar ýeňilkelle semiz kişä serhoşlykdan aýňaldyjy täsir etdi.

— Oý! — diýip, ol ýuwaş seslendi-de, tisgindi, — merhemet edip, meni bagyşlaň şöhlezar melike Margo! Men öte geçipdirin. Baryna şu näletsiňen konýak günäkär!

— Semiz ýeke dyzyna çöküp, silindr — şlýapasyny gapdala uzadyp, tagzym etdi-de, rus we fransuz sözlerini gatyşdyryp, özüniň Pariždäki dosty Gessar hakynda, konýak barada, öz ýalňyşlygy zerarly ejir çekýändigi dogrusynda sakyrdap ugrady.

— Balagyňy bir geýmeli ekeniň, köpeý ogly — diýip, Margarita biraz mylaýym äheňde aýtdy.

Margaritanyň gaharynyň köşeşendigini görüp, semiz şatlykly ýyrşardy we uly tolgunma bilen aljyraňňylyk zerarly balagynyň Ýeniseýiň kenarynda galandygyny, şonuň üçinem häzir bu ýerde balaksyz durandygyny habar berdi. Onuň aýtmagyna görä, ol ýap-ýaňam Ýeniseý derýasynda suwa düşüp ýören eken, indi bolsa şol ýere dem salymda uçup barjakdygyny, onuň örän golaýdygyny gepine goşdy-da, öz-özüne buýruk berip, yza götinjekledi-de, ahyram suwa ýykyldy. Ýöne ol suwa arkan ýykyldy-da, kiçeňräk bakenbardly ýüzünden aperin aýtmak we wepadarlyk bildirmek duýgusy ýitmedi.

Margarita gaýanyň ýakasyndan aşak, pese böküp, salym geçmän, özüni derýa boýunda gördi. Gökdäki perwazdan soň, onuň suwa düşesi geldi. Ol çotgany bir gapdala oklap, ylgap gelip suwa başşak urdy. Onuň ýeňlän bedeni suwa mysaly peýkam ýaly çümüp, suwuň äpet sütüni bolsa ony tas Aýa çenli ýokary göterdi. Suw edil hammamdaky ýaly ýyly eken, Margarita suwuň düýbünden göterilip, derýada päsgel berýän zadyň ýoklugyndan peýdalanyp, salkyn gijede hezil edindi...

Margarita ahyry kenara çykdy. Onuň bedeni suwa düşmek akybetinde lowurdady. Ol hiç hili ýadawlyk duýman, yzgarly ýumşak otuň üstünde şatlykdan ýaňa tans edip başlady.

Soňra ol gaty sykylyk çaldy welin, ýanyna çotgasy uçup geldi, ol çotga münüp, derýanyň üsti bilen beýleki kenara geçdi. Hekli dagyň kölgesi bu ýere ýetenokdy, şu sebäpli bütin kenar Aý nuruna gark bolup ýatyrdy.

Margaritanyň aýagynyň çyg düşen otlara degeni hem şoldy, tallaryň aşagynda çalynýan saz hem batly ýaňlandy, otdan çykýan uçgunlar yzly-yzyna şadyýana syçrady. Şahalaryna näzik we ýumşak ysyrgalar asylan tallaryň aşagynda iki hatar düzlüp oturan semiz gurbagalar edil rezinden ýasalan ýaly, kä çişip, kä pessaýyp agaç surnaýlarda şadyýana bir marşy çalýardylar. Bu sazandalaryň garşysynda tallaryň şahalaryna ýapyşan çyglar aýna ýaly bolup, gurbagalaryň ýüzlerinde oduň howply lowurdaýan ýalynly şöhlesine notalary anyk görkezip oýnatýardy.

Marş Margaritanyň şanyna çalynýardy. Ol örän buýsançly dabara bilen garşy alyndy. Derýanyň ýüzünde meýlis gurap oýnaýan mawy beden suw perileri oýunlaryny goýup, suw otlaryny bedenlerinden aýryp, bulaýlap, Margaritany gutlap başladylar, şonda güwleýän ýap-ýaşyl kenarda olaryň ýňranýan sesleri eşidilip, ýaňlanýan owazlary örän uzaklara ýaýrady.

Serwi tallaryň aşagynda Margaritanyň az wagtlyk bolmagynda ýene bir waka bolup geçdi. Al howada birden sykylyk sesi eşidilip, bir gara beden, ýere laýyk düşübilmän, suwa pagşyldap gaçdy. Az salymdan soň, Margaritanyň alnynda, ol kenarda oňaýsyz ýagdaýda duş gelen şol bekenbardly semiz peýda boldy. Ol Ýeniseýe tiz baryp-gelmäge ýetişen bolmaga çemeli, onuň egni fraklydy, ýöne başdan-aýaga öl-suwdy. Konýak ony ikinji gezek ýüňsakal edipdi, aşak inende, ol ýene suwa gaçypdy. Ýöne bu oňaýsyz ýagdaýda-da onuň ýüzündäki ýylgyryş ýitmändi we oňa Margaritanyň elini öpmäge ygtyýar berildi. Ýalaňaç albassylar tallaryň arkasyndan ylgap çykyp, bir hatara düzüldiler we köşk gözellerine has hormat bilen dyz epip, tagzym etdiler. Bir teketoýnak jandar ylgap gelip, Margaritanyň elinden ogşady, derhal ýere şahyny degrip, melikämiz suwa düşüp ýeňlediňizmi diýip sorady oňa gyşaryp, dynç almagy teklip etdi.

Margarita hem teklibi kabul etdi. Şonda teketoýnak oňa bir gadak şampan çakyryny uzatdy. Margarita şeraby içenden, derhal köňli gül-gül açylyp, ýüregi ýylady. Ol Nataşany soraglaşdyr-dy, onuň suwa düşüp, öz doňzuna atlanyp ýene Moskwa uçup gidenligini aýtdylar: ol tizräk baryp, Margaritanyň gelýändigi hakynda habar bermek we onuň üçin lybas taýynlamaga kömekleşmegi zerur eken, Margarita hem tallar aşagynda uzak otyrmady.

Hemmeler sapara şaýlanyp başlady. Suw perileri aý nurunda öz tansalaryny soňladylar we ýuwaş-ýuwaş gözden gaýyp boldular. Teketoýnak mahluk Margaritadan deryanyň kenaryna nämeli geldiňiz diýip hormat bilen sorady. Onuň çotga münüp gelendigini eşidip:

— O nähili böýle, ol gaty oňaýsyz-a — diýdi-de, bir demde iki şahyndan täsin bir telefon ýasady-da, kimdir birine häziriň özünde maşyn ibermegi talap etdi, talap bada-bat berjaý boldy. Ada üsti açyk, mele reňkli maşyn uçup düşdi, emma rulda adaty sürüji däl-de, kellesine kleýonka papak, ellerine agzy giň ellik geýen tumşugy uzyn gap-gara garga otyrdy. Ada boşap galdy. Uçup giden albassylar parlaýan Aý nurunda eräp, ýok boldular. Uly ot sönüp, onuň üstüni kül örtdi.

Teketoýnak we bakenbardly Margaritanyň maşyna münmegine kömekleşdiler, ol arkadaky giň oturgyçda ornaşdy. Maşyn güwläp, bir bökdi-de, belende, tas Aýa çen göterildi, ada hem, derýa hem gaýyp boldy, Margarita Moskwa tarap dazlap uçup gitdi.

## XXII bap

## ŞEMLERIŇ ÝAGTYSYNDA

Asmany pelekde uçup barýan maşynyň birsydyrgyn güwleýşi Margaritany hüwdüleýärdi, Aý şöhlesi bolsa ýakymly ýyladardy. Ol gözüni ýumup, ýüzüni şemala tutdy we ýap-ýaňy terk edilen nätanyş derýa kenary hakynda hasrat bilen oýlanyp başlady, çünki ol ýeri indi asla görüp bilmejegini köňli duýýardy. Bu gün agşamky ýüz beren barça jadygöýliklerden we gudratlardan soň ol kimiň huzuryna myhmançylyga barýandygyny aňyp ugrapdy, emma bu ýagdaý ony gorkuzanokdy. Şol ýerde öz bagtyna gaýtadan duçar bolmak umydy ony batyrgaý edipdi. Emma

onuň bagt dogrusynda uzak wagtlap hyýala çümmegine pursat bolmady. Margarita az salymdan soň gözüni açyp, garganyň tejribeli sürüji bolanlygyndanmy, ýa gurat maşynyň tiz ýöreýänligindenmi, her halda aşakda indi zulmata bürenen tokaýy däl, ýalp-ýalp edýän köl ýaly Moskwany gördi. Garaguş — sürüji perwaz wagtynda maşynyň öňki sag tigirini burup boşadyp, soňra ony Dorogomilowo raýonyndaky, adam-garasyz, juda hylwat bir gonamçylyga gondurdy. Soň hiç zat soraman oturan Margaritany çotgasy bilen bile bir gabyr daşynyň ýanynda düşürip, maşyny gonamçylygyň etegindäki jara itekläp goýberdi. Maşyn düýpsüz jara gümmürdäp gaçyp, bölek-bölek boldy. Garga Margarita hormat bilen tagzym edip, tigire mündi-de, uçup gitdi.

Şu pursadyň özünde bir gubur daşynyň arkasyndan bir gara plaş göründi. Onuň aňňy dişi Aý nurunda ýalp edip gitdi welin, Margarita derrew Azazellony tanady. Ol Margarita ümlüp, çotga münmegi teklip etdi, özi bolsa uzyn gylyja mündi, şu demde ikisi hem asmana uçdular-da, birnäçe sekuntdan soň hiç kime görümän, Sadowaýa köçesindäki 302-bis öýüň öňünde gondular.

Goltuklaryna çotga bilen gylyç gysdyran bu iki ýoldaş basdyrmanyň aşagyna girenlerinde, Margaritanyň gözi kimedir birine sabyrsyz garaşyp oturan papakly, gonjy beýik ädikli bir adama düşdi. Azazello bilen Margarita ýeňil gadam urup, aýak ujunda ýöräp geçen bolsalar-da, ol adam aýak sesini eşitdi, emma nähili jandaryň gybyrdysydygyna düşünip bilmän, gorkuly tisgindi.

Soňra olar altynjy girelgäniň öňünde ýaňky adama bir almany iki bölen ýaly meňzeş birine uçradylar. Bu ýerde hem öňki waka gaýtalandy. Aýak sesleri... Adam teşwişlenip, gaşlaryny çytdy. Girelgäniň gapysynyň açylyp-ýapylanyny gördi-de, gybyrdylaryň yzyndan şol tarapa atyldy, girelgeden içeri seredip, elbetde, hiç zat görmedi. Nusgasy ikinjiden, diýmek, birinjiden hem alnan ýene biri üçünji gatdaky meýdançada nobatçylyk edýärdi. Ol ajy papiros çekip otyrdy, Margarita onuň deňinden geçende, üsgürindi. Çilimkeş endamyna iňňe sanjylan ýaly, oturgyçdan säpjäp turup, töweregine gorkuly nazar aýlady, basgançakdan aşak seretdi. Bu mahal Margarita öz hemrasy bilen 50-nji kwartiranyň gapysynyň öňüne barypdy. Jaňy basyp durmadylar, Azazello öz açary bilen gapyny sessiz açdy.

Margaritany geň galdyran birinji zat tümlük boldy. Girelge edil ýeriň aşagy kibi gap-garaňkydy, şonuň üçin Margarita büdräp ýykylmakdan gorkup, biygtyýar Azazellonyň plaşyndan ýapyşdy. Emma şol wagt juda alysda, ýokarda bir şemçyranyň ýylt-ýylt ýanýanlygy göründi, soňra ol ýagty golaýlaşyp başlady. Azazello gidip barşyna Margaritanyň goltugyndan çotgany dartyp aldy, çotga şobada zulmat goýnunda sessiz gaýyp boldy. Indi olar nähilidir giň basgançaklardan ýokaryk göterilip başladylar, Margarita üçin basgançagyň soňy ýok ýaly duýulýardy. Moskwadaky ýönekeý bir kwartiranyň girelgesine bu görünmez, emma barlygy anyk duýlup duran uzyndan uzyn basgançagyň sygýandygy Margaritany geň galdyrdy. Emma basgançak birden gutaryp, Margarita bir meýdançada durandygyna düşündi. Ýaňky çyra Margaritanyň ýüzüne golaý geldi-de, ol elinde şem saklap duran gara bir uzyn adamyň ýüzüni gördi. Soňky günlerde bu adama duş gelen şormaňlaýlar hatda çala ýanýan şemiň ýagtysynda hem ony tanardylar, elbetde. Bu Korowýew, ýagny Fagotdy.

Dogry, häzir onuň daşky keşbi juda üýtgäpdi. Bireýýäm zibile taşlanmaga laýyk syrçasy döwük pensnäniň ýerine ol indi monokl dakypdy, emma bu hem çatlap şemiň şöhlesi şu aýnada şekillenýärdi. Onuň bihaýa ýüzündäki murty towlanyp, ýag çalyngydy, onuň garalygy bolsa, egnine frak geýenliginden şeýledi. Diňe döşi agaryp görünýärdi. Bu tersokan regent, jadygöý, terjimeçi — mahlasy, aslynda kimdigini şeýtan hem bilmeýän Korowýew şem tutan elini giň ýaýyp, Margarita tagzym kyldy we ony öz yzy bilen ýöremäge çagyrdy. Azazello gaýyp boldy.

«Örän geň, üýtgeşik agşam — diýip oýlandy Margarita, — beýle boljagyny asla göz öňünede getirmändim! Näme bolsa, elektrik öçdümikä? Ýöne bar zatdan beter otagyň göwrümi meni geň galdyrýar. Bu zatlaryň bary nädip Moskwanyň adaty kwartirasyna sygýar? Muňa asyl-asyl akyl ýetmeýär».

Korowýewiň elindäki şem juda öçügsi ýanyp dursa-da, Margarita özüniň örän ullakan zalda, ýene san-sajaksyz mahabatly gara sütünli tükeniksiz uzyn zalda durandygyna düşündi. Korowýew kiçijik bir diwanyň öňünde saklanyp, şemi şu ýerdäki bir tumbaň üstünde goýdy, üm bilen Margaritany oturmaga ündäp, özi-de onuň ýanynda çökdi we edil surata düşýän adam ýaly haýbat bilen tirsegini tumba goýdy.

— Rugsat ediň, size özümi tanyşdyraýyn, — diýdi Korowýew jygyldyly ses bilen, — Korowýew men. Çyraň ýoklugyna geň galýaňyzmy? Tygşytlylyk diýip oýlan bolsaňyz gerek? Ýo-ýok-ýok, beýle däl. Eger şeýle bolsa, birinji duşan jellat, şunlukda, bu gün, häli birazdan soň siziň dyzyňyza baş goýmaga eýe bolan jellatlardan biri şu tumbaň üstünde başymy tenimden jyda kylsyn. Sebäp, messir elektrik yşygyny halamaýar, biz ony soňky pursatda ýakarys. Ana şonda, ynanaýyň, oňa ýetmezçilik bolmaz. Ýöne ýagtylyk kemräk bolsa gowudyr-la. Korowýew Margarita hoş ýakdy, şaňňyldap jöwrenişi onuň köňlüne teselli berdi.

— Ýok — diýip jogap berdi Margarita, — ine, şunça zadyň — ol elini uzadyp, zalyň örän giňligini suratlandyrdy, — adaty bir kwartira nähili sygýanlygy has geň galdyrýar meni.

Korowýew ýakymly ýylgyrdy, burnunyň daşynda kölgeler oýnaklady.

— Mundan aňsat zat ýok! — diýip jogap berdi ol — Bäşinji ölçeg nazarýetinden habarly bolanlar üçin öz otagyňy köňlüň islän göwrümde giňeltmek hamyrdan gyl sogran ýaly. Hawa, hawa, hormatly hanym, akyl ýetmez derejede giňeltmek mümkin! Ýene has geň zat aýtsam — diýip ýaňramasyny dowam etdi Korowýew, — diňe bäşinji ölçeg nazarýetinden däl, asla hiç zatdan habary bolmadyk, emma şuňa seretmezden, öz kwartiralaryny giňeltmek barasynda gaty üýtgeşik täsinlikler döreden adamlary bilýärin. Meselem, maňa aýdyşlaryna görä, bir şäherli Zemlýanoý walda üç otagly jaý alyp, bäşinji ölçegsiz ýa-da başga mekiz-hilesiz, derrew otaglaryň arasyndan diwar örüp, ony dört otagla öwrüpdir, soň ony Moskwanyň başga-başga raýonyndaky iki sany özbaşdak; biri-üç, beýlekisi-iki otagly jaýa çalyşypdyr. Ine, size — baş otag. Soňra şol üç otagly öýi iki sany iki otagla çalşyp, görüp durşuňyz ýaly, alty otaga eýe bolýar. Şeýdip, ol Moskwanyň dürli raýonlaryndaky alty otagdan ybarat şol jaýlaryny Zemlýanoý waldaky bäş otagly kwartira çalyşjak bolýanlygy hakynda gazete bildiriş berende, özüne bagly bolmadyk ýagdaýda bu iş togtaýar. Belki, häzirem ol Moskwada bolmasa-da, bir ýerlerde, sizi ynandyryp aýdýaryn, bir

otagly jaýda ornaşandyr. Gördüňizmi, nähili algyrlar bar, siz bolsaňyz, bäşinji ölçeg hakda soraýaňyz.
Bäşinji ölçeg hakynda gürrüň açan Margarita däl, Korowýewiň özüdi, şoňa seretmezden, Margarita öý çalyşmaga ökde algyryň pyrryldaklaryny diňläp, şadyýana gülüp goýberdi. Korowýew dowam etdi:
— Esasy işe geçeli, Margarita Nikolaýewna. Siz örän akylly adam, şoňa görä, elbetde, hojaýynymyzyň kimdigini aňansyňyz.
Margaritanyň ýüregi gürsüldedi we ol çalaja baş atdy.
— Ana, düşünipsiň — diýdi Korowýew, — biz her hili ýarym-ýalta, syrly geplere garşydyrys. Dogrusy, messir her ýyl bir gezek bal berýär, ol dolan Aýyň ýazky baly ýa-da ýüz karolyň baly diýlip atlandyrylýar. San-sajaksyz adamlar gelýär! Şu ýerde Korowýew dişi agyrýan ýaly ellerini ýaňagyna ýetirdi. Häli muňa özüňizem şaýat bolarsyňyz. Gysgasy: messir sallah — özüňiz bilýäňiz, meýlisiň bikesi ýok. Öý bikesi zerur — diýip, Korowýew ellerini giň gerdi, — ylalaşyň, ýeri, bikesiz nädip bal bolsun...
Margarita Korowýewiň her bir sözüni örän üns bilen diňläp, ýüregi sowap gitdi, ýöne öz bagtyna ýetmek umydy onuň başyny aýlaýardy.
— Bizde däp bolup galyşyna görä — diýip gepini dowam etdi Korowýew, — bal bikesiniň ady, elbetde, Margarita bolmaly, bu birinjiden, ikinjiden bolsa, onuň bal berilýän ýerde doglan bolmagy şert. Görüp dursyňyz ki, biz syýahat edýäris, bu sapar Moskwada menzil tutduk. Bu ýerde biz ýigrimi bir Margaritany tapdyk emma ynanýaňyzmy, — diýip Korowýew demi içine düşüp, öz buduna «şarp» edip urdy, — biri hem laýyk gelmedi. Ahyry, bize bagt gülüp bakdy-da...
Korowýew kaddyny egip, manyly ýylgyrdy, şonda Margaritanyň ýüregi ýene sowady. — Gysga aýtsam, — diýdi Korowýew, — has gysgasy şu jogapkärligi öz boýnuňyza alyň diýsek, ýok diýmersiňiz-ä!
— Ýok diýmerin — diýip kesginli jogap berdi Margarita.
— Elbetde! — diýdi Korowýew we şemi belent göterip, sözüne goşdy. — Onda ýörüň meniň bilen.
Olar iki hatar duran sütünleriň arasyndan ýöräp, ahyry bir zala geçdiler, bu ýerde ýiti limon ysy bogaza uruldy, bir zatlaryň şygyrdysy eşidildi, üstesine Margaritanyň kellesine bir zat degip geçdi. Ol tisgindi.
— Gorkmaň — diýip mylaýym äheňde göwünlik berdi Korowýew, Margaritanyň golundan tutup, — bu Begemotyň balyň öňisyrasynda görkezýän oýunlary, bolany. Umuman, men size Margarita Nikolaýewna, hiç haçan, hiç zatdan gorkmazlygy maslahat bermäge het etmekçi. Gorkaklyk gowy zat däl.
Sizden ýaşyryp oturmaýyn, bal diýseň dabaraly bolar. Biz öz döwründe hökmürowanlygy gaty güýçli bolan şahslary göreris. Emma olaryň mümkinçiligi meniň gulluk edýän hojaýynym bilen, biz bilen deňeşdireniňde, olar deňizden bir damja hem bolup bilmezler, muny oýlasaň, gülküň gelýär, hatda, ýüregimi aýtsam, adam gamgyn bolýar... Ýene bir zat — siz korol neslinden, şazadalar gany sizde.
— O nähili şazadalar gany? — diýip, Margarita, Korowýewe gysmyljyrap, pyşyrdady.

— Ah, melike — diýip, Korowýew oýunlyga salyp, yrgyldady, — Gan meselesi — dünýäde iň çylşyrymly mesele! Eger gaty garry mamalardan, özem köşeşdiriji wezipeden peýdalanan garry enelerden soraşdyrsaň, hormatly Margarita Nikolaýewna, örän täsin syrlaryň üsti açylar. Bu zatlar hakynda aýdyp, kartyň ýüzündäki suratlary ýatlasam, ýalňyş bolmaz. Şeýlebir zatlar bar, olaryň öňünde döwletleriň arasyndaky şertli araçäkler asla bimany bolup galýar. Bir zada yşarat edeýin, ýagny on altynjy asyrda ýaşap geçen korol aýal, kimdir biri oňa gaty kän wagtlardan soň, öz ajaýyp çowlugymy ýa-da ýuwlugy, ajaýyp Margarita öz golundan tutup, Moskwada bala çykarar diýse, örän-örän geň galardy. Ine-de, biz geldik!

Şu wagt Korowýew şemi üfledi, ol sönüp, gaýyp boldy-da, Margarita öz aýagynyň aşagynda gara gapynyň astyndan düşüp duran ýagtylygy gördi. Korowýew şol gapyny ýuwaşja kakdy. Margaritanyň gaty tolgunany zerarly dişleri şakyrdap, ini jümşüldedi. Gapy açyldy. Otag gaty uly däldi. Margarita bu ýerde dubdan ýasalan giň bir krowat, krowadyň üstünde gyjymlanan köne kirli örtgi we ýassyk gördi. Krowadyň öňünde aýaklary keltejik dub stol, onuň üstünde guş höwürtgesini ýa-da salýan şemdan bolup, onuň ýedi sany altyn guş penjesinde ýogyn şemler ýanyp durdy. Mundan daşgary, stolda ýene çöpleri diýseň ökdelik bilen ýasalan ullakan küşt tagtasy bardy. Könelip, şyrgagy çykan halyçanyň üstünde pessejik uzyn oturgyç durdy. Bu ýerde ýene bir stol bolup, onuň üstüne nähilidir altyn käse we başga bir şemdan goýulgydy. Bu şemdanyň şahlary ýylana meňzedilip ýasalypdy. Otagdan kükürt we sakyz ysy gelýärdi, çyralaryň kölgeleri ýerde bir-birini kesip geçýärdi.

Bu ýere ýygnananlaryň arasynda Margarita Azazellony gören badyna tanady, ol krowadyň baş tarapynda durdy we indi egnine frak geýipdi. Ol Margarita örän ýiti mähir bilen tagzym kyldy, ol indi Aleksandr bagynda Margaritanyň gaşyna garakçy kyýapasynda gelen Azazello asla meňzänokdy.

Warýeteniň hormatly bufetçisini gaty ynjydan we täsin seans berlen gijede onuň bagtyna horaz gygyranda gaçyp giden şol ýalaňaç albassy, ýagny Gella krowadyň golaýyna ýazylan halyçada oturyp, kükürt bugy çykyp duran merwerde bir zady hamyr garan ýaly garýardy.

Bulardan daşgary, küşt stolynyň ýanyndaky belent kürsüde ullakan bir gara pişik sag penjesinde küştüň atyny tutup otyrdy.

Gella ýerinden gozganyp, Margarita tagzym etdi. Pişik hem kürsüden böküp düşüp, yzky sag aýagyny öňe sürüp, myhmana tagzym edip, birden küştüň çöpüni penjesinden gaçyrdy we ony gözläp, krowadyň aşagyna emedekläp girdi.

Bularyň baryny gorkudan ýaňa daş dek doňup galan Margarita şemleriň kölgeli ýagtysynda çala-çula gördi. Onuň gözi düşege dikanlady, onda biçäre Iwanyň öňräk Patriarh kölçesinde, şeýtan ýok diýip ynandyrjak bolan kimsesi, ýagny şol ýok zadyň özi häzir krowatda otyrdy. Iki göz: düýbünde islendik ýüregiň iň çuň ýerine çenli deşip girmäge kadyr bolan zerli uçgun parlap duran sag göz bilen iňňäniň deşigini ýada salýan, zulmata çümen düýpsiz guýynyň çykalgasyny ýatladýan nursuz we gara çep göz Margaritanyň ýüzüne dikanlap bakýardy. Wolandyň ýüzi birýana gyşarypdy, agzynyň sag tarapy aşak sallanyp durdy, takyr giň maňlaýynda inçejik gaşlary bilen bir tekizlikde iki sany ýygyrt bardy. Ýüzüniň hamy güne gaýzygan ýalydy.

Üstüne köne, çep egnine ýamag düşen uzyn agşamlyk köýnekden başga hiç zat geýmedik Woland giň gyşaryp otyrdy. Ol bir ýalaňaç aýagyny aşagyna salyp, ikinjisini uzyn oturgyja uzadyp goýupdy. Ine, şu gara aýagynyň dyzyna Gella tütäp duran bir melhem sürtýärdi. Bu garaňkylykda Margarita ýene Wolandyň tüýsiz kükreginde gara daşdan ökdelik bilen ýasalyp, üstüne allanähili ýazgylar ýazylan altyn zynjyra berkidilen bir tomzagy gördi. Düşekde oturan Wolandyň ýanynda gaty sandyga ýerleşdirilen üýtgeşik bir globus bolup, ol janly ýalydy we bir gandalyna Gün şöhlesi düşüp durdy. Ümsümlik birnäçe sekunt dowam etdi. «Ol meni öwrenýär» — diýip oýlady Margarita we erkiniň ýetdigiçe dyzlarynyň sandyramasyny basmaga hereket kyldy.

Ahyry Woland ýylgyryp, gep başlady, onuň uçgun syçrap duran gözi low edip ýanan ýaly boldy.

— Hoş geldiňiz, karol gözel, emma içki öý lybasynda bolanym üçin meni bagyşlarsyň .

Wolandyň sesi şeýlebir pes hem gyryljakdy welin, käbir sözlere düşünmegem kyndy. Ol düşekde ýatan uzyn gylyjy aldy-da, krowadyň aşagyna dykyp, gorjalap diýdi:

— Boldy, çyk! Oýun bes edilýär. Myhman geldi.

— Hergiz bes etmäň — diýip suflýor ýaly pyşyrdady Korowýew Margaritanyň gulagyna.

— Hergiz bes etmäň... — diýip gep başlady Margarita.

— Messir... — diýip pyşyrdady ýene Korowýew onuň gulagyna.

— Hergiz bes etmäň, messir — diýdi özüni ele alan Margarita, mylaýym, emma takyk sözläp, soň ýylgyryp goşmaça kyldy: — Oýny togtatmazlygyňyzy ýalbaryp sizden haýyş edýärin. Eger küşt žurnallary şu partiýaňyzy çap edäýseler, gowja gonorar tölärdiler diýip pikir edýärin.

Azazello onuň gepini makullap, ýuwaşjadan bokurdagyny arçady. Woland bolsa Margarita üns bilen seredip durup, öz ýanyndan:

— Korowýew mamla, ganyň oýny ap-aýry! Gan!

Ol elini uzadyp, yşarat bilen Margaritany ýanyna çagyrdy. Margarita ýalaňaç aýaklarynyň aşagyndaky poly duýman, oňa golaý bardy. Woland özüniň daş ýaly agyr, şol birwagtda hem çog dek gyzgyn elini Margaritanyň egnine goýup, ony özüne dartdy we ýanynda, krowada oturtdy.

— Hawa, bize şeýle kemally hormat görkezipsiňiz, — diýip gepläp başlady ol, — özüm hem şeýle bolar diýip oýlapdym, indi biz sen-menleşip durmalyň. — Ol ýene krowadyň aşagyna eňilip gygyrdy: — Haçana çenli dowam etjek bu krowadyň aşagyndaky biedeplik? Hany çyk, betbagt masgarabaz!

— Küştüň atyny tapyp bilemok — diýip, mylaýym, ýasama ses bilen jogap berdi krowadyň teýinden pişik, — bir ýere çapyp gidipdir, oňa derek bir gurbaga elime ildi.

— Sen nä özüňi bazardadyryn öýdýäňmi? — diýdi Woland gaharlanan kişi bolup. — Krowadyň aşagynda hiç hili gurbaga ýokdy! Bu arzan hiläňi Warýete üçin aýap goý. Eger häziriň özünde çykaýmasaň, seni utuldy diýip hasaplarys, lagnaty gaçgak. — Beýtmesi ýok messir! — diýip gygyrdy pişik we şol sekundyň özünde penjesinde küştüň atyny saklap, krowadyň aşagyndan çykdy.

— Sizi tanyşdyraýyn... — diýip söze başlady Woland, emma öz sözüni bölüp diýdi: — Ýok, göresim gelenok bu oýnatgy bedibagty. Serediň, krowadyň aşagynda özüni nähili tüýse öwrüpdir?

Bu tüýsde başdan-aýak çaňa bulaşan pişik yzky aýaklarynda durup, Margarita tagzym etdi. Indi onuň boýnuna frak bilen dakylýan ak galstuk — bant, döşüne aýallaryň sadap dürbüsi asylgydy. Mundan daşgary, pişigiň murty ýaldyrawuk zere boýalgydy.

— Bu näme etdigiň boldy? — diýdi Woland, — nämüçin murtuňy boýadyň? Ýa-da galstugy başyňa ýapjakmy, syrtyňda balagyň ýok halyna?

— Pişik balak geýmeýär, messir — diýip, ulumsylyk bilen jogap berdi pişik, — entek maňa ädigem geý diýersiň? Ädikli pişik diňe ertekilerde bolar, messir. Emma islendik bir jandaryň bala galstuk dakman gelenini görüpmidiň? Men jemagatyň öňünde masgara bolmagy-da, boýnumdan tutulyp, baldan kowulmagy-da islemeýärin! Her kim başardygyça özüni bezeýär. Bu aýdanlarymy dürbä-de degişlidir diýip hasap ediň, messir!

— Onda murtuň näme?

— Haýran men, — diýip gury bir nägilelik bildirdi pişik, — nämüçin Azazello bilen Korowýew sakgal-murtlaryny alanlaryndan soň, olara ak pudra sepmek bolýar-da, men murtuma altyn pudra sepip bilmenmi? Mundan ak pudranyň nämesi artykmaç? Eger-de men murtumy syran bolsam, onda ykarat etseňizem bolardy! Çünki murty syrylan pişik — dogrudan-da, öte geçmek, muny müň mertebe boýun almaga hem taýýar men. Emma, umuman alanda, — şu ýere gelende, pişigiň bogazy dolup, sesi sandyrap çykdy, — görüp durun, maňa igenýärler, menden aýyp gözleýärler, şonuň üçin, öz öňümde, umuman, meniň balda bolmagym gerekmikä bir diýen möhüm mesele dur. Ýeri, siz muňa näme diýersiňiz, messir?

Şeýle diýip, pişik birden çişip başlady welin, ýene bir sekuntdan onuň ýarylaýmagy ahmaldy.

— Wah, kezzap diýsäni haý, jögi — diýdi, Woland başyny ýaýkap, — her sapar bu — utuljagyny duýsa, barypýatan kezzap ýaly, gepi alyp gaçýar. Hany, tiz otur-da, bes et gury samahyllamaňy.

— Men oturaryn — diýip jogap berdi pişik, oturdy-da, — ýöne soňky pikiriňe nägilelik bildirýärin. Meniň sözlerim, siziň bu zenanyň öňünde meni kemsidip aýdyşyňyz dek gury samahylly däl, gaýta anyk sillogizmler toplumy bolup, Sekst Empirik Marsian Kapella, hatda Aristotel ýaly danyşmentler hem olara ýokary baha bererdiler.

— Şah! (Küşt!) — diýdi Woland.

— Baş üstüne, baş üstüne — diýdi pişik we küşt tagtasyna dürbi bilen seredip başlady.

— Şeýlelikde — diýip ýüzlendi Woland Margarita, — tanyş bol, donna, meniň hemşerlerim. Ine, bu samsyklyga salan bolýan pişik — Begemot. Azazello we Korowýew bilen öň tanyşansyň, bu bolsa meniň hyzmatçym Gella. Işe ökde, parasatly, elinden gelmeýän iş ýok.

Gözel Gella aýasyna melhem alyp, sahybynyň dyzyna sürtmegini dowam edip, gök gözlerini Margarita dikip ýylgyrdy.

— Ana, boldy — diýip tanyşdyrmagy soňlady Woland we Gellanyň dyzyny gatyrak gysanyna ýüzi çytylyp, — jemagatymyz, görşüňiz ýaly, uly däl, garym-gatym hilesiz. — Ol dymyp, öňünde duran globusy aýlap başlady. Globus şeýlebir inçelik bilen işlenipdir welin, ondaky mawy ummanlar tolkunýardy demirgazyk bolsa hakyky buz we gar örtülen telpek ýaly bolup görünýärdi. Şu mahal küşt tagtasynyň üstünde biserenjamlyk başlandy. Ak donly şa öz gezeginde köňli hapa bolup, typyrjyklap, müşgil ýagdaýa düşenliginden ýaňa ellerini göge göterýärdi. Aýpaltalar bilen ýaraglanan üç sany ak pyýada ofisere aňyny gaçyryp gorkuly seredip durdy, ofiser şemşerini oýnadyp, pyýadalaryny öňe, ýagny Wolandyň iki sany gara atlysy duran gözeneklere tarap ündeýärdi. Küşt çöpleriniň janlydygy Margaritany örän gyzyklandyryp, haýran galdyrdy. Pişik dürbüsini gözünden aýryp, öz şasynyň arkasyna mylaýym dürtüp goýdy. Şah agyr ýagdaýa düşenini duýup, ýüzüni elleri bilen ýapdy.

— Işiň çatak görünýär, ezizim Begemot — assa diýdi Korowýew, awuly ses bilen.

— Ýagdaý erbet, ýöne gaty çykgynsyzam däl — diýdi Begemot, — dogrusyny aýdaňda: men ahyr netijede ýeňjegime ynanýaryn. Diňe ýagdaýy ýagşy oýlanyp görmek gerek.

Ol oýlanyşy örän täsin tüýsde başlady: öz şasyna allanähili üm-yşaratlar edip, göz gypyp başlady.

— Hiç zat kömek edip bilenog-a — diýdi Korowýew.

— Eý, waý! — diýip gygyrdy şonda Begemot, — totular uçup gidipdir-ä, men öňünden duýdurypdym-a!

Çyndanam, uzakdan bihasap guş ganatlarynyň pasyrdysy eşidildi. Korowýew bilen Azazello ylgap çykyp gitdiler.

— Eý, jyn ursun sizi, bala taýýarlygyňyz bilen! — diýip seslendi Woland, öz globusyndan göz aýyrman.

Korowýew bilen Azazellonyň daşary çykyp gideni hem şoldy, Begemotyň göz gyrpmasy öwjüne çykdy. Ahyry, ak şa üm-yşaratyň manysyna düşündi-de, egnindäki donuny öz duran gözenegine çykaryp taşlap, küşt tagtasyndan ylgap çykyp gitdi. Ofiser bolsa onuň ýerine geçip, şa lybasyny öz egnine geýdi. Korowýew bilen Azazello dolanyp geldiler.

— Ýene aldapsyň-da bizi — diýip hoňňuldady Azazello Begemota dikanlap.

— Näbileýin, gulagyma geldi-dä — diýip jogap berdi pişik.

— Ýeri haçana çenli garaşmaly? — diýdi Woland, — Küşt!

— Men öte eşidipdirin, metr — diýdi pişik, — küşt bolmagy mümkin däl.

— Gaýtalap aýdýaryn, — küşt!

— Messir, — diýdi pişik ýasama haýbat bilen, — siz örän ýadaw görünýäňiz: şaha küşt ýok ahyr!

— Şa G iki gözeneginde dur — diýdi Woland, küşt tagtasyna seretmezden.

— Messir, meniň aňkam aşdy — diýip ýňrady pişik, ýüzüni eýmenç çytyp, — bu gözenekde şa ýok.

— Näme diýdiň? — diýdi haýran galan Woland we tagta ünsli garady. Şa gözeneginde duran ofiser ters öwrülip, ýüzüni eli bilen penalaýardy.

— Ah, sen deýýus — diýdi pikire berlip Woland.

— Messir! Men ýene logika ýüzlenýärin — diýip gep başlady pişik, iki penjesini kükregine goýup, — eger rakyp-garşydaş şaha küşt yglan etse, aslynda küşt tagtasynda şahyň ady-sory bolmasa, beýle küşt küşt hasaplanmaýar.
— Boýun bolýaňmy ýa ýokmy? — diýip gygyrdy Woland gahar-gazap bilen.
— Rugsat ediň, oýlanyp göreýin, — mylaýym äheňde diýdi pişik, tirseklerini stola goýup we penjeleri bilen gulaklaryny penjeläp, oýlanyp başlady. Ol uzak wagt oýlanyp, ahyry diýdi: — Boýun boldum.
— Bu kejir mahlugy öldürseň hem az — diýdi, Azazello gyjynyp.
— Hawa, boýun boldum — diýdi pişik, ýöne aýdyp goýaýyn, diňe içigara bahyllar gurşap alan ýerde oýnap bilmeýändigim sebäpli boýun bolýandyryn! — Ol ýerinden turdy. Küştüň çöpleri öz-özünden guta girdiler.
— Gella, wagt boldy, — diýdi Woland, Gella otagdan çykyp gitdi.
— Içigar galmyş, bal boljak güni aýagymyň agyrşyny diýsene — diýip gepini dowam etdi Woland.
— Rugsat ediň, men owkalaýyn — diýip, mylaýym haýyş etdi Margarita. Woland Margarita gaty dikanlap seretdi, soň dyzyny oňa uzatdy.
Lawa dek gaýnag palçyk Margaritanyň elini bişirýärdi, emma ol ýüzüni çytman, Wolandyň dyzyny agyrtmazlyga çalşyp, owkalaberdi.
— Ýakynlarym muny batýel diýip durlar — diýdi Woland, gözüni Margaritadan üzmän, — emma men gaty ynanç bilen aýdýaryn ki, dyzymyň agyrysy, bir müň bäş ýüz ýetmiş birinji ýylda Broken dagynda Şeýtan kafedrasynda bir gözel albassy zenan bilen ýakyn gatnaşykda bolanymdan galan bolsa gerek, meniňçe.
— O, beýle zat bormy?! — diýdi Margarita.
— Perwaý etmäň! Ýene üç ýüz ýyldan soň düzelip gider. Maňa köp däri-derman hödür etdiler, emma köne endigim boýunça mamamyň emleýiş usulyna amal edýärin. Örän täsin ot-çöpleri miras edip galdyryp giden maňa şol kempir, ýagny mamam. Ýogsa-da, siziň hiç hili derdiňiz ýokmy? Belki, kalbyňyzy gemirýän bir hasrat, gussa bardyr sizde hem?
— Ýok, messir, onuň ýaly närseler ýok mende, — diýip, jogap berdi dana Margarita, — indi bolsa, siziň huzuryňyzda özümi örän gowy duýup otyryn.
— Gan örän beýik zat diýdi Woland, nämüçindir şadyýana tüýsde, — görýän welin, sizi meniň globusym gyzyklandyrýan bolmaly.
— O, rast, men hiç haçan görmändim beýle närsäni.
— Täsin gural. Gönümden gelsem, men soňky habarlary radiodan eşitmegi halamaýaryn. Olar hakda haýsydyr bir gyz habar berýär, ol ýer-ýurt atlaryny düşnüksiz aýdýar. Mundan daşgary, olaryň her üçüsinden biriniň dili peltek, hamala olary ýörite saýlap tapýan ýalylar. Meniň globusym has amatly, üstesine-de ýüze çykyp duran wakalary meniň anyk bilmegim gerek. Ine, meselem, kenaryny umman suwy ýuwup ýatan ine, bölek ýeri görýärmiň? Seret, ana, ol ot alyp dur. Ol ýerde uruş başlandy. Eger gözüňi golaý eltseň, hereketlerini hem anyk görersiň.
Margarita globusa ýakynrak eňildi, dörtburçlugyň içindäki ýeriň şekili giňelip, al-elwan reňklere boýaldy we relýefli karta meňzedi. Şonda Margarita lentasypat deryany hem, onuň kenaryndaky haýsydyr bir obany hem gördi. Mäş ýaly bir oýjagaz ulalyp, otluçöp gutusy ýaly boldy. Birden bu öýüň üçegi gap-gara tüsse bilen bile

asmana göterildi, onuň diwarlary ýykyldy, netijede iki gatly bu gutujykdan hiç zat galmady — ol gara tüsse çykyp duran bir üýşmek küle öwrüldi. Margarita gözüni globusa has golaý eltip, ýerde ýatan kiçijik bir aýaly we onuň ýanynda ellerini ýaýyp gana bulaşan çagany gördi.

— Tamam — diýdi ýylgyryp Woland, — günä etmäge hem ýetişmedi. Abadonnanyň işi hemişe pugta.

— Men Abadona garşy bolan tarapda bolmagy islemezdim, — diýdi Margarita. — Onuň özi kimiň tarapynda?

— Siz bilen gürleşdigim saýy, — hormat bilen diýdi Woland, — örän akyllydygyňyza has beter ynanýaryn. Siz hatyrjem boluň. Abadonna diňe halal iş görýär we göreşýän iki tarapa-da bir meňzeş adalatlydyr. Şoňa görä, iki tarapyňam göreşiniň akybeti des-deň bolýar. Abadonna — diýip, Woland ýuwaşja çagyrdy, şobada gara äýnek dakynan, hor adam diwar içinden çykyp, bu ýerde peýda boldy. Onuň äýnegi Margarita şeýle güýçli täsir etdi welin, ol ýuwaşja haýkyryp, Wolandyň aýagyna ýüzüni goýdy. — Bes ediň, — diýip gygyrdy Woland, — beýle gorkak bolupdyr-la bu zamanyň adamlary. — Ol Margaritanyň egnine şarpyk uranda, onuň bütin bedeni jaraňlady. — Görüp dursuň-a, ol äýnekli. Mundan daşgary, Abadonna hiç haçan hiç kimsäniň huzurynda biwagt peýda bolan däldir, bolmazam. Üstesine bu ýerde menem bar-a. Siz bolsa, meniň myhmanym! Men ony size görkezäýeýin diýdim.

Abadonna sarsman durdy.

— Bir sekunt äýnegini aýyrsa bolarmy? — diýip sorady Margarita, Wolanda gysmyljyrap, indi gorkudan däl-de, bilesigelijilikden sandyrap.

— Ana, bu welin bolmaz — diýip, salyhatly äheňde diýdi Woland we elini salgady welin, Abadonnanyň garasy ýitdi.

— Sen näme diýjek bolýaň, Azazello?

— Messir — diýip, jogap berdi Azazello, — geplemäge rugsat ediň. Bizde iki sany nätanyş bar: hykgyldap, öz bikesiniň huzurynda galdyrmagy ýalbaryp haýyş edýän sahypjemal gyz bilen onuň ygtyýaryndaky, bagyşlarsyňyz, doňuz.

— Sahypjemallaryň özlerini alyp baryşlary geň-dä — diýdi Woland.

— Ol Nataşa, Nataşadyr — diýip, Margarita gygyrdy.

— Bolýa, bikesiniň ýanynda galdyryň. Doňzy bolsa aşpezlere ugradyň!

— Ony soýarlarmy? — diýip, Margarita gorkuly seslendi, — rehim ediň, messir, ol aşaky gatda ýaşaýan Nikolaý Iwanowiç. Düşünişmezlik bolupdyr. Nataşa bilmän, oňa-da krem sürtüpdir...

— Bagyşlarsyňyz, — diýdi Woland, — kim başyna ýapsyn, kim ony soýsun? Häzirlikçe aşpezler bilen otursyn, wessalam! Unanyň, men ony bal bolýan zala salyp bilmen-ä!

— Hawa-da... — diýip, Azazello söze goşuldy we dowam etdi:

— Hä diýmän ýarygije bolýar, messir.

— Ä, juda gowy — diýip, Woland indi Margarita ýüzlendi:

— Şeýlelikde, merhemet ediň! Öňünden minnetdarlyk bildirýärin size. Özüňizi ýitirmäň, hiç zatdan gorkmaň. Suwdan başga zat içmäň, bolmasa, halyň teň bolup, size kyn düşer. Wagt boldy!

Margarita halyçadan turdy we şol mahal gapynyň öňünde Korowýew peýda boldy.

## XXIII bap

## IBLISIŇ HUZURYNDAKY ULY BAL

Gije ýarym bolany üçin howlukmak gerek boldy. Margaritanyň gözi zordan saýgarýardy. Onuň ýadynda galan närse — şemler hem düýbüne reňkli daşlar düşelen howuz boldy. Haçanda Margarita şu howzuň düýbüne düşende, oňa kömekleşýän Gella bilen Nataşa onuň başyndan gyzyl reňkli goýy we gaýnag bir suwuklyk guýdular. Margarita tamşanyp görüp, şorumtyk närsäni duýdy we özüni gan bilen ýuwýandyklaryna düşündi. Bu ganly duşdan soň, başgasy — gyzgylt goýy we dury duş başlandy, indi bu gül ýagyndan Margaritanyň başy aýlandy. Soňra ony billur düşege ýatyryp, birhili ullakan-ullakan ýaşyl ýapraklary tä ýalpyldaýança onuň tenine sürtdiler. Şu wagt pişik ylgap girip, kömekleşip başlady. Ol Margaritanyň aýak tarapynda oturyp, ädik ýaglaýanlar ýaly, onuň ökjesini sürtüp başlady. Margarita gülgün bägül ýapraklaryndan kimiň özüne köwüş tikenini hem, olaryň altyn tasmalaryň nähili edip öz-özünden sadaplanyp galanyny hem ýatlap bilmeýär. Haýsydyr bir güýç Margaritany rast göterip, ýüz görülýän aýnanyň garşysyna goýdy, şonda onuň başynda şahana almaz täç lowurdap ýandy. Şol wagt niredendir peýda bolan Korowýew Margaritanyň boýnuna agyr zynjyra asylan gara gürji itiň uzyn ak çarçuwadaky şekilini dakdy. Bu bezeg melikä gaty agyr geldi. Zynjyr şobada onuň boýnuna sürtülip, agyr şekil bolsa onuň kaddyny egýärdi. Emma bu oňaýsyzlygyň öwezine Margarita başga bir amatlylyga eýe boldy. Bu amat — Korowýew bilen Begemotyň oňa sylag-hormatydy.

— Zeleli ýok, zeleli ýok, asla ezýet çekmäň! — diýip gepleýärdi Korowýew, howuzly otagyň gapysynyň öňünde durup, — başga çäre ýok, şu zat gerek, gerek, gerek. Rugsadyňyz bilen, gözelim, saňa soňky maslahatym. Myhmanlar arasynda dürli taýpadaky şahslar bolýar, o, juda-juda köp olar, emma hiç kime, karol gözelim Margo, hiç hili aýratyn gadyr goýmaly däldir! Eger bardy-geldi içinden birleri göwnüňize ýakmasa, muny ýüzüňize çykarmajagyňyza men düşünýärin...Ýok, ýok, asla beýle oýlamak-da gerek däl! Ol duýar, bada-bat duýar. Oňa mähir goýup, söýmek gerek, karol gözeli. Munuň öwezine bal bikesi ýüz esse köpräk mähre sezewar bolar! Ýene: hiç kimi biperwaý geçirip goýbermersiňiz. Eger lak atyp gepleşmäge wagtyňyz bolmasa, iň bolmanda, mylaýym nazar aýlarsyňyz ýa-da sähel baş atyp goýbärsiňiz. Näme etseňiz ediň, emma hiç kimi ünssüz galdyrmaň. Olar ünssüzlükden zowal taparlar...

Şundan soň Margarita Korowýew bilen Begemotyň ýolbaşçylygynda howuzly jaýdan tüm-garaňkylyga gadam goýdy.

— Men, men, — diýip pyşyrdady pişik, — özüm signal bererin!

— Başla! — diýdi Korowýew garaňkyda.

— Bal! — diýip gaty mawlady pişik, şu demde Margarita gygyrdy-da, gözlerini birnäçe sekunt ýumdy. Çünki bal onuň göz öňünde şöhleli nur hem-de her hili ys, sesler mysalynda şekillendi. Korowýew goltuklap alyp gidip barýarka, Margarita

özüni tropik tokaýda gördi. Gyzyldöş, ýaşylguýruk toty guşlar şahalara aslyşyp, olaryň üstünde böküşip: «Men haýran!» — diýip jyňkyldaşýardylar. Emma tokaý derrew gutaryp, hammamyňky ýaly dymyk howa uçgun syçradýan sargylt sütünli bal zalynyň salkyn howasy bilen çalyşdy. Bu zal hem tokaý kibi boş guwlap ýatyrdy, diňe sütünleriň aşagynda başlaryna kümüşsow daňy daňan, ýarym-ýalaňaç negrler sarsman-etmän durdular. Margarita öz hemşerleri bilen, olara indi Azazello hem goşulypdy, zala uçup girenlerinde, negrleriň ýüzleri tolgunmadan ýaňa goňur reňke girdi. Şu ýerde Korowýew Margaritanyň elini goýberip, gulagyna pyşyrda-dy:

— Göni çigilleme tarap ýöre!

Margaritanyň garşysynda belent bolmadyk ak çigillemden diwar emele geldi, olaryň aňyrsynda üstüne galpak geýdirilen san-sajaksyz çyralar, çyralaryň garşysynda ak üstünden gara frak geýen adamlar göründi. Şonda Margarita bal sazynyň nireden gelýändigine düşündi... Ýüz elli töweregindäki adamdan ybarat orkestr polonez sazyny çalýardy.

Orkestriň öňündäki sypada duran, frak geýen adamyň Margaritany görüp, reňki çuw-ak boldy, ol bir emelläp ýylgyrdy we birden elini salgap, bütin orkestri aýaga turuzdy. Orkestr bir pursat hem durman, dik duran ýerlerinden Margaritanyň başy üzre saz ýagdyryp başlady. Mis surnaýlaryň owazynyň arkasyndan perýat dek eşidilýän skripkalaryň sesi onuň başyndan ýaňy howuzda guýlan goýy gan ýaly bolup guýuldy. Dirižýor orkestre arkasyny öwrüp, ellerini giň ýaýyp, iki eplenip tagzym kyldy, şonda Margarita ýylgyryp durup, oňa el salgady.

— Ýok, bu heniz az, kem — diýip pyşyrda-dy Korowýew, — ol uzyn gije uklaman çykar. «Salam size, o walslar karoly!» — diýip gygyr oňa.

Margarita şeýle diýip gygyranda, sesi edil jaň sedasy ýaly bütin orkestriň owazyny basyp gitdi welin, muňa onuň özem haýran galdy. Duran adam beýle bagta tolgunyp, çep elini döşüne goýup, sag elindäki ak taýajygy galgydyp, orkestre dirižýorlyk etmegini dowam etdi.

— Ýene, ýene — diýip pyşyrda-dy Korowýew, — çepe, birinji skripkalara seret, şeýle başyňy at, goý olaryň her biri meni tanady diýip oýlasyn özüçe. Bu ýere gelenler jahana meşhur sazandalar. Hol birinji pultuň öňünde oturan bilen salamlaşyň — ol Wýetan. Gowy, örän gowy. Indi gitdik.

— Dirižýor kim? — diýip sorady Margarita öňe uçup barşyna.

— Iogann Ştraus — diýip şaňkyldady pişik, — eger haýsy-da bolsa bir balda, şeýle orkestr saz çalan bolsa, goý, meni tropik tokaýdaky daragtlaryň şahasyndan asaýsynlar. Men çagyrdym bu orkestri. Üns beriň, ýekeje sazanda-da syrkawlap galmady ýa-da gelmekden boýun towlamady.

Indiki zalda hiç hili sütün ýokdy. Olaryň deregine gyzyl, elwan, süýt ýaly ak bägüllerden edilen diwar bir tarapda, ikinji tarapda ýapon kameliýa güllerinden ýasalan diwar bardy. Bu iki diwaryň aralygynda üç sany howuz bolup, olaryň birinde ýagty syýareňk, ikinjisinde ýakut reňkli, üçünjisinde hrustal — billur reňkli şampan çakyry düwmeläp, joş urýardy. Olaryň töwereginde gyzyl daňyly negrler ylgaşyp, ýasy gaplara kümüş susak bilen çakyr guýýardylar. Bägül reňkli diwarda ötük bardy, ondan garlawajyň guýrugy ýaly frak geýen adam estradada jöwlan urýardy. Onuň

öňünde jaz sazy dynuwsyz gümmürdeýärdi. Ol Margaritany gören badyna, elleri ýere degýänçä eglip, soňam kaddyny dikledi-de, içiňden parran geçýän ses bilen:
— Alliluýa! — diýip gygyrdy.
Ol öz dyzyna bir gezek urup, soň atanaklaýyn beýleki aýagyna urup, çetki sazandaryň elindäki tabagy aldy-da, onuň bilen sütüne ýelmedi.
Uçup barýarka, Margarita bu ökde jaz-garagolyň, Margaritanyň arkasyndan üfleýän polenez bilen ýapyşyp, öz jaz sazandalarynyň kellesine tabak bilen urýandygyny, olaryň bolsa ylahy howp bilen aşak oturýandyklaryny gördi.
Soňra olar bir meýdança uçup çykdylar. Margarita bu ýeri tanady: Korowýew ony eli şemli şu ýerde garşy alypdy. Indi bu meýdançada ýanyp duran üzüm başlaryny ýatladýan uly gülli billur çyralaryň ýagtysyndan göz gamaşýardy. Margarita üçin ýörite jaý taýýarlanan eken — ony şol ýere goýdular, onuň çep tirseginiň aşagynda ametist sütünjagaz peýda boldy.
— Eger juda ýadawlyk duýsaň, eliňi şu sütünjagaza goýmak bolar — diýip pyşyrdady Korowýew.
Gara tenli bir adam Margaritanyň aýagynyň aşagyna ýassyk taşlady, oňa altyn sapak bilen gürji itiň suraty tikilendi, şonda Margarita kimiňdir elinden ýapyşyp, sag aýagyny ýassyga goýanda, dyzy haýal epildi. Ol töweregine nazar aýlady. Korowýew bilen Azazello onuň ýanjagazynda dabaraly ýagdaýda durdular. Azazellonyň ýanynda ýene üç sany ýigit bolup, olar Margarita Abadonnany ýatlatdy. Margaritanyň arkasyna sowuk degip başlady, ol öwrülip, ol ýerdäki mermer diwardan buz howuza gazly meýiň şaglap guýulýandygyny gördi. Margarita çep aýagynyň aşagynda nähilidir yssy we ýumşak zadyň gybyrdanyny duýdy. Bu Begemotdy.
Margarita belentde durdy, onuň edil aýagynyň aşagyndan haly düşelen örän mahabatly basgançak pese düşüp gidýärdi. Pesde, edil dürbiniň ters tarapyndan görnen ýaly, juda-juda alysda ullakan gapysy sakçyly we gap-gara bigelşik agzyna bäş tonnalyk ýük maşyn arkaýyn girip biljek äpet kamin (peç) göründi. Gözüňi kör ediji derejede ýagtylandyrylan gapysy sakçyly kamin hem, basgançak hem boşdy. Indi Margarita kernaý-surnaýlaryň sedasy juda uzakdan eşidilýärdi. Şu görnüşde bir minut ýaly gymyldaman durdular.
— Ýeri, hany myhmanlaryňyz? — diýip sorady Margarita Korowýewden.
— Gelerler, karol gözeli, gelerler, häzir gelip başlarlar. Myhman az bolmaz. Olary bu meýdançada garşylanymdan odun aýranymy has gowy görerdim.
— Odun aýyrmak nämemiş — diýip, alyp göterdi ýaňra pişik, — men trambaýda konduktor bolup işlemäge-de razydyryn, özüňiz bilýäňiz, konduktorlukdan manysyz iş ýok dünýäde.
— Hemme zat öňünden taýýar edilmeli, karol gözeli — diýip goşmaça kyldy Korowýew çatlan monokl dakan gözünde ot oýnadyp. — Birinji gelen myhmanyň özüni nirä goýjagyny bilmän sandyraklap ýöreninden, şol birwagtda onuň jübti-halaly — dilazar melikesi, nämüçin beýle ir geldik diýip, ärine ykarat edip, ýňňyl-myňyl edeninden ýaman närse ýok dünýäde. Eger bal şeýle bolýan bolsa, onuň ýaly baly zibile zyňmak gerek, karol gözeli.
— Elbetde, zibile zyňmaly — diýip makullady pişik.

— Ýarygijä çenli on sekunt galdy — diýip goşmaça kyldy Korowýew, — häzir başlanar.
Şu on sekunt Margarita üçin örän uzak ýaly boldy. Onuň hyýalynda on sekunt bireýýäm geçdi, emma bolýan zat ýokdy. Emma birden pesde, äpet kaminiň içinde bir zat tarkyldap gitdi-de, içinden bir dar agajy atylyp çykdy — oňa çüýräp, dökülip başlan jeset asylgydy. Ine, şu jeset syrtmakdan ýere üzlüp düşüp, birden egnine frak, aýagyna laklanan köwüş geýen gara saçly görmegeý ýigide öwrüldi. Şondan soň kaminden çüýräp başlan kiçiräk bir tabyt atylyp çykdy, onuň gapagy açylyp, içinden başga jeset peýda boldy. Görmegeý ýigit hormat bilen onuň başujuna ýakyn baryp, onuň elini goltugyna almak üçin egdi, şonda tabytdaky jeset hem turup, gara köwüşli, saçyna gara ýelek dakan, çyp-ýalaňaç aýala öwrüldi we bu erkek bilen aýal bilelikde basgançakdan ýokarlygyna göterilip başladylar.
— Ilkinji myhmanlar! — diýdi Korowýew, — jenap Jak öz jübti-halaly bilen. Tanyşyň, karol gözeli, dünýädäki iň täsin erkeklerden biri! Galp pul ýasamakda deňitaýy bolmadyk döwlet dönügi, şol birwagtda ökde alhimik hem. Emma — diýip, pyşyrdap başlady ol Margaritanyň gulagyna, — karolyň oýnaşyny zäherläp, şöhrat gazanan. Bu her kimsä başartmaýar. Serediň, nähili gözel ýigit!
Reňki agaran Margarita aňk-taňk bolup, agzyny açyp, aşak seretdi, ol ýerdäki ýaňky dar agajy hem, tabyt hem gapy sakçynyň gapdalyndaky ötüge girip, gözden gaýyp boldy.
— Örän hoşaldyryn — diýip, gygyrdy pişik basgançakdan çykyp gelen jenap Jakyň göni ýüzüne.
Şol pursat pesde, kaminiň içinden başsyz, elsiz bir skelet çykdy we ýere bir urlup, frak geýnen erkek kişä öwrüldi.
Jenap Jakyň aýaly Margaritaň garşysynda dyza çöküp, tolgunmadan ýaňa reňki agaryp, onuň dyzyny ogşady.
— Karol gözeli — diýip, samrady ol.
— Karol gözeli sizi görenine tükeniksiz şatdyr — diýip gygyrdy Korowýew.
— Karol gözeli... — diýdi mylaýym ýigit, jenap Jak.
— Biz diýseň şatdyrys — diýip mawlady pişik.
Azazellonyň hemralary bolan ýigitler hoşmylakat bilen ölügsi ýylgyryp, jenap Jak bilen onuň aýalyny çete, şampan çakyry doldurylan bulgurlary saklap duran negrler tarapa gysyp çykardylar. Basgançakdan bolsa egni frakly bir adam ylgap çykyp geldi.
— Graf Robert — diýip pyşyrdady ýene Margarita Korowýew — henizem ünsüňi çekýän hoşbiçim. Ýöne asla bir ýagdaýa üns beriň, karol gözeli: bu adam karol aýalyň oýnaşy bolup, öz aýalyny zäherläp öldüripdi.
— Hoşaldyrys, graf, — diýip gygyrdy Begemot.
Kaminiň içinden yzly-yzyna üç tabyt çykyp, tarsyldap ýaryldy-da, dumly-duşa pytrady, şondan soň kaminden gara donly adam çykdy, onuň arkasyndan yzma-yz ylgap çykan ýene biri don geýeniň arkasyna pyçak sançdy. Basgançagyň eteginden basyk perýat eşidildi. Soňra birden kaminiň içinden bütinleý eräp-çüýräp giden jeset atylyp çykdy. Margarita gözlerini ýumdy, şonda kimdir biri onuň burnuna ak duz salnan çüýşejagaz tutdy. Margaritanyň göwnüne bu Nataşa ýaly boldy. Basgançak dolup başlady. Indi her bir basgançagyň üstüni uzakdan asla birmeňzeş bolup

görünýän, frak geýen erkekler-u olaryň ýanlarynda başlaryndaky ýelekleriň we aýaklaryndaky köwüşleriniň reňki bilen bir-birinden parh edýän ýalaňaç aýallar doldurdy. Çep aýagyna täsin agaç ädik geýen, salyhatly hor bir zenan edil monah aýallar ýaly, aşak bakyp, Margarita bakan çykyp gelýärdi, onuň boýny nämüçindir giň ýaşyl lenta bilen daňylgydy.

— Bu ne beýle ýap-ýaşyl bolupdyr! — diýdi birden Margarita.

— Örän ýakymly we agras jenan — diýip pyşyrdady Korowýew, — tanyşdyraýyn size: Tofana hanym, neapolly dilber juwanlar, şeýle hem Palermo aýallarynyň arasynda we ärleri ýüregine düşen hanymlar arasynda tanymal bolan. Eýsem, ýüregedüşgünç ärleriň barlygy hakykat dälmi, korol gözeli?

— Hawa, — diýip jogap berdi. Margarita pessaý ses bilen, şol birwagtda garşysynda yzly-yzyna dyza çöküp, dyzyndan we elinden ogşan iki sany erkege ýylgyryp seretdi.

— Ana, şeýle — diýip, Margarita çawuş çakdy Korowýew, we aýny wagtda kimleredir gygyrdy: — Gersog, bir gadak şampan çakyry merhemet etsinler! Aperin size! Hawa, gepiň gysgasy, Tofana hanym şol şormaňlaý aýallaryň hajatyny bitirip, olara kiçijik çüýşejikde düwmeli suw satýardy. Hatyny şol suwy äriniň naharyna salýardy, äri bolsa nahary iýip, mähriban hatynyna minnetdarlyk bildirýärdi we özüni örän ýagşy duýýardy. Dogry, birnäçe sagatdan soň, ol äriň agzy kepäp, suw içesi gelip başlar, soň düşege gyşarar-da... Hullasy, ýene bir günden soň ärini tagamly çorba bilen hezzetlän şol neapolly sahypjemal bahar şemaly ýaly erkin bolýardy.

Margarita: — Onuň aýagyndaky näme? — diýip soraýardy, şol birwagtda çogup çykyp gelýän, Tofana hanymdan ozup, öz gaşyna ýetip gelen myhmanlara el uzatmagyny bes etmeýärdi — ondan soň, nämüçin boýnuna ýaşyl lenta daňypdyr. Pis açypmy?

— Men örän hoşaldyryn, knýaz! — diýip gygyrdy Korowýew we şu wagtyň özünde Margaritanyň gulagyna pyşyrdady: — Boýny örän owadan, ýöne ol türmede ýatanda, gelşiksiz bir ýagdaý bolupdyr. Aýagyndaky bolsa, karol gözeli, ispan ädigi, indi lenta meselesine gelsek, muňa sebäp şu ki, öz hatynlaryna ýakmadyk bäş ýüz sany erkegiň Neapol we Palermodan baky sürgün edenini eşiden türme hyzmatçylary Tofana hanymy türmäň içinde bogup öldürüpdiler.

— Gara karol gözeli, sizi görenime çäksiz bagtyýardyryn — diýip, Tofana monaşkalarça pyşyrdap, dyza çökmäge çalyşýardy, emma ispan ädigi muňa päsgel berýärdi. Korowýew bilen Begemot Tofana turmaga ýardam etdiler.

— Men şat — diýip jogap berdi oňa Margarita, elini başga myhmanlara uzadyp.

Indi ýokaryk göterilýän adamlar akymy basgançaklary bütinleý gömüp taşlady. Şu sebäpden Margarita pesde, kaminde nämeler bolýanlygyny indi görmeýärdi. Ol endik boýunça elini göterip düşürýärdi we birsydyrgyn ýylgyryp ak dişlerini görkezip myhmanlara mylakat edýärdi. Bu ýerde, basgançak meýdançasynda gaty goh-wagyrdy göterildi, bal bolýan zallardan eşidilýän saz deňiz ýaly güwwüldeýärdi.

— Ine, bu örän dilgir aýal — diýýärdi Korowýew, indi batly ses bilen, çünki bu ýerdäki şow-şowda öz sesini myhmanlaryň eşitmejegini bilýärdi, — jany-teni bilen baly gowy görýär, özem öz ýaglygynyň üstünden şikaýat etmek arzuwynda.

Margarita Korowýewiň görkezen aýalyny basgançakdan çykyp gelýänler arasyndan gözi bilen yzarlap tapdy. Bu ýigrimi ýaşlaryndaky kaddy-kamaty örän gelşikli juwan

bolsa-da, gözleri nämüçindir gamgyn, nägilelik bilen bakýardy... Nähili ýaglyk ol? — pyşyrdap sorady Margarita her myhmana elini uzatmasyny dowam edip.
— Ol hojaýyn aýala hyzmat edýär — diýip düşündirdi Korowýew, — ol onuň stoljugyna otuz ýyl bäri gijesine elýaglyk goýýar. Ol ukudan oýandygy elýaglyk ýene öz ýanynda. Bu aýal ony peje salyp ýakyp gördi, derýa gark edip gördi, barybir hiç zat peýda etmeýär.
— O nähili ýaglyk? — diýip, Margarita elini bir ýokary galdyryp, bir aşak düşürip durşuna pyşyrdap sorady.
— Gök bezegli ýaglyk. Gep şeýle ki, ol kafede hyzmat edip ýörkä, günleriň birinde hojaýyny ony ambara salypdyr, aradan dokuz aý geçenden soň, ol ogul dogrupdyr-da, oguljygyny tokaýa eltip, agzyna ýaglyk dykyp, ýere gömüpdir. Sudda çagany idetmäge gurbum çatmady diýipdir.
— Şol kafeň hojaýyny nirede? — diýip sorady Margarita.
— Korol gözeli — diýdi birden ýakymsyz ses bilen pişik aşakdan, — rugsat etseňiz, size bir sowal: hojaýynyň muňa näme dahyly bar? Ol çagany tokaýda bogup öldürmändir-ä?
Margarita myhmanlara ýylgyrmasyny we sag elini olara salgamasyny dowam edip, çep eliniň dyrnaklaryny Begemodyň gulagyna batyrdy we pyşyrdap diýdi: — Eger sen, deýýus, ýene bir gezek gepe goşulsaň...
Begemot jan awusyna gygyrdy we hyrlap diýdi: — Korol gözeli... gulagym çişer... Eýsem, çişen gulak bilen bala zeper ýetirmelimi? Men hukuk tarapdan... ýuridiki nukdaýy nazardan gepläpdim... Boldy, toba kyldym... Meni pişik däl, balyk diýip hasap ediň, ýöne gulagymy bir goýberiň.
Margarita pişigiň gulagyny goýberdi, edil şu wagt gözleri gamgyn we gaýgyly seredýän juwan onuň garşysynda saklandy.
— O, korol gözeli — sahyba, beýik dolan Aý balyna çagyrlanyma örän bagtyýardyryn.
— Men hem — diýdi oňa Margarita, — hoşaldyryn sizi bu ýerde görenime. Örän hoşaldyryn. Şampan çakyryny halaýaňyzmy?
— Waý, näme etmeli korol gözeli?! — tolgunyp sessiz gygyrdy Korowýew Margaritanyň gulagyna, — gys-gyrma bolup gitjek bu ýer!
— Halaýaryn — diýdi juwan, ýalynýan äheňde we birden manysyz tüýsde tekrarlap başlady: — Frida! Frida, Frida! Meniň adym Frida, o, korol gözeli!
— Beýle bolsa, Frida, siz bu gün tä serhoş bolýançaňyz içiň-de, hiç zady pikir etmäň — diýdi Margarita.
Frida Margarita iki elini uzadan badyna, Korowýew bilen Begemot çalasynlyk bilen onuň iki goltugyndan aldylar, ol bir demde märekäniň arasynda gaýyp boldy.
Indi märeke, göýä Margaritanyň duran meýdançasyny zabt edip almaga äht eden ýaly, basgançakdan hüwmek bolup ýokary çykýardy. Ýalaňaç aýallar frakly erkekler bilen aralaşyp gidipdi. Margarita tarap bugdaýreňk, ak, mele we bütinleý gap-gara bedenler golaýlaşyp gelýärdi. Olaryň mele, gara, gyzylymtyl, külreňk saçlaryna dakylan gymmatbaha daşlar bihasap çyralaryň şöhlesinden towlanýardy, ýalpyldaýardy, uçgun syçraýardy. Hüjümçi erkekleriň kükreklerine dakylan göwher iliklerden ot çaknaýardy — göýä bu alaman — märekäniň üstüne kimdir biri nur

saçýan ýalydy. Indi Margarita, dyzyny yzly-yzyna ogşaýandyklaryny duýýardy, yzly-yzyna elini ogşamaga uzadýardy, ýylgyrýan ýüzi nykap kibi gatap galypdy.
— Men aperin aýdýaryn — diýip seslenýärdi Korowýew bir äheňde, — biz hoşaldyrys, korol gözeli hem örän şatdyr.
— Korol gözeli hoşaldyr — diýýärdi sakawlap, arkada duran Azazello.
— Men hoşaldyryn — diýip, pişigem gygyrýardy.
— Bu Markiza — diýip tanyşdyrdy Korowýew, — miras üçin atasyny, iki agasyny we iki uýasyny zäherläp öldürdi! Korol gözeli sizi görenine şat! Minkina hanym, serediň, nähili dilber aýal! Diňe sähelçe gaharjaň diýmesek! Näme geregi bardy hyzmatkär gyzyň ýüzüni saçy burýan gaýçy bilen ýakmagyň! Dogry, beýle ýagdaýda, endige görä, soýup taşlaýarlar! Korol gözeli hoşaldyr! Korol gözeli, bir dem üns beriň: imperator Rudolf, jadygöý alhimik. Ine, ýene bir dara çekilen alhimik. O, hanym hem geldi! O, nähili ajaýyp jelephanasy bardy onuň Strasburgda! Biz hoşaldyrys. Bu hanym — moskwaly tikinçi, tükenmez fantaziýasy bolany üçin biz hemmämiz ony söýýäris. Ol öz elastyndaky atelýede juda gülküli bir zat ýaradypdy: diwarda bir jübüt tegelek deşik açyp goýupdy...
— Näme, zenanlar bilmeýärdilermi? — diýip sorady Margarita.
— Hemmesem bilýärdi, korol gözeli — diýip jogap berdi Korowýew, — men hoşaldyryn. Ine, bu ýigrimi ýaşly örän hyýalbent we akmak oglan çagalyk wagtyndan özüniň täsin fantaziýalary bilen at gazanypdy. Ony bir gyz söýýärdi, ol bolsa şol gyzy alyp baryp, jelephana satdy.
Pesden çykyp gelýän märeke akymynyň yzy görünmeýärdi. Bu akymyň sakasy äpet kamindi. Şu tüýsde aradan bir sagat geçdi, ikinji sagat hem başlandy. Margarita boýnuna asylan zynjyryň hasam agyrlaşanyny duýdy. Onuň eline-de bir zad-a boldy. Margarita her gezek elini göteren wagty, agyrydan ýaňa ýüzüni çytmaly bolýardy. Korowýewiň üýtgeşik düşündirişleri ony gyzyklandyrmaýardy, bu gyýtak gözli mongol ýüzlere, ak-gara ýüzlere ol biparh bakýardy, çünki olar bir-birleri bilen birigip giden ýaly bolup görnüp, howa-da olaryň arasynda nämüçindir tolkunlap akýan ýalydy. Birden Margaritanyň sag eli edil iňňe sanjylan dek sakyrap agyryp başlady, şonda ol dişini gysyp, tirsegini tumba goýdy. Onuň arkasyndaky zaldan edil guşlaryň ganatlary diwara urulýan ýaly şarpyldylar eşidildi we ol ýerde san-sajaksyz myhmanlaryň tans edýäni mälim boldy. Margaritanyň göwnüne bu wagşyýana zalyň mäkäm mermerli, bezegli billur pollary-da gan damary ýaly ritmli urýana çalym edýärdi.
Indi Margaritany hiç hili korol hem, gersog hem, aşyk ýigit hem, öz janyna kast edenler hem, ärlerini zäherläp öldürenler hem, dara asylanlardyr erkek-aýalyň arasynda durup sataşdyrýanlar hem, türmä düşenler hem, ikiýüzli humarbazlar hem, jellatlar, şugulçylar, çawuşlar, dönükler, akmaklar, gyzlaryň namysyna hüjüm edýänler hem, hatda Gaý kaýsar Kaligula bilen Messalina hem asla gyzyklandyranokdy.Olaryň atlary Margaritanyň beýnisinde garyşyp gidipdi, ýüz-gözleri, keşpleri bir-birine sepleşip, ullakan bir tegelek çörege meňzäp galypdy, diňe bir keşp — Malýuta Skuratowyň ýalynreňk aýlawly sakgally ýüzi hakydasyna mäkäm ýermeşip, oňa azap berýärdi. Margaritanyň dyzlary epilip-epilip, agyrynyň zarbyna ol her minutda aglaýjak-aglaýjak bolýardy. Ylaýta-da sag aýagy gaty azap

berýärdi, çünki gelen myhmanlaryň hemmesi dyzyny ogşap geçenligi üçin ol çişip, gögeripdi, entegem Nataşa gubka bilen birhili ýakymly melhem getirip, onuň dyzyny birnäçe gezek arassalapdy. Olaryň gelip başlanyna üç sagat töweregi bolanda, Margarita halys umytsyzlyk bilen aşak nazar aýlady-da, birdenem gözleri röwşenlenip, tisginip gitdi: myhmanlaryň akymy seýrekläp başlapdy.

— Bala gelmek düzgüni hemme ýerde birdir, korol gözeli, — diýip pyşyrdady Korowýew, — häzir tolkun köşeşer. Ant içip aýdýaryn, bu çydamyň soňky pursatlary. Ana, broken keýpbazlary. Bu olaryň endigi, mydama iň soňunda gelýärler. Hawa, şolar. Ýene iki sany serhoş wampir... tamammy? Aý, ýok, ana ýene biri. Ýok, iki eken!

Basgançakdan iň soňky iki myhman çykyp gelýärdi.

— Be, bular-a täze myhman — diýdi Koroýew monokl aýnasy arkaly gözüni süzüp seredip, — ä, indi tanadym. Günleriň birinde Azazello onuňka baryp konýak içip otyrka, onuň gulagyna pyşyrdap, bir adamdan nähili dynmalydygyny öwredipdi, çünki öý eýesi şol adamyň paş bolmagyndan gaty gorkýardy. Netijede ol, Azazellonyň maslahaty bilen, özüne garaşly bolan bir tanyşyna şol adamyň kabinetiniň diwarlaryna zäher pürkmegi tabşyrýar.

— Ady näme onuň? — diýip sorady Margarita.

— Dogrusy, özüm hem bilmeýärin onuň adyny — diýdi Korowýew, — Azazellodan soramak gerek.

— Onuň ýanyndaky kim?

— Ol onuň şol işi tabşyran hyzmatçysy.

Men örän şat sizi görenime! — diýip, joşgunly gutlady Korowýew iň soňky iki myhmany.

Basgançak boşap galdy. Ätiýaç üçin ýene az salym garaşdylar. Emma kaminiň içinden başga hiç kim çykmady.

Margarita bir sekuntdan soň özüni öňki howuzly otagda görüp, bu ýere nädip gelenine haýran galyp, şobada el-aýaklarynyň agyrysyna çydaman, aglap, ýere ýykyldy. Emma Gella bilen Nataşa ony köşeşdirip, ganly duşuň aşagyna alyp bardylar-da, ýene bedenini owkaladylar, şonda Margarita gaýtadan jan girdi.

— Ýene, ýene, korol gözeli Margo, — diýip pyşyrdaýardy onuň ýanynda peýda bolan Korowýew, — perwaz edip, zallary aýlanyp çykmak gerek, goý, eziz myhmanlar özlerini taşlap gitdiler diýip oýlamasynlar.

Şonda Margarita ýene howuzly otagdan uçup çykyp gitdi. Walslar korolynyň orkestriniň saz çalýan çigillemleriň arkasyndaky estrada sahnasynda indi öwjüne galan maýmynlar jazy guduzlaýardy. Bu jaza eli kernaýly, ösgün bakenbard sakgally, äpet gorilla agyr göwresini yrap, dirižýorlyk edýärdi. Bir hatara düzlüp oturan orangutanglar lowurdyly kernaýlara aldygyna üfleýärdiler. Olaryň eginlerine münen şoh şimpanzeler bolsa garmon çalýardylar. Ýolbars ýaly iki sany gamadril roýal çalýardy, emma roýallaryň owazy gibbonlaryň, mandrilleriň, martişkalaryň saksofondyr skripkalaryň, depredkleriniň sesi astynda asla eşidilmeýärdi. Özleriniň çalasynlygy nogsansyz hereketleri bilen adamy täsin galdyrýan san-sajaksyz jübütler biri-birine kebşir edilen ýaly, ýelmeşip, aýnaly poldan pyr-pyr aýlanyp, ýolunda duş gelen bar zady ýykyp-ýumurjak derejede äpet diwar bolup, bir tarapa eňip

barýardylar. Ýaldyrawuk janly kebelekler tansa çykan märekäniň depesinde ýüzýärdi, ýokardan bolsa gül ýagýardy. Elektrik çyralary sönen wagty sütünleriň başynda, bogdaklarynda sansyz-hasapsyz baýymgyz tomazaklar ýylpyldaýardy, howada bolsa batgalyk uçgunlary ýüzýärdi.
Soňra Margarita sütünler bilen gurşalan örän ullakan howza baryp düşdi. Mahabatly gara Neptun heýkeli agzyndan bägülreňk suwuklygy çogdurýardy. Howuzdan şampan çakyrynyň serhoş ediji ysy ýokary göterilýärdi. Bu ýerde erkin wagtyhoşluk höküm sürýärdi. Hanymlar gülüşip, köwüşlerini çykarýardylar, sumkajagazlaryny öz jüftlerine ýa-da örtük (prostyn) göterip ýel dek ylgap ýören negrlere berip, garlawaç ýaly çyňkyryşyp, howza urýardylar. Köpürjikli tolkunlar belende atylýardy. Howzuň hrustal düýbündäki çyralar şerap gatyny ýaryp geçip, howuzda ýüzýän kümüş tenli hanymlary ýagtylandyrýardy. Olar howuzdan serhoş bolup çykýardylar, sütünleriň aşagyndan göterilýän hahahaýlar hammamdaky ýaly ýaňlanýardy.
Ine, şu tos-topalaňda diňe gaty serhoş bir aýalyň manysyz seredýän, şol bir wagtda ýalbaryjy gözleri, onuň «frida!» diýen bir agyz sözi hakydasynda galypdy. Şerabyň ysyndan Margaritanyň başy aýlanýardy, ol howuzly zaldan çykyp gitmekçi bolanda, pişik bir nomer görkezip, Margaritany saklady. Begemot Neptunyň agzynyň öňünde bir efsun okady, şobada howuzdaky şampan çakyry şaglap, pyşşyldap, gaýyp boldy, soň Neptunyň agzyndan goňur reňkli köpüklemeýän suwuklyk şarlap akyp ugrady. Hanymlar:
— Konýak! — diýip owaza edip çyňkyrdylar, özlerini howuzyň gyrasyndan çete çekip, sütünleriň penasyna bardylar. Birnäçe sekuntdan howuz doldy, şonda pişik howada üç mertebe pyrlanyp möwjän konýak howzuna gaçdy. Ol pyşgyryp-pyşgyryp howuzdan çykanda, gatyrma galstugy ezilip, murtyndaky zeri we dürbisi ýitipdi. Begemota diňe hilegär tikinçi aýal bilen onuň jübti — nätanyş bir mulat ýigit goşulyşdy. Olaryň ikisi-de konýaga düşdüler, emma şu mahal Korowýew Margaritany goltuklap aldy-da, bilelikde konýak howzuny terk etdiler.
Margaritanyň göwnüne ol bir ýerlerden uçup geçen ýaly boldy, äpet daş howuzlarda üýşmek-üýşmek balykgulaklary gördi. Soň ol aşagynda dowzah ody ýanyp duran, ol otlaryň töwereginde ylgaşyp ýören ak arwah aşpezleriň bar ýerini aýnaly poluň üstünden uçup barýarka saýgardy. Soňabaka ol hiç zady aňşyrmaýan ýagdaýynda, garaňky ýerzeminlerde ýanýan otjagazlary, ol ýerde gyzlaryň kömürde bişen jyzyrdap duran kebaplary äberýänlerini, özüniň saglygyna doly-doly kürşgelerde meý içýänleri gördi. Soň bolsa garmon çalýan ak aýylaryň estradada tans edýänlerine şaýat boldy. Kamin — peçde ýanmaýan gözbagçy salamandra — semender-de şu ýerdedi... Ine, şonda ikinji gezek onuň güýç-kuwwaty kemelip ugrady.
— Iň soňky çykyş — diýip, Korowýew aladaly pyşyrdady — ana, onsoň biz erkinlige çykýarys.
Korowýewiň hemralygynda Margarita ýene bir bal zalyna bardy, emma bu ýerde tans edilmeýärdi, myhmanlaryň üýşmeleňi zalyň ortasyny boş galdyryp, sütünleriň aralygyna dyknyşyp durdylar. Margaritany zalyň ortasynda peýda bolan bir belentlige çykardylar, ýöne ol özüni kimiň bu ýere çykaranyny bilip bilmedi. Ol belentlige göterilende, öz çaky boýunça bireýýäm geçip giden ýarygijäniň ýaňy çalypdy we ol muňa geň galdy. Nämälim sagadyň soňky zaňy çalnan badyna ümsümlik myhmanlar

mähellesiniň üstüne döküldi. Şonda Margarita ýene Wolandy gördi. Ony Abadonna, Azazello we ýene Abadonna meňzeş birnäçe gara geýnen ýigitler gallap gelýärdi. Indi Margarita öz duran belentliginiň garşysynda Woland üçin häzirlenen başga bir belent sekini hem gördi. Emma Woland ol sekä çykmady. Margaritany geň galdyran zat şu boldy ki, Woland beýik balyň şu dabaraly gujagyna hälki ýatak jaýda nähili lybasda bolan bolsa, häzirem şol lybasda gelipdi. Egninde şol köne kir ýamaly agşam köýnegi, aýagynda bolsa tozup, maýyşyp giden şypbyk bardy. Elinde ýalaňaç şpaga, emma Woland ony hasa edinip, söýenip durdy. Ol agsaklap gelip, öz sekisiniň golaýynda saklandy, şobada eli mejimeli Azazello onuň gaşynda peýda boldy. Bu mejimede Margarita alynky dişleri döwlüp, agzy opurylan adam kellesini gördi. Zalda örän güýçli ümsümlik höküm sürýärdi, bu ümsümligi köçe tarapdaky girelgäniň jaňyny ýatladýan, emma häzirki pursada asla gelişmeýän jaň sedasy diňe bir gezek bozdy.

— Mihail Aleksandrowiç — diýip, ýuwaş ýüzlendi Woland kellä, şonda öli kelläniň gabaklary galyp, Margarita onuň manydan doly, ejirli, diri gözlerini görüp tisgindi.

— Hemme aýdanlarymyz dogry geldi, şeýle dälmi? — diýip gepini dowam etdi Woland, öli kelläniň gözlerine dikanlap, — kelläňizi aýal maşgala üzdi, mejlis bolmady, menem seniň kwartiraňda ýaşap ýörün. Bu — fakt. Fakt diýilýän zat bolsa, örän kejir zat. Emma indi bizi ýüze çykan bu fakt däl, gelejekde boljak wakalar gyzyklandyrýar. Siz hemişe, adamyň kellesi teninden jyda edilenden soň, ýaşaýyş kesilýär, ol toz-topraga öwrülip ýok bolup gidýär diýen nazaryýetiň gyzgyn tarapdary bolupdyňyz. Men size öz myhmanlarymyň öňünde, eger olar başga teroriýany subut etmegiň tarapdarlary bolsalar-da, siziň nazaryýetiňiziň hem saldamly hem danadygyny size habar berýänim üçin hoşaldyryn. Ýogsa hemme nazaryýetler-de aýry-aýrylykda ýaşamaga hukukly. Olaryň arasynda şeýle nazaryýetler hem bar bolup, oňa görä, her kimiň kysmaty öz ynam-ygtykadyna görä belgilenýär. Häzirem, goý, şeýle bolsun! Siz ýokluga tarap gidip barýarsyňyz, men bolsa siziň kelleçanagyňyzdan ýasalan jamdan barlyk üçin bada götermekden özümi bagtyýar saýýaryn. — Woland şpagany-şemşiri ýokary göterdi. Şol pursatda kelläniň hamy garalyp, bürşüp başlady, soňra bölek-bölek bolup döküldi, gözler hem gaýyp boldy, bir salymyň içinde Margarita tigirlere ýerleşdirilen sary mejimede zümerret gözli, hünji dişli sargylt kelleçanagy gördi. Kelleçanagyň şarnirli gapagy öz-özünden açyldy.

— Ine, häzir messir — diýdi Korowýew, Wolandyň sowally nazaryny görüp, — häzir huzuryňyzda bolar ol. Men suw sepilen ýaly şu ümsümlikde onuň laklanan tuflisiniň jygyldysyny, ömrüniň soňky pursadynda şampan çakyryny içip, stola goýan bulguryň jyňňyrdysyny eşidýärin. Ine, onuň özi hem geldi.

Zala täze bir myhman girip, göni Wolanda tarap ýöräp başlady. Onuň daşky görnüşi bu ýerdäki erkek myhmanlardan parh etmeýärdi. Tapawut diňe bir zatdady, ýagny myhman tolgunmakdan ýaňa çaýkanyp gelýärdi welin, bu uzakdan hem anyk saýgarylýardy. Onuň ýaňaklarynda gyzyl tegmiller low-low ýanýardy, gözleri tolgunma zerarly howsalalydy. Myhman özüni ýitiripdi, bu tebigy ýagdaýdy elbetde: bu ýerdäki hemme zat, esasan-da Wolandyň lybasy onuň aňkasyny aşyrypdy.

Ýöne myhman gowy hormat bilen garşylandy.

— O, ezizim, baron Maýgel — diýip, Woland myhmana açyk ýüz bilen ýylgyrdy, myhmanyň bolsa geň galmakdan ýaňa tas gözleri hanasyndan çykypdy. — Men sizi — diýip, myhmanlara ýüzlendi Woland, — tomaşahanalar komissiýasynda çet ýurtlulara paýtagtyň ünsi çekýän ýerlerini görkeziji bolup işleýän, hormatly baron Maýgel bilen tanyşdyrmak bagtyna eýedirin.
Margarita aňk-taňk bolup, doňup galdy, çünki Maýgeli tanaýardy, Moskwa teatrlarynda we restoranlarda ony birnäçe gezek görüpdi. «Be-e... diýip oýlandy Margarita, — diýmek, Maýgel hem ölen eken-dä?» Emma mesele derrew aýdyňlaşdy.
— Gadyrly baron — diýip, dowam etdi Woland şadyýana ýylgyryş bilen, örän ajaýyp adamd-a, serediň meniň Moskwa gelenimi eşidip, derrew jaň etdi we meni göräýmeli gowy ymaratlar bilen tanyşdyrmaga taýýardygyny mälim etdi. Öz-özünden düşnükli, men hem ony öz ýanyma çagyranym üçin özümi bagtly duýýaryn. Şol mahal Margarita Azazellonyň kelleçanak goýlan jamy Korowýewe uzadanyny gördi.
— Ýogsa-da, baron — diýip, Woland birden syr aýdýan ýaly, sesini ýuwaşatdy, — size öte bilesigeliji diýýärler. Myş-myşlara ynansaň, şu häsiýetiňiz, üstesine-de juda geplemsekligiňiz hemmeleriň ünsüni çekip başlanmyş. Bu hem az ýaly, ýaman diller siz hakynda çawuş, içaly diýip gep ýaýradypdyrlar. Has beterem, bu zatlar aňyrsy bir aýa ýetmän, sizi betbagtlyga duçar eder diýen çaklama bar. Şoňa görä, sizi şol ýowuz güne garaşmak azabyndan halas etmek niýetinde, bu ýere wagty barka köpräk zatlary synlap, köpräk gep eşitmek maksadynda myhman bolup gelenligiňizden peýdalanyp, size ýardam bermegi karar etdik.
Baronyň reňki Abadonnanyňkydan hem beter agardy, Abadonna bolsa tebigaty boýunça akýagyzdy, soňra alamat bir hadysa ýüze çykdy. Abadonna baronyň garşysynda peýda bolup, bir sekunt äýnegini gözünden aýyrdy. Şol pursatda Azazellonyň elinde bir zat ýalpyldady, kimdir biri ýuwaşja çapak çalan dek boldy-da, baron ýere keseligine ýykylyp başlady, onuň kükreginden dazlap atylýan gyrmyzy gan krahmal köýnegini we gursakçasyny boýady. Korowýew kelleçanakly — jamy akýan ganyň aşagyna eltip, ony dolýança saklady-da, soň doly jamy Wolanda uzatdy. Bu wagt baronyň jansyz jesedi ýerde ýatyrdy.
— Siziň saglygyňyza içýärin, jenaplar, — pessaý ses bilen diýdi Woland we jama lebini degrip goýdy.
Şol wagt üýtgeşik waka ýüze çykdy. Wolandyň ýamaly köýnegi bilen maýşyp galan köwşi gaýyp boldy. Egninde birhili gara hlamida, bilinde polat şpaga peýda boldy. Margaritanyň ýanyna çalt gelip, hormat bilen oňa jamy uzadyp:
— Iç! — diýdi.
Margaritanyň başy aýlandy, entirekläp gitdi, emma şu wagt jam onuň dodagyna eltildi, kimdir birleri kimdigini anyklap bilmedi, onuň iki gulagyna pyşyrdady:
— Gorkmaň korol gözeli... Gorkmaň, korol gözeli, gan bireýýäm ýere siňip gitdi. Gan dökülen ýerde indi üzüm agaçlary ösüp otyr.
Margarita gözüni açman, jamdan bir owurt içdi welin, damarlaryndan ýakymly elektrik togy akyp gelen ýaly boldy, gulaklary şaňlady. Göwnüne horazlar gulagy kamata getirer derejede gygyrýan ýaly, bu ýerlerde marş sazy çalynýan ýaly boldy. Myhmanlaryň keşbi ýitip başlady. Egni frakly erkekler hem, ýalaňaç aýallar hem toz

ýaly pytrady. Margaritanyň göz öňünde toza öwrülmek bütin zaly gurşap aldy, hemme ýeri mazar ysy gaplady. Sütünler ýykyldy, çyralar öçdi, hemme zat eräp, gaýyp bolup, çüwdürimler hem, çigillemler hem, kameliýalar hem gözden ýitdi. Hemme zat öňki-öňkilik bolup, — zergär aýalyň garybana myhman otagy galdy we onuň çala açyk gapysyndan çyranyň şöhlesi göründi. Margarita, ine, şu ýarym açyk gapydan içeri girdi.

## XXIV bap

## USSADYŇ HALAS EDILMEGI

Wolandyň ýatyş otagy baldan öň nähili bolan bolsa, häzirem edil şeýledi. Woland agşam köýneginde krowatda otyrdy, diňe indi Gella onuň aýagyny owkalanokdy-da, hälki küşt oýnalan stola saçak ýazýardy. Korowýew bilen Azazello fraklaryny çykaryp, stolyň başynda otyrdylar, elbetde, pişik hem şolaryň ýanyndady. Emma ol galstugyny, ol hapa ezlip, esgä öwrülen bolsa-da çykarmandy. Margarita entirekläp stola ýakynlaşdy-da, ellerini oňa diredi. Şonda Woland ony, ýene öňküsi ýaly ümläp, öz ýanyna çagyrdy.

— Ýeri, nähili, gaty heläk etmedilermi sizi? — diýip sorady ol.

— Aý, ýok messir — diýip, eşdiler-eşdilmez jogap berdi Margarita.

— Nobless oblіž, (fr. Ýagdaý mejbur edýär). — diýdi pişik we uzyn stakana birhili dury suwuklyk guýup, Margarita uzatdy.

— Arakmy? — diýip, pessaý ses bilen sorady Margarita, Pişik öýkeläp, oturan ýerinden segräp düşdi.

— Aýdýanyňyz näme, korol gözeli — diýdi ol hyryllap, — heý, menem zenana arak hödür ederinmi? Bu arassa spirt!

Margarita ýylgyrdy-da, stakany aňry süýşürjek boldy.

— Gorkman içiberiň — diýdi Woland, Margarita derrew stakany eline aldy, — Gella, otur, — diýip buýrdy ol, — soň Margarita düşündirip başlady:

— Dolan Aý gijesi — bu baýram gijesi. Endige görä, men beýle wagtda öz tanyşlarym we ýakynlarym hem-de hyzmatkärlerim bilen dar döwre gurap, agşamlyk edinýärin. Ýeri, özüňizi nähili duýýarsyňyz? Surnukdyryjy bal nähili geçdi?

— Haýran galarlyk ýagdaýda! — diýdi Korowýew şaňkyldap, — hemmeler bikarar, hemmeler aşyk-magşuk, edebe, seresaplylyga, mylakata hem, näz-kereşmä-de baý ekenler!

Woland geplemän stakanyny göterip, Margarita bilen çakyşdyrdy. Margarita, häziriň özünde dünýäden dynaryn diýip oýlandy-da, boýun synyp, spirti içdi. Ýöne hiç hili heläket ýüz bermedi. Janly suwuklyk garnyny ýyladyp geçdi-de, ýeňsesine bir ýumşak zat uruldy, uzak wagtlyk süýji ukudan oýanan dek, güýç-kuwwaty gaýdyp geldi, şonda ol özüniň it ýaly açdygyny duýdy. Düýn ertirden bäri hiç zat datmadygy ýadyna düşüp içdäsi hasam açyldy. Ol balyk işbilini çemçeläp alyp, ýuwdup başlady. Begemot bir bölek ananasy kesip, duz bilen burç sepip iýdi we ikinji gezek bir bulgur spirti bokurdagyna guýdy welin, hemmeler oňa çapak çaldylar. Margarita ikinji bulgury içenden soň, şemdanlaryň şemleri has röwşen bolup, kamindäki ot hem

güwläp ýanyp başlady. Margarita hiç hili serhoşlyk duýmady. Ol ak dişleri bilen eti çeýnäp, ondan lezzet alyp, şol bir wagtyň özünde Begemodyň ustrisa (balykgulaga) gorçisa çalyşyna syn edýärdi.
— Sen ýene üstüne üzüm hem goý — diýdi Gella, pişigiň bykynyna ýuwaş dürtüp.
— Öwretmäň maňa — diýip, jogap berdi pişik, — biz öňem köp myhmançylygy görendiris, köňlüňiz dok bolsun, görendiris!
— Bäh, şeýdip ojagyň ýanynda oturyp, köpçülik bolup naharlanmak nähili oňat, — diýip şaňkyldady Korowýew, — dost-ýarlar döwresinde...
— Ýok, Fagot — diýip, garşylyk bildirdi pişik, — balyň öz ajaýyplygy, peşenesi bar.
— Hiç hili ajaýyplygam, peşenesem ýok, tersine, ol akmak aýylar, şeýle hem bardaky gaplaňlar hem bögürişip gulak, etimi iýip, tas çakyzaly edipdiler — diýdi Woland.
— Diňleýän, messir — diýdi pişik, — eger, siz peşenesi ýok diýen pikirde bolsaňyz, men hem bada-bat şu pikiri gollamaga başlaryn.
— Gör-le muny! — diýip, jogap berdi Woland.
— Degişýän-le — diýdi pişik, boýun egijilik bilen — gaplaňlar meselesinde bolsa, häzir olary soýup, gowurdaryn.
— Gaplaň eti iýilmeýär — diýdi Gella.
— Siz şeýle pikirdemi? Onda, ine, eşidiň, — diýdi pişik we gözlerini süzüp, bir wagtlar sährada on dokuz gün ýalňyz sergezdanlyk çekende, öz öldüren gaplaňynyň etini iýip gün görenini aýdyp berdi. Hemme bu täsin kyssany uly gyzyklanma bilen diňledi, emma Begemot sözüni tamamlanda, hemmesi birden:
— Barypýatan çypdyrma! — diýip gygyrdylar.
— Iň gyzykly tarapy bu çypdyrmanyň — diýdi Woland, — onuň birinji sözünden soňky sözüne çenli çypdyrmadygy.
— Ä-hä, şeýlemi? Çypdyrmamy? — diýip pişik gygyrdy welin, hemmeler ol garşylyk görkezer öýtdiler, emma ol ýuwaşja!
— Bularyň baryny taryh görkezer — diýdi.
— Hany, aýtsaňyzlaň... — diýip, Margo arak içip, özüni dürsäp, Azazello ýüzlendi, — ozalky barony siz atdyňyzmy?
— Şek-şübhesiz — diýip jogap berdi Azazello, nämüçin ony atmaly dälmiş? Ony, elbetde, atmak gerekdi.
— Men şeýle bir tolgundym! — diýdi Margarita, — ol şeýle bir duýdansyz boldy.
— Munuň hiç hili duýdansyz ýeri ýok — diýip, garşylyk bildirdi Azazello, Korowýew bolsa jyňňyldap, hüňürdäp başlady:
— Eýsem, tolgunman bolarmy? Meniňem endam-janym dyglap gitdi. Tark! Tamam! Baron gapdala gyşardy.
— Men-ä tas däliräpdim — diýip, balyk işbilli çemçesini ýalap, pişik söze goşuldy.
— Men bir zada düşünip bilemok — diýdi Margarita, gözlerinde billur gülçyranyň şöhlesi oýnap, — eýsem bu ýerde bolan balyň sazy, takyr-takury daşardan eşidilmedimikä?
— Elbetde, eşidilen däldir, korol gözeli — diýip, düşündirdi Korowýew, çünki beýle baly eşidilmez ýaly geçirmek gerek. Seresaplyk bilen iş görmek gerek.

— Hawa-da, hawa-da... Ýogsa, bilýäňizmi, basgançakda duran ol adam... Häli Azazello bilen gelenimizde, onuň deňinden geçip gidipdi-gä... şol... Soňra gapynyň öňünde duran adam hem... Meniň pikirimçe, ol siziň kwartiraňyzy garawullap durdy.
— Dogry, dogry, Margarita Nikolaýewna siz meniň şübhämi tassyk etdiňiz. Hawa, ol kwartirany garawullap durdy. Ilkibaşda meniň özüm hem ony haly perişan bir priwat — dosent ýa-da magşugyna garaşýan aşyk bolsa gerek diýip çaklapdym. Gördüm-de ýüregim jigledi. Eh! Ol kwartirany garawullaýar eken. Beýleki biri girelgäniň agzynda, ýene şonuň ýaly biri basdyrmanyň aşagynda durdy.
— Ýogsa-da, sizi tussag etmäge gelerlermikä? — diýip sorady Margarita.
— Elbetde, gelerler, ajaýyp korol gözeli, elbetde! — diýip jogap berdi Korowýew. — Ýüregim duýup dur — gelerler, emma häzir däl, wagty gelende, elbetde, gelerler. Emma üýtgeşik hiç zat bolmaz diýip çaklaýaryn.
— Ah, şol baron ýykylanda men şeýle bir tolgundym — diýdi Margarita, çemesi, öz ömründe birinji gezek adam öldürilişini görmekden ýaňa henizem özüni dürsäp bilmän. — Siz nyşana gowy atýan bolsaňyz gerek?
— Hiç neneň däl — diýip jogap berdi Azazello.
— Näçe ädimden? — diýip, Margarita Azazello düşnüksizräk sowal berdi.
— Mesele nämäni nyşana alýanlygyňda — diýip degerli jogap etdi Azazello, — meselem, tankytçy Latunskiniň penjiresine çekiç urmak bir başga, onuň ýüregini nyşana almak bir başga.
— Ýüregini! — diýdi Margarita, nämüçindir öz ýüregine elini goýup, — ýüregini! — diýip tekrarlady ol tutuk ses bilen.
— Kimkä şol tankytçy Latunskiý? — diýip sorady Woland, Margarita gözüni süzüp seredip.
— Azazello, Korowýew we Begemot utançly ýere bakdylar, Margarita bolsa gyzaryp, jogap berdi.
— Şeýle bir tankytçy bar. Şu gün agşam men onuň tutuş kwartirasyny wes-weýran edip taşladym.
— Ana, saňa gerek bolsa? O nämüçin?
— Ol, messir — diýip, düşündirip başlady Margarita, — bir ussadyň ömrüni kül etdi.
— Özüňiz azar edinip nätjekdiňiz? — diýdi Woland.
— Maňa rugsat ediň, messir, — diýip şadyýana äheňde batly seslendi pişik, tarsa ýerinden turup.
— Eý, otur-aýt, — diýdi Azazello — häzir özüm giderin...
— Ýok, — diýdi Margarita, — ýok, ýalbarýan, messir, gerek däl beýle zat.
— Ygtyýaryňyz, ýagdaýyňyza serediň — diýdi Woland, Azazello ýene ýerinde otyrdy.
— Ýeri, biz nämede saklanypdyk, bibaha korol gözeli Margo? — diýdi Korowýew, — ä-hä, ýürek. Ýürege ol dogry urar — Korowýew uzyn barmagyny Azazello tarap uzadyp görketdi, — buýruň buýrugyňyza görä ýüregiň islän ýerine ýa-da onuň islendik garynjygyna ok urmak mümkin.
— Margarita owal-a düşünmedi, düşünenden soň, haýran galyp diýdi:
— Ol garynjyklar görenog-a!

— Ezizim, — diýdi Korowýew tutuksy ses bilen, — gyzygam şonda-da! Açyk zady her kim-de urup biler!
Korowýew stolyň çekmesinden bir ýedilik karty alyp, Margarita uzatdy we onuň hallaryndan birini dyrnagy bilen belläp bermegi haýyş etdi. Margarita ýokary sag burçdaky haly belledi. Gella karty ýassygyň aýagynda gizledi-de:
— Taýýar! — diýip gygyrdy.
Şonda ýassyga arkasyny öwrüp oturan Azazello jalbarynyň jübüsinden özi atýan gara sapança çykaryp, öwrülip seretmän, egniaşyr krowata tarapa ok atdy we Margaritany şowhunly gorkuzdy. Ok deşen ýassygyň aşagyndan ýedilik karty alyp görseler, ondaky Margaritanyň belläp beren haly deşilipdir.
— Eliňiz sapançalyka size pete-pet gelmegi asla islemezdim. — diýdi Margarita Azazello näz edip. Her hili işiň piri bolan adamlara ol aýratyn hormat goýýardy.
— Gymmatly korol gözeli, — diýip pyşşyldady Korowýew, — elinde sapança ýok mahalam Azazello pete-pet gelmegi hiç kime maslahat bermeýärin! Ozalky regent we aýdymçy hökmünde wyždandan ant içip aýdýaryn ki, şol duş gelen adamyň işi gaýdar.
Mergenlik tejribesi wagtynda ýüzüni asyp oturan pişik birden:
— Şol ýedilik kartda men täze rekord goýaryn — diýip yglan etdi.
Azazello muňa jogap hökmünde bir zat diýip hüňürdedi. Emma pişik erjellik görkezip, bir däl, iki sapança talap etdi. Azazello jalbarynyň yzky jübüsinden ýene bir sapança çykaryp, olaryň ikisinem öwünjeňe uzadyp, gahar bilen dodagyny gyşartdy. Ýedilik kartda iki güli bellediler. Pişik ýassyga arkasyny öwrüp, çenenip, uzak durdy. Margarita gulagyna barmaklaryny dykyp oturyşyna, kaminiň tekjesinde irkilip oturan baýguşdan gözüni aýyrmaýardy. Pişik iki sapançadan birbada ok atdy welin, Gella jan awusyna çydaman waýkyrdy, ok degip ölen baýguş sagadyň üstüne gaçdy, döwlen sagat togtady. Bir eli gana boýalan Gella perýat edip pişigiň arkasyna penje saldy, pişik bolsa öz nobatynda onuň saçyny penjeledi, netijede ikisi bir-birine çyrmaşyp polda togalandylar. Bulgurlaryň biri stoldan gaçyp, kül-uşak boldy.
— Aýryň ahyryn menden bu gudyzlan şeýtan gyzy! — diýip jyň-jyň edýärdi pişik, üstüne münen Gelladan gutulmaga çalşyp. Uruşýanlary araladylar, Korowýew Gellanyň ok degen barmagyna üflände, barmagyň ýarasy bitdi.
— Men elimiň aşagynda gepleşip otursalar, atyp bilmeýän! — diýip gygyrdy Begemot we şol bir wagtyň özünde arkasyndan Gellanyň ýolup alan bir tutam tüýüni ornuna goýjak bolýardy.
— Jedelem ederin — diýdi Woland, Margarita ýylgyryp, — ol muny bilgeşleýin edendir. Ýogsa onuň mergenligi hiç neneň däl.
Gella bilen pişik ýaraşdylar, hatda bu ýaraşygyň şanyna ogşaşdylaram. Soňra ýassygyň aşagyndan karty çykaryp, barladylar. Azazellonyň gülünden başga bir güle-de ok degmändir.
— Beýle bolmagy mümkin däl — diýdi pişik, karty ullakan şemdanyň ýagtysyna tutup.
Şadyýana agşamlyk nahar dowam edýärdi. Şemdanyň şemleri ýuwaşja ereýärdi kaminden tolkunlap çykýan gury we ýakymly howa bütin otaga ýaýraýardy. Nahardan doýan Margarita indi meýmiräp otyrdy. Ol Azazellonyň çiliminiň kamine

tarap uçýan çal tüssesiniň halkalaryny we olary pişigiň şpaga ildirişini synlaýardy. Öz hasaby boýunça wagtyň bir çene barandygyna garamazdan, onuň hiç ýere gidesi gelmeýärdi. Çak bilen wagt sagat alta golaýlapdy. Margarita ara düşen ümsülikden peýdalanyp, Wolanda çekinjeňlik bilen diýdi:

— Görýän welin, gaýdara çen boldy... Men gideýin.

— Nirä howlugýaň? — diýip sorady Woland, sypaýçylyk edip. Beýlekiler çilim tüssesiniň halkalaryna gümra bolan bolup dymýardylar.

— Hawa, çen boldy — diýip tekrarlady Margarita, çekinjeňlik bilen ýaýdanyp, soň egnine ýapar ýaly ýapynja ýa plaş gözläp, töweregine garady. Çünki öz ýalaňaçlygyna indi utanyp başlady. Ol stolyň başyndan turdy. Woland krowatda ýatan sürçegi çykan, der siňen haladyny alyp, ses-üýnsiz oňa uzatdy, Korowýew halady Margaritanyň egnine ýapdy.

— Minnetdar men, messir — diýdi Margarita eşdiler-eşdilmez, soň Wolanda soragly nazar bilen seretdi. Ol oňa jogap edip, göwni bir ýaly sypaýçylykly ýylgyrdy. Şonda birden Margaritanyň kalbyny ýakymsyz gara hasrat duýgusy gurşap aldy. Ol özüni aldanan ýaly duýdy. Balda görkezen hyzmatlary üçin hiç kim oňa hiç zat hödür etmejek, özüni bu ýerde saklajak bolýan hem ýok ýalydy. Üstesine-de indi gidere ýeriniň-de ýokdugy oňa aýdyň boldy. Ýene öňki öýüne dolanmak hakda göwnüne gelen pikir onda içki garşylyk hem gussa oýardy. Ýa-da Azazellonyň Aleksandr bagyndaky beren was-wasaly maslahatyna amal edip, Wolanddan özi soramalymy? «Ýok, ölsem hem soramaryn» diýdi ol öz-özüne

— Bolýar, sag boluň, messir — diýdi ol daşyndan, özi bolsa: «Sag-aman şu ýerden tizräk çykyp gitsem bolýar, soň derýa boýuna baryp özümi gark ederin» diýip köňlünden geçirdi.

— Otur, — diýip buýrdy Woland birden kesgin äheňde. Margaritanyň ýüzi üýtgedi-de, oturdy.

— Hoşlaşykdan öň, belki, bir zatlar aýtmakçysyňyz?

— Ýok, messir, aýtjak zadym ýok — diýdi Margarita buýsanç bilen, — ýöne eger size ýene gerek bolsam, barça islegleriňizi höwes bilen ýerine ýetirmäge taýýardyryn. Men asla ýadamadym, gaýta balda gaty şatlandym. Şoňa görä, eger ol ýene dowam eden bolsa, müň-müňläp merhumlara, ganhorlara dyzymy ogşatmaga janym bilen hödür ederdim. — Margarita Wolandy göýä perdäniň arkasyndan görýän ýaly bolup, gözleri ýaşdan doldy.

— Dogry! Gaty dogry aýdýaňyz! — diýdi Woland güňleç ses bilen eýmenç haýkyryp, — bu şeýle-de bolmaly!

— Bu şeýle-de bolmaly! — diýip tekrarladylar Wolandyň daşyndakylar, ýaňlanýan ses bilen.

— Biz sizi synap gördük — diýip dowam etdi Woland, — hiç haçan, hiç zat soramaň! Hiç haçan, hiç zady, üstesine-de özüňizden güýçlülerden. Özleri hödür edip, özleri bererler! Oturyň, buýsanjaň aýal! — Woland Margaritanyň egnindäki agyr halady silkip alyp, zyňdy, şonda ol ýene Woland bilen onuň düşeginde ýanmaýan oturdy. — Şeýlelikde, Margo — diýip dowam etdi Woland, indi birneme sesini mylaýymlaşdyryp — bu baly geçireniňiz üçin näme isleýäňiz? Işbu baly ýalaňaç ýagdaýda sowanyňyzyň öwezine näme soraýaňyz? Dyzyňyzyň hyzmatyny näçe

bahalaýaňyz? Häzir siziň merhumlar diýip atlandyran myhmanlarym size näçe zyýan ýetirdiler? Aýdyň! Ine, indi utanman gepläberiň, çünki men teklip edýärin.
— Margaritanyň ýüregi çalt-çalt urdy we ol uludan dem alyp, bir zatlary aňşyryp ugrady.
— Ýeri, hany batyrgaý bol! — diýip, goltgy berdi Woland, — öz fantaziýaňyzy oýaryň, ony işe salyň! Ol ýerinden gelen deýýus — barony öldürmek sahnasyna gatnaşmagyň özi hem sowgada laýyk, üstesine-de gatnaşan adam aýal adam bolsa. Şeýle dälmi?
Margaritanyň demi içine düşdi, ol içinden ýüreginde taýýarlanyp goýlan ýagşy sözlerini aýtmaga çalşanda, birden reňki çuw-ak bolup, agzy giň açylyp, gözleri petredi. Kimdir biri ýalbaryjy, naçar ses bilen onuň gulagyna: «Frida! Frida! Frida! — diýip gygyrdy. — Meniň adym Frida»
— Şundan soň Margarita sakawlap gepläp başlady:
— Diýmek, men sizden bir zat hakda haýyş etsem boljak-da?
— Talap ediň, talap ediň, meniň donnam, — diýip jogap berdi sowalyň manysyna düşünen Woland ýylgyryp, — bir zat hakda talap ediň!
— Bäh, Woland Margaritanyň agzyndan çykan «bir zat» sözüni gaýtalap, oňa ussatlyk bilen we anyk many berip gepledi.
Margarita ýene bir gezek uludan dem alyp diýdi.
— Meniň islegim, Frida öz çagajygyny öldürende, agzyna dykan ýaglygyny indi oňa bermeseler.
Pişik gözlerini ýokaryk dikip, pyşgyryp dem aldy, emma bal wagtynda gulagynyň towlananyny ýadyna düşürip, sesini çykarmady.
— Şol samsyk Fridadan — diýip, gülümsiräp gep başlady Woland, — para-peşgeş almajagyňa ynananym sebäpli, elbetde, beýle zat siziň korol gözeli mertebäňize nälaýykdyr, — näme etjegimi hem bilemok. Şonuň üçin köpräk esgi-pesgi tapyp, ýatýan otagymdaky hemme yşlary dykaýmak galýar.
— Siz näme hakda aýdýarsyňyz, messir! — diýdi haýran galan Margarita, ol Wolandyň geplerine çyndanam düşünmedi.
— Siz bilen doly ylalaşýaryn, messir — diýip, gepe goşuldy pişik — elbetde, esgi bilen, — diýip, gyjynyp, penjesini stola urdy.
— Men rehim-şepagat hakynda aýdýaryn — diýip, öz sözüni düşündirdi Woland, henizem otlukly gözlerini Margaritadan aýyrman. — Ol käte asla garaşylmadyk ýagdaýda mekirlik bilen iň dar yşlardan-da girip bilýär. Şonuň üçinem esgi hakda aýdýaryn. — Menem şony aýdýaryn-da! — diýip pişik seslendi we gülgün reňk krem çalnan penjeleri bilen çüri gulaklaryny tutup, ätiýaçdan özüni Margaritadan çete çekdi.
— Gümüňi çek! — diýdi oňa Woland.
— Men entek kofe içemok — diýdi pişik, onsoň men nämüçin gitmeli? Eýsem, messir, baýram gijesi myhmanlar iki sorta bölünýänmidir? Ol birler-ä — birinji, beýlekilerem ol gamgyn, husyt bufetçiniň aýdyşy ýaly, ikinji gezek ýyladylan owkatmyşmy?
— Sem bol! — diýip buýrdy Woland, soň Margarita ýüzlenip, ondan soňrady: — Siz daşky sypatyňyz boýunça kalby ýagşylykly, ýokary ahlakly adam bolsaňyz gerek?

— Ýok — diýip, özüne zor salyp jogap berdi Margarita, — siz bilen diňe açyk gepleşmegiň gerekdigini bilýärin, şonuň üçin men size açyk aýdaýyn: men ýeňilkelle adam. Frida üçin haýyş edenimiň sebäbi, seresapsyzlyk bilen, ony umytly edäýdim. Ol garaşýar, messir, ol meniň güýjüme ynanýar. Eger umydy puja çyksa, men agyr ýagdaýda galaryn. Ömürboýy köňlüm ynjalmaz. Etjek alajym barmy? Şeýle boldy-da.

— Hä — diýdi Woland, — bu düşnükli.

— Eýse, bu işi edermisiňiz? diýip, Margarita çekinjeňlik bilen sorady.

— Asyl-a bolmaz — diýip jogap berdi Woland, — gep şunda ki, gymmatly korol gözeli, bu işde azajyk düşünişmezlik ýüze çykýar. Her bir kärhana öz işi bilen meşgullanmaly. Jedel edemok, biziň mümkinçiligimiz örän uly, ol käbir kelte pähim adamlaryň çak edişinden ulurakdyr...

— Hawa, örän uly — diýip, gep goşmakdan saklanyp bilmedi pişik, şu mümkinçilikleriň bardygyna buýsanjyny gizläp bilmän.

— Sem bol, jyn ursun seni! — diýdi oňa Woland we Margarita öwrülip gepini dowam etdi: — Eýsem, başga kärhananyň etmeli işine biziň goşulmagymyz nämä gerek? Şeýlelikde men bu işe goşuljak däl, ony özüňiz oňararsyňyz.

— Eýsem, meniň islegim bilen bu iş başa bararmy?

Azazello ýaňsy bilen gyşyk gözüni Margarita dikdi we çypar başyny çala ýaýkap, pyşgyryp goýdy.

— Boluň ahyr, ediň bu işi — diýip, Woland globusy pyrlandyryp, onuň haýsydyr bir nokadyna dikanlady, çemesi ol Margarita bilen söhbet eden wagtynda başga iş bilenem meşgul bolanyny aňlatjak boldy.

— Hany, çagyryň, Fridany — diýip öwretdi Korowýew.

— Frida! — diýip, Margarita sesiniň ýetdiginden gygyrdy.

Şonda gapy giň açylyp, otaga saçlary perişan, ýalaňaç, emma serhoşlygyndan nyşan galmadyk, gözleri mölerip, hanasyndan çykaýjak bolýan bir aýal ylgap girip, ellerini Margarita uzatdy, Margarita bolsa oňa dabaraly ýagdaýda: — Seni bagyşladylar. Indi saňa ýaglyk bermezler — diýdi.

Frida gaty perýat edip, Margaritanyň aýagynyň öňüne — pola haç şeklinde ýüzlinligine ýykyldy. Woland elini salgady welin, Frida gözden gaýyp boldy.

— Minnetdar men size, hoş galyň — diýip, Margarita ýerinden turdy.

— Näme diýersiň, Begemot, — diýip gepläp başlady Woland, — şeýle baýram gijesi ukypsyz adamdan peýda görjek bolmak gowy däldir, — ol Margarita öwrüldi — ýaňky iş hasap däl, çünki men hiç zat etmedim. Siz özüňiz üçin näme isleýäňiz?

Ümsümlik aralaşdy we ümsümligi Korowýew bozdy:

— Almaz donna — diýdi ol Margaritanyň gulagyna pyşyrdap, — bu gezek oýlanyşykly hereket ediň. Ýogsa bagtyňyzyň elden sypyp gitmegi mümkin!

— Men häziriň özünde aşygym — ussady gaýtaryp berilmegini usleýärin — diýdi Margarita we ýüzi çekip, bürüşdi.

Şol wagt otaga şemal dazlap girip, şemdandaky şemleriň ýalnyny bir tarapa gyşartdy, agyr aýnaperdeler syrylyp, penjire giň açyldy we juda alysda säheriň ýagtysy däl-de, ýarygijäniň Aýy göründi. Penjiräniň tekjesinden Aýyň nury gögümtil düşek bolup ýaýyldy-da, düşegiň üstünde Iwanuşkanyň gijeki myhmany — özüni ussat diýip

tanydan adam peýda boldy. Ol keselhana lybasynda, egninde halat, aýagynda tufli bolup, häzir hem öz ýanyndan goýmaýan şol gara şypyrmasy onuň kellesindedi. Onuň sakgal-murty alynmadyk ýüzi çalt-çaltdan dartylýardy, dälirän gözleri şemlere gyýalap, gorkuly bakýardy, Aý şuglasy bolsa onuň töwereginde möwç urýardy. Margarita ony bada-bat tanady, ellerini ýaýyp, ah urdy-da, oňa tarap ylgady. Ol ussadyň maňlaýyndan, leblerinden öpüp, tiken ýaly tüý basan ýüzüne ýüzüni goýýardy, şu wagta çenli dyňzap duran gözýaşlary indi onuň ýüzünden çeşme ýaly akdy. Ol diňe bir sözi manysyz tekrarlaýardy:
— Sen... sen, sen...
— Ussat ony özünden çetledip, tutuk ses bilen diýdi: — Aglama, Margo, ýüregimi üzme. Men agyr kesel. — Ol göýä böküp gaçmakçy bolýan ýaly, penjiräniň tekjesinden ýapyşdy dişlerini syrtardyp, otagda oturanlara seredip gygyryp goýberdi:
— Men gaty gorkýan Margo! Ýene gözüme her hili sudurlar görnüp başlady.
— Ýok, ýok, ýok — diýip pyşyrda-dy, dowamly aglany sebäpli demi içine düşen Margarita, — hiç zatdan gorkma! Men bar-a ýanyňda! Ýanyňda men!
Korowýew çalasynlyk bilen, duýdurman ussada stul süýşürdi, ol oturdy, Margarita bolsa ussadyň öňünde dyza çöküp, ýüzüni onuň gursagyna goýup, köşeşdi. Tolgunmadan ýaňa ol özüniň indi ýalaňaç däldigini hem duýmady — onuň egninde birden gara ýüpek plaş peýda bolupdy. Näsag başyny aşak egip, gamgyn we hassa gözleri bilen aşak bakdy.
— Hawa — diýip gep başlady Woland, az salym dymyşlykdan soň, — eýini ýetiripdirler onuň. Hany, ryssar, — diýip buýrdy ol Korowýewe — bu kişä içer ýaly bir zat ber.
Margarita sandyraýan sesi bilen ýalbardy.
— Iç, näme sen gorkýarmyň? Ýok, ýok, maňa ynan, saňa kömek etjekler.
Näsag stakany alyp,ondaky suwuklygy içdi, emma eli sandyrap, stakan aýagynyň astyna gaçyp, kül-peýkun boldy.
— Ýagşylyga! Ýagşylyga! — diýip pyşyrdady Korowýew Margaritanyň gulagyna, — serediň, ol özüne gelip başlady.
Dogrudan-da, näsagyň ýüzi öňki ýaly wagşyýana we howsalaly däldi. — Senmidiň, Margo? — diýip sorady Aý ýagtysynda peýda bolan myhman.
— Şübhelenme, hawa men — diýip jogap berdi Margarita.
— Ýene! — diýip buýrdy Woland. Ussat ikinji bulgury boşadandan soň gözleri janlanyp, manyly seredip başlady.
— Ana, bu başga gep — diýdi Woland gözlerini süzüp, — indi söhbet edeliň. Siz kim bolýaňyz?
— Indi men hiç kim — diýip, ussat gülümsirände, agzy biryana gyşardy.
— Häzir nireden geldiňiz?
— Hasrat öýünden. Men — ruhy näsag — diýdi gelmişek.
Bu gepi eşiden Margarita çydap bilmän, ýene aglap goýberdi. Soňra gözýaşlaryny süpürip, gygyryp diýdi:
— Nähili eýmenç sözler! Eýmenç sözler! Messir, sizi ynandyrýaryn, bu adam — ussat. Ony dertden halas ediň, zähmetiňiz yrýa gitmez.

— Siz kim bilen gepleşýäniňizi bilýäňizmi — diýip sorady Woland myhmandan, — häzir kimiň huzurynda otyrsyň?
— Bilýän — diýip jogap berdi ussat, — dälihanada Iwan Bezdomnyý diýen oglan, meniň goňşym siz hakda gürrüň beripdi.
— Ä-hä, dogry, dogry — diýdi Woland, — men ol ýaş ýigit bilen Patriarh kölçesiniň boýunda duşuşmak bagtyna eýe bolupdym. Ol menem tas däliredipdi, meniň ýokdugymy subut etjek bolup! Ýöne siz beri meniň hakykatdan hem mendigime ynanýaňyzmy?
— Ynanmaly bolar — diýdi ussat, — emma, dogrusy, sizi gallýusinasiýanyň — gara hyýalyň netijesi diýip hasaplamak has dogry bolardy. — Meni bagyşlaň — diýip, sözüne goşdy ussat birden huşuny ýygyp.
— Hä, şony dogry diýýän bolsaň, şeýle hasap ediber, — diýdi Woland mylaýymlyk bilen.
— Ýok, ýok — diýdi bu gürrüňlerden gorkan Margarita, ussadyň gerdeninden silkip, — huşuňa gel! Garşyňda oturan çyndanam, şol!
Pişik bu ýerde hem ara sokuldy:
— Ine, men çyndanam gara hyýala meňzeýärin. Aý yşygyna gapdalymdan seret, — pişik Aý şuglasyndan peýda bolan uzyn sütüniň ýanyna baryp, ýene geplejek bolanda, oňa öç diýip buýrdylar, şonda ol:
— Bolýa, bolýa, men öçdüm. Men dymýan gara hyýal bolaryn — diýdi-de, dymdy.
— Aýt hany, nämüçin sizi Margarita ussat diýip atlandyrýar? — diýip sorady Woland.
Ussat gülümsiräp jogap berdi:
— Onuň sözüne geň galmaň. Ol meniň ýazan romanyma ýokary baha berýär.
— Roman näme hakda?
— Pontiý Pilat dogrusynda.
Şonda şemleriň otly dilleri ýene lowurdap, ýelpinip başlady, stoldaky gap-gaçlar şakyrdady. Woland gök gürlän dek hahahaýlady, ýöne onuň hahahaýlamasy hiç kimi tisgindirmedi hem, geňem galdyrmady. Begemot bolsa nämüçindir el çarpdy.
— Näme hakda, näme hakda? Kim hakda? — diýdi Woland gülmesini goýup. — Şu zamanda-ä? Örän geň! Siz näme başga tema tapmadyňyzmy? Hany, al, göreli — diýip, Woland eliniň aýasyny ýokary tutup, goluny uzatdy.
— Gynansagam, size ony görkezip bilmerin — diýip jogap berdi ussat, — çünki men ony peje salyp, ýakdym.
— Bagyşlarsyňyz men ynanmaýaryn, — diýdi Woland — bu mümkin däl. Golýazmalar ýanmaýar. — Ol Begemot tarapa öwrülip diýdi: — Hany, Begemot, uzat bärik romany.
Pişik oturgyçdan tarsa turdy welin, hemmeler onuň desse-desse golýazmalaryň üstünde oturandygyny gördi. Pişik iň üstki nusgany tagzym bilen Wolanda uzatdy. Margarita tolgunyp, aglaýjak bolup, sandyr-sandyr edip gygyryp goýberdi:
— Ana, golýazmaň! Ana ol!
Ol Wolanda bakan okdurylyp, şatlanyp sözledi:
— Siz gudrat, gudrat!

Woland golýazmany alyp öwrüp gördi, soň ony bir gyra goýup, gülmän-yşman, ussasyň ýüzüne seretdi. Emma ussat nämüçindir gama batyp, biynjalyk boldy, oturgyçdan turup, ellerini döwere getirip, göwresi titräp, uzakdaky Aýa ýüzlenip, samrap başlady:
— Hatda aý aýdyň gijede-de maňa dynçlyk ýok, nämüçin meni biynjalyk etdiňiz? Ýa, hudaýlar, hudaýlar...
Margarita ussadyň egnindäki haladyna ýapyşyp, oňa gysyldy we özem gözýaşa boglup, samrap ugrady:
— Eý, hudaý, nämüçin saňa dermanam täsir edenok?
— Zeleli ýok, perwaý etmäň — diýip pyşyrdady Korowýew, ussadyň daşynda aýlanyp, — zeleli ýok, zeleli ýok... Ýene bir stakan iç, menem size ýoldaş bolaýyn.
Bu saparky bulgur Aý şöhlesine ýalpyldap, ussada göz gyran ýaly boldy we oňa täsir etdi.
Ussady ýene ýerine geçirdiler, näsagyň çehresinde indi hatyrjemlik alamatlary peýda boldy.
— Ine, indi hemme zat aýdyň — diýdi Woland we uzyn barmagy bilen golýazmany pitikledi.
— Örän aýdyň — diýip, tassyklady pişik, dymýan gara hyýal bolmaga söz berenini unudyp, — bu eseriň esasy many-maňzy maňa bütinleý aýdyň boldy. Sen näme diýersiň, Azazello? — diýip, ol sesini çykarman oturan Azazello ýüzlendi.
— Näme diýer öýdýäň — diýdi ol gaharlanyp, — seni suwa gark eden bolsak, oňat bolardy.
— Rehmiň gelsin, Azazello — diýdi oňa pişik, — bu şum niýetiňi hökümdarymyň köňlüne bir salaýma. Ynan maňa, onda her gije gelip, Aý şöhlesine bürenen şu ussat ýaly, saňa yşarat edip, öz ýanyma çagyraryn, şonda halyň niçik bolar, ä, Azazello?
— Ýeri, Margarita — diýip, ýene gepe goşuldy Woland, — göwnüňizdäkini aýdyň, size näme gerek? Margaritanyň gözleri uçganaklady, Wolanda ýalbaryjy äheňde ýüzlendi:
— Maňa onuň bilen pyşyrdap gepleşmäge rugsat etseňiz?
Woland baş atdy, şonda Margarita golaý baryp, ussadyň gulagyna bir zatlary, pyşyrdady. Emma diňe ussadyň jogaby eşidildi:
— Ýok, gijä galdyk. Indi maňa hiç zat gerek däl. Diňe seni görüp dursam bolany. Emma gaýtalap aýdýaryn — el üz, menden. Meniň bilen bile heläk bolarsyň.
— Ýok, el üzüp bilmen, — diýdi Margarita we Wolanda: — Arbatdaky podwalymyzyza gaýtaryň, ol ýerde öňki ýaly çyramyz ýansyn, bir zat öňki-öňkülik bolsun... — diýdi. Bu gepe ussat ýylgyryp, Margaritanyň öňki buýralary çözlen saçlaryny gujaklap diýdi:
— Bu biçäre aýalyň gepini diňlemäň, messir. Şol podwala eýýäm başga adam ýaşaýar, şeýle hem, geçeni gaýtaryp bolmaýar, — ol ýaňaklaryny söýgülisiniň başyna goýup, Margaritany gujaklap, samrap başlady: — Wah, biçäre biçäre...
— Gaýtaryp bolmaýar diýdiňizmi? — diýdi Woland. — Bu şeýle, ýöne biz synanyp göreris, Azazello!
Ol şeýle diýen badyna potolokdan aňyny ýitiren dälisypat bir adam «gürs» edip düşdi, onuň egninde diňe içki köýnek-balak bolup, nämüçindir elinde çemodan,

başynda papak bardy. Bu adam gorkup, titreýärdi we çöke düşüp oturjak ýaly, egilýärdi.
— Mogaryçmyň? — diýip sorady Azazello gökden düşene ýüzlenip.
— Aloiziý Mogaryç, — diýip, jogap berdi ol sandyrap.
— Ine, şu adamyň romany hakynda Latunskiniň ýazan makalasyny okap, «öýünde gizlin edebiýatlar saklaýar» diýip, arza ýazan sizmidiňiz? — diýip sorady Azazello. Asmandan düşeniň ýüzi gögerdi, toba edip, gözýaşa batdy. — Onuň otaglaryna göçüp barmakçy bolduňmy? — diýip başardygyça mylaýymyrak äheňde sorady Azazello.
Şu wagt pişigiň gazaply pyşgyrany eşidildi. Margarita bolsa:
Arwahy tanap goý — diýip, gygyryp, Aloiziý Mogaryçyň ýüzüne penje saldy.
Güpür-tapyrlyk başlandy.
— Edýäniň näme — diýip nägilelik bilen gygyrdy ussat, — Margo, özüňi masgara etme!
— Men garşy, bu masgaraçylyk däl — diýip gygyrdy pişik.
Margaritany Korowýew yza çekdi.
— Men wanna gurdum — diýdi ýüzi gana boýalan Mogaryç, dişlerini şakgyldadyp, soňra nähilidir manysyz gepleri jöwräp başlady, — bir gezek akladym, soňra kuporos...
— Örän gowy-da wanna goýan bolsaň, — diýdi Azazello makullap. — Ol wanna almalydy, — soň gygyrdy: — Güm bol!
Şonda Magoryçyň aýagy ters öwrüldi-de, ol ýatylýan otagyň açyk penjiresinden uçup çykyp gitdi.
Ussat gözlerini mölerdip pyşyrdady:
— Bä, buý-ä Iwanyň gürrüň beren wakalaryňdan hem üýtgeşik boldy! — Ol aňk bolup, töweregine seretdi, soňam pişige ýüzlenip diýdi: — Bagyşlarsyňyz... bu sen... ýa-da sizmi... — ol pişige «sen» diýip ýüzlenjegini-de, «siz» diýjegini hem bilmän, ikirjiňlendi, — sizmidiňiz tramwaýa münen şol pişik?
— Mendim — diýdi pişik ulumsylyk bilen, soň sözüne goşdy: — Pişige şeýle hoşmylakatlyk bilen ýüzlenmegiňiz nähili gowy. Adatça, pişiklere nämüçindir, «sen» diýýärler, ýogsa dünýäde bir pişik hem hiç kes bilen bruderşaft (nemesçe gollaryňy atanaklaýyn geçirip, birew bilen şerap içip, ogşaşmak. (Terjimeçiniň belligi) içmedik bolsa-da.
— Meniň pikirimçe, siz beýle bir pişigem däl ýaly — diýdi ussat ynamsyzlyk bilen, soň Wolanda tarap öwrülip çekinibräk sözledi:
— barybir meni keselhanada gözlärler.
— O nämüçin seni gözlemeli olar! — diýip köşeşdirip başlady Korowýew, şonda onuň elinde birden birhili kagyzlar, depderler peýda boldy, — şu hassalyk kagyzy siziňkimi?
— Hawa.
Korowýew kagyzlary ot ýanyp duran kamine taşlady.
— Dokument ýok, diýmek, adam hem ýok — diýdi Korowýew kanagat bilen, — bu — sizi öýüne kreýine ýerleşdiren adamyň öý kitaby bolsa gerek.

— Hawa... — Kimler ýazylan bu depdere? Aloiziý Mogaryçmy? — Korowýew öý kitabynyň sahypasyna üfledi, — wessalam, indi ol ýok, soňra, şuny bilip goý, bolanam däldir. Eger-de, öý eýesi sizi görüp geňirgenjek bolsa, Aloiziý düýşüňize girendir diýiň. Mogaryç? Nähili Mogaryç? Hiç nähili Mogaryç bolan däldir.
— Şol wagt Korowýewiň elindäki ýüpli öý depderi birden gaýyp boldy. — Ine, indi ol öý eýesiniň stolynyň çekmesinde.
— Siz dogry aýdýaňyz — diýdi Korowýewiň şeýle arassa işine haýran galan ussat, eger dokument bolmasa, diýmek, adam hem ýok. Ine, menem ýok, çünki mende dokument ýok.
— Meni bagyşlarsyň — diýip, gygyryp goýberdi Korowýew, — gara hyýal diýenimiz, şudur, ine, siziň dokumentiňiz! — şeýle diýip, Korowýew ussada dokument uzatdy. Soň gözlerini asmana dikip, Margaritanyň gulagyna mylaýym äheňde pyşyrdady: — Ine, bu bolsa, siziň zatlaryňyz, Margarita Nikolaýewna — diýip, ol Margarita gyralary ýanan depderi, guran güli we fotosuraty uzatdy, şol pursatyň özünde oňa örän seresaplyk bilen amanat kassa depderçesini-de berdi, — munda goýan on müň manadyňyz, Margarita Nikolaýewna. Bize özgäniň haky gerek däl.
— Meniň elim gurasa gurar, emma özgäniň zadyna el degirmerin — diýdi pişik, gaýşaryp we betbagt romanyň hemme nusgasyny depgiläp, mynjyratjak bolýan ýaly, çemodanyň üstünde tans edip başlady.
— Ine, siziňem dokumentleriňiz — diýip, gepini dowam etdi Korowýew, Margarita dokument uzadyp, soň Wolanda ýüzlenip, hormat bilen diýdi:
— Ine, boldy, messir!
— Ýok, entek bolanok — diýdi Woland, globusdan ýüz öwrüp.
— Hyzmatkärleriňizi näme edeli, meniň gymmatly donnam? Olaryň maňa-hä geregi ýok.
Şu pursat açyk duran gapydan ýalaňaç Nataşa atylyp girdi, ellerini bir-birine urup, Margarita gygyryp diýdi: — Bagtly boluň, Margarita Nikolaýewna! — Ol baş atyp ussat bilen salamlaşdy, soň ýene Margarita ýüzlendi: — Men bilýärdim ahyr, nirä gatnaýanyňyzy.
— Öý hyzmatkärleri hemme zady bilýärler — diýdi pişik, penjesini manyly tüýsde ýokaryk göterip, — olar hiç zady görýän däldirler öýtmek ýalňyş.
— Näme isleýäň, Nataşa? — diýip sorady Margarita, — bar, öýe dolan.
— Gözüňe döneýin, Margarita Nikolaýewna — diýdi Nataşa dyza çöküp, ýalbaryp, — olardan haýyş ediň, — ol göz gyýtagy bilen Wolanda yşarat etdi, — meni arwah edip alyp galsynlar. Şol öýe gaýdyp barmagy islemeýärin! Inženere hem, tehnige hem durmuşa çykjak däl! Agşam bal wagtynda Jak maňa söýgi bildirdi. — Nataşa ýumrugyny açyp, birhili altyn teňňeleri görkezdi.
Margarita sowally nazar bilen Wolanda äňetdi. Ol baş atdy. Şonda Nataşa Margaritanyň boýnundan asylyp, ony mähirli ogşady-da, şatlykly gygyryp, penjireden uçup çykyp gitdi.
Indi Nataşanyň ýerinde Nikolaý Iwanowiç peýda boldy. Ol ýene özüniň ynsan tüýsüne giripdir, emma örän gamgyn, hatda gaharly diýseň hem boljakdy.

— Ine, bu nusgany höwes bilen ugratmaga taýýar men — diýdi Woland Nikolaý Iwanowiçe ýigrençli seredip, — aýratyn höwes bilen, sebäbi, ol bu ýerde artykmaç.
— Maňa güwanama bermegiňizi çynym bilen soraýaryn — diýip dillendi Nikolaý Iwanowiç töweregine howatyrly seredip, ýöne örän erjellik bilen gepledi, — bu gijäni nirede geçirendigim barada.
— Nämä gerek ol? — kesgin äheňde sorady pişik.
— Milisiýa we aýalyma görkezmek üçin — diýip, berk aýtdy Nikolaý Iwanowiç.
— Biz adatça güwanama bermeýäris — diýip jogap berdi pişik, sülmüräp, — emma siz üçin, kadadan çykýarys.
Nikolaý Iwanowiç özüni dürsemänkä, Gella ýazuw maşynkanyň başyna geçip, pişigiň aýdýan sözlerini ýazyp başlady.
— Güwälik berýärin ki, şuny görkezýän Nikolaý Iwanowiç şu gijäni şeýtanyň gurnan balynda geçirdi, ol balda adam daşaýan... enjam... skobka — ýaý aç, Gella! Ýaýyň içinde ýaz — «doňuz» sypatynda peýdalanyldy. Gol — Begemot.
— Senesi hany? — diýip pyşgyrdy Nikolaý Iwanowiç.
— Biz sene goýmaýarys, sene goýlan dokument güýçsüz bolýar — diýdi pişik kagyza gol goýup, soň bir ýerden möhür alyp, kada getirip, oňa üfledi-de, kagyza «tölendi» diýen sözi basyp, ony Nikolaý Iwanowiçe tutdurdy. Şondan soň Nikolaý Iwanowiç nam-nyşansyz ýitirim boldy, emma onuň ýerinde garaşylmadyk başga adam peýda boldy.
— Indi bu kim? — nadyl äheňde sorady Woland, şemiň ýagtysyndan ýüzüni aýasy bilen ýapyp.
Warenuha başyny sallap, uludan dem alyp, eşdiler-eşdilmez diýdi:
— Goýberiň meni. Men gan soryan ýaryganat bolup bilmerin. Şonda Gellanyň ýardamynda Rimskini tas öldüripdim. Ýöne men ganhor däl. Goýberiň meni.
— Näme diýip samrap dur bu? — diýip ýüzüni çytyp sorady Woland. — Kim ol Rimskiý? Ýene nähili samahylly?
— Biynjalyk bolmaň, messir — diýdi Azazello we Warenuha ýüzlendi: — Edepsizlik etmeli däl telefonda. Ýalanam sözlemeli däl telefonda. Düşündiňmi? Indi gaýdyp beýtmersiňizmi?
Warenuhanyň beýnisi şatlykdan ýaňa bulanyp, ýüzi nurlandy we näme diýýänine özem düşünmän, sakawlap başlady: — Hakykatdan-da, h... ýagny, diýjek bolan sözüm aly hezre... häziriň özünde, günorta nahardan soň... — Warenuha ellerini döşüne goýup, Azazello ýalbaryjy nazar bilen seretdi.
— Ýeri, bolýa, öýüňe gaýt — diýdi Azazello. Warenuha bir demde eräp gitdi.
— Indi meni şular bilen ýekme-ýek galdyryň — diýip buýrdy Woland, ussat bilen Margaritany görkezip.
Wolandyň buýrugy derrew berjaý edildi. Ol birazajyk dymandan soň ussada ýüzlendi.
— Şeýle, diýmek, Arbatdaky podwala gitmekçi-dä? Onda eseri kim ýazmaly? Arzuwlar, ylhamlar?
— Mende indi arzuw-arman galmady, ylham hem ýok — diýip jogap berdi ussat, — durmuşda meni indi Margodan başga hiç zat gyzyklandyrmaýar — diýip ol ýene elini

Margaritanyň başyna goýdy, — meni maýyp etdiler, dünýä tukat, podwala gidesim gelýär.
— Pilat hakyndaky romanyňyz näme?
— Ol roman maňa derkar däl, — diýip jogap berdi ussat, — men şol zerarly kän ezýet çekdim.
— Men saňa ýalbarýan, — zarlap diýdi Margarita, — beý diýme. Näme sebäbe sen meni gynaýaň? Bilýäň-ä, men bütin ömrümi seniň şu işiňe bagyş etdim. — Şondan soň, Margarita Wolanda seredip, sözüne goşdy: — Gulak asmaň oňa, messir, ol gaty dert çeken adam.
— Eýse, bir zatlar ýazmag-a gerekdir? — diýdi Woland, — eger ol prokuratory dynan bolsaňyz, onda iň bolmanda Aloiziý hakda ýazyň.
Ussat mylaýym ýylgyrdy.
— Beýle zady Lapşýonnikowa çap etmez, üstesine-de onuň gyzygam ýok.
— Onda nädip güzeran dolarsyňyz? Mätäçlik çekip, gedaý gezjekmi?
— Hawa, hawa, höwes bilen — diýip jogap berdi ussat, soň Margaritany özüne dartyp, onuň egninden gujaklap, dowam etdi: — Margo aklyna aýlanar-da, meniň ýanymdan gider...
— Gider öýdemok — diýdi Woland, dişleriniň arasyndan, soň dowam etdi: — Eýsem, Pontiý Pilatyň taryhyny ýazan adam bir çete çekilip, podwalda çyraň ýanynda oturyp garyplykda gün geçirmelimi?
Margarita ussatdan bäri süýşüp, gaty otlukly gepläp başlady:
— Men elimden gelenini etdim, gulagyna adamy imrindirýän iň şirin sözleri pyşyrdap aýtdym. Ýöne ol barybir, ýüz öwürýär.
— Gulagyna näme diýip pyşyrdanyňy bilýän — diýdi Woland, — emma ol gepler beýle bir imrindiriji däldi. Size şuny aýtmak isleýärin ki, — ýylgyryp ussada ýüzlendi ol, — romanyňyz entek size garaşylmadyk köp ýagşylyk alyp geler.
— Bu örän gussaly — diýdi ussat.
— Ýok, ýok, gussaly däl, — diýdi Woland, — indi hiç hili gorky bolmaz. Mahlasy, Margarita Nikolaýewna, bar işler edildi. Heý, menden bir nägileligiňiz barmy?
— Be, aýdýanyňyz näme, messir!
— Onda, ine, şu menden size ýadygärlik bolsun, — diýdi Woland we ýassygyň aşagyndan bar ýeri almaz daşlar bilen bezelen kiçijik altyn naly çykardy.
— Ýok, ýok, ýok, ol nämäniň şanyna?!
— Meniň bilen jedelleşjek bolýaňyzmy? — diýdi Woland ýylgyryp.
Margarita, egnindäki plaşynyň jübüsi bolmalygy sebäpli, naljagazy alyp, salfetka — el süpürilýän ýaglyga düwdi. Şonda bir ýagdaý ony haýran galdyrdy. Ol dolan Aý nur saçyp duran penjirä öwrülip gepledi: — Men bir zada hiç düşünip bilemok... Ýöne ýarygije, ýarygije bolup dur, bireýýäm daň atmaga çen bolmadymy?
— Baýram gijesini biraz uzaltmak köňle ýakymly bolýar-da — diýip, jogap berdi Woland. — Bolýar onda, size bagt dileýärin.
Margarita doga etmekçi bolan ýaly, ellerini Wolanda tarap uzatdy, emma oňa golaýlaşmaga ýürek edip bilmän, ýuwaşja seslendi:
— Hoş galyň! Hoş galyň!
— Ýene duşuşýançak, — diýdi Woland.

Şundan soň Margarita gara plaşda, ussat bolsa keselhana haladynda zergär dul aýalyň şem ýanyp duran öýünden dälize çykdylar, bu ýerde olara Wolandyň hyzmatkärleri garaşyp durdular. Olar daşary çykyp başlanlarynda, Gella romanyň nusgalary bilen bile Margarita Nikolaýewnanyň az zatlary salnan çemodanyň göterdi, pişik oňa kömekleşdi. Kwartiranyň bosagasynda Korowýew tagzym bilen hoşlaşyp, gözden gaýyp boldy, galanlar myhmanlary ugratmaga basgançakdan indiler. Basgançak boşdy. Olar üçünji gatyň meýdançasyndan geçip barýarkalar, bir zat ýuwaşja tark eden ýaly boldy, emma muňa hiç kes üns bermedi. Altynjy girelgäniň gapysyna ýetip gelenlerinde, Azazello depesine garap bir üfledi, soňra hemmesi Aý ýaşmadyk howla çykdylar-da, gapynyň öňünde ädikli, papakly bir adamyň daş ýaly gatap, uklap oturanyny, şeýle hem, çyralary öçük, ullakan gara maşyny gördüler. Onuň öň tarapyndaky aýnasyndan rulda oturan garganyň sudury çala saýgardýardy.
Maşyna münjek bolanlarynda, Margarita birden howsalaly, ýöne ýuwaş gygyrdy:
— Eý, taňrym, men naly ýitirdim!
— Maşyna münüň — diýdi Azazello, — maňa garaşyň. Häzir gelerin, näme bolanyny bileýin. — Ol girelgä girip gitdi.
Bolan zat şeýledi: Margarita bilen ussat ugradyjylar bilen zergär dul aýalyň kwartirasyndan çykmazlaryndan sähel öň, şu öýüň aşagyndaky 48-nji kwartiradan eli bidonly we sumkaly hor bir aýal basgançak meýdançasyna çykypdy. Bu — çarşenbe güni geçelgä günebakar ýagyny döküp, Berliozy bela giriftar eden şol Annuşkady. Bu aýalyň Moskwada näme bilen meşgullanýanlygyny, nähili girdejiniň hasabyna güzeran dolaýandygyny şu wagta çenli hiç kim bilmändir, indi-de hiç kim bilmese gerek. Ol hakda diňe bir zat mälimdi: ony her gün kä bidonly, kä sumkaly, käte hem sumkaly hem bidonly ýagdaýda — ýa nebit dükanynda, ýa bazarda, ýa bolmasa, öýüň derwezesiniň öňünde, ýa basgançakda, köplenç bolsa öz ýaşaýan 48-nji kwartirasynyň umumy aşhanasynda görmek bolýardy. Mundan daşary, adamlara ol hakda has beter belli bolan ahwal, Annuşkanyň peýda bolan ähli ýerinde, şol pursatda dawa, galmagal turýardy, mundan başga-da onuň «Mergi» diýen lakamy bardy. Annuşka — Mergi adatça örän ir turýardy, bu gün bolsa ol nämüçindir daňdan däl, Gün doganda däl, sagat bir bolmanka turdy. Gapynyň açary towlanyp, işik açyldy, ol ilki burnuny çykaryp, daşary seretdi, soňra özi çykdy. Gapyny ýapyp, gitmäge şaýlananda ýokary gatda gapy şarkyldady, kimdir biri basgançakdan syrygyp gelip, Annuşka kaklyşdy, bu kaklyşykda Annuşkanyň ýeňsesi diwara uruldy.
— Haýsy göre howlugýarsyň bir içki balakda, kesapat? — diýip gygyrdy Annuşka, agyran ýeňsesine elini ýetirip. Egni diňe içki köýnek-balakly, başy papakly, eli çemodanly, gözleri ýumuk bu adam ukuly ýakymsyz ses bilen jogap berdi:
— Kolonka! Kuporos! Bir diwar aklamagyň özüne näçe pul çykdy — soňra ol aglap, «Güm bol!» diýip heňkirdi. — Şondan ötri ol basgançakdan aşaga däl-de, ýene yzyna — ýokaryk, ykdysatçynyň aýnasyny depip döwen penjiresiniň öňüne ylgap çykdy-da, aýagy terse dönüp, şu penjire arkaly howla başaşak uçup çykyp gitdi. Annuşkanyň agzy açylyp galdy, ol hatda diwara urlan ýeňsesiniň agyrýandygyny hem unudyp, şol penjiräň öňüne atyldy. Ol ýüzin ýatyp, başyny penjireden çykardy: çyra ýanyp duran howluda ýaňky çemodanly adamyň kül-peýkun bolup, ölüp ýatanyny görerin öýdüpdi. Emma asfaltly howluda hiç zat ýokdy.

Bu ukuly alamat jandar özünden nam-nyşan galdyrman, göýä guş ýaly uçup gidipdirdä diýip çak etmekden özge çäre galmady. Annuşka çokunyp, köňlünden geçirdi: «Hawa, bu ellinji kwartira aýdyşlaryça-da bar eken! Adamlar ýöne ýere: «Kwartira bolaýşyny! Öý-ä öý jan ekeni!» diýýän däldirler.

Ol şeýle hyýala baryp duranda, depedäki gapy şarkyldady-da, ýene bir adam aşak ylgap ugrady. Şonda ýüzi doňzuň tumşugyna meňzese-de, sakgal goýan we sypaýy bir kişi çete çekilip, diwara gysylyp duran Annuşkanyň ýanyndan dazlap geçip, bu hem edil öňki adam kibi asfaltlanan howla ýykylyp ölmeginiň ahmaldygyny oýlanman, özüni penjireden oklady. Annuşka öýden näme maksat bilen çykanyny-da unudyp, ah-wah edip, öz-özi bilen gepleşip, çokunyp basgançakda galdy.

Sähel salymdan soň, üçünji sakgaly alnan, tegelek ýüzli, egnine galyň geýim geýen adam ýokarky gapydan atylyp çykyp, ol hem owalky kişi kibi penjireden uçup gitdi.

Şuny hem aýtmak gerek-ki, Annuşka örän bilesigelijidi, şoňa görä, ýene bir-ýarym mugjyza ýüz bermezmikä diýip, garaşmagy karar etdi. Ýokarky gapyny ýene açdylar, bu sapar basgançakdan bir topar kişi ylgaman adaty adamlar ýaly ýöräp gelýärdi. Annuşka aýnaň öňünden aýrylyp tizlik bilen öýüne bardy-da, derrew gapyny açyp, gizlendi we indi çala açyk yşdan onuň bilesigelijilikli gözleri ýanyp görünýärdi.

Sagdygam, näsagdygam aňşyrtmaýan reňki öçük sakgal-murty ösgün, egni allanähili halatly, başy gara şypyrmaly, geň biri zordan gadam goýup, düşüp gelýärdi. Egnine gara don atynan, alagaraňkyda Annuşkanyň gözüne şeýle görnen, bir gözel hanym ol adamy seresaplylyk bilen goltuklap äkelýärdi. Gözel hanym aýakýalaňaçmydy, ýa aýagyna nähildir juda ýaldyrawuk, ýylpyldaýan kesim-kesim bolup giden, daşary ýurduňky bolsa gerek, tufli geýip — muny anyk aýtmak kyn. Tüf ýüzüňe! Tufli geýenem bolupdyr! Özem çyp-ýalaňaç-la! Hawa-da, ýalaňaç tenine uzyn don atypdyr, bolany! «Haý, seniň kwartira bolaýşyňy!» Ertir goňşularyna agyz köpürjikledip aýdyp bermäge gep tapylanyna Annuşka tüýs ýürekden begenýärdi.

Täsin lybasdaky bu hanymyň yzyndan eli çemodanlyja çyp-ýalaňaç başga bir hanym, çemodanyň ýanynda bolsa äpet bir gara pişik myýkyldap gelýärdi. Annuşka gözlerini owkalap, tas gygyrypdy. Hemmeden yzda, gyşyk gözli, egni ak gursakçaly, boýny galstukly, kelte boýly bir daşary ýurtly agsaklap gelýärdi. Olaryň hemmesi Annuşkanyň deňinden geçip, pese ýöredi. Gapynyň öňündäki meýdançada bir zat dükläp ýere gaçdy. A[ak sesleriniň peselenini eşiden Annuşka gapysyndan edil ýylan dek suwlup çykdy, bidonyny diwaryň ýanynda goýup, meýdança ýüzün ýatdy-da, ýeri sermeledi. Eline agyr bir zat dolangy ýaglykjak ildi. Annuşka ýaglyjagy açyp, gymmatly tapyndyny gözüne golaý eltende, gözi maňlaýyna çykyp, aç möjegiňki ýaly ýanyp başlady. Annuşkanyň beýnisinde tupan turdy: «Hiç zady bilemok! Hiç zady göremok, eşidemogam! Ýegenimiňkä eltsemmikäm? Ýa-da kesip, bölek-bölek etsemmikäm? Almazlary köwläp alsam hem boljak... Soňra bir daşy Petrowka, beýleki birini Smolenskiý bazaryna... Mahlasy, göremogam bilemogam, eşidemogam!»

Annuşka tapyndyny goltugynda gizläp, bidonyny eline aldy-da, şähere çykmak rejesini bes edip, öz öýüne sümjek bolanda, hälki ak gursakçaly adam ýerden çykdymy, gökden düşdümi, belli däl, onuň alnynda peýda boldy we ýuwaşja pyşyrdady:

— Hany äber ýaglyga dolanan naly.
— Waý, nähili nal ol, nähili ýaglyk? — diýip sorady Annuşka, mekirlik bilen jögülige salyp, — hiç hili ýaglyjagy bilemok. Näme, graždanin, ýa sen serhoşmyň?
Ak gursakçaly başga bir zat diýmän, edil awtobusyň tutawajy ýaly gaty hem sowuk barmaklary bilen Annuşkanyň boýnuny şeýle bir gysdy welin, onuň gursagyna barýan howa kesildi. Bidony elinden gaçdy. Gursakçaly, penjeksiz daşary ýurtly ep-esli wagt Annuşkanyň demligini bogyp, soň elini onuň boýnundan aýyrdy. Annuşka hopugyp, dem alandan soň, gülümsiredi.
— Wiý, naljagazy soraýaňmy? — diýip söze başlady. — Ine häzir! Siziňkimidi bu naljagaz? Seretsem, ýerde ýaglyga dolangy ýatyr... Men ony kimdir biri kakyp gidäýmesin diýip, ýörite ýygşyrdym, biri kakyp gitse, tapjak gümanyň barmy?
Daşary ýurtly ýaglyga dolanan naljagazy alandan soň, Annuşka güýçli tagzym edip, elini mäkäm gysdy, çetýurtlylara has aksent bilen oňa gyzgyn minnetdarlyk bildirdi:
— Size örän minnetdar men, madam. Bu naljagaz ýadygärlik sowgat hökmünde meniň üçin gymmatly. Şunlukda, muny gorap saklanyňyz üçin size iki ýüz manat baýrak bermäge rugsat ediň. — Ol derhal gursakçasynyň jübüsinden pul çykaryp, Annuşka gowşurdy.
Ol ahmyrly ýylgyryp;
— O, çyn kalbymdan sag bol aýsýaryn size! — Mersi! Mersi! — diýip gaýtalap ugrady.
Sahawatly çetýurtly bir bökende, basgançagyň soňky meýdançasyna bardy, emma bütinleý gözden gaýyp bolmazyndan öňürti aşakda durup, indi aksentsiz gygyrdy:
— Sen, arwah kempir, eger mundan beýläk ýene bir birewiň zadyny ýerden tapaýsaň, goýugyňa salman, göni milisiýa tabşyr!
Basgançakda emele gelen bu başagaýlykdan kellesi güwläp duran Annuşka ýene ençe mahallap özünden biygtyýar:
— Mersi! Mersi! Mersi! — diýip gygyrdy durdy, daşary ýurtly bolsa eýýäm gürüm-jürüm bolupdy.
Indi howluda başga maşynlar ýokdy. Azazello Wolandyň sowgadyny Margarita gaýtaryp berenden soň, ornaşykly oturdyňyzmy, diýip sorady we onuň bilen hoşlaşdy. Gella bolsa hoşlaşykdan ozal Margarita bilen ogşaşdy pişik onuň elini öpüp hoşlaşdy, ugradyjylar oturgyjyň bir burçunda jansyz jeset dek, halsyz oturan ussat bilen el salgaşdylar, soňra garga hem el salgadylar-da, azap çekip basgançakdan ýöremegi islemän, howada eräp, gaýyp boldular. Garga maşynyň çyralaryny ýakyp, ony sakçylyk edýän, öli ýaly uklap ýatanyň deňinden sürüp, derwezeden çykdy. Şondan soň bu äpet gara maşynyň çyralary şowhunly we ukusyz Sadowaýa köçesindäki bihasap çyralara garyşyp, ýitirim boldy. Ýene bir sagatdan soň, Arbadaky dar köçeleriň birindäki kiçijik öý podwalynyň birinji otagynda, bu ýerdäki hemme zatlar geçen ýylky güýzüň şol eýmenç gijesinde nähili bolsa, häzirem şeýledi, mahmal saçak ýazylyp, üstüne saýawanly stol çyrasy, çyranyň ýanynda landyş güli salnan güldan goýlan stoluň başynda oturyp, Margarita başyna düşen muşakgatdan we bagtdan ýaňa sessiz aglaýardy. Onuň garşysynda oda köýen depder bardy, olaryň ýanynda el degmedik depderler üýşüp durdy. Tutuş öý ümsümlikdi. Kiçeňräk goňşy

otagdaky diwanda keselhana haladyny ýapynyp, ussat kadaly dem alyp, sessiz çuň ukuda ýatyrdy.
Margarita aglap-aglap köşeşenden soň, el degmedik depderleri okamaga girişdi. Ol Kreml diwarynyň gapdalynda Azazello bilen duşuşmazdan öň öýünde gaýta-gaýta okan ýerini tapdy. Margaritanyň uklasy gelmeýärdi. Ol golýazmany edil pişigi sypalan ýaly, ýakymly sypalaýardy, ony eýläk-beýläk öwrüp, her tarapyndan seredip, onuň titulynda saklanyp, soňam iň soňky sahypa göz gezdirýärdi. Şonda birden onuň köňlüne, bularyň hemmesi bir jadygöýlik, häzir bu depderler gaýyp bolar-da, ýene öz öýümiň ýatar jaýynda bolaryn, ana, şonda ukudan oýanan badyma, suwa gark bolmak üçin derýanyň kenaryna barmaly borun diýen wagşyýana pikir geldi. Ýöne bu iň soňky eýmenç pikir bolup, ol Margarita uzak wagt başyndan geçiren agyr musallatlarynyň ýaňydy. Hiç närse gaýyp bolmady, hökmürowan Woland çyndan hem gudratly eken, Margarita isledigiçe tä daň atýança-da depderleri waraklap, olara göz aýlap, sahypalary ogşap, ondaky sözleri gaýta-gaýta okap oturmaga mümkinçilik tapdy.
— Ortaýer deňzi tarapdan gelen tümlük prokurotura ýigrenji bolan şäheri büredi. Hawa, tümlük...

## XV bap

## PROKURATORYŇ KIRIAFLY IUDANY HALAS ETMÄGE SYNANYŞMAGY

Ortaýer deňzi tarapdan gelen tümlük prokuratora ýigrenji bolan şäheri büredi. Buthanany eýmenç Antoniý minarasy bilen birikdirýän asma köprüler gaýyp boldy, düýpsüz asman düşen goýy zulmat aýlawyň üstündäki ganatly butlary, Hasmoneý köşgüni we onuň diwarlaryny, bazarlary, kerwensaraýlary, köçeleri, howuzlary gurşap aldy... Azym şäher — Ýerşalaim göýä hiç haçan dünýäde bolmadyk deý gözden ýitdi. Ýerşalaim we onuň töweregindäki janly-jandaryň hemmesine tümlük howp saldy we birinem goýman ýuwdup goýberdi. Baharky nisan aýynyň on dördünji gününiň agşamy deňiz tarapdan juda alamat bulut abanyp gelipdi. Bulut jellatlaryň jenaýatçylara howlukmaç naýza sanjyp, olary öldürýän ýerini — şol Takyr Depäni — tutuşlugyna garnyna gapgardy. Şol bir wagtda Ýerşalaimdäki hramy hem dolap aldy, soň onuň dumany akyp düşüp, Aşaky Şäheri hem tamam basdy. Ol jaýlaryň penjirelerinden hem girip, egri-bugry köçelerde ýören adamlary-da öýlerine süssürdi. Ol öz ýagmyryny eçilmäge howlukman, häzirlikçe diňe ýagty saçýardy. Ýyldyrym çakyp, gara harsaňy ýatladýan buludy ýagtylandyranda, goýy zulmat gujagynda diwary balyk teňňelerine meňzeş buthananyň mahabatly kamaty görünýärdi. Emma ýyldyrym öçen badyna buthana ýene zulmata çümýärdi. Ol şu zeýilde  birnäçe tapgyr zulmat goýnundan atylyp çykyp, ýene şu zulmata gark bolýardy, onuň her gezekki gark bolmasy heläkçilikli gök gümmürdisi bilen utgaşyp gidýärdi.
Başga howsalalay lowurdy bu buthanaň garşysynda, günbatardaky baýryň üstünde duran Beýik Irodyň köşgüni düýpsüz tümlükden çykardy, şonda gorkunç bäbenekli

altyn heýkeller ellerini açyp, gap-gara asmana uçdular, soň ýene asmanyň ataşy gizlendi-de, gök gümmürdisiniň agyr zarbasy altyn butlary tümlüge gabady.
Çagba duýdansyz guýuldy-da, gök gümmürdisi harasada öwrüldi.
Prokurator bilen hezreti ruhanynyň günortan söhbet guran bagyndaky mermer oturgyjyň ýanyndaky bir düýp serwini ýyldyrym top oky degen ýaly syndyrdy. Harasat sütünleriň bosagasyna-balkona ýagmyr we jöwenek bilen bile bägülleri, magnoliýa ýapraklaryny üzüp, şaha-pudaklary we tozany uçuryp getirýärdi. Harasat bagy wes-weýran edýärdi.
Bu mahal diňe bir adam bardy, ol hem prokuratordy.
Indi ol kürsüde däl-de, düşekde gyşaryp ýatyrdy. Düşegiň ýanyndaky pessejik stolda dürli naz-nygmatlar-u şerap guýlan küýzeler goýulgydy. Stoluň aňry tarapynda ikinji düşek bardy. Prokuratoryň aýagynyň ýanynda gyzyl kölçe ýaýlyp ýatyrdy we ol gany ýatladýardy, kölçede pytran küýze döwükleri görünýärdi. Gök gümmürdisinden öň prokurator üçin saçak ýazan hyzmatkär hojaýynynyň gaty dikanlap seredeni sebäpli, nämüçindir aljyrap, hojaýynymyň köňlüni tapyp bilmedim-ow diýip tolgunýarka, prokuratoryň gahary gelip, şeraply küýzäni nagyşly daş pola urup, bölek-bölek edip, hyzmatkäre:
— Nämüçin uzadan wagtyň gözüme seretmediň? Ýa-da bir zatlar ogurladyňmy? — diýip hyzmatkäriň ýüregini tas ýarypdy.
Afrikaly hyzmatkäriň gap-gara ýüzi çalaryp, gözlerinde ölüm howply gorky alamatlary peýda boldy, ol galdyrap, tas ikinji küýzäni hem döwüpdi, emma prokuratoryň gazaby näçe tiz gaýnan bolsa, şonça-da tiz köşeşdi. Afrikaly küýze döwüklerini çöplemäge we lüýgi süpürmäge okduryljak boldy, emma prokurator el sagady we gul bu ýerden gaçyp gitdi. Lüýk süpürilmän galdy. Indi harasat wagtynda, afrikaly gul prokurotoryň gözüne biwagt görünmekden gorkup, ol çagyraýsa, gaflatda galmakdan howpurgap, başyny aşak salyp duran ýalaňaç aýalyň ak heýkeliniň ýanynda pena ýerde bukulyp otyrdy.
Tupanly ýarymgaraňky günde düşekçe ýanbaşlap ýatan prokuror bulgura özi meý guýup, ony owurtlap az-azdan içip, käte çörekden döwüp, ony owradyp agzyna salýardy, käte-käte ustrisa sorup, limon çeýnäp, ýene meý içýärdi.
Eger şaglap ýagýan çagba, köşgüň üçegini döwäýjek bolýan gök gümmürdisi, balkonyň basganҫaklaryna çekiç ýaly urulýan dolynyň sesi bolmadyk bolsa, onda prokuratoryň öz-özi bilen gepleşip, bir zatlary hüňňürdeýänini eşitse-de bolardy. Eger çakylyp, gökden inýän ýyldyrymyň ýagtysy durnukly bolsady, onda ony synlan adam prokuratoryň soňky günlerindäki ukusyzlygy we kän şerap içendigi sebäpli çişen gözlerinde sabyrsyzlygyň şekillenýändigini, we gyzyl kölçede ýatan iki sany bägüle seretmän, ýagşyň dumanyna we tozana ýüz öwrüp, bag tarapa bakýandygyny, kimdir birine bitakat garaşýandygyny görerdi.
Aradan az salym geçip, ýagmyr perdesi prokuratoryň göz öňünde ýukalyp başlady. Harasat näçe güýçli bolsa-da, ol hem indi köşeşdi. Daragtlaryň gury şahalary şytyrdap dökülmesini bes edip, aşak gaçmasy galdy. Gök gümmürdisi we ýyldyrym çakmasy seýrekleşdi. Indi Ýerşalaim şäheriniň asmanynda nagyşly syýa reňk, ak gaýmaly bulutlar däl-de, iň soňky ýönekeý çal bulutlar ýüzüp gelýärdi. Gök gümmürdisi Öli deňze tarap çekildi.

Indi ýagmyr şowhunyny hem, tarnawlardan akýan, hökümi yglan etmek üçin prokuratoryň ir bilen meýdana düşen basganҫaklaryndan şaglaýan suwuň sesini-de eşitmek mümkindi. Ahyry ýatyp galan çüwdürime hem jan girdi. Howa açyldy. Gündogara tarap uçup barýan bulutlaryň perdesiniň arasyndan göm-gök asman penjireleri göründi. Şu mahal indi çisňäp ýagýan ýagyşyň şytyrdysynyň arasyndan prokuratoryň gulagyna uzakdan kernaýlaryň, ýüzläp at toýnaklarynyň sesi gelip ýetdi. Prokurator muny eşidip ýerinden gozgandy, onuň ýüzi ýagtyldy. Atly goşun Takyr Depeden gaýdyp gelýärdi, toýnak seslerinden çen tutsaň, ol häzir höküm okalan meýdandan geçýärdi.

Ahyry prokurator bagyň ýokary eýwanyna alyp çykýan, balkonyň öňündäki basganҫakdan köp garaşan aýak sesini eşitdi. Ol boýnuny uzatdy, gözleri şatlykdan ýaňa uçganaklady.

Basganҫagyň iki tarapyndaky iki sany mermer ýolbarsyň aralygyndan ilki gaýtarma galpakly kelle, soň myžžyk ygal plaşy endamyna ýelmeşen, ezilen bir adam göründi. Bu — höküm yglan edilmänkä köşgüň garaňkyladylan otagynda prokurator bilen pyşyrdaşan, soňra ölüm jezasy wagtynda üç aýakly oturgyçda çöp oýnap oturan şol adamdy. Bu adam lüýkli ýerlere parh etmän, bag meýdançasyny kesip geçip, nagyşly daş basganҫaga gadam goýdy we elini göterip, ýakymly belent owaz bilen:

— Prokurator aman bolsun, mydam wagty çag bolsun — diýip, latyn dilinde gepledi.

— Eý, hudaýlar! — diýdi Pilat — üstüňde ýeke gury närse galmandyr-la! Nähili harasat! Niçig-ä? Derhal meniň ýatar jaýyma giriň! Meniň aýdanymy edip, guranyň, eşikleriňizi çalşyrnyň.

Gelen adam başyndan gaýtarma galpagyny arkan taşlady welin, öl bolan saçlarynyň maňlaýyna ýelmeşip gideni mälim boldy, ol öz ýylmanak çehresinde sypaýy ýylgyryş hasyl edip, eşiklerini çalşyrmakdan boýun gaçyrdy we ýagyşyň özüne zyýan ýetirmejegini düşündirjek boldy. — Eşitmek hem islemeýärin, — diýdi Pilat we el çarpyp özünden gizlenip oturan hyzmatkärlerini çagyrdy-da, myhmana seretmegi, soňra derhal gyzgyn nahar getirmegi buýurdy. Myhmanyň saçyny guratmagy, başga lybas, aýakgap geýmegi we umuman özüni tertibe getirmegi üçin az wagt ýeterlik boldy. Bir salymdan soň ol gury sandal aýak-gapda, elwan harby plaş geýip, saçlaryny tekiz darap, balkona çykdy.

Bu wagt Ýerşalaim üzre ýene güneş lowurdap, Ortaýer deňzine ýetip, çümmezden öň prokuratoryň halamaýan şäherine iň soňky gezek hoşlaşyk nuruny ýollap, balkonyň basganҫaklaryna altyn reňk çaýdy.

Fontana gaýtadan jan girip, joşup saz çalýardy, kepderiler ýene gumly sokmaklara uçup gelip, döwlen şahajyklaryň üstünde böküşip, gu-gulaşyp, öl gumdan bir zatlar çokýardylar. Gyzyl kölçe süpürlipdi. Küýze döwükleri aýrylypdy we stolda bir tabak et bugaryp durdy.

— Prokuratoryň emrini eşitmäge taýyn men — diýdi myhman, stola golaý gelip.

— Tä meniň bilen bile şerap içmeýänçäň, hiç zat eşitmersiň — diýip, Pilat sypaýy jogap berip, ony ikinji düşegiň üstüne teklip etdi.

Gelen adam düşege gyşardy, hyzmatkär onuň bulguryna goýy gyzyl şerap guýdy. Ikinji hyzmatkär bolsa Pilatyň egniniň ustaşyry eňilip, seresaplyk bilen onuň bulguryny doldurdy. Şundan soň ol yşarat bilen iki guly hem ugratdy. Gelen adam

iýip-içmek bilen gümrady. Pilat şerap owurtlap, gözüni süzüp, myhmany synlaýardy. Myhman orta ýaşlaryndaky, tegelek ýüzi mähirli, etlek burunly adamdy. Saçynyň nähili reňkdeligini anyk aýtmak kyn. Gurap başlandan soň, ol sarymtyl tüýse girdi. Onuň haýsy millete degişlidigini hem anyklamak müşgidi. Çehresindäki esasy belgi hoşmylakatlyk diýseň hem boljak, ýöne gözleri, has dogrusy, gözleri hem däl, öz söhbetdeşine dikanlap seretmek alamaty ýüzündäki şol hoşmylakatlylyga zeper ýetirýärdi. Adatça, gelmişek kiçijik gözlerini çişen ýaly görünýän, bir tüýsli geň gabaklarynyň astynda saklaýardy. Şonda bu gözleriň gyrasynda ýamanlyksyz mekirlik ýyldyraýardy. Prokuratoryň myhmany degişmegi halaýan ýalydy. Ýöne käte bu oýun-degişme uçguny onuň gözlerini asla terk edip, ol gabaklaryny göterip, gözlerini giň açyp göýä söhbetdeşiniň burnunyň ujundaky göz ilmeýän tegmili tiz görjek bolýan dek, oňa göniden göni dikanlaýardy. Emma bu bir pursat dowam edip, gabaklar ýene asylýardy, gözler gysylyp, olarda mylaýymlyk we mekir akyl uçguny ýanyp başlaýardy. Myhman ikinji bulgura hem meýil bildirdi, birnäçe ustrisany äşgäre lezzet bilen lak-luk atyp, gaýnan gök-önümleri dadyp, bir bölek et iýdi.
Garny doýansoň, şeraby öwdi:
— Ajaýyp üzüm tohumy, prokurator, emma bu — «Falerno» däl bolsa gerek?
— Otuz ýyllyk «Sekuba», — diýip, mähirli jogap berdi prokurator. Myhman elini döşüne goýup, doýanlygyny aýtdy we başga zat iýmekden ýüz dönderdi.
Şonda Pilat öz bulguryny meýden doldurdy, myhman hem şeýtdi. Ikisi-de öz bulgurlaryndan etli çanaga birazajyk meý damdyrdy, soňra prokurator bulguryny göterip, batly ses bilen diýdi:
— Biz üçin hem-de jahanda iň eziz we hormatly ynsan, rimliler pederi bolan beýik kaýsar, seň üçin!
Şondan soň olar bulgurlaryny boşatdylar. Afrikaly gullar stoluň üstündäki tagamlary ýygnaşdyryp alyp, çykyp gitdiler, bu ýerde diňe miweler hem şeraply küýzeler galdy. Prokurator ýene bir üm bilen hyzmatkärlerine jogap berdi we sütüleriň bosagasynda — diňe öz myhmany bilen galdy.
— Ýeri, diýip ýuwaş gepläp başlady Pilat, — bu şäheriň ilatynyň keýpiýeti hakynda näme aýdyp biljek?
Şeýle diýip, ol gözüni biygtyýar sekiniň aňyr tarapyna, güneşiň soňky şöhlesine gark bolan peslikdäki sütünlere, üçekleri tekiz tamlara garatdy.
— Çak edişime görä, prokurator, — diýip jogap berdi myhman, — Ýerşalaimdäki häzirki keýpiýet kanagatlanarly.
— Diýmek, bitertiplilik indi howp salmaz diýip ynansa boljakd-a?
— Ynansa bolar — diýip jogap berdi myhman, prokuratora mylaýym nazar taşlap, — dünýäde diňe bir zada — beýik kaýsaryň gudratyna.
— Taňrylar onuň ömrüni zyýada kylsyn — diýip, bada-bat gepi kakyp aldy Pilat, — döwletinde mydama asudalyk bolsun! — Ol biraz dymyp, soň dowam etdi:
— Diýmek, siziň pikiriňizçe, indi goşuny alyp gitse boljak-da?
— Meniň çakymça, ýyldyrym tizlikli kagortasy gitse bolar — diýip, jogap berdi myhman, soň sözüniň üstüni ýetirdi:
— Emma hoşlaşykdan öňürti şäher köçelerinden dabaraly ýöriş edip ötseler ýaman bolmazdy.

— Örän gowy pikir — diýip makullady prokurator, — birigün men ol kagorta rugsat bererin, özüm hem giderin, size on iki hudaý hakyna, eždadlarymyz ruhunyň hakyna, ant içip aýdýaryn ki, şu işi şu gün berjaý etmek üçin köp zadymy bagyş etmäge kaýyl men.
— Prokurator Ýerşalaimi gowy görenokmy? — diýip, mylaýym äheňde sorady myhman.
— Näsini aýdýaňyz — diýdi prokurator ýylgyryp, — dünýäde şundan bijaý ýer ýok. Tebigaty hakynda-ha aýtmasam-da, her gezek bu ýere gelenimde, hezilim gaçýar. Emma bu hem hiç. Bu ýeriň aýt — baýramlaryny diýsene — porhanlar, jadygöýler, gözbagçylar, topar-topar zyýaratçylar... Fanatikler, fanatikler! Bir musaýynyň messiýasy nähili azara goýdy — toba, näme üçin indi gelip-gelip, ony şu ýyl amala aşar diýip garaşyp başladylar? Indi ganly wakalaryň şaýady bolaryn öýdüp her demde ýürek howlap durýar. Goşunlary yzygiderli ol ýerden başga ýere göçümek, üstesine ýarysyndan köpüsi öz üstüňden ýazylan töhmetleri, gyýbatlary okamak! Hemmesi ýüregiňi gysdyrýan zatlar, şeýle dälmi? Wah, eger imperatoryň hyzmatynda bolmasadym!..
— Dogry, bu ýerdäki baýramlar kynçylyk döredýär — diýip myhman ylalaşdy.
— Wah, käşgä şu uly tutumly baýram tizräk gutaraýsa — diýip sözüne goşdy Pilat ekezlenip. — Onda men Kaýsariýa dolanmak mümkinçiligine eýe bolardym. Ynanýaňyzmy, Iradyň ine, bu manysyz ymaraty, — prokurator elini sütünlere tarap salgady, onuň köşk hakynda gepleýänligi mälim boldy, — meni bütinleý däli hetdine ýetirýär. Men ol ýerde bir gije-de ýatyp bilmen. Dünýäde beýle ýakymsyz ymarat bolan däldir. Bolýa, esasy gürrüňe geçeli. Owaly bilen aýt hany, ol lagnaty Warrabwan size howp salanokmy?
Şol wagt myhman özüniň şol üýtgeşik nazaryny prokuratoryň ýüzüne dikdi. Emma Pilat tukat gözleri bilen uzaga — aýagynyň astyndaky şäheriň agşamky öçüp barýan keşbine ýüzüni çytyp seredýärdi. Myhmanyň nazary ýene sönüp, gabaklary asyldy.
— Indi War guzy dek howpsyz bolup galandyr diýip, bimelal aýtmak mümkin — diýdi myhman, onuň tegelek ýüzünde ýygyrt peýda boldy. — Indi oňa gözgalaň götermek laýyk däl.
— Şeýle meşhurmy ol? — diýip sorady Pilat mylaýym gülümsiräp.
— Prokurator her sapar meseläniň inçe tarapyny gowy duýýar!
— Emma her näme bolsa-da, — diýip bellik etdi prokurator, aladaly äheňde we gara gaşly ýüzük dakylan inçejik uzyn barmagyny ýokary göterip, — ýoluny tapmak gerek...
— O, produktor hatyrjem bolsun, men Iudeýada bar wagtym, War bizden rugsatsyz bir gadam hem gozganyp bilmez.
— Indi köňlüm ynjaldy, dogrusyny aýdaňda, siz şu ýerdekäňiz men mydam arkaýyn.
— Siz örän sahawatlysyňyz, produktor!
— Indi jeza berilşi hakynda aýdyp beriň — diýdi prokurator.
— Sizi häzir näme gyzyklandyrýar?
— Mähelle närazylyk bildirjek bolmadymy? Iň möhümi şu, elbetde.
— Ýok — diýip jogap berdi myhman.
— Örän gowy. Jenaýatçylaryň ölenligini özüňiz anykladyňyzmy?

— Muňa imanyňyz kämil bolsun, prokurator.
— Aýt hany... sütünlere asylmazdan owal olara suw berildimi?
— Hawa. Ýöne ol — şeýle diýip myhman gözüni ýumdy, — içmeden ýüz öwürdi.
— Kim ol? — diýip sorady Pilat.
— Bagyşlaň, igemon! — diýdi myhman, — adyny aýtmadymmy? Ha-Nosri.
— Samsyk! — diýdi Pilat, nämüçindir ýüzüni çytyp. Onuň çep gözüniň aşagyndaky damary çekdi, — günüň howrunda köýüp-bişip ölmegi gowy görüpdir. Kanun berýän hukugyndan ýüz öwürmek nämä gerek? Ýene näme diýdi ol?
— Ol, — diýip ýene gözüni ýumup jogap berdi myhman, — minnetdarlyk bildirdi we janyny alandyklary üçin günäkärlemeýänini aýtdy.
— Kimi günäkärlemeýänini? — diýip, güňleç sesde sorady Pilat.
— Muny aýtmady, igemon.
— Esgerleriň ýanynda wagyz etmäge synanmadymy?
— Ýok, igemon, bu gezek ol örän kemsuhandy. Bary-ýogy bir gep aýtdy: adamzada mahsus bolan ýaman häsiýetleriň içinde iň erbediniň gorkaklykdygyny nygtady.
— Bu gepi nämä yşarat edip aýtdy? — diýen titrewük ses birden myhmanyň gulagyna ýetdi.
— Muňa düşünip bolmady. Ol mydama bolşy ýaly, özüni geň alyp bardy.
— Onuň geňligi nämede?
— Ol zol-zol töwerekdäkileriň ilki biriniň, soň beýlekisiniň gözüne seretmäge çalyşdy we birhili aljyraňňy ýylgyrýardy.
— Başga näme? — diýip, gyryljak ses sorady.
— Başga hiç zat.
Prokurator özüne meý guýup, bulgury «dük» edip goýdy. Ony bir demde boşadyp, söze başlady.
— Gep beýle: edil häzir biz onuň haýsydyr bir janköýerlerini ýa-da yzyna eýerýänleri tapyp bilmesek-de, barybir, şeýle adamlar ýokdur diýip kepil geçip bilmeris.
Myhman başyny aşak salyp, üns bilen diňleýärdi.
— Şoňa görä, şeýle duýdansyz bolaýjak nähoş ýagdaýyň öňüni almak maksadynda — diýip, gepini dowam etdi prokurator, — örän basym, sessiz-üýnsüz üç jenaýatçynyň jesedinem ýer ýüzünden ýok etmegiňizi we olary örän ümsüm jaýlap, gep-gürrüň bolmaz ýaly etmegiňizi haýyş edýärin.
— Baş üstüne, igemon, — diýdi myhman ýerinden turup, soň:
— Wezipäniň çylşyrymly hem jogapkärlidigi sebäpli, edil häzir ugramaga rugsat ediň — diýdi.
— Ýok, entek oturyň, — diýdi Pilat, eliniň yşaraty bilen myhmany ýoldan saklap, — ýene iki mesele bar. Ikinjisi — siziň Iudeýa prokuratory huzuryndaky gizlin gullugyň başlygy wezipesinde iň agyr işde bitiren hyzmatlaryňyz barada Rimde beýanat bermek mümkinçiligine eýe bolanyma bagtyýar men.
Myhmanyň ýüzi gyzardy, ol ýerinden galyp, prokuratora tagzym edip, diýdi:
— Men imperatoryň hyzmatynda öz borjumy eda edýändirin, bolany!
— Berekella, men sizden şuny haýyş etjek bolýaryn, ýagny — diýip dowam etdi igemon, — eger-de, size bu ýerdäkiden ulurak wezipe teklip edip, başga ýere

ugratmakçy bolsalar, wezipeden ýüz öwrüp, şu ýerde galmaga çalşyň. Men sizden aýrylmagy asla islemeýärin. Goý, sizi başgaça tüýsde sylaglasynlar.
— Siziň gol astyňyzda hyzmat etmek meniň üçin uly bagt, igemon.
— Örän hoşal. Indi üçünji mesele. Bu mesele, ol kim-ä, kiriafly Iuda degişli.
Şu ýere gelende, myhman ýene prokuratora nazaryny dikdi-de, adatyça, ýene gabaklaryny asdy.
— Eşidişimçe — sesini pesledip dowam etdi prokurator, — ol hälki däli filosofy öz öýünde gujak açyp garşy alany üçin pul alanmyş.
— Almaly — diýip, gizlin gullugyň başlygy Pilatyň sözüne sypaýy düzediş girizdi.
— Köpmi?
— Muny hiç kim bilmeýär, igemon.
— Hatda sizemmi? — diýdi igemon hoşamatly geň galma bilen.
— Hawa, menem — diýip, arkaýyn jogap berdi myhman, — emma men onuň şol puly şu gün agşamara almalydygyny bilýärin. Ony şu gün Kaifanyň köşgüne çagyrýarlar.
— Wah, kiriafly gysganç — diýdi prokurator ýylgyryp, — ol garrandyr-la?
— Prokurator hiç haçan ýalňyşmaýar, emma bu sapar hata goýberdi — mylaýymlyk bilen jogap berdi myhman, — Kiriafly ol adam ýaş ýigit.
— Aýdyň hany! Siz oňa häsiýetnama berip bilýäňizmi? Fanatikmi?
— Aý, ýok, prokurator.
— Ýagşy. Başga näme?
— Örän görmegeý.
— Ýene? Belki, bir zatlara yşkybazdyr?
— Bu uly şäherde hemmäni doly tanamak örän kyn, prokurator...
— Aý, ýok, ýok! Afraniý! Kiçigöwünlilik etmäň!
— Onuň bir ejiz ýeri bar, prokurator. — Myhman az salym dymdy. — Puly gowy görýär.
— Ol näme kär edýär?
Afraniý gözüni ýokary dikip, oýlanyp durdy, soň: — Ol öz garyndaşlaryndan biriniň serrap (pul çalyşýan) dükanynda işleýär.
— Ä, şeýlemi, haý, haý, haý. — Şeýle diýip, prokurator dymdy, balkonda adam bolaýmasyn diýen ýaly, daş-töweregine nazar aýlady, soň sesini ýuwaşadyp diýdi:
— Ynha ýagdaý şeýle — maňa şu gün aýtdylar, ony şu gije pyçaklap öldürerler.
Şu ýerde myhman gabaklaryny göterip, prokuratora öňküsi ýaly çalt nazar aýlaman, köpräk seredip, jogap berdi:
— Siz meni ýaňy gaty öwdüňiz, prokurator, mälim boldy ki, men hakda Rimde magtaw söz aýtmaňyza mynasyp däldirin. Çünki bu maglumatlar mende ýok.
— Siz iň ýokary sylaga laýyksyňyz — diýip, jogap berdi porkurator, — emma bu maglumatlar deslapdan-da, dogry.
— Soramaga rugsat ediň, kim getirdi bu maglumaty?
— Ony aýtmakdan häzirlikçe saklanaýyn, dogrusy, ol entek şübheli hem tötänleýin. Emma maňa bir zady öňünden görmek gerek. Wezipäm şeýle, emma bar zatdan beter öz duýgyma ynanmaga borçly men, çünki ol meni hiç wagt aldamandy. Indi meniň bilýän maglumatyma gelsek, Ha-Nosriniň gizlin dostlaryndan biri ol serrabyň göz

görüp, gulak eşitmedik dönükligine gahary gelip, öz dostlary bilen dil birikdirip, şu gije ony öldürjekler, dönüklik üçin alnan puly bolsa: «Lagnaty puluňyzy özüňize gaýtarýarys!» — diýen ýazgy bilen hezreti ruhanynyň köşgüne taşlap gitjekler.
Gizlin gullugyň başlygy şundan soň igemona duýdansyz seretmesini bes edip, gözlerini süzüp diňlemesini dowam etdi:
— Göz öňüne getirip görüň — diýdi Pilat, — gelip-gelip baýram gijesinde şeýle sowgat almak hezreti ruhana hoş ýakarmyka?
— Hoş ýakmak nirede — diýip, ýylgyryp jogap berdi myhman. — Meniň çakyma görä, prokurator, bu uly galmagala sebäp bolar.
— Men hem şeýle pikirde. Şonuň üçin sizde bu iş bilen meşgul bolmagyňyzy, ýagny kiriafly Iudany goramaga ähli çäreleri görmegiňizi soraýaryn.
— Igemonyň emri wajyp — diýip gep başlady Afraniý, — emma men igemona tesgin bermekçi ol zalymlaryň düzen rejesini başa bardyrmak örän kyn. Ýeri, oýlap görüň, — myhman töweregine seredip, ýene dowam etdi: — Bir gijede adamyň yzyna düşüp, ony pyçaklamak, ýene onuň näçe hak alanyny bilmek, mundan daşgary ýene, puly Kaifa gaýtaryp bermek aňsatmy? Özem şu günüň özünde?
— Şeýle bolsa hem, şu gün ony öldürip giderler, — diýip tekrarlady Pilat kejirlik bilen, — göwnüm duýup dur diýip aýtdym-a size! Hiç haçan göwnüm meni aldan däldir, — şu wagt porkuratoryň ýüzi tirtildedi, ol ellerini bir-birine sürtdi.
— Baş üstüne — diýdi myhman, gulak asyjylyk bilen, ol ýerinden turup, kaddyny dikläp, birden möhüm äheňde sorady:
— Diýmek, ony soýup gitjekler-dä, igemon?
— Hawa — diýip jogap berdi Pilat, — indi bar umydymyz siziň täsin galdyryjy iş başarnygyňyza bagly. Myhman plaşynyň astyndaky agyr guşagyny düzedip, diýdi:
— Işiňiz haýyr, hemişe aman we wagtyhoş bolgaý siz!
— Wah, huşum gursun, — diýip, pessaý gygyrdy Pilat, — ýadymdan çykaýypdyr! Men size bergidar-a!.. Myhman täsin galdy.
— Aý ýok-la, prokurator, siziň maňa bergiňiz ýokdur.
— O nähili ýokmuş! Ýadyňyzdamy, Ýerşalaime girip gelýärkäm... bir topar gedaýlara duş gelipdim... olara pul oklamakçy bolanymda, ýanymda zat ýokdy, şonda sizden alypdym.
O, porkurator, ähmiýetsiz närse!
— Ähmiýetsiz närsäni hem unutmazlyk lazym. — Şeýle diýip, Pilat yzyna öwrüldi-de, kürsüde ýatan plaşyny göterip, ondan gön haltajygy çykaryp, myhmana uzatdy. Myhman haltajygy alyp, eglip tagzym kyldy we plaşynyň içinde ýaşyrdy.
Pilat ýene başlady: — Depin etmek barasyndaky habaryňyza garaşýaryn. Şeýle hem, kiriafly Iudanyň işi bilen bagly habary, eşidýäňmi, Afraniý, bu gün boljak işi. Siz gelen badyňyza meni oýarmaklaryny sakçylara buýruk bererin. Men size garaşýaryn!
— Salamat boluň — diýdi gizlin gullugyň başlygy we yzyna öwrülip, balkondan düşüp ugrady. Onuň meýdançanyň ýüzündäki öl gumuň üstünden, soň iki ýolbarsyň heýkeliniň aralygyndaky mermer basgançakdan düşýän aýak sesi eşidildi. Soňra ýuwaş-ýuwaş onuň aýaklary, soň göwresi we ahyry, gaýtarma galpakly kellesi gözden gaýyp boldy. Ana, şonda prokurator Günüň batyp, iňrik garalanyny aňşyrdy.

## XXVI bap

## DEPIN EDILMEK

Belki, ine şu iňrik garalmagy prokuratoryň keşbiniň düýpgöter özgermegine sebäp bolandyr. Ol bir pursatda garran ýaly bolup, küýkeren ýaly boldy, üstesine, howsala düşüp başlady. Ol bir gezek yzyna öwrülip, söýenjegine plaş asylan boş kürsä gözi düşdi-de, nämüçindir tisgindi. Baýram gijesi ýetip gelýärdi, agşamky kölgeler öz oýnuna başlapdy, megerem, şonuň üçin ýadaw prokuratoryň gözüne boş kürsüde biri otran ýaly bolup görnendir. Prokurator gorkup, plaşy sypalap gördi, soň ýerinden turup, balkonda eýläk-beýläk ýöräp, kä ellerini biri-birine sürtýärdi, kä stola golaý gelip, eline bulgur alýardy, käte saklanyp, pola düşelen al-elwan nagyşlaryň arasyndan nähilidir syrly ýazgylary okajak bolan ýaly, olara manysyz bakyp durýardy.

Şu günüň özünde onuň ikinji gezek ýüregine gamgynlyk aralaşdy. Ol irdenki jähennem azabynyň täsirinden henizem sarkyrap duran çekgesini owkalap, ne sebäpden beýle ruhy azar çekýändigini anyklamaga çalyşýardy. Ol muny tiz anyklady, ýöne öz-özüni aldamaga synanyşdy. Ol şu günüň gündizi gaýtaryp getirmesiz bir zady elden gidirendigine düşündi we şol ýalňyşlygyny indi ownuk-uşak zatlar bilen, iň esasam, gijä galan hereketleri bilen düzetjek bolýardy. Prokurator öz-özüni aldap, ine şu, häzirki, agşamky işlerini ir ertirki yglan eden hököminden möhüm diýip özüni ynandyrjak bolýardy. Emma bu urunmaklardan netije azdy. Ol balkonda eýläk-beýläk ýöräp ýörüşine öwrüldi-de, sakga togtady we jürlewük çaldy. Jürlewüge jogap hökmünde tümlükden it üýrdi we tüýleri çal, gulaklary çüri, boýnundaky tasmasyna altyn nyşanlar dakylan haýbatly bir köpek bagdan atylyp çykdy.

— Banga, Banga — diýip, gygyrdy prokurator pessaý ses bilen. Köpek yzky aýaklaryna galyp, öňki aýaklaryny eýesiniň egnine goýdy, ol Pilaty tas ýykypdy we onuň ýüzüni ýalady. Prokurator kürsä oturdy. Banga dilini sallap, haslap dem alyp, öz eýesiniň aýagynyň ýanynda ýatdy, şol pursatda bu batyrgaý köpegiň gözlerindäki guwanç alamaty, onuň dünýäde ýeke-täk gorkýan zady — gök gümmürdisiniň goýany, şeýle hem bu ýerde özüni gowy görýän, gadyrlaýan we dünýädäki barça adamlaryň hökümdary — iň gudratly ynsan diýlip hasaplanýan adamyň, şular sebäpli köpek özüni hem iň hormatly beýik, aýrybaşga bir hulkat diýlip hasaplanýardy, ýanynda ýatanlygyna buýsanýanlygyny subut edýärdi. Emma şeýle bolsa-da, köpek öz eýesiniň aýagynyň ýanynda onuň ýüzüne däl, zulmat perdesine bürenen baga garap ýatan bolsa-da, eýesiniň başyna agyr külpet düşendigini pähimledi. Şonda ol ýatan ýerinden turup sahybynyň gapdalyna geçdi-de, öňki aýaklary bilen başyny prokuratoryň dyzyna goýdy-da, onuň plaşynyň eteginine öl gum syçratdy. Megerem, bu hereketi bilen Banga öz eýesine teselli bermekçi we onuň derdine şärik bolmaga taýýardygyny duýdurjak bolýardy. Bu niýetini ol sahybyna delmuryp bakýan gözleri we hüşgärlik bilen dikelen gulaklary bilen beýan edýärdi. Şeýlelikde, olaryň ikisi, biri-birini gowy görýän köpek bilen adam baýram gijesini balkonda şu ýagdaýda garşy aldylar.

Bu wagt prokuratoryň myhmany uly alada bilen başagaýdy. Ol balkonyň öňündäki bagyň ýokary meýdançasyny terk edip, basgançakdan aşak, howla düşdi, sag tarapyna öwrülip, köşgüň howlusyndaky kazarmalara çykdy. Baýram mynasybetli prokuratoryň ýolbaşçylygynda Ýerşalaime gelen şol iki kenturiýa goşuny, şeýle hem prokuratoryň hälki myhmanyň ygtyýaryna berlen gizlin sakçylary ýerleşen şu kazarmada, bary-ýogy on minut boldy, ana, şol on minutdan soň, bu kazarmanyň howlusyndan ýer gazýan enjamlar we bir çelek suw ýüklenen üç araba çykyp gitdi. Arabalara çal plaşly on bäş-atly gözegçilik edip barýardy. Arabalar we atlylar köşgüň arka derwezesinden çykyp, günbatar tarapa ýol aldylar, şäher derwezesinden çykandan soň bolsa dar ýoda bilen ilk-ä Wifliýem ýoluna düşüp, soň demirgazyga ýörediler. Hewroniýa derwezesiniň golaýyndaky çatryga ýetenlerinde, gündiz ölüme höküm edilenler alnyp geçilen Ýaffa ýolundan ýöräp gitdiler. Bu wagt garaňky düşüp, gökde Aý peýda boldy.
Arabalar atlylaryň gözegçiliginde gidenlerinden soň, sähel wagt geçip-geçmän, indi egnine köne gara lybas geýip, ýaňky myhman hem at münüp, köşkden çykyp gitdi. Emma myhman şäheriň daşyna däl-de şäheriň içine ugrady. Ýene az salymdan soň ony şäheriň demirgazygynda, beýik ybadathananyň golaýynda ýerleşen Antoniý galasyna girip barýandygyny görmek bolýardy. Myhman galada hem köp eglenmedi, soňra onuň yzy aşaky şäheriň «gedaý tapmaz» gyňyr-gyşyk, dar köçelerinde göründi. Bu ýere ol indi gatyr münüp gelipdi.
Myhman şäheri gowy bilýärdi, şonuň üçin ol gözleýän köçesini derrew tapdy. Bu köçäniň ady — Ýunanydy, çünki ol ýerde ýunanlylaryň birnäçe dükany, şeýle hem bir haly dükany-da bardy. Myhman edil şu dükanyň öňünde saklanyp, gatyrdan düşdi we onuň ýüpüni derwezäniň halkasyna ildirdi. Dükan ýapykdy. Myhman dükanyň ýanyndaky gapydan bir kiçijik, dörtburç howla girdi, howlyň töwereginde «P» şekilinde ambarlar bardy. Myhman howlyň burçundan geçip, bir öýüň öňi peçekgüller bilen örtülen eýwanyna bardy-da, töwerege göz gezdirdi. Öý hem, ambarlar hem entek çyra ýakylmansoň, gap-garaňkydy. Myhman pessaý ses bilen gygyrdy:
— Niza!
— Şu wagt gapy jygyldap açylyp, garaňkyň içinden ýüzi çadrasyz bir zenan eýwanda peýda boldy. Ol gelen adamyň kimdigini anyklamak maksadynda ýüregi gürs-gürs urup, eýwanyň gyrasyndan aşak egildi. Soň gelen adamy tanap, ýylgyrdy, baş atyp, el galdyryp salamlaşdy.
— Ýeke özüňmi? — diýip ýuwaş sorady Afraniý grekçeläp.
— Hawa — diýip, pyşyrdady zenan. — Ärim irden Kaýsariýa gitdi, — şu gepden soň zenan öwrülip işige seretdi-de, pyşyrdap: — Emma hyzmatkär aýal öýde — diýdi. — Soňra ol eli bilen yşarat edip, myhmany öýe çagyrdy. Afraniý öňürti töweregine bir nazar aýlap, daş basgançakdan eýwana çykdy. Soňra aýal hem, ol hem öýe girdiler.
Afraniý bu aýalyň ýanynda juda az wagt, köp bolsa bäş minut eglendi. Şondan soň ol öýi we eýwany terk etdi-de, gaýtarma galpagyny gözüniň üstüne örtüp, köçä çykdy. Bu wagt öýlerde çyralar ýakylyp başlanypdy, köçelerde baýramyň öňüsyrasynda adamlar eýläk-de-beýläkdi, şoňa görä, gatyrly Afraniý köçeleri dolduran pyýadalaryň we atlylaryň arasynda ýitip gitdi. Onuň şondan soň nirelere baranyny bilýän ýok.

Afraniýniň Niza diýip çagyran zenany bolsa ýeke özi galandan soň, juda howlukmaçlyk bilen geýimini çalşyryp başlady. Garaňkyda gerekli närselerini tapmak näçe kyn bolsa-da, ol çyrany ýakmady, hyzmatkäri-de kömege çagyrmady. Ol geýnip bolup, başyna gara bürenjek atynandan soň, sesi eşidildi.

— Birew sorasa, meni Enantanyňka gitdi diýersiň. Garaňkyda kempiriň käýinýän sesi geldi:

— Enantanyňk-a? Ýene şonuňka barjak bolýaňmy? Äriň oň ýanyna barmagy gadagan edipdi! Oýnaş tapyp berýänçi şol Enantaň! Äriň gelsin bakaly, aýdaryn...

— Haý, haý, gapylsana, kempir — diýdi-de, Niza kölge ýaly bolup, otagdan suwlup çykdy. Onuň sandal köwşüniň sesi indi daş düşelen howly tarapdan gelýärdi. Hyzmatçy aýal bir zatlar hüňürdäp, eýwanyň gapysyny zynjyrlap galdy. Niza bolsa öýi terk etdi.

Edil şu wagt Aşaky Şäherdäki howuzlardan birine alyp barýan başga bir dar köçedäki arkasy köçä, penjireleri howla bakýan bilniksiz bir öýüň ýol tarapdaky gapysyndan sakgal-murty gelşikli timarlanan, kellesine täze, ap-ak kefi (ýaglygyň bir görnüşi), egnine baýram mynasybetli mawy tallif, aýagyna jygyldap duran sandal köwüş geýen bir ýigit çykdy. Beýik baýram dabarasy sebäpli bezenen, bu gyrgyburun, gelşikli ýigit, öýli-öýlerine, baýram naharyna howlugýan pyýadalardan ozup barşyna, öýlerde yzly-yzyna çyralaryň ýanyp başlaýanyny synlaýardy. Bu ýaş ýigit bazaryň deňinden geçip, ybadathanaly baýryň eteginde ýerleşen hezreti Baş ruhany Kaifanyň köşgüne eltýän ýoldan ýöräp barýardy.

Ýene ep-esli salymdan soň onuň Kaifa köşgüniň derwezesinden girip barýandygyny, aradan kän wagt geçmänkä köşkden çykyp gelýändigini görmek mümkindi.

Ýigit şem çyralar we fakeller bilen ýagtylandyrylyp, baýram dabarasyna toplanan içi doly adamly köşkden gaýdyp, has batly, has şatlykly ýagdaýda Aşaky Şähere, yza howlukdy. Ol bazar meýdany bilen birleşýän köçäniň burçuna baranda, joşgunly mähelläniň arasyndan tans edýän ýaly uz basyp barýan, bürenjegini gözüne çenli ýapan aýal maşgalanyň öz deňinden ozup geçenini gördi. Ol bu owadan ýigitden ozup gidip, bir pursat bürenjegini ýokary göterip, oňa tarap bir otlukly nazar aýlady, emma ädimini ýuwaşatmady, göýä ozup geçen ýigidinden tizräk gaçyp gizlenmekçi bolýan ýaly, gaýta has gaty ýöredi.

Ýigit ol aýaly diňe bir görüp oňman, eýsem ony tanady-da, tisgindi, onuň yzyndan aljyraňňy seredip, sakga durdy, soňra huşuna gelip, aýalyň yzyndan kowup başlady. Ol ýolda küýzeli bir adam bilen çakyşyp, tas ony ýykypdy, ahyry aýalyň yzyndan ýetip, tolgunmakdan ýaňa haslap, oňa gygyrdy:

— Niza!

Aýal yzyna öwrülip, ýigide göz süzüp sowuk seretdi, soňam nägilelik bilen, grek dilinde şeýle diýdi:

— Ah, bu senmidiň, Iuda? Birbada tanamandyryn. Bir tarapdan bu gowy zat. Bizde bir yrym bar: eger tanyş adamyňy tanamasaň, ol kişi baý bolarmyş...

Iuda gaty tolgunyp, ýüregi gara ýapynjaň astyndaky guş ýaly gaty-gaty urup, geçýän-gelýänler eşidäýmesin diýip, demi-demine ýetmän, pyşyrdap sorady:

— Sen nirä barýarsyň, Niza?

— Saňa näme? — diýip jogap berdi Niza, gadamyny ýuwaşadyp Iuda ulumsylyk bilen seredip. Şonda Iudanyň sesinde çagalara mahsus äheň duýuldy, ol tolgunyp pyşyrdady:
— Be, o nämüçin?... Şertleşipdig-ä. Men-ä size barjakdym. Sen agşam öýde bolaryn diýipdiň-ä...
— Aý ýok, ýok, — diýdi Niza aýnakylap, aşaky dodagyny ýokary galdyryp, şonda ol — Iuda öňde-soňda gören keşpleriniň içinde iň owadany bolup görnenindenem has owadan ýaly täsir etdi. — Öýde — içim gysdy. Siz-ä baýram edýäňiz, eýse, men näme etmeli? Oturyp, eýwanymyň ýanynda uludan dem alyşyňa tomaşa edeýinmi? Üstesine, hyzmatkär aýal haçan ärime şugullarka diýip, gorkup oturaýynmy? Ýok, ýok, menem şäheriň daşyna çykyp, bilbilleriň owazyny diňlemegi karar etdim.
— Şäheriň daşyna diýýäňmi? — diýdi Iuda özüni ýitirip, — täk özüňmi?
— Elbetde, täk özüm — diýip, jogap berdi Niza.
— Onuň ýaly bolsa, seni ugratmaga rugsat et? — diýip, Iuda demigip sorady. Onuň pikirleri bulaşdy, dünýädäki bar zatlary unutdy, onuň ýalbaryş bilen bakýan nazaryna Nizaryň mawy gözleri gara bolup göründi.
Niza jogap bermän, gadamyny tizledi.
— Nämüçin dymýarsyň, Niza? — diýip sorady Iuda, ýalbaryjy äheňde, onuň bilen deň gadam urmaga çalşyp.
— Sen meniň içimi gysdyrman, hoş edip bilermiň? — diýdi birden Niza säginip. Şu pursatda Iudanyň aňkasy aşdy.
— Ýeri, bolýa, — diýdi Niza ahyry birneme ýumşap, — gitdik.
— Nirä, nirä gideris?
— Howlukma... gel, gowusy, ine, şu howla girip, şertleşeli, ýogsa men tanyş-bilişleriň biri görüp, soň Nizany köçede oýnaşy bilen gördük diýip, gep ýaýradyp ýörer öýdüp gorkýan.
Şobada Niza bilen Iuda bazardan gaýyp boldular. Olar haýsydyr bir howlynyň basdyrmasynyň ýanynda pyşyrdaşýardylar.
— Sen zeýtunly mülke bar — diýdi Niza pyşyrdap, şol bir wagtda eli bedreli, basdyrmanyň ýanyndan geçip barýan bir nätanyş erkekden ýüzüni çete öwrüp, bürenjegini gözüne örtüp. — Kedronyň aňyr tarapyndaky Hefsimaniýa bagyna, düşündiňmi?
— Hawa, hawa, hawa.
— Men öňden gideýin — diýip dowam etdi Niza, — emma sen yzymdan garama-garama ýöreme, menden üzňe git. Çeşmeden geçeniňden soň gowak bar... bilýäňmiň onuň nirededigini?
— Bilýän, bilýän...
— Juwazyň deňinden geçip, depä göteril-de, soňra gowaga tarap öwrül. Men şol ýerde bolaryn. Emma häzir yzyma düşme, kanagat edip, şu taýda garaş. — Niza şu sözleri aýdyp, hamala Iuda bilen sözleşmedik ýaly, basdyrmadan çykyp gitdi.
Iuda howlugýan hyýalyny bir ýere jemlemäge çalşyp, bir salym ýeke durdy. Şol bir wagtda ol öz ýakynlaryna aýt-baýram zyýapatyna gatnaşyp bilmänligi üçin nähili bahana tapjagy barada oýlandy. Ol duran ýerinde her hili ýalan bahanalary oýlap

tapýardy, emma gaty tolgunýanlygy sebäpli, kellesine ibaly pikir gelenokdy, şu halda aýaklary ony basdyrmanyň astyndan biygtyýar alyp çykyp gitdi.
Indi ol ýoluny üýtgetdi. Aşaky Şähere tarap howlukman, ýene Kaifanyň köşküne tarap yza dolandy. Iuda indi daş-töwereginde bolýan wakalary onçakly görmeýärdi. Baýramçylyk ruhy şähere eýýäm girip gelýärdi. Iuda geçip barýarka köçe gapdaldaky penjireler diňe bir ýagtylman, eýsem olardan baýram şatlygy we gutlaglar eşidilýärdi. Gijigen ýolagçylar eşeklerini gyssap, gygyrşyp geçip barýardylar. Iudanyň aýaklary öz-özünden ýöräp barýardy, netijede ol bar ýerini moh basan eýmenç Antoniý minaralarynyň deňinden ötenini-de duýmady, şäherde çalynýan surnaý seslerini hem eşitmedi, elindäki fakelleri bilen öz ýoluny howsalaly ýagtylandyran rimli atly sakçylara-da perwaý etmedi. Iuda minaranyň golaýyndan geçip, yza seredip, buthananyň üstünde, örän belentde iki sany örän ullakan bäş şemli gülçyranyň ýanýandygyny gördi. Emma Iudanyň gözüne ol şemler hem çalaja göründi, nazarynda Ýerşalaimiň üstünde misli görülmedik ululykdaky on sany şemçyrag ýakylyp olar şäheriň üsti bilen ýuwaş-ýuwaş ýokaryrak göterilip barýan gijäniň ýeke-täk şamçyragy — Aý şöhlesi bilen şöhle saçyşmakda bäsleşýän ýaly bolup duýuldy. Indi Iudanyň hiç zat bilen seri bolman, ol diňe Hefsimaniýa derwezesine tarap ymtylýardy, tizräk şäheri terk edip, çykyp gitmegi isleýärdi. Käte gözüne köçedäki mähelläniň arasynda Nizanyň uz basyp barýan sudury görnüp, özüni yzyna düşürip barýan ýaly duýulýardy. Emma bu ýalançy hyýaldy — Nizanyň özünden has ozup gidenine Iuda düşünýärdi. Ol serrap dükanlarynyň ýanyndan geçip, ahyry Hefsimaniýa derwezesine ýetdi. Näçe howluksa-da, ol bu ýerde bialaç eglenmeli boldy, çünki şähere düýeli kerwenler girip gelýärdi, kerweniň yzyndan siriýalylaryň harby garawullary tirkeşip geldi welin, Iuda olara öz ýanyndan gargyş etdi...
Emma her bir zadyň soňy bolýar. Bitakat Iuda indi şäher derwezesiniň daşyndady. Ol çep tarapynda kiçiräk bir gonamçylygy, onuň ýanynda zyýaratçylaryň ala-mula çadyrlaryny gördi. Iuda Aý ýagtysyna çümen gumak ýoly kesip geçip, Kedron çeşmesine tarap okduryldy. Çeşme onuň aýagynyň aşagynda şyrlap akýardy. Ol daşdan-daşa böküp, ahyry bulagyň aňyrky, Hefsimaniýa kenaryna geçdi we baglaryň depesindäki ýoluň boşdugyny görüp, köňli joşdy. Sähel aňyrrakda zeýtun mülküniň ýarym haraba derwezesi göründi.
Dymyk howaly şäherden çykan Iuda bahar gijesiniň atyryndan serhoş boldy. Bagdaky mirta daragtlarynyň we Hefsimaniýa meýdançasyndaky akasiýa agaçlarynyň ýakymly ysly tolkuny burna gelýärdi.
Derwezede garawul ýokdy, umuman, bu ýerlerde hiç kim ýokdy, şoňa görä, sähel salymdan Iuda gür şahaly äpet zeýtun daragtlaryň täsin saýalarynyň astyndan ylgap gitdi. Ýol ýokarlygyna barýardy, Iuda agyr-agyr dem alyp, Aý şöhlesiniň döreden nagyşly köçelerini basyp gelýärdi, bu kölgeler Nizanyň gabanjaň äriniň dükanyndaky nagyşly halylaryny ýatladýardy.
Biraz wagtdan soň juda çep tarapda juwazy, onuň ullakan daş tigirini we üýşüp ýatan çelekleri gördi. Bagda hiç kim ýokdy. Iş gün ýaşanda gutarypdy. Bagda ýeke jan hem ýokdy we ümsümlikdi, Iudanyň depesinde indi bilbiller dynman saýrap, zar çekýärdiler.

Iudanyň gözleýän ýeri ýakyndy. Ol häzir sag tarapda, tümlükde gowakda şyrlap akýan suwuň owazyny eşider. Şeýle-de boldy, ol suwuň sesini eşitdi. Salkynlyk aralaşdy.

Şonda ol ädimini ýuwaşadyp, çalaja seslendi:

— Niza!

Emma Nizanyň ýerine ýogyn zeýtun daragtynyň aňyrsyndan bir daýaw erkek kişi ýola çykdy, onuň elinde bir zat ýalp edip, öçdi.

Iuda çalt yza tesip, näýynjar ses bilen gygyrdy:

— Ah!

Ikinji bir adam onuň ýoluny kesdi. Iudanyň garşysyndaky birinji adam ondan sorady:

— Häzir näçe pul aldyň? Geple, eger janyňa haýpyň gelse! Iudanyň kalbynda umyt uçguny parlady. Ol janhowluna ýňrandy:

— Otuz tetradrahma! Otuz tetradrahma! Puluň hemmesi ýanymda. Ine, ol! Pulumy alyň, ýöne janyma degmäň!

Öňündäki adam göz açyp-ýumasy salymda Iudanyň elindäki gapjygyny kakyp aldy. Edil şu wagt Iudanyň arkasynda pyçak ýyldyrym dek lowurdap, aşyk ýigidiň kebzesiniň aşagyna çümdi. Iuda bu zarbadan öňe entirekledi we barmaklary ýumlan elini ýokary göterdi. Öňdäki adam hem öz pyçagyny tä sapyna çenli Iudanyň ýüregine süsdürdi.

Iuda: — Ni... za... — diýip, özüniň ýaş hem belent sesi däl-de, naýynjar melamatly owaz bilen seslendi, soň demi çykmady. Onuň jesedi ýere şeýle gaty uruldy welin, ýerden ses çykdy. Şonda ýolda üçünji kimse peýda boldy. Bu — egnine gaýtarma galpakly plaş geýen adamdy.

— Tizräk boluň — diýip buýrdy üçünji şahs. Ganhorlar onuň uzadan hatyny çakganlyk bilen gapjyga goşup, göne doladylar-da, kendir bilen daňdylar. Ikinji düwünçegi goltugyna saldy, şundan soň, iki ganhor ýoldan özlerini çete çekdiler-de, zeýtunlaryň arasyna, zulmat gujagyna girip, gaýyp boldular. Üçünji kimse bolsa jesediň ýanynda çommalyp, onuň ýüzüne äňetdi. Öliniň ýüzi kölgede edil hek ýaly ap-ak bolup, örän owadan we nurana göründi. Ýene birnäçe sekuntdan soň ýol üstünde birem diri jan galmady. Diňe jansyz jeset ellerini serip ýatyrdy. Onuň çep aýagyna Aý şöhlesi düşüp, aýakgabynyň her bir tasmasy anyk görnüp durdy.

Bu mahal bilbiller bütin Hefsimoniýa bagyny başlaryna göterip, saýraýardylar. Iudany pyçaklap öldüren iki kişiniň nirä ýol alany hiç kime mälim däl, emma gaýtarma galpakly adamyň baran ýeri bize mälim. Ol jenaýat bolan ýeri terk edip, zeýtun bagynyň içine girip, günorta ýöredi. Soň derwezeden uzagrakda bagyň günorta burçundaky gözenek diwardan aşyp geçdi. Sähel salymdan soň ol Kedron kenaryna çykdy. Ol suwa girip, tä iki sany aty we atlaryň ýanynda duran jylawdaryň garasyny görmeýänçä, suwdan ýöredi. Atlar hem suwuň içinde durdy. Suw olaryň toýnaklaryny ýuwup, şowlap akýardy. Jylawdar bir ata, gaýtarma galpakly adam ikinji ata mündüler, soň ikisi-de suwuň içinden sürdüler. At toýnaklarynyň astynda daşlar şagyrdaýardy. Soňra atlylar suwdan Ýerşalaim kenaryna çykdylar we şäher diwaryny ýakalap, atlaryny gorduryp gidiberdiler. Şu ýerde jylawdar ýoldaşyndan aýrylyp, öňe at çapdyryp gitdi we derrew gözden ýitdi, gaýtarma galpakly adam boş ýolda atyny saklap düşdi-de, plaşyny çykaryp çöwrüp geýdi, plaşyň aşagyndan pet

dakylmadyk ýasy tuwulgany kellesine geýdi. Indi ol ata harby lybasly, kelte gylyçly adam tüýsünde mündi. Ol jylawyny silkende, ýyndam at üstündäki suwary bilen ýortup gitdi. Indi menzil daş galdy. Atly Ýerşalaimiň günorta derwezesiniň öňüne geldi.
Derwezäniň maňlaýyndaky fakelleriň ýalny biynjalyk lowlaýardy. Ýyldyrym tizlikli legionyň ikinji kenturiýasyndan bolan sakçy esgerler daş oturgyçlarda oturyp, aşyk oýnaýardylar. Olar derwezeden girip gelýän atly harbyny görüp ýerlerinden laňňa turdylar, emma harby atly olara el salgady-da, şähere girdi.
Şäherde baýramçylyk çyralary lowurdaýardy. Hemme penjirelerde şemleriň ýalny ýalpyldap, ähli tarapdan bitertip şadyýana hamdy-sanalar, bagyr-bugur sesler gelýärdi. Atly köçä açylan penjirelere ogryn seredip, mal etini, meý doldurylan bulgurlary we gök otlar goýlan baýramçylyk saçagynyň başynda oturan adamlary görýärdi. Ol mylaýym bir aýdymyň heňine sygylyk çalyp, Aşaky Şäheriň guwlap galan köçelerinden atyny ýuwaş gordurup, Antoniý minarasyna tarap gidip barşyna, ybadathananyň depesinde parlap duran, dünýäde deňi-taýy ýok bäş şemli uly gülçyra, şeýle hem ondan hem beýigräkde erkin duran Aýa seredýärdi.
Beýik Irad köşgi pasha gijesindäki dabara asla gatnaşmaýardy. Köşgüň Rim kagortasynyň ofiserleri we legion serkerdesi ýerleşen, günorta tarapa garadylan goşmaça otaglarynda çyralar ýakylgydy, ol ýerde nähilidir hereket, durmuş duýulýan bolsa hem, bu ýerde mejbury ýaşaýan ýeke-täk adam — prokuratoryň jaýlaşan köşgüniň mahabatly sütünleri, altyn heýkeller bilen bezelen, öň tarapy parlak Aý nurundan ýaňa kör bolan ýalydy. Bu ýerde köşk içinde tümlük we ümsümlik höküm sürýärdi. Şu sebäpli prokurator Afraniýa aýdyşy ýaly, içerik girmek islänokdy. Ol düşegi balkona ýazmagy buýrdy. Ol Afraniý bilen bile şu ýerde naharlanyp, ir bilen Ha-Nosrini şu ýerde sorag edipdi. Prokurator düşegine gyşardy, emma gözüne uky gelmedi. Ýalaňaç Aý örän ýokarda, mawy asmanda asylyp durdy we porkurator birnäçe sagatlap ondan gözüni aýyrman ýatdy.
Takmynan ýarygije bolanda, uky igemona rehim etdi. Ol endiräp, uludan dem aldy-da, plaşyny çykaryp taşlady, köýneginiň üstünden daňlan, gynyna salnan ýasy polat pyçak asylan kemerini aýryp, golaýynda duran kürsä goýdy, köwşüni çykaryp, uzyn süýndi. Şu wagt Banga hem onuň düşegine çykyp, başyny eýesiniň kellesine degrip, onuň ýanynda gyşardy, prokurator hem bir elini köpegiň boýnuna taşlap, ahyry gözüni ýumdy. Köpek diňe şondan soň uka gitdi.
Onuň düşegi ýarym garaňky ýere, sütüniň penasyna goýlan bolup, ol Aý şöhlesini böwetläp durdy, emma balkona çykyp gelinýän basgançakdan tä prokuratoryň düşegine çenli Aý şöhlesi uzyn düşek ýaly bolup ýazylypdy. Prokurator uka gidip, töweregindäki barlygyň ähli närsesi bilen aragatnaşygy üzen badyna, şöhle düşekden ýöräp gitdi, ýörände hem ýokarlygyna, göni Aýa tarap ýol aldy. Ol düýşünde öz gidip barýan ajaýyp, dury mawy ýolunda duşan bar zadyň gözeldigine guwanyp, hatda güldem. Ony Banga ugradyp barýardy, ýene ykmanda filosof-da oňa hemrady. Ikisi örän çylşyrymly we möhüm bir mesele barasynda jedelleşýärdiler, ýöne bu jedelde ne ol, ne-de beýleki üstün çykýardy. Olar hiç bir närsede bir-birleri bilen ylalaşyp bilmeýärdiler, şoňa görä, jedel örän gyzykly we tükeniksizdi. Öz-özünden mälim ki, bu günki ölüm jezasy asla düşünişmezlik bolup çykdy — ahyr, ine, hemme adamlar

sahabatlydyrlar diýip, ýokary derejeli bimany pikir oýlap tapan şol akyldar onuň bilen ýanma-ýan gidip barýardy, diýmek, ol diri. Elbetde, şeýle adamy ölüm jezasyna buýrmak hakda hatda oýuňa getirmegiň özi hem örän eýmenç. Ölüm jezasy bolmandyr! Bolmandyr! Göge, Aýa bakan edilýän syýahatyň bar ajaýyplygy-da şunda.
Boş wagt näçe isleseň, şonça-da bardy, gök gübürdisi diňe agşama golaý, başlanar we gorkaklyk, şübhesiz, iň erbet häsiýetlerden biri. Iýeşua Ha-Nosri şeýle diýipdi. Ýok, pähimdar, men saňa nägilelik bildirýärin: gorkaklyk — iň ýaman dert.
Ine, meselem, betgahar germanlar Gyzlar deresinde pälwan Krysaboýy gemrip taşlamaga az galanda, Iudeýanyň bu günki prokuratory, öňki legion tribuny gorkmandy. Emma bagyşlarsyňyz meni, filosof! Näme siz, şeýle aňly-düşünjeli adam bolsaňyzam, Iudeýanyň bu günki porkuratory bolan adamy beýik kaýsar hezretine garşy jenaýat eden bir adam üçin öz wezipe derejesinden ýüz dönderer öýdýärsiňiz?
— Hawa, hawa — diýip, Pilat düýşünde yňranyp hamsykdy.
Elbetde ýüz dönderer. Ir bilen ýüz döndermese-de, emma häzir, gije hemme närsäni terezä salyp görensoň, ýüz döndermäge razy. Ol hiç hili günäsi bolmadyk akylsyz, hyýalbent bu hekimi ölüm jezasyndan azat etmek üçin ähli zada kaýyldyr! — Indi biz daýym bile bolarys — diýýärdi oňa düýşünde, eginbaşy ýyrtyk ykmanda danyşment, emma altyn naýzaly bu atlynyň onuň ýolunda nähili peýda bolany nämälimdi.
Adam bar ýerde adam bolar! Meni ýatlasalar, diýmek, seni hem ýatlarlar! Ata-enesi mälim bolmadyk — men taşlandyny hem, münejjimler şasy bilen kilwanyň gyzy — sahypjemal Pilanyň perzendi bolan — seni hem.
— Hawa, her halda sen meni unutma, meni — münejjimiň ogluny ýatlap dur, — diýip, Pilat düýşünde haýyş edýärdi. Şonda Iudeýanyň daşbagyr prokuratory özi bilen ýanma-ýan barýan En-Sariddan çykan ykmandanyň bolýar diýen manyda baş atanyny görüp, düýşünde bir aglap, bir gülýärdi.
Bularyň hemmesi gowy. Ýöne igemonyň düýşi näçe oňat bolan bolsa, oýanyşy şonça-da eýmenç boldy.
Banga Aýa seredip hyrlady, şonda ýag çalnyp tyýpançak edilen dek bolan mawy ýol birden prokuratoryň gözüniň alnynda opuryldy. Ol gözüni açdy-da, birinji nobatda ölüm jezasynyň bolup geçen wakasyny ýadyna saldy. Ilki endigine görä Banganyň boýunbagyndan tutdy, soň hassa gözleri bilen asmandan Aýy agtaryp başlady: Aý azajyk birýana süýşüp, haýal sönüp agarýardy. Şu wagt Aýyň nuruny balkonda onuň gözüniň öňünde başga bir ýaramaz we lyp-lyp edýän ýagtylyk öçürip ugrady. Bu kenturion Krysaboýuň elindäki fakeldi. Krysaboý özüne topuljak bolýan betgahar köpege eýmenç we gazap bilen gyýa bakyp durdy.
— Degme, Banga, — diýdi prokurator hassa owaz bilen we üsgürdi. Soň aýasy bilen gözüni otdan tosup, dowam etdi:
— Hatda gijesine-de, Aýyň ýagtysynda-da maňa rahatlyk ýok. Eý, hydaýlarym! Siziňem wezipäňiz düzüw däl, Mark. Esgerleri maýyp edersiňiz...
Mark prokuratora aňk-taňk bolup seretdi, şonda prokurator özüne geldi. Ol ukuly halda biygtyýar aýdan sözlerini ýumarlajak bolup gepledi:
— Hapa bolma, kenturion, gaýtalap aýdýaryn, meniň ýagdaýym siziňkiden hem ýaman. Näme iş bilen geldiň?

— Gizlin garawullar başlygy huzuryňyza girmekçi — diýdi Mark hatyrjem äheňde.
— Çagyryň, çagyryň, — diýip prokurator bokurdagyny arçamak üçin üsgürinip, şol bir wagtda, ýalaňaç aýaklary bilen sermenip, köwüşini gözledi. Sütünlerde gülhanlar parlady, kenturion aşagy galyň hamdan edilen çarygy bilen nagyşly polda dürküldäp baga çykdy.
— Aý aýdyňda hem maňa dynçlyk ýok — diýdi öz-özüne prokurator, dişlerini gyjyrdadyp. Balkonda kentturiona derek indi gaýtarma galpakly adam peýda boldy.
— Banga, degme — diýip, prokurator pessaý aýtdy, köpeginiň ýeňsesini owkalady.
Afraniý gepe başlamazdan öňürti, öz adatyna görä, töweregine garady-da, kölegä çekildi, soň balkonda Bangadan başga artykça janly jemendäniň ýoklugyna göz ýetirenden soň, ýuwaşja sözledi:
— Meni suda bermegiňizi soraýaryn, prokurator. Siz hak aýdypsyňyz. Men Kiriafly Iudany gorap bilmedim, ony pyçaklap gidipdirler. Meni işden boşadyp, suda beriň.
Afraniýiň nazarynda, özüne dört göz — itiň we möjegiň gözleri dikilip duran ýaly boldy. Afraniý egnindäki eşiginden hemme ýerinde gan gatap galan we iki möhür basylan gapjyk çykardy.
— Ine, şu pully haltajygy hezreti baş ruhanynyň öýüne taşlap gidipdirler ganhorlar. Haltajykdaky tegmiller — kiriafly Iudanyň gany.
— Be, onda näçeräk barka? — diýip sorady Pilat haltajyga eňilip.
— Otuz tetradrahma.
Prokurator çala gülümsiräp diýdi:
— Az.
Afraniý dymdy.
— Öldürilen nirede?
— Bu maňa mälim däl — diýdi gaýtarma galpagyny hiç haçan başyndan çykarmaýan adam, hatyrjemlik bilen öz mynasybetini saklap. — Ir bilen agtaryp başlarys.
Prokurator bir tisgindi, köwşüniň asla dakylmaýan iliklerini öz bolşunda galdyrdy.
— Ýöne onuň hakykatdan hem, öldürendigi size mälimdir-ä?
Bu sowalyna prokurator ýönekeý jogap aldy:
— Men, prokurator, on bäş ýyldan bäri Iudeýada işleýärin. Men gulluga Waleriý Grat döwründe başlapdym. Adamy öldürilen diýmek üçin onuň jesedini görmek hökman däl, şuňa görä, sizi habardar edýärin, Kiriaf şäherinden gelen Iuda atly kimsäni mundan birnäçe sagat öň pyçaklap gitdiler.
— Meni bagyşlaň, Afraniý — diýdi Pilat, — henizem ukymdan doly açylmandyryn, şol sebäpden şeýle diýdim. Men gowy uklap bilemok — prokurator ýylgyrdy, — mydama düýşümde Aý şöhlesini görýärin. Göz öňüne getirip gör, örän gülkünç. Göýä men şol şöhläni boýlap, seýran edýärmişim. Şeýlelikde, men bu iş barada siziň edýän çakyňyzy biljek bolýan. Ony nireden gözlemekçi? Hany oturyň, gizlin gullugyň başlygy. Afraniý tagzym kyldy, oturgyjy ýakynrak süýşürip oturanda, gylyjy nagyşly pola degip, şemşiri şarkyldady.
— Men ony Hefsimaniýa bagyndaky juwazyň ýanyndan gözlejek bolýaryn.
— Ýeri, ýeri, Nämüçin ala-böle şo ýerden?
— Igemon, meniň pikirimçe, Iuda ne Ýerşalaimiň özünde, ne ondan daşrak bir ýerde öldürilendir. Ony Ýerşalaimiň eteginde öldürendirler.

— Sizi men öz işiniň ussady diýip hasap edýärin. Rimde ýagdaýyň nähilidigin-ä bilemok, ýöne bu koloniýada size deň geljek ýok. Düşündiriň, sebäbi näme?
— Iudanyň şübheli adamlaryň eline şäheriň içinde düşjegini asla göz öňüme getirip bilemok, — diýip pessaý gepläp başlady Afraniý. — Köçede birewi bildirmän öldürip bolmaz. Diýmek, ony aldap, haýsy-da bolsa bir pessejik ýerkümä alyp barmak gerek. Gullugyň nökerleri Aşaky Şäheri agtardylar, eger şäheriň içinde öldürilen bolsa, ony tapman goýmazdylar. Emma ol şäherde ýok, muňa men kepil. Eger ony şäherden uzakda öldüren bolsalar, onda bu pully gapjyk hezreti baş ruhanynyň öýüne munça tiz gelip düşmezdi. Ol şähere ýakyn ýerde öldürilendir. Ony şäherden aldap äkidipdirler.
— Munuň nähili meýilleşdirilene aklym çatanok.
— Hawa, prokurator, bu işde döreýän iň agyr sowal şu, ony çözüp boljakmy, bolmajakmy, hatda özüm hem bilmeýärin.
— Dogrudan hem, örän syrly! Dindar adam aýyt agşamynda, baýram naharyndan ýüz dönderip, nämälim sebäp bilen şäherden çykyp gidýär-de, şol ýerde gurban bolýar. Ony kim haýsy usul bilen aldap alyp gitdikä? Aýal adamyň işi dälmikä bu? — Birden ruhlanyp sorady prokurator.
Afraniý arkaýyn we pert jogap gaýtardy:
— Asla beýle däl, prokurator. Beýle mümkinçiligi aradan aýyrmak gerek. Logiki taýdan pähimlemeli. Iudanyň ölümi kim üçin zerur? Haýsydyr bir ykmanda hyýalparazlar toplumy, olaryň döwresinde aýal adamyň bolmagy mümkin däl. Men size aýtsam, prokurator, öýlenmek üçin pul gerek, adamzady ýagty dünýä getirmek üçinem şol närse zerur, emma aýalyň kömegi bilen bu işi amala aşyraýjak bolsaň, aýdaly, juda köp serişde gerek, ol bolsa ykmandalaryň birinde-de ýok. Bu işde aýal jynsynyň eli, ýok prokurator. Şuny hem aýdyp goýaýyn, jenaýaty bu usulda beýan etmegiň işi çolaşdyryp, dogry netije çykarmaga maňa-da päsgel bermegi, ýalňyşdyrmagy ahmal.
— Görýän welin, siz mamla, Afraniý — diýdi Pilat, men diňe öz çaklamamy aýtdym, bolany.
— Gynansagam, bu ýalňyş, prokurator.
— Ýeri, onda nätmeli? — diýdi prokurator, Afraniniň ýüzüne öte synçylyk bilen dikanlap.
— Meniň çakyma görä, sebäp — şol pul.
— Örän gowy pikir! Emma kim we nämüçin oňa gijelikde pul teklip edýär, üstesine-de şäheriň çetinde?
— Aý, ýok, prokurator, beýle däl. Mende ýeke-täk bir çaklama bar, eger ol ýalňyş bolup çyksa, başga düşündiriş tapyp bilmesem gerek, — Afraniý prokurator tarapa eglip, pyşyrdap diýdi: — Iuda öz puluny diňe özüne mälim bolan bir hylwat ýerde gizlejek bolandyr.
— Örän inçe düşündiriş. Çyndan hem şeýle bolany anykmyka diýýän. Indi pikiriňize düşündim; ony adamlar däl-de, öz oý-pikiri şäherden alyp çykandyr. Hawa, hawa, hut şeýle.
— Şeýle. Iuda ynanmazak adam bolupdyr. Ol pullaryny özgelerden ýaşyrypdyr.

— Hawa, siz Hefsimaniýada diýdiňiz. Emma nämüçin ony diňe şol ýerden gözlejek bolýaňyz, dogrusy, men muňa hiç düşünip bilemok.
— O, prokurator, muňa düşünmek örän aňsat. Hiç kim öz puluny ýol üstünde, açyk we boş ýerde gizlemeýär. Iuda Hewron ýolunda hem, Wifaniýa ýolunda hem bolmandyr. Ol çar ýany gür daragtly, adam görmeýän gizlin ýere baran bolmaly. Bu örän ýönekeý zat. Ýerşalaimiň golaýynda bolsa Hefsimaniýadan başga beýle hylwat ýer ýok. Ol uzaga gitmeli däldi.
— Meni doly ynandyrdyňyz. Ýeri, indi näme etmeli? — Men derrew adamlaryma şäheriň daşynda Iudanyň yzyna düşen ganhorlary agtarmagy buýraryn-da, özüm size aýdyşym ýaly, kazyýete bararyn.
— Nämüçin?
— Iuda agşam Kaifanyň köşgünden çykandan soň, meniň adamlarym ony bazarda gözden ýitiripdirler. Nädip beýle bolandygyna akylym çatanok. Ömrümde beýle ýagdaý ýüz bermändi. Siziň bilen söhbetleşip çykan badyma, ony gözastyna alypdyk. Emma bazara golaýlaşanda, ol bir emel bilen gözümize güýdüşip, nam-nyşansyz ýitdi.
— Bolýar. Indi meni diňläň, sizi suda bermäge esas ýok. Siz eliňizden gelen bar işi etdiňiz, dünýädäki hiç bir kimse, — şu ýere gelende, prokurator ýylgyrdy — sizden köp iş bitirmezdi. Siz Iudany gözden ýitiren aňtawçylaryňyza temmi beriň. Ýöne duýdurup goýaýyn, beren temmiňiz gaty çökder bolmasyn. Her näme-de bolsa, biz şol deýýus üçin elimizden gelenini etdig-ä! Ýogsa-da, bir zady soramagy undupdyryn — prokurator maňlaýyny gaşady, — puly nädip Kaifanyň köşgüne taşlap bildilerkä?
— Bilýäňizmi, prokurator... Bu iş gaty çetin däl. Ar alyjylar Kaifanyň köşgüniň arka tarapyndan barypdyrlar, ol ýerde köşgüň yzky howlusyna barýan dar köçe bar. Bukjany olar diwaryň üstaşyry oklapdyrlar.
— Içindäki haty bilenmi?
— Hawa, edil siziň çak edişiňiz ýaly, prokurator. Ine, özüňizem görüň, — diýip, Afraniý bukjanyň üstündäki möhüri aýryp, ony Pilata görkezdi.
— Be-e, nätdiň-aý, Afraniý, möhür buthanaňkydyr-a!
— Prokurator zynhar munuň aladasyny etmesin — diýdi Afraniý bukjany gaýtadan ýapyp.
— Diýmek, sizde hemme möhürler bar-da? — diýip, Pilat geň galyp ýylgyrdy.
— Başgaça bolmalam däl, prokurator — diýip, Afraniý gülmän-yşman, pert jogap berdi.
— Kaifanyňkyda nämeler bolanyny göz öňüme getirýärin.
— Hawa, prokurator, bu ýagdaý uly tolgunma döredendir. Şu sebäpli meni derhal çagyrtdylar.
Pilatyň gözleriniň alagaraňkyda-da ýanyp gideni anyk göründi.
— Be, bu gaty gyzykly, gaty gyzykly...
— Size garşylyk görkezmäge het ederin, bu gyzykly bolmandyr. Bu örän ýürege düşgünç we surnukdyryjy iş. Meniň Kaifa köşgünde kimedir birine pul tölenipmidi diýen sowalyma, kesgitli ýok diýip jogap berdiler.
— Şeý diýseňiz-le! Bolýa-da, tölemedik bolsalar, tölän däldirler. Beýle bolsa, ganhorlary tapmak has hem kynlaşar.

— Gaty dogry, prokurator.
— Ýogsa-da, Afraniý, kelläme duýdansyz bir pikir geldi: ol öz janyna kast eden-ä däldir?
— Aý, ýok, prokurator — diýip jogap berdi Afraniý, haýran galmakdan ýaňa kürsüde arkan gaýşyp, — bagyşlaň, bu asla boljak zat däl!
— Aý, bu şäherde bolmajak zat ýokdur. Bu hakda ýakyn wagtda şähere myş-myşlaryň ýaýrajagyna men jedelem edip bilerin. Şonda Afraniý prokuratora çynlakaý bakyp, oýlanyp, jogap berdi:
— Bu bolup biler prokurator.
Kiriafly Iudanyň öldürlendigi açyk-aýdyň bolsa-da, prokurator bu meseleden aýrylyşasy gelmeýän ýalydy, şoňa görä, birgeňsi arzuwçyllyk bilen:
— Ony nädip öldürendiklerini öz gözüm bilen görmek islärdim — diýdi.
— Ol örän uly ussatlyk bilen öldürilendir, prokurator — diýip, Afraniý prokuratora birazajyk kinaýa bilen jogap berdi.
— Siz ony nirden bilýäňiz?
— Merhemet edip, gapjyga üns beriň, prokurator — diýip jogap berdi Afraniý, — sizi ynandyryp diýýärin ki, Iudanyň gany çogup çykypdyr. Men öz ömrümde öldürilenleri kän görüpdim, prokurator!
— Diýmek, ol gaýdyp ýerinden turan däldir?
— Ýok, prokurator turar — Afraniý ýylgyryp filosoflarça jogap berdi, diňe bu ýerde garaşylýan Esrapyl sury onuň kellesiniň üstünde ýaňlanan çagda. Ondan ozal turmaz!
— Bes, Afraniý! Bu mesele aýdyňlaşdy. Indi depin meselesine geçeli.
— Ölüm jezasyny alanlar depin edildi, prokurator.
— O, Afraniý, sizi suda bermek jenaýat bolardy. Siz beýik sylaga laýyksyňyz. Ýeri, nähili edip?
Afraniý söze başlap, özüniň Iudanyň işi bilen meşgul wagty, öz orunbasarynyň ýolbaşçylygynda gizlin garawul gullugynyň toparynyň agşamara Takyr Depä ýetip barandygyny, emma ol ýerden bir jesediň tapylmandygyny aýtdy. Pilat tisginip, boguk ses bilen:
— Bäh, beýle zadyň boljagynyň huşumdan çykyşyny diýsene!
— Asla biynjalyk bolmaň, prokurator — diýdi Afraniý we hekaýasyny dowam etdi:
— Gözlerini ýyrtyjy guşlar çokan Dismas bilen Gestasyň jesetlerini tapyp, soň, derhal üçünji jesedi agtarmaga girişýärdiler. Tizden ony hem tapýarlar. Bir adam...
— Lewiý Matweý — diýdi Pilat, sowal manysynda däl-de, köpräk tassyklamak manysynda.
— Hawa, prokurator...
Lewiý Matweý Takyr Depäniň demirgazyk ýapgydynda bir gowagyň içinde garaňky düşerine garaşýardy. Ieşua Ha-Nosriniň ýalaňaç jesedi hem onuň ýanyndady. Sakçylar elleri fakelli gowaga girenlerinde, Lewiýniň ruhy düşüp, gahary geldi. Ol özüniň jenaýat etmedigini, her bir ynsanyň, kanuna görä, eger islese, öldürilen jenaýatçyny depin etmek hukugyna eýedigini aýdyp gygyrýar. Lewiý Matweý jesediň ýanyndan aýrylmak islemeýändigini aýdýar. Ol gaty tolgunyp, tutaryksyz gepleri gygyryp, kä ýalbarýar, käte nälet okaýar...
— Ony tutmaly boldumy? — diýip, Pilat gaharly sorady.

— Ýok, prokurator, ýok — diýip tesgin berdi Afraniý, — gaharjaň akmagy jeset jaýlanar diýip köşeşdirdiler.

Lewiý aýdylany aňyndan geçirip, rahatlandy, ýöne ol hiç ýere gitmän, jaýlanyşa gatnaşjakdygyny beýan etdi. Ol öldürseňizem gitmerin diýipdir, hatda özüni öldürjek bolsalar, ýanyndaky çörek kesýän pyçagyny hem hödür edipdir.

— Ony kowdularmy? — diýip, basyk ses bilen sorady Pilat.

— Ýok, prokurator, ýok. Kömekçim oňa depin edilmek çäresine gatnaşmaga rugsat beripdir.

— Bu işe kömekçileriňiziň haýsysy ýolbaşçylyk etdi? — diýip sorady Pilat.

— Tolmaý — diýip jogap berdi Afraniý, soň howatyrlanyp sözüne goşdy: — Belki, ol ýalňyşandyr?

— Dowam ediň — diýdi Pilat, — ýalňyşmandyr. Men, Afraniý, dogrusy, birneme özümi ýitirip başlapdyryn, ýogsa men häzir hiç bir işde hata goýbermeýän adam bilen sözleşip durun. Şol adam — siz.

Lewiý Matweýi jezalandyrylyp öldürilenleriň ýüklenen arabasyna mündirdiler we iki sagatdan soň olar Ýerşalaimden demirgazykdaky ýalazy bir derä ýetdiler. Toparyň agzalary gezek-gezegine işläp, bir sagatda uly çukur gazyp, üç jesedi-de şu çukura depin etdiler.

Ýalaňaç haldamy?

— Ýok, prokurator, hyzmatkärlerim kepenlik mata alypdyr. Depin edilýänleriň barmaklaryna halka geýdirdiler. Ieşuanyň halkasynda bir çyzyk, Dismasyňkyda — iki, Gestasyňkyda bolsa üç. Çukur gömlüp, üstüne daş üýşürildi. Şertli belgiler Tolmaýa mälim.

— Wah, eger muny öňünden duýan bolsadym! — diýdi Pilat, ýüzüni çytyp. — Maňa şol Lewiý Matweýi görmek zerurdy...

— Ol şu ýerde, prokurator!

Pilat gözlerini giňden açyp, Afraniýa bir salym seredip durdy, soň şeýle diýdi:

— Bu iş boýunça görkezen barça hyzmatlaryňyz üçin size sag bol aýdýaryn. Ertir ýanyma Tolmaýy iberiň we ondan meniň hoşaldygymy öňünden aýdyň, sizden bolsa, Afraniý, — diýip prokurator stolyň üstündäki guşagynyň jübüsinden bir ýüzük çykardy we ony gizlin gullugyň başlygyna uzadyp:

— Şuny ýadygärlik hökmünde kabul etmegiňizi haýyş edýärin — diýdi.

Afraniý tagzym edip:

— Bu örän uly hormat, prokurator — diýdi.

— Depin etmäge gatnaşan nökerleriňizi sylaglaň. Iudany elden sypdyran aňtawçylaryňyza käýinç yglan ediň. Lewiý Matweýi bolsa häzir ýanyma getiriň. Men Ieşuanyň işi hakynda has anygrak maglumat almak isleýärin.

— Baş üstüne, prokurator, — diýdi Afraniý we her gadamda tagzym ede-ede, yza çekildi, prokurator bolsa el çarpyp:

— Geliň ýanyma, bärik! Şemleri sütünleriň ýanyna getiriň — diýip gygyrdy. Afraniý eýýäm baga çykyp-çykmanka, Pilatyň arkasynda peýda bolan hyzmatkärleriň elinde şemler ýalpyldady. Stol üstünde üç sany şemçyrag peýda boldy-da, aýly gije baga tarap çekildi, göýä ony Afraniý özi bilen alyp giden ýaly boldy. Balkonda, Afraniýniň

ornunda döwkamat kenturion bilen kiçijik, hor bir adam peýda boldy. Prokuratoryň gözüne gözi düşenden, kenturion bag tarapa çekilip, gaýyp boldy.

Prokurator gelen adamy gaty nebsewür nazar hem gorkuly gözleri bilen uzak synlady. Adatça kim hakda köp şow-şow gürrüňler ýaýrap, soňam onuň özi alnyňda peýda bolanda, oňa şunuň ýaly seredýärler. Gelen adam kyrk ýaşlarynda bolup, garaýagyzdy, geýimleri şylhady, üst-başyna palçyk syçrap, gatap galypdy, möjegiňki ýaly gözleri gabak astyndan garaýardy. Gysgasy, bu ýakymsyz adam ybadathanalaryň bosagasynda ýa-da goh-galmagally, hapysa Aşaky Şäheriň bazarlarynda bulaşyp ýören dilegçilerine meňzeýärdi.

Dymyşlyk uzak dowam etdi, ahyry ony Pilatyň huzuryna alyp gelnen ine, şu adamyň özüni alyp barşy bozdy. Onuň reňki üýtgäp, entirekläp, eger kir-kirimsi eli bilen stoluň çetinden ýapyşmadyk bolsa, ol ýykyljakdy.

— Näme boldy? — diýip sorady ondan Pilat.

— Hiç zat — diýip, jogap berdi Lewiý Matweý we göýä bir närsäni ýuwdan ýaly birgeňsi hereket etdi. Onuň hor, ýalaňaç, hapa boýny bir çişip, ýene pyssardy.

— Näme boldy saňa, jogap ber — diýip, gaýtadan sorady Pilat.

— Ýadadym — diýdi Lewiý we gamgyn gözlerini ýere dikdi.

— Otur — diýdi Pilat, kürsä yşarat edip.

Lewiý prokuratora şübhe bilen garap, kürsä tarap süýşdi onuň altyn tutawajyna gorkuly göz aýlap, kürsüde däl-de, onuň gapdalyna, ýere çökdi.

— Hany aýt, nämüçin kürsä oturmadyň? — diýip sorady Pilat.

— Meniň üst-başym görer ýaly däl, ony hapalaryn — diýdi Lewiý ýere seredip.

— Häzir saňa iýer ýaly zat bererler.

— Hiç zat iýesim gelenok — diýip jogap berdi Lewiý.

— Ýalan sözlemek nämä gerek? — diýip Pilat ýuwaşja sorady. — Sen günuzyn, belki, düýnden bäri duz dadan dälsiň. Ýeri, bolýa, iýmeseň iýme. Bu ýere çagyranymyň sebäbi, sendäki pyçagy göräýjekdim.

— Meni bäri getirýärkäler, nökerler ony alyp galdylar — diýip, jogap berdi Lewiý we gamgyn äheňde dowam etdi: — Siz ony maňa gaýtaryp beriň, men ony eýesine bermeli, ony ogurlapdym.

— O nämüçin?

— Ýüpleri kesmek üçin — jogap berdi Lewiý.

— Mark! — diýip gygyrdy prokurator, şu demde kenturion balkonda peýda boldy.

— Munuň pyçagyny maňa beriň.

Kenturion kemerine asylan iki gynyň birinden nan kesýän hapa pyçagy çykaryp, prokuratora uzatdy-da, özi çykyp gitdi.

— Nireden aldyň bu pyçagy?

— Hewron derwezesiniň golaýyndaky çörek dükanyndan, şähere giren ýeriňde çep egniňde.

Pilat ýasy pyçagy gözden geçirdi, nämüçindir onuň ýiti ýa-da ýiti däldigini barmagy bilen barlap görüp, diýdi:

— Pyçakdan arkaýyn bol, ony dükana eltip bererler. Indi men ýene bir närsäni görmeli, ýanyňdaky Ieşuanyň sözleri ýazylan pergamentiňi görkez.

Lewiý Pilata ýigrenç bilen seretdi we şeýle bir ýakymsyz ýylgyrdy welin, ýüzi soňky derejeli erbet betbeşer tüýsüne girdi.
— Bary-ýogy mende galan şu ýeke-täk zady hem aljak bolýaňyzmy?
— Men saňa beý diýmedim, — jogap berdi Pilat, — görkez diýdim, bolany.
Lewiý goltugyna el sokup, bir oram pergament çykardy. Pilat ony alyp, stoluň üstüne, şemleriň aralygyna ýaýdy-da, gözlerini bürüşdirip, syýa bilen örän maýda ýazylan belgileri öwrenip başlady. Bu bulaşyk ýazylan setirleriň manysyna düşünmek aňsat däldi şoňa görä, Pilat ýüzüni çytyp, pergamentiň üstüne eglip, barmagyny setirleriň üstünden ýöredýärdi. Her halda ol pergamentdäki ýazgynyň bir-birine baglanyşmaýan allanähili hikmetli sözlerdigini, ýaşaýyşa, öý hojalygyna degişli gepler, senelerdir şygyr parçalaryndan ybaratdygyny anyklady. Pilat käbir sözleri sakynyp okady hem: «Ölüm ýok... Agşam biz baharky şirin bakkuratdan iýdik...»
Okamagyň derdinden Piladyň ýüzi çytylyp, ol gözlerini süzüp, pergamenti zordan sakynyp okaýardy: «Biz durmuş deryasynyň dury suwuny göreris...» «Adamzat kuýaşy mawy kristall arkaly synlar...»
Pilat birden tisginip gitdi. Ol pergamendiň soňky setirlerinde şeýle sözleri okap bildi: «...iň ýaman dert gorkaklyk».
Pilat pergamenti öňküsi ýaly orap, derrew ony Lewä uzatdy. — Al, — diýdi ol, azajyk ümsümlikden soň dowam etdi:
— Sen, görýän welin, kitaphon adama meňzeýäň, nämä gerek ýeke halda, aç-ýalaňaç, başpenasyz ygyp ýörüp, Kaýsariýada uly kitaphanam bar, men örän baý, seni gulluga aljak bolýaryn. Öýümdäki gadymky golýazmalary saýhallap, oňat saklarsyň. Garnyň hem dok, egniň bitin bolar.
Lewiý ýerinden turup jogap berdi:
— Ýok, islämok.
— Nämüçin? — diýip sorady ýüzi könelip başlan prokurator, — meni halamadyňmy ýa-da menden gorkýaňmy?
Şol öňki ýaramaz ýylgyryş Lewiniň ýüzüni ýene gyşartdy, ol aýtdy: — Ýok, tersine, sen menden gorkup başlarsyň. Meniň ýüzüme göni bakmak, ony öldüreniňden soň, saňa aňsat düşmez.
— Sem bol — diýdi Pilat, — gowusy, ine pul, al.
Lewiý ret manysynda baş ýaýkady, prokurator gepini dowam etdi.
— Bilýän, sen özüňi Ieşuanyň şägirdi diýip hasaplarsyň, emma saňa aýtsam, onuň beren sapaklaryndan birini hem özleşdirmänsiň. Eger öwrenen bolsaň, onda menden bir zatlar alardyň. Bilip goý, ol ölmezden öň hiç kimi günäkärlemeýärin diýipdir. — Pilat barmagyny manyly ýokary göterdi, ýüzi çekip başlady. — Diri bolanynda, ol hem hökman bir zatjagaz alardy. Sen gaty ýowuz, emma ol ýowuz — daşýärek däldi. Indi nirä gitmekçi?
Lewiý birden stola golaý baryp, iki elini oňa diredi-de ot çaknaýan gözlerini prokuratora dikip, pyşyrdap diýdi:
— Bilip goý, igemon, Ýerşalaimde men bir adamy pyçakdan geçirerin. Saňa şuny aýdyp goýjak bolýaryn, häli ýene gan döküler, bilip goý.
— Men hem bilýän ýene gan döküljegini — diýip jogap berdi Pilat, — bu gepiň bilen meni asla geň galdyrmadyň. Elbetde, sen meni öldürjeksiň?

— Seni öldürmek maňa başartmaz — diýip jogap berdi Lewiý, dişlerini syrtardyp, — men beýle akmak däldirin, ýöne kiriafly Iudany parçalaman goýmaryn, galan ömrümi şu işe bagyşlaryn.
Şonda prokuratoryň gözlerinde lezzet suratlandy we ol Lewiý Matweýi barmagy bilen özi tarapa ümläp, şeýle diýdi:
— Sen bu işi edip bilmersiň, ýersiz azara galma, Iudany şu gije eýýäm parçalapdyrlar.
Lewiý birden yzyna tesdi, töweregine wagşyýana göz aýlap, çirkin gygyrdy: — Kim etdi muny?
— Gabanjaňlyk etme — diýdi Pilat, dişini akjardyp we ellerini bir-birine sürtüp, — Iuşanyň senden başga-da tagzymçylary bar ýaly görünýär.
— Kim etdi muny? — diýip tekrarlady Lewiý pyşyrdap.
Pilat oňa jogap berdi:
— Men etdim.
Lewiýniň agzy laň açylyp, prokuratora bolsa: — Günäni ýuwmak üçin munuň özi azlyk eder, elbetde, emma her halda şu işi men etdim, — diýdi we sözüne goşdy: — Ýeri, indi beri bir zat aljakmy?
Lewiý oýlandy, köňli ýumşady we ahyry diýdi:
— Aýt, maňa bir bölek täze pergament bersinler.
Aradan bir sagat geçdi. Lewiý köşkde ýokdy. Indi daňyň ümsümligini bagda ýören sakçylaryň ýuwaş ädimleriniň sesi bozýardy. Aýyň reňki tiz öçüp başlady, asmanyň beýle çetinde — gökde daň ýyldyzy agymtyl tegmil bolup görünýärdi. Şemçyralar bireýýäm öçüpdi. Prokurator düşekde uklap ýatyrdy. Ol aýasyny ýaňagynyň aşagyna goýup, ümsüm dem alýardy, Banga hem onuň ýanynda uka gidipdi. Nisan aýynyň on bäşinji daňyny Iudeýanyň bäşinji prokuratory Pontiý Pilat, ine, şeýle garşylady.

## XXVII bap

## 50-NJI KWARTIRANYŇ SOŇY

Margarita «...nisan aýynyň on bäşinji daňyny Iudeýanyň bäşinji prokuratory Pontiý Pilat ine, şeýle garşylady» diýip tamamlanýan babyň soňky jümlesine ýetende, daň atdy.
Serçeler topary howludaky ak talyň we lipa agajynyň şahalaryna gonup, şadyýana we täsirli söhbete başlapdy.
Margarita kürsüden turup gerindi, şonda ol endam-janynyň lagşanlygyny we ukynyň basmarlaýandygyny duýdy. Emma onuň jany aram tapypdy. Pikirleri perişan däldi, bu gijäni gaýrytebigy ýagdaýda geçireni ony asla alada goýmaýardy. Margaritanyň şeýtanlar bezminde bolany hem, nähilidir bir gudrat bilen ussady gaýtaryp berenleri hem, ýanyp kül bolan romanyň gaýtadan peýda bolmagy hem, podwaldaky iki otagly jaýdan şugulçy Aloiziý Mogariçiň kowlup, hemme zadyň ýene öz ýerinde karar tapany hem ony asla tolgundyranokdy. Mahlasy, Woland bilen tanyşlyk oňa hiç hili ruhy zyýan ýetirmedi. Hemme zat öňünden aýdylyşy ýaly boldy. Margarita aňyrky otaga geçip, ussadyň rahat, çuň ukuda ýatanyny gördi, biderek ýanyp duran stol

üstündäki çyrany söndürdi-de, — garşy diwaryň ýanyndaky, üstüne köne we ýyrtyk düşek örtülen diwanjyga gyşardy. Bir minutdan soň ol eýýäm uklady, emma şol säher ol hiç hili düýş görmedi. Podwaldaky iki otag ümsümlikde galdy, podwalyň üstündäki hojaýynyň kiçijik öýi hem ümsümlige gark boldy, dar köçeden hem ses-üýn gelmeýärdi.

Emma bu mahal, ýagny şenbä geçilýän daňdan Moskwadaky bir edara ýerleşen binanyň tutuş bir gaty ukuda däldi. Onuň asfalt düşelen, ýörite maşynlaryň ýuwaş ýöräp, suw sepýän we süpürýän meýdançasyna açylýan penjirelerinde çyralar indi baş göterip gelýän Gün nury bilen bäsleşjek ýaly, lowurdap, ýanyp durdy. Jaýyň tutuş bir gaty Wolandyň işi boýunça başlanan derňew bilen meşguldy we bu ýerdäki on sany otagyň hemmesinde gijesi bilen çyra ýanyp durupdy.

Dogrusyny aýdanyňda, diňe agşam, juma güni, Waryete teatrynyň esasy işgärleriniň gaýyp bolanlygy netijesinde hem-de ondan bir gün öň geçirilen jadygöýlük seansy wagtynda ýüz beren her hili bolgusyzlyklar sebäpli teatry ýapmaly bolandan soňra mesele aýdyňlaşdy. Emma gep şunda ki, şundan soň hem edaranyň ukusyz gatyna täzeden-täze materiallar yzygiderli gelip durdy.

Derňew alyp barýanlaryň indi bu geň işi, ýagny bu şeýtany oýunlaryň, her dürli beýhuşly fokuslaryň we äşgäre jenaýatlaryň, wakalaryň we Moskwanyň dürli ýerlerinde ýüz beren her dürli bulam-bujarlyklaryň baryny birikdirip, ýeke-täk hadysa hökmünde iş alyp barmagy lazymdy.

Elektrik çyralary bilen ýagtylandyrylan bu ukusyz jaýa birinji bolup çagyrlan adam akustika komissiýasynyň başlygy Arkadiý Apollonowiç Sempleýarow boldy. Onuň Daşköpri golaýyndaky öýde ýerleşen kwartirasynda juma güni öýländen soň telefon jyrlap, erkek adamyň sesi Arkadiý Apollonowiçi sorady. Telefon trubkasyny göteren Arkadiý Apollonowiçiň aýaly basyk ses bilen äriniň syrkawdygyny we telefona gelip bilmeýänligini aýtdy. Emma muňa garamazdan, Arkadiý Apollonowiç trubkany almaga mejbur boldy. Arkadiý Apollonowiçi kim, nireden soraýar diýlen sowala telefonda nireden jaň edilýänini örän pert aýtdylar.

— Bir sekunt... häzir... şu minudyň özünde... — diýip seslendi akustika komissiýasy başlygynyň adatça öte tekepbir aýaly we Arkadiý Apollonowiçi ýerinden turuzmak üçin ýatakhana atylyp girdi: Sempleýarow agşam teatrda berlen seans we seansdan soň öýünde gije başlanan goh-galmagaldan, bu goh-galmagal zerarly saratowly gyz ýegençisiniň kwartiradan kowlup çykarylýandygy zerarly içini it ýyrtyp, azap çekip, gamgyn halda ýatyrdy.

Dogry, bir sekuntda däl, emma bir minutda hem däl, çärýek minutdan Arkadiý Apollonowiç içki köýnek-balakda, çep aýagynda bir taý tufli bilen telefonyň öňünde peýda boldy we:

— Hawa, bu men... eşidýän, diňleýän... — diýip, gepläp başlady.

Bu mahal onuň ömür ýoldaşy, şormaňlaý Arkadiý Apollonowiçiň äşgäre bolan ýigrenji biwepalygyny hem unudyp, girelgä açylýan gapydan gorka-gorka, daraklygyna basyp, äriniň bir taý köwşüni howada silkeläp:

— Köwşüňi, tufliňi... Aýagyňdan sowuk geçer — diýip pyşyrdady, muňa jogap ýerine Arkadiý Apollonowiç ýalaňaç aýagy bilen duran ýerinde elini siltäp, aýalyny kowup, oňa ýowuz seredip, trubka samyrdaýardy:

— Hawa, hawa, hawa eýsem näme, düşünýän... Häzir ýetip bararyn.

Arkadiý Apollonowiç tutuş agşamy derňew dowam edýän etažda geçirdi. Söhbet diýseň agyr, diýseň ýakymsyz boldy, onda diňe bir agşamky gabahat seans we ložada ýüz beren ýumruklaşma dogrusynda däl, eýsem, Ýelohowskaýa köçesinde ýaşaýan Milisa Andreýewna Pokobatko hakynda hem, saratowly ýegeni dogrusynda hem, bulardan daşgary ýene örän kän närseler barasynda hem äşgäre geplemeli boldy welin, bu ýagdaý Arkadiý Apollonowiçe adatdan daşary ejir berdi. Görnüp duran gep ki, şol lagnaty seansyň parasatly we düşünjeli şaýady bolan, nikaply, syrly gara magyň — jadygöýüň özüni hem, onuň iki ýigrenji kömekçisini hem örän anyk suratlandyryp beren, jadygöýüň şübhesiz Wolandygyny juda anyk ýatlan okumyş we medeniýetli adam Arkadiý Apollonowiçiň getiren delil-subutlary derňew işini birneme öňe iterdi. Arkadiý Apollonowiçiň beren güwäligini özge adamlaryň, şol sanda seans netijesinde jebir çekip käbir hanymlaryň, Rimskini gorkuzan syýa reňkli köýnek geýen aýalyň we Sadowaýa köçesindäki 50-nji kwartira iberilen kurýer Karpowyň güwälikleri bilen deňeşdirmek netijesinde bu hadysanyň günäkärlerini nireden gözlemelidigi mälim boldy.

50-nji kwartira bir däl, birnäçe gezek baryp, diňe bir barlamak däl, hatda onuň diwarlaryny hem tarkyldadyp gördüler, kaminiň tüsseçykar moruny hem gözden geçirdiler, gizlin ýerlerini hem agtardylar. Emma bu çäreleriň hiç haýsy degerli netije bermedi, kwartirada bir gezegem janly-jandar duş gelmedi, mälim bolşy ýaly, Moskwa gelýän barça çet ýurtly artistler barada habardar bolmak işi borjuna ýüklenen şahslaryň Woland atly jadygöý Moskwada ýok we bolmagy hem mümkin däl diýip, çürt-kesik we kesgin röwüşde tassyklanlaryna seretmezden, kwartirada haýsydyr bir adamlaryň bardygy örän anykdy.

Şuňa garamazdan, Moskwa gelen şol Woland diýen şahs hiç ýerde hasapdan geçmändir, hiç bir kimsä pasport ýa-da özge bir dokument, meselem, şertnama kagyzyny görkezmändir we hiç kim ol hakda maglumat almandyr. Tomaşahanalar komissiýasynyň düzümindäki programmalar bölüminiň müdiri Kitaýsew, gaýyp bolan Stýopa Lihodeýew hiç hili Wolandyň programmasyny maňa tassyklamaga ibermedi hem, şol Woland diýen jadygöýüň gelendigi hakynda asla telefon hem edilmedi diýip, hudany orta goýup, kasam içdi. Şeýdip ol, ýagny Kitaýsew Warýetede beýle seans berilmegine Stýopanyň nähili ýol berendigine asla düşünmeýärdi we munuň sebäbini hem bilmeýärdi. Haçanda Kitaýsew, eýsem, şol sehirgäri Arkadiý Apollonowiç teatrda öz gözi bilen görüpdir-ä diýip aýdanlarynda, ol diňe elini eline gowşuryp, gözüni potologa dikmek bilen çäklendi. Emma Kitaýsewiň gözüne seredip, onuň bullur ýaly arassadygyny arkaýyn aýtsa boljakdy. Tomaşa görkezýän edaralaryň ýokary kommisiýasynyň başlygy Prohor Petrowiç meselesine gelsek...

Gepiň gerdişine görä sözlesek, kabinetine milisiýa işgärleri giren badyna ol öz penjeginiň içinde peýda boldy we bu bolşy bilen Anna Riçardownany dälilerçe begendirip, ýersiz ýere azara goýlan milisiýany geň galdyryp, onuň agzyny açdyrdy... Ýene öz ýerine gelip, ýol-ýol çal kastýumynyň içine giren Prohor Petrowiç, özüniň gysga müddete gaýyp bolan wagtynda kostýumyň ýazan görkezmeleriň hemmesini doly tassyklady...

Ana, şu Prohor Petrowiç hem Woland diýen şahs hakynda asla hiç zat bilmeýärdi.
Siz näme diýseňizem, hormatly okyjylar, bu akyl ýetmeýän ýagdaýdy: müňläp tomaşaçylar, Warýeteniň ähli işçileri, ahyry, öte bilimdar şahs Arkadiý Apollonowiç Sempleýarow şol jadygöýi, şeýle hem, onuň ýigrenji assisentlerini öz gözleri bilen görenem bolsalar, sehirgäri hiç ýerden tapyp bolmady. Ýeri, özüňiz aýdyň, näme, ol şol görkezen seansy gutaran badyna ýer bagryna çümüp, gaýyp boldumy ýa-da käbirleriniň takyklaýyşyça, ol aslynda Moskwa asla gelmänmidi? Eger aýdanymyzyň birinjisi dogrudyr öýtsek, onda, ol şübhesiz, özi bilen bile Warýetäniň ähli jogapkär işgärlerini hem ýer teýine alyp giden bolup çykýar, eger bardy-geldi ikinji takmyna eýersek, onda betbagt teatr işgärleriniň özleri nähilidir bir ryswalyk edip, (kabinetdäki penjiräni we Tuzabuben diýen ysgaw itiň özüni alyp barşyny ýatlaň!), Moskwadan gaçyp gidip, dereksiz ýitýär.
Derňew işine ýolbaşçylyk edýän adama haýran galmak gerek. Gaýyp bolan Rimskini bir demde gözläp tapdylar. Tuzabubeniň kinotearyň öňündäki taksi duralgasynda özüni nähili alyp baran wagtyny, şeýle hem seansyň gutaran we Rimskiniň gaýyp bolan wagtyny pähimläp görülende, ähli ahwal aýdyňlaşdy-da, derhal Leningrada telegramma iberildi. Bir sagatdan soň (juma güni, agşam) Rimskiniň «Astoriýa» myhmanhanasynda, dördünji gatdaky, häzir Leningrada gastrola gelen Moskwa teatrynyň biriniň repertuar bölüminiň müdiriniň ýerleşen, çalymtyl-mawy, zer mebelli, özbaşdak wannaly nomeriniň ýanyndaky dört ýüz on ikinji otagdan tapylandygy hakynda jogap ýetip geldi. «Astoriýanyň» dört ýüz on ikinji otagyndaky geýim yşgabynda gizlenen Rimskiý derhal ele salnyp, şol ýerde, Leningradda sorag edilýär. Şondan soň Moskwa iberilen telegrammada Warýeteniň maliýe direktorynyň asla aň-huşuny ýitiren ýagdaýdadygy, berlen sowallara birem degerli jogap bermändigi, bermegi-de islemeýändigi hakynda, özüni bronly kamera salyp, daşyna ýaragly garawullary goýmagy gaýta-gaýta haýyş edýändigi ýazylypdy. Moskwadan iberilen telegrammada Rimskini sakçylaryň gözegçiliginde Moskwa ugratmak buýruldy, şoňa görä Rimskiý juma güni agşamky otly bilen daşy sakçyly ýola düşdi.
Juma güni agşamara Lihodeýewiň hem yzy tapyldy. Ol barada ähli şäherlere telegramma iberilip, gözleg yglan edildi. Ýaltadan: «Lihodeýew Ýaltada boldy, indi aeroplanda Moskwa uçup gitdi» diýen jogaply telegramma alyndy.
Bir deregi tapylmadyk adam Warenuha boldy. Tutuş Moskwa tanymal bolan bu meşhur teatr iş dolandyryjysy nam-nyşansyz ýitipdi.
Şol bir wagtda Warýete teatryndan daşda, Moskwanyň başga ýerlerinde ýüz beren hadysalar bilen hem meşgullanmaly boldy. Meselem, «Славное море» aýdymyny ýerine ýetiren işgärleriň adatdan daşary boluşlaryny, (ýogsa-da professor Strawinskiý deri astyna nähilidir derman sançmak arkaly iki sagadyň içinde olaryň hemmesini ýene öz halyna getiripdi) şeýle hem nähilidir kagyzlary kişileriň özge adamlara ýa-da edaralara pul ýerine geçirenlerini we şonuň netijesinde zyýan gören şahslar meselesini hem aýdyňlaşdyryş zerur boldy.
Mälim bolşy ýaly, bu hadysalaryň içinde iň ýaramazy iň dawalysy we iň müşgili merhum Berliozyň kellesiniň Griboýedow zalyna goýlan tabytdan göre-gündiz ogurlanyp gidileni boldy.

Bütin Moskwa gulgula salan bu çylşyrymly işiň düwünlerini ýeke-ýekeden çözmek üçin on iki sany sülçi işe çekildi.

Sülçüleriň biri professor Strawinskiniň şypahanasyna bardy we birinji nobatda soňky üç günüň içinde şypahana getirilen şahslaryň hasabyny sorady. Munuň netijesinde, Nikonor Iwanowiç Bosoý we başy üzlüp, gaýtadan ýerine goýlan biçäre alypbaryjy hem tapyldy. Emma olar sülçüni gyzyklandyrmady. Çünki bularyň ikisiniň hem şol nämälim jadygöýüň baştutanlygyndaky toparyň gurbany bolandygy röwşendi. Emma Iwan Nikolaýewiç Bezdomnyý derňewçini hetdenaşa gyzyklandyrdy.

Juma güni agşamara Iwanuşkanyň ýatan 117-nji otagynyň gapysy açylyp, bu ýere Moskwadaky iň gowy derňewçileriň biri diýip hasaplanýandygyna seretmezden, daşky görnüşinden derňewçä asla meňzemeýän, tegelek ýüzli, agras, mylaýym bir ýigit gelip girdi. Ol krawatda ýatan, reňki öçügsi, horlanan, töwerekde bolýan zatlara parhsyz garaýandygy gözünden okalyp duran, şol gözler bilen nirädir allaowarralara hem öz içki dünýäsine seredýän ýaş ýigidi gördi.

Sülçi mylakatlylyk bilen özüni tanatdy we Iwan Nikolaýewiçiň huzuryna öňňinki Patriarh kölçesiniň boýunda ýüze çykan hadysalar dogrusynda gepleşmäge gelenini aýtdy.

O, päheý, bu sülçi sähel öňräk, hiç bolmanda, penşenbä geçilýän agşam gelen bolsady, Iwanyň başy asmana ýeterdi, şonda ol Patriarh kölçesinde ýüz beren wakany ýanyp-bişip gürrüň bermekçi bolanda, onuň aýdanlaryna üns bermändiler. Ine, indi onuň konsuntant geňeşçini tutmak hakdaky arzuwy hasyl boldy, indi ol hiç kimiň yzyndan kowmaz, tersine, çarşenbe güni agşam sadyr bolan wakany eşitmek üçin ine, onuň ýanyna özleri gelipdirler.

Ýöne, gynansak-da, Berliozyň heläketinden soň geçen wagt içinde Iwanuşka bütinleý özgeripdi. Ol derňewçiniň barça sowallaryna ilgeziklik we mylaýymlyk bilen jogap gaýtarjakdy, emma onuň ýüzünde hem, gepleýiş äheňinde hem biparhlyk duýulýardy. Berliozyň ykbaly indi şahyry tolgundyrmaýardy. Sülçiniň gelmeginiň öňüsyrasynda ýatan ýerinde ymyzgandy we gözüne käbir zatlar göründi. Ýagny ol geň, düşnüksiz, hyýaly, äpet mermerlere örtünen, ýylmanak sütünleri bolan, gün şöhlesine lowurdaýan şäheri gördi, ol ýerde gap-gara bolup duran diňli Antoniýany, günbatardaky baýrynda tas üçegine çenli ýaşyl baglar büräp duran köşgi, bu baglaryň üstünden geçýän şapagyň şöhlesine ýanýan ýaly bürünç heýkelleri, gadymy şäheriň diwarlarynyň gapdalyndan gidip barýan, bronlanan rim kenturionyny gördi.

Ukynyň arasynda Iwanyň göz öňünde kürsüde sarsman oturan, sakgal-murty syrylan, ýygyrt atan saryýagyz ýüzli, ak mantiýasy gyzyl jähekli saýry bir peşeneli baga ýigrenç bilen seredýän adam göründi. Iwan ýalazy sary baýyrda somalyşyp duran sütünleri we germewleri hem synlady.

Patriarh kölçesiniň ýanynda bolan wakalar şahyr Iwan Bezdomnyny indi asla gyzyklandyrmaýardy.

— Aýt hany, Iwan Nikolaýewiç, Berlioz tramwaýyň aşagyna ýykylan wagty, siz turniketden uzakdamydyňyz?

Iwan näme üçindir biperwaýlyk bilen duýular-duýulmaz gülümsiredi-de, jogap berdi:

— Men uzakdadym.

— Ol gözenek kemzolly turniketiň ýanynda durmydy?

— Ýok, ol sähel daşrakda, uzyn oturgyçda otyrdy.
— Berlioz ýykylan wagty, onuň turniketiň ýanyna barmandygy anyk ýadyňyzdamy?
— Ýadymda. Barmandy. Ol ýaplanyp otyrdy.
Sülçi başga sowal bermedi. Ol Iwanuşka bilen el berip hoşlaşyp, tizräk gutulmagyny arzuw etdi we ýakyn günlerde onuň täze goşgularyny okamaga umyt bildirdi.
— Ýok, — ýuwaş jogap berdi Iwan, — men indi hiç haçan şygyr ýazmaryn.
Sülçi mylaýym gülümsiräp, şahyryň häzir birazajyk ruhy çökgünlik ýagdaýyndadygyny, emma bu ýagdaýyň az wagtlykdygyny, onuň tiz geçip gitjekdigini ynandyryp aýtdy.
— Ýok — diýdi Iwan sönüp barýan alys asmana seredip — bu ýagdaý indi geçmez. Meniň ýazan şygyrlarym — ýaramaz şygyrlar, oňa men indi düşündim.
Sülçi örän möhüm subutnama-delliller alyp, Iwanuşkanyň ýanyndan gitdi. Ýüz beren wakalar toplumynyň ýüplügini soňundan başyna çenli birme-bir çözläp, ahyry hadysalaryň gözbaşy tapyldy. Bu hadysalaryň Patriarh kölçesinde ýüze çykan jenaýatdan başlanandygyna indi şübhe galmady. Dogry, Iwanuşka hem, ol gözenek kemzolly hem MACCOLIT-iň bagtygara başlygyny tramwaýyň astyna iteklemändir, dogrusy, hiç kim onuň tramwaýyň astyna ýykylmasyna daşardan beden güýjüni goşmandyr. Emma sülçi Berlioz gipnozyň täsirinde bolup, özüni tramwaýyň aşagyna taşlandyr (ýa-da ýykylyp düşendir) diýip gaty ynandyrýardy.
Hawa, material ýeterli derejededi, indi kimleri nireden tutmalydygy hem mälimdi. Emma, hemme bela şunda bolup, olary ele salmak başartmaýardy. Şol hudaý gargan 50-nji kwartirada, şübhesiz kimdir birleri bardy. Käte-käte telefon jaňyna ol kwartira gyryljak, nejis ses bilen jogap berýärdi, kä wagtlar kwartiranyň penjireleri-de açylýardy, hatda ol ýerden patefon owazy hem eşidilýärdi. Emma her gezek barlamaga baranlarynda, ol kwartirada hiç kes duş gelmeýärdi. Şeýdip, ol ýere bir däl, birnäçe gezek, gündiz hem, gije hem baryp gördüler. Üstesine, kwartiranyň içinde tor göterip, onuň burçlaryna çenli synçylyk bilen barlandy. Bu kwartira köpden bäri şübhe astyndady. Şu sebäpli diňe derweze arkaly howla girilýän ýoly däl, şunuň dek, arkadaky gapyny hem gözegçilige alypdylar, mundan daşgary, tamdaky moruň agzynada sakçy goýuldy. Hawa, 50-nji kwartira bibaşlyk edýärdi, emma oňa hiç hili alaç tapylanokdy.
Ýagdaý tä jumadan şenbä geçilýän ýarygijä çenli üýtgewsiz galdy. Şonda ahyry egni toý lybasly, aýagy laklanan köwüşli baron Maýgel 50-nji kwartira dabaraly röwüşde myhman bolup geldi. Gapyny açyp, barony kwartira girizileni eşidildi. Şu wakadan soň göni on minut geçenden soň, jaň kakmazdan kwartira okdyrylyp girdiler, emma ol ýerde öý eýes-ä beýlede dursun, akyl çatar ýaly däl, baron Maýgelden hem derek tapmadylar.
Şeýdip, ýokarda aýdyşymyz ýaly, ýagdaý şenbe gününiň säherine çenli üýtgewsiz galyberdi. Bu wagta gelip, täze we örän gyzykly maglumatlar peýda boldy. Moskwa howa menziline Krymdan uçup gelen alty orunly ýolagçy uçary gondy. Beýleki ýolagçylaryň hatarynda ondan juda geň bir ýolagçy hem düşdi. Bu üç-dört günden bäri ýüzüne suw degmedik, sakgal-murty ösüp, tikenek bolan, hassa gözleri gorkuly bakýan, elinde hiç hili ýüki ýok we örän alamat geýnen ýigitdi. Onuň başy papaklydy, egninde ýatyş köýneginiň üstünde deri çäkmen, aýagynda gök reňkli,

ýaňy satyn alnan täp-täze şypbyk bardy. Uçaryň basgançagyndan düşen badyna ony garşy aldylar we ýene bir azajyk wagtdan soň Warýetäniň bütin Moskwa ady meşhur bolan direktory Stepan Bogdanowiçi Lihodeýew derňew ähline ýüzbe-ýüz boldy. Ol hem täze maglumatlar berdi. Ana, indi Wolandyň Stýopa Lihodeýewi gipnoz edip, Warýetä artist görnüşinde barany, soňra ony jady ýoly bilen Moskwadan birnäçe müň kilometre oklany mälim boldy. Deliller şu tüýsde üýşse-de, barybir iş ýeňlemedi, gaýta biraz agyrlaşdy diýseň hem bolýar, çünki Stepan Bogdanowiçiň başyna ne söwdalary salan şol hilegär şahsy ele salmagyň juda müşgilligi anyk görnüp durdy. Bu arada Lihodeýew, öz haýyşyna görä, ýöriteleşidirilen kamera gabap goýuldy. Indi iki gije-gündiz nam-nyşansyz ýitip, ýene öz kwartirasynda peýda bolan we şol ýerde ele salnan Warenuha sülçüleriň öňünde güwälik berip başlady.
Elbetde, ol Azazello indi ýalan sözlemerin diýip wada beren bolsa-da, derňewde gepini ýalandan başlady. Emma munuň üçin ony gaty aýyplamaly hem däl. Çünki Azazello telefonda ýalan sözläp, edepsizlik etmegi oňa gadagan edipdi, häzir bolsa, iş dolandyryjy telefonda geplänokdy. Iwan Sawelýewiç derňew edýänlerden gözüni alyp gaçmaga çalşyp, beýan edip başlady: — Penşenbe güni gündiz Warýetedäki kabinetimde ýeke özüm tä serhoş bolýançam içdim. Soňra gitdim, nirädigini ýatlap bilemok, allanirelerde saklanyp, ýene starka aragyny içdim, emma nirede — ýatlap bilemok, haýsydyr bir diwaryň teýinde ýatyp galdym, emma haýsy diwardygy ýatlap bilmeýärin... Warenuha özüniň manysyz we tutaryksyz gepleri bilen möhüm iş boýunça derňewe päsgel berýändigini we bu kylmyşy üçin, elbetde, jogapkärçilige çekiljegini aýdanlaryndan soň, ol möňňürip, çar tarapyna gorkuly seredip, sandyrawuk ses bilen pyşyrdap ýalan geplänine, çünki Woland toparynyň kasas almagyndan gorkup şeýdenine ykrar boldy we özüni bronlanan kamera salmaklaryny ýalbaryp haýyş etdi.
— Tüf, şeýtanyň biri! Muňa-da bronly kamera zerur bolupdyr — diýip sülçüleriň biri hoňňuldady.
— Ol deýýuslar bulary gaty gorkuzypdyrlar, — diýdi Iwanuşkanyň ýanynda bolup gaýdan sülçi.
— Warenuha mümkin boldugyça teselli berip, sizi kamerasyz hem gorarys diýip, ynandyrdylar, şondan soň onuň hiç hili diwaryň teýinde starka aragyny içmändigi, tersine, aňňy dişli çypar adam bilen tos-togalak bir nusganyň ony ýumruklany mälim boldy.
— Şol togalak pişige meňzeýärdimi?
— Hawa, hawa, hawa — diýip pyşyrdady, gorkudan daş dek gatap we sekuntsaýyn töweregine alarlyp seredip, soň ol doly iki gün 50-nji kwartirada ganhor arwah sypatynda gün geçirenini we tas maliýe direktory Rimskiniň ölümine sebäp bolanyny gürrüň berdi.
Şol wagt Leningrad otlusynda getirilen Rimskini alyp girdiler. Emma ol owalky maliýe direktoryna bütinleý meňzänokdy, gorkudan dyg-dyg titreýärdi, ruhy näsaglyga duçar bolan, saçlary agaran bu garry aýak diräp, hakykaty aýtmakdan doly ýüz öwürdi, bu meselede örän kejirlik görkezdi. Ol öz kabinetiniň penjiresinde garaňkyda hiç hili ýalaňaç Gellany hem, şonuň ýaly Warenuhany hem görmändigi, diňe köňli bozlup, huşundan aýrylyp, bilmän Leningrada gideni hakynda gepläp

başlady. Aýdyp oturmasagam, belli, näsag Rimskiý güwälik berip bolup, ýene özüni bronly kamera salmaklygy haýyş edip başlady.
Annuşka bolsa Arbatdaky uniwermagyň kassirine on dollarlyk kagyz pul berjek bolanda, ele salyndy. Onuň Sadowaýa köçesinden öýüň penjiresinden uçup çykyp giden adamlar we nal hakyndaky, Annuşkanyň aýdyşyça, ol naly milisiýa eltip bermek üçin ýerden göteripdir, geplerini üns bilen diňlediler.
— Naljagaz çyndanam, sap altyndanmydy, çyndanam göwher daşlary hem barmydy? — diýip Annuşkadan soradylar.
— Menmi göwheri tanamajak?! — diýip jogap berdi Annuşka.
— Şol adamyň size beren pullary gyzyl onlukmydy?
— Eýsem men gyzyl onlugy tanamanmy? — diýdi Annuşka.
— Ýeri ol pullar haçan dollara öwrüldi?
— Hiç zat bilmeýärin, o nähili dollarmyş? Men hiç hili dollar-pollary gören däldirin — diýip, çyňsap jogap berdi Annuşka, — biz öz hukugymyzy bilýäris! Bize baýrak berdiler, bizem oňa çit mata satyn aldyk... şundan soň ol, jaýyň bäşinji gatyny jyn-arwahlaryň mekanyna öwrüp, hemmäniň dynçlygy bozan öý edarasynyň bikanun işleri üçin jogap berýän akmak ýok, diýip şeýle bir tutaryksyz sözleri samrap başlady ki...
Annuşka hemmäniň ýüregine düşdi, — sülçi elini salgap, onuň owazyny öçürdi we ýaşyl kagyza rugsatnama ýazyp berip, hemmäniň köňlündäki işi etdi. Annuşka binadan çykyp, gaýyp boldy.
Şundan soň juda köp adam yzly-yzyna derňewden geçip başlady. Bularyň arasynda Nikolaý Iwanowiç hem bolup, ol gabanjaň aýalynyň akmaklygy sebäpli, aýaly milisiýa äriniň daňa golaý gaýyp bolanyny habar edipdi, ele salnypdy. Nikolaý Iwanowiç özüniň şeýtan huzurynda zyýapatda bolany hakynda öte tutaryksyz güwanamany görkezdi, emma munuň bilen derňew toparyny ol diýen haýran galdyryp bilmedi. Ol Margarita Nikolaýewnanyň hyzmatkär gyzyny öz üstüne mündirip, allanähili göre suwa düşmäge alyp baranyny we ondan sähel öň Margarita Nikolaýewnanyň çyp ýalaňaç halda penjirede oturany hakynda aýdyp berdi-de, galan gepleri gizledi. Meselem: ol Margarita Nikolaýewnanyň ýatar jaýyna köýnek göterip girenini we Nataşany Wenera diýip atlandyranyny aýdyp oturmagy laýyk görmedi. Onuň sözlerine görä, Nataşa penjireden uçup çykypdyr-da, ony münüp, Moskwanyň çetine perwaz edipdir...
— Men bu zorluga boýun synmaga mejbur boldum — diýip, gürrüň berdi ol we öz toslama gürrüňini şeýle soňlady:
— Haýyş edýän, şu aýdan geplerimi zynhar hatynym bilmesin.
Oňa wada berdiler.
Nikolaý Iwanowiçiň beren güwäliginden Margarita Nikolaýewnanyň, şeýle hem onuň öý hyzmatkäri Nataşanyň nam-nyşansyz gaýyp bolanlygy anyklandy. Olary gözläp tapmak çärelerine girişipdi. Şenbe gününiň ertiri güwäleri derňew etmek işi bir dem hem togtamady.
Bu wagt şäherde akyla sygmaýan myş-myşlar peýda bolup, ýyldyrym tizliginde çar tarapa ýaýrap başlady. Dary ýaly hakykat düýe ýaly toslama öwrüldi. Aýdyşlaryça, Waryete teatrynda berlen jadygöýlük seasyndan soň iki müňe golaý tomaşaçynyň

hemmesi köçä eneden nähili doglan bolsa, şeýle tüýsde atylyp çykanmyş, Sadowaýa köçesinde galp pul ýasaýan çaphana tapylanmyş hem ýapylanmyş, güýmenjeler sektoryndan haýsydyr bir ogrular topary bäş sany müdiri ogurlanmyş, milisiýa şol demde olary tananmyş, şuňa meňzeş tükeniksiz toslamalar.
Wagt günortana golaýlapdy, şol mahal derňew alyp barylýan otagda telefon jyrlady. Sadowaýa köçesinden jaň edilip, kesapatly kwartirada ýene janlanyşyň ýüz berenini habar berdiler. Aýdyşlaryça, kwartiranyň penjireleri içinden açylypdyr, ol ýerden pianino owazyny we aýdym eşidilipdir, penjiräniň tekjesinde güne çoýunyp oturan gara pişigi görüpdirler.
Günüň öwjüne çykyp, gyzan wagty — sagat dörtlerde bir topar graždan eşikli erkekler Sadowaýa köçesindäki 302-bis öýe ýetmezden, daşrakda üç maşyndan düşdüler. Soňra olar iki kiçi topara bölündiler-de, birinji topar basdyrma aşagyndan howla girip, göni altynjy sokmaga tarap ýol aldy, ikinjisi bolsa arka tarapyndan barylýan, hemişe çüýlengi kiçijik gapyny açdy, şonda iki topar hem başga-başga basgançakdan 50-nji kwartira des-deň galyp ugrady.
Bu mahal Korowýew bilen Azazello kwartiranyň aşhanasynda ertirlik edinip otyrdylar, Woland öz adaty boýunça, ýatar jaýdady, pişigiň nirededigi mälim däldi. Emma aşhanadan gelýän gap-çanaklaryň tark-turkundan, Begemot şol ýerde endigi boýunça ýene bir samsyklyk edýän bolsa gerek diýip çaklasa boljakdy.
— Basgançakdan aýak sesi gelýän ýaly-la? — diýip sorady Korowýew käsesinden kofäni çemçesi bilen bulap oturyşyna.
— Hä, bizi tussag etmäge gelýändirler — diýip jogap berdi Azazello, soň bulgurdaky konýagy içdi. Muňa jogap hökmünde Korowýew:
— Hany, hany, göreli — diýdi.
Bu mahal daşky girelgäniň gapysyndan girenler basgançakdan üçünji gatyň meýdançasyna çykypdylar. Bu ýerde ýören suw edarasynyň iki işgäri jaý ýyladýan bug enjamynyň ýanynda gümradylar. Basgançakdan çykyp gelenler olar bilen köp manyly nazar aýlaşdylar.
— Hemmesi öýde — diýip pyşyrdady, ussalaryň biri çekiji bilen turbany urup.
Şonda öňden gelýän adam paltosynyň aşagyndan gara mauzer çykardy, ikinji adam goltugyndan demir açar aldy. Umuman, 50-nji kwartira gelenler pugta ýaraglanypdylar. Iki kişiniň jübüsinde aňsat ýaýylýan inçejik ýüpek tor bardy. Ýene birinde arkan, birinde — hasa nikaplar we hloroformly ampulalar bardy.
50-nji kwartiranyň gapysyny bir sekuntda aňsat açdylar, hemme gelenler dälize girdiler, şu wagt aşhana şarka açyldy, bu bolsa ogryn ýoldan ikinji toparyň hem öz wagtynda ýetip gelendiginden habar berdi. Doly bolmasa-da, azajyk şowlulyk ýüze çykdy. Adamlar bir demde hemme otaglara girseler-de, hiç ýerde hiç kimi tapmadylar, diňe aşhanada ýap-ýaňy iýlip-içilen ertirligiň galyndylary bardy. Myhman jaýda bolsa, kamin-pejiň tekjesinde, bullur küýzäniň ýanynda äpet gara pişik otyrdy. Onuň penjesinde çaý gaýnadylýan primus bardy.
Myhman jaýa girenler uzak wagt dymyp, bu pişige uzak seredip durdular.
— Hm-da, dogrudanam täsin — diýip pyşyrdady gelenleriň biri.

— Bimazalyk, biedeplik edemok, diňe primus bejerýärin — diýdi pişik, dostluksyz äheň bilen, ýüzüni aşak salyp, — size pişik iň gadymy we azarsyz mahluk diýip, duýduryp goýmagy hem öz borjym hasap edýärin.

— Örän arassa iş — diýip pyşyrdady içeri girenleriň biri. Beýlekisi bolsa belent ses bilen pert-pert gepledi:

— Hany agzy gymyldaman sözleýän, goragly pişik jenaplary, bäri geçiň!

Birden ýüpek tor «şuw» edip howada ýaýyldy, emma tor oklan adam nyşana dogry oklap bilmän, hemmäni haýran galdyrdy, tor hrustal küýzä ilip, küýze ýere gaçyp, kül-pagyş boldy.

— Utdurdyňyz — diýip gygyrdy pişik, — ura! — şundan soň primusy bir gapdala goýup, arkasyndan sapança çykardy-da, çaltlyk bilen özüne ýakyn duran adamy nyşana aldy. Emma pişik ok atmaga ýetişmänkä, ol adamyň elindäki mauzerden ot uçdy we pişik şobada penjesinden sapançany gaçyryp, primusy taşlap, pejiň tekjesinden başaşak gaýdyp, güplüp, ýere ýykyldy.

— Bar zat gutardy — diýdi pişik ejiz ses bilen we öz ganyna bulanyp, ýanyn ýatdy — bir sekunt ýanymdan aýrylyň, maňa ýer bilen hoşlaşmana pursat beriň. Ow, gadyrdanym Azazello! — diýip yňrandy, ganyna bulanyp ýatan pişik. — Sen nirede?

— Pişik öçüp barýan gözlerini aşhana tarap garatdy, — güýçler deň bolmagyň jeňde sen maňa kömege gelmediň. Sen bir bulgur gowy konýak diýip, biçäre Begemoty taşlap gitdiň! Sen meniň ölmüme sebäp bolanam bolsaň, men saňa sapançamy miras goýýaryn...

— Tor, tor, tor taşlaň — diýip, howatyrly pyşyrdadylar pişigiň daşyny alyp duranlar, ýöne arwah bilsin, tersine bolup tor kimiňdir biriniň jübüsine ilteşip, daşa çykmady.

— Agyr ýaralanan pişigi diňe, — diýdi pişik, — bir ýuwdum benziniň halas etmegi ähtimal... — Şonda ol adamlaryň aljyraňňylygyndan peýdalanyp, primusyň tegelek deşigine agzyny eltdi we benzini gulkuldadyp içdi. Şol demde onuň çep goltugyndan akýan gan sakga durdy. Ol öňküsi ýaly, sagalyp ýerinden turdy we primusy goltugyna gysyp, ýene kaminiň üstüne böküp çykdy, soň diwara ýabşyrylan oboý-gülkagyzlary dyrnaçaklap, diwara dyrmandy-da, gelenlerden has ýokary, demir karniziň üstüne çykdy. Şu wagtyň özünde adamlar birden tutyny çekip, ony karnizi, tutusy bilen sypyryp düşürdiler, netijede otag gün nuruna ýap-ýagty boldy. Emma hilegär, äpet pişik hem, primus hem aşak gaçmady. Pişik primusy mäkäm penjeläp, bir böküp, otagyň potologynyň rast ortasynda asylan uly (lýustranyň) gülçyranyň üstüne böküp geçdi.

— Merdiwan! — diýip, gygyrdylar pesdäkiler.

— Duele çagyrýaryn! — diýip gygyrdy pişik, adamlaryň başy üzre uly gülçyrany sallançak edip uçup, şu wagt ýene onuň penjesinde sapança peýda boldy, ol primusy uly gülçyranyň şahlarynyň arasynda ýerläp goýdy. Soňra, adamlaryň depesinde sagadyň dili ýaly ikiýana çaýkanyp, olara tarap patyrdadyp ok atyp, bütin kwartirany lerzana getirdi. Hrustal uly gülçyranyň döwükleri şaglap ýere döküldi, kaminiň üstünde duran daşaýna möý kerebine meňzäp çat açdy, potologyň we diwaryň suwagy gopup, çaň-tozan göterildi, atylan oklaryň peşeňleri ýere gaçyp, dumly-duşa pytrady, penjire aýnalary çagsyldap döwüldi, ok deşen primusdan benzin dazlap akyp başlady. Indi pişigi diri ele almak hakynda gep hem bolmagy mümkin däldi, şoňa

görä, gelen adamlar onuň kellesini, garnyny, döşüni, gerdenini nyşana alyp, mauzerlerinden patyrladyp ok atyp ugradylar.
Bu atyşyk howludaky adamlary gorkuly howsala saldy. Emma atyşyk az salym dowam etdi we öz-özünden köşeşdi. Gepiň gysga ýeri, bu atyşykda ne pişik, ne ony tutmaga gelen adamlar ýaralandy. Hiç kes ölmedem, ýaralanmadam, adamlaryň biri muny barlamak maksady bilen jandaryň kellesine bäş ok atdy, pişik bolsa sapançanyň bar okuny boşatdy. Ýöne barybir bu hiç hili netije bermedi. Pişik gülçyrada uçmagyny haýalladyp, nämüçindir sapançasynyň agzyna üfläp, eline tüýkürdi. Aşakda dymyp duranlaryň ýüzlerinde ýagdaýa düşünmezlik alamaty peýda boldy. Bu atyşyk dünýäde ýeke-täk, belki, ilkinji gezek atyşygyň hiç kime zelel ýetirmedik gezegi bolsa gerek. Eger pişigiň sapançasy oýunjakdyr öýtsek, adamlaryň elindäki mauzerler babatda beýle diýip bolmajakdy. Pişigiň birinji ýaralanyşynyň, şeýle hem, onuň benzin içişiniň barypýatan hilegärlik, gözbagçylyk we jögülik bolanyna indi hiç şübhe galmady.
Pişikden dynmaga ýene bir gezek synandylar. Oňa bakan syýrtmakly arkan zyňdylar, emma syýrtmak uly gülçyranyň bir şahyna ilişdi-de, gülçyra gürpülläp ýere gaçdy. Netijede, bütin öý lerzana gelen dek boldy, emma mundan hem netije çykmady. Adamlaryň kellesine gülçyranyň döwükleri döküldi, pişik bolsa bir böküşde kamin üstünde duran daşaýnanyň zerli çarçuwasynyň üstüne uçup geçdi. Ol gaçmagy hyýalyna hem getirmeýärdi, tersine, amatly ýere çykyp, ýene sözläp başlady.
— Asla düşünip bilemok — diýýärdi ol, potologyň aşagynda durup, — nämüçin maňa beýle sütem edýärsiňiz...
Edil şu wagt pişigiň ýaňy başlan gepini allnireden eşidilen haýbatly, ýogyn bir ses böldi:
— Bu öýde nämeler bolýar? Maňa işlemäge päsgel berýän kim?
Başga bir ýakymsyz, ýigrenji ses oňa jogap berdi:
— Lagnaty Begemotdan başga kim bolsun?!
Üçünji sandyrawuk ses aýtdy:
— Messir! Bu gün şenbe. Gün batyp barýar. Çen boldy.
— Siz meni bagyşlaň, söhbeti dowam edip bilmeýärin — diýdi daşaýnanyň çarçuwasynda oturan pişik, — bize çen boldy. — Ol sapançasyny zyňyp, penjiräniň iki gatly aýnasyny döwdi. Soňra aşak benzin sepdi, benzin öz-özünden lowlap, ýalny bada-bat petige ýetdi.
Ot şeýle bir çalt we üýtgeşik tutaşdy, hatda benzin ýakylanda-da beýle çalt tytaşmazdy. Diwara ýelmenen gülkagyzlar tüsseläp başlady, ýere dartyp düşürilen tuty ýanýardy, aýnasy döwlen penjireleriň çarçuwallary ýanyp-tutaşyp başlapdy. Pişik mawlap, ýygrylyp bir bökdi-de, daşaýnanyň üstünden uçup, penjiräniň tekjesine baryp düşdi we goltugyndaky primusi bilen daşaryk atylyp çykyp, gözden gaýyp boldy. Daşardan ok atyldy. Zergär aýalyň otagynyň penjiresiniň garşysynda, ot söndürijiler üçin niýetlenen demir merdiwanda oturan adam pişigi oka tutdy, bu mahal pişik «P» şekilindäki bu ymaratyň öwrülmesindäki tarnawa ýetmek üçin bir penjireden beýleki penjirä böküp geçip barýardy. Ahyry ol şol öwrüme ýetip, tarnawa dyrmaşyp tamyň üstüne çykdy. Ol ýerde hem, moruň ýanynda sakçylyk edip duranlar

pişigi şeýle bir oka tutdular, emma pişik bütin şäheri öz şöhlesine gark edip, batyp barýan Güne tarap uçup, gözden gaýyp boldy.
Bu mahal kwartirada, adamlaryň aýagy aşagynda parket pol lowlap, ot aldy we ýaňy pişigiň ýalandan ýaralanyp, jögülik edip ýatan ýerinde ozalky baron Maýgeliň eňegi öňe azrak göterilen ýüzi gelenleriň göz öňünde assa-ýuwaş peýda boldy. Indi jesedi otdan halas etmegiň çäresi ýokdy. Bu ýerdäki adamlar tütäp başlan geýimlerine tap-tap urup, ýanýan parkediň gözeneklerden ätläp, aňyrky otaga we ondan girelgä çekilýärdiler. Aşhanadakylar hem girelgä atylyp çykyp başladylar. Myhman jaý bütinleý ot we tüsse içinde galypdy. Kimdir biri ýol ugruna ýangyn söndürýän edara jaň etmäge we gysgaça: — Sadowaýa, üç ýüz ikinji, bis! — diýmäge ýetişdi. Artyk gepleşmäge pursat galmandy, çünki ýalyn girelgä hem güwläp çykyp, dem almak agyrlaşypdy.
Jadylanan kwartiranyň aýnalary synykdy, şol synyk penjirelerinden tüsse burugsap çykyp ugrany hem şoldy, howludan adamlaryň janhowluna gygyrýan sesleri geldi:
— Ýangyn, ýangyn, ýanýas!
Bu öýdäki kwartiralaryň köpüsinde adamlar telefonda: — Sadowaýa! Sadowaýa köçesi, üç ýüz iki — bis! — diýip zowladýardylar.
Şu pursatda şäheriň dumly-duşundan wazlaşyp gelýän, uzyn maşynlaryň ýürekleri howsala salýan çuguldylary ýaňlanyp başlanda, howluda zowzuldap ýören adamlaryň bäşinji gatdaky penjireden üç sany erkek adamyň we bir ýalaňaç aýalyň gara sudurynyň tüsse bilen bile uçup gidenini gördüler.

## XXVIII bap

## KOROWÝEW BILEN BEGEMODYŇ SOŇKY PYRRYLDAKLARY

Şol sudurlar hakykatdan-da, bolupmydy ýa-da Sadowaýa köçesindäki betbagt öýde ýaşaýanlaryň gözlerine gorkandyklary sebäpli şeýle görünenmi — muny anyk aýtmak kyn. Eger şol sudurlar bolan bolsa, indi olaryň nirä gidendigini-de hiç kes bilmeýärdi. Olaryň nirede aýrylyşandygyny-da biz aýdyp bilmeris, emma şuny welin bilýäris, Sadowaýa köçesinde başlanan ýangyndan soň, takmynan çärýek sagat geçende, Smolenskiý bazaryndaky Torgsin magazininiň ýüz görülýän aýnaly gapysynyň öňünde gözenek kemzolly uzyn adam bilen äpet bir gara pişik peýda boldy.
Uzyn kimse çalasynlyk bilen adamlaryň arasyny böwsüp geçip, dükanyň daşky gapysyny açdy. Emma örän ýakymsyz ýüzli, süňklek, pes boýly gapy sakçysy onuň ýoluny tosup, saňňyldap:
— Pişik bilen girmek gadagan — diýdi.
— Men ötünç soraýan, — diýip şaňkyldady uzyn boýly adam we düwünli elini edil ker adam deý gulagyna tutup — pişik bilen diýdiňizmi? Hany pişik?
Gapy garawuly gözüni mölertdi, sebäbi uzyn adamyň aýagynyň ýanynda indi pişik görünmeýärdi, onuň ýanynda primus göterip, başyna ýyrtyk papak geýen, emma

ýüzi-gözi çyndan-da biraz pişigiňkä meňzeýän bir togalak kişi uzynyň arkasyndan bir emel bilen dükana girmäge ymtylýardy.

Bu iki hyrydar nämüçindir synçy işik garawulyna ýakmady.

— Bizde haryt diňe walýuta satylýar — diýip, ýakymsyz gürledi ol, agarany zerarly göýä güýe iýen ýaly görünýän gür gaşlarynyň astyndan bakraýyp.

— Ezizim — diýip şaňkyldady uzyn, pensnesiniň çatnan aýnasy arkaly gözüni oýnadyp, — kim aýtdy size mende walýuta ýok diýip? Eginbaşyma garap, şeýle pikir etdiňizmi? Hiç haçan beýle etmäň, gymmatly goragçy! Juda uly hata etmegiňiz ahmal. Iň bolmanda meşhur halypa Harun ar Raşidiň geçmişlerine gaýtadan göz aýlap görüň. Emma şu wagt, ol taryhy wagtlaýynça bir çyra goýup, size şuny aýtmakçy men ki, üstüňden başlygyňa şikaýat ederin we siz hakda şeýle bir gepleri aýdyp bererin welin, akybetde aýnaly gapynyň arasyndaky yssy ornuňyzdan jyda boljagyňyz gürrüňsizdir.

— Belki, primusym doly walýutadyr — diýip, gyzyşyp gepe goşuldy, dükana sokulyp girmäge dyzaýan pişikpisint togalak. Dükana girjek bolýan yzdakylar gaharlanyp başladylar. Netijede bu iki täsin kişä ýigrenç we şübhe bilen sereden gapy garawuly özüni çete çekmäge mejbur boldy, şonda biziň tanyşlarymyz Korowýew bilen Begemot dükana girdiler. Olar ilkibaşda hemme tarapa bir-bir göz gezdirip çykdylar, soň Korowýew dükanyň bar künjini ýaňlandyryp gepledi:

— Örän ajaýyp dükan! Örän, örän gowy magazin.

Tahylyň ýanyndaky adamlar ses gelen tarapa öwrülip, geplän kişä geň galyp seretdiler, ýogsa dükany öwmäge esas-da bardy.

Tekje gözeneklerinde dürli hilli gülli al-elwan çit matalar top-top edip goýlupdy. Olaryň arasynda mütgel, şifon we frak üçin mawut matalar hyň berýärdi. Ýene bir ýerde üýtgeşik-üýtgeşik aýakgap gutulary bolup, o taýda birnäçe aýal pes oturgyçlarda oturyp, sag aýaklarynda täze, çep aýaklarynda köne köwüş bolup, deňäp görüp, halyçanyň üstünde dik durýardylar. Ondan içiräkde, bir burçdan patefonyň sesi gelýärdi.

Emma Korowýew bilen Begemot bu geň galdyryjy täsinlikleriň deňinden geçip, göni azyk-owkat harytlary we süýji-köke satylýan bölüme tarap ýörediler. Bu ýeri örän giňişdi, kellesi ýaglykly we beretkaly aýallar mata bölümindäki ýaly dyknyşyp duranokdylar. Sakgal-murty hamy gögerýänçä tekiz gyrdalan, şirmaýy gaşly äýnekli, täzeje şlýapasynyň lentasyna tegmil hem düşmedik egni benewşe reňkli paltoly, eli sargylt ýumşak ellikli pes boýly, dörtburç adam tahylyň öňünde durup, satyja bir zatlar hoňurdap buýurýardy. Arassa täze ak halatly, gök sopbaşly satyjy benewşe paltoly müşderä hyzmat edýärdi. Ol Lewiý Matweýiň ogurlan pyçagyna meňzeş ýiti pyçak bilen ýagy syrygyp duran, gyzgylt reňk bekre balygynyň ýylanyňky ýaly kümüş şelpelerini aýyrýardy.

— Bu bölüm hem örän ajaýyp — diýip dabaraly röwüşde tassyklady Korowýew we barmagy bilen benewşe reňk paltoly adamy görkezip: — daşary ýurtly müşderi hem görmegeý eken — diýdi.

— Ýok, Fagot, ýok — oýlanybyrak jogap berdi Begemot, — sen dostum, ýalňyşýarsyň. Meniňçe, bu jentelmeniň ýüzünde bir zatlar-a ýetenok.

Benewşa reňk paltoly kişiniň arkasy tisginen ýaly boldy, belki, bu tötänlikdir, çünki ol Korowýewyň öz hemrasy bilen gepleşen rusçasyna düşünmeýän bolmaly.
— Ýakşimi? — diýip, berk sorady benewşe hyrydar.
— Dünýä ülňüsinde — diýdi satyjy bagygyň hamynyň aşagyna pyçagyny sünjen bolup.
— Ýakşi — men ýakşi görýär, ýaman — meniki ýaman görýär, — diýdi ýowuzlyk bilen çet ýurtly.
Satyjy:
— Eýsem näme! — diýip, dabaraly jogap berdi.
Indi tanyşlarymyz bekre alýan daşary ýurtlydan uzaklaşyp, süýji zatlar satylýan ýere bardylar.
— Şu günä howa yssy — diýip ýüzlendi Korowýew ýaňaklary gyzaryp duran satyjy gyza, emma ondan jogap bolmady. Korowýew:
— Mandarin näçeden? — diýip gyzyklandy.
— Kilosy otuz köpük — diýip, jogap berdi satyjy gyz.
— Ne beýle gymat — diýdi Koroýew uludan dem alyp, — ah, ah... — ol ýene birazajyk oýlanyp durdy-da, ýoldaşyny çagyrdy: — Al, iýiber, Begemot.
Togalak kişi primusy goltugyna gysdyrdy-da, üçburç piramida şeklinde örülen mandarinleriň iň ýokarkysyny alyp, gabygy-sabygy bilen iýip, ikinjisini iýmäge girişdi.
Satyjy gyz öler ýaly gorkdy. Onuň ýüzünde gan-pet galmady.
— Däleridiňizmi! Bu nähili bethalyk! — diýip gygyrdy, çek beriň! Çek! — onuň elindäki süýji zatlar tutulýan atagzy ýere gaçdy.
— Janym, ezizim, gözel gyz, — diýip seslendi Korowýew tahylyň üstaşyry eňilip, satyjy gyza göz gypyp, — ýanymyzda walýuta ýok bu gün... etjek alajyň näme? Emma size ant içip diýýärin ki, indiki sapar, düşenbeden gijä galman, hemmesini nagt töläris. Biz şu ýakynda, ýangyn bolan Sadowaýa köçesinde ýaşaýarys.
Begemot üçünji mandarini ýuwdup, penjesini şokolad plitkalaryndan diklenen täsin nagyşa uzatdy we onuň iň aşagyndan bir şokolad plitkasyny alyp, elbetde, örülen nagyş pytrady, ony zer kagyzy bilen bile çeýnemän ýuwdup goýberdi. Balyk satylýan tahylyň aňyrsyndaky satyjylar elleri pyçakly halda doňup galdylar. Benewşe reňk palto geýen daşary ýurtly talaňçylara tarap öwrülende, Begemotyň ýaňky pikiri nädogry bolup çykdy: benewşe reňk paltolynyň ýüzünde ýetmeýän zat däl-de, artykmaçlyk bardy — onuň ýaňaklary sallanyp durdy, gözleri elek-çelekdi.
Reňki sap-sary bolan satyjy gyz bütin dükany başyna göterip, hasratly ses bilen gygyrdy:
— Palosiç! Palosiç!
Mata bölümindäki adamlar bu sesi eşidip, bärik eňdiler.
Begemot bolsa tagamly süýjüliklerden uzaklaşyp, «Kerçiň aňrybaş seld balygy» diýip ýazylan çelege penjesini sokup, iki sany selýodkany çykaryp, birbada ikisinem ýuwutdy, diňe balyklaryň guýrugyny püfläp goýberdi.
— Palosiç! — diýip ýene jan-teni bilen gygyrdy süýji önümleri satyjy gyz, balyk bölümindäki çokga sakgal satyjy bolsa:
— Haý, haýwan, edýäniň näme? — diýip heňkirdi.

Bu wagt Pawel Iosifowiç (ýagny Palosiç) wakanyň bolýan ýerine howlukmaç gelýärdi. Ol edil hirurg ýaly täze ak halatly, haladynyň jübüsinde galam görnüp duran peşeneli kişidi. Ol daşky görnüşinden köpügören adam bolsa gerek, Begemotyň agzynda üçünji selýodakanyň guýrugyny görenden, derhal ýüz beren ýagdaýa doly düşündi-de, bu haýasyzlar bilen sanaşyp oturmazdan, uzakda duran gapy garawulyna el salgap, — jürlewük çal! — diýip buýurdy.
Gapy garawuly aýnaly gapydan Smolenskiý köçesiniň burçuna çykyp, jürlewini howsalaly jürletdi. Adamlar iki deýýusyň daşyny gurşap aldy, şonda Korowýew işe girişdi.
— Graždanlar! — diýip, titreýän inçe ses bilen seslendi ol, — nämeler bolup dur bu ýerde, ä? Men sizden soraýaryn! Bu biçäre, — Korowýew sesinde ahy-nala heňini hasyl edip, Begemoty görkezdi, ol bolsa, aglamjyraýan ýaly edip, ýüzüni üýtgetdi, — bu biçäre günuzyn primus bejerip ajygandyr... Ol walýutany nireden alsyn?
Adatça gylyk-häsiýeti agras we giň göwrümli Pawel Iosifowiç Korowýewe gazap bilen:
— Bes et jögüligi! — diýip gygyrdy we indi sabyrsyzlyk bilen gapy garawulyna el salgady. Şonda dükanyň gapysynyň agzynda jürlewük has batlyrak jürläp başlady.
Ýöne Korowýew Pawel Iosifiçiň haýbatyndan çekinmän, sözüni dowam etdi:
— Nireden alsyn? — men sizden soraýan! Onuň açlykdan, teşnelikden aňkasy aşypdyr! Yssydan ýaňa ejizläpdir! Äý, iýen bolsa, bary-ýogy üç köpük durýan bir mandarin iýipdir bu maňlaýy gara. Şonuň üçin derrew bilbilgöýä bolup jürlewük jürletmek, milisiýany azara goýup, işden goýmak zerurmy? Ol iýse bolýamy? Ä?
— Koroýew şeýle diýip, benewşe reňk paltoly semizi görkezende, onuň ýüzünde gaty tolgunma alamatlary peýda boldy, — kim özi bu? Ä? Nireden gelen? Nämüçin gelipdir? Näme, ony görmän oňup bileňzokmy? Nä biz ony çagyryp getirdikmi? Dogry, — diýdi batly owaz bilen öňki regent agzyny kinaýaly gyşardyp — görüp dursuňyz, ol benewşe reňk paltoly bezenip gelipdir, özem gymmatbaha bekre balygyny iýip, şar ýaly çişip gidipdir, onuň bar ýeri walýutadan doly, emma biziňkilere bolsa?!.. Nähili horluk! Çydap bilemok! Çydap bilmerin! — diýip, Korowýew bogazyna pyçak goýlan ýaly gygyrdy.
Bu tutaryksyz, biedep we syýasy tarapdanam zyýanly bolan wagyz Pawel Iosifowiçiň gaharyny gaýnadyp, sandyratdy, emma bu ýerde hümer bolup duran adamlaryň gözlerine bakyp, bu wagzyň olarda duýgudaşlyk oýarandygyny görse bolýardy. Begemot hapa we ýyrtyk ýeňini gözüne eltip, pajygaly äheňde:
— Meniň ýaly ejir çekeniň tarapyny tutanyň üçin sag bol, wepaly dostum! — diýende, bir mugjyza ýüze çykdy. Ýap-ýaňy konditer bölüminde badamly üç sany pirožnyý alan, garybana, emma juda arassa geýnen, öte mylakatly, salyhatly goja birden üýtgedi. Onuň gözlerinde söweşjeň ot çaknady, çog dek gyzaryp, pirožniý salnan gaby ýere taşlap, çagalaryňky ýaly inçe ses bilen: — Dogry! — diýip gygyrdy.
— Soňra ol ýaňy Begemotyň bozup taşlan eýfel başnýasy örülen şokoladlaryň aşagyndaky podnosy (mejimäni) çekip alyp, çep eli bilen daşary ýurtlynyň başyndan şlýapasyny sypyryp, sag elindäki podnos bilen onuň takyr kellesine şeýle bir aýlap urdy welin, maşyndan ýere demir bölekleri oklananda, nähili tarkyldy çykýan bolsa, häzirem şeýle eýmenç ses bütin dükana ýaýrady. Togalak daşary ýurtlynyň reňki

öçüp, götinläp, Kerç şor balygy salnan çelege çöküp galdy we munuň akybetinde selýodkanyň şor suwy onuň çar tarapyndan fontan bolup çogdy. Edil şu wagt ikinji mugjyza ýüze çykdy. Çelege çöken benewşe kişi arassa rus dilinde, pelteklemän:

— Öldürýärler! Milisiýa! Meni garakçylar öldürýär — diýip, nalady welin, şu mahala çenli özüne nätanyş bolan dili hut şu pursat gorkusyndan ýaňa öwrenen ýaly duýuldy. Şol pursat gapy garawulynyň jürlewügi diňdi we tolgunýan alyjylaryň arasyndan ýetip gelýän iki milisioneriň tugulgasy göze ildi. Emma hilegär Begemot edil hammama düşýän adamyň oturgyçlara bedreden suw sepişi ýaly, konditer bölüminiň tahyllaryna primusyndan benzin guýdy, benzin öz-özünden ot aldy. Ýalyn pöwh edip ýokary göterildi-de, tahyllaryň gyrasy bilen tutaşyp, ýol ugruna ter miweler doldurylan sebetjagazlaryň owadan kagyz lentalaryny ýalap-ýandyryp geçdi. Satyjy aýallar gyýkuwlaşyp, tahyllaryň aňyrsyndan atylyp çykdylar, edil şu mahal penjirelerdäki tutulara ot düşdi we pola dökülen benzin hem ýanyp başlady. Agyr märeke birden howlukmaçlyk bilen perýat göterip, indi gereksiz Pawel Iosifowiçi hem basyp geçip, konditer bölüminden yza çekilip ugrady, balyk bölüminiň satyjylary bolsa ellerindäki ýiti pyçaklary bilen hatar düzlüşip, yzky gapa tarap gaçdylar. Başdan-aýaga selýodka suwuna ezlen benewşereňk paltoly raýat bir çäre tapyp, çelek belasyndan gutuldy-da, tahylda ýatan sýomga balygynyň üstünden ätläp, olaryň yzyna eýerdi. Ýangyndan gaçan märekäniň gykuwy astynda dükanyň köçe tarapynda goýlan aýnalar kül-uşak boldy, emma ol iki deýýusyň Korowýew bilen açgöz Begemotyň nirä gaýyp bolanyny hiç kim bilmän galdy. Soňra Smolenskiý bazaryndaky Torgsinde ýüze çykan ýangyna şaýat bolanlaryň aýtmagyna görä, hamala, tüpbozanlar ýokaryk, potologa deýin göterilenmiş-de, şol ýerde edil çagalaryň şary ýaly ýarylanmyş. Beýle bolmagy elbetde, şübheli, emma görmedik närsämiz hakynda hiç zat aýdyp bilmeris.

Emma şuny anyk bilýäris ki, Smolenskiý bazarynda ýüz beren hadysadan laýyk bir minut geçenden soň, Begemot bilen Korowýew Griboýedowyň daýzasynyň öýüniň öňündäki seýilgähde peýda boldular. Korowýew gözenek diwaryň öňünde saklanyp, şeýle diýdi:

— Muňa seret! Bu ýazyjylar öýi ýaly-la! Bilýäňmi, Begemot, men bu öý hakynda juda köp täsin we magtawly sözleri eşidipdim. Sen bu öýe gowy seret, dostum! Ine, şu dergähde ençe-ençe talantlaryň bişip ýetişýänligi hakynda oýlanmak maňa uly hözir berýär.

— Parnikde ösen ananas dek bişip ýetişýär diýsene — diýdi Begemot we köp sütünli, sarymtyl binany gowy synlamakçy bolup, çoýun gözenekli haýatyň binýadyna mündi.

— Örän dogry aýtdyň — diýip, Korowýew gadyrdan ýoldaşynyň pikirine goşulyşdy, — häzir, ine, şu binada «Don Kihotyň» ýa-da «Faustyň, ýa-da jyn ursun meni «öli janlaryň» geljekki awtorlarynyň ösüp ýetişýändigi hakynda oýlansoň, ýüregiňi nähilidir bir tagamly howsala gurşap alan ýaly bolýar! Şeýle dälmi?

— Şeýle pikir etmegem howply — diýip, tassyklady Begemot.

— Hawa — diýip, dowam etdi Korowýew, — juda täsin närseleriň şaýady bolmak mümkin bu öýüň parniklerinde, şunlukda, bu öý Melpomena, Poligimniýa we Taliýalara bütin durmuşyny pida eden bürnäçe müň öňdebaryjylary öz penasynda

jemleýär. Eger şu öňdebaryjylaryň biri kitap söýüjilere başlangyç hökmünde «Derňewçini» ýa bolmasa, «Ýewgeniý Onegini» bagyş edäýseler, nähili şowhun turjagyny sen göz öňüne getirýän bolsaň gerek!
— Tüýs bolaýjak zat — diýip, Begemot ýene-de tassyklady.
— Hawa — diýip Korowýew barmagyny ähmiýetli ýagdaýda ýokary göterdi, — emma! Men emma diýip ýene gaýtalaýaryn! Emma bu näzik teplisa ösümliklerine nähilidir bir mikrob düşüp, onuň damaryny gemirmese ýa-da çüýredip taşlamasa! Beýle ýagdaýa ananaslar uçrap bilýär. Üstesine-de, baý-baý, nähili uçraýar!
— Aýdyşyň ýaly — diýdi Begemot, togalak kellesini gözenek diwaryň deşigine sokup, olar eýwanda näme işleýärler?
— Nahar edinýärler — diýip düşündirdi Korowýew, — saňa şuny hem aýdaýyn, gadyrdanym, bu ýeriň restorany gowy, tagamlary-da arzan. Emma men häzir, dogrusyny aýdaňda, alys sapara şaýlanan turistler ýaly, hezil edip naharlanmak we uly kürşgäni dolduryp, buz ýaly piwo içmek isleýärin.
— Menem — diýdi Begemot, şundan soň bu iki deýýus lipa daragtlarynyň aşagyndan geçýän asfalt köçejikden boljak heläketden bihabar restoranyň eýwanyna tarap rowana boldular. Eýwana girilýän ýerde, daşyna ýap-ýaşyl otlardan nagyş edilen gapynyň bir çetine goýlan oturgyçda ak joraply, guýrukly ak beretlije, ak ýüzli bir aýal içi gysyp otyrdy. Onuň öňündäki adaty nahar stolunyň üstünde galyň bir hasap kitaby ýatyrdy. Aýal nämüçindir bu hasap kitabyna gelen-gidenleriň adyny ýazýardy. Ine, şu aýal Korowýew bilen Begemotyň ýoluny kesdi.
— Güwänamalaryňyz barmy? — diýip, ol Korowýewiň pensnesine, şeýle hem, Begemotyň primusyna, onuň ýyrtyk tirsegine geňirgenip seretdi.
— Bizi müň merte bagyşlarsyňyz, o nähili güwanama? — diýip sorady geň galan bolup Korowýew.
— Siz ýazyjymy? — diýip, aýal hem sowal berdi öz nobatynda.
— Şek-şübhesiz — diýip, mynasybet bilen jogap berdi Korowýew.
— Güwänamalaryňyzy görkeziň onda! — tekrarlady aýal.
— O, anjaýyn gözel... — diýip, mylaýymlyk bilen gepe başlady Korowýew.
— Men gözel däl — diýip, onyň sözüni böldi aýal.
— Wah, arman — diýdi Korowýew gynanyp we sözüni dowam etdi: — Ýeri, bolýar-da, siziň gözel bolmagyňyz biz üçin gowy bordy, emma siz gözel zenan bolmak islemeýän bolsaňyz, alajymyz näme? Onda şeýle Dostoýewskiniň ýazyjydygyny bilmek üçin ondan güwänama soramak zerurmy? Onuň islendik romanyndan bäş sahypany alyp, okap görüň, şonda güwänamasyz-da onuň ýazyjydygyny bilersiňiz. Oýlanyp görýän welin, Dostoýewskide aslynda güwänama hem bolandyr öýtmeýärin. Sen nähili pikir edýäň? — diýip Korowýew Begemotdan sorady.
— Jedelem edip biljek, bolan däldir — diýip jogap berdi Begemot, primusyny stola, hasap kitabyň ýanynda goýup, gara-gura degen maňlaýynyň derini aýasy bilen syryp.
— Siz Dostoýewskiý däl — diýdi, Korowýewiň aljyradan aýaly.
— Aý, kim bilýär, kim bilýär — diýdi ol.
— Dostoýewskiý öldi — diýip, aýal ynamsyzrak aýtdy.
— Nägilelik bildirýärin! — diýdi Begemot gyzgyn äheňde. — Dostoýewskiý hiç haçan ölmez!

— Güwänamaňyzy görkeziň, graždanlar, — diýdi aýal.
— Bagyşlarsyňyz, eýsem, bu gülküli ýagdaý dälmi — diýip, Korowýew ýeň bermedi— ýazyjylyk güwänama bilen däl-de, eser ýazyşy bilen kesgitlenýär. Meniň kellämde nähili pikirleriň aýlanýanyny siz nireden bilersiňiz! Ýa-da ine, bu kellede nämeler bardygyny aýdyp bilermiň? — diýip, ol Begemotyň kellesini görkezende, ol bu aýal gowy synlasyn diýen manyda derhal başyndan papagyny çykardy.
— Ýol beriň, graždanlar — diýdi, aýal indi gahary gelip.
Korowýew bilen Begemot bir gyra çekilip, ak ýaz köýnekli, ýakasyny çal penjeginiň ýakasyna serpen, şu sebäpli galstuk dakynmadyk goltugyna gazet gysdyran bir ýazyjyny geçirip goýberdiler. Ýazyjy aýal bilen baş atyp salamlaşdy, ýol ugruna onuň açyp goýan hasap kitabyna gyýşyk-çaýşyk gol goýdy-da, eýwana tarap ugrady.
— Wah, bize däl, bize däl, — diýdi Korowýew gamgyn owazda, — biz biçäre sergezdanlaryň arzuwlan buz ýaly piwosy oňa nesip etdi, ýagdaýymyz örän hasratly we müşgil, näme etjegimem bilemok.
Begemot alaç näme diýen dek ellerini ýaýdy, pişigiň tüýüni ýatladýan gür saçly togalak kellesine papagyny geýdi. Edil şu mahal aýalyň başy üzre kimiňdir ýuwaş, ýöne hökümli sesi ýaňlandy:
— Geçiriň bulary, Sofýa Pawlowna.
Eli kitaply aýal geň galdy: ýaşyl çyrmaşykgüle bürenen gapynyň bosagasynda restoranyň direktorynyň frakly ap-ak kükregi we çokga sakagaly göründi. Ol şübheli iki üflasa mylaýym seretdi, üstesine, hatda olary hormatlap, içerik teklip etdi. Restoranda Arçibald Arçibaldowiçiň abraýy juda uludy, şu sebäpli Sofýa Pawlowna etagat bilen boýun synyp, Korowýewden sorady:
— Familiýaňyz näme?
Panaýew — diýip, ol mylakatly jogap berdi. Aýal bu familiýany depdere ýazyp, Begemota sowally nazar bilen äňetdi.
— Skabiçewskiý — diýip, pyşşyldady ol, nämüçindir eli bilen primusyny görkezip. Sofýa Pawlowna bu familiýany hem ýazyp, depderi gol çekmek üçin müşderiniň öňüne süýşürdi. Korowýew «Panaýew» familiýasynyň deňine «Skabiçewskiý» diýip, Begemot bolsa «Skabiçewskiý» familiýasynyň gabadyna «Panaýew» diýip gol çekdiler. Arçibald Arçibaldowiç öz hereketi bilen Sofýa Pawlownany bütinleý geň galdyryp, özüne mahsus mylaýym ýylgyryşy bilen myhmanlary eýwanyň aňrysyndaky kölgeli, çyrmaşdyrylan gülleriň arasyndan geçip, gün şöhlesiniň oýnaklaýan ýerindäki iň gowy stola tarap äkitdi.
Sofýa Pawnowna bolsa, geň galmakdan ýaňa gözlerini gyrpyldadyp, uzak wagtlap garaşylmadyk müşderileriň çeken gollaryna äňedip oturdy. Arçibald Araçibaldowiç ofisiantlary Sofýa Pawlownadan hem beter geň galdyrdy. Ol hut özi oturgyç süýşürip, Korowýewi oturmaga teklip kyldy, bir ofisianta göz gypyp, ikinjisiniň gulagyna nämedir bir zatlar pyşyrdady, şundan soň olaryň ikisem täze myhmanlaryň daşynda perwana bolup başladylar, bu wagt myhmanlaryň biri reňki öçüp, saralan köwşüniň ýanynda primusyny goýdy. Stol üstündäki sary tegmilli, köne saçak göz açyp ýumasy salymda aýrylyp, ýerine beduinleriň çadyry ýaly ak, bezegli saçak howada şowurdap, ýazyldy, soň Arçibald Arçibaldowiç Korowýewiň gulagyna eňilip juda manyly äheňde ýuwaş pyşyrdaýardy.

— Näme bilen hezzetlemeli? Gyzyl balykdan aýratyn bişirilen tagam bar... arhitektorlaryň gurultaýyndan süýşüripdim...
— Siz... ä... bize, umuman bir ýürekselik beriň... ä... — mürewwet edýän dek hiňlendi Korowýew stula söýenip.
— Düşündim — diýip, gözüni ýumup, Arçibald Arçibaldowiç köpmanyly jogap berdi. Restoranyň başlygynyň bu öte şübheli nusgalar bilen edýän mylakatyny gören ofisiantlar her hili şübhelerini terk edip, işe yhlasly girişdiler. Biri jübüsinden papiros galyndysyny alyp, çekmekçi bolan Begemota otluçöp çakyp berdi, ikinjisi ylgap, pyçak, çemçe, dürtgüç ýaly enjamlaryň ýanyna kiçijik bulgurlary, şerap içilýän uzyn gadaklary jyňňyrdadyp, hatarlap goýdy, beýle gadaklarda saýawan astynda oturyp, buz ýaly narzan içmek kişä hözir bagyşlaýar... ýok, wakadan biraz öňe gidip aýtmak boljak, unudylmaz Griboýedow eýwanynyň kölgeli saýawanynyň aşagynda narzan içilipdi.
— Malyň bykyn eti bilen hezzetläp bilerin — diýip, hiňlenýän ýaly myrryldady Arçibald Arçibaldowiç. Çat açan pensneli myhman onuň teklibini doly makullady we gämi kapitanynyň ýüzüne döwük äýnegiň boş gözünden mylaýym bakdy.
Goňşy stolda öz aýaly bilen gowrulan doňuz etini iýip oturan belletrist Petrakow — Suhoweý barça ýazyjylara has bolan synçylyk bilen Arçibald Arçibaldowiçiň edýän hoşamatyny görüp geň galdy. Onuň aýaly, hormatly hanym deňiz garakçysyny Korowýewden gabanyp, — bu näme boldugy, bizi egläp otyrlar, bireýýäm buzgaýmak getirmäge çen boldy ahyry — diýjek bolýan ýaly, çemçejigi bilen stoly tyrkyldadybam başlady.
Emma Arçibald Arçibaldowiç mylaýym ýylgyryp, olara seretdi-de, derrew ofisiantyny ýollady, özi bolsa eziz myhmanlaryň ýanyndan aýrylmady. Diýseň dana adamdy Arçibald Arçibaldowiç! Synçylykda bolsa islendik ýazyjydan kem galmaýardy. Ol Waryetede berlen jadygöýlük seansyndan hem, soňky günlerde ýüz beren birnäçe hadysalardan hem habarlydy, ýöne beýleki adamlardan parhlylykda ol «gözenek kemzolly» we «pişik» diýen sözleri gulagynyň duşundan geçirmändi. Arçibald Arçibaldowiç öz müşderileriniň kimligini derrew pähimledi. Pähimländen soň, elbetde, olar bilen dawalaşyp durmady. Arman, Sofýa Pawlowna ýagdaýy aňmady! Toba, gelip-gelip şu iki müşderiniň ýoluny saklap otyr! Aý, bolýa-da, ol nämä düşünýär?!
Petrakowa hanym eräp başlan buzgaýmaga tekepbirlik bilen çemçejigini degrip oturyşyna, allanähili masgarabazlara meňzeýän eşikli iki müşderiniň stolynyň üstüniň nähilidir sehir-jady bilen dürli naz-nygmatlardan dolup başlanyny nägile nazar bilen synlaýardy. Ana, täze işbil bilen doldurylan wazanyň üstünde lowurdaýança ýuwlan gök önümler peýda boldy... ýene şol pursatda goşmaça goýlan stolda sowukdan derlän kümüş bedrejik göründi...
Arçibald Arçibaldowiç gerek zatlaryň birkemsiz taýyn edilendigine ynanç hasyl edenden soň, üsti ýapylgy, içinde nämedir jyz-pyz edýän tagam ofisiantlaryň elinde uçup gelip, stol üstüne goýlandan soň, iki syrly müşderini goýup gitmäge batyrlyk etdi, şonda hem olaryň gulagyna pyşyrdamagy unutmady:
— Bagyşlaň! Bir minut! Fileden — but etinden hut özüm habar tutjak bolýan. Ol ylgap, restoranyň içki jaýyna girip gitdi. Eger bir adam Arçibald Arçibaldowiçiň

şondan soňky özüni alyp baryşyny synlan bolsady, onda onuň hereketi birneme syrly bolup görnerdi.
Başlyk mal etiniň bişirilişini görmäge aşhana däl-de, restoranyň ambarhanasyna ýol alypdy. Ol ambarhanany öz açary bilen açyp girip, gapyny içinden bekledi, soň ýeňini hapa etmezlige çalşyp, buzly otagdan seresaplylyk bilen uly, iki sany kakadylan gyzyl balygy alyp, gazete dolady-da, ýüp bilen daňdy-da, bir gyra goýdy. Soňra goňşy otaga geçip, atlaz işlikli ýaz paltosy bilen şlýapasyny gözden geçirdi, şundan soň, aşhana ýöredi, bu ýerde aşpez myhmanlara wada edilen mal etini uly howsala bilen bişirýärdi.
Şuny aýdyp goýmak gerek, Arçibald Arçibaldowiçiň bu hetdi-hereketinde geň galmaly ýa-da şübheli hiç zat ýokdy, diňe ýüzleý synlan adam onuň bolşuna geň galardy. Elbetde, Arçibald Arçibaldowiçiň hetdi-hereketleri şu wagta çenli bolan wakalara logiki-mantik taýdan baglydy. Griboýedow restoranynyň başlygy soňky günlerde ýüz beren hadysalardan özüniň habarlylygy bilen, hususan-da, çuňňur duýgurlygy bilen, bu iki müşder-ä berilýän dökan-saçan peşeneli zyýapatyň örän gysga boljagyny pähimläpdi. Onuň altyna barabar duýgurlygy bu gezek hem ony aldamady.
Korowýew bilen Begemot iki gaýtalap arassalanan, ajaýyp, buz ýaly Moskwa aragy doldurylan bulgurlaryny ikinji gezek çakyşdyranlarynda, özüniň bilermenligi bilen bütin Moskwa tanalan hronikaçy Boba Kandalupskiý gara dere batyp, tolgunyp restoranyň eýwanyna ýetip geldi we göni baryp Petrakowlaryň stolynyň ýanynda oturdy. Soň pökgeren sanajyny stoljykda goýdy-da, dodagyny Petrakowyň gulagynyň içine dykar ýaly derejede ýakyn eltip, nähilidir täsin gepleri pyşyrdap başlady. Synçgylawuk derdine çydam berip bilmedik Petrakowa hanym Bobanyň pökgi we ýag çalnan ýaly ýaldyrawuk leblerine öz gulagyny hem tutdy. Boba bolsa, käte-käte töweregine ogrynça göz aýlap, lebi lebine degmän henizem pyşyrdap otyrdy welin, onuň uzyndan-uzak hüňürdisinden käbir sözleri aňşyrmak mümkindi.
— Ant içip aýdýan! Sadowaýada, Sadowaýa köçesinde — diýip, Boba sesini hasam peseltdi. — Ok kär edenokmyş! Oklar... byz-byz... benzin, ýangyn... atyşyk...
— Gör, nähili tutaryksyz myş-myşlary ýaýradyp ýören, ine, şeýle ýalançylary, — diýdi batly sandyrawuk ses bilen gazaplanan Petrakowa hanym, — ine şunuň ýalylaryň tanapyndan çekseler gowy bolardy! Zeleli ýok, entek olary paş ederlerem, tertibe-de çagyrarlar! Nähili biderek toslamalar!
— Nämesi toslama, Antonida Porfirýewna! — diýdi ýazyjynyň aýalynyň bu gepinden ynjan Boba we ýene dowam etdi: — Aýdýan-a size, ok alanok... Indi bolsa ýangyn... Olar asmandan howa uçup gidipdirler, — Boba ýylan dek wyşlap gepleýärdi, öz gürrüňiniň gahrymanlarynyň şu ýerde, ýanjagazynda keýp edip, diňläp oturandyklaryndan elbetde, bihabardy. Ýöne olaryň lezzeti tiz tamamlandy. Restoranyň içki girelgesinden gön ädikli, billeri kemer bilen berk guşalan, elleri sapançaly üç kişi eýwana atylyp çykdy. Iň öňdäki batly ses bilen eýmenç gygyrdy:
— Ýerleriňizden butnamaň! — Şu gepden soň, olaryň üçüsi-de birden Korowýew bilen Begemotyň kellesini nyşana alyp, eýwandan ok atyp başlady. Oka tutulanlar şobada howada eräp, gözden gaýyp boldular, primusdan bolsa pöwh edip ot çykyp, göni saýawan çadyra uruldy. Çadyrda gara tüýnük peýda bolup, onuň töweregi

ýanyp, kem-kem giňeldi. Ýalyn şu tüýnük arkaly asmana atylyp, Griboýedow öýüniň binasyna çenli ýetdi. Ikinji gatdaky redaksiýanyň otagynyň penjiresine üýşürlip goýlan bukjalardaky golýazmalar birden ot aldy, soň ot aýnanyň tutusyny ýalmap ugrady, ana, şonda ýalyn, edil kimdir biri ony zor bilen üfleýän ýaly güwläp, Griboýedowyň daýzasynyň öýüniň içine girip gitdi.

Ýene birnäçe sekuntdan soň bagdaky goýun gözenekli diwar sary alyp barýan asfalt ýodajykdan, ýadyňyzda bolsa, okyjy, çarşenbe güni agşam ýüz beren bagtsyzlygyň birinji habarçysy Iwanuşka şu ýodadan gelipdi, emma oňa hiç kim gulak asmandy, çala naharlanan ýazyjylar, ofisiantlar, Sofýa Pawlowna, Boba, Petrakowa, Petrakow ylgap geçip başladylar.

Köçä gapdal gapydan öňräk çykyp ýetişen Arçibald Arçibaldowiç atlaz işlikli ýazky paltosynda, iki goltugy gyzyl balyk dolanan sargyny gysdyran, göýä ýanýan gämisini hemmeden soň terk etmekçi bolýan kapitan dek, hiç ýere gaçman, hiç ýere howlukman, arkaýyn durdy.

## XXIX bap

## USSAT BILEN MARGARITANYŇ KYSMATY ANYK

...Moskwadaky, takmynan ýüz elli ýyl mundan öň gurlan iň gözel binanyň üçegindäki daş supada, juda belentde, Günüň batyp barýan çagy, iki kimse:

Woland bilen Azazello durdy. Olar köçedäki adamlara görünmeýärdiler: çünki olary gipsden ýasalan wazalar we güller bilen bezelen penjire bigana gözlerden gizläp durdy. Emma özleri şäheriň iň çet ýerlerine çenli arkaýyn syn edip bilýärdiler.

Woland her saparkysy ýaly gara uzyn donuny geýip, ýygma oturgyçda otyrdy. Onuň uzyn we ýasy gylyjy üçegiň üstüne goýlan ýasy daşyň ýarygyna dikligine sünjülgidi. Mundan Gün sagady emele gelipdi. Gylyjyň kölegesi iblisiň aýagyndaky gara köwşe tarap ýuwaş we dynuwsyz uzalyp barýardy. Woland çüri eňegini ýumrugyna diräp, bir aýagyny aşagyna goýup, oturgyçda bükülip otyrdy, göge çenli uzalan bihasap köşki-saraýlardan, mahabatly ymaratlardan, ýykylmaga degişli külbelerden gözüni aýyrmaýardy. Özüniň zamanabap lybasyny, ýagny kemzoly, şlýapa-kotelogy, laknanan köwşüni terk edip, indi edil Woland ýaly gara geýnen Azazello öz hökümdaryndan sähel daşrakda sarsman durdy, ol hem şäheriň gözelligine seredýärdi.

Woland gep başlady:

— Örän täsin şäher, şeýle dälmi?

Azazello bir gozganyp, hormat bilen jogap gaýtardy.

— Messir, maňa-ha Rim has gowy ýaraýar!

— Hawa, her kime bir zat hoş ýakýar — diýip, Woland jogap berdi.

Az salymdan soň ýene onuň sesi ýaňlandy:

— Ho-ol bulwarda tüsse burugsap durmy?

— Griboýedow ýanýar — diýip, jogap berdi Azazello.

— Bu çakym çak bolsa iki gadyrdanyň — Korowýew bilen Begemotyň işidir?

— Oňa şek-şübhe ýok, messir.

Ýene ümsümlik aralaşdy, bu wagt günbatar tarapa bakýan öýleriň ýokary gabatlaryndaky penjirelerinde Günüň göz gamaşdyryjy şöhleleriniň lowurdaýanyny olar synlaýardylar. Wolandyň gözi, häzir şapaga arka öwrüp oturan bolsa-da, şol öýleriň penjireleri kibi parlaýardy.
Emma ol mahal nämedir bir zat Wolandy şäherden ýüz dönderip, öz arkasyna, üçegiň üstündäki togalak diňe seretmäge mejbur etdi. Minaranyň diwarynyň içinden öl geýim-gejimine palçyk syçran, aýagyna ýönekeý sandal köwüş geýen, ýüzi çytyk bir gara sakgally adam çykyp geldi.
— Bä! — gep gatdy Woland bu adama ýaňsyly seredip, — häzir seniň bu ýere geljegiňe asla garaşmandyk! Ýeri, nähili hyzmat bilen geldiň, çagyrylmadyk, ýöne geljekdigi çak edilen myhman?
— Seniň huzuryňa geldim, ýamanlyk ruhy, kölgeler hökümdary — diýip, jogap berdi diwardan çykan adam Wolanda gabak astyndan duşmançylykly seredip.
— Eger meniň ýanyma gelen bolsaň, nämüçin maňa salam bermediň, eý, öňki salgyt ýygnaýjy? — diýdi Woland ýowuzlyk bilen.
— Sebäbi, men seniň salamat bolmagyňy islemeýärin — diýip, pet jogap berdi gelen adam.
— Ýöne sen meniň baky ýaşaýanlygym bilen ylalaşmaly bolarsyň — diýip nägilelik bildirdi Woland we gülümsirände, agzy gyşardy, — sen bu üçekde peýda bolaňda, eýýäm akmaklyk kyldyň, bu akmaklygyň, men saňa aýtsam, gepleýiş äheňiňde. Sen sözleri şeýle beýan etdiň ki, göýä arwahlary, ýagny kölgeleri, şeýle hem ýamanlygy ykrar etmeýän ýaly bolduň. Sen, bir ýagşylyk edip, ine, şu sowal üstünde baş agyrdyp görseň: eger ýamanlyk bolmasa, seniň hossar çykýan şol ýagşylygyň näme işlärdi, eger jemi ki kölgeler gaýyp bolsa, ýer ýüzi nähili öwüşginde bolardy? Eýsem, kölgeler enjamlardan we adamlardan döremeýärmi? Ine, meniň gyljymyň kölgesi. Emma ösümlik-daragtlaryň hem, barça janzatlaryň hem kölgesi bolýar. Ýa-da sen öz ýeke-täk ýagşylyk hakda ham-hyýalyňa berlip, ýer ýüzüni boşadyp, barça ösümlikdir-daragtlary, bütin jandarlary ýok etmekçimiň! Sen tentek.
— Men seniň bilen jedelleşmek islämok, garry sopy — diýip jogap berdi Lewiý Matweý.
— Sen meniň bilen jedelleşibem bilmersiň, ýaňky aýdyşym ýaly, sen akmak — diýip jogap berdi Woland we sorady: — Hany, meniň ýüregime düşme-de, maksadyňy gysga beýan et, nämüçin geldiň?
— Meni ol iberdi.
— Ol senden näme habar iberdi, gul?
— Men gul däl, — has beter gaharlanyp jogap berdi Lewiý Matweý, — men onuň şägirdi.
— Biz, mydama bolşy ýaly, aýry-aýry dilde gepleşýäris, — diýdi Woland, — Ýöne munuň üçin aýdan zatlarymyzyň manysy üýtgemeýär.
Ýeri onsoň...
— Ol ussadyň eserini okady — diýip gepläp başlady Lewiý Matweý, — şu sebäpli, ol senden ussady özüň bilen alyp gidip, oňa aram bagyş etmegiňizi haýyş kyldy. Eýsem, şeýtmek saňa kyn düşermi, ýamanlyk soltany?

— Meniň üçin kyn iş ýok — diýip jogap berdi Woland, — muny özüň hem gowy bilýäň. — Ol bir azajyk dymdy-da:
— Nämüçin siz ony öz ýanyňyza — ýagtylyga alyp gideňzok?
— Ol ýagtylygy däl, rahatlygy gazandy — diýdi Lewiý gamgyn ses bilen.
— Baryp aýt, buýruk berjaý edilýär — jogap berdi Woland we: — Emma özüň şu ýerden güm bol — diýip, ol gözünde ot oýnatdy.
— Ol ussady söýen we onuň üçin külpet gören aýaly hem alyp gidiň diýip haýyş edýär. — Lewiý birinji gezek ýalbaryjy äheňde Wolanda ýüzlendi.
— Sen aýtmanyňda muňa öz akylymyz ýetmeýärmidi? Ugra! — Şu gepden soň Lewiý Matweý gaýyp boldy, Woland bolsa Azazellony çagyryp, oňa buýrdy:
— Derhal uçup baryp, olary sapara şaýla.
Azazello üçegi terk etdi, tamyň üstünde Woland ýeke galdy. Ýöne onuň ýekeligi uzak dowam etmedi.
Üçegiň daş sekisiniň üstünde aýak sesleri we wagyr-wugur sesler eşdildi. Wolandyň garşysynda indi Korowýew bilen Begemot peýda boldy. Emma Begemotyň goltugynda primus ýokdy, ol başga zatlary göterip geldi. Indi onuň goltugynda meýdan gözelligi — peýzaž çekilen kiçijik zerli çarçuwa, egninde ýary ýanan aşpez halady, bir elinde derisi soýulmadyk sýomga balygy bardy. Korowýew bilen Begemotdan ýanygyň ysy gelýärdi, Begemotyň ýüzi gara çyrşak, papagynyň ýary ýanykdy.
— Salýut, messir, — diýip gygyryp salamlaşdylar aýrylmaz aşnalar, Begemot bolsa hatda sýomga balygyny howada bulaýlady.
— Bolup gelşiňiz-ä ganymat — diýdi Woland.
— Messir, göz öňüne getirip görüň — diýip gygyrdy Begemot tolgunyşly şatlyk bilen, — meni öli talaýan — garakçydyr öýtdüler.
— Göterip gelen närseleriňize seredeniňde — diýip jogap berdi Woland, çarçuwadaky peýzažy gözden geçirip, — tüýs öli talaýanyň özi sen.
— Ynanýaňyzmy, messir... — diýip Begemot çyny bilen söze gep başlady.
— Ýok, ynanmaýan — diýip, gysga jogap bilen Woland onuň sözüni böldi.
— Äht edip aýdýaryn, messir, men edermenlik görkezip, mümkingadar köpräk zady halas etjek boldum, bar halas edenim şular boldy.
— Sen gowusy, Griboýewdowyň nädip ot alanyny aýdyp ber — diýip Woland sorady.
Korowýew hem, Begemot hem «biz-ä haýran» diýen manyda eginlerini gysyp, gözlerini göge dikdiler. Begemot bolsa ýene çyňkyryp diýdi:
— Akyly bawar etmeýär! Bimazalyk etmän, garbanyp, ýuwaş otyrdyk...
— Şo mahal birden «tark, tark» edip ok atylyp başlady — diýip, Korowýew gepi kakyp aldy. Gorkudan ýaňa Begemot ikimiz huşumyzy ýitirip, bulwara tarap ylgadyk, yzymyzdan kowgy başlady. Biz Timirýazew tarapa özümizi urduk!
— Emma borja wepalylyk duýgusy, — diýip gepe aralaşdy Begemot, — masgaraçylykly gorkudan üstün çykyp, biz ýene yza dolandyk.
— Hä, yza dolandyk diýsene? — diýdi Woland, — onda jaý ýanyp, kül bolandyr.
— Hawa kül boldy! — gamgyn äheňde takyklady Korowýew, — ýagny, messir, siz örän dogry aýtdyňyz, — ýanyp kül boldy. Diňe gara köýük diwarlar galdy!

— Men — diýip, gürrüňini dowam etdi Begemot, — mejlisler zalyna ylgadym — sütünli zala, messir, birde-ýarym gymmatbaha närsäni alyp çykmak üçin. O, messir, meniň aýalym, eger men öýlenen bolsadym bir däl, ýigrimi gezek dul galmak howpuna duçar bolardy! Emma bagtyma, messir, men öýlenmändirin, şoňa-da köp şat men. Ah, messir, sallahlyk erkinligini heýt, başyňa boýunturyk salmak bilen çalşyp bolarmy?
Woland:
— Ýene-de boş samahully başlad-ow — diýdi.
— Gulak asýaryn we dowam edýärin — diýip jogap berdi pişik, ine, görýäňizmi şu suraty. Başga hiç zat alyp bolmady zaldan, ot göni ýüzüme uruldy. Şundan soň ambara ylgadym, ol ýerden ine, şu sýomga balygyny alyp çykdym. Aşhana atylyp girip, bu halady otdan çykardym. Nazarymda, men, messir, elimden gelen hemme işi etdim, ýöne ýüzüňizdäki şübhe alamatynyň sebäbine düşünip bilemok.
— Korowýew näme işledi sen talaňçylyk edýän wagtyňda? — diýip sorady Woland.
— Men ýangyn söndürýänlere kömekleşdim, messir — diýip, jogap berdi Korowýew jalbarynyň ýyrtygyny görkezip.
— Şeý diýsene, beýle bolsa, elbetde, binany täzeden gurmaly bolar.
— Bina gurlar, messir, — diýdi Korowýew, — ynandyrmaga rugsat ediň.
— Ýeri, bolýa, täze binanyň öňküden gowy bolmagyna umyt etmek galýar — diýip, Woland belledi.
— Aýdyşyňyz ýaly bolar, messir, — diýdi Korowýew.
— Meniň gepime-de ynanaýyň — diýip, pişik söze goşuldy, — barypýatan pygamber men.
— Her halda huzuryňyza gaýdyp geldik, messir, — diýdi Korowýew, — buýrugyňyza taýýardyrys.
Woland öz oturgyjyndan turup, üçegiň erňegine bardy we öz hyzmatdaşlaryna arka öwrüp, uzak wagt dymyp, täk özi uzaklara seredip durdy. Soň ol erňekden yza süýşüp, ýene oturgyja baryp oturdy-da, şeýle diýdi:
— Häzirlikçe hiç hili hyzmat ýok, siz öz wezipäňizi doly berjaý etdiňiz, indi men siziň hyzmatyňyza mätäç däl. Dynç alyp bilersiňiz. Häzir gök gümmürdisi başlanar, bu iň soňky gümmürdi bolar, ol ähli soňlanmaly zatlary soňlar we biz ýola rowana bolarys.
— Örän gowy, messir, — diýdiler-de, iki masgarabaz üçegiň ortasyndaky togalak diňiň arkasynda gözden ýitdiler.
Wolandyň aýdan gök gümmürdisi ýakynlaşyp, bulutlar gözýetimde toplanyp ugrady. Günbatardan gara bulut göterilip, Günüň ýarpy ýüzüni bekledi, soň bolsa doly ýapdy. Üçekde salkyn aralaşdy. Ýene az salymdan garaňky gatlyşdy.
Günbatardan süýşüp gelen bu tümlük ullakan şäheri bütinleý ýapdy. Köprüler, ymaratlar gaýyp boldy. Hemme närse, göýä hiç haçan ýagty jahanda bolmadyk dek, gözden uçdy. Asmanyň ol çetinden bu çetine çenli otly çyzyk kesip geçdi. Soň şäher gümmürdiden lerzana geldi. Urgy ýene gaýtalanyp, gök gübürdäp başlandy. Woland bu zulmatyň içinde görünmeýärdi.

## XXX bap

## UGRAMAK WAGTY GELDI!

— Sen bilýäňmi, — diýýärdi Margarita, — öten gije sen uklap ýatyrkaň, men Ortaýer deňzi tarapyndan gelen zulmat hakynda okap otyrdym... soňra şol hudaýlar, altyn hudaý heýkelleri dogrusynda hem. Nämüçindir olar meni mydam teşwişe salýar. Görýän welin, häzirem ýagyş ýagsa gerek. Senem salkyn düşüp başlanyny duýýarmyň?

Ussat papiros çekip, tüssesini aýasy bilen ýelpäp oturyşyna, jogap berdi:

— Bularyň hemmesi ýagşy, hudaýlar (budlar) hem ýagşy, emma mundan beýläk näme bolarka — hiç akylym ýetenok.

Bu söhbet agşamara, edil binanyň üstünde — üçekde duran Wolandyň gaşyna Lewiý Matweýiň gelen wagty bolupdy. Podwalyň aýnasy açykdy, eger-de häzir biri ondan içerik seredäýse, söhbetdeşleriň örän geň tüýsdedigini görüp, aňk-taňk bolardy. Çünki Margaritanyň ýalaňaç bedenine gara plaş atylgydy, ussat bolsa hassahana eşigindedi. Muňa sebäp: Margaritanyň-a geýer ýaly hiç zady ýokdy, geýim-gejimleriniň bary äriniň öýünde galypdy, ol öý bu ýerden uzak bolmasa-da, Margarita oňa baryp, öz zatlaryny alyp gelmegi hyýalyna-da getirmeýärdi. Ussat bolsa, kostýumlarynyň yşgapda asylgy durandygyna garamazdan, olary geýesi hem gelmeýärdi. Ol Margaritanyň hä diýmän bir bolgusyz waka bolar diýen pikirini oýlap, geýinjek hem bolmady. Dogry, şol ýakymsyz güýz agşamyndan bäri birinji gezek sakal-murtyny päki bilen syrypdy. (hassahanada sakgalyny maşynkada alýardylar).

Otagyň içi buýr-bulaşykdy we bu ýerde nämeleriň bolanyny biler ýaly däldi. Golýazmalar ýerde, düşegiň üstünde, şeýle hem diwanda ýaýrap ýatyrdy. Haýsydyr bir açyk kitap kürsä düňderilip goýlupdy. Tegelek stoluň üsti her hili tagamlar, näz-nygmatlardan doludy we olaryň ýanynda birnäçe çüýşe hem bardy. Bu naz-nygmatlaru içgileriň nireden peýda bolanyny Margarita hem, ussat hem bilmeýärdi. Olar ukudan oýananlarynda, bularyň barlysy stoluň üstünde häzirdi.

Şenbe gününiň agşamyna çenli uklan ussat bilen onuň söýgülisiniň ýadawlygy sowlup, özlerini oňat duýup başladylar. Diňe bir närse — ikisiniňem çep çekgeleri syzlap durdy we ol dünýki hadysalardan alamat berýärdi. Emma ikisiniňem aňynda juda uly üýtgeşiklik bolup geçipdi, podwaldaky kwartiradan eşidilýän söhbete gulak asan her bir kimse derhal bu ahwaly aňlardy. Emma bu ýerde gulak asara bir adam hem ýokdy. Howlynyň gowy ýeri, ol mydama boşlagdy. Günsaýyn ýaşyl lybasyny galyňyrak geýip başlan lipalar we akasiýalar, penjiräň öňündäki tal hem bahar müşküni saçýardy we çalaja öwsüp başlan şemal ony podwala üfleýärdi.

— Ah, sen şeýtan — diýip, ussat birden gygyrdy, — asla aklyňa syganok — ol çilim galyndysyny küldana basyp öçürdi-de; iki eli bilen kellesini tutdy, — ýok, özüň pikir edip gör, — bir akyl-huşly adam, meniň ýaly däliräp görmänsiň. Düýn biziň iblisiň huzurynda bolandygymyza sen beri çynyň bilen ynanýaňmy?

— Gaty çynym bilen — diýip jogap berdi Margarita.

— Hawa, elbetde, elbetde, — diýdi ussat kineli äheňde, — diýmek onda, indi bir dälä derek iki bolupdyr-da! Däli är-aýal. — Ol ellerini göge uzadyp gygyrdy: — Ýok, şeýtan bilsin bu zatlary! Şeýtan, şeýtan, şeýtan!

Margarita jogaba derek özüni diwana oklap, ýalaňaç aýaklaryny hallanladyp, hahahaýlap, soňam gygyryp diýdi:

— Waý, çydar ýaly däl! Waý, içim gyryldy! Özüňe bir seret, nämä meňzeýäň! Ussat utanjyrap, hassahana balagyny dartyşdyrýança, Margarita-da köşeşip, salyhatly keşbe girdi.

— Sen häzir özüňden biygtyýar şeýtan bilsin bu işleri diýip, hakykaty aýtdyň — diýdi ol, — maňa ynanaý, şeýtan bar işi ýerbe-ýer goýar! — Birden onuň gözlerinde ot çakyldy-da., ýerinden turup, tans edip başlap, gygyrdy: — O, gör, nähili bagtly men, nähili bagtly men, onuň bilen dil birikdirenime çäksiz bagtly men! O, iblis, iblis! Indi, janym saňa gurban bolsun! Indi, janym, senem arwah aýal bilen ýaşamaly bolarsyň. — Şondan soň ol ussada okdurylyp, onuň boýnundan mäkäm gujaklap, ýüzünden-gözünden, burnundan, lebinden ogşap başlady. Ussadyň daralmadyk gara saçynyň tarlary ýelpinýärdi, ýaňaklary we maňlaýy posalardan ýaňa low-low ýanýardy.

— Sen çyndanam arwaha meňzeýäň.

— Muny men inkär etmeýärin — diýip jogap berdi Margarita, — men arwah, şoňa-da hoşal men!

— Ýeri, bolýa — diýdi ussat, — arwah bolsaň bolupsyň-da. Bu juda gowy, ajaýyp hal! Diýmek, meni şypahanadan ogurlap çykypdyrlar! Bu hem juda makul iş. Bu zatlaram şu ýere getiripdirler diýeli, bolýa... Indi bizi gözläp ýörmezlerem diýip çak edeli, emma jemi öwlüýä-enbiýalar hakyna maňa aýt, biz nähili we näme bilen gün geçireris? Bu gepi aýtmak bilen, men diňe seniň aladaňy edýärin, ynan maňa.

Şu mahal penjirede galyň tumşukly bir jübüt köwüş we ýol-ýol çyzykly jalbaryň etegi göründi. Soň jalbaryň dyzy epilip, kimdir biriniň kersen ýaly syrty penjireden düşýän ýagtyny bekledi.

— Aloiziý, öýdemiň? — diýen ses eşidildi aýnanyň ýokarsyndaky jalbaryň üstünden.

— Ýene başlandy — diýdi ussat.

— Aloiziými? — diýip sorady Margarita penjiräň teýine baryp, — ony agşam tussag etdiler. Kim seň özüň? Familiýaň näme?

Şol pursatda görnen garanyň balagy hem syrty gaýyp boldy-da, köçe tarapdaky gapynyň tarkyldap ýapylan sesi geldi, şondan soň ýene hemme zat öz kadasyna geldi. Margarita diwana gyşaryp jan-teni bilen gaty-gaty güldi welin, gözleri ýaşaryp gitdi. Emma gülmesini bes edenden soň, ýüzi bütinleý başgaça şekile girdi, indi ol salykatly gepläp başlady, gepläp, diwandan süýşüp düşdi we ussadyň aýak ujuna emedekläp geldi-de, onuň gözlerinden gözüni aýyrman başyny sypalap başlady.

— Garamaňlaý dostum, juda köp kösendiň, köp azar çekdiň! Muny diňe men bilýärin. Ine, saçlaryňa-da ak düşüpdir, dodagyň gyrasynda ýygyrt peýda bolupdyr. O, meniň ýalňyzym, ezizim, hiç zady pikir etme, indi saňa derek özüm oýlanaryn? Saňa kepil geçip aýdýaryn, indi durmuşymyz örän nurana bolar.

— Men hiç zatdan gorkmaryn, Margo, — diýdi birden ussat we başyny galdyranda, Margaritanyň gözüne ol hiç haçan bolmadyk, emma bolanlygyna anyk ynanan wakasy hakynda eser ýazan wagtyndaky ýaly bolup göründi, — gorkmaýanymyň sebäbi, men ähli kynçylyklary başymdan geçirdim. Meni gaty gorkuzdylar, indi hiç zat bilen gorkuzyp bilmezler. Emma meniň saňa nebsim agyrýar. Margo, hemme bela

şunda, ine, şol sebäpdenem bir gepi saňa tekrarlap otyryn. Aklyňa aýlan! Näsag, pukara adam bilen ýaşap, ömrüňi köýdürmek nämä gerek? Öýüňe dolan! Saňa nebsim agyransoň aýdýan bu sözleri.
— Wah, senmi, sen — diýip pyşyrdady Margarita saçlary perişan başyny ýaýkap, — wah, hiç zada ynanmaýan maňlaýygara. Sen zerarly uzyn gije ýalaňaç halda sandyrap durdum, öz aýallyk duýgumy ýitirdim, birnäçe aý dowamly garaňkyda oturyp, diňe bir närsäni — Ýerşalaimiň üstünde gök gümmürdäni hakynda oýlandym, aglap-aglap, gözlerimde ýaş galmady, indi başymyza bagt guşy gonanda, meni kowýaňmy? Ýeri, bolýa, men giderin, giderin, emma bilip goý, sen daşýürek adam! Olar seniň kalbyňy boşadypdyrlar.
Şonda ussadyň ýüreginde ökünçli bir mylaýymlyk duýgusy oýandy we ýüzüni Margaritanyň saçlarynyň arasyna goýup, bisebäp aglap goýberdi. Margarita hem onuň agysyna goşulyşyp, barmaklary bilen ussadyň ýaňaklaryny sypalap pyşyrdady.
— Hawa, ak tarlar, ak gyllar, kelläň gözümiň öňünde gara dönýär, wah, meniň köp jebir çeken çal başlym. Seret, seniň gözleriň nähili! Olar çöl ýaly boş görünýär... Eginleriň, eginleriň bolsa edil agyr ýük göteren dek çöküpdir... Maýyp-müjrüp edip taşlapdyrlar seni, — Margaritanyň gepleri bir-birine gowuşmaýardy, ol sojap-sojap aglaýardy.
Şonda ussat gözýaşlaryny süpürdi-de, dyza çöken Margaritany aýaga galdyrdy, özi hem ýerinden galyp, pert äheňde diýdi:
— Boldy, bes indi! Meni ýaman utandyrdyň. Indi hiç haçan beýle peslik etmerin, bu meselä gaýdyp dolanmaryn, arkaýyn bol. Biziň ikimiziňem öz ruhy näsaglygymyzyň gurbany bolandygymyzy bilýärin, belki, ol saňa-da menden geçendir. Nätjek-dä, indi bu azaby bile çekeris.
Margarita dodagyny ussadyň gulagyna golaý eltip, pyşyrdady:
— Seniň ömrüň kakyna, seniň heşbini döreden şol münejjimzadanyň hakyna ant içip diýýärin, bar zat oňatlyk bolar.
— Ýeri, bolýa, bolýa — diýip, ussat ýene ýylgyryp sözüne goşdy: — Elbetde, adamlar ikimiz ýaly talaň-taraç edilen bolsa, onda olar adatdan daşary güýçlerden pena gözleýärler. Indi menem şolardan pena gözlemäge razy.
— Ine, ine, sen ýene öňki halyňa gaýtdyň, gülýäňem — diýdi Margarita, — emma şol ylmy sözleriň güme gitsin. Ol dünýämi ýa bu dünýä, parhy näme? Men gaty ajygdym.
Şeýle diýip, ol ussadyň elinden tutup stola tarap çekdi.
— Bu tagamlaryň häzir ýer teýine girip gitmejegine ýa-da penjireden uçup çykmajagyna asla ynamymam ýok — diýdi bütinleý hatyrjem keýpiýete geçen ussat.
— Gorkma, uçup gitmez!
Edil şu wagt gapyň aňyrsyndan bir maňka ses geldi
— Size salam.
Ussat bir tisgindi, emma her hili adaty däl wakalara öwrenişen Margarita gygyryp goýberdi:
— Bu Azazellodyr! O, nähili gowy boldy geleni! — soň ussada pyşyrdady: — Gördüňmi, ana, bizi unutmandyrlar! — diýip, gapyny açmaga ylgady.
— Hiç bolmasa, etegiňi bir ýap ahyryn, — diýip gygyryp galdy ussat onuň yzyndan.

— Başaşak gitsin-le... diýip jogap berdi Margarita dälizçeden.
Otaga giren Azazello indi gyýşyk gözüni ussada dikip, tagzym edip, onuň bilen salamlaşdy, Margarita bolsa şeýle diýdi:
— Waý, başym göge ýetdi! Ömrümde hiç haçan beýle hoşal bolmandym! Ýöne ýalaňaçlygym üçin meni bagyşlaň, Azazello!
— Asla ezýet çekmäň, men ömrümde diňe ýalaňaç aýallary däl, derisi soýlan aýallary-da görüpdim diýen manyda gepläp, Azazello gara mata dolanan bir düwünçegi pejiň ýanyna goýdy-da, derhal stol başyna geçdi.
Margarita konýak guýup uzatdy, Azazello ony hözir bilen içdi. Ussat ondan gözüni aýyrman oturyşyna, käte-käte stol aşagyndan ýuwaşja özüniň çep bilegini çümmükläp görýärdi. Emma bu çümmükler täsir kylmady. Azazello howada eräp gitmedi, sebäbi dogrusyny aýdanyňda, muňa hiç hili zerurlyk hem ýokdy. Çünki bu kelte çyparyň, islendik adamda bolup biläýjek gözüne ak düşenini we lybasynyň üýtgeşikligini, donmy ýa-da plaşmy, anyk däldigini hasap etmeseň, hiç hili gorkunç zat ýokdy. Konýagy hem ol adaty adamlar kibi, ökdelik bilen bir demde çulkudyp, yzyndan garbanybam durmady. Emma indi konýakdan ussadyň başy güwläp ugrapdy we pikir edip:
«Ýok, Margarita dogry aýdýaň! Çyndan hem, garşymda iblisiň ilçisi otyr. Ýogsa özüm öňňin agşam Iwana, Patriarh kölçesiniň ýanynda şeýtany görüpsiňiz, diýip ynadyrypdym indi bolsa, nämüçindir şu pikirden gorkup, gözbagçylyk hakda, hamhyýallar hakynda allanämeleri oýlap otyryn. Gözbagçylyk nämişlesin jyn uran bu ýerde» diýip, köňlünden geçirdi. Ol Azazello dikanlap seredip, onuň gözlerinde nähilidir jogapkärlik, tä wagty gelinçä aýtman saklap oturan nähilidir bir pikiriň bardygyny aňdy. «Ol ýöne bizi görmäge däl-de, nähilidir bir tabşyryk bilen gelen bolmaly», — diýip oýlandy ussat. Synçylygy bu gezegem oňa dönüklik etmedi.
Azazello üçünji gezek uzadylan konýagy hem içip, asla içmedik adam dek gep başlady:
— Podwalyňyz ykjamja eken, jyn alsyn meni! Ýöne bir pikir döreýär, näme iş etmek bolar bu çukurda?
— Menem şony aýdyp otyrdym — diýdi ussat gülümsiräp.
— Nämüçin meni howsala salýaňyz, Azazello, — diýdi Margarita, — bir alajy bolar!
— Ýok-la, ýok-la, — diýip seslendi batly ses bilen Azazello, — sizi howsala salmak hyýalyma-da gelmändi. Özüm hem bir alajy bolar diýip pikir etdim. Hawa! Ýogsa-da, tas ýatdan çykaran ekenim, messir size salam gönderdi we sizi özi bilen kiçijik bir gezelenje çagyrdy, eger isleseňiz, elbetde. Ýeri, näme diýersiňiz bu teklibe?
Margarita stol aşagyndan ussadyň aýagyny basdy.
— Uly höwes bilen bararys — diýip jogap berdi ussat, Azazellony öwrenýän nazar bilen synlap, ol bolsa gepini dowam edip:
— Margarita Nikolaýewna hem bu syýahatdan ýüz öwürmez diýip umyt edýäris.
— Meniň-ä ýüz öwürmejegim anyk, — diýdi Margarita we ýene aýagy bilen ussadyň aýagyny yşarat etdi.
— Örän oňat syýahat bolar, — diýdi Azazello, — ine, bu meniň halaýan zadym! Bir demde ylalaşdyk. Şol günki Aleksandr bagyndaky ýaly gepi sozup durmadyk.

— Wah, ýadyma salmaň şol güni, Azazello! Akmak ekenim şonda. Ýogsa-da bu meselede meni günäkärlemelem däl, her gün iblis bilen duşuşybam durlanok.
— Dogry aýdýaň — diýip tassyklady Azazello, — eger her gün duşsaňyz, örän şat bolardyňyz!
— Çaltlyk meniň özüme-de hoş ýakýar — diýdi Margarita şadyýana joşup, — çaltlyk hem, ýalaňaçlyk hem. Mauzerden atylan ok ýaly! Bäý, onuň nähili mergenligini bir görseňdiň — diýip çyňkyrdy Margarita ussada ýüzlenip, — ýassygyň aşagynda goýlan ýedilik kartyň islän halyny urup, oçko alýar… — Margarita serhoş bolup ugrady şu sebäpli gözleri ýanyp ugrady.
— Be, ýadym gursun, unudypdyryn — diýip çyňsap goýberdi Azazello elini maňlaýyna urup, — gaty ýadapdyryn. Messir size sowgat iberipdi — şeýle diýip, ol göni ussada ýüzlendi, — bir çüýşe çakyr. Üns beriň-ä, bu Iudeýa prokuratorynyň içen çakyrynyň hut özi Falern şeraby.
Tebigy ýagdaý, beýle gadyrly närse, elbetde, Margaritanyň hem, ussadyň hem ünsüni özüne çekdi. Azazello matamlardaky ýaly gara parçany açyp, ondan zeň basyp giden bir küýze çykardy. Başda ony bir-bir ysgap gördüler, soň bulgurlary guýup, gök gümmürdisiniň öň ýanynda ýitip barýan ýagtylyga tutup görenlerinde, hemme zat gan reňkine boýaldy:
— Wolandyň salamatlygy üçin! — diýdi Margarita, bulgury ýokary göterip.
Üçüsi-de bulgurlary agyzlaryna eltip, bir owurtdan içdiler. Şobada ussadyň gözi garaňkyrap, demi tutuldy ol janynyň çykýanyny aňşyrdy. Ol ýene reňki ölüniňki ýaly agaran Margaritanyň zordan özüne el uzadyp, kellesiniň stola egilýänini soňam ýuwaşja syrygyp ýere ýykylanyny gördi. Diňe:
— Zäherleýji jellat, — diýip gygyrmaga ýetişdi ussat. Ol Azazello sançmak maksadynda stolda ýatan pyçaga el uzatdy, emma ysgyny galmadyk eli saçakdan syrylyp düşdi-de, bu otagdaky närseleriň hemmesi ussadyň göz öňünde gap-gara reňke boýaldy, soňam bütinleý gaýyp boldy. Ol gapdala agyp, çekgesi ýazuw stolunyň burçuna urlup, ýaralandy.
Zäherlenenler köşeşenden soň Azazello işe girişdi. Birinji nobatda, ol penjireden uçup çykyp, bir demde Margarita Nikolaýewnanyň ýaşan öýüne ýetip bardy. Hemişe işe pugta we seresaplyk bilen berjaý etmäge werdiş bolan Azazello, hemme iş birkemsiz berjaý boldumyka diýip degşirip görmekçidi. Hakykatdan-da, hemme närse isleýşi ýaly bolupdy. Ana, äriniň işden gelerine garaşýan çytyk ýüzli aýal öz ýatan otagyndan çykdy-da, birden reňki buz ýaly agaryp, ýüregini penjeläp, ejiz ses bilen gygyrdy:
— Nataşa! Haý, kim bar... bärik!... — diýip ol kabinete ýetip bilmän, myhman jaýyň ortasynda pola ýykyldy.
— Hemmesi ýerbe-ýer boldy — diýdi Azazello. Ol ýene bir pursatdan soň ölen aşyk-magşuklaryň başujuna geldi. Margarita halyçanyň üstünde sarsman ýatyrdy. Azazello özüniň demir elleri bilen Margaritany, edil gurjak agdaran ýaly aňsatja özüne garadyp, onuň ýüzüne dikanlady. Zäherlenen aýalyň çehresi üýtgäp başlady. Gök gümmürdisi zerarly garaňky gatlyşanyna seretmezden, Margaritanyň arwahyňky ýaly wagtlaýyn gyýmak gözi, ýüzündäki wagşyýana we ýowuz alamatlarynyň gaýyp bolýanlygy göze anyk göründi. Merhum Margaritanyň ýüzi nurlanyp, ahyry,

mylaýymlyk ýüze çykyp, onuň wagşyýana ýyrşaýyşy üýtgäp, ýönekeý, ejiz, dertli ýylgyrma öwrüldi. Şonda Azazello onuň ap-ak dişleriniň arasyny açyp, agzyna ýaňky zäherli çakyrdan birnäçe damja damdyrdy. Margarita uludan dem alyp, Azazellonyň kömegi bilen däl, öz-özi ýerinden turdy we pessaý ses bilen sorady:

— Haýsy günäm üçin, Azazello, nämüçin? Maňa näme etdiň?

Ol süýnüp ýatan ussady görüp, tisgindi we pyşyrdap diýdi:

— Beýle zada garaşmandym... ganhor!

— Ýok, beýle däl — diýdi Azazello, — ol häzir turar. Siz ne beýle tutgaýly!

Çypar iblisiň sesi şu gadar ynançlydy welin, Margarita oňa derrew ynanaýdy. Ol özüne gelip, kuwwatlanyp, tarsa ýerinden turdy-da, ussadyň agzyna çakyr damdyrmaga kömekleşdi. Ussat gözüni açyp, töweregine bakdy we hälki soňky sözüni ýigrenç bilen tekrarlady:

— Zäherleýji ganhor...

— Wah! Ýagşylyk edenleri hemişe ykarat bilen sylaýan ekenler — diýdi Azazello, — näme siz körmi? Tizräk açyň gözüňizi!

Şonda ussat başyny göterip, janly we nurly gözleri bilen daş-töweregine bir-bir seredip çykdy-da, sorady:

— Bu täzeligiň manysy näme?

— Munuň manysy şu — diýip jogap kyldy Azazello, — sapara gitmek wagtyňyz geldi. Ana, eşidýäňizmi, gögem gümmürdeýär? Garaňky düşdi. Atlar bitakat ýer peşäp, kiçijik bag lerzana geldi. Bu mekanyňyz bilen hoşlaşyň, boluň, tizräk hoşlaşyň.

— Hä-ä, düşündim — diýdi ussat, töweregine ýaltaklap, — siz bizi öldürdiňiz, indi biz jeset. Ah, gör, nähili akyl iş! Aýny wagty! Indi men hemmesine düşündim.

— Be, bagyşlarsyň, — diýdi Azazello, — şu gepi sizden eşidýänmi!? Mahbubaň seni ussat diýip atlandyrýar siz häzir pikirlenip bilýäňiz, ýeri, onsoň nädip jesetmişiňiz? Eýsem adam özüni diri hasap etmek üçin, podwalda, keselhananyň içki köýnek-balagynda oturmalymy? Bu gaty gülkünç!

— Hemme gepleriňize düşündim — diýip batly seslendi ussat, — boldy, dowam etmäň! Siz müň ýola mamla!

— Beýik Woland! — diýdi Margarita ussada goşulyp, — beýik Woland! Ol maňa görä danarak pikir ýöredipdir. Emma elbetde, romany, romanyňy, — diýip gygyrdy ol ussada, — nirä perwaz kylsaň-da, romanyňy özüň bilen alyp git.

— Gerek däl — diýip jogap berdi ussat, — men ony başdan-aýak ýat bilýän.

— Bir sözünem... bir sözünem unutmarsyňmy? — diýip sorady-da, Margarita aşygynyň gujagyna girip, onuň çekgesindäki gany süpürdi.

— Biynjalyk bolma! Indi men hiç närsäni hiç haçan unutmaryn — diýip, ol jogap berdi.

— Onda ot ýakalyň! — diýip gygyrdy Azazello, — bar zat otdan başlanypdy, ot bilenem tamam bolsun.

— Ýansyn! — diýip eýmençli gygyrdy Margarita. Podwalyň kiçi penjiresi şark edip açyldy, şemal tutulary gyra sürdi. Asman gysga we şadyýana gümmürdedi. Azazello penjesini peje sokup, tütäp duran bir şahany aldy-da, stola ýaýylan saçagy ýakdy. Soň ony diwanda ýatan bir desse köne gazete degirdi, ondan soň golýazmany we aýnanyň

tutusyny otlady. Bu mahal geljekki çapyşykdan ruhlanan ussat tekjeden haýsydyr bir kitabyny alyp, onuň sapyhalaryny açyp ýanýan saçak üstüne oklady, kitap derrew lowlap başlady.

— Ýan, köýüp kül bol, öten ömür!

— Ýanyň, külpetler! — diýip çyňkyrdy Margarita.

Elwan ýalyn otagy gaplady, şonda üçüsi-de otagdan tüssä goşulyp çykyp, kerpiç basgançakdan kiçijik howla galdylar. Bu ýerde ilki olar öý sahybynyňkyda aşpezlyk edýän aýalyň ýerde oturanyny gördüler, onuň ýanynda bir üýşmek kartoşka, birnäçe bogdak sogan ýaýrap ýatyrdy. Aşpez aýalyň bu ahwaly düşnüklidi. Odun saraýyň öňünde üç sany gara at toýnaklary bilen ýer peşäp, bedenleri titräp, pyşgyryp durdy. Margarita ata birinji bolup mündi, ondan soň Azazello, iň soňunda ussat mündi. Aşpez aýal bir ýňrandy-da, çokunjak bolup, elini göterjek boldy, emma Azazello eýerde oturan ýerinde oňa hemle kyldy:

— Eliňi keserin! — Ol sykylyk çaldy, şonda atlar lipa daragtynyň şahalaryny döwüp, göge perwaz kyldylar we pesläp uçýan gara buludy ýaryp geçip gitdiler. Edil şu wagt podwal penjirejagazyndan tüsse burugsap çykdy. Aşakdan aşpez aýalyň ejiz, gamgyn sesi geldi.

— Ýanýarys!

Atlar eýýäm Moskwanyň üçekleriniň üstünden uçup barýardy.

— Şäher bilen hoşlaşmak isleýärin, — diýip gygyrdy ussat öňde barýan Azazello. Gök gübürdisi onuň galan gepini ýuwutdy. Azazello «bolýar» diýen ýaly edip baş atdy-da, atyny gorduryp gitdi. Bat bilen barýan atlylara bakan içi ýagmyra dolan ullakan bulut ýetip gelse-de, ýagyş damjalamaýardy.

Olar seýil baglaryň üstünden uçup barşyna, kiçijik adamlaryň indi damjalap başlan ýagmyrdan özlerini gutarmak üçin dumly-duşa pytrap gaçýanlaryny gördüler. Atlylar tüsse burugsaýan ýerden uçup geçdiler. Griboýedowdan bar galan zat şudy. Olar tümlük gaplan şäheriň depesinden perwaz edýärdiler. Olaryň üstünde dynman ýyldyrym çakýardy. Ahyry şäher tamlary gutaryp, aşakda ýap-ýaşyl meýdan peýda boldy. Ine, edil şu wagtam ýagyş guýup başlady-da, üç çapyksuwary üç sany ullakan suw damjasyna öwürdi.

Perwazyň täsiri Margarita tanyş bolsa-da, ussat bu duýgudan gapyldy, şoňa görä, gözlän menzillerine bir demde ýetip baranlary ony geň galdyrdy.

Bu ýerde ol bir adam bilen hoşlaşmakçydy — onuň allaýarlaşjak başga hiç kimi ýokdy. Şaglap guýýan ýagyş perdesiniň arasyndan ol Strawinskiý şypahanasynyň binasyny hem, derýany hem, derýanyň aňry kenaryndaky özüniň gowy öwrenen tokaýyny hem derrew tanady. Olar şypahananyň golaýyndaky bagyň içindäki aýmança gondular.

— Size şu ýerde garaşyp duraryn — diýip gygyrdy Azazello, ellerini tüýdük edip: ýyldyrym şuglasynda bir görnüp, bir ýitip — hoşlaşyň, ýöne basym boluň.

Ussat bilen Margarita eýerden segräp düşüp, kölçeleriň ýüzünde şöhlelenip, şypahananyň bagyndan uçup geçdiler. Ýene azajyk wagtdan soň ussat 117-nji otagyň balkonyndaky, özüne juda tanyş gözenegi iterip, içeri girdi. Margarita hem onuň yzyna eýerdi. Olar Iwanuşkanyň ýanyna gök gübürdeýän wagty görünmän, duýdurman girdiler. Ussat krowadyň golaýynda saklandy.

Iwanuşka bu aramgähe gelen birinji güni gök gübürdisini nähili diňläp ýatan bolsa, häzir hem şu tüýsde gymyldaman ýatyrdy. Emma häzir öňki saparkysy ýaly aglamaýardy. Ahyry ol balkondan gelen gara sudury synlap, ýassykdan başyny göterip, oňa ellerini uzatdy-da, şatlanyp diýdi:
— Ä, bu sizmi? Men bolsam haçandan bäri garaşyp ýatyryn. Geleniňiz gowy boldy, goňşy jan.
— Hawa, şu ýerde men! — diýdi oňa ussat jogap edip. — Emma gynansam-da, indiden beýläk size goňşy bolup bilmerin. Men baky uçup barýaryn, diňe siziň bilen hoşlaşmaga geldim.
— Men muny bilýärdim, duýýardym — mylaýym owazda diýdi Iwan we sorady: — Siz oňa duşduňyzmy!
— Hawa, — diýdi ussat, — şonuň üçin hem siz bilen hoşlaşmaga geldim, çünki soňky wagtda diňe siz meniň ýeke-täk söhbetdeşimdiňiz.
Iwanuşkanyň köňli rahatlanyp diýdi:
— Otagyma uçup gireniňiz gowy boldy. Men, elbetde, sözümde tapylaryn, indi hiç haçan goşgy ýazmaryn. Meni indi başga zat gyzyklandyrýar, — Iwanuşka ýylgyryp, dälişge gözlerini ussada däl-de, başga bir ýere bakdyryp, — men başga zat ýazmakçy. Bilýäňmi bu ýerde ýatan wagtym köp zada düşündim.
Ussat bu sözleri eşidip, tolgundy we Iwanuşkanyň düşegine amanat oturyp, gepe başlady:
— Bu örän gowy, örän gowy. Diýmek, ol baradaky eseriň dowamyny ýazjaksyňyz!
Iwanuşkanyň gözleri lowurdady.
— Eýsem, ony özüňiz ýazjak dälmi? — diýip, ol başyny egdi we pikirlenip oturyp, dowam etdi: — Wiý,.. men muny nämüçin soradym — Iwanuşka gorkup, göz gyýtagyny ýere aýlady.
— Hawa, — diýdi ussat, onuň güňleç sesini Iwanuşka tanamady, — ol barada men indi ýazmaryn. Men başga iş bilen bent bolaryn.
Uzakdan eşidilen sykylyk gök gümmürdisini basdy.
— Eşidýärmiň! — diýip sorady ussat.
— Gök gübürdeýär — diýdi Iwan.
— Ýok, meni çagyrýarlar — gitmeli wagt boldy — diýip düşündirdi ussat we ýerinden turdy.
— Saklanyň! Ýene bir agyz söz — diýdi Iwan, — siz şol magşugyňyzy tapdyňyzmy? Size wepadar bolup galypmydyr?
— Ine, ol — diýip jogap berdi ussat we diwara yşarat etdi. Gara geýnen Margarita ak diwardan aýrylyp, bimaryň depesine golaýlaşdy. Ol krowatda ýatan ýigide gamgyn gözlerini dikdi.
— Haý, biçäre, biçäre — diýip sessiz pyşyrdady Margarita we bimara tarap egildi.
— Örän owadan eken — diýdi Iwan bahyllyk bilen däl, birazajyk hasrat we nähilidir ýuwaş geň galma bilen, — ana, gördüňizmi, bar arzuwyňyz hasyl bolupdyr. Emma mende beýle bolmady, — şeýle diýip ol pikire çümdi we dowam etdi — Belki, şeýle bolany makuldyr...

— Hawa, hawa, — diýip pyşyrdady Margarita bimaryň üstüne aşagrak eglip, — ine, häzir men maňlaýyňyzdan öperin welin, hemme zat göwnüňizdäki ýaly bolar... sözüme ynanaýyň, men bu zatlary gördüm, başymdanam geçirdim.
Krowatda ýatan ýigit Margaritanyň boýnundan gujaklady, Margarita bolsa ony ogşady.
— Hoş gal şägirdim, — diýdi ussat eşdiler-eşdilmez we howada eräp başlady. Ol, onuň bilen bile Margarita hem gaýyp boldular. Balkonyň gözenegi ýapyldy.
Iwanuşka tolgunyp başlady. Ol ýerinden galyp, oturdy, töweregine gorkuly seredip, hatda yňrandam, öz ýanyndan bir zatlary samyrdap, ör turdy. Gök gümmürdisi bardyksaýyn güýçlenýärdi, megerem, onuň kalbyna gulgula salanam şol bolsa gerek. Iwany howsala salan ýene bir zat onuň ýatan ýerindäki ümsümlik bozlup, koridordan biynjalyk aýak sesleriniň, güňleç adam sesleriniň eşidilmegi boldy.
— Praskowýa Fýodorowna! — diýip gygyrdy ol gaharlanyp we titräp-gagşap.
Şu demde otaga giren Praskowýa Fýodorowna Iwanuşka sowally nazar bilen seretdi.
— Ýeri? Näme boldy? — diýip sorady ol, — gök gümmürdisi birahat edýärmi? Köşeşiň, zyýany ýok... Häzir kömek ederler. Men doktory çagyraýyn.
— Ýok, Praskowýa Fýodorowna, doktory çagyrmaň — diýdi Iwanuşka, Praskowýa Fýodorowna däl, diwara biynjalyk seredip — maňa üýtgeşik zat bolanok. Men indi öz ahwalyma düşünýän, siz gorkmaň. Gowusy, aýdyň hany, — diýip dilkeşlik bilen sorady Iwan, — ýanymdaky ýüz on sekizinji otagda häzir näme boldy?
— Ýüz on sekizinjidemi? — diýip, gaýtalap sorady Praskowýa Fýodorowna we gözleri elek-çelek boldy, — ol ýerde hiç zat bolanok — diýende, aýalyň sesi ýasama çykdy, muny derhal duýan Iwanuşka diýdi:
— Goýuň, Praskowýa Fýodorowna! Siz bir dogruçyl adam-a, näme men topalaň turzar öýdüp pikir etdiňizmi? Ýok, Praskowýa Fýodorowna, arkaýyn boluň. Siz gepiň dogrusyny aýdyberiň. Men, barybir diwar arkaly hemmesini bilip ýatyryn.
— Edil häzir goňşyňyz ýogaldy — diýip pyşyrdady Praskowýa Fýodorowna, özüniň hemdemligini we akgöwünligini ýaşyrmaga gurby çatman, aýtmasyna aýtdy-da ýüregi bükgüldäp Iwanuşka ätiýaçly seretdi, şol wagt Praskowýa Fýodorowna ýyldyrym nuruna çümdi. Emma Iwanuşkada erbetlik ýüze çykmady. Ol diňe barmagyny köp manyly göterip, şeýle diýdi:
— Men şeýle boljagyny bilýärdim! Size ynandyryp diýýärin ki, Praskowýa Fýodorowna, häzir şäherde ýene bir ynsan älemden ötdi. Men hatda onuň kimligini hem bilýärin, — şu sözleri diýip Iwanuşka pynhan ýylgyrdy, — ol aýal adam.

## XXXI bap

## SERÇE DEPEDE

(Serçe depe — Worobýewyýe gory, Moskwa Döwlet Uniwersitetiniň täze binasy şu depede ýerleşýär).
Gök gümmürdisiniň dabdabasyndan nam-nyşan galmady, bu mahal bütin Moskwanyň üstüne äpet gümmez ýaly göterilen reňbe-reň älemgoşar Moskwa derýasyndan suw içýärdi. Beýik depedäki iki sazlygyň (roşa) aralygynda üç sany gara

sudur göründi. Eýerlenen gara atlara münen Woland, Korowýew we Begemot derýanyň aňyrsyndan gözýetime çenli ýaýylyp giden şähere, onuň günbatara bakýan öýlerindäki müň-müňläp penjirelerde şekillenýän gijeki şuglasyna we gyzlar monastyrynyň haşamly gümmezine seredip durdylar.
Howada şagyrdy eşidildi, uzyn gara plaşly Azazello, onuň arkasyndan yzba-yz gelýän ussat bilen Margarita üçüsi özlerine garaşyp duran üç atlynyň golaýynda ýere indiler.
— Sizi, Margarita Nikolaýewna, sizi hem, ussat, biraz azara goýmaly boldy — diýip gep başlady Woland, az-kem dymyşlykdan soň, — ýöne menden kine etmersiňiz diýen umytda men. Elbetde, bu ýere geleniňize ökünmersiňiz. Ýeri, onda — diýip, ol diňe ussada ýüzlendi, — şäher bilen hoşlaşyň. Gitmäge çen boldy — şeýle diýip Woland agzy tüýdüksypat gara ellik geýen eli bilen derýanyň aňyrsyna yşarat kyldy: ol ýerde günuzyn gün şöhlesinden çog dek gyzan şäherden göterilen duman, tüsse, bug kuýaş nuruna lowurdap, bihasap penjireleriň üstünde — howada erkin asylyp durdy.
Ussat atdan segräp düşüp, bir özi jaryň ýakasyna ylgap gitdi. Egnindäki gara plaşyň etegi yzynda ýere süýrenip barýardy. Ussat şähere seredip başlady. Ilkibada hasratdan ýaňa ýüregi sarkyryp agyrdy, emma bu duýgy bir demde geçip gidip, ornuny köňüle süýji gulgula salyjy, syganlara mahsus awaralyk duýgusy eýeledi.
— Indi baky hoşlaşyk! Muny pähimlemek gerek — diýip, pyşyrdady ussat we jaýryk atan dodagyny ýalady. Ol öz kalbyna gulak salyp, onda näme bolup geçýänini anyk bilip başlady. Onuň tolgunmasy göwnüne juda uly we agyr ynja dönen ýaly duýuldy. Emma bu ynjy wagtlaýyn bolup, ol derrew ýitip, gedemsi biperwaýlyk bilen ýerini çalyşdy, biperwaýlyk bolsa baky rahatlyk duýgusyna öwrüldi.
Atlylar ussada sessiz garaşyp durdylar. Olar bu uzyn gara suduryň jaryň arkasynda durup edýän her hili el yşaralaryny, kä bütin şäheraşa nazar taşlap, onuň gözýetimden aňyrky tarapyny görmekçi bolýan ýaly, daraklygyna galýanyny kä aýagynyň astyndaky basgylanyp, gurap başlan ot-çöpleri öwrenmekçi bolýan dek başyny aşak egýänini synlap durdylar.
Ahyry ýüregi gysan Begemot ümsümligi bozdy.
— Ejaza berseňiz, metr, — diýip gep başlady ol, — uçuşdan öňki hoşlaşyk sykylygyny men çalaýyn.
— Hanymy gorkuzarsyň — diýdi Woland, — şeýle hem şuny unutma ki, sen bu günki nämakulçylyklaryň baryny edip gutardyň.
— O, ýok, ýok, messir, — diýdi eýerde amazonkalar dek elini biline diräp, uzyn etegini ýere çenli düşürip oturan Margarita, — rugsat beriň oňa, goý, sygyrsyn. Alys saparyň öňünden köňlüme birhili gamgynlyk aralaşdy. Hawa, ynsan bu sapar netijesinde bagta ýetjegini bilse-de, şeýle gamgyn bolmagy tebigy ýagdaý dälmi, messir? Goý, ol bizi şatlandyrsyn, ýogsa uzak ýoldan öňürti aglap, keýpiýetleriňizi bozmagym ahmal.
Woland baş atyp, Begemoda yşarat etdi, pişigiň köňli göterilip, atdan böküp düşdi we barmaklaryny agzyna dykyp, ýaňagyny çişirdi-de sygylyk çaldy. Margaritanyň gulagy şaňlap kamata geldi. Onuň aty ürküp, çarpaýa galdy, tokaýdaky daragtlardan guran şahalar döküldi, gargalar, serçeler topar-topar bolup asmana göterildi, küpürsäp

galan tozan derýa tarapa uçdy, bendergäh ýanyndan ýüzüp geçip barýan derýa tramwaýyndaky birnäçe ýolagçynyň başyndan papagy suwa gaçdy. Ussat sykylyga tisgindi, emma yzyna öwrülmedi, diňe ellerini ýokary göterip, edil şähere hemle urýan ýaly hereket etdi. Begemot töweregine buýsançly nazar aýlady.
— Tassyklaýan, sykylyk çalyndy, — mürewwet edýän dek diýdi Korowýew, — hakykatdanam sykylyk çalyndy, dogrusyny aýtsak, ortaça sykylyk boldy!
— Çünki men regent däl — diýip jogap berdi Begemot tekepbirlik bilen ýaňagyny çişirip we Margarita duýdansyz göz gypdy.
— Hany, menem bir synanyp göreýin, ýaşlygy ýatlap, — diýdi Korowýew, ellerini owkalap, barmaklaryna tüýkürip.
— Emma ätiýaçly bol, — diýdi Woland ýowuz ses bilen, — hiç kime hiç hili zeper ýetmesin!
— Messir ynanyň, — diýdi Korowýew elini döşüne goýup, — bu degişme — oýun, diňe degişme bolar... — Şonda onuň göwresi edil rezinden ýasalan dek birden ýokarlygyna sozuldy, sag eliniň barmaklaryny büküp, täsin bir şekil ýasady-da, edil çarh kibi pyr-pyr aýlanyp, bir örüm saça meňzäp, birdenem çözläp, sygyryp goýberdi. Margarita bu sykylygy eşitmedi, gaýta ony gözi bilen gördi: ol özüniň oýnaklaýan aty bilen bile on gez aňra zyňlyp düşdi. Ýanyndaky bir düýp dub agajy emer-damary bilen goparylyp, ýykyldy, toprak derýanyň kenaryna çenli tarsa-tarsa ýaryldy. Kenaryň uly bir bölegi ol ýerdäki bendergähu (pristan) restoran bilen bile opurylyp, derýa agdy. Derýa köpükläp daşdy we derýa trambaýyny içindäki ýolagçylar bilen bile aňyrky ýap-ýaşyl pes kenara bişikest çykaryp taşlady. Margaritanyň ürküp pyşgyrýan atynyň aýagynyň astyna Fagotyň sykylygyndan heläk bolan bir alagarga tap edip gaçdy. Bu sygylyk ussady gorkuzdy. Ol başyny penjeläp, özüne garaşýan ýoldaşlaryna tarap ylgap ugrady.
— Ýeri, — diýip ýüzlendi oňa at üstünden Woland, — barça hasap-hesip gutardymy? Hoşlaşyk wajyp boldumy?
— Hawa, wajyp boldy, — diýip jogap berdi ussat, soň köňli tesgin tapyp, Wolandyň ýüzüne göni we batyrgaý seretdi.
Ana, şonda Wolandyň eýmenç owazy depäniň üstünde Esrapylyň sury dek batly ýaňlandy:
— Wagt boldy! — şundan soň Begemotyň ýiti sykylygydyr hahahaýlap gülýäni eşidildi.
Atlar öňe okduryldylar we suwarylar göge perwaz edip gitdiler. Margaritaň münen tez aty agyzdyrygyny gemrip, jylawy üzäýjek bolýardy. Wolandyň plaşy şemala ýaýylyp, zulmata bürenýän asman gümmezi astynda hemme suwarylara saýawan boldy. Gara saýawan bir sellem ýelpinip, asmanyň ýüzi açylan wagty, Margarita atyny uçuryp barşyna arkasyna öwrüldi, öwrüldi-de, reňkli minaralaryň we olaryň depesinde çarh urup uçup ýören aeroplanyň, şäheriň özüniň hem bireýýäm gaýyp bolanyny gördi, şäheriň ornunda indi diňe duman bardy.

## XXXII bap

## GÜNÄ GEÇILMEK WE BAKY MEKAN

O, taňrylar, taňrylarym meniň! Agşam çagynda zemin nägadar gamgyn! Batgalyklaryň üstündäki duman nähili syrly! Muny diňe şu dumanda azaşan, ölüminiň öňünden köp jepalary başyndan geçiren, işbu zeminiň üstünden ahyry agyr ýük göterip perwaz eden adamlar biler. Muny ýaşaýyşdan ýadan adam biler. Şu sebäpli ol zemin dumanydyr onuň batgalyklaryny we derýalaryny asla gyýylman terk eder-de, özüni ajalyň eline hatyrjemlik bilen tabşyrar, çünki ol diňe ajalyň özüni köşeşdirjegini bilýär.
Jadyly gara atlar hem ýadadylar, indi olar haýal barýardylar, zulmat olaryň suwarylarynyň yzyndan kowup ýetipdi. Hatda dynuw-da, ýanuwsyz Begemot hem yzyndan kowup gelýän garaňkyny duýup, köşeşipdi, ol ýiti dyrnaklaryny eýere çümdirip, guýrugyny şemalda ýelpildedip, salyhatly, ümsüm uçup barýardy. Tün tokaýdyr ýaýlaglaryň üstüne gara ýaglyk ýapyp, hol aşaklarda gamgyn otjagazlary, Margarita hem, ussada hem indi gyzyksyz, zerur bolmadyk saýry otjagazlary ýakdy. Ine, tün suwarylardan hem ozup geçdi we olaryň üstüne zulmat eläp, mawy asmanyň kä ol, kä bu ýerinden ýyldyzlar peýda bolup, ak tegmilleri hasyl edip başlady.
Tün bardyksaýyn goýulaşyp, suwarylar bilen ýanma-ýan perwaz edip, olaryň donlaryny eginlerinden ýolup alyp, ýasamadygyny paş edýärdi. Şu wagt ýüzüni salkyn şemala tutup barýan Margarita gözlerini açyp, öz menziline uçup barýan bu atlylaryň tüýsleriniň üýtgäp başlandygyny gördi. Tokaýyň arkasyndan gyrmyzy reňkli dolan Aý suwarylara gujak açyp göterilip başlanda bolsa olaryň barça ýasama syrlary äşgär boldy, wagtlaýyn jadygöýlük lybaslary batgalyga gaçyp, dumana gark boldy.
Häzir Margaritanyň sag egninde, Woland bilen ýanma-ýan uçup barýan mahluga seredip, onuň aslynda terjimeçä mätäç hem bolmadyk syrly konsultantyň ýasama terjimeçisi Korowýew — Fagotdygyna ynanar ýaly däldi. Ýyrtyk sirk geýiminde Serçe depäni terk eden Korowýew — Fagota derek indi dok gyrmyzy reňk sowut geýen, ýylgyrmaýan ýüzi hemişe gamgyn syýa reňk rysar atyň altyn zynjyryndan ýasalan jylawyny mylaýym şykgyldadyp, ýelip barýardy. Ol eňegini göwsüne diräp, Aýa hem seretmän, aýagynyň aşagyndaky zemine hem perwaý etmän, özüçe nähilidir hyýallara gark bolup, Wolandyň ýany bilen perwaz edýärdi.
— Waý, nämüçin ol beýle üýtgedi — diýip ýuwaşja sorady Margarita, Wolandyň ýanyndan geçýän şemalyň sykylygyna ses goşup.
— Bu rysar bir wagtlar ýerliksiz oýun edipdi — diýip jogap berdi Woland, ýüzüni Margarita öwrüp — onuň bir gözi ýuwaş ýanýardy, — onuň nur we zulmat barasynda gepläp, döreden tejnisi (söz oýny) onça gowy çykmandy. Şondan soň ol öňküsinden artygrak we uzagrak degişmäge mejbur boldy. Emma bu gije aýny hasap-hesip gijesi. Rysar tölegini töledi-de, hasaby ýapdy!
Gün Begemotyň guýrugyny hem üzüp, bedeniniň tüýüni hem ýolup taşlady we olary edil saýgyç ýaly tüýdüp, batgalyklara seçip goýberdi. Zulmat soltanyň masgarabazy bolan pişik ýigide, arwah — mähreme, dünýäde deňi-taýy ýok oýunbaza öwrüldi. Indi ol hem şohlugyny taşlap, juwan ýüzüni Aý nuruna tutup, dym-dyrs ýelip barýardy.

Hemmeden bir gapdalda Azazello polat geýimini ýalpyldadyp uçýardy. Aý onuň hem ýüz keşbini üýtgedipdi. Onuň bigelşik, ýaramaz — bidowa aňňy dişi gaýyp bolupdy, gözüniň gyşyklygy hem ýasama bolup çykdy. Onuň iki gözi hem bir meňzeşdi, boşdy we gap-garady, ýüzi bolsa akdy hem sowukdy. Indi Azazello özüniň asyl tüýsüne — suwsuz çöl arwahy, ganhor ezraýyl tüýsüne giripdi.
Margarita özüni görüp bilenokdy, emma ussadyň näderejede üýtgänini anyk görýärdi. Ussadyň saçlary indi Aý nurunda agaryp, ýeňsesinde bir oram saça öwrülip, şemalda ykjap barýardy. Şemal onuň donuny uçyran wagty, belent gonçly ädiginiň ýyldyzsypat şporlary kä sönüp, kä parlaýardy. Ussat edil ýaş arwaha meňzäp, gözüni Aýdan aýyrman barşyna, oňa garap, özüniň iň ýagşy, köne tanyşyny gören ýaly ýylgyryp we 118-nji otagda öwrenen endigine görä, öz ýanyndan bir zatlary samraýardy.
Ahyry Woland hem özüniň hakyky tüýsüne giripdi. Onuň münen atynyň jylawy nämeden ýasalan diýip soralsa, Margarita aýdyp berip bilmezdi, şu sebäpden ony Aý şöhlesinden ýasalan zynjyr bolsa gerek diýip oýlanýardy, aty bolsa — goýy zulmatyň, üýşmegi, atyň ýalyny — bulut, suwarynyň aýagyndaky şporlary bolsa, ýyldyzlaryň ak tegmili diýip hasaplaýardy.
Olar şu zeýilde köp wagtlap ümsüm uçdular, ahyry olaryň aýak astyndaky giňişlik öz şekilini üýtgedip başlady. Ümsüm tokaýlar zulmat bagryna gark bolup, gylyjyň tygyny ýatladyp, göze çala görünýän derýalary hem özleri bilen bile alyp gitdiler. Pesde mahabatly tegelek daşlar ýaldyrap göründi, olaryň aralary Aý ýagtysy düşmänliginden gap-garaňkydy.
Woland at jylawyny çekip, ony üsti ýasy daşdepä gondurdy, başga suwarylar hem oňa eýerdiler; olaryň gulagyna at nallarynyň daş we çakmakdaşlara urlanlygy eşidilýärdi. Aý bu meýdanjagazy açyk ýaşyl nur bilen ýap-ýagty edipdi, şoňa görä, Margarita bir demden soň, bu guwlap ýatan boşlukda daş kürsüni we onda oturan başdan-aýak ak geýnen adamy gördi. Bu adam ýa ker, ýa-da juda çuňňur pikire gark bolan bolsa gerek. Nämüçin diýeniňde, atlaryň toýnagynyň astynda daşdepäniň lerzana gelenini hem duýmady, netijede suwarylar ony hiç teşwişe salman, ýanyna ýetip bardylar.
Aý iň ýagty elektrik fonaryndan hem ýagtyrak nur saçýanlygy sebäpli Margarita kürsüde oturan adamyň dynman aýallaryny bir-birine sürtýänligini, onuň sokur gözleriniň göni dolan Aýa dikilendigini gördi. Indi Margarita Aýyň ýagtysyna uçgun syçraýan agyr daş kürsüniň ýanynda ýatan gulaklary çüri juda haýbatly bir garamtyl iti we onuň hem öz eýesi ýaly Aýa biynjalyk bakýanyny synlady.
Oturan adamyň aýagynyň ýanynda döwlen küýzäniň bölekleri pytrap ýatyrdy, guramaýan garamtyl-gyzyl kölçäni görmek bolýardy.
Suwarylar atlaryny sakladylar.
— Romanyňyzy okap çykdylar, — diýip gep başlady Woland ussada öwrülip, — diňe bir pikir, gynansagam, roman soňlanmandyr diýdiler. Şeýlelikde men size öz gahrymanyňyzy görkezesim geldi. Ine, indi iki müň ýyla golaý wagt bäri ol şu meýdançada uklap oturýar, emma Aý dolup, göge galkanda, görüp dursuň, ukusyzlykdan ejir çekýär. Ukusyzlyk diňe oňa däl, onuň wepaly goragçysy — ite-de azap berýär. Gorkaklyk — iň ýaman häsiýet diýenleri dogry bolsa, bu babatda itde

günä ýok, bu batyr köpek dünýäde diňe bir närseden — gök gübürdüsinden gorkýardy. Haý, ne çäre, söýen adamyň öz söýgülisiniň kysmatyna şärik bolmagy hem lazym.
— Ol näme diýýär? — diýip sorady Margarita we hatyrjem çehresinde ýüregi awama gamgynlygy peýda boldy.
— Ol mydam bir gepi tekrarlaýar — diýen Wolandyň sesi ýaňlandy, — Aýyň ýagtysynda maňa dynçlyk ýok, wezipäm — agyr iş diýýär. Ol oýa wagtynda mydam şu sözleri tekrarlaýar, uklan çagynda bolsa, hemişe bir närsäni — Aý nurundan ýasalan ýoly düýşde görýär; ol, ine, şol ýoldan ýöräp, ele salnan Ha-Nosri bilen söhbetleşmegi isleýär, çünki onuň takyklaýşyça, bir wagtlar, baharky nisan aýynyň on dördünji güni oňa aýtjak gepini doly aýdyp ýetişmändir. Emma, arman, şol aý-aýdyň ýola çykmak näme üçindir oňa nesip etmän gelýär, ýanyna-da hiç kes gelmeýär. Ine, şonuň üçin ol bialaç öz-özi bilen gepleşýär. Ýogsa-da nähilidir bir üýtgeşik täzelik girizilse gowy boljak, şoňa görä, ol Aý hakynda pikir edýän wagty, köplenç öz başynyň ölümsizliginden, şan-şöhratyndan zeýrenýär. Ýene: öz takdyrymy eleşän ykmanda Lewiý Matweýiň takdyryna höwes bilen çalşardym diýip takyklaýar.
— Bir wagtlardaky bir Aý üçin on iki müň aýdan ýüz öwürmek— juda köp dälmi? — diýip sorady Margarita.
— Ýene Frida wakasy gaýtalanyp başladymy? — diýdi Woland, — goýuň, Margarita, bu ýerde özüňizi alada goýmaň. Hemmesi ýazgytdaky ýaly bolar, dünýäň özi şeýle gurlan.
— Azat ediň ony, — diýip Margarita edil arwah bolan wagtyndaky ýaly birden jynssyz gygyrdy, bu sesiň onuň zarbyna dagdan daş gaýdyp, depelikden depelige urlup, gümmürdäp, düýpsüz boşluga gaçdy. Bu — düýpsüz boşluga gaçan daşyň gümmürdisimi ýa-da iblisiň gülküsiniň ýaňymy — owazymydy, Margarita aýdyp bilmezdi näme bolanda hem, Woland Margarita gülüp bakyp, şeýle diýdi:
— Dagly ýerde gygyrmak gerek däl, ol ýykylmaga werdiş bolandyr, şonuň üçin oňa perwaý hem etmeýär. Siz, Margarita, onuň tarapyny çalyp, haýyş edip azara galmaň, sebäbi başga adam, ýagny onuň çyny bilen sözbetleşjek bolup ymtylýan adamy, bieýýäm bu hakda haýyş edipdi, — şu gepden soň Woland ýene ussada öwrülip diýdi:
— Ine, indi siz romanyňyzy bir jümle bilen jemläp bilersiňiz. Daş kürsüde oturan prokuratordan gözüni aýyrman, sarsman duran ussat göýä şu gepli garaşýan dek iki aýasyny agzyna eltip, şeýle bir gygyrdy welin, sesiniň ýaňy bu adamsyz, agaçsyz takyr daglarda gaýta-gaýta tekrarlandy:
— Azat sen! Azat sen! Ol saňa garaşýar!
Daglar ussadyň owazyny gümmürdä öwürdiler we şu gök gümmürdisi daglary wes-weýran etdi. Nälet siňen gaýaly diwar ýykyldy. Diňe tekiz meýdança hem ondaky daş kürsi galdy. Diwar gaýdan gap-garaňky düýpsiz jaryň üstünde lowurdap, äpet bir şäher peýda boldy, onda näçe-näçe müň gezek gelip giden dolan Aýly gijeleriň dowamynda ösüp, kemal tapan şäher bagynyň üstünde dikelen butlaryň heýkelleri altyn dek öwşün atýardy. Prokuratoryň şunça wagtdan bäri intizar bolup garaşan şol aý-aýdyň ýoly göni şu baga tarap barýardy, gulaklary çüri köpek birinji bolup şol

şöhle ýoldan ylgap gitdi. Işligi gyrmyzy, ak reda geýen şahs daş kürsüden turup, gyryljak ses bilen bir zat diýip gygyrdy. Emma onuň aglaýandygynam, gülýändiginem, näme diýip gygyranyny hem anyklap bolmaýardy. Onuň şol aýdyň şöhleli ýoldan öz wepaly goragçysynyň yzyndan ylgap gidenini gördüler, bolany.
— Men şonuň yzyndan şol tarapa gitmelimi? — diýip sorady biynjalyk ussat, atynyň jylawyny silkip.
— Ýok, — diýip jogap berdi Woland, — tamam bolan närsäň yzyndan kowmak nämä gerek?
— Onda, beýläkmi? — diýip, sorady ussat yzyna öwrülip, ýakynda öz terk eden haşamly minaraly monastyrlary bolan, öýleriniň penjirelerinde kuýaş döwük-döwük görnüşde şekilenen şäher tarapy görkezip.
— O taýa hem däl — diýip joagp berdi Woland, şonda onuň sesi goýulaşyp, gaýalaryň depesinde gümmürdedi, — hyýalbent ussat! Siziň häzir azat edip goýberen, ýagny öz döreden gahrymanyň bilen duşmak isleginde bolan adam romanyňyzy okady. — şondan soň Woland Margarita gaňryldy: — Margarita Nikolaýewna! Siz ussat üçin iň berkemal gelejek döretmekçi bolduňyz — biz mundan habarly şeýle-de meniň size teklip etmekçi bolan maslahatym, edil häzir siziň adyňyzdan siziň üçin Iýeşuanyň haýyş eden zady — ýene ýagşyrak. Olaryň ikisinem öz halyna goýuň, — diýdi Woland ussat tarapa eňilip, prokuratoryň ylgap giden ýoluny görkezip, — olara päsgel bermäliň. Belki, özleri bir dil tapyşarlar. — Şundan soň Woland Ýerşalaim tarapa seredip, elini salgady welin, ol söndi.
— O taýda hem, — diýip Woland arka tarapa yşarat kyldy, — näme bar şol podwalda? — Şonda penjirelerde şekillenip gelýän güneş parçalary söndi. — Näme geregi bar? — diýip dowam etdi Woland kesgin, emma mylaýym äheňde, — ah, hyýal, bent, romantik ussat, nämüçin siz ýaňy pyntyklap, gülläp üljeleriň aşagynda öz magşugyňyz bilen her gün seýil edip ýörmegi, gijelerine bolsa Şubertiň sazyny diňlemegi islemersiňiz? Nämüçin indi şemleriň ýagtysynda per galam bilen eser ýazmak size lezzetli dälmi? Indi siz Faust ýaly täze gomunkul ýaratmak umydynda retorta üstünde pikir ýöretmegi isläňizokmy? Şol tarapa, şol tarapa ýol alyň. Ol ýerde sizi öz öýüňiz, öýüňizde garry hyzmatkäriňiz garaşýandyr, ýakylan şemler basym söner, edil ýetip baran wagtyňyz daň şapagy sizi gujak açyp garşy alar. Ine, şu ýoldan, ussat, ine, şu ýoldan baryň. Elwugag! Men gitdim.
— Elwugag! — diýip des-deň gygyrdylar Margarita bilen ussat. Şonda gara dona dolanan Woland ýol saýgarman göni baryp düýpsüz jara ýykyldy, ýanyndakylaram onuň yzyndan düýpsüzlige düňderildiler. Töwerekde gaýalar hem, meýdança hem, aý-aýdyň şöhle ýol hem, Ýerşalaim hem — hemmesi gaýyp boldy. Gara atlar hem gözden ýitdi. Şu wagt ussat bilen Margarita özlerine wada edilen daň şapagyny gördüler. Ol şu demiň özünde, ýarym gijede, dolan Aý parlap duran wagty başlandy. Ussat öz söýgülisi bilen bile daňyň ilki nurundan lezzet alyp, çar tarapyny moh basan paýapyldan geçip ugradylar. Çeşme aşyk-magşuklaryň yzynda galdy, indi olar gumly ýoldan ýöräp gitdiler.
— Ümsümlige gulak sal, — diýýärdi Margarita, onuň ýalaňaç aýaklarynyň aşagynda gum şaggyldaýardy. — Ýaşaýyşyňda saňa nesip etmedik zady ümsümligi diňläp, lezzet al. Seret, hol öýde saňa sowgat berlen baky öýüň — mekanyň. Onuň üç gatly

wenesian penjiresini, üçege çen dyrmaşan üzüm şahalaryny görýärin. Ine, şu seniň öýüň, baky mekanyň. Bilýän, gijelerine ýanyňa öz gowy gören, seni gyzyklandyran we köňlüňi agyrtmaýan adamlar gelerler. Olar seniň üçin saz çalarlar, aýdym aýdarlar, şemler ýakylanda, otagyň içiniň nähili reňkdedigini görersiň. Sen her güni agşam şory çykyp giden şol ebedi şypyrmaňy geýip, ýylgyryp gidersiň. Uky saňa derman bolar, sen dana pikirler ýöredersiň. Emma meni indi ýanyňdan kowup bilmersiň. Seniň rahatlygyňy men goraryn.
Şeýle diýýärdi Margarita ussat bilen bile onuň baky mekanyna sary barşyna, Margaritanyň sözleri häzir arkada galan çeşme kibi mylaýym şyrlaýan ýaly bolup eşidilýärdi, şonda ussadyň hatyrasy — bihasap sanjymlara çydam beren biserenjam hakydasy ýuwaş-ýuwaş sönüp başlady. Edil onuň özi ýap-ýaňy öz döreden gahrymanyny azat edişi kibi, kimdir biri ussady azatlyga çykarýan ýalydy. Ine, baky ýer gujagyna girip gitdi şol gahrymany — ýekşenbä geçilýän gije günäsi ötülen münejjimzada, Iudeýanyň rehimsiz bäşinji prokuratory, atly Pontiý Pilat.

## SOŇLAMA

Ýeri, şol şenbe agşamy, agşamara Woland öz ýoldaşlary bilen Serçe depeden uçup, gaýyp bolandan soň, Moskwada nämeler boldy?
Bütin paýtagtyň akyla sygmaýan myş-myşlardan ýaňa ençe wagta çenli güwläp durany we olaryň örän tiz ýurduň iň uzak, iň çetki künjeklerine çenli ýetip barany hakynda aýtmasaň-da boljak, çünki bu tutaryksyz myş-myşlary tekrarlamak hem ýüregiňi ersdirýär.
Işbu dogruçyl setirleri ýazýan meniň hut özüm otluda Feodosiýa gidip barşyma, Moskwada tutuş iki müň adamyň teatrdan çyp-ýalaňaç halda köçä çykandygy we şu ahwalda öý-öýlerine takside gidendigi barada gulagym bilen eşitdim.
Süýde nobatda duranlaryň arasynda, tramwaýlarda, magazinlerde, kwartiralarda we olaryň aşhanalarynda, hem uzaga, hem şäher çetine gatnaýan otlularda olaryň duralgalarynda, daçalarda, suwa düşülýän güzerlerde — hemme ýerde «Şeýtan, arwah...» diýip pyşyrdaýan sesleri eşitmek bolýardy.
Ýogsa-da ilatyň iň parasatly, iň medeniýetli şahslary şeýtan hakynda tutuş paýtagta ýaýylan bu geplerden özlerini çete çekýärdiler we onuň ýaly myş-myşlaryň üstünden gülşüp, olary ýaýradyp ýörenleri tertibe çagyrmaga çalyşýardylar. Emma aýdyşlary ýaly, fakt faktlygyça galýar. Ýagdaýy düşündirmän, ony gury ret etmegem mümkin däl, çünki paýtagta şol döwürde gelip-gidenlerem kän. Griboýewdowyň ýanyp, garalyp ýatan diwarlary ondan başga ýüz beren ýene juda köp wakalar ýaýran myş-myşlaryň rastlygyna delil berip durýardy.
Medeniýetli kişiler bu — öz kesbiniň piri bolan gözbagçylar we gaýypdan habar beriji palçylar toparynyň işi diýilýän derňew ähliniň pikirini tassykladylar.
Elbetde, bu topary ele salmak üçin Moskwada hem, ondan daşarda, alys-alys ýerlerde hem geçirilen çalt we kesgin çäreler-de, näçe gynansak-da, degerli netije bermedi. Özüni Woland diýip atlandyran şahs we onuň hemşerleri gaýyp bolup, soň Moskwa gaýdyp gelmediler, başga hiç bir ýerde hem garalaryny görkezmediler. Netijede, ol daşary ýurda gaçandyr diýen pikir doguldy, emma o taýlarda-da ondan derek

bolmady. Wolandyň işi diýlip başlanan derňew uzak dowam etdi. Sebäbi ol görlüp-eşidilmedik çetin işdi! Onuň derdinden ýanyp, kül bolan dört jaýdan başga-da ýüzläp adam däli-diwana boldy, hatda ölenler hem bar. Olardan iki sanysy hakynda: Berlioz hem Moskwanyň kaşaň ýerleri bilen daşary ýurtlylary tanyşdyryş býurosynyň bagtygara işgäri, ozalky baron Maýgel barada arkaýyn aýtsa bolar. Olar, hakykatdan hem, öldürilipdi. Maýgeliň ýanan süňkleri Sadowaýa köçesindäki öýüň 50-nji kwartirasyndan ot söndürilenden soňra tapyldy. Hawa, gurban bolanlar bardy we ol derňewi talap edýärdi.

Emma Woland paýtagty terk edip gidenden soň hem gurbanlar boldy, indi aýtmak nähili hasratly bolsa-da, gara pişiklere gyrgyn degip başlady.

Adamzada hem wepadar, hem peýdaly bolan bu ýuwaş janawarlaryň takmynan ýüze golaýy ýurduň dürli ýerinde atylyp taşlandy ýa-da özge usul bilen ýitirim edildi. Hetdenaşa derdi-bela sezewar edilen on bäşe golaý pişik dürli şäherlerde milisiýa bölümine eltildi. Meselem, Armawirde bir raýat şol bigünä janawarlaryň birini, öňki iki aýagyny daňyp, milisiýa süýräp eltipdir.

Şol graždanin, öz adaty boýunça, daş-töweregine gorkuly, ogry nazary bilen seredip, (nätjek-dä, pişikleriň tebigaty şeýle. Bu olaryň zyýanlydygyny aňlatmaýar, ol görgüliler özlerinden ökde biri it ýa-da adam maňa zeper ýetiräýmesin ýa-da öýkeledäýmesin diýip, gorkuda ýaşaýarlar. Bularyň ikisem bolup biläýjek zat, ýöne ondan hormat-sylag gelmeýär, ynandyryp aýdýaryn, hormat-sylag asla ýok!)özüni lopuh diýen otuň içine urmakçy bolup duran pişigiň üstüne böküp, ony daňmak üçin boýnundaky galstugyny çözüp, uly galmagal göterip:

— Äh-hä! Indi biziň Armawire hem gadam basypdyr-da, jenap gipnozjyk? Ýok-ýok, bu ýerde sizden gorkýan kesler ýok. Özüňi lal edip görkezjek bolup azara galma. Seniň nähili gazdygyň bize eýýäm aýan! diýipdir. Ol raýat janawaryň ýaşyl galstuk bilen mäkäm daňlan öňki aýaklaryndan süýräp, ony yzky aýakda ýöremäge mejbur edip, ýol ugruna gelşine ondan ar alyp barýarmyş. Köçede oýnap ýören çagalar bu tomaşany görüp, gygyrşyp, oňa tirkeşipdirler.

— Siz, — diýip gygyrýar pişige raýat, — bes ediň, bes ediň jögüligi! Aldaw başa barmaz! Hemme adamlar ýaly iki aýada ýöräber!

Biçäre gara pişik bolsa hasrat doly gözlerini göge dikipdir. Geplemek ukybyndan mahrum bolup dünýä gelen bu janawar, nädip özüni aklasyn! Henizem bagty bar eken, biçäräni halas edipdirler. Munuň üçin ol birinji nobatda milisiýa, ondan soň öz eýesi hormatly kempire minnetdarlyk bildirmeli. Pişigi milisiýa bölümine alyp baran raýatyň agzyndan aragyň ysy gelýändigi derrew mälim bolýar-da, onuň beren güwälikleri şübheli bolup duýulýar. Bu arada pişigini tutup alyp gidendiklerini goňşularyndan eşiden kempir milisiýa bölümine ylgap, wagtynda ýetip gelipdir. Kempir pişigi hakynda köp magtaw gepleri aýdyp, ony bäş ýyldan bäri, ýagny pişigi çaga wagtyndan bilýänligini, oňa edil özüne ynanan dek ynanýanlygy hakynda kepil geçýär we pişiginiň hiç haçan hiç hili egri iş etmänligi, Moskwa-da asyl-ha barmandygyny deliller bilen subut edýär. Kempiriň aýdyşyça, pişigi Armawirde doglup, şu ýerde ösüp-ulalypdyr, syçan tutmagy hem şu ýerde öwrenipdir.

Ahyry pişigiň penjesi çözlüp, azat edilip, eýesine gaýtarylýar, emma ýalňyşlyk zerarly töhmet azabyny iş ýüzünde öz başyndan geçirenden soň halas bolýar maňlaýýygara.
Diňe bir pişikler däl, hatda käbir adamlar hem garaşylmadyk köňülsizliklere duçar boldular. Tussag etmeler başlandy. Gysga müddete saklananlaryň arasynda: Leningradda — Wolman we Wolner diýen raýatlar, Saratow, Kiýew we Harkowda — Wolodin familiýaly üç kişi, Kazanda — Woloh, Penzada bolsa asla nämälim sebäplere görä, himiýa ylymlarynyň kandidaty Wetçinkewiç diýen adam tussag edildi... Dogrusy ol uzyn boýly, gaty garaýagyz adamdy. Bulardan başga-da, dürli ýerlerde dokuz sany Korowin, dört sany Korowkin, iki sany Karawaýew saklanyldy.
Bir raýaty Belgorod duralgasynda Sewastopol otlusyndan ellerini daňyp alyp düşdüler. Ol öz ýoldaşlaryna kart oýnundan täsin fokuslar görkezip oturan eken.
Ýaroslawlda bolsa edil günortanlyk nahar wagtynda bir raýat bazardan alan primusy bilen restorana girýär. Iki gapy sakçysy ony gören batlaryna öz postlaryndan yzyna seretmän gaçypdyrlar, olaryň yzyndan bolsa restoran işgärleri we barça naharlanyp oturan adamlar turup gaçypdyrlar. Edil şu mahal kassir aýalyň çekmesindäki puluň hemmesi nämälim sebäplere görä, ýok bolupdyr.
Ýene köp hadysa ýüze çykypdyr, ýöne — hemmesini ýatlamak kyn. Mahlasy, aň-paýhaslar buýr-bulaşyk bolupdyr.
Derňew ähline müň alkyşlar bolsun. Olar diňe jenaýatçylary tutmazdan, şunuň dek, olaryň barça kylmyşlaryny aç-açan etmek üçin ellerinden gelen hemme işleri etdiler. Her bir hadysa paş edildi. Biziň olaryň düşündirişlerini dogry we ret edip bolmaýan hakykat diýip kabul etmezlige hakymyz ýok.
Derňew ähli we tejribeli psihiatorlaryň takyklaşlaryça, şol jenaýatçy toparyň agzalary ýa-da olardan biri (bu barada köpçülik Korowýewi nazarda tutýardy) özlerini öz duran ýerlerinde däl, başga — toslanan ýerde duran dek edip görkezmäge kadyr, iň tejribeli gipnozçylar. Mundan daşary, olar özlerine garama-garşy gelen adamlara, käbir zatlardyr adamlary hakyky duran ýerinden başga ýerde diýip düşüdirip bilipdirler we tersine, adamlaryň göz öňünde duran zady we şahslary olaryň nazaryndan gizlemegi başarypdyrlar.
Şeýle düşüdirişler netijesinde sadyr bolan hemme hadysa, hatda adamlary gaty teşwişe salan we düşündirmesi bütinleý müşgil bolan 50-nji kwartira wakasy, ýagny pistoletlerden oka tutulan pişige ne sebäpden ok kär etmänligi hem aýdyňlaşdy.
Ýagny hiç hili pişik gülçyradan sallanmandyr we hiç bir janzat ol ýerden oturup ok atmandyr, tersine, jenaýat işe el uran wagtlarynda adamlara öz täsir güljüni geçirmek ukybyna eýe bolan hilegär Korowýew ok atýanlaryň arkasynda durup, olaryň kalbyna, pişik gülçyra asylyp, ok atyp otyr diýen pikiri salypdyr we olary akmak edip boşluga garadyp ok atmaga ündäpdir. Kwartira benzin sepip, ot aldyran hem Korowýewiň özümiş.
Mälim ki, Stýopa Lihodeýew asla Ýalta uçup gitmändir (bu hile hatda Korowýewiň hem elinden gelmezdi), o taýdan hiç hili telegramma hem ibermändir. Ol zergäriň dul aýalynyň kwartirasynda Korowýewiň görkezen fokusyndan (uksuslanan kömelegi dürtgüje ildirip iýýän pişikden) gorkup huşundan gidýänçä, tä Korowýew masgara etmek maksadynda, onuň başyna sypal şlýapa geýdirip, Moskwa aerodromyna

iberýänçä şu ýerde ýatypdyr, aýny wagtda Korowýew Stýopany garşylamaga çykan jenaýat agtaryş wekilleriniň kalbyna Stýopa Sewastopoldan uçup gelen aeroplandan düşýär diýen pikiri salypdyr.

Dogry, Ýaltanyň jenaýat agtaryş bölümi aýakýalaňaç Stýopany kabul edenini we ol dogrusynda Moskwa telegrammalary iberenini tassyklady, emma şuňa seretmezden, şol telegrammalardan biriniň hem nusgasy tapylmady, netijede, gipnozçylar topary örän alys aralykdaky, diňe käbir şahslary däl, hatda birgiden adamlary hem gipnoz etmek ukybyna eýe diýen köňülsiz, emma örän berk netije çykaryldy. Diýmek, jenaýatçylar bu ýagdaýda ruhy taýdan iň sagdyn adamlary hem däliredip biljek ekenler.

Indi, parterde oturan saýry adamyň jübüsinden bir desse kartyň çykanlygy ýa-da aýallaryň egnindäki köýnekleriniň gaýyp bolmagy, öz-özi myýawlaýan beret we şu kibi ençe-ençe ownuk-uşak wakalar meselesine gelsek, olar aýdyp oturmaga-da ýaramaýar! Beýle hiläni, şu babatda alyp baryjynyň başyny ýolmak ýaly ýönekeý hiläni hem, islendik ortaça gipnozçy islän sahnasyn-da görkezip biler. Gepleýän pişik bolsa barypýatan çypdyrma. Adamlara beýle pişigi görkezmek üçin gaýypdan derek bermäge kadyr ylmyň deslapky sapaklaryny öwrenseň, şol ýeterlik. Korowýewiň ukybynyň bolsa bu ilkinji sapakdan has öňe gidenligine hiç kim şübhe etmeýär. Hawa, mesele bu ýerde desse-desse kartlarda hem, Nikonor Iwanowiçiň portfelinden çykan galp hatlarda hem däl. Bularyň bary ýönekeý närseler. Berliozy tramwaýa basdyryp öldüren şu — Korowýewdi. Şahyr Bezdomnyý biçäräni däli eden hem, soň onuň ynjalyk ukusynda gadymy Ýerşalaimi, güneşde ot-ýalyn bolup ýatan Takyr Depede sütünlere daňlan üç sany jenaýatçyny düýşünde görmäge mejbur eden hem şudy. Soň Margarita Nikolaýewna bilen onuň öz hyzmatkäri Nataşany Moskwadan uçup çykyp girmäge mejbur eden hem Korowýew we onuň şärikleri boldy. Hakykatdan hem derňewçiler bu işe örän uly üns berdiler. Olaryň öňünde bu iki aýal jenaýatçy otlaýjylar tarapyndan ogurlanyp gidilipmi ýa olar şol jenaýatçylar toparyna öz ygtyýarlary bilen goşuldylarmy diýen meseläni çözmek wezipesi durýardy. Ine, ahyry olar Nikolaý Iwanowiçiň beren tutaryksyz we çylşyrymly güwäliklerine daýanyp, hem-de Margarita Nikolaýewnanyň arwaha öwrülip, gidip barýan diýen mazmunda ärine ýazyp galdyran hatyny nazarda tutup, Nataşanyň öz geýim-gejimlerinden birini-de alman gaýyp bolanyny hasaba alyp, öý bikesi bilen onuň hyzmatkäri hem köp adamlar kibi gipnoz edilip, şu ýagdaýda garakçylar tarapyndan ogurlanyp gidilendir diýen netijä geldiler. Jenaýatçylary bu iki aýalyň gözelligi bendi eden bolsa geň däl, diýen dogry pikir hem ýok däldi.

Emma bir zat özüni ussat diýip atlandyran däli adamy ruhy näsaglar şypahanasyndan ogurlap alyp gitmäge jenaýatçylary nämäniň mejbur edendigi anyklanman, syrlylygyna galdy. Şeýle hem, alnyp gaçylan bimaryň familiýasyny hem bilip bolmady. Şu zeýilde ol «Birinji korpusdaky ýüz beren on sekizinji» diýen öli lakam bilen baky nämälimlige gitdi. Şeýdip, bar zat aýdyňlaşdy, derňew hem, her bir närsäniň soňunyň bolşy ýaly, soňuna ýetdi.

Aradan birnäçe ýyl geçip, adamlar Wolandy hem, Korowýewi hem, olaryň galan ýoldaşlaryny hem unudyp başlady. Woland bilen onuň şärikleri tarapyndan

jebirlenenleriň durmuşynda köp üýtgeşikler ýüze çykdy, emma bu üýtgeşikler näçe maýda we ähmiýetsiz bolsa-da, barybir olary agzap geçmegimiz lazym.

Şeýlelikde, Jorj Bengalskiý şypahanada üç aý ýatyp, sagalyp çykdy, emma Warýetedäki wezipesinden boşamaga mejbur boldy, özem teatrda tomaşaçylaryň hümer bolup gelýän wagtynda-dy — jadygöýlük we onuň paş ediliş seansy heniz adamlaryň hakydasyndan öçmändi. Hawa, Bengalskiý Warýeteden boşady, çünki her gün agşam iki müň adamyň ýanyna gelip, olaryň: özüňizi haçan oňat duýýaňyz, kelläňiziň barlygyndamy ýa ýok wagtyndamy? — diýip, tekrar-tekrar berýän sowallaryna yzygiderli jogap bermegiň kyn boljagyna ol düşünýärdi.

Ondan daşgary, öz kesbi üçin örän zerur bolan owalky wagtyçaglygyny indi ol ýitiripdi. Ol her ýylyň baharynda, Aý aýdyň bolanda howsala düşüp, birden boýnuny penjeläp töweregine ýaltaklap aglamany çykardy. Elbetde, bu tutgaýly dert geçip gidýärdi, emma şuňa garamazdan beýle endik bilen owalky işde işläp bolmaýardy, şoňa görä ol işden boşap, öz ýygnan puluna garybana gün geçirip başlady: onuň çakyna görä bu pul on bäş ýyla ýetjekdi.

Ol işden gitdi we barça teatr işdolandyryjylarynyň arasynda hem özüniň tükeniksiz häzirjogaplylygy we mähribanlygy bilen teatr söýüjileriň alkyşyny gazanan Warenuha bilen soň gabatlaşmady. Meselem, kontramarka — bilet sorap gelýänler oňa diňe haýyr iş ediji atam diýip ýüzlenýärdiler. Warýetä kim haýsy mahal jaň etse, hemişe trubkadan: «Gulagym sizde» — diýen mylaýym we ýakymly owaz eşidilýärdi. Warenuhany çagyrsaňyz, diýip haýyş edilýän bolsa, ýene şol owaz howlukmaçlyk bilen: «Hyzmatyňyza taýýar men», — diýip jogap berýärdi. Emma Iwan Sawelýewiç özüniň bu mylaýymlygyndan köp azabam çekýärdi.

Stýopa Lihodeýewe hem indi Warýetede oturyp jaň etmek nesip bolmady. Ony sekiz gün şypahanada ýatyp çykanyndan soň, derhal Rostowa iberdiler, ol ýerde oňa uly bir gastronomyň müdiri wezipesini berdiler. Ýaýran gürrüňlere görä, ol portweýn içmesini taşlap, häzir diňe ýörite ösümlige ýatyrylan arak içýämiş, munuň netijesinde daýawlaşyp gidenmiş. Indi ol birneme dymma bolup, aýal-gyzlardan çeke durýarmyş.

Stepan Bogdonowiçiň Warýeteden aýrylmagy Rimskiniň köp ýyllyk şirin arzuwy bolanam bolsa, indi, bu ýagdaý ýüze çykanda, ol begenip bilmedi. Örän muňalyp, garrap galan, kellesi saňňyldaýan maliýe direktory şypahanasyndan çykyp, Kislowodskide dynç aldy, ol ýerden gaýdyp gelip, Warýeteden boşamak hakynda arza berdi. Gyzygy şunda ki, arzasyny Warýetä onuň aýaly getirdi. Grigoriý Danilowiçiň bolsa, Aý nuruna gark bolan, bir gözi çatnan penjireden edil rezin ýaly sozlup, onuň aşaky ilgençegini açmakçy bolan öli elini gören şol ymratyna indi hatda gündiziň güni hem gadam basmaga ýüregi çydam berip bilenokdy. Rimskiý Warýeteden boşandan soň, Zamoskworeçýedäki çagalaryň gurjak teatryna işe girdi. Bu teatrda indi oňa akustika meselesinde hormatly Arkadiý Apollonowiç Sempleýarow bilen duşmak nesip bolmady. Çünki ony haý diýmän Brýanskä göçürip, kömelek taýýarlaýan punkta müdirlige bellediler. Ine, indi moskwalylar her hili tüýsdäki duzlanan, uksuslanan kömelekleri hezil edinip iýip, bu göçürlişe çäksiz begenýärler. Öten işe salawat, emma gepiň açygyny aýtsak, Arkadiý Apollonowiçiň akustika babatyndaky işleri oňuna bolmandyr, ony sazlamak üçin eden barça hereketleri zaýa gidipdir.

Teatr bilen arany açanlar hataryna Arkadiý Apollonowiçden daşgary ýene Nikonor Iwanowiç Bosoýy hem girizmek mümkin, aýdaly ol mugt biledе näçe gyzygýan bolsa hem, teatra asla dahyly ýokdy. Häzir Nikonor Iwanowiç bir teatra-da ol pully bolsun, mugt bolsun, barmaýar, hatda söhbetdeşler döwresinde teatr barada gürrüň baraýsa, reňki üýtgäberýär. Ol diňe teatry, däl, şeýle hem şahyr Puşkini we zehinli artist Sawwa Potapowiç Kurolýesowy hem indi gaty ýigrenýär. Dogrusy, Kurolesowy şeýle bir erbet görýärdi ki, geçen ýyl gazetde, onuň zehini aýny kemala ýeten çagda dünýäden göz ýumany hakyndaky gynançly habary gara çarçuwa içinde okap, Nikolaý Iwanowiç köz dek gyzaryp, tas Sawwa Potapowiçiň yzyndan özi hem gidipdi, soňam: «Oňa geregem şoldy!» — diýip gygyrypdy. Bu hem az ýaly, Nikonor Iwanowiç şol günüň agşamy Sadowaýa köçesine nur saçýan dolan Aý bilen bir özi ülpetçilik edip, huşundan aýrylýança içip, gammar bolupdy, çünki oňa meşhur artistiň ölümi birgiden nähoş hadysalary ýatlatdy. Nikonor Iwanowiç her bulgur göterende, pikir eden adamlarynyň hatary uzalyp, bu melgunlaryň hatarynda Sergeý Gerardowiç Dunçil hem, gözel Ida Gerkulanowna hem, uruşgan gazlaryň eýesi, çypar saçly adam hem, sapköňül Nikolaý Kanawkin hem bardy.

Ýeri, ine, şu adamlaryň haly nähili boldyka? Aý, janyň sag bolsun! Olara hiç zadam bolanok, bolmagy-da mümkin däl, çünki olar hiç haçan durmuşda bolmandylar, şunuň dek, görmegeý alyp baryjy artist hem, teatryň özi hem, walýutalary ýerküme gizläp, çüýredip ýatan daýza — gysganç bahyl kempir Porohownikowa hem, şunlukda, altyn kernaýlardyr aşpezler-de bolmandyr. Bularyň hemmesini deýýus Korowýewiň täsirine uçran Nikonor Iwanowiç düýşünde görüpdi. Düýşe giren şu adamlaryň arasynda ýeke-täk diri adam diňe artist Sawwa Potapowiç bolup, ol hem radioda köp çykyş edýändigi sebäpli Nikonor Iwanowiçiň hakydasyna siňip galyp, onuň düýşüne giripdi.

Onda, belki Aloiziý Mogariç hem bolan däldir? Aý, ýok! Bu şahs diňe bir bolman, hatda häzir hem ýaşap ýör, özem Rimskiniň işden boşan ýerinde, ýagny Warýetäniň direktory wezipesinde işläp ýör.

Ol Wolandyň huzurynda bolandan soň, takmynan bir gije-gündizde huşuna gelip, özüni Wýatka ýetip baran otluda gördi we özüniň nämüçindir kellesi sämäp, Moskwadan baş alyp çykyp gidenini, ýene jalbar geýmegi undup, asla zerur bolmadyk, hojaýynyň öý kitabyny ogurlap gaýdanyny pähimleýär. Soň ol juda kän pul berip, ýolbeletden iki sany gap-gara, şory çykan köne jalbary satyn alyp, Wýatkadan yzyna dolanýar. Emma kireýine alan öýüni tapyp bilmändir. Ol köne jaýy ýangyn ýuwdup-ýalmapdyr. Emma Aloiziý örän ugur tapyjy adamdy, şoňa görä, iki hepdeden soň ol Brýusow dar köçesinde gözel bir otaga ýerleşdi, ýene birnäçe aýdan soň bolsa ol, görüp dursuňyz ki, Rimskiniň ornunda otyr. Öň Rimskiý Stýopanyň derdinden nädereje ejir çeken bolsa, indi Warenuha Aloiziniň derdinden şeýle jebir çekýärdi. Häzir Iwan Sawelýewiç diňe ugruny tapyp, Aloizini Warýeteden äkidip, bir ýerlere güm etselerdi diýen arzuw bilen ýaşaýardy, çünki onuň gadyrdan dost-ýarlarynyň içgin döwresinde pyşyrdap aýdan geplerine garanyňda, «ömri bina bolup, Aloizä meňzeş zalymy hiç haçan görmänmiş we bu melgun Aloiziniň elinden her nähili ýaramaz işler gelermiş».

Belki, ol çyndanam, erbet adamdyr, belki, däldir. Çünki Aloiziniň birem ýaman işe el uranyny hiç kim görmedik, umuman, ol eger büfetçi Sokowyň ýerine täze bir adam bellenendigini hasaba almasak, hiç hili ýagşy-ýaman iş etmändir, Andreý Fomiç Sokow bolsa Woland Moskwada peýda bolanyndan soň, on aý töweregi wagt geçende, MDU-nyň Birinji şypahanasynda bagyr düwünmesinden wepat boldy.

Hawa, aradan birnäçe ýyllar geçdi we işbu kitapda teswirlenen hakyky wakalar könelişip, adamlaryň ýadyndan çykyp gitdi. Emma ol wakalar käbir kişileriň hatyrasyndan henizem aýrylmandy.

Her ýyl baharda dabaraly dolan Aý agşamynda Patriarh kölçesiniň boýunda lipa daragtlarynyň aşagynda otuz-otuz iki ýaşlaryndaky bir adam peýda bolýar.

Salyhatly geýnen bu çyparrak gök gözli adam — taryh we pelsepe institutynyň işgäri professor Iwan Nikolaýewiç Ponirewdi.

Bu ýere gelip ol lipa agaçlarynyň aşagyndaky uzyn oturgyçda — şol şum agşamda, häzir ýatdan çykarylan Berlioz bilen oturan oturgyjynda ornaşýardy. Hawa, şonda ömrüniň soňky demlerini ýaşaýan Berliozyň gözüne Aý bölek-bölek bolup bölünýän ýaly bolup göründi. Indi bolsa ol tamam dolan Aýdy, ol ilkagşam ak, ondan soňrak — ýüzünde aždarşekil tegmil hasyl edip, zerli tüýse girip, ozalky şahyr Iwan Nikolaýewiçiň başy üzre ýüzýärdi we käte öz belentliginde bir ýerde erkin gozganman durýardy.

Iwan Nikolaýewiçe hemme närse aýan, ol hemme gepden habarly, hemme zada düşünýär. Ol ýaşlygynda jenaýatkär gipnozçylardan şikest tapanyny, şundan soň özüni bejerdip, ahyry şypa tapanyny hem bilýär. Ýöne şol bir wagtda ol käbir kynçylyklary ýeňip geçmejegini-de aňýar. Ol baharky dolan Aý agşamynyň täsirinden halas däl. Aý şu wagt ýakynlaşyp gelmegi bilen bir zamanlar ybadathana depesindäki bäş şemli gülçyradan belentde erkin durup tüni ýagtyldyşy ýaly dolup, altyn reňke bolaýşy ýaly, öwüşgin atanda, Iwan Nikolaýewiç tolgunyp, biynjalyk bolýar, ukusy ýitýär, işdäden kesilip, Aýyň dolmagyna garaşýar. On dördi gije gelende bolsa, hiç bir güýç ony öýde saklap bilmeýär. Agşamara ol öýünden çykyp, göni Patriarh kölçesine tarap ýol alýar.

Iwan Nikolaýewiç bu ýerdäki uzyn oturgyja ornaşyp, öz-özi bilen äşgäre gepleşýär, çilim çekýär, süzük gözlerini kä Aýa, kä ýadynda ýagşy saklanyp galan şol şum turnikete garadýar.

Ol şu zeýilde birki sagat oturyp, soňra ýerinden turýar-da, her gezek bir ugur boýunça, ýagny Spiridonowkadan geçip Arbata sepleşýän dar köçelere tarap ugraýar, emma onuň manysyz bakýan gözleri şol wagt hiç zady görmeýär.

Ol nebit dükanynyň golaýyndan geçip, gadymy gaz panusy gyşarlyp, asylyp duran burçdan öwrülýär we şu ýerdäki demir gözenek diwaryň ýanyna daraklygynda ýöräp barýar. Gözenegiň daşynda heniz ýaşyl lybas geýip ýetişmedik uly bag bolup, bagyň ortasynda gotika usulynda gurulan ymarat bar. Ymaratyň üç gatly penjireler ýerleşdirilen bördük otagly tarapy Aý nuruna bezelen, aňry tarapy bolsa gap-garaňky. Professor bu ýere özüni nämäniň alyp gelenini hem, bu binada kimiň ýaşaýanlygyny hem bilmeýär, emma dolan Aý agşamynda öz raýyna garşy gidip bilmeýär. Mundan daşgary, ol gözenegiň aňrysyndaky bagda mydama şol bir zadyň şaýady boljagyny hem bilýär.

Her gezek bu bagda ol pensne dakynan sakgallyja, ýüz keşbi jojugyňka çalymdaş, salyhatly bir garry adamyň uzyn oturgyçda oturanyny görýär.

Iwan Nikolaýewiç şu binada ýaşaýan bu adamy hemişe bir ýagdaýda — gözlerini Aýa dikip, pikirlenip oturan ahwalda görýär. Iwan Nikolaýewiçe ýene bu garry adam Aýa ine-gana seredip bolandan soň, nazaryny elbetde, börtük otag penjiresine öwürýäni we edil häzir penjiräniň aýnalary açylyp, tekjede adatdan daşary bir zadyň peýda bolmagyna garaşýan ýaly, gözüni tegeläp oturany görünýär.

Mundan soň bolýan ýagdaýlaryň baryny Iwan Nikolaýewiç ýatdan bilýär. Indi ol eňilip, gözenegiň aňyrsynda gowy gizlenmese, uzynja oturgyçdaky adam biynjalyk bolup, derrew kellesini her tarapa öwrüp başlar, perişan gözleri bilen howa dikanlap, bir zatlary tutjak bolýan ýaly, hereket edip, dabaraly ýylgyrýar, soň nähilidir süýji gam bilen gorsanyp, ellerini bir-birine urýar-da, batly ses bilen çalaja hüňürdeýär:

— Wenera! Wenera!... Ah, men bir barypýatan akmak ekenim!...

— Ýa, taňrylar, taňrylar! — diýip pyşyrdaýar şonda Iwan Nikolaýewiç, demir gözenek aňyrsynda gizlenip oturyşyna, ot ýaly ýanýan gözlerini bu syrly nätanyş garrydan aýyrman, — ine, Aýyň ýene bir gurbany... Hawa, bu hem edil men kibi şondan ejir gören.

Uzyn oturgyçdaky adam sözüni ýene dowam edýär: — Tüýs samsyk men! Nämüçin, nämüçin şol gözel jenan bilen uçup gitmedim? Nämeden gorkdum, men garry eşek! Resminamalary düzedipdim! Ah, indi çydap geziber garry tentek!

Şu wagt binanyň Aý nury düşmeýän garaňky tarapynda penjire şarka açylyp, nähilidir ak zat görünýär-de, aýal adamyň sesi eşidilýär:

— Nikolaý Iwanowiç, nirdesiň? Bu nähili toslama? Näme, ysytma derdine uçrajak bolýaňmy? Gel-de, çaýyňy iç!

Şu haýkyrykdan soň oturan özüne gelýär we ýasama ses bilen jogap berýär: — Howada, arassa howada dem alaýjakdym, janym! Howa örän ýakymly!

Şeýle diýip, ol oturgyçdan turýar, birinji gatdaky ýaňky penjire ýapylanda, oňa tarap ýumruk çenäp, öýüne girip gidýär.

— Ýalan sözleýär, ýalan! Ah, taňrylar, heý beýle-de ýalaçylyk bormy?! — diýip samyrdaýar Iwan Nikolaýewiç demir gözenekden uzaklaşyp, — ony baga imrindirýän zat asla arassa howa däl, megerem Aý dolan bahar agşamynda ol Aýyň ýüzünde we bag howasynda bir zatlary görýän bolmaly. Wah, bu garrynyň syryny bilmek üçin, onuň ýitiren we indi el uzadyp howadan tutjak bolýan şol Weneranyň nämedigini bilmek üçin hiç närsämi gaýgyrmazdym. Soň, professor öýüne hassa bolup barýar. Aýaly adatça, onuň ahwalyny duýmadyk bolan bolýar we ärini tizräk uklamaga howlukdyrýar. Emma özi ýatmaýar, eli kitaply çyranyň ýanynda oturyşyna, uklap ýatandan gamgyn gözlerini aýyrmaýar. Ol Iwan Nikolaýewiçiň daň çagynda ejirli ses bilen gygyryp oýanjagyny we çar tarapa urnup, aglap başlajagyny bilýär. Şu sebäpli onuň öňünde saçakda spirtlenen sanjym bilen goýy çaý reňkindäki suwuklykly çüýşejik taýyn durýardy.

Ine, ahyry, agyr hassa bilen durmuş guran bu biçäre aýal gorkusyz uklap bilýär. Iwan Nikolaýewiç indi tä sähere çenli bagtyýar çehre bilen rahat uklaýar we aýalyna nämälim, emma nähilidir dabdabaly we sagadatly düýşler görüp ýatýar.

Her ýyl baharda, dolan Aý gijesi bu alymy bir närse oýadýar we eýmenç gygyrmaga mejbur edýär. Hökman düýşünde onuň göz öňünde şol öte betbeşer jellat peýda bolup, jellat haslap böküp, sütüne daňlan, dälirän Gestasyň ýüregine elindäki uzyn naýzasyny çümdürýär, Jellat gaty gorkuly däldi, emma alymyň düýşünde gaýnap-daşyp, zemine akýan allanähili bulutdan emele gelen şöhle, diňe dünýä möçberindäki eýmenç apat wagtynda ýüze çykýan hadysa ýaly gorkunçdy. Sanjymdan soň, ukudaky Iwan Nikolaýewiçiň göz öňünde hemişe hemme zat üýtgeýär. Onuň ýatan düşeginden penjire tarapa Aý şöhlesinden dörän giň ýol uzalýar we ýola elwan işlikli ak reda geýen adam çykyp, Aýa sary ýöräp başlaýar. Onuň bilen ýanma-ýan uzyn köýnegi şylha, ýüzi harap bolan ýigit barýar. Olar bir zat barada gyzgyn söhbetleşýärler, bäsleşýärler, çemesi, bir zat meselesinde jedelleşip, bir karara geljek bolýan adamlara meňzeýärler.
— Ýa, taňrylar, taňrylar, — diýýär reda geýen adam öz ýoldaşyna tekepbir bakyp, — nähili bimany ölüm jezasy! Emma sen merhemet edip aýt hany, — şeýle diýende, onuň ýüzündäki tekepbirlige derek töwella peýda bolýar, — asla ol bolanam däldir-le. Ýalbaryp aýdýan, aýt, bolmanam däldir-ä?
— Elbetde, bolmandy — diýip, gygyrjak ses bilen onuň hemrasy jogap berýär — ol saňa şeýle bolup görnendir.
— Gepiň rastlygyna ant hem içýäňmi? — hoşamatly äheňde soraýar egni redaly adam.
— Ant içýän — diýýär onuň hemrasy we gözlerini şatlykly güldürýär.
— Meniň üçin şunuň özi ýeterlik! — boguk owaz bilen çyňkyrýar redaly kişi we ýoldaşy bilen tirkeşip, kem-kem ýokaryk — dolan Aý tarapa ýöräp çykyberýär. Olaryň yzyndan gulaklary çüri, äpet bir köpek arkaýyn gidip barýar.
Şonda birden aýdyň şöhleli ýol gaýnap, Aý nurundan derýa emele gelýär, onuň kenarlaryndan suw daşyp akyp başlaýar. Aý hökmürowanlyk edýär, ýaýnap-ýaşnaýar, ol tans edýär, oýnaklaýar. Şonda Aý şöhlesiniň akymynyň içinde gözellikde deň-taýy bolmadyk bir aýal peýda bolýar we töweregine howatyrly bakýan sakgaly ösen bir adamyň elinden tutup, ony Iwanyň ýanyna getirýär. Iwan Niklaýewiç bir görende ol adamy tanaýar. Bu — şol bir ýüz on sekizinji nomerli, öz ýanyna gije gelen myhmanydy. Iwan Nikolaýewiç oňa düýşünde ellerini uzadyp, biygtyýar soraýar:
— Diýmek, şunuň bilen bar zat gutarýar-da?
— Hawa, şunuň bilenem gutardy, şägirdim, — diýip jogap berýär bir ýüz on sekizinji, aýal bolsa Iwana ýakyn baryp, diýýär:
— Elbetde, şunuň bilen tamam. Hemmesi gutardy, umuman, ähli zadyň gutaryşy bar... Men häzir siziň maňlaýyňyzdan ogşaryn we bar zat islegiňçe bolar.
Ol eňilip, Iwanyň maňlaýyndan ogşaýar, Iwan bolsa aýala sary ymtylyp, onuň gözlerine seredýär, emma aýal çekilip-çekilip, yza, öz ýoldaşy bilen bilelikde dolan Aýa tarap rowana bolýar.
Şonda Aýyň tutgaýy tutup, öz şöhlesini göni Iwanyň üstüne ýagdyrýar, şöhlesini her tarapa saçýar, otag Aýyň nuruna gark bolýar, şöhle tolkunyp, ýokary galýar we Iwanyň krowatyny şöhle basýar. Ana, şundan soň Iwan Nikolaýewiç bagtyýar ýüz bilen süýji uka gidýär.

Ertesi güni ir bilen ol geplemän, emma hatyrjem we sagat bolup oýanýar. Professoryň sanjymdan ýaňa eleme-deşik bolan hakydasy köşeşýär we indiki gezek Aý dogýança ony hiç kes biynjalyk etmeýär: ne Gesmasyň burunsyz jellady, ne Iudeýanyň rehimsiz bäşinji prokuratory, atly Pontiý Pilat.

**1929-1940**

**Tamam.**

**Terjime eden Atamyrat ATABAÝEW.**